TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

NASYREDDIN RABGUZY

# KYSASY RABGUZY
## (KYSASYL ENBIÝA)

ناصرالدين ربغوزى

# قِـــــصَـــص رَبـْغـُوزى

I

Çapa taýýarlan
Atamyrat Saryýew

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK820/89(100-87)**
**R13**

**R13** **Rabguzy N.**
Kysasy Rabguzy (Kysasyl enbiýa). I jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 432 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A.Aşyrow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Türkmenistanyň Ömurlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XIII-XIV asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» atly iki jiltlik kitabydyr.*

*Kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň atalyk aladasy bilen döredilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan golýazma nusgalarynyň esasynda neşire taýýarlanyldy.*

*Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň we ruhy gymmatlyklarymyzyň naýbaşy eserleriniň biri bolup, onda musulman dünýäsinde ady agzalyp geçilýän pygamberler, perişdeler, belli şahsyýetler barada dürli rowaýatlaryň, kyssalaryň üsti bilen gürrüň edilýär.*

**TMMMM №020**

**TDKP №91** **2004** **KBK 84Tür7+84(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Rabguzy N., 2004 ý.
Saryýew A., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## BISMILLÄHI-R-RAHMANY-R-RAHYM

Öz gudraty bilen bizi haýwan däl-de, adam edip hormatlan beýik mertebeli we şan-şöhratly Taňra sansyz öwgi-taryplar bolsun! Adamyň haýwandan tapawutly edilip ýaradylandygyna: ***«Biz adam perzentlerini başga jandarlardan hormatly etdik. Biz olara gury ýerde we deňiz-derýalarda münüp gezmäge ulag berdik»*** diýen aýat delildir. Emma Allatagalanyň ýanynda bu hormat-sylaga diňe ýagşy amallary ýerine ýetiren adamlar mynasyp bolýandyrlar. Bu mazmuna: ***«Olar iman getiren we ýagşy işleri eden adamlardyr»*** diýen aýat degişlidir. Şeýle hem Allatagala özüniň rehmeti we sahylygy bilen erkeklere aýallardan artykmaç hukuk berdi. Allatagala bu sözi tassyklap: ***«Aýallaryň hukugyna görä erkek adamlarda maşgala eýeçiliginde we adamkärçilikde artyklyk bardyr»*** diýen aýat inderdi. Beýik Taňry bizi bozuklykdan we azgynlykdan saklap, dogry ýola salmaklygy maksat edinip aýtdy: ***«Elbetde, bu meniň dogry ýolumdyr. Siz şol ýola düşüň»***. Allatagala öz ýagşylygy bilen biz ejiz bendelere özümizden Muhammet Mustapany (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) pygamber edip iberdi. Beýik Taňry bu söze güwä geçip aýtdy: ***«Eý, adamlar! Size öz jynsyňyzdan bolan bir pygamber geldi. Ol siziň günäkär bolmazlygyňyzy isleýär»***. Şeýle hem Allatagala bizi ol jenaba ummat etmek bilen, bize beýleki ummatlardan artykmaçlyk berendigini aýtdy: ***«Eý, musulmanlar! Siz ynsanlar üçin iberilen ummatyň iň ýagşysydyrsyňyz»***. Allatagalanyň:

***«Eger sen bolmadyk bolsaň, men älem-jahany ýaratmazdym»*** diýen hormatyna mynasyp bolan, dogry sözli, mübärek ýüzli Muhammet pygambere Taňrynyň ýalkawy bolsun!

Pygamber alaýhyssalam Allatagalanyň gudraty bilen ýaradan zatlaryny görkezmek üçin: ***«Hemme aýyplardan päk Allatagala Muhammedi gijäniň bir böleginde asmana çykardy»*** diýen aýat bilen keramatlydyr. Muhammet alaýhyssalam: ***«Olar üçin Allatagaladan başga ýardamçy ýokdur»*** diýen aýat bilen haýbatlydyr. Hudaýtagalanyň ***«Elbetde, sen belent ahlaklysyň»*** diýen aýaty hezreti Muhammediň päk gylyk-häsiýetlidigine şaýatdyr. Allatagala Muhammet alaýhyssalama: ***«Sen ýeriň üstünde tekepbirlik edip, gaty şat halyňda ýöreme»*** diýen aýaty bilen kiçigöwünli bolmaklygy tabşyrdy. Haktagala Pygamber alaýhyssalama: ***«Bendelerim men barada sorasalar: «Taňry size ýakyndyr»*** diýip sözlemegi buýurdy. Allatagala Resulyna: ***«Emma sen gedaýlara zat berseň hem, bermeseň hem olara ýaman söz aýtma, olary mylaýymlyk bilen ugrat»*** diýen, aýaty bilen mähriban häsiýetli bolmaklygy nesihat etdi. ***«Muhammediň magraç gijesinde Allatagalanyň ýaradan gudratly zatlaryny görendigi üçin onuň gözi ulumsylyga üýtgemedi. Ol sagyna hem, soluna hem, tekepbirlik bilen garamady»*** diýen, aýat onuň kiçigöwünliliginiň, gujurlylygynyň delilidir. ***«Muhammet pygamber bilen Jebraýyl perişdäniň doganlyk ýakynlygynyň arasy ýaýyň iki kirşiniň aralygyndan hem, az ýa-da ondan hem golaý boldy»*** diýen aýat onuň Allatagalanyň dergähinde belent mertebä eýe bolandygynyň tassyknamasydyr. ***«Elbetde, saňa ýakyn wagtda Beýik Taňry günäkär musulmanlaryň günälerini ondan diläp almaga doly ygtyýar berer. Sen şonda ondan razy bolarsyň»*** diýen aýat bilen Muhammet alaýhyssalama ummaty üçin şepagat soramaga hukuk berildi.

Muhammet alaýhyssalamyň ummaty: ***«Günäden toba edijilerdir, Allatagala üçin ybadata meşgul bolujylardyr».*** Beýik Taňry Muhammet alaýhyssalama: ***«Gijäniň bir wagty oýanyp nepl namaz oka»*** diýip aýtdy. ***«Soňra Allatagala gizlin hökmi Jebraýyl perişdäniň üsti bilen Muhammede ýetirdi»*** diýen aýat bilen Taňry oňa syrlary aýan etdi. «Meniň taryplaýşym ýaly ony hiç bir kişi taryplap bilmez» diýmegi onuň Belent Taňryny gije-gündiziň dowamynda magtamak bilen oňa ýalbarandygynyň delilidir. ***«Eý, pygamberlik ýüküni göteriji, gijelerine namaz oka!»*** diýip, Allatagala oňa perman etdi. ***«Kuraýyşlary beýleki taýpalar bilen birleşdirmek üçin»*** hezreti Pygamber garyndaşlyk gatnaşyklaryny dikeltmäge köp yhlas siňdirdi. ***«Sabyrlylar we ylymlylar»*** Pygamber alaýhyssalamyň ýardam beriji goldawyny tapdylar. ***«Biz size Muhammediň pygamberliginiň haklygyna şaýatlyk bilen geldik»*** diýen aýat bilen Allatagala onuň özüniň ilçisidigine güwä geçdi. ***«Remezan aýy Gurhan inderilip başlanan bir aýdyr»*** diýmek bilen, Allatagala Muhammediň pygamberlik wezipesiniň başlanandygyny yglan etdi. ***«Belent Taňry öz bendesi Muhammede kömekçi dälmidir?»*** diýip, onuň öz ybadatyna yhlasly ýapyşýandygyny nygtady. ***«Elbetde, sen şu Gurhan bilen adamlary öz dogry ýoluňa gönükdirýärsiň»*** diýip, Muhammet alaýhyssalam Taňrysyna ýüzlendi.

Allatagala Muhammet alaýhyssalama: ***«Muhammet pygamberiň keramat görkezmeli wagty ýakyn geldi we Allatagalanyň hökümi bilen Aý iki ýaryldy»*** diýip we: ***«Eý, Muhammet! Biz seni ummatyň adamlarynyň dinde dogrulygyna we ýalançylygyna güwä bolujy hökmünde iberdik»*** diýip, kapyrlary yslama salmak üçin aýtdy.

Pygamberleriň kyblasy, ýagşyzadalaryň piri Muhammede ýene-de Allatagalanyň ýalkawy we salamy bolsun!

## Şygyr

Din-şerigat raýatyny aly kylan Mustapa,
Küfru-zulmat tuglaryny ýere çalan Mustapa.

Ol ata  birle enesin, üdürüp ummat üçün,
Ýalbaryp Hakdan şepagat satyn alan Mustapa.

Kowumy aryn götermeden, göge agan Isa ol,
Ummatyna buluşuban ýerde galan Mustapa.

Ol kyýamat gün şepagatyň guryny gurşaban,
Ýalnaýu duran ýalyndan bizi goran Mustapa.

Altmyş üç ýyl ömür ötürip, ki rahat kylmaýyp,
Asy ummatyň ýazygyn Hakdan golgan Mustapa.

Sawçylar Magraç tününde Beýtil-makdise gelip,
Bir namazy ödegende başçy bolan Mustapa.

Iner eken Mustapany  indäp elten Jebraýyl,
Ýoklaýurda Jebraýylny ýolda salan Mustapa.

Pygamber alaýhyssalamyň dört ýaranyna, (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) onuň sahabalaryna, Hudaýyň pygamberiniň dokuz hatynyna, ol jenabyň perzentlerine, jennetiň ýigitleriniň seýidi, iki süýtdeş dogan Hasana we Hüseýine sansyz salamlar bolsun!

## KITABYŇ ÝAZYLMAGYNYŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY

Emma bu kitaby düzen, tagat ýoluny gezen, köp gelim-gidimli Rabat Oguzyň[1] kazysy Burhaneddiniň ogly Nasyreddin (goý, Allatagala onuň aýyplaryny ýaşyrsyn, günälerini geçsin!) aýdýar: «Biziň beýik mertebeli begimiz, emirleriň emiri, alymlary söýüji, uly at-abraýly, sarpasy belent Nasyreddin Dokbuga begiň (goý, Allatagala onuň gadamyny yslam dini üçin aýgytly etsin!) döwletinde bu «Kysasyl enbiýa» kitaby arap dilinde ýazylan bir kitapdyr. Ol ilki pars diline geçirilip, soňra türki diline terjime edildi. Ol it ýylynda rabygyl-owwal aýynyň ýigrimisinde[2] pars dilinden türki diline öwrülip, tamam boldy.

Emma meniň bu kitaby düzmegimiň sebäbi şudur. Beýik mertebeli emir Nasyreddin men ejiz bendeden: «Bu kitaby türki halklar aňsat düşüner ýaly türki dile geçirseň» diýip, haýyş etdi. Men hem onuň bu sözüni ret edip bilmedim. Onsoň men aklym ýetişdigiçe we ylmymyň çatdygyça bu işe meşgul boldum. Emma men bu işe mynasyp däldim. Ýöne beýik mertebeli emir öz sözüni gaýtalap, bu talabynda berk durdy. Şonuň üçin men Hudaýtagaladan ýardam bermegini diläp bu işe başladym we oňa: «Kysasy Rabguzy»[3] diýip at berdim. Elbetde, ýagşy işleriň netijeli tamam bolmagyna Allatagala ýardam berijidir. Ol nazy-nygmatlaryň we mertebeleriň eýesidir».

## NASYREDDIN DOKBUGA BEGIŇ WASPYNYŇ BEÝANY

El-halk amul tüzün gylyk,
Bilig aryg hetden çyka,
Gökden adyzrak hümmeti,

Mewrysy beglik dünýäde.
Sürer ony ýolnup ýaka,
Gazgançy ukba milketi.

Asly mogol eken görüň,
Yslam üçin tutdy ýaka.
Boldy Resulnyň ummaty,

Tagat kylar tün-gündizin.
Alnar sapak Mushafa baka,
Gurhan okamak adaty.

Tesbih, aýurda hoşlanyp,
Hünjülener ýaşy aka,
Eşidilse Gurhan aýaty.

Ererdi ýawlak telim,
Öz sözlenur sözni oka,
Artyk ýaraglyg syraty.

Rebden ata bolup oňa,
Hak bermiş gutlug baka.
Görklük sypatly suraty.

Ezgu gylyk birle ýörüp,
Dost gazanar duşman baka,
Artar kamugdan hormaty.

Gündiz okar, tünler gopar,
Tagat kylar, girip suka,
Arslan meňizlik sawlaty

Ýaşy kiçi, ýony ulyg,
Zaty aryg beg Dokbuga.
Ol Nasyreddin künýeti.

Il aşasyn, ýüz ýaşasyn.
Bolup mutyg Möwlasyga,
Mundan zyýada gurbaty.

## ÝERIŇ WE ASMANLARYŇ ÝARADYLYŞYNYŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam aýtdy:

«Allatagala: «Men bir gizlin genç-hazynadyryn. Meniň beýik Taňrylygymy hiç kim bilmeýärdi. Men öz gudratymy bildirmek üçin: «Olar meniň birligimi bilsin» diýip, hemme barlygy ýaratdym» diýip aýtdy.

*Habarda şeýle aýdylypdyr:* Allatagala hemme zatdan öň bir päk göwher ýaratdy we göwhere haýbat bilen garady. Ol göwher bu nazardan eräp, suw boldy. Soňra Allatagala ýeli ýaratdy. Ýel suwa tarap ösdi. Suwdan köpük çykdy. Ol köpükden tütün peýda boldy. Allatagala bu tütünden gögi ýaratdy. Bu mazmuna: ***«Kyýamat gününe golaý wagtda aýdyň görnüp duran tütün geler»*** diýen aýat delildir. Allatagala ol köpükden Käbäni we ençe ýeri ýaratdy. Ondan soň ol: «Men indi Ýeri ýaradaýyn. Bu ikiňiz[4] meniň islän zadymdyr» diýip aýtdy. Ol ýaradylan ýeri gündogardan günbatara çenli ýazdy. ***«Asmany ýaradandan soňra ýeri tekiz düşedi»*** diýen aýat bu söze güwädir.

Ilkibada Allatagala emri bilen Ýer bilen Asmany bir gat edip ýaratdy. Soňra, olary ýedi gat etdi. Allatagala bu sözi tassyklap aýtdy: ***«Eýse, kapyrlar ilkibaşda biziň Ýeri we Asmany tutuş bir zat edip ýaradandygymyzy, soňra olary biri-birinden aýrandygymyzy bilmeýärlermi?»***. Ol başga bir sözün-

de şeýle aýtdy: ***«Allatagala ýedi gat asmany ýaratdy. Ol ýedi gat Ýeri hem ýedi gat Asmanyň mysalynda aýratynlykda ýaratdy»***. Ol ýedi gat Ýeri ýaradandan soň hem Ýer karar tapmady. Ol titräp başlady. Oňa karar tapdyrmak üçin Allatagala gudraty bilen onuň üstüne daglary basdy. Allatagala aýtdy: ***«Biz Ýeri size düşek etmedikmi, daglary Ýeriň parahat durmagy üçin onuň myhy etmedikmi?»***. Allatagala hemme älemi alty günde ýaradandygyny nygtap aýtdy: ***«Biz Asmany, Ýeri we ol ikisiniň arasyndaky zatlary alty günde ýaratdyk»***.

Habarda aýdylşyna görä, Allatagala Ýeri dynçgüni, Gögi, Aýy, Güni we ýyldyzlary başgüni ýaratdy. Olary pelegiň içinde ýöretdi. Ol älemiň halkyny, perişdeleri, gurtlary ýaşgüni, derýa-çeşmeleri, hemme daragtlary, ýer ýüzündäki otlary hoşgüni ýaratdy. Olaryň hemmesine rysgal paýlady. Ol jenneti, dowzahy, rehmet we azap perişdelerini, hüýr-gulmanlary dynçgüni, Adamy we haýwanlary annagüni ýaratdy. Aw-şikara ruhgününi goýdy. Bu dürli mahluklar Hudaýtagalanyň gudratyndandyr.

*Sowal:* «Hudaýtagalanyň gudraty göz ýumup-açýança bolup geçýan bolsa, näme üçin ol bu zatlary alty günde ýaratdy?»

*Jogap*: «Hudaýtagala aýtdy: «Men bendelerime sapak bolsun» diýip, şeýle hem özümiň hemme zada gudratymyň ýetýändigi üçin bu zatlary alty günde ýaratdym. Sebäbi men howlukmadym. Men: «Bendelerim howlukmasyn, olar ülüşlerini alsyn» diýip bu işi alty güne çekdirdim. Çünki sabyr etmek Rahmandandyr, howlukmak bolsa şeýtandandyr.

## GÖGÜŇ SYPATYNYŇ BEÝANY

Birinji gat asman ýaşyl zümerretdendir. Onuň ady Ezkiýadyr. Bu asmanuň perişdeleriniň ulusynyň ady Esmaýyldyr. Olar mal sypatyndadyr. Ikinji gat asman kümüşdendir. Onuň ady Erfelundyr. Bu asmanyň perişdeleri bürgüt suratyndadyr.

Olaryň ulusynyň ady Derdaýyldyr. Üçünji gat asman gyzyl ýakutdandyr. Onuň perişdeleri guş suratyndadyr. Olaryň ulularynyň ady Hanbajaýyldyr. Dördünji gat asman bürünçdendir. Onuň ady Magundyr. Onuň perişdeleri it suratlydyr. Olaryň ulularynyň ady Salsaýyldyr. Bäşinji gat asman gök tylladandyr. Onuň ady Sefaýyldyr. Onuň perişdeleri hüýr sypatlydyr. Olaryň ulularynyň ady Semnahaýyldyr. Altynjy gat asman sary ýakutdandyr. Onuň ady Rafykadyr. Onuň perişdeleriniň sypaty çaga suratlydyr. Olaryň ulularynyň ady Surýaýyldyr. Ýedinji gat asman gök nurdandyr. Onuň ady Garybadyr. Onuň perişdeleri adam suratlydyr. Olaryň ulularynyň ady Baýhaýyldyr.

## ÝERLERIŇ SYPATYNYŇ BEÝANY

Birinji gat ýeriň ady Remkadyr. Allatagala ony Akym atly ýeliň üstünde ýaradandyr. Onuň ýetmiş müň burundugy bardyr. Ol burunduklary ýetmiş müň perişde saklap durandyr. Ikinji gat ýeriň ady Jildedir. Onuň içinde uly içýanlar bardyr. Olaryň her biriniň ýetmiş müň agzy bardyr. Üçünji gat ýeriň ady Arkadyr. Onuň içinde hem içýanlar bardyr. Olaryň her biriniň ululygy Kap dagyndan uludyr. Dördünji gat ýeriň ady Harýadyr. Onuň içinde dowzahyň ýylanlary bardyr. Olaryň her biriniň ýüz başy bardyr. Her bir başynda ýüz agzy bardyr. Bäşinji gat ýeriň ady Melipdir. Onuň içinde dowzahyň daşlary bardyr. Altynjy gat ýeriň ady Sijjindir. Onuň içinde dowzahyň jynlary bardyr. Ýedinji gat ýeriň ady Ajybadyr. Ol nälet siňen Iblisiň bolýan ýeridir. Her bir gat ýeriň arasy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Ýerleriň galyňlygy gök bilen ýeriň arasy ýalydyr.

*Habarda aýdylypdyr:* Hudaýtagala perişdeleri otdan, döwleri oduň tütüninden ýaradypdyr. Bularyň hemmesiniň asly birdir. Perişdä arap dilinde «melek» diýilýändir. Olara gökden orun berildi. Allatagala perileri «jyn» diýip atlandyrdy.

Şyh Hasan Basry (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) *Pygamber alaýhyssalamdan şeýle rowaýat etdi:* Hudaýtagala Beýtil-mukaddesiň ýerinde bir daş ýaratdy. Ol daşdan tütün peýda boldy. Allatagala ol tütünden Asmany ýaratdy. Allatagala ol daşy ýazyp düşedi welin, ondan ýedi gat Ýer emele geldi.

Jabyr ibn Ensarydan (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) bir rowaýat getirilipdir:

– Men Hudaýyň resulyndan soradym: «Eý, Allanyň resuly! Allatagalanyň ilkinji ýaradan zady nämedir?».

Pygamber alaýhyssalam aýtdy:

– Eý, Jabyr! Allatagalanyň hemme zatdan öň ýaradan zady meniň nurumdyr. Ol nur soň Adam atanyň mübärek maňlaýyna gelip düşdi, soňra ol Şis alaýhyssalamyň maňlaýyna geçdi. Ondan soňra ol pygamberlerden pygamberlere ötüp, meniň atam Abdyllanyň başyna girdi. Ondan soň meniň enem Eminäniň ýatgysyna düşdi. Ondan soň men bu älemde peýda boldum».

*Emma taryh alymlary aýdypdyrlar:* «Allatagalanyň ilki ýaradan zady galamdyr. Şonuň üçin Allatagaladan ilkinji owaz galama geldi: «Eý, galam!» Bu sözüň haýbatyndan galama titreme ýetişdi. Bu titreme sebäpli galam ýaryldy. Ol bu halda müň ýyl durdy. Allatagaladan oňa ýene bir owaz geldi: «Ýaz!». Galam müň ýyl başaşak durup ýöredi. Şonda onuň ilki ýazan zady: «Bismillä» diýen söz boldy. Ol ýene bir müň ýylda: «Rahman» diýen sözi ýazdy. Ol üçünji bir müň ýylda: «Rahym» diýen sözi ýazdy. Bu sözleriň hemmesini jemlediler welin: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýen söz peýda boldy. Allatagala ondan Arşy Mejidi ýaratdy. Emma Arşy üstünde ýel öwsen suwdan ýaratdy. Bu suw müň ýyl hereketde durdy. Bu älemiň beýginiň, pesiniň barlygy suw bilendir. Allatagala bu mazmuna delil edip Gurhanda aýdypdyr: ***«Allatagala Ýeri we Asmany alty günde ýaratdy. Onuň Arşy ilkibada suwuň***

***üstündedi».*** Ondan soňra Allatagala Kürsi ýaratdy. Kürs Arşdan kiçiräkdir. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Allatagala Arşy ägirt uly edip ýaratdy. Ýedi gat ýer we ýedi gat asman Arşyň ýanynda çöle taşlanan bir halka ýalydyr».

Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir: Onuň iki sütünininiň arasy Ýerden Asmana çenlidir. Kürs Arşyň ýanynda bir basgançak ýalydyr. Ony dört sany perişde göterip durandyr. Her perişdäniň dört ýüzi bardyr. Olar aýaklaryny ýedi gat ýeriň aşagyna goýup, başlary bilen ony göterip durandyrlar. Ol perişdeleriň biri adam suratyndadyr. Olar adam perzentleriniň rysgalyny diläp durýandyrlar. Ýene bir perişdäniň sypaty ot iýýän haýwanyň suratyndadyr. Olar ot iýýän haýwanlaryň rysgalyny dileýändirler.

Başga bir perişdäniň keşbi ýyrtyjynyňky ýaly bolup, ol haýwanlaryň rysgallaryny dileýändirler. Ýene bir perişde guş suratynda bolup, ol guşlaryň rysgalyny dileýändir.

*Aýdylypdyr:* Arş bilen Kürsüň arasynda ýetmiş müň garaňky perde hem-de ýetmiş müň nurdan perde bardyr. Her bir perdäniň arasy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Eger bu arada ol perdeler bolmadyk bolsa, onda Arşyň mahlukatlary görnerdi. Sözüň gysgasy bu dünýäniň we ol dünýäniň asly suwdandyr. Aý, Gün, ýyldyzlar ýaradylyp tamam bolansoň, her bir perişdä belli bir ýer bellenildi. Ol perişdeler älemiň ýaradylan wagtyndan tä onuň soňky gününe çenli öz ýerlerinden bir ädim öňe ýa-da bir ädim yza çykmazlar. Olaryň her birine bir tesbi aýtmaklyk tabşyrylyp, ondan başga tesbi aýtmazlar. Olar hiç bir lahza duýdansyz galmazlar. Olaryň her haýsysynyň bir gylyk-häsiýeti bardyr. Ondan başga Allatagala Serýany diýen bir bölek ýer ýaratdy. Onuň üstünde ýedi gat ýeri goýdy. Bu bölek ýer bir perişdäniň gerdenindedir. Ol perişdäniň aýaklary ýakut daşyň üstündedir. Bu daş Allatagalanyň emri bilen asylyp durandyr.

Soň Allatagala bir öküzi ýaratdy. Ol öküze dört müň gol we aýak berdi. Onuň şahlary ýedi gat asmanyň üstüne çykyp durandyr. Ol daş öküziň şahlarynyň arasynda asylyp galandyr. Öküziň aýaklary asmanda sallanyp durandyr. Allatagala ondan soň bir balyk ýaratdy. Öküziň aýaklary balygyň gerdeninde karar tapdy. Ol balygyň gerdeninde şunça zat goýulsa hem, onuň üstünde bir çybyn oturan ýaly agyrlyk bolmaz.

*Taryhçy alymlar aýdypdyrlar:* «Allatagala öküzi balygyň üstünde goýanda balyk başy bilen guýrugyny birleşdirip Arşyň daşyna aýlap goýdy».

**Rowaýat.** Isa alaýhyssalam: «Şol balygy görsem» diýip Allatagala arz etdi. Allatagala: «Eý, Isa! Sen pylan derýanyň kenaryna bar. Ol ýerden meniň gudratyma tomaşa et» diýdi. Hezreti Isa ol derýanyň kenaryna bardy. Görse, derýadan bir balyk ötüp barýar. Hezreti Isa oňa ýedi gije-gündiz garap dursa-da, balyk onuň duşundan ötüp gutarmady. Isa alaýhyssalam sorady: «Eý, Taňrym! Bu balygyň başy meniň öňümden ötüp gutardymy ýa-da gutarmadymy?». Hudaýtagala aýtdy: «Ýok, entek onuň başy hem ötüp gutarmady». Hezreti Isa sorady: «Eý, Taňrym! Şu balyk öküzi göterip duran balykmy ýa-da ol başga bir balyk?» Hudaýtagala aýtdy: «Bu başga bir balykdyr. Men ol balyga şunuň ýaly balygyň ýetmiş müň sanysyny her gün iýdirýärin». Isa alaýhyssalam haýran galyp, ýerinden turman başyny sejdä goýdy».

## JENNETIŇ BEÝANY

Haktagala jenneti asmandan ýokarda ýaratdy. Onuň bölümleriniň sany sekiz bolup, biri-birinden belentdir. Olaryň iň belendi Firdöws jennetidir. Olaryň galanlarynyň atlary şeýledir: «Dar es-salam», «Dar el-karar», «Dar el-huld»,

«Jennet el-magwa», «Jennetu adn», «Jennet en-nagym», «Jennet el-fyzza».

Wehp ibn Munabbih (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) rowaýat edipdir: Allatagala jennetleriň her birini bir zatdan ýaratdy. Dar es-salamy gyzyl ýakutdan, Jennetu-adny zeberjetden, Jennet el-magwany ýaşyl ýakutdan, Jennet en-nagymy ýaşyl zümerretden, Dar el-huldy kümüşden, Dar el-karary lagldan, Jennet el-firdöwsi tylladan ýaradylandyr.

Her bir jennetiň bir işigi bardyr we ol iki gatdyr. Ol gatlaryň biri ýaşyl zümerretden, beýleki biri bolsa ýaşyl zeberjetdendir. Bir işigiň giňligi gündogardan günbatara çenlidir. Işikleriň depesinde «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýlip ýazylandyr. Hudaýtagala wada berip aýdypdyr: «Kim bu mertebeli sözi aýtsa, onuň meniň ýeke Hudaýlygyma razy bolup yslama girdigi bolar. Men oňa azap görkezmerin. Men ony jennete girizerin». Hudaýtagalanyň sypatynyň biri özüniň beren wadasyna wepaly bolmagydyr.

## DOWZAHYŇ BEÝANY

Ondan soňra Allatagala dowzahy ýaratdy. Oňa Mälik atly perişdäni häkim etdi. Gapyda durýan on dokuz azap perişdelerini ýaratdy. Bu mazmuna: ***«Dowzahyň on dokuz sany azap beriji perişdeleri bardyr»*** diýen aýat delildir. Dowzahyň gapylarynyň sany barada Allatagala şeýle aýtdy: ***«Dowzahyň ýedi gapysy bardyr. Olaryň her biri bendeleriň günälerine görä niýetlenilendir»***. Günäkär bendeleriň oňa girmezligine hiç hili çäre ýokdur.

Wagty gelende dowzahyň perdeleri göteriler. Onuň gyzgynlygy örän güýçli bolup, ol iki ýüz ýyllyk ýoldan gyzdyrar. Dowzahdan şonça daşlykdaky adamlaryň ýüzleri köýer we olaryň agysynyň sesi eşidiler. Dowzahyň odunyň güýçlüdigini

aşakdaky aýatlar tassyklaýar: ***«Jähennem ululygy gala ýaly uçgunlary atar. Ol uçgunlaryň reňki sary ýa-da gara düýeleriň reňki ýalydyr». «Kapyrlar jähenneme taşlanylanda, ol ýerden eşegiň sesi ýaly ýaman sesler eişdiler. Jähennem gazandaky suw ýaly joşup gaýnar we gahardan ýaňa ýarylara ýakyn geler».*** Hemme pygamberler ol günüň haýbatyndan gorkup titrärler. Olar diňe: «Özüm, özüm» diýip, öz aladalaryny ederler. Hezreti Jebraýyl Muhammet alaýhyssalama: ***«Olaryň – kapyrlaryň hemmesine jähennem dowzahy wada berlendir»*** diýen aýaty getirende Muhammet alaýhyssalam köp gamgyn boldy. Ol Äşäniň hüjresine girip, ahy-nala çekdi. Hezreti bibi Patma, ymam Hasan we ymam Hüseýin onuň ýanyna gelip, bu haly görüp perişan bolup, nala tartdylar. Sahabalar Muhammet alaýhyssalamdan: ***«Eý, Allanyň resuly! Size näme boldy?»*** diýip, onuň bu ýagdaýa düşmeginiň sebäbini soradylar. Pygamber alaýhyssalam olara bu aýatyň inendigini aýdyp berdi. Şeýle hem Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Adamlaryň käbiri topugyna çenli, başgalary dyzyna çenli, beýlekileri biline çenli, ýene birleri bogazyna çenli dowzahyň oduna çümüp durarlar». Onuň töweregindäkileriň hemmesi bu sözi eşitdiler. Hezreti Abu Bekr Syddyk ( goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýtdy: «Käşge, men eneden dogmadyk bolsadym ýa-da men neresse çaga wagtym ölen bolsadym!». Hezreti Osman (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýtdy: «Eger men adam jynsynda dogulmadyk bolsadym! Men bir goýun bolan bolsam, adamlar meni soýup iýerdiler». Hezreti Omar (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýtdy: «Käşge, men eneden dogmadyk bolsam ýagşy bolardy!»diýdi. Hezreti Salman Parsy (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýtdy: «Siz Hudaýyň pygamberiniň dört çaryýary bolup, şeýle ýyglasaňyz, biz bu söze niçik çydarys?» Hemme sahabalar aýtdylar: «Biz çagalarymyzy taşlap, öýlerimizden çykyp, çöl-sähralara baryp, ösümlikleri hörek

edinip, gijeleri namaz bilen, gündizleri oraza bilen ötürsek, biz bu ahyret azabynyň gaýgysyndan halas bolup bilerismi?» Şol wagt Allatagalanyň şu aýaty indi: ***«Siziň imanlylaryňyzdan başgasynyň dowzahyň oduna girmezlige hiç çäresi ýokdur»***.

**Rowaýat.** Bir gün hezreti Jebraýyl Pygamber alaýhyssalamyň öňünde otyran eken. Birden ýer titredi we bir belent owaz eşidildi. Hezreti Jebraýylyň reňki üýtgäp gitdi. Onuň bedeninde titreme peýda boldy. Pygamber alaýhyssalam sorady: «Eý, doganym Jebraýyl! Size näme boldy? Siziň ýüzüňiz birden üýtgedi». Hezreti Jebraýyl aýtdy: «Eý, Allanyň resuly! Allatagala hezreti Adam atany ýaratmazyndan ýedi müň ýyl öň dowzahdan bir daş bölünip gaýdypdy. Ol daş on üç müň ýyl ýol ýöräp, dowzahyň gyrasyna ýetdi. Ol dowzahyň ýokarky gatlagynyň düýbüne degdi. Bu gata birinji derweze diýilýär. Ol binamazlaryň ornudyr. Ikinji derweze jöhütleriň, üçünji derweze zalymlaryň, dördünji derweze haçparazlaryň, bäşinji derweze ýyldyzlara çokunýanlaryň, altynjy derweze müşrikleriň, ýedinji derweze ata-enä azar berenleriň mekanydyr».

Allatagala dowzahy ýaradanda ony ilki müň ýyl gyzdyrdy, dowzah ak boldy. Soňra Allatagala ony ýene müň ýyl gyzdyrdy, dowzah gyzyl boldy. Onsoň Allatagala ony ýene bir müň ýyl gyzdyrdy, dowzah gara boldy. Şu wagta çenli dowzahyň reňki garadyr. Ondan soňra Allatagala bir bölek daş ýaratdy. Onuň ululygy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Ony dowzahyň agzyna dykyp goýdy. Allatagala ýene bir daş ýaratdy we bir perişdä: «Bu daşy göterip dur» diýip buýurdy. Ol perişde şol wagt daşy egilip alyp, egnine göterdi. Ondan soň bir çybyna: «Bu perişdäniň aýagyna gonup dur» diýen buýruk boldy. Ol çybyn perişdäni göterip durdy. Perişde çybynyň üstünde durdy. Çybynyň aýagy howada asylyp galdy.

*Ýene bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Allatagala dowzahy gazabyndan ýedi gat edip ýaradypdyr. Her gatyň arasy ýetmiş

müň ýyllyk ýoldur. Olar biri-birinden gyzgynrak we garaňkyrakdyr, azaby artygrakdyr, jezasy gatyrakdyr, ýylan-içýanlary ulurakdyr. Ol bendeler Allatagalanyň rehmetinden uzagrak düşendirler.

**Rowaýat.** Allatagala dowzahy ýaradandan soňra bir ýylany döretdi. Onuň ady Kabusdyr. Allatagaladan Kabusa bir owaz geldi: «Eý, Kabus! Men sende bir amanat zat goýjak». Kabus aýtdy: «Eý, Taňrym! Sen maňa nähili perman berseň, men ony bitirmäge taýýardyryn». Oňa ýene bir owaz geldi: «Eý, Kabus, sen agzyňy aç!» Ol ýylan agzyny açdy. Allatagala perişdelere: «Dowzahy Kabusyň agzyna salyň» diýip buýurdy. Perişdeler ýedi dowzahy Kabusyň agzyna saldylar. Allatagala aýtdy: «Eý, Kabus! Indi agzyňy ýum! Emma sen, tä, rugsat bolýança agzyňy açma!» Kabus agzyny ýumdy. Ol diňe kyýamat güni agzyny açar. Ol gün Allatagala iň beýik mertebeli perişdelerine: «Dowzahy Kabusyň agzyndan çykaryp alyň!» diýip buýrar. Perişdeler buýrugy berjaý ederler.

Dowzahyň ýedi derwezesinde ýetmiş müň zynjyr bardyr. Her zynjyrda ýetmiş müň halka bardyr. Her halka ýetmiş müň perişdäniň elindedir. Bu perişdeleriň ululygy şeýledir: Ýagny öňde-soňda geçen adamlar, şeýtanlar, jynlar jemlenseler hem bu perişdeleriň ýanynda bir goşawuç ýaly bolarlar. Kyýamat güni bu uly perişdeler Arasat meýdanyna süýrenip gelerler. Dowzahyň ody şuglasyny saçar. Ýedi gat ýeriň her haýsysynyň galyňlygy bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Şunça zatlaryň hemmesi dowzahyň haýbatyndan ýok bolup gider.

Ymam Gazaly (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) «Ihýa ulumiddin» diýen kitabynda aýdypdyr: «Kyýamat güni hemme halklary Arasat meýdanyna jemlärler. Ol gün adamlar aç-teşnediklerini duýmazlar. Olar bu ýerde dünýäde eden ýaman işlerine ökünerler. Emma bu ökünç olara hiç peýda bermez. Bu gorkuly pursatda dowzahdan bir owaz geler: «Pylany ogly

pylany dünýäde ýaman iş etmek we ýaman söz aýtmak bilen meniň azabyma sezewar boldy. Ol dünýäde namaz okamady, oraza tutmady, adamlara zulum we jepa görkezdi. Şeýdip, ol eziz ömrüni zaýa geçirdi». Şol wagt azap perişdeleri ol bendäniň üstünden uly küýzelerdäki gaýnag suwy guýarlar. Olar ony süýräp, otly sütünler bilen urup dowzaha elterler. Ol ýerde ony başaşak asyp goýarlar. Azap perişdeleri oňa aýdarlar: ***«Sen bu azaby dat! Sen diňe öz güman edişiňe görä eziz we hormatly adamdyň».*** Onuň boljak mekany garaňky ýer bolar. Onuň içi aç, endamy ýalaňaç, bokurdagy gury bolup, ýüz müň hory-zarlyga sezewar bolar. Onuň içýäni – gam, iýýäni – gussa, işi – azap bolar. Ony saçyndan asyp goýarlar, maňlaýyna nälet tagmasyny basarlar. Onuň her tarapyndan agy, zary-perýat, pygan, puşman we ökünç owazy gelip durar. Onuň aram tapjak bir sagady hem bolmaz. Oňa bir lukma tagam, ýa-da bir owurt suw bermäge kişi bolmaz. Ol Mälik dowzaha müň gezek ýalbaryp aýdar: «Eý, Mälik! Sen maňa rehimdarlyk et. Men bu ýerde köp azaplary we jezalary çekdim. Men awy bilen zäherden başga iýgi-içgini görmedim». Mälik oňa aýdar: «Eý, betbagt bende! Bu ýerde azapdan aman bolmak ýokdur. Bu ýer rahatlyk üçin däldir». Ol bende rehimdarlykdan näumyt bolar. Oduň gyzgynyndan ýaňa ol bendeleriň et-ýaglary eräp akar. Olaryň ganlary öt we iriň ýaly bolup, agyz-burnundan geler. Azaplarynyň güzaplydygy zerarly olar ölümi islärler. Emma olara ölmek miýesser etmez. Olaryň agyzlary awy, ýüzleri gara, gözleri kör, güň, gulaklary ker, dodaklary teşne, aýak-gollarynda zynjyr, dilleri agyzlaryndan çykyp, aýaklaryna çenli ýetip süýrenip durar. Garynlarynyň içinde ýylan-içýan bolar. Bu azaplara sataşmakdan Allatagalanyň özi bizi penasynda aman saklasyn!»

Abu Hureýra (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýtdy: «Kimiň maly bolup, onuň zekatyny çykarmasa, kyýamat güni

ol maly ýylan keşbine salarlar. Ol ýylan boýdan-başa zäher bolup, mal eýesiniň boýnundan asylar we onuň bokurdagyna çyrmaşyp, bogar hem oňa aýdar: «Men seniň zekatyny bermedik malyňdyryn. Özüň iýmäge dözmän, kişä bermäge gözüň gyýman, garyndaşlaryňdan aýan, haýyr-sahawata ýaratmadyk, il-günden ýaşyran malyňdyryn». Gyzyl-kümüşiň zekatyny bermediklere aýdarlar: «Kyýamat güni gyzylyň we kümüşiň üstüne jähennemiň odundan guýarlar, soňra şol gyzdyrylan gyzyl-kümüşler bilen eýeleriniň maňlaýlaryny, ýanbaşlaryny we arkalaryny daglarlar. Olara aýdarlar: ***«Ine, indi siz özüňiz üçin ýygnap-ýygşyran zadyňyzyň mazasyny dadyň»***. Soňra Allatagaladan perişdelere perman bolar: ***«Ony tutuň we iki elini baglap, jähenneme taşlaň. Ony uzynlygy ýetmiş gez zynjyr bilen baglap goýuň»***. Dowzahda ýetmiş müň zynjyr bardyr. Her bir zynjyryň uzynlygy ýetmiş müň gulaçdyr. Her bir gulaçda ýetmiş müň halka bardyr. Bir halkanyň ululygy şeýledir: eger bu dünýäniň ähli demrini ýygnasaň, ol bir halkanyň demrine barabar bolmaz. Şonuň ýaly uly zynjyr bilen baglap bendä azap berler. Emma dowzahyň azaplary köp dürlüdir. Ony hasaplap gutaryp bolmaz. Ol azaplaryň sanyny diňe Allatagalanyň özünden başga hiç kim bilip bilmez!

*Habarda şeýle aýdylypdyr:* «Hudaýtagala dowzahyň içinde iki görnüşli mahlugy ýaratdy. Olaryň biri arslan sypatly bolup, onuň ady Jelisdir. Beýleki biriniň sypaty böri ýaly bolup, onuň ady Telbisdir. Olaryň biri erkekdir, beýlekisi bolsa urkaçydyr. Olaryň biriniň guýrugy ýylanyňky, beýlekisiniň guýrugy içýanyňky ýalydyr.

Hudaýtagalanyň permany bilen bu ikisiniň guýrugy üzülip düşdi. Dowzahyň içinde bar bolan hemme ýylan-içýanlar bu ikisiniň guýruklaryndan peýda boldy. Allatagaladan: «Telbisi Jelise nikalap beriň» diýip, hezreti Jebraýyla perman boldy. Hezreti Jebraýyl bu ikisini nikalaşdyrdy. Şu nika – hemme

mahluklaryň arasyndaky birinji nikadyr. Nikadan soň ol ikisi jübütleşdiler. Olardan iki perzent, bir ogul we bir gyz dogdy. Olar ýetişensoň Allatagaladan: «Bu gyzy ol oglana alyp beriň» diýen perman geldi. Gyzy oglana nikalap berdiler. Olardan bir ogul dogdy. Onuň adyna Haris goýdular. Ol dowzahyň bir köçesinde tagata meşgul boldy. Ol birnäçe ýyllap ol ýerde ybadat etdi. Hudaýtagala ony ýer ýüzüne çykardy. Ol bu ýerde hem köp ybadatlar etdi. Allatagala ony asmana çykardy. Haris bu ýerde müň ýyllap sežde etdi.

Elkyssa, Allatagala Harisi ýedinji gat asmana çykardy. Onsoň ony jennete girizdi. Ondan soň ony Arş, Lowh, Galama girizdi. Ol islese jennete girdi, islese hem asmana çykdy. Ol şeýdip uly mertebä eýe boldy. Oňa ýer ýüzüniň patyşalygyny berdiler. Allatagala onuň Haris diýen adyny aýryp, oňa Azazyl diýen at goýdy. Onuň ady asmanlaryň her gatynda dürli görnüşde tutulýardy: Şumaha, Delel, Herep, Kuýukeng, Kenestegel, Bighaşig, Nasyh. Iň soňunda onuň Azazyl diýen ady meşhur bolup galdy.

Emma bu kitap ýetmiş iki kyssa bilen tamam bolar. Ol kyssalaryň dogruçyllyk bilen beýan edilmegi, elbetde Allatagalanyň öz erki bilendir.

*Birinji kyssa.* Benijanyň wakasynyň beýany.

*Ikinji kyssa.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň wakasynyň beýany.

*Üçünji kyssa.* Habylyň we Kabylyň wakalarynyň beýany.

*Dördünji kyssa.* Şis alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Bäşinji kyssa.* Hezreti Idris alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Altynjy kyssa.* Harut we Marut perişdeleriň wakalarynyň beýany.

*Ýedinji kyssa.* Nuh alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Sekizinji kyssa.* Iwaj bin Ynagyň wakalarynyň beýany.

*Dokuzynjy kyssa.* Hud alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Onunjy kyssa.* Salyh alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On birinji kyssa.* Hezreti Ybraýym alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On ikinji kyssa.* Ysmaýyl alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On üçünji kyssa.* Yshak alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On dördünji kyssa.* Lut alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On bäşinji kyssa.* Ýakup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On altynjy kyssa.* Ýusup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On ýedinji kyssa.* Hezreti Eýýup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On sekizinji kyssa.* Hezreti Şugaýp alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*On dokuzynjy kyssa.* Hezreti Musa kelimallanyň wakalarynyň beýany.

*Ýigriminji kyssa.* Danyýal alaýhyssalamyň wakakarynyň beýany.

*Ýigrimi birinji kyssa.* Hezreti Eşmuýyl alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi ikinji kyssa.* Dawut alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi üçünji kyssa.* Hezreti Süleýman alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi dördünji kyssa.* Hezreti Ýunus alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi bäşinji kyssa.* Hezreti Ylýas alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi altynjy kyssa.* Hezreti Hydyr alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Ýigrimi ýedinji kyssa.* Hezreti Jirjis alaýhyssalamyň wakalarynyň beyany.

*Ýigrimi sekizinji kyssa.* Hezreti Lukmanyň wakalarynyň beyany.

*Ýigrimi dokuzynjy kyssa.* Hezreti Uzaýr alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Otuzynjy kyssa.* Hezreti Ermiýa alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Otuz birinji kyssa.* Zekeriýa we Ýahýa alaýhymassalamyň wakalarynyň beýany.

*Otuz ikinji kyssa.* Hezreti bibi Merýemiň wakalarynyň beýany.

*Otuz üçünji kyssa.* Hezreti Isa alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.

*Otuz dordünji kyssa.* Hezreti Şemgun alaýhyssalamyň wakalarynyň beyany.

*Otuz bäşinji kyssa.* Hantala we Kahafa alaýhymassalamyň wakalarynyň beýany.

*Otuz altynjy kyssa.* Kowumy Tubbagyň wakalarynyň beýany.

*Otuz ýedinji kyssa.* Eshabul-Uhdudyň wakalarynyň beýany.

*Otuz sekizinji kyssa.* Ähli Sebanyň wakalarynyň beýany.

*Otuz dokuzynjy kyssa.* Bahtunnasryň wakalarynyň beýany.

*Kyrkynjy kyssa.* Beddat kapyryň buta sežde etmeginiň wakalarynyň beýany.

*Kyrk birinji kyssa.* Adamlaryň oda sežde etmekleriniň wakalarynyň beýany.

*Kyrk ikinji kyssa.* Isgender Zülkarneýiniň wakalarynyň beýany.

*Kyrk üçünji kyssa.* Eshabyl Kähfiň wakalarynyň beýany.

*Kyrk dördünji kyssa.* Eshabur-rakymyň wakalarynyň beýany.

*Kyrk bäşinji kyssa.* Eshabul-filiň wakalarynyň beýany.

*Kyrk altynjy kyssa.* Muhammet alaýhyssalamyň dogulmagynyň beýany.

*Kyrk ýedinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň enekä berilmeginiň beýany.

*Kyrk sekizinji kyssa.* Hezreti Pygamber alaýhyssalamyň bibi Hatyjany almagynyň beýany.

*Kyrk dokuzynjy kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalama pygamberlik wahynyň gelmeginiň beýany.

*Ellinji kyssa.* Hezreti Omaryň yslama girmeginiň beýany.

*Elli birinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň nesebiniň beýany.

*Elli ikinji kyssa.* Sahabalaryň pazylatlarynyň beýany.

*Elli üçünji kyssa.* Hezreti Abu Bekriň pazylatynyň beýany.

*Elli dördünji kyssa.* Hezreti Omar Hattabyň pazylatynyň beýany .

*Elli bäşinji kyssa.* Hezreti Osman ibn Affanyň pazylatynyň beýany.

*Elli altynjy kyssa.* Hezreti Aly ibn Talybyň pazylatynyň beýany.

*Elli ýedinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň arap kapyrlaryny imana çagyrmagynyň beýany.

*Elli sekizinji kyssa.* Resul alaýhyssalamyň yşarat bilen aýy iki para etmeginiň beýany.

*Elli dokuzynjy kyssa.* Pygamber alaýhyssalamyň magrajynyň beýany.

*Altmyşynjy kyssa.* Bedr jeňiniň beýany.

*Almyş birinji kyssa.* Uhut jeňiniň beýany.

*Altmyş ikinji kyssa.* Emir Hemzäniň şehit bolmagynyň beýany.

*Altmyş üçünji kyssa.* Bedrus-sugranyň jeňiniň beýany.

*Altmyş dördünji kyssa.* Hudaýbiýe we Mekge jeňiniň beýany.

*Altmyş bäşinji kyssa.* Haýbar jeňiniň beýany.

*Altmyş altynjy kyssa.* Pygamber alaýhyssalamyň ölüminiň beýany.

*Altmyş ýedinji kyssa.* Hezreti Abu Bekr Syddygyň şehit bolmagynyň beýany.

*Altmyş sekizinji kyssa.* Hezreti Omaryň halypatynyň beýany.

*Altmyş dokuzynjy kyssa.* Hezreti Osmanyň şehit bolmagynyň beýany.

*Ýetmişinji kyssa.* Hezreti Alynyň şehit bolmagynyň beýany.

*Ýetmiş birinji kyssa.* Hezreti ymam Hasanyň şehit bolmagynyň beýany.

*Ýetmiş ikinji kyssa.* Hezreti ymam Hüseýiniň şehit bolmagynyň beýany.



**Parhaý.** *Mäterguly Orazberdiýewyň çeken suraty.*

## *BIRINJI KYSSA*
## BENIJANYŇ WAKASYNYŇ BEÝANY

Allatagala: ***«Biz jynlary nury we garaňkylygy bar bolan otdan ýaratdyk»*** diýdi. Ol oduň nurundan perişdeler, garaňkylygyndan bolsa jynlar peýda boldy. Ol oduň çogundan Abyljyn döredi. Ol jynlar taýpasynyň atasydyr. Perişdeler Allatagalanyň ybadatyna meşgul boldular we olar günäden päk galdylar. Garaňkylygy bar bolan tütünden peýda bolanlar günä işleri etdiler. Olar bozuklyga ýüz urup, dogry ýoldan azaşdylar we iman-yslamdan daş düşdüler. Emma oduň çogundan peýda bolan jynlardan periler we döwler emele geldi. Nurdan peýda bolanlaryň käbirleri iman-yslama kaýyl boldular, beýleki birleri kapyr bolup, azaba sataşdylar.

Abdylla bin Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir: Abyljynyň ady Surma eken. Onuň perzendine Benijan diýip at berdiler. Olar köp wagtlap ýeriň ýüzünde galdylar. Allatagala bulary iman-yslama ündedi. Olardan Tanus atlysy perzentleri bilen yslama girdiler. Olar bir döwür ömürlerini iman-yslam bilen eşretde we parahatlykda ötürdiler. Bir döwür otuz müň ýyla deňdir. Ýene bir döwürde olaryň käbirleri bozuk işlere ýüz urup, günä işlere meşgul boldular. Ýene bir döwürde olaryň hemmesi bozulyp gitdi. Dogry ýoldan çykanlaryň hemmesi Allatagalanyň dürli azaplaryna duçar boldular. Olara Jelýanus atly birini ýolbaşçy

bellediler. Allatagala bulara emrine tabyn bolmaklygy buýurdy. Emma olaryň az sanlysyndan başgalary dogry ýola düşmediler. Onsoň Allatagala: «Her bir zat öz durkuna gaýtarylýandyr» diýip, bulary ýok etmek isledi. Bularyň bozuk ýoly tutanlarynyň hemmesi ölüp ýok boldy. Emma Allatagalanyň emrine boýun egenlere hiç zat bolmady. Olar sag-salamat galdylar. Olara özlerinden Mälik atly birini häkim edip goýdular. Tiz wagtdan bularyň sany köpeldi. Hus atly birini olara serdar edip bellediler. Ol ylmy we akyly bilen hemmelerden tapawutlanyp, köp wagtlap häkimlik etdi we jynlary ýagşy işlere ündemekde hem ýaman işlerden saklamakda berk nyzam tutdy. Elgaraz ol Allatagalanyň rehmetine mynasyp boldy. Emma bularyň käbirleri ýagşylygyň gadryny bilmän, ýene günä işlere ýüz urup, dogry ýoldan azaşdylar. Olar elhenç azaba sezewar bolup, dowzahyň Jehim diýen bölümine düşdüler. Allatagala olaryň üstüne birnäçe perişdäni iberdi. Perişdeler bilen olaryň arasynda köp jeň-jedel boldy. Perişdeler jynlaryň köpüsini öldürdiler. Jynlaryň diri galanlary gaçyp, her haýsy bir adada gizlendiler. Ondan soň dünýäni perişdelere berdiler. Azazyl hem şu perişdeleriň biridi.

*Ýene bir rowaýatda şeýle diýilýär:* Allatagala bir görnüş janawarlary ýaratdy we olara dünýäniň ýüzüni berdi. Bu wakadan ýedi müň ýyl geçensoň Haktagala Benijany ýer ýüzüne häkim edip goýdy. Onuň golastyndakylar hem ýedi müň ýyl ötensoň günä işleri etdiler we köp gan dökdüler. Allatagala dünýäni bularyň elinden alyp, ýene perişdelere berdi. Bular hem dünýäni ýedi müň ýyl sürdüler. Olaryň içinde hem Azazyl bardy. Onuň atasy şir keşpli Jelis, enesi bolsa böri şekilli Telbisdi. Azazylyň başga bir adyny Iblis diýip tutardylar. Azazyl Benijanyň taýpasyndandy. Ol köp ybadat ederdi. Şonuň üçin ony perişdeler ýerden asmana alyp çykdy. Azazylyň ol ýerde hem işi ybadata meşgul bolmak boldy. Onuň mertebesi

perişdeleriň arasynda gün-günden artdy. Azazyl perişdelere ylym öwretdi we ylymlaryň syrlaryndan habar berdi.

## ÝERIŇ ÝÜZÜNDEN ATLAS PELEGINE ÇYKYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu waka perişdeleriň ýer ýüzüne gelip, jynlar bilen uruş edenlerinden soň bolup geçdi.

Iblis çola ýere çykyp ybadata meşgul boldy. Perişdeler onuň takwalygyny görüp: «Eý, Taňrym! Bu ýerde saňa yhlasly bir bende bar. Şony bize berseňiz. Ol asmanda bolmaga laýykdyr» diýdiler. Allatagala bularyň dilegini kabul etdi. Perişdeler Azazyly birinji gat asmana alyp çykdylar. Ol ýerde Azazyl müň ýyl ybadat etdi. Ondan soň Mälik Ryzwan ony Allatagaladan diläp, jennete getirdi. Azazylyň işi bu ýerde hem müň ýyl tagat-ybadata meşgul bolmak boldy. Soňra ony Mälik dowzah diläp alyp, dowzaha getirdi. Ol her dowzahda müň ýyllap ybadat etdi. Soň ony Arşy Mejide alyp geldiler. Ol bu ýerde hem müň ýyl ybadata meşgul boldy. Oňa ýakutdan bir münber ýasap berdiler. Azazyl bu münbere çykyp, perişdelere köp wagyz-nesihatlary etdi.

Elkyssa, ylymlar Azazylyň başyna nurdan dykylandy. Köp perişdeler ol münbere çykanda onuň ündewini diňlemek üçin ýygnanardylar. Şeýdip, ol Arşda hem perişdeleriň arasynda uly sylag-hormata mynasyp boldy.

Perişdeler Azazyly Arşy Mejide alyp gelen wagtynda, Benijan – jyn ogullary dagy azlykdy. Olar adalardan yzlaryna dolanyp jemlendiler we köpeldiler. Olaryň sany artyp dünýäni tutdy. Ýöne, olar Allatagala ybadat etmeklikden ýüz önderdiler. Şol wagt Azazyl Allatagaladan dileg etdi: «Eý, Taňrym! Meni ýere iberseň, men Benijan taýpasyny seniň ýoluňa ündesem?!». Allatagala onuň bu dilegini kabul etdi we

ony ýer ýüzüne iberdi. Azazyl ýerde jynlara köp wagyz-nesihat etdi. Emma olaryň köp bölegi Azazyň ündewini kabul etmedi. Jynlaryň az sanlysy dogry ýola düşdi. Azazyl kapyr jynlaryň üstüne Sahlut atly birini: «Benijan günä işleri etmegini goýup, dogry ýola düşsün» diýip, ilçi edip iberdi. Benijan Azazylyň teklibini kabul etmedi we Sahluty öldürdiler. Ondan soňra Azazyl onuň üstüne Ýusup atly birini ilçi iberdi. Benijan bu ilçini hem öldürdi.

Elkyssa, ol onuň ýanyna jemi sekiz ilçi iberdi. Benijan olaryň ýedisini öldürdi. Sekizinji ilçi Benijanyň elinden gaçyp, Azazylyň ýanyna gelip, oňa bolup geçen wakalary aýdyp berdi. Azazyl Allatagalanyň permany bilen goşun tartyp, Benijan taýpasynyň köpüsini gyrdy. Olaryň diri galanlary gaçyp, adalara siňdiler we şol ýerlerde mesgen tutundular. Allatagala Azazyla birinji gat asmanyň häkimligini we jennetiň hazynasynyň açaryny berdi. Azazyl islese jennete çykyp, islese ýere düşüp, islese hem asmana galyp, tagat-ybadata meşgul boldy. Azazyl şunuň ýaly uly derejä ýetdi. Ýöne, ol wagtal-wagtal öz-özüne: «Eger Allatagala Hudaýlyk işini başga birine tabşyrmak islese, elbetde ony maňa bererdi» diýmekligi çykardy.

Günlerde bir gün perişdeleriň birnäçesi Lowhul-mahfuzda: «Perişdeleriň biri Allatagalanyň emrine boýun sunman, Taňrynyň ebedi näletine sezewar bolar» diýen ýazgyny gördüler. Olaryň her biri bu näletiň öz boýnuna düşmeginden gorkdular we bihuş bolup ýykyldylar. Olar özlerine gelenlerinden soňra, Azazylyň ýanyna geldiler we bu wakany oňa aýdyp berdiler. Şeýle hem olar Azazyldan: «Biziň bu näletden aman bolmagymyz üçin Taňrydan dileg edip ber!» diýip, haýyş etdiler. Azazyl: «Eý, Taňrymyz! Bu günäsiz bendeleriňi beýle beladan päk sakla!» diýip, dileg etdi. Emma ol özüni bu näletden uzakda tutdy we dilege özüni goşmady. Ol şundan soňra tagat-ybadat etmegini taşlady. Hergiz ol ybadata meýil etmedi.

Azazyl bir gün jennetiň gapysynda bir hat gördi. Ony Hudaýtagala özüniň gudratly galamy bilen ýazypdyr: «Biz bir bendäni uly hormat-mertebe bilen ýerden asmana getireris. Ahyrynda oňa bir iş buýranymyzda, ondan ýüz dönderer. Şol sebäpden ol ebedi nälete sezewar bolar. Biz oňa dowzahyň azabyny görkezeris».

Azazyl bu ýazgyny görüp, müň ýyl ybadatyny taşlamady. Ol her gezek sežděden başyny göterende bu ýazga gözi düşerdi. Her gezek ol: «Şol näletkerde melguna ýüz müň nälet bolsun» diýerdi. Emma bu nälet ahyry onuň özüne düşdi. Häzir hem bir kişi başga birine nälet aýtsa ýa-da gargasa, ol nälet we gargyş onuň özüne düşýändir.

## *IKINJI KYSSA*
## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ WAKASYNYŇ

Bu kyssa jemi on bir pasyldan ybaratdyr:

*Birinji pasyl.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň ýaradylmagyna meýil döremeginiň sebäpleriniň beýany.

*Ikinji pasyl.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň ýaradylmagynyň beýany.

*Üçünji pasyl.* Perişdeleriň Allatagalanyň emrine boýun sunman, günäkär bolanlarynyň beýany.

*Dördünji pasyl.* Ýer ýüzünden Adam alaýhyssalamyň topragynyň alynmagynyň beýany.

*Bäşinji pasyl.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň jesedine jan girizilmeginiň beýany.

*Altynjy pasyl.* Adam alaýhyssalama zatlaryň atlarynyň öwredilmeginiň beýany.

*Ýedinji pasyl.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň direldilmeginiň we ony asmanyň gatlaryna göterip seýr etdirilmeginiň beýany.

*Sekizinji pasyl.* Azazylyň Adam alaýhyssalama sežde etmändigi üçin ebedi nälete sezewar bolmagynyň beýany.

*Dokuzynjy pasyl.* Hezreti Adam we hezreti Howanyň şeýtanyň delalaty bilen bugdaý iýip, jennetden çykarylmagynyň beýany.

*Onunjy pasyl.* Hezreti Adam bilen hezreti Howanyň tobasynyň kabul edilmeginiň we olaryň günäden päklenmekleriniň beýany.

*On birinji pasyl.* Hezreti Adam we hezreti Howanyň biri-birinden jyda düşmekleriniň we ýene olaryň tapyşmaklarynyň beýany.

## *BIRINJI PASYL*
## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ ÝARADYLMAGYNA MEÝIL DÖREMEGINIŇ SEBÄPLERINIŇ BEÝANY

Allatagala gudraty bilen Muhammet pygamberiň nuruny ýerden göterip, ony birnäçe müň ýyl öz gaşynda duruzdy. Hudaýtagala wagtal-wagtal ony derýalara[5] çümdürip çykarardy. Ondan soňra ony hyjaplardanötürip, makamlarda duruzdy. Ondan soňra ony beýik mertebeli Arşda duruzyp goýdy. Muhammet alaýhyssalamyň nury ol ýerde günden hem röwşenlik saçyp, Arşy, Kürsi, Lowhy, Galamy, jenneti nurlandyryp durdy. Bu nur göýä Taňrynyň bir hazynasydy. Allatagala aşaky äleme, ýokarky äleme, Arşa, Kürse, Lowha we Galama: «Kim bu nepis göwheri saklap biljek?» diýip, jar çekdirdi. Hiç bir zatdan: «Men ony saklap biljek» diýip, ses çykmady. Bir garaňky perdeden: «Bu amanaty saklamaga men mynasypdyryn we men bu işi kabul edýärin» diýen owaz geldi. Bu ses hezreti Adam alaýhyssalamyň perzentleriniň owazydy. Emma entek olardan hiç bir nam-nyşan ýokdy.

### Şygyr

Göwheri getirdiler mülki adem bazaryga,
Tä hyrydary onuň Gün-u-mekanyndan kim erer,

Adamydan zerreýi ýok erdi hiç nam-u-nyşan.
Aýdy ki: «Kabyl erer men, menden özge kim erer».

Netijede, Allatagala: «Bu amanaty saklamak hezreti Adamyň we onuň perzentleriniň işi eken» diýen karara gelip, nury goýdy. Şeýdip, Allatagalada hezreti Adamy ýaratmaklyga meýil döredi. Haktagala perişdelere: ***«Men özüme ýerde wekil ýaratmakçy»*** diýdi. Bu sözden soň dostlar şat, duşmanlar mat boldular. Duşman Benijan bilen Azazyldy. Olar bu sözi eşidip, ýüzlerini aşak salladylar.

## *IKINJI PASYL*
## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ ÝARADYLMAGYNYŇ BEÝANY

Benijan Iblise boýun bolan wagtyndan başlap olar pany dünýä köňül berdiler. Allatagaladan: ***«Men ýer ýüzünde özüme wekil ýaratmakçydyryn. Men ony özüme hemmeden eziz tutaryn»*** diýen owaz geldi. Bu sözüň owazasy ýokardaky, aşakdaky, suwdaky, toprakdaky, howadaky perişdelere ýaýrady. Azazyl perişdelere: «Eý, perişdeler! Hudaýtagala ony ýaratsa, ol Benijandan hem agyrrak günä eder. Ondan köp bozuklyk ýüze çykar. Allatagala sizi onuň hyzmatyna salar. Siz Taňra: «Eý, Hudaýymyz!» Eger sen ony tesbih we tehlil üçin ýaratmak isleýän bolsaň, bu işleri biz edeli. Eger biz tagat-ybadaty kem eden bolsak, ony köpeldeli» diýiň» diýdi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Ony ýaratmagyň sebäbi nämedir? Günä işleri Benijan edýär, biz bolsa seniň ybadatyňa meşguldyrys» diýdiler. Allatagala olardan: «Men ony ýaratsam näme bolar?» diýip sorady. Perişdeler: «Sen ony ýaratsaň, ol ýer ýüzüni bozuklyk we günä işlerden doldurar. Onuň perzentleri biri-biriniň gybatyny ederler, şerap içerler, zyna

ederler, nähak gan dökerler, ata-enelerine azap bererler, gaty-gaty gülerler, ýetimiň hakyny iýerler we biri-biriniň mallaryny ogurlarlar» diýip jogap berdiler. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Olaryň işlerini diňe meniň özüm bilýärin, siz bilmeýärsiňiz. Siz olaryň gan dökjekdigini bildiňiz, emma bu işden toba edip, göz ýaşlaryny dökjekdiklerini bilmediňiz. Olaryň günä işleri etjekdiklerini bildiňiz, emma munuň üçin ahy-pygan tartjakdyklaryny bilmediňiz. Olaryň biri-birleriniň gybatyny etjekdiklerini bildiňiz, emma olar bilen biziň aramyzdaky mähru-muhabbeti bilmediňiz. Olaryň şerap içjekdigini bildiňiz, emma olaryň bu günä sebäpli hunaba ýuwutjakdyklaryny bilmediňiz. Olaryň başga hem dürli günäleri etjekdigini bildiňiz, emma olaryň tagat-ybadata meşgul boljakdyklaryny bilmediňiz. Siz olaryň säwlik-hatalaryny bildiňiz, emma meniň hatalaryny bagyşlajakdygymy bilmediňiz. Siz meniň gahar-gazabymy bildiňiz, emma meniň olara etjek rehim-şepagatymy bilmediňiz. Eý, perişdeler! Meniň erk-islegime garşy çykdyňyz, indi goý siz meniň älemimden çykyň. Men hemme zady özümiň gadymy ylmym bilen bilýärin. Siz bu zatlary bilmeýärsiňiz. Meniň dostum Muhammet alaýhyssalam hem Adam oglundan bolar. Bu Gök, Ýer, jahan, behişt, dowzah, Arş, Kürs, Lowh, Galam, Adam, haýwanlar, perişdeler, döwperiler, hemme jandarlar Muhammet alaýhyssalamyň nurundandyr. Bu zatlaryň hemmesini men bilýärin, başga hiç bir kişi bilmeýär» diýen owaz geldi. Allatagala olara ýene: «Siziň ybadatyňyz galplyk we ikiýüzlülik bilendir. Adam oglunyň bozuklygy dönüklik we ejizlik bilendir. Meniň dergähimde galplyk hemme günälerden beterräkdir. Ejizlik we kiçigöwünlilik meniň üçin galplyk bilen edilen ybadatdan ýagşyrakdyr. Kim Maňa günäkärçilik etse we ebedi erkime garşy çyksa, ol meniň älemimden çyksyn» diýdi. Bu sözleri Allatagala şeýle gazap bilen aýtdy weli, hemme perişdeler gara döw dek bolup

galdylar. Olardan perişdelik sypaty aýryldy we olar günäkär boldular. Olar aýdan sözlerine ýüz müň puşman etdiler. Emma bu ökünç olara hiç peýda bermedi. Olar ümsüm bolup, ýer dyrmalap galdylar. Elbetde, her bir şowlulyk we ýardam bermeklik Allatagalanyň emri bilendir!

## *ÜÇÜNJI PASYL*
## PERIŞDELERIŇ ALLATAGALANYŇ EMRINE BOÝUN SUNMAN, GÜNÄKÄR BOLMAKLARYNYŇ BEÝANY

Bir wagt gelip ýetdi. Ol wagtda perişdeleriň käbirleri bendediklerini unutdylar we günä işlere ýüz urdular. Allatagaladan olara: «Eý, perişdeler! Sizden günä işleri edip, meniň öňümde günäkär bolanlar, günälerine puşman bolup toba etseler, men olary günälerinden päklärin» diýen owaz geldi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Biz ýalňyşyp günäkärlerden bolduk» diýdiler.

*Musannif (goý, Allatagala oňa rehmet etsin!) şeýle nazm aýtdy:*

Toba otdur, barça günäler odun,
Oda odun düşse, galarmy bütin?

Perişdeler: «Bu nesibe soň olara bolarmy, ýa-da bize?» diýip, günälerinden dändiler.

Buzurg alymlar  şeile beýt aýdypdyrlar:

Diliňni taýa tut, dişiň synmasyn,
Bu duran halaýyk saňa gülmesin.

Köp kişiler bendidiklerini unutmaklary sebäpli günäkär boldular. Musa alaýhyssalam birnäçe gezek Allatagala bilen sözleşdi. Ol hem bendeligini unudyp, asy boldy. Ol günäsinden toba etmek bilen halas boldy. Hezreti Nuh alaýhyssalam hem unutmak sebäpli günä iş etdi. Ol: «Men oglum bilen hatynymy suwda gark etdirip, asy boldum» diýdi. Ol näçe ýyllar ýyglap toba etdi, şonuň üçin hem oňa Nuh diýip at berdiler. Hezreti Adam ata hem unutmaklyk sebäpli asy boldy. Ol üç ýüz ýyllap: ***«Eý, biziň belent Taňrymyz! Biz öz janymyza zulum etdik. Eger sen biziň günämizi geçmeseň we bize rehmet etmeseň, elbetde biz heläk bolujylardan bolarys»*** diýip, ýyglap toba etdi we günälerinden päklendi.

Elkyssa, bu perişdeler günäleriniň şumlugyndan asy bolup, haýran we sergezdan bolup, umydygärlik bilen Kürse baryp, onuň töwereginden aýlanyp, ýetmiş müň gezek ötünç sorap, günäleriniň geçilmegini haýyş etdiler. Ondan soň olar Arşy mejide gelip, oňa togap edip, Allatagala ýalbardylar. Allatagala bularyň ötünçlerini kabul etdi. Allatagalanyň olara rehmeti we şepagaty boldy. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Siz meniň razylygymy dileýärsiňizmi?» diýen owaz geldi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Biz biçäreleriň janyna aman berseňiz we bize rehim etseňiz, beren sowalymyz üçin bizi mundan beter ýüzügara etmeseňiz!» diýdiler. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Siz Arşyň astyna baryň. Ol ýerde bir derýa bardyr. Siz şol derýadan täret kylyň» diýen bir owaz geldi. Ol wagt perişdeler täret kylmagyň ugruny bilmeýärdiler. Allatagala: ***«Siz ýüzüňizi we iki eliňizi tirsegiňiz bilen ýuwuň, başyňyza mesh tartyň, iki aýagyňyzy topugyňyz bilen ýuwuň»*** diýdi. Perişdeler ýüzlerini ýuwdular, olaryň ýüzi agardy. Olar gollaryny tirsekleri bilen ýuwdular, olaryň gollary agardy. Olar başlaryna mesh tartdylar, olaryň başlary agardy. Olar aýaklaryny topuklary bilen ýuwdular, olaryň aýaklary agardy. Elgaraz, perişdeler päkize boldular.

Ondan soň olar täretiň şükranasyna iki rekagat namaz okadylar. Olaryň hemme agzalaryndan garalyk aýryldy. Olar günälerinden halas boldular. Perişdeler Allatagaladan: «Eý, Taňrymyz! Bu rehmeti diňe biziň üçin etdiňizmi? Seniň rehimdarlygyň bizden özgelere hem degişlimi?» diýip soradylar. Allatagaladan: «Men mähribanlygymy we merhemetimi Muhammet pygamberiň ummatyna bagyş ederin. Olar günä edendikleri sebäpli alawda bolarlar. Men onuň pygamber we ýagşy adamdygynyň hatyrasyna olaryň hemme günälerini bagyşlaryn. Her kim maňa şükür edip, iki rekagat namaz okasa, men ol bendeden razy bolaryn» diýen owaz geldi. Allatagala olara ýüzlenip ýene: ***«Men siziň bilmeýän zatlaryňyzy bilýärin»*** diýdi. Emma bu ýerde birnäçe many bardyr.

*Birinji söz*: Allatagala: «Men bilýärin, başga biri bilmeýär» diýdi.

*Ikinji söz*: «Sizde amal bardyr, emma ylym ýokdur. Siz bir amal kylsaňyz, ony ylymsyz kylýarsyňyz. Emma adamlarda ylym hem bardyr, amal hem bardyr. Ylym bilen edilen amal ylymsyz edilen amaldan ýagşyrakdyr. Adamlar günä edip, onuň yzyndan toba edýärler».

*Üçünji söz:* «Eý, perişdeler! Men sizi ýaradanymdan soňra, özümiň birnäçe sypatymyň kemalyny size bildirdim. Beýleki bir sypatlarymy size bildirmedim. Olary bilmekligi adamlara goýdum».

Hyradyň piri Hoja Abdylla Ensary: «Allatagala özüni äşgär etmek isledi, şonuň üçin ol Adamy ýaratdy» diýip aýdypdyr.

*Dördünji söz*: «Eý, perişdeler! Siz hiç bir päsgelçiliksiz tagat-ybadat edýärsiňiz. Meselem, şeýtana uýmaýarsyňyz, hatyna höwesiňiz ýok, perzent hem dost-ýar aladasyny çekmeýärsiňiz. Emma adamlaryň bulara meňzeş dürli päsgelçilikleri bardyr. Şonuň üçin siziň köp tagatyňyzdan olaryň az tagaty maňa ýagşyrakdyr».

*Bäşinji söz*: «Siz buýsanç bilen tagat edýärsiňiz, olar bolsa ötünç we ýazyk bilen tagat edýärler».

*Altynjy söz*: «Siziň günäden saklanmagyňyz meniň päklik netijämdendir. Olaryň günä işleri etmekden gorkmaklary meniň rehmetimiň äşgär bolmagyndandyr».

*Ýedinji söz*: «Siz olaryň aýyplaryny gördüňiz, emma özüňiziň aýyplaryňyzy görmediňiz. Siz özüňiziň tesbihu-tehlilleriňizi kemsiz bildiňiz. Olaryň tagatu-ybadatdaky aýyplaryny bildiňiz. Özüňiziň tagatu-ybadatyňyzdaky aýyplaryňyzy bilmediňiz. Olaryň günälerini maňa aýdýarsyňyz, emma meniň günä geçýändigimi aýtmaýarsyňyz. Siz olaryň dogry ýoldan azaşmaklaryny bildiňiz, emma olaryň yrfanyny bilmediňiz. Olaryň nebis isleglerini bildiňiz, emma olaryň maňa bildirýän yşgu-muhabbetini bilmediňiz. Siz maňa edýän dostluklaryňyzy bildiňiz, emma meniň olara edýän dostlugymy bilmediňiz. Eý, perişdeler! Eger kabul etmesem, eden ybadatyňyzdan size näme peýda bar? Men azap bermesem, olaryň günälerinden size näme zyýan bar?» Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Munça ýazgarar ýaly biziň günämiz nämedir? Adama dünýäniň soltanlygyny berer ýaly, onuň işi nämedir?» diýdiler. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Siz ýokarky älemde Maňa tesbih aýdardyňyz. Olar pany dünýäde namaz okap, maňa ýalbararlar» diýen bir owaz geldi. Onsoň perişdeler ümsüm boldular.

## *DÖRDÜNJI PASYL*
## ÝER ÝÜZÜNDEN ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ TOPRAGYNYŇ ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Hak ýaratdy taňsuk Adamny tapyz ýer görküden,
Özge surat düzdi andag ežun içre ilkiden.

Tagtyny göterip perişde uçmah içre girizip,
Tezginerde çykmadylar hergiz Onuň erkiden.

Çykdy Howa birle bolup hoş tanaggum kyldylar,
Içdiler uçmah şerabyn, iýdiler et erkiden.

Bildi esma ylmyny ol aýtuberdi belguluk,
Barça tiller bilen sözlär tazy-parsy-türkiden.

Örgedy bäş ýüz ýyl anda jübti birle awunyp,
Içdi şerbet sagrakynda, iýdi nygmat terkiden.

Mündi uçmahyň Byragyn, gezdi onuň degresin.
Hülle geýdi egnine, hem başa urdy börkiden.

Azdy Iblis mekri birle biruk erdi ýalňyzyn,
Iki bugdaý iýdi, çykdy sekiz uçmah mülkiden.

Pygamber alaýhyssalam: «Kim dünýäniň geň-taňlyklaryna garamak islese, goý ol Adam alaýhyssalamyň kyssasyna garasyn» diýdi.

Hezreti Adam alaýhyssalam Hudaýtagalanyň gudratly işi bilen toprakdan ýaradylandyr. Oňa Mägwa jennetiniň içinden orun berlendir. Şeýtanyň waswasy bilen ol jennetden çykarylandyr. Ol üç ýüz ýyllap ejizlik bilen: ***«Eý, biziň belent Taňrymyz! Biz öz janymyza zulum etdik. Eger sen biziň günämizi geçmeseň we bize rehmet etmeseň, elbetde biz heläk bolujylardan bolarys»*** diýip, Allatagala ýalbarandyr. Ol Allatagaladan: ***«Siz ikiňiz[6] bu agaja ýakynlaşmaň»*** diýen sözi eşidendir. ***«Soňra Taňrysy onuň ýüregine toba etmekligi saldy»*** we ol toba etmekden soňra başyna täji geýendir. Ol:

***«Allatagala artykmaçlyk berdi»*** diýen aýatyň mertebesi bilen halat geýendir. Oňa Allatagaladan perişdelere: ***«Siz Adama sežde ediň, olar hem sežde etdiler»*** diýen aýatyň keramaty bilen keramatly bolandyr. Hezreti Adama: ***«Belent Taňry Adama dünýäniň başyndan ahyryna çenli hemme zadyň adyny hem ylmyny öwretdi»*** diýen aýat bilen ylym berlendir.

Allatagala özüniň ezel erk-islegi bilen Adamy ýaratmaklyga niýet etdi. Ol topraga: «Eý, toprak! Men senden bir halk ýaratjak. Olaryň käbirleri meniň emrime boýun sunarlar, beýleki birleri bolsa dogry ýoldan azaşyp, günä işleri ederler. Men boýun sunanlary jennete, günäkär bolanlary bolsa dowzaha salaryn» diýdi. Toprak: «Eý, Taňry! Sen: «Olaryň käbirini jennetiň nazy-nygmaty bilen sylap hormatlaryn» diýýärsiň. Olar hoşal we şadyman bolarlar. Sen: «Olaryň käbirini oda salaryn» diýýärsiň. Men bu ýagdaýdan gaty gorkýaryn» diýip, alabaharyň buludy dek göz ýaşyny döküp, zary-zar ýyglady.

Allatagaladan Jebraýyl alaýhyssalama: «Ýer ýüzünden bir gysym toprak alyp gel» diýen perman boldy. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam toprak almak üçin ýere geldi. Ýer zar-nala edip: «Eý, älemleriň hökümdarynyň ilçisi! Allatagala sizi maňa ilçi edip iberipdir. Men beýik mertebeli Taňrydan: «Siz menden bir zat aljak bolýarsyňyz. Siziň ondan ýaradan zadyňyz ertir oda köýer» diýip aman dileýärin. Siz meniň halyma rehim ediň. Menden toprak almaň» diýdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalamyň Ýere rehimi gelip toprak alman, yzyna döndi. Allatagaladan: «Eý, Jebraýyl! Sen näme üçin toprak getirmediň?» diýen bir owaz geldi. Hezreti Jebraýyl: «Eý, Taňrym! Men seniň rehmetiňden umyt baglap, toprak alman geldim. Meniň Ýere rehimim geldi» diýdi. Allatagala bu işi hezreti Mikaýyla buýurdy. Ol ýer ýüzüne gelip: «Eý, Ýer! Seniň misgin

köňlüňde näme arzuwyň bar?» diýdi. Ýer: «Menden toprak alyp, ondan küýze ýasap, ony dirilik suwy bilen doldursalar, men oňa hoşwagt bolaryn. Emma ony arak-şerap ýaly haram zatlar bilen doldursalar, men oňa näme alaç ederin. Eý, rysgal paýlaýjy perişde! Siz meniň bu misginligime rehim etseňiz!» diýdi. Hezreti Mikaýyl alaýhyssalamyň hem ýere rehimi gelip, ondan toprak alman, yzyna döndi. Allatagaladan: «Näme üçin sen ýerden toprak alman geldiň?» diýen bir owaz geldi. Hezreti Mikaýyl: «Eý, Taňrym! Sen meni bir biçäräniň ýanyna iberipsiň. Ol garnyna agyr daşlary salyp, biline muşakgat daglaryny baglapdyr. Ol bir teşnedir. Hergiz onuň jigerinde bir damja suwuň nyşanasy ýok. Onuň ýaly ejiz malsyzdan men näme alaýyn?» diýdi. Allatagala bu işi Ysrapyl alaýhyssalama buýurdy. Ysrapyl alaýhyssalam ýer ýüzüne gelip: «Eý, Ýer! Men senden toprak almak üçin geldim» diýdi. Biçäre Ýer uzur-ötünç bilen ýene dil açyp: «Eý, suruň eýesi! Meniň bu işe kaýyllygym ýokdur. Kyýamat güni gelende saňa sury çalmaga perman bolar. Siz sury çalarsyňyz. Onuň owazy meniň gulagyma ýeter. Akyl-huş menden gider. Titremek meniň ejiz bedenime düşer. Men şonda göwrämdäki bar zatlary zyňyp taşlaryn. Eý, Ysrapyl! Kişiniň ýagdaýy şeýle bolsa, özi hemmeden ejiz we biçäre bolsa, bu amanaty ol niçik saklar?» diýdi.

Ýeriň gözünden çeşmeler bulak bolup akdy. Ysrapyl alaýhyssalam hem Ýere rehim edip yzyna dolandy. Allatagaladan oňa: «Eý, Ysrapyl! Näme üçin toprak alman geldiň?» diýen owaz geldi. Ysrapyl: «Sen syrly we äşgär zatlar äleminiň Taňrysysyň. Ol biçäre Ýer köp ahy-nala etdi. Onsoň meniň oňa rehimim geldi. Şonuň üçin men toprak alman, dolanyp geldim» diýdi. Allatagala hezreti Ezraýyl alaýhyssalama bu işi buýurdy. Hezreti Ezraýyl eglenmän, toprak almak üçin ýer ýüzüne geldi we: «Eý, Ýer! Sen Taňrynyň emrine boýun bolman, günäkär

bolduň. Men Taňrynyň hökümi nähili bolsa hem, şony berjaý edýärin. Sen Allatagalanyň permanyny üç mertebe bitirmediň. Indi senden ýaradylan kişiler tiz pursatda günäkär bolarlar» diýdi. Ol durli ýerden bir gysym topragy aldy. Ol alnan toprakda ak, gyzyl, sary, ýaşyl, gök reňk, ýumşak, gaty, arassa, şor, datly, ajy – görnüş bardy. Şol sebäpli adam ogly we gyzy dürli häsiýetli boldy. Ýer şeýle bir ýyglady, onuň agysyna ýeriň ýaýlalary, derýalary, daglary-düzleri ýyglaşdylar. Ýeri köşeşdirmek üçin; Allatagaladan: «Eý, Ýer! Sen köp nala etme! Biz senden bir zady aldyk. Onuň ýaman bir güni bolanda, ýagşy edip saňa getirip bereris. Biz bir gysym toprak aldyk, ony köp edip gaýtaryp bereris. Ony saňa bu haldan ýagşy edip bereris» diýen owaz geldi. Şu söz sebäpli ölüni ýuwmaklyk wajyp boldy. Hezreti Ezraýyl topragy alyp, Allatagalanyň dergähine geldi. Allatagaladan oňa: «Eý, Ezraýyl! Ýer senden pena dilemedimi? Ol nala kylmadymy?» diýen bir owaz geldi. Hezreti Ezraýyl alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Ähli ýer ýüzi nala etdi, men oňa garamadym. Men diňe seniň permanyňy tutdum. Seniň ýalkawyň ýanynda ejiz bendäniň näme ygtybary bolar?» diýip jogap berdi. Allatagala: «Onda bu halklaryň ruhlaryny alyjy sen bolarsyň» diýdi. Hezreti Ezraýyl alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bigünä pygamberler, weliler bardyr. Olaryň hemmesi meni duşman tutarlar. Hemme jandarlara ölümden ýaman zat bolmaz. Men hemmelere ýaman görünsem, ne alaç ederin?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ezraýyl! Men olara köp dertleri bererin. Olaryň biriniň ölümi otda, biriniň ajaly suwda bolar. Men olaryň ölümine köp sebäpleri bererin. Olar ölümlerini şol sebäplerden görerler. Senden görmezler. Olar seniň özüňi hem görmezler» diýip, bir owaz geldi.

Elkyssa, Ol topragy Mekge bilen Taýyfyň arasynda Hanna diýen ýerde goýdular. Ol topraga Bahrul-ahzan diýen derýanyň

suwundan biri kem kyrk ýyl gam ýagmyry, bir ýyl şatlyk ýagmyry ýagdy. Şol sebäpden adam perzendinde gaýgy-gam köpdür, şatlyk azdyr. Kyrk ýyldan ol toprak palçyk boldy. Ondan soň Allatagalanyň Adam alaýhyssalamyň suratyny ýaratmak maksady boldy. Ol kyrk säherde ol palçygy eýledi. Kyrk säher diýilýän wagt bu dünýäniň kyrk müň ýylyna deňdir. Ol bu işi hiç mahluga buýurmady. Ol bu işi diňe öz gudratly goly bilen etdi. Allatagala hezreti Jebraýyl alaýhyssalama perman berdi: «Biziň mähribanlygymyzyň, merhemetimiziň, enaýaty-mähnetimiziň ýelinden şemaly getir» diýip, hezreti Ysrapyl alaýhyssalama: «Biziň rehmet ýabymyzdan suwy getir» diýip, hezreti Mikaýyl alaýhyssalama: «Biziň bela-apat butamyzdan ot getir» diýip buýurdy.

Elkyssa, olaryň her biri özüne buýrulan zady getirdi. Allatagala bu zatlaryň hemmesini palçyga aralaşdyryp reňbe-reň topraklardan taýýar etdi. Şonuň üçin adamlar dürli reňkli we dürli häsiýetli boldular. Ol Adamyň mertebesini we jemalyny ýerbe-ýer etdi. Onuň nuruny ýüzünde goýdy. Emma asman halkynyň hemmesi Adama hyzmatkär bolarlar. Ol Güni adamlara: «Garaňky älem ýagty bolsun» diýip, çyra kylyp berdi. Ol adamlaryň göwresinde dört zady ýaratdy: biri akyl, biri ruh, biri nebis, biri köňül. Olaryň her haýsysyny bir zatdan aldy. Köňli suwdan aldy, şonuň üçin köňül sap we röwşendir. Ol adamyň içini görkezýän aýnadyr. Ruhy şemaldan aldy. Ruhy Gaýypda özüne bendeçilik etmek üçin goýdy. Akyly toprakdan aldy. Allatagalanyň Adamyň topragyny dürli reňkli edip alşy ýaly, adamyň akyly dürli röwüşde bolar. Akyla nämäni öwretseň, ol şony hem öwrener. Ol nebsi otdan aldy. Şonuň üçin kim nebsiň küýüne girse, nebsi onuň ahwalyna ýol tartar. Ol munuň üçin azaba duçar bolar.

Elkyssa, Allatagala Adamyň her agzasynyň etmeli işini bölek etdi. Gözi görmek üçin, gulagy Hudaýtagalanyň kela-

myny eşitmek üçin, burny Hudaýtagalanyň muhabbet ysyny almak üçin, dili Hudaýtagalanyň zikrini etmek üçin, goly Hudaýtagalanyň işini kylmak üçin, aýagy Hudaýtagalanyň ýolunda ýöremek üçin, maňlaýy sežde etmek üçin, arkany şerigat ýüküni götermek üçin, garaz her bir agzany bir işe buýurdy. Bir agzanyň işini beýleki agza etmeli däl boldy.

Ol Adamyň göwresinde iki nebsi jöwher ýaratdy. Olaryň birine murgy Lahuty, ýagny ol dünýäniň guşy diýerler, ol ruh pur futuhydyr, birine toty şekerşiken diýerler, ol köňüldir. Bularyň iýýän höregi zikr-u-sena we tesbih-u-tehlildir.

Elkyssa, bu surat bilen Adam taýýar boldy. Onuň başy Taýyf tarapda, aýaklary Mekge tarapda boldy.

*Sowal:* Adamyň başynyň Taýyf tarapda, aýaklarynyň Mekge tarapda bolmagynda nähili hikmet bar?

*Jogap:* Allatagala Adam ýerinden tursa, ýüzüniň Mekge tarapda bolmagyny isledi.

**Mesele.** Şerigatda ymam Agzam mezhebinde mömin bende kesel bolsa, ol ýatyp namaz okasa bolar. Ol aýagyny Kybla tarapa edip okasa rowadyr.

*Sowal:* Hezreti Adamy toprakdan ýaratmaga näme sebäp boldy?

*Jogap*: Allatagala: «Men Adamy ýaratjak» diýende, hemme zatlar: «Ony menden ýaradar» diýip tama etdiler. Asman: «Men hemme zatdan belentdirin» diýdi. Altyn: «Men hemme zatdan ezizdirin» diýdi. Derýa: «Men haýbatlydyryn» diýdi. Dag: «Men kuwwatlydyryn» diýdi. Emma ýer: «Men hemme zatdan ejizdirin. Men bir aýak astyndaky hory-zar gara ýerdirin. Elbetde, Allatagala Adamy menden ýaratmaz» diýdi. Elgaraz, ýer kiçigöwünlilik etdi, galany bolsa tekepbirlik etdi. Hudaýtagaladan: «Men Adamy ýerden ýaradaryn» diýen bir owaz geldi. Şonuň üçin Ol Adamy ýerden ýaratdy.

Elkyssa, Adam alaýhyssalamyň suraty kyrk ýyl bu ýerde ýatdy. Bu suraty perişdeler topar-topar bolup görmäge geldiler. Olar onuň kämil ýaradylandygyny görüp haýran galdylar. Çünki olar mundan öň munuň ýaly ajaýyp şekilli zady görmändiler. Bir gün Azazyl birnäçe perişdeler bilen onuň suratyny görmäge geldi. Azazyl hemme asmanlarda, jennetde, dowzahda, Arşda, Kürsde, Lowhda we Galamda gören ajaýyp zatlaryny bu suratyň şeklinde gördi. Ol muňa haýran galyp suraty goly bilen urdy. Ol suratdan bir sesi eşitdi. Ol hemralaryna: «Eý, perişdeler! Gam iýmäň, bu surat bir boş gowakdyr. Gowak bolan zat aýyplydyr hem kemlidir» diýdi. Ol öwrülip-çöwrülip onuň agzyny, burnuny, gulaklaryny, garnyny görüp: «Eý, perişdeler! Munuň içine girip, garnyna ser salyp göreli. Biz onuň içine häzir girip görmesek, ruh oňa girenden soň girip bilmeris» diýdi. Azazyl suratyň içine girip gördi. Ol şeýle arassa ymaraty heniz görmändi. Ol iki dünýäniň hemme zatlary özünde taýýar edilen hazyna ýaly eken. Ol bir beýik we ajaýyp köşk ýaly eken. Ol heniz munuň ýaly ajaýyp ymaraty görmändi. Azazyl hernäçe hyýal kylsa hem bu öýüň köňlüniň içine girmek miýesser etmedi. Hudaýtagala ony köňül hakykatyna girmäge rugsat bermedi. Azazyl mahrum we näumyt boldy. Ol köp gamgyn bolup, ol ýerden çykdy. Onuň hemralary Azazyldan gören zatlary barada soradylar. Ol hakyky köňüle girip bilmändigini aýdyp, gören zatlaryny birin-birin beýan etdi. Azazyl: «Eý, ýaranlar! Eger Allatagala bu toprak göwräni bizden artyk kylyp, hormatlasa we ýagşylasa siz näme edersiňiz?» diýdi. Perişdeler: «Biz diňe Hudaýtagalanyň permanyny berjaý ederis» diýdiler. Azazyl: «Eger Hudaýtagala ony menden ýagşy etse, men oňa boýun sunmaryn. Eger Hudaýtagala meni ondan ýagşy kylsa, men ony öldürmän goýmaryn» diýip, ant içdi. Şol zaman ol mürted boldy. Her kişi:

«Men bu işi kylmasam» diýip ant içse we ony ýerine ýetirmese ol günäkär bolar.

Bu wakadan birnäçe wagt ötdi. Allatagala Jebraýyl alaýhyssalama: «Eý, Jebraýyl! Muhammediň nuruny getir. Men ony bu toprak göwrä amanat goýjak» diýip, perman kyldy. Jebraýyl alaýhyssalam Muhammet pygamberiň nuruny getirdi. Allatagala ony Adam alaýhyssalamyň peşanasyna goýdy. Allatagalanyň Muhammet alaýhyssalamyň nuruny bu bedeniň galybyna ruhdan öň goýmagynyň sebäbi şudur: Her bir awçy bir janawara duzak gurmak islese, ilki onuň tilsimini bilip, şol duzaga dänäni bent kylyp, ýaşyryp goýýar. Janawar şol dänäni höwes edip duzaga iler. Emma hakyky awçy Allatagalanyň özüdir. Ol ruh guşunyň göwre kapasynyň duzagyna düşmegini isledi. Hakyky däne Muhammet alaýhyssalamyň nurudyr. Hudaýtagala ony toprak göwrede ýaşyrdy. Ondan soň näzik ruha göwrä girmekligi teklip etdi.

**Nazm**

Saýýady ezel däne goýup dam bile,
Müň mend naz-u, yzzat-u, ekram bile.

Elbetde, päklik we ýardam bermek Allatagalanyň öz erki bilendir.

## *BÄŞINJI PASYL*
## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ JESEDINE JAN GIRIZILMEGINIŇ BEÝANY

Wagty gelende bedeniň galyby taýýar boldy. Allatagala gudraty bilen kinesiz syna imany bent kyldy. Ony beýik derejeli tagtda görner ýaly edip oturtdy. Ondan soň Allatagaladan

ruha: «Gel» diýip bir owaz geldi. Ruh bu owazy eşidip, müň tizlik bilen: «Baş üstüne, eý, Perwerdigärim!» diýdi. Allatagala ruha: «Eý, ruh! Sen meniň kyrk säherde gudrat golum bilen ýaradylan we ýugrulan jesede gir!» diýdi. Ruh görse, bu göwräniň içi garaňky boşluga meňzeýär eken. Ol muňa girmäge wehm etdi. Ol hiç haçan şeýle gorkmandy. Ol: «Eý, Taňrym! Ol ýer maňa ýüz müň ýylan-içýan, mör-möjek agzyny açyp duran ýaly bolup görünýär. Meniň gorkudan ýaňa tab-u-takatym galmady. Gireýin diýsem ondan, girmäýin diýsem senden gorkýaryn. Men: «Nebis bilen aramyzda jedel-dawalar peýda bolar» diýip hatyr edýärin. Olar köpdür, men ýalňyz-dyryn. Ahyrynda men niçik bolaryn?!» diýdi.

Elkyssa, Allatagala ruha üç mertebe: «Gir» diýip emr etdi. Ruh her gezek gorkup, dogrusyny aýtdy. Ahyrynda Allatagala: «Eý, ruh! Sen bu göwrä tiz gir we tiz çyk» diýdi. Ondan soň ol Muhammet alaýhyssalamyň nuruny goýdy. Bir röwşenlik peýda boldy. Ruh parlak gün ýaly şöhle saçýan bu toprak bedene uly şatlyk bilen onuň kellesinden girdi. Ol näçe wagt kelle käsesinde durdy, onsoň damaga geldi. Ol nirä barsa, şol ýerde et-deri peýda boldy we ol ýer ýumşady. Ol göze gelende onuň bäbeneginde durdy. Bu gaýgyly çukur ýaly toprak Allatagalanyň gudratyny bildi. Ruh Allatagalanyň mähribanlygyny, aýş-eşreti, nazy-nygmatly, hüýr-gulmanly, ryzwanly jenneti, daş-töweregi, asmanlary, Arşy, Kürsi, Lowhy, Galamy – bu gam-gaýgyly toprak bedeniň içinde gördi. Ol Pygamber alaý-hyssalamyň: «Kim özüni tanasa, ol Taňrysyny hem tanar» di-ýen sözüniň manysyny düşündi we: «Bu göwre durşuna syrlardan doly eken» diýdi.

Ruh Adam alaýhyssalamyň gözlerine gelende, onuň nazary Arşa düşdi. Görse, onda: «Lä ilähe illalla, Muhammet resul-alla» we onuň ýanynda: «Günäli ummat we rehimdar Taňry» diýlip ýazylypdyr. Ol muny görüp, haýran galdy we «Lä ilähe

illalla» Hudaýtagalanyň adydyr. Emma «Muhammet resulalla» diýleni niçiksi zatdyr. Ol näme üçin Seniň mübärek adyň bilen ýazylypdyr?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Adam! Ol seniň perzentleriňden we meniň pygamberlerimdendir. Eger seniň keramat aýagyň zalalat batgasyna batsa, ol saňa şepagat eder, men seniň günäňi geçerin» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalamyň köňlünde: «Eger men ata bolsam, ol maňa perzent bolsa, men günäkär bolsam, ol maňa şepagat etse, bu onçakly ýagşy görünmez. Eger perzent günäkär bolsa, men oňa şepagat kylsam, bu örän ýagşy bolar» diýen hyýal peýda boldy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalama: «Bu bendäniň köňlündäki bozuk hyýalyň ýarysyny synasyndan kesip al we ony jennetde göm!» diýen perman boldy.

Hezreti Jebraýyl Adam atanyň synasyndan ol bozuk hyýaly alyp, baryp jennetde gömdi. Ol ýerden bir daragt gögerip çykdy we ol miwe berdi. Onuň ady Şejeraten memnuga boldy. Hatalar we kemsinmeler bu sebäpli dörändir. Ol bozuk hyýalyň galan ýarysy Adamyň bedeninde galypdy. Ondan nebsi ammara peýda boldy. Adam perzendiniň, tä, kyýamat gününe çenli küpürlige düşmegi we dogry ýoldan azaşmagy şu nebis sebäpli dörändir.

*Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) bir rowaýatda aýdypdyr:* Adam alaýhyssalamyň ilki bilen gözi direldi. Onuň gara toprakdan ýaradylandygy özüne bildirilenden soňra, ruh damaga geldi. Ruhdan bir hereket peýda boldy. Damak gijedi we Adam alaýhyssalam asgyrdy. Asgyrmakdan dynmak üçin jan onuň agzyna geldi. Hezreti Adam: «Alhamdulillähi alä külli hal» diýdi. Ýekeligi bilen mertebeli, bakylygy bilen kemally Allatagaladan: «Erhemuke rabbuke we lizälike halaktuke» diýen owaz geldi. Bu sözüň manysy: «Eý, Adam! Heniz sen meniň nazy-nygmatlarymy iýmänkäň, maňa şükür edýärsiň. Men hem seniň günäleriňi geçerin we saňa rehmet kyla-

ryn» diýmek bolar. Meselem, bir hatynyň hamyladar bolan wagtynda, dogmazyndan öň sallançak gurmagyň aladasyny edişi ýaly. Günä kylynmazdan öňürti rehmetiň we şepagatyň habar berilmegi şuňa meňzeşdir, ýa-da dertden öň oňa dermandäri etmek, beladan öň ony gaýtarmak. Hezreti Adamyň ilki gulagyna eşdilen söz «Ýerhemuke rabbuke» boldy. Hezreti Adam bu sözi eşidip, nala-zary bilen ýyglady. Allatagaladan: «Eý, Adam! Sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýen owaz geldi. Hezreti Adam: «Men gözümi açanymda: «Ummatun muznebetun» diýen ýazgyny gördüm. Gulagymy açanymda: «Ýerhemuke rabbuke» diýen owazy eşitdim. Bu iki sözden hata we betbagtlyk – ýazgarylmagyň hem azabyň sebäbidigi mälim boldy. Azap çekmäge meniň takatym ýokdur. Men muňa ne alaç kylaryn?» diýdi. Taňrydan: «Eý, Adam! Sen «Ummatun muznebetuny» gördüň, emma «Rabbun gafuryny» görmediň. Günä we ýazyk garaňkylygyny gördüň, emma rehmet we magfyret nuruny görmediň. Eý, Adam! Men saňa her wagtda rehmet kylaryn» diýen owaz geldi. Ondan soň jan onuň döşüne geldi. Hezreti Adam ýerinden turmak üçin gymyldady. Emma ol turup bilmedi. Allatagala: ***«Adam heniz aýaklanmadyk köşek ýalydyr»*** diýdi.

Ondan soňra jan onuň garnyna geldi. Onuň garny tagam diledi. Jan ten içinde ýaýyldy. Süňkler, etler, deri bulgurdy. Hezreti Adam deprenip başlady. Hezreti Adamyň derisi köp görklüdi, ýagny onuň tutuş bedeni dyrnakdandy. Ol günüň ýagtysyndan hem röwşenräkdi. Haçan oňa jan gelende, ol deri suw boldy. Ol şu derä aýlandy. Ol deriniň nyşanasy diňe barmaklarynyň ujunda galdy. Bu dyrnak şoldur.

*Sowal:* Jan tene girende aňsatlyk bilen girdi. Näme üçin ol kynlyk bilen çykýar?

*Jogap*: Jan Allatagalanyň: «Ýerhemuke rabbuke» diýen wadasyny eşidende, begenjinden aňsatlyk bilen girdi. Jan

tenden çykanda, ol tä rehmet habaryny eşidýänçä çykmaz. Onuň üçin bagtly bendelere: «Olary wada berlen jennet bilen söýünjiläň» diýen hoş habary eşidip, aňsatlyk bilen çykar. Eger ol betbagt bolsa, gatylyk bilen jan berer. Munuň ýaly jan bermekden Taňrynyň özi bizi penasynda aman saklasyn.

**Şygyr**

Ju nury matlag yrfanu-zuhur kylgusydyr,
Hezar zulmat eger bolsa nur bolgusydyr.

Egerçe garkaýy usýan laýyga batsa kişi,
Şerap-iýmiş, aby tahur bolgusydyr.

Mugyn şikaýat eder: «Ummatun muznebetun» diýp,
Güni hekaýat «rabbun gafurun» bolgusydyr.

Allatagala gudrat goly bilen Adam atanyň topragyny hamyr edende we bedenine jan girizende hiç kime görkezmedi. Ol jany bedenden alanda hem ony hiç kime görkezmez.

**Nakyldyr.** Adam alaýhyssalamyň bedenine ruh girende juma güni öýle namazynyň soňraky wagtdy. Jan tene ýetişdi.

Emma her bir agza öz öňünde biri Gün, biri dolan Aý, biri ýaňy dogan Aý, biri rüstem destan, biri müň dessanyň bilbili, olaryň her haýsy özünden hoşal we minnetdardy. Bu ýagşylygy her bir agza özünden bilip, lapy kezzap urardy. Baş: «Men bir gümmez ýaly hemmelerden ýokarydyryn. Men sejdä laýykdyryn. Hemme tagat-ybadatlaryň başy mendirin» diýdi. Gol: «Men älem-jahanyň görelde aýnasydyryn» diýdi. Gulak: «Haktagalanyň wahysyny we owazlaryny eşidijidirin» diýdi. Gaş: «Biz ikimiz maňlaýyň ýanynda älemgoşar ýalydyrys» diýdi. Maňlaý: «Men Haktagalanyň kazasy we takdyry ýazylan

tagtadyryn» diýdi. Ýüz: «Men görk bossanynyň gülüstanynda açylan güldürin» diýdi. Toprak: «Men aşyklaryň köňüllerini ysym bilen tutýan reýhan dänesidirin» diýdi. Dodak: «Men gymmatbahaly zatlar salynýan ýakutdan sandyjakdyryn» diýdi. Diş: «Men agzyň içindäki otuz para Gurhandyryn. Men hemme agzanyň sebäbidirin. Olar menden suw içerler» diýdi. Beden: «Hemme agzanyň ýüküni men göterýärin» diýdi. Köňül: «Men Allatagalanyň syrlaryna ýetişmekde patyşadyryn. Hemme işlere karar çykarylýan öýdürin. Göwräniň galasydyryn. Bularyň barlygy meniň bilendir» diýdi. Aýak: «Hemme amanatlary göterip ýören hoşgylykly ulagdyryn» diýdi. Deri: «Göwre galasynyň şähristanydyryn. Bularyň barlygy meniň bilendir» diýdi. Et: «Dört ýüz kyrk dört bölek süňkleriň halatydyryn» diýdi. Zahyr: «Namaz, oraza, berhizkärlik, takwalyk medresesiniň müderrisidirin» diýdi. Batyn: «Men näz-keremiň we sözüň gowakdaky ybadathanasydyryn» diýdi. Akyl: «Dogry ýola başlaýjy hemme möhüm işlerde maslahat berijidirin» diýdi. Şol wagt näz-keremiň patyşasy ruh ukudan oýandy we ol hezzet-hormat tagtyndan baş göterdi. Ol agzalaryň gepini eşidip, aýtdy: «Eý, agzalar, üç ýüz altmyş damarlar, dört ýüz kyrk dört bölek süňkler, siziň hemmäňiziň ýagşylygyňyz we kuwwatlygyňyz meniň bilendir. Eger men bolmasam akylda – pähim, köňülde – idrek – düşünje, golda – güýç, gözde – nur, gulakda – eşitgenlik galmaz» diýdi. Allatagaladan: «Eý, ruh! Sende hem bularyňky ýaly ulumsylyk bolsa bakydan öňräk ötersiň. Sende ne het, ne çäre bardyr» diýen bir owaz geldi. Ruh beýle haýbaty eşidip, ýaradar bolup, onda ne huş, ne hereket, ne başynda gurur, ne köňlünde şatlyk galdy. Ol bir owuç jisim bolup galdy.

Elbetde, päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir.

## *ALTYNJY PASYL*
## ADAM ALAÝHYSSALAMA ZATLARYŇ ATLARYNYŇ ÖWREDILMEGINIŇ BEÝANY

Bir gün Allatagala: ***«Men siziň bilmeýän zatlaryňyzy bilýärin»*** diýen sözi bildirmek we gizlin syry äşgär etmek üçin hezreti Adam alaýhyssalamy nurdan tagta çykaryp oturtdy. Ol bu ýere perişdeleri jemledi. Ol perişdelerden: «Kyýamat güni gelip, sur çalynýança başdan-ahyra çenli aşaky we ýokarky älemden ýaradan möwjudatlardan, ot iýýän haýwanlardan başy – pil, aýagy – garynja, guşlardan başy – symrug, aýagy – çybyn, adamdan başy – Adam, aýagy – sura çenli näçe mahlukat öter, olardan näçe erkek, näçe urkaçy peýda bolar, haýsynyň ömri uzyn, haýsynyň ömri gysga bolar, olara näçe rysgal berler?» diýip sowal sorady. Bu mazmuna Allatagalanyň: «Soňra belent Taňry perişdelere: ***«Eger-de siz sözüňizde dogruçyl bolsaňyz, maňa şu mahluklaryň atlaryny habar beriň»*** diýen sözi delildir. Allatagala perişdelere ýüzlenip: «Eý, perişdeler! Siz başda maňa: «Seniň ýaratjak bolýan Adam diýen zadyňdan biz hormatlydyrys. Biz ondan alymdyrys» diýip aýdypdyňyz. Eger siziň bu sözüňiz rast bolsa, meniň sowallaryma jogap beriň» diýdi. Perişdeleriň hemmesi bu sözüň jogabyny aýtmakdan ejiz geldiler. Olar özleriniň sowallarynyň jogabyny aýtmaga ejizdiklerine kaýyl boldular. Olar Allatagaladan ötünç sorap, dil açdylar. Allatagala hezreti Adama «allamul-guýub» sypaty bilen nazar saldy. Taňrynyň bu nazarynda hemme pynhan-u-äşgär zatlar hezreti Adama mälim we äşgär boldy. Allatagaladan bir owaz boldy: «Eý, Adam! Indi men seni bu işe laýyk etdim. Sen ilki bilen ähli perişdeleriň sanyny, hasabyny we atlaryny beýan et. Ondan soň özüň hem zürýatyňy, tä, sur çalynýança garynma-garyn, nesilme-nesil näçe

doguljakdygyny, näçesiniň erkek, näçesiniň urkaçydygyny, näçe pygamberiň ötjekdigini, olaryň ömürleriniň näçe boljakdygyny, olaryň haýsysynyň haýsy dilde geplejekdigini, geplän sözleriniň näçesiniň meniň sözümdigini, näçesiniň pygamberleriň sözüdigini, näçesiniň peýdasyz sözlerdigini aýt!» diýen bir owaz boldy.

Hezreti Adam alaýhyssalam Allatagalanyň ylham nazary bilen ýokarky we aşaky hemme älemdäki mahlukatu-möwjudatlardan haýwanlaryň, ösümlikleriň, daşlaryň, agaçlaryň atlaryny, olaryň sypatlaryny, hünärlerini geregiçe beýan etdi. Perişdeleriň Kap başlary aşak sallandy. Şol wagtdan, tä, şu wagta çenli haýran galmakdan başyňy aşak tutmak adat bolup galdy. Ol wagt Allatagala hezreti Adam alaýhyssalamyň başyna ***«Biz Adam atanyň perzentlerini hormanladyk»*** diýen aýat bilen täç geýdirdi. Oňa beýik tagt goýup berdi. Ony ýedi basgançakly tagtda oturtdy. Onuň gulaklaryna behiştiň jöwherlerinden halka dakdy, gulaga halka dakmak şundan galdy. Bedenine jennetiň ýetmiş gat haladyny geýdirdi. Onuň ýüzi günüň şöhlesi dek şugla saçyp durdy. Onuň mübärek maňlaýynda Muhammet alaýhyssalamyň nury günden hem zyýadarak ýalkym salyp durdy. Perişdeler ol nury görüp, haýran boldular. Hudaýtagalanyň permany bilen Muhammet pygamberiň nury hezreti Adamyň sag gözüne geldi. Adam alaýhyssalam ol nuruň görklüdiginden şahadat barmagyny göterip: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýdi. Barmak göterip şahadat aýtmaklyk Adam perzentlerine şondan soň sünnet bolup galdy. Hasyl kelam hezreti Adamyň husny-jemaly şeýle bir görkana boldy weli, şowku-jemal, zowku-wysalyndan hemme perişdeler hesret gollaryny haýrat dişleri bilen dişlediler. Allatagala: «Munuň ýaly sahypjemal, hoşsurat, sahyp jahi-jelal ýaratjak» diýip täsin we aperin kyldy.

Perişdeler: ***«Allatagala beýikdir, Ol iň ýagşy ýaradyjydyr»*** diýip, dil açdylar.

Elbetde, päklik we ýardam bermeklik diňe Allatagalanyň öz emri bilendir.

## *ÝEDINJI PASYL*
## HEZRETI ADAM ALAÝHYSSALAMYŇ DIRELDILMEGINIŇ WE ONY ASMANYŇ GATLARYNA GÖTERIP SEÝR ETDIRMEGINIŇ BEÝANY

Allatagala perişdelere: «Eý, perişdeler! Adamy şu tagty hem bagty bilen göterip, ony hemme asmanlara, jennete, dowzaha, Arşa, Kürse aýlandyryň! Soňra ony Arşa eltip goýuň» diýip perman berdi. Ondan soňra Allatagaladan: «Adama sežde ediň!» diýen owaz geldi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam eglenmän we säginmän başyny seždä goýdy. Şol zaman dört mukarrap perişdeleriň her birine bir wezipe bellenildi. Allatagala hezreti Jebraýyl alaýhyssalamy: «Peýkil-emin» diýip atlandyrdy. Hezreti Mikaýyl alaýhyssalama «Kasymyl-arzak» diýip at berdi we oňa mizan terezisini berdi. Ol hezreti Adam alaýhyssalamyň rysgalyny onuň mübärek maňlaýyna ýazdy. Hezreti Ysrapyl alaýhyssalama Sahybys-sur diýip at goýdy. Allatagala Adam alaýhyssalamyň beýan eden atlarynyň ýagmyryň her bir damjasyna çenli, hemme mahlukatlar we möwjudatlaryň, asmandaky ýyldyzlara, ýerdäki ýapraklara çenli sanyny, hasabyny ýazdyrdy. Her kişiniň başyna ne görnüş ýagşylyk we ýamanlyk geljekdigi ýazyldy. Bu dünýäde nähili iş bolsa, şol günde ýazylan dek bolar. Ondan az ýa-da köp, ýagşy ýa-da ýaman iş bolmaz. Ezel güni diýilýän gün şol gündür. Gudrat galamy diýilýän zat – her kişiniň maňlaýyna enesiniň garnyndaka ýazýan galamdyr. Ol galam ýagşy-ýaman

işden artyk ýa-da kem ýazmaz. Hezreti Ezraýyl alaýhyssalama Gabyzul-arwah wezipesini berdiler. Allatagala oňa «Ymaratlary weýran ediji», «Lezzetleri gidiriji» diýip at goýdy. Allatagala seždä başyny goýan başga perişdeleriň her haýsysyna bir iş berdi. Olaryň käbiri namaz, oraza, haj we zekata, käbiri tesbih-u-tehlile, käbiri iman-u-yslama, käbiri salawata, käbiri haýyr-sahawata dahylly boldy. Garaz seždä baş goýan perişdeler hergiz bikär galmadylar. Olar hyzmatdan mahrum bolmadylar. Häzir hem bir kişi yhlas we jan-u-dil bilen seždä başyny goýsa, ol başyny gury götermez.

Elkyssa, bu perişdeler beýle hormat-sylagy Adam alaýhyssalamyň bereketinden tapdylar. Wagty gelende perişdeler hezreti Adam alaýhyssalamy göge alyp çykdylar. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam oňa Meýmuna atly bir aty getirip berdi. Ol at ýüpekden ýaradylandyr. Adam alaýhyssalamy ol ata mündürdiler. Jebraýyl alaýhyssalam onuň jylawyny tutdy. Mikaýyl alaýhyssalam onuň sag tarapynda, Ysrapyl alaýhyssalam çep tarapynda, Ezraýyl alaýhyssalam hemme perişdeler bilen onuň yzynda ýörediler. Şeýdip, olar ony asmanlara alyp çykdylar. Ýolda olara başga perişdeler sataşdylar. Hezreti Adam alaýhyssalam olara: «Essalamu aleýkum» diýip salam berdi. Perişdeler: «We aleýkumussalam we rahmetullahi we berekatuh» diýip, onuň salamyna jogap gaýtardylar. Allatagala: «Eý, Adam! Ine, şu seniň salamyňdyr. Seniň mömin perzentleriň salamy hem şeýle bolmalydyr»diýdi.

*Sowal:* Perişdeler sejdäni Hudaýtagala kyldylarmy ýa-da hezreti Adam alaýhyssalama kyldylar?

*Jogap*: Olar Allatagalanyň emri bilen seždäni Adam alaýhyssalama kyldylar. Bu ýerde Allatagalanyň maksady hezreti Adam alaýhyssalamyň artykmaçlygyny we keramatyny hemmelere mälim etmekden, dostlaryny şat, duşmanlaryny mat etmekden ybaratdy.

*Ýene bir jogap*: Ol sežde bäş görnüşdedir. Olaryň biri – ybadat seždesini Allatagala üçin kylýarlar. Ýene biri – tahiýýat seždesidir. Munuň ýaly sejdäni Ýusup alaýhyssalama agalary etdiler. Üçünji biri – sähw seždesidir. Ony namazda kylarlar. Dördünjisi – şükür seždesidir, ýagny Hudaýtagalanyň beren nygmatyna şükür etmek seždesidir. Bäşinjisi – tilawat seždesidir[7]. Ol Gurhan okalanda on dört ýerde gelýändir.

*Bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Jemi ýüz ýigrimi dört müň pygamber bardyr.[8] Olaryň üç ýüz on üçüsine pygamber mürsel diýilýär. Olaryň içinde ýigrimi dördüsi pygamber afzaldyr. Jebraýyl alaýhyssalamdan Allatagalanyň habaryny alan pygamberler mürseldir. Allatagala Jebraýyl alaýhyssalamyň üsti bilen habar gelmedik pygamberler-nebidir. Allatagala ýedi pygambere bir ýüz on dört sahypa iberdi. Ol elli sahypany Şis alaýhyssalama, otuz sahypany Idris alaýhyssalama, ýigrimi sahypany Ybraýym alaýhyssalama iberdi. Ol Töwraty Musa alaýhyssalama, Injili Isa alaýhyssalama, Zebury Dawut alaýhyssalama, Furkany Muhammet alaýhyssalama iberdi. Emma hiç bir pygamber Muhammet alaýhyssalamdan artyk däldir. Hiç bir kitap Furkandan hormatly däldir.

Elbetde, päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz emri bilendir!

## *SEKIZINJI PASYL*
## AZAZYLYŇ ADAM ALAÝHYSSALAMA SEŽDE ETMÄNDIGI ÜÇIN EBEDI NÄLETE SEZEWAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Perişdeler hezreti Adama sežde edenlerinde ýüz ýyllap seždede galdylar. Olar seždeden başlaryny göterenlerinde bir betşekil döw sypat, ýüzi gara, gözi çukur, aýagy, goly, boýny nälet zynjyry salnan birini gördüler. Görseler, ol Azazyl eken.

Ol melgunu-merdud şeýtan ebedi nälete we azaba sezewar bolupdyr. Perişdeler Azazyly bu halda görüp, başlaryny ýene seždä goýdular. Bu şükrana seždesini olar: «Hudaýa şükür, bu nälet bize däl-de, başga birine bolupdyr» diýip, şükür etdiler. Allatagaladan: «Eý, melgun, sen näme üçin meniň ýaradan zadyma sežde etmegi özüňe namys-u-ar bildiň?» diýen bir owaz geldi. Bu melgun: ***«Men ondan ýagşyrakdyryn. Sen meni otdan ýaratdyň, ony bolsa toprakdan ýaratdyň. Ot toprakdan ýagşyrakdyr»***. Men näme üçin oňa boýun sunup, sežde kylaýyn? Meniň ondan tapawudym bardyr» diýdi. Şeýtan bu pikiri bilen ezelden tä ebedä çenli betbagt boldy. Allatagaladan: «Sen nähili ondan ýagşy bolarsyň?» diýen bir owaz geldi. Şeýtan: «Otda bar sypat toprakda ýokdur. Otdaky nur Günde hem ýokdur. Ot bir aždarha ýalydyr. Onuň içine giren zat köýer. Hemme çig zatlary bişirmek onuň işidir» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Melgun! Munuň ýaly sözleriň hemmesi biderekdir. Sen dinden dänensiň, ezeli ulumsysyň. Munuň ýaly ulumsylyk meniň dergähimde pisint däldir. Men tekepbirlere azap görkezerin. Hoşgylyklylaryň, şirinküýlüleriň müşgilini aňsat ederin. Şu sebäpden ot aljyraňňy, bitakat we bisabyr bolýandyr. Agyrlyk we sururlyk toprakda bardyr. Men jennetleri hem toprakdan bina etdim. Jennetlerde ot ýokdur. Onuň üçin olara ýagşy diýerler. Dowzahy otdan ýaratdym. Onuň üçin hemme ondan gaçar. Azabyň hem jezanyň güzaby we ýamany ot bilendir. Topragyň oda hajaty ýokdur. Emma ot topragyň üstündedir. Ol onda mekan tutmasa alajy ýokdur. Eý, Iblis Mekgär! Sen hoşhüý we şirinküý toprak bilen munazara etme! «Eger seniň bu bapda şübhäň bar bolsa, ot bilen topragyň sözleşmegiňi özüňe pikirlenmek üçin goý! Olaryň biri-birinden artykmaçlyklary we gowulyklary bar bolsa, goý olaryň özleri aýtsyn».

**Toprak bilen oduň munazyrasy.** Ot: «Eý, toprak! Meniň päk suratym şeýledir, meniň ýagtylygymdan garaňky gije gündiz dek röwşen bolýar. Men her gijäni asmanlardaky ýyldyzlar dek çyralar bilen röwşen edýän göwherdirin» diýdi. Aýat: ***«Men ody ýagşy gördüm, men size ondan alyp geleýin»***. Şeýdip, ot özüni köp taryplap, wasp etdi.

Onda toprak başyny göterip: «Eý, ot! Seniň hemme işiň mekru-hilelik, özüňi uly tutmaklyk, hormat bilen mertebäňi uly görkezmek, meniň işim bolsa hezzet täjine pespällik topragyny taşlamakdyr, bendeçilige baş goýup ol täji oňa bermekdir» diýdi. Ot: «Eý, toprak! Men agşamu-säheriň nurdan doly göwheridirin. Allatagalany aýan edijidirin. Men hormat-hezzetiň şuglasydyryn. Men dowzahda öç alyjy şugladyryn»diýdi. Toprak: «Eý, ot! Sen köp gepleme, özüňe zulum etme! Eý, ot! Men seniň kimdigiňi bilýärin. Yzzat – horlukdandyr. Rahat sahawatdan tapylar. Meniň ezizligim horlukdan ýüzlere gonýar. Meniň gubarlygym zor bezeglikdir. Men hemme älemiň agyrlygyny göterijidirin. Men hojalykçydyryn. Hemme halaýygyň eklenji meniň başymdadyr. Men asmanyň hazynasydyryn. Men älem-jahanyň agyrlygyny göterijidirin. Men ruh guşunyň höwürtgesidirin, pyssy-pujurlyklaryň derdini çekijidirin. Men hezreti Muhammet alaýhyssalamyň aýak basjak we onuň jaýlanjak ýeridirin. Men janyň höwürtgesidirin. Men ejiz ýer hem bolsam ýük göterijidirin. Men hemme gök daragtlara we ösümliklere yşk emjeginden mähir süýdüni emdirijidirin. Gaýyp älemiň ýaka ýyrtyklaryny müşk-u-zagpyran, gulab-u-anbar[9], hoşboý atyr ysly edijidirin. Hemme hazynalary men saklaýaryn» diýdi. Ýene: ***«Siziň Hudaýyňyz ýeke-täk Taňrydyr»*** aýaty bilen: «Menden bar edilen Adamyň synasyna sadapdyryn» diýdi.

Perişdeler hezreti Adam alaýhyssalama sežde edenlerinde, Azazyl ar-namys edip: «Men otdandyryn, men toprakdan

ýaradylan Adama sežde kylarynmy?» diýdi. Şol zaman Azazyl perişdelik mertebesinden düşüp, döw sypatyna geçdi. Onuň Azazyllygyndan melgunlyk peýda boldy. Allatagala ony behiştden ýer ýüzüne düşürdi. Ol onuň keramat lybasyny çykaryp peläket nalasyny geýdirdi. Ondan döwlet täjini alyp, ryswalyga saldy. Allatagala ony dergähinden kowdy. Azazyly gam-gussa we mähnetu-muşakgat derýasyna saldy. Hemme perişdeler, haýwanlar, mör-möjekler, agaçlar oňa nälet okadylar. Ol perişdeleriň söhbetinden mahrum boldy.

Ýene şeýle diýipdirler: Azazylyň görk-görmegi hemme perişdelerden artykdy. Onuň ganatlary zümerretden we ýakutdandy, tüýleri nurdandy. Oňa her bir asmanda bir at bererdiler. Ol taýpasy bilen Arşy mejidi togap ederdi. Hemme hüýrgulmanlar we perişdeler onuň öňünde hyzmat ederdiler, gollaryny gowşuryp durardylar. Bularyň hormat-sylagy Azazylyň keşbine dogry gelmedi.

Elkyssa, ol näpermanlygyň şumlugyndan nazy-nygmatdan we hezzet-hormatdan mahrum boldy. Ony jennetden çykaryp ýer ýüzüne taşladylar. Ol gelip bir derýa düşdi we bu derýada ýüz ýyl çümüp ýatdy. Ol köp mähnet-u-muşakgatlary tartdy. Onuň şumlugyndan bu derýanyň suwy şor boldy. Derýa «Şor» diýip at berdiler. Şeýtan derýada özüni döw sypatynda görüp: «Men köp tagat-ybadatlar kyldym. Ahyry işim şeýle boldy. Maňa näme bolsa hem şol bolar» diýdi. Ol küfr-usýana yhlas bilen gadam goýdy. Ol günä çölünde gezer ýörerdi.

Bir gün: «Eý, Taňrym! Men köp ybadat kyldym. Indi ybadatyň muzduny ber!» diýdi. Allatagaladan: «Sen sabyr et, Men ony kyýamat güni bererin» diýdi. Şeýtan: «Maňa kyýamat güni näme bolsa şol bolsun! Maňa ony häzir nagt ber!» diýdi. Allatagala: «Sen näme alsaň al» diýdi. Şeýtan: «Maňa uzak ömür ber. Men sur çalynýança diri bolaýyn. Maňa Adam

perzendiniň eti bilen derisiniň arasynda gezmäge hem ýol ber. Meniň ýöränimi olar bilmesin» diýdi. Allatagala: «Men saňa dilän zatlaryňy berdim» diýdi. Şeýtan: «Men hem olary aldym. Men adamlary özüm dek kylaryn» diýdi. Allatagaladan: «Eý, melgun! Sen asylary näme kylarsyň? Sen meniň saraýyma hiç gol urup bilmersiň. Sen ol äri waswasy kylyp bilmersiň» diýen owaz geldi. Allatagala bir perişdä: «Bu melgunyň gerdenine her güni gamçy ur. Emma hiç kim ony bilmesin, ol agyrysyndan uwlap dursun» diýip buýurdy.

Ol perişde her gün şeýtany kowalap gelip, bir gamçy urar. Şeýtan ýüzüni aşak tutup, topraga bulanyp ýatar. Bu günüň ertesi hem şeýle bolar. Ol elmydama şu halatda we heläkçilikde gezer ýörer.

Elbetde, hemme zadyň dogrusyny Allatagalanyň özi bilýändir. Päklik we ýardam bermeklik diňe Allatagalanyň öz emri bilendir!

## *DOKUZYNJY PASYL*
## HEZRETI ADAMYŇ WE HEZRETI HOWANYŇ ŞEÝTANYŇ DELALATY BILEN BUGDAÝ IÝIP, JENNETDEN ÇYKARYLMAGYNYŇ BEÝANY

Perişdeler Adam ata sežde etdiler. Azazyl şeýtan boldy. Perişdeler hezreti Adamy jennete alyp girdiler. Oňa ýetmiş müň hülle geýdirip, tagtda oturtdylar. Onuň başyna keramat täjini geýdirdiler, goluna häkimlik hasasyny berdiler. Onuň hüllesiniň nagşyna: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýip ýazylgydy. Adam ata tagtyň üstünde oturdy. Onuň arkasynda ýetmiş müň perişde ýagşy salawatlary aýtdylar. Munadylar: «Eý, Mälik Ryzwan! Jennetiň işiklerini açyp goýuň. Hemme jennete bezeg beriň. Bezegleri eýwanlaryň diňleri bilen deň ediň. Hemme daragtlaryň miweleri bişip dursun.

Jennetde rehmet şemaly öwsüp dursun. Eý, hüýrler! Özüňizi bezäp duruň. Halylary arassalaň. Baldan şirin, buzdan sowuk, süýtden ak suwlar akyp dursun. Hoş owazly we nagmaly bilbiller ýagşy sesler bilen saýrasyn. Perişdeler bagt tagtynyň gapdalyndan tizlik bilen ýöresinler» diýdiler.

**Nazm**

Suw saçyňyz ýoluna, kim ýagşy nigär gelgisi,
Mužda beriň, bu bag era buýy bahar gelgisi.

Ýol beriňiz ol ýara, şol miweli çarbaga,
Bir rahy nur ýagşydan görki bahar gelgisi.

Rownak bagymyz içre haşym çyragymyz ýanar,
Gussa kenaryna gider, gözi humar gelgisi.

Ýagşy iseň ki hüýrler, hoş göteriň kusurlar,
Bolsa lebi sururlar, elwan reň lälezar gelgisi.

Nur-zyýaýy älemi hak syrrynyň mähremi,
Läle ýüzünde şebnemi, berki çynar gelgisi.

Buý alyban gülapdan, atry anbar tabyndan,
Saky içip şerabyndan, gözi humar gelgisi.

Elkyssa, perişdeler şatlyk bilen geldiler. Hüýr-u, gulman-u-wildan hemmeleri özlerine zib-u-zynat berip, kabulhana tarap ýörediler. Perişdeler tagty göterip, hezzet-hormat bilen jennetiň işigine alyp geldiler. Allatagala: «Eý, Adam! Men seni gudrat golum bilen ýaratdym. Ruhuňa özümden jan girizdim. Saňa zatlaryň adyny öwretmek bilen keramat görkezdim. Perişdeleri

saňa sežde etdirdim. Azazyly seniň üçin şeýtanir-rajym edip, ondan asmanlaryň täjini alyp, oňa towky näleti saldym. Ondan jennetiň hüllelerini alyp, peläket lybasyny geýdirdim. Ol saňa ebedi duşman boldy. Sen hiç haçan onuň sözüne girme. Onuň bilen söhbetdeş bolma. Bir daragt bardyr, onuň adyna Şejeraten memnuga diýilýändir. Sen oňa ýakyn bolma. Özüňi şeýtan şerinden sakla». Hezreti Adam alaýhyssalam bu sözi kabul etdi. Allatagala bu söze perişdeleriň hemmesini güwä etdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam ähtnama ýazdy. Ondan soň perişdeler hezreti Adam alaýhyssalamy jennete alyp girdiler. Perişdeleriň hemmesi ýagşy salawatlary aýtdylar. Olar Adam ata köp tagzym etdiler. Hezreti Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Perişdeler meniň arkamda köp tagzym edýärler. Bu nämäniň alamatydyr?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Meniň seni ýaratmagymyň sebäbi, habybym Muhammet alaýhyssalam zerarlydyr. Onuň nury seniň puşt kemeriňdedir. Perişdeler oňa tagzym edýärler» diýen owaz geldi. Hezreti Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men şol nury görsem, ol nurdan garaňky gözümi röwşen etsem» diýdi. Allatagalanyň permany bilen ol kämil şatlygyň nury hezreti Adamyň sag barmaklaryna geldi. Ol barmaga Şahadat barmagy diýip, at berdiler. Ol dyrnaklaryna durud aýdyp, «teberruken we teýemmumen» diýip, şahadat barmagyny gözlerine sürdi. Bu iş hem Adam alaýhyssalama sünnet boldy. Muhammet alaýhyssalamyň nury onuň puşt kemerinden baş barmagyna gelende çaryýarlaryň nurlary galdy. Ol ýene birnäçe perişdeleriň tagzym edýänini gördi. Hezreti Adam alaýhyssalam: «Bular kimleriň nuruna tagzym edýärler?» diýip sorady. Allatagaladan: «Meniň habybymyň nury göçdi. Ol dört çaryýaryň nurudyr» diýip bir owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Ol dört çaryýaryň nury hem meniň elime gelsedi!» diýdi. Bu dört çaryýaryň nury onuň barmaklaryna geldi. Hezreti Adam ony hem gözlerine sürtüp,

posa kyldy. Ol bu işi her gün özüne adat edindi. Ol nur onuň elinde, tä, günäkär bolýança durdy. Ol günäkär bolansoň bu nur onuň puşt kemerine bardy.

Jennetde köp kürsüler goýlan eken. Olaryň her haýsy bir pygambere niýetlenilipdir. Hezreti Adam alaýhyssalam haýsy kürsüde otursa, şol pygamberiň mertebesi we derejesi oňa mälim bolar eken.

Ol bir gün bir kürsüde oturypdyr. Şol wagt oňa ýetmiş ylym nurundan paý ýetdi. Bu ylymlaryň hemmesiniň nury hemme asmanlary, Arşy, Kürsi, Lowhy, Galamy, hemme jennetleri ýüz esse nurly we röwşen etdi. Hezreti Adam: «Bu kimiň kürsüsi» diýip, Allatagaladan sorady. Perişdeler gelip oňa: «Bu Taňrynyň dosty, dert-günälere şepagatçy hezreti Muhammet Mustapa sallallahu alaýhy wesellemiň kürsüsidir» diýdiler. Hezreti Adam alaýhyssalam kürsüde oturyp, hurma, üzüm we başga dürli-dümen tagamlardan, şire-şerbetlerden iýdi-içdi. Jennetiň howasy hem höwesi özüne çekijidi. Onuň köňlüne: «Käşgä, meniň jübütim bolsady?! Men onuň bilen dost we mährem bolsam, döwlet hezzetini görüp, aýşy-eşreti iki bolup sürsek» diýen höwes düşdi. Hezreti Adam şunuň ýaly süýji arzuw etdi. Şol wagt duş wagtydy. Onuň ukusy üstün gelip, uklady. Ol bir salym uklady. Ol uklar-uklamaz arasynda Allatagala hezreti Jebraýyla: «Adamyň çep gapyrgasyndan alyp, özi dek bir surat ýasa. Ol oňa lazym bolar. Adamyň hemme zürýatlary ondan peýda bolar» diýip buýurdy. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam Allatagalanyň permanlaryny derhal berjaý etdi. Ol ony Adam alaýhyssalamyň katdy-kamatyna we gurluşyna laýyk ýasady. Onuň derisi ýuka, reňki sap, bedenleri ýumşak boldy. Allatagala hezreti Howa öz ruhundan dem berdi. Ol şol wagt direldi.

*Sowal:* Allatagalanyň hezreti Howany uky bilen oýalyk arasynda ýaratmagynda näme hikmet bar?

*Jogap*: Hezreti Adam oýa bolsa, onuň bedeni agyrardy. Ol sebäpli hezreti Adam Howany duşman tutup, oňa mähriban bolmazdy. Eger ol süýji ukuda bolsa, onuň özünden ýaradylandygyny bilmezdi. Eger ony başga bir zatdan ýaradan bolsa, Adam alaýhyssalam ony ýagşy görmezdi. Her ýerde bolsa hem ot bilen suw, Adam bilen haýwan, musulman bilen kapyr biribirine hiç laýyk gelmez. Allatagala hezreti Howany egri gapyrgadan ýaradany üçin onuň hatyny egri häsiýetlidir.

Habarda şeýle aýdylypdyr: Hezreti Adamdan: «Näme üçin saňa «Adam» diýip at berdiler?» diýip soradylar. Ol: «Men Ýeriň derisinden ýaradyldym» diýip jogap berdi. Arap dilinde «edim» sözi derini aňladýandyr. Hezreti Howadan: «Saňa näme üçin «Howa» diýip at berildi?» diýip soraldy. Ol: «Men hem diriden ýaradyldym» diýip jogap berdi. Arap dilinde dirä «haýý» diýilýändir. Adam alaýhyssalam Ýerden peýda boldy, Ýer durdugyça ýagşy bolar. Hezreti Howa etden ýaradyldy, şonuň üçin hatyn garranda betsypat bolar. Garaz, Ýer durdugyça görklener, et-süňk bolsa durdugyça zaýalanar.

Elkyssa, Hezreti Howa özünden ýaradylandygy üçin, hezreti Adamyň oňa mähri-muhabbeti düşdi. Hezreti Howa örän owadandy. Onuň husny-jemaly hiç peride ýokdy. Hudaýtagala görki ýüz bölege bölüpdi. Ol onuň togsan dokuz bölegini hezreti Howa berdi, galan bir bölegini ýüz bölege böldi. Onuň togsan dokuz bölegini Ýusup alaýhyssalama, ondan galan bir bölegini bolsa ýüz bölege bölüp, onuň togsan dokuz bölegini hezreti Muhammet alaýhyssalama we hezreti Hatyja berdi. Galan bir bölegini hemme älemdäkilere berdi.

Emma Adam alaýhyssalam hezreti Howanyň özüne meňzeşdigini görüp, oňa köňli köp höwes etdi. Hezreti Adam oňa: «Maňa ýakyn gel» diýdi. Hezreti Howa ony kabul etmedi. Ahyrynda hezreti Adamyň özi ýerinden turup, onuň ýanyna geldi. Kişiniň hatynyň ýanyna ilki bolup barmaklygy Adam

atadan galdy. Emma kyýamat güni hatynlar erkekleriň ýanyna bararlar. Haçan hezreti Adam hezreti Howa meýil edende, Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Adam! Howa seniňkidir. Sen howlukma, bu işi etmek nika gyýylýança rowa bolmaz» diýip aýtdy.

*Ibn Apbasdan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edilipdir:* Adam alaýhyssalam uklady. Ol oýanyp görse, ýanynda bir zat otyr. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bu niçik zatdyr? Maňa ony mälim et!» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Bu meniň kenizimdir. Saňa Adam, oňa Howa diýip at goýdum» diýip owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Meniň pikir-hyýalym, janym-jigerim onuň tarapyndan üzülmeýär. Ol bolmasa, men hiç sabyr-takat kylmaryn. Eý, Taňrym! Sen maňa niçiksi hal berdiň?» diýdi. Allatagala: «Eý, Adam! Men ony saňa jübüt edip ýaratdym. Men seniň köňlüňi onuň didary-jemaly bilen hoş ederin. Sen onuň bilen bir ýerde bolanyňdan soň seniň köňlüňde sabyr, aram we karar hasyl bolar» diýdi. Häzir hem şu sözüň sebäbinden aşyk magşugyň wysalyna ýetmese, onuň şondan başga höwesi ýokdur.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Maňa buýruň, goý, maňa ondan aram we sabru-takat hasyl bolsun» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Oňa köp zatlar lazymdyr» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men seniň guluň bolandygym üçin iki älemiň nagdy-nukudy meniňki dälmidir?» diýdi. Adam alaýhyssalamyň bu sözi Allatagala hoş geldi. Ol perişdelere: «Eý, perişdeler! Arşu-Kürs, Lowhu-Galam, ýokarky we aşaky älemlerdäkiler, hemmäňiz jemleniň. Behişde aýna baglap, ony arassa ediň» diýip buýurdy. Jarçy perişdeler: «Eý, perişdeler, hemmäňiz jemleniň!» diýip, jar çekdiler.

Hemme perişdeler ýygnandylar. Perişdelere täzeden-täze halat berildi. Allatagala bu waka sebäpli olary sap-sap edip

duruzdy. Hüýr gyzlar çeň çaldylar. Adam alaýhyssalama gat-gat hülle geýdirdiler. Ol hülleleriň her biri bir reňkdedi. Başyna göwher çaýylan täç geýdirdiler. Şeýle hezzet-hormat hiç haçan bolmandy. Allatagala özüniň samady bilen başlap, Adam alaýhyssalamyň nikasynyň hutbasyny okady.

Hutbanyň manysy:

**Bismillähi-r-rahmany-r-rahym.** Meniň senam-tehmiddir. Meniň lybasym – beýiklikdir. Meniň köýnegim – ululykdyr. Ýaradylan zatlaryň hemmesi Meniň bendelerim we kenizeklerimdir. Muhammet – meniň dostumdyr. Onuň ummaty iň gowy ummatdyr. Meniň özümiň ýeke-täkligime delil edip, hemme zatlary jübüt edip ýaratdym. Eý, perişdeler! Eý, asmanlarymyň ýaşaýjylary, Meniň Arşymy göteriji perişdeler! Howa Meniň ýaradan ajaýyp zadymdyr. Ol meniň gudrat golum bilen ýasan zadymdyr. Siz muhabbetim, ülpetim, şepagatym, tesbihim, tehlilim, päkligim bilen ýaradan Adama ony jübüt edendigime şaýat boluň! Allatagaladan başga Hudaý ýokdugynyň (Meniň ýekeligime şärik ýokdur), Muhammediň onuň bendesidiginiň we ilçisidiginiň şahadaty bilen siz muňa güwä boluň! ***«Eý, Adam we Howa! Siz ikiňiz jennetime giriň, behiştiň miwelerinden iýiň we şu agaja özüňize zulum etmezligi üçin ýakynlaşmaň.*** Siz ikiňize salam gönderýärin. Adam atanyň ogullarynyň we Howanyň gyzlarynyň kalplaryna Meniň mähribanlygym hem rehmetim bolsun! Älemleriň hökümdary bolan Taňry öwgi-tarypa mynasypdyr!»

Ondan soň bu ikisi biri-birine ýakynlyk etdiler. Olar jennetde sahyby Ryzwan, ruhy reýhan, hüýr-gulman bilen aýşy-eşretde ýüz müň hezzet-hormat bilen ýördüler. Olar «Şejereten memnuga» asla ýakyn barmadylar. Bir rowaýatda bäş ýüz ýyl, ýene bir rowaýatda üç ýüz ýyl olar bu ýagdaýda durdular diýilýär. Ýene bir hekaýatda Allatagala perişdelere perman beripdir: «Eý, perişdeler! Eger siz Adamdan alym bolsaňyz, ondan her

hili zatlary soraň». Perişdeler sowal berdiler. Hezreti Adam alaýhyssalam olara laýyk jogap gaýtardy. Hezreti Adam alaýhyssalam perişdelerden sowal sorady. Olar jogap bermekden ejiz geldiler. Bu ýerden Allatagalanyň: ***«Men siziň bilmeýän zatlaryňyzy bilýärin»*** diýen sözüniň bir manysy mälim boldy: «Adam sizlerden alymdyr, siz abytsyňyz. Emma meniň üçin müň abytdan bir alym ýagşyrakdyr. Nirede alym bolsa, abytlara onuň hyzmatyny etmek lazymdyr. Siz sajyd boluň, ol mesjud bolsun. Baryň, oňa sežde ediň». Hemme perişdeler oňa sežde etdiler. Aýat: ***«Jemi perişdeleriň hemmesi jemlenip, sežde etdiler».***

*Sowal:* «Sežde etdiler» diýdi, «hemmesi» diýdi, «jemlenip», «jemi» diýdi. Mundan näme peýda bardyr?

*Jogap*: Peýda şudur: «Perişdeler» sözünden soň «hemmesi» diýen söz getirilmese, ondan «Birnäçesi sežde etdi, birnäçesi bolsa sežde etmedi» diýen manynyň çykmagynyň ähtimallygy bardyr. «Ejma‘un» («jemlenip») sözi getirilmese, «perişdeler öň sežde etdiler» diýen ähtimallyk bardyr. Perişdeleriň bary bir gezek sežde etdiler. ***«Ýalňyz Azazyl sežde etmedi. Ol boýun sunmady. Ol tekepbirlik etdi. Ol kapyrlaryň jümlesinden boldy».***

Perişdeler seždeden başlaryny göterip görseler Iblis sežde kylman, onuň gerdenine towky nälet düşüpdir. Perişdeler söýenenden soň ýene sežde kyldylar. Şondan soň namazda birinji sežde parz, ikinji sežde wajyp boldy. Ondan soň onuň Azazyl adyny aýryp, Iblis adyny berdiler. «Iblis» diýmek «näumyt» diýmekdir, ýagny ol Hudaýtagalanyň rehmetinden näumyt boldy.

Abu Yshagyň aýdan rowaýatyna görä, Iblisiň boýnuna nälet duzagyny salanlarynda ol: «Hudaýtagalanyň perişdeleri köp. Meniň olar bilen jedel tutmaga kuwwatym ýok. Haçan diriler we perişdeler ölüp, Hudaýtagalanyň ýeke özi galsa, şol wagt

men uruş kylaryn» diýdi. Şu niýet bilen ol uzak ömür diledi (goý, onuň ömrüne nälet bolsun!). Onuň bu niýeti Allatagala mälimdi. Şonuň üçin Allatagala oňa: ***«Tä belli wagta çenli sen uzak ömürli»*** diýdi.

*Sowal*: Azazyl şeýtan bolandan soňra, onuň jennete girmeginiň sebäbi nämedir?

*Jogap*: Hudaýtagala: «Eý, melgun! Saňa Adam perzentlerini ýeňmäge ýardam berdim» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Adam perzentleriniň damarlarynda gan nähili ýörese, şeýtan hem şonuň ýaly ýörär» diýdi.

*Sowal*: Adam alaýhyssalam bilen hezreti Howa şejereten memnugadan gadagan edilmegine sebäp nämedi?

*Jogap*: Bugdaý hezreti Pygamber alaýhyssalamyň nesibesidi. Biriniň nesibesini kesekiniň iýmegi dürs däldir. Häzir hem biriniň nesibesini başga biri iýse günäkär bolar.

*Sowal:* Adam alaýhyssalamyň jennete girmeginde nähili hikmet bar?

*Jogap*: Allatagala jenneti Adam perzentleri üçin ýaradypdyr. Bu ýerde ol perzentleriniň ornuny görsün, dünýäde köp tagat-ybadat etsin diýen hikmet bardyr.

*Sowal:* Mömin perzentleri öz orunlaryny görmäge girseler, kapyr perzentleri olaryň arkalarynda eken. Olar hem jenneti gördüler, muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Bu ýerde kapyrlar dowzaha girenlerinde jenneti ýatlap hesretu-ökünç kylsynlar diýen hikmet bardyr.

*Başga bir jogap*: Hudaýtagala Adam alaýhyssalamy jennete girizende perzentleri onuň oňurgasyndady. Olary jennete girizmeginiň sebäbi şeýledir: Olar jenneti görsünler, mallaryny hem tenlerini satyp, jenneti satyn alsynlar. Çünki şerigatda görülmedik zady satmak rowa däldir. Allatagala olary: «Bu söwda dürs bolsun» diýip jennete girizdi. Dellaly hem

getirdiler. Aýat: ***«Elbetde, Allatagala möminleriň janlaryny we mallaryny olara jenneti berip satyn aldy»***.

*Bir şahyr şeýle aýdypdyr[10]:*

Satylýan zat – jany takwanyň,
Alyjysy özi Allanyň.

Bahasy – jennetidir Onuň,
Dellaly – Resuly Hudanyň.

Muňa güwälikdir sözleri,
Töwrat, Injil, Zebur, Gurhanyň.

Satan Allatagala, satyn alan Allatagala, satylýan zat mömin, onuň dellaly Muhammet alaýhyssalam.

Adam alaýhyssalam zürýatynyň oňurgasyndan çykandygyny nirede gördi? Alymlar bu sowalyň jogaby barada dürli pikirlere geldiler. Olaryň bagzysy: «Ol olary jennete girmezinden eşnu gördi» diýip aýdypdyr. Beýleki birleri: «Ol olary jennetde gördi» diýip aýdypdyr. Başgalar: «Ol olary jennetden çykanda gördi» diýipdirler. Hudaýtagala Adam alaýhyssalamyň perzentlerini oňurgasyndan adamyň suraty ýaly, emma garynja ýaly uşak edip çykardy. Olar mömin hem däl, kapyr hem däldiler. Taňrydan: «Men siziň Taňryňyzmydyryn?» diýen owaz geldi. Olar: ***«Hawa, sen biziň Taňrymyzsyň»*** diýdiler. Adam alaýhyssalam olary görüp: «Eý, Taňrym! Bular kimlerdir?» diýip sorady. Taňrydan: «Bular seniň, tä, kyýamat gününe çenli dünýä injek nesliňdir» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bular ýer ýüzüne nähili sygarlar?» diýdi. Taňrydan: «Eý, Adam! Men bulary dört ülüş ederin: bir ülüşi atalaryň

oňurgasynda, bir ülüşi eneleriň garnynda, bir ülüşi ýeriň ýüzünde, bir ülüşi ýeriň goýnunda bolarlar» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam olara bakdy. Görse, kimsiniň garagy kör, kimsi agsak, kimsi dertli. Ol: «Eý, Taňrym! Sen bulary näme üçin deň ýaratmadyň?» diýdi. Taňrydan: «Eý, Adam! Men uçmahy oňa girijiler üçin ýaratdym. Men dowzahy hem oňa girijiler üçin ýaratdym. Men uçmahy we tamugy olaryň maňa şükür etmekleri üçin ýaratdym. Eger körleri ýaratmadyk bolsam, gözlüler maňa şükür etmezdiler» diýen owaz geldi.

Päklik we ýardam bermeklik diňe Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ONUNJY PASYL*
## HEZRETI ADAM BILEN HEZRETI HOWANYŇ TOBASYNYŇ KABUL EDILMEGINIŇ WE OLARYŇ GÜNÄDEN PÄKLENMEKLERINIŇ BEÝANY

Hezreti Adam bilen hezreti Howa ikisi jennetde aýşy-eşret, halawat hem rahatlyk bilen ýördüler. Allatagala şeýtan mel-guny jennetden çykardy. Allatagaladan «Jennetiň işiginden hiç kim girmesin» diýen buýruk boldy. Emma şeýtanyň köňlünden hezreti Adama duşmançylyk etmek niýeti aýrylmady. Ol gije-gündiz: «Men Adamy özüm dek ederin. Ol jennetde süýjülik we rahatlykda bolup, men bolsa munda horlukda bolarynmy? Men şeýle ýagdaýda ýatsam, hiç iş bitmez. It ýörese süňk tapar, hatyn ýörese är tapar. Men hem ýöresem bir hile bilen myradyma ýeterin» diýip, pikri-hyýal etdi. Soňra ol ýer ýü-zünden uçup, asmana bardy. Ol öz-özüne: «Men bir hile tapyp, özümi jennete salsam. Adama iýmek-içmegi buýursam, oňa şe-jereten memnugadan iýdirsem, myradym hasyl bolardy» diýip

aýtdy. Şeýtan ite meňzäp, ýyndam ýöräp, jennetiň işigine geldi. Ol ýerde üç ýüz ýyl: «Jennetden bir kişi çyksa, men onuň bilen ýoldaş bolup, oňa girsem» diýip, arzuw edip oturdy.

Tawus hazynaçylaryň biridi. Bir gün ol geçip barýardy. Iblisiň gözi Tawusa düşdi we: «Eý, guş! Iň owadan we iň mertebeli guş kimdir?» diýip sorady. Ol: «Tawusdyr, emma sen kim?» diýdi. Şeýtan ony ýanyna çagyrdy we: «Men Kerubilezdendirin. Men her nepes hem tagaty-ybadatdan haly däldirin. Men: «Tagat kylan kişiniň jennetde derejesi belent bolar» diýip eşidipdim. Men özümiň menzil-makamymy görsem. Eger ybadatyň peýdasy bar bolsa, men ony köpräk etsem diýen pikir bilen bu ýere geldim. Sen indi maňa ýol görkezip, meni jennete alyp girseň?! Onsoň men tagat-ybadaty has köpräk kylardym. Eger meni jennete alyp girseň, saňa üç sany peýdaly zat öwredeýin. Olaryň birini okasaň, sen hiç haçan ölmersiň. Ýene birini okasaň sen hiç asy bolmarsyň. Üçünjisini okasaň, sen hergiz jennetden çykmarsyň» diýdi.

Tawus: «Eý, perişde! Sen dogry aýdýarsyňmy?» diýdi. Iblis: «Meniň bu sözüm ýalan däldir» diýip, ant içip, awy ýalap, biçäre Tawusa mekirlik saldy. Tawus: «Bu iş meniň golumdan gelmez. Emma meniň bir byradarym bar. Bu işi diňe ol başaryp biler» diýdi. Iblis: «Beýle bolsa, sen şoňa aýt» diýdi. Tawus jennete girip, ýylany çagyryp geldi. Birinji haramzadalygy ýylan edipdi. Ýylan Iblise: «Men seni nähili jennete alyp girerin?» diýdi. Şeýtan: «Sen jennetden başyňy çykaryp, agzyňy açsaň, özüm onuň bir alajyny taparyn» diýdi. Ýylan agzyny açdy, şeýtan ýeňillik bilen onuň içine girdi. Ol ýylanyň yzyndan jennetiň içine çykdy. Jennet ähliniň hemmesi muny görüp: «Bu şum näletkerdäni jennetden kowup çykaraly» diýişip, ony bu ýerden çykarjak bolup köp jan çekdiler. Emma ony çykaryp bilmediler.

Iblis Adam we Howa alaýhymassalamyň ýanyna geldi we olara dostsyran kişi bolup ýyglady. Bu ikisi ondan: «Sen näme sebäpden ýyglarsyň?» diýip soradylar. Şeýtan: «Men siz bilen aşna boldum. Men sizden aýryljakdygym üçin ýyglaýaryn» diýdi. Olar: «Biz näme sebäpden aýrylyşarys» diýdiler. Iblis: «Men siz behiştden çykarmykaňyz» diýip gorkýaryn. Çünki siz: «Şol agajyň miwesinden iýmesek, jennetde baky bolarys» diýýärsiňiz. Ol miweden iýeniň üç sany häsiýeti bolar, birinji – ol hiç haçan ölmez, ikinji – ol asy bolmaz, üçünji – ol hiç haçan jennetden çykmaz» diýdi. Bu sözden soň Adam alaýhyssalamda birazajyk meýil peýda boldy. Iblis Tawusa: «Eý, ýar janym! Meni şol şejereýi huldyň ýanyna alyp barsaň» diýdi. Tawus onuň öňüne düşüp, ony bu ýere alyp geldi. Iblis ol ýerde çenden köp ýyglady. Onuň bu agysyny eşidip, hezreti Howa hüýr gyzlar bilen bu ýere ylgaşyp geldiler. Iblis lagyn özüne amatly pursat tapyp, ýene: «Men size ynamdar nesihatçydyryn. Meniň size aýdan şol sözüm hakykatdyr» diýip, öňki sözüni gaýtalady. Ol bir sagatda ýetmiş gezek ant içdi we ýüz mekr-u-hile bilen hezreti Howany öz toruna saldy. Onuň bu waswasy hezreti Howa täsir etdi.

Şeýtan hezreti Howa ýüzlenip: «Kim bu agajyň miwesinden öňürti iýse, ol şoňa köpräk täsir eder. Ol kişi hemmeden uly mertebeli bolar. Oňa hiç bir zat duşman bolmaz we kast edip bilmez» diýdi. Hezreti Howanyň meýli güýçlendi. Ol bu daragtyň ýedi hoşasyny goparyp alyp, onuň birini iýdi, galanlaryny bolsa gizläp, hezreti Adamyň ýanyna alyp geldi. Hezreti Howa: «Eý, Adam! Men ondan iýdim. Ol örän süýji eken. Ol baldan datly, ýagdan lezzetli we ýumşak miwe eken» diýip, köp taryplady. Hezreti Adam ony iýmegi unamady.

Hezreti Howa ýene: «Eý, Adam! Allatagalanyň jomartlyk derýasy çäksizdir» diýip, ony ugruna goýmady. Ahyrynda hezreti Adam bir dänäni agzyna atdy. Ol däne onuň bokurda-

gyndan aňry geçip gitdi. Ol ýene bir dänäni agzyna salan wagtynda, eden ähdi ýadyna düşdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam onuň bogazyndan tutdy. Miwe onuň bokurdagynda ýumalak bolup galdy. Erkek adamyň bokurdagynda ýumalak bolmagy şu sebäpdendir, hatynlaryň bogazynda ol ýokdur.

Adam alaýhyssalamyň ilki iýen dänesi heniz garnyna barmanka, behiştiň hülleleri bedeninden sypyrylyp düşdi, altyndan çaýylan täç başyndan uçdy, tagty ony ýere zyňyp taşlady. Ol ýalaňbaş we ýalaňaç halda galdy. Onuň gursagy asyldy we haly teň boldy. Adam alaýhyssalam nirede oturyp böwl edeýin diýse, onuň gulagyna: «Päk ýeri näpäk etme!» diýen owaz geldi. Oňa oturmaga hiç bir ýer ýokdy. Ol gaçyp ýördi, çykgynsyz ýagdaýa düşdi, içi bulanyp, hiç saklanyp bilmedi. Ol ahyry bialaç bolup ýazyldy we nejasatyny endamynyň gizlin ýerlerine aldy. Onuň nejasaty gizlän ýerlerinde myrdar tüýler peýda boldy. Olary alyp taşlamak şondan soň sünnet boldy. Adam ata hiç bir penalar ýaly ýer ýokdy. Ol daragtlary penalamak islese, olar hem ondan gaçdy.

Hezreti Adam ýalaňaçlygyndan utanyp ýörerdi. Ol bu ýagdaýy käte Howadan, käte bolsa şeýtandan görüp: «Eý, Howa! Özüňe hem, maňa hem zyýan etdiň, «Eý, şumbagt şeýtan, sen meni bu hala düşürer ýaly men saňa näme ýaman iş etdim» diýip, gaharlanyp ýörerdi. Şeýtan: «Eý, Adam! Men seniň sebäbiňden bu ýagdaýa düşdüm. Men seni hem özüm ýaly etdim. Eýse, bu şermendeligi we peläketligi ýalňyz özüm görmelimi? Mendäki hal sende hem bolsun» diýip, hoş wagt boldy.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam gaçyp ýöräberdi. Ahyry ony jeýlan daragty tutup saklady. Adam alaýhyssalam ahy-nala kyldy. Daragt hergiz ony goýbermedi. Jeýlan: «Men seni goýbermerin. Eger goýbersem men hem seniň dek asy bolaryn» diýdi. Adam alaýhyssalam Allatagaladan aman diledi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Sen niredesiň?» diýen owaz geldi. Adam alaýhys-

salam: «Eý, Taňrym! Meni ýalaňaç halda igde daragtynyň şahalary saklap dur. Senden özge meniň perýadyma ýetişjek ýokdur» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Seniň bu halyň özüňiň permana boýun sunmazlygyňdan we şumlugyndandyr» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam ýer ýüzüne düşen wagty, jeýlan daragtyny suwy ýok çöle äkitdi. Jeýlan daragtynda behiştde hezreti Adamy tutup alanyň ujy bardyr. Şol sebäpden jeýlany Adam alaýhyssalamyň ogullary suwdan aýry dikdiler.

**Hikmet:** Hemme agaçlarda ot bardyr. Agaç suw içmese ot ony guradar. Hudaýtagala igde agajynyň oduny: «Ol guramasyn» diýip gidirdi.

Elkyssa, Jebraýyl alaýhyssalam hezreti Adamy jennetden çykarmaga geldi. Allatagala oňa mähribanlygyny we rehmetini aýan etdi. Allatagaladan: «Eý, Jebraýyl! Adamy bu ýere getir!» diýip, perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam hezreti Adamyň golundan tutup, Hudaýtagalanyň dergähine getirdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Men seni toprakdan ýaratdym. Men seni iman ylmy bilen belent mertebeli etdim. Men saňa gözel sypat berdim. Seni perişdelere göterdip jennete girizdim. Saňa jennetiň nygmatlaryny nesip kyldym. Hezreti Howany jübüt eýledim. Men: «Bugdaýy iýme!» diýip, saňa gadagan etdim. Eýsem saňa: «Şeýtan seniň duşmanyňdyr» diýip aýtmadymmy? Sen bugdaýy näme üçin iýdiň?» diýen bir owaz geldi. Hezreti Adam: «Eý, Taňrym! Ol hökmi kim çykardy, kazany kim ýöretdi?» diýdi. Allatagaladan: «Ol hökmi men ýöretdim. Meniň hökmüm aýandyr, takdyrym gaýypdyr, buýrugym açykdyr. Sen näme üçin zahyry goýup, gaýyba dahyl bolduň?» diýen owaz geldi.

Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen nähili höküm kylsaň kylýarsyň. Emma Sen Gafursyň, Halymsyň. Sen meniň eden günämi geçseň, meni ýalkasaň?!» diýdi. Allatagaladan

Jebraýyl alaýhyssalama: «Adamy duşmany bilen jennetden çykar. Men Adamyň günäsini ýer ýüzünde ýalkaryn. Adamy goýber» diýip, perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam hezreti Adamy jennete goýberdi. Adam alaýhyssalam her bir daragtyň düýbüne baryp, owrat ýerlerini ýapmak üçin ýaprak diledi. Hiç bir daragt oňa ýaprak bermedi. Ol haýran-sergezdan bolup, ýyglap geziberdi. Taňrydan: «Eý, Adam! Her kim hojasynyň permanyna ters gelýän iş etse, şeýle güne düşer. Iki älemiň halky ony duşman tutarlar» diýen owaz geldi.

Elkyssa, hezreti Adam injiriň ýanyna geldi. Ondan ýaprak diledi. Ol ýaprak berdi. Bir rowaýatda ol bäş ýaprak, başga bir rowaýatda dört ýaprak berdi diýilýär. Hezreti Adam owrat ýerlerini ýapdy. Şol wagt: «Eý, injir! Sen näme üçin Adama ýaprak berdiň?» diýip, owaz geldi. Injir: «Eý, Taňrym! Adamdan bir günä peýda boldy. Bir günä bilen gul öldürilmez. Emma men oňa öňki nazarym bilen garadym. Sen ony mahluklaryň iň ýagşysy edip ýaratdyň. Onuň keşbini öz goluň bilen ýasadyň, ruhuna özüňden dem berdiň. Perişdelere oňa sežde etdirdiň. Oňa hemme atlary öwredip, ylym berdiň. Ýene öz ýanymdan Hudaýtagala munça abraýa ýetiren bendäňi ahyry masgara edip taşlamaz. Munça çeken zähmetiňizi zaýa etmez diýdim. Men bu bendäň ýalaňaç ýöremegini rowa görmedim. Seniň hormatyňy saklap, oňa owratyny ýapar ýaly ýaprak berdim» diýdi. Allatagaladan: «Eý, injir! Men seniň bu häsiýetiň üçin seni agyry-dertlere derman etdim. Emma soraman, özüňçe iş edeniň üçin seni şemal iýsin. Özge daragtlaryň miwesi çiçeklik, seniň miwäň çiçeksiz bolsun» diýen owaz geldi.

Adam alaýhyssalama: «Eý, Adam! Men saňa niçeme keramatlar etdim. Sen meniň permanlymdan çykdyň. Onuň üçin seni on sany bela duçar etdim. Sen olardan hergiz halas bolmarsyň. Birinji – ýalaňaçlyk, ikinji – ýazylmak, üçünji – deriň peý-

da bolmagy, dördünji – Hudaýtagaladan daş düşmek, bäşinji – Howadan üç ýüz ýyl jyda bolmak, altynjy – şeýtanyň duşmançylygy, ýedinji – seniň günäkärligiň hemme äleme ýaýramagy, sekizinji – mal-pul üçin şeýtana şärik bolmagyň, dokuzynjy – Adam öwladyna dünýäniň zyndan bolmagy we dünýäniň mähnet-muşakgatlaryna, yssysyna hem sowugyna sezewar bolmaklygy, onunjy – owkat üçin ýüz-müň horluk we zarlyk tartmak. Sen zähmet çekmän bir bölek nan hem iýmersiň» diýen owaz geldi.

Ondan soň hezreti Howa: «Eý, Howa! Sen näme üçin Adama bugdaý iýdirdiň? Seniň bu ýalaňaçlygyň permana boýun bolmazlyk şumlugyndandyr. Bu hatanyň başynda duran sensiň» diýen owaz geldi. Hezreti Howa: «Eý, Taňrym! Men beýle boljakdygyny bilmedim. Seniň dergähiňde kişi ýalan sözlemez» diýip oýladym. Ol bir sagatda ýetmiş gezek ant içdi. Men onuň içen antlaryna ynandym. Men Seniň kereminiň ulylygyna söýendim» diýip ýygladyň. Allatagaladan: «Eý, Howa! Seniň permana boýun bolmazlygyň üçin seni on alty sany bela duçar etdim. Birinji – garyn nejasaty, haýzu-nefas, ikinji – gursak ýazylmagy, üçünji – tolgak agyrysy, dördünji – äriň mähneti, bäşinji – äriň hökümi we onuň permanynda bolmak, altynjy – talakda äriň ygtyýarynda bolmak, ýedinji – mirasda ärden az zat almak, sekizinji – güwälige ýaramazlyk, dokuzynjy aklyň gysga bolmagy, onunjy – gazata gatnaşmakdan mahrum bolmak, on birinji – wehi-ylhamdan mahrum bolmak, on ikinji – ymamlyga ýaramazlyk, on üçünji – juma namazyna barmazlyk, on dördünji – aýyd namazlaryna barmazlyk, on bäşinji – jynaza namazyna barmazlyk, on altynjy – patyşalykdan mahrum bolmak» diýen owaz geldi.

*Hekaýatda şeýle gürrüň getiripdirler:* Haçanda hezreti Howa daragtdan miwe üzüp alanda, ol agaçdan gana meňzeş härse akdy. Bu dert hezreti Howada peýda boldy. Tä kyýamat

gününe çenli haýzu-nefas derdi aýallara şondan soň miras galdy.

*Sowal:* Haýzyň köpüsiniň on gün bolmagyna sebäp nämedir?

*Jogap*: Hezreti Howa bugdaýy alyp gelýänçä on ädim ýöräpdi. Onuň üçin ol on gün boldy.

*Sowal*: Haýzyň azynyň üç gün bolmagyna sebäp nämedir?

*Jogap:* Bugdaýyň iýilmegi üç zat bilen hasyl boldy, ýagny aýak bardy, gol tutdy agyz bolsa iýdi.

*Sowal*: Istihaza nämedendir?

*Jogap*: Hezreti Adam alaýhyssalamyň tobasy kabul bolmazyndan öň ýyglany haýz boldy. Onuň hezreti Adam toba edenden soň, ýyglany istihaza boldy. Soňra päklenmäge hököm berildi.

*Sowal*: Nefas näme zatdandyr?

*Jogap*: Hezreti Howa bugdaýy alyp gelýänçä kyrk gezek dem aldy.

Aýat: ***«Ol ikisi jennet agaçlaryndan – injiriň ýapragyndan alyp gat-gat edip uýat ýerlerini ýapdylar»***.

Ondan soň Iblis, (goý, oňa nälet bolsun!): «Eý, melgun! Seni niçeme keramatlar bilen mertebeli etdim. Sen näme üçin permanymdan çykdyň? Sen özlügiňi unutdyň. Sen näme üçin Adam bilen Howany bu hala saldyň? Seni on bela duçar etdim. Birinji – senden ýer ýüzüniň patyşalygyny aldym, ikinji – asmanyň ululygyny aldym, üçünji – jennetiň hazynaçylygyny aldym, dördünji – seni perişdelik keşbinden çykaryp döw keşbine saldym, bäşinji – seniň Azazyl adyňy aýryp, Iblis goýdum, altynjy – seni kapyrlara baş etdim, ýedinji – seniň tobaňy kabul etmedim, sekizinji – hiç kişi seni dost tutunmaz, dokuzynjy – seni dowzahy etdim, onunjy – seni dowzah azabyna baky duçar etdim» diýip owaz geldi.

Ibn Magaz (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle hekaýat aýdypdyr: «Men haja sapara gitdim we gije-gündiz ýalňyz ýöredim. Çölüň içinde garaňky gijede bir çirkin owaz eşitdim. Men: «Sen niçiksi jan we sen näme sebäpli ýyglaýarsyň?» diýip soradym. Ol: «Men Iblisdirin. Men näme üçin ýyglamaýyn? Öň men perişdelere mugallymdym. Men jennete erklidim. Men ýerde-gökde sansyz tagat etdim. Ahyry Allatagala meni näletläp, jennetden çykardy» diýdi. Men: «Eý, şeýtan! Sen munça ýyl sežde edipsiň. Näme üçin sen bir seždäni berjaý etmediň?» diýdim. Ol: «Men: «Eger Allatagala azap berse, deňlik etse gerek. Eger ol günäleri geçirse ikimizden deň geçirer» diýip oýladym. Ol Adamyň günäsini geçirdi, onuň uzruny kabul etdi. Aýat: ***«Hezreti Adam ähtnamany unutdy we biz onuň bu işi kastdan edendigine ýol tapmadyk»***. Emma ol menden geçirmedi. Aýat: ***«Iblis sežde etmekden boýun towlady. Ol tekepbirlik etdi we kapyrlaryň jümlesinden boldy»***. Men ondan ýene: «Hudaýtagala Adamy geçirip, näme üçin seni geçirmedi?» diýip sowal soradym. Ol: «Ezelde Adama enaýat bardy. Allatagala ony ösdürdi. Emma meniň hakymda ezelde enaýat ýokdy. Ol meni ýitirdi» diýdi. Bu ýerden ezelde berlen ýardam ebedilige ýeterlikdigi mälim boldy.

Allatagala hezreti Adam alaýhyssalamyň keşbini taýýar edip goýdy. Ol wagt Azazyl gelip, ony masgaralap tüýkürdi. Hudaýtagaladan Jebraýyl alaýhyssalama: «Bu tüýküligi alyp towky nälet edip goý» diýip, perman boldy. Hezreti Jebraýyl ol tüýküligi alyp gelip, Arşyň töwereginde asyp goýdy. Azazyl hezreti Adamyň keşbiniň ýanynda dolanyp, bu nälet duzagyny gördi. Ol: «Bu näme edýän zatdyr?» diýip sorady. Perişdeler: «Bir pursatda mukarrap perişde Taňrynyň dergähinde kowular. Ol muny onuň boýnuna salar» diýip aýtdylar. Azazyl: «Müň

nälet munuň ýaly zadyň boýnuna düşsün» diýip, bu nälet duzagyna ýene tüýkürdi. Emma oňa kär edip bilmedi. «Häzir hem ol onuň bilen urşup bilmez. Ol suwda ezilmez, oda köýmez. Onuň agyrlygy ýüz batmandyr. Ol Iblisiň (goý, oňa nälet bolsun!) boýnundadyr» diýipdirler.

Elkyssa, nobat Tawusa geldi. Ony käkilinden tutup alyp getirdiler. Allatagaladan: «Eý, Tawus! Hemme belanyň başy sensiň» diýen bir owaz geldi. Tawusyň sekiz ýüz ganaty bardy. Onuň ganatlary dürli reňkler bilen bezelendi. Tumşugy gyzyl lagldan, başy zümerretden, boýny zeberjetden, penjesi ýakutdandy. Ol şeýtana hyzmatkär bolany sebäpli onuň hemme ganatlaryny ýolup, diňe iki ganatyny goýdular. Ony urup, kowup jennetden çykardylar.

Nobat ýylyna ýetdi. Onuň düýäniňki dek dört aýagy, dürli öwüşgün atýan ýaşyl reňkli zeberjetden bedeni, merweritden dişleri, jennetiň ýüpeginden dili, arkasynda günüňki ýaly reňki bardy. Garaz oňa göwherlerden zynat we bezeg berlendi. Ýylanyň bedeni mensuh boldy. Şeýtan agzy bilen al berendigi üçin onuň agzyna zäher guýup, jennetden çykaryp kowdular. Allatagaladan: «Sen bu belanyň başy sebäpkäri bolduň. Adam perzendi seni hiç wagt dost tutunmaz. Başyň bilen dik durup ukla, göwsüň bilen süýrenip ýöre. Höregiň köpüsi toprak bolsun. Ömrüň hory-zarlyk bilen ötsün. Her ýerde seni Adam perzendi görse, başyňy ýenjip heläk etsin» diýen owaz geldi. Ýylanyň aýagyny kesip, jennetden çykardylar.

Elkyssa, tä bular çykýança jeýlan daragty Adam alaýhyssalamyň käkillerinden tutup durdy.

Ýene bir rowaýatda ol behiştiň içinde wagşy bolup, keýik ýaly ýörerdi diýipdirler. Şu wagta çenli ol jeýlan daragtyna duçar bolupdyr. Allatagaladan: «Eý, jeýlan! Adamy goýber!» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Men bu beladan halas bolmak üçin: «Eý, Taňrym! Sen meniň suratymy öz zehiniň

bilen ýaratmadyňmy? Özüň ruhuňdan dem berip, perişdelere sežde kyldyryp, jennetde ýaşa diýmediňmi? Eý, Taňrym! Men bilmedim. Meni bilmän eden günäm üçin beýle ryswa kylma. Eý, Taňrym! Öz eden keramatlaryňy zaýa etmeseň, duşmanlaryňy mundan köp hoşal kylmasaň?!» diýip, ahy-nala etdi. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Bu günäkäri süýräň» diýip, bir owaz geldi. Perişdeler Adam alaýhyssalamy süýrediler.

*Ýene bir rowaýatda şeýle diýipdirler:* Hezreti Adam: «Eý, Taňrym! Sen menden magsum, ylymly weliler, salyh, muttaky çykararyn» diýmediňmi? Olaryň hormatyndan maňa rehim edip, meni jennetden çykarmasaň» diýdi. Allatagala: «Alyň, bu asyny» diýdi. Bu biçäre Adam iki goly bilen iki daragty tutup durdy. Perişdeler ony çekip, süýräp ýördiler.

Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen: «Musa kelimullany senden çykaryp Tur dagynda sözleşerin, Ybraýym Halylyllany, Ýakup Ysraýylullany, Ýusup Syddykullany, habybym Muhammet resulallany seniň öwladyňdan çykararyn» diýmediňmi? Sen meni beýle ryswa etme! Dostuň Muhammediň hormatyna maňa rehim et» diýdi. Taňry: «Eý, perişdeler! Ol dostum Muhammedi şepagatçy tutundy. Indi, siz ony ýumşaklyk bilen tutuň. Ol onuň bereketinden herne dilese tapar» diýip, ony behiştden ezizlik bilen çykardy. Hezreti Adam Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Eý, doganym Jebraýyl! Meni nirä alyp barýarsyň?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Seniň aslyň toprakdyr. Häzir hem men seni ýer ýüzüne topragyň gaşyna alyp barýaryn» diýdi. Onda Adam alaýhyssalam gamgyn bolup: «Eý, doganym Jebraýyl! Men uluwiýýada ryswa boldum. Indi, bu suflide meni ryswa etmeseňiz» diýdi. Hezreti Jebraýyl: «Eý, Adam! Siz belent mertebeli kişidiňiz. Siziň halyňyz uluwiýýada hem suflide hemmä mälimdir» diýdi.

Adam alaýhyssalam köp ýyglady. Onuň nalasyndan daşlar eräp suw boldy. Ondan soň ol togtap, perişdeler bilen hoşlaşdy.

Ol zaman günäkärleri ýeriň ýüzüne eltip her ýere taşladylar. Adam alaýhyssalam Serendip dagyna, hezreti Howa Jidde dagyna, Tawus Hebeşe, ýylan Basra, şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) Yspyhana düşdi. Ol sebäpli hemme pyssy-pyjurlyk, pisad-u-zyna we loly, ogry, nähak gan dökmeklik, şeraphorluk, humarbazlyk, süýthorluk, gybatkeşlik ýaly ýaman işler bu ýerde çykyp äleme ýaýylandyr.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam Serendibe düşdi. Şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) hemmä: «Eý, ýaranlar, ýer ýüzünde bir zat peýda boldy. Ol sütemkärdir, ol sizi işleder. Siz ony öldürmeseňiz, onuň berjek jepasyndan gutulmarsyňyz. Ýogsa ertir onuň perzentleri köp bolar. Soňra siziň olara güýjüňiz ýetmez» diýdi. Munça gezendeler ýygnanyp, hezreti Adamyň ýanyna geldiler. Olar Adam ata haýbat atdylar. Adam alaýhyssalam olardan gorkdy. Allatagaladan: «Itiň başyny sypala» diýip bir owaz geldi. Ol itiň başyny sypalady. It gezendelere topulyp, olary kowup, güýji ýetenini öldürdi. Olaryň käbirine bolsa haýbat atyp, kowdy. Allatagala itiň Adama wepaly bolandygy üçin şeýdip oňa ýoldaş etdi.

Rowaýatda ýene şeýle gürrüň getirilipdir, it janawar enesinden doglan wagty üç zady biler. Birinji Ýaradany, ikinji hööregini, üçünji duşmanyny tanar.

**Hekaýat**. Pygamber alaýhyssalam: «Alty guşy öldürmäň: Birinji – garga Adam alaýhyssalama golawuz boldy. Ikinji – garynja Süleýman alaýhyssalama nesihat berdi. Üçünji – garlawaç, ol Haşar süresini okar. Käbir alymlaryň aýmaklaryna görä, garlawaç Beýtil-mukaddes bozulanda ýyglany üçin, ol sebäpli onuň bagry ak bolupdyr. Dördünji – Hüthüt Süleýmanyň ilçisidir. Bäşinji  bal arysy, onuň baly Adama şypa bolar. Altynjy –baýguşdyr» – diýipdir.

Elkyssa, Jebraýyl alaýhyssalam hezreti Adamy ýerde goýup, yzyna döndi. Adam alaýhyssalam hetdenaşa köp ýyglady. O Altynjy – Altynjy –nuň bu agysyny Allatagaladan başga eşitmedi hiç kim. Ol perişanlykdan käte gözýaşyna bulanardy. Onuň aýralykdan çekýän gynanjy hiç peselmedi. Ol ýaryna muştak bolup, kä başyny ýere urdy, käte dyz-aýaklaryny tutup, köp ýyglady. Onuň gözlerinden akan ýaşy uly suw bolup, akymaga başlady.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam düşen ýerinde köp ýyglady. Onuň gözýaşynyň daman ýerlerinden ajy däriler peýda boldy. Hezreti Howanyň göz ýaşlaryndan anbar, sünbül, galanfur, hyna we semen öndi. Kyýamat gününe çenli hatynlara şol otlardan özlerine zynat we bezeg bermeklik miras galdy. How enäniň derýa daman her ýaşyndan göwher sadaplar we jöwherler peýda boldy.

Emma Adam alaýhyssalamyň gyjalatdan we günäkärliginden ýaňa ýüzi ýokary galmazdy. Onuň gözünden akan ýaşyny haýwanlar gelip içerdiler. Ýöne hergiz ondan ganmazdylar. Olar muny «Gowy suw eken» diýip, höwes bilen içip, onuň üstünde dalaşardylar we ony taryp ederdiler. Hezreti Adam bolsa: «Bular maňa tagna edýärler» diýip, perişan bolardy. Allatagaladan: «Eý, Adam! Sen ras aýdýarsyň. Seniň gözüňden damýan ýaş meniň rehmet derýamdyr. Ol joşmasa göz çeşmeleriniň işikleri açylmaz» diýip bir owaz geldi. Bu sözden soň Adam ata biraz köşeşdi.

Elkyssa, Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Seniň şunça mukdar ýyglamagyň sebäbi nämedir?» diýdi. Hezreti Adam: «Men Firdöwsden aýryldym, jübütim Howadan hem uly hezzet-hormatdan jyda boldum. Onsoň men ýyglaman niçik hoşwagt bolaýyn?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Mülk eýesi islese berer, islese hem alar» diýdi.

Elkyssa, bu janawarlar birnäçe wagtlap Adam alaýhyssalamyň ýanyna geldiler. Olaryň arasy dura-bara kesilmez boldy. Olar: «Bu Adam Hudaýtagalanyň günäkäri eken. Onuň bize şeri ýokarydyr» diýip aýtdylar. Adam alaýhyssalam muny eşidip: «Eý, Taňrym! Meni jennetde perişdeleriň, bu ýerde bolsa haýwanlaryň tagnasyna goýduň» diýip, ýene köp ýyglady. Ol Allatagalanyň mähribanlygynyň eserini az-kem aňlady. Adam alaýhyssalam injiriň beren ýapragy bilen owratyny ýapyp gelipdi. Ol gurap, ýyrtylyp, şemalda uçup gitdi. Ol ýaprak nirä baryp düşse, şol ýerden hoşboý ösümlikler öndi. Zagpyran, ýasmin, sandal ýaly otlar injir ýapragyndan peýda boldy. Ony keýik iýdi, göbeginden müşk peýda boldy. Ony öküz iýdi, tezeginden anbar peýda boldy.

Ibn Apbasyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdan rowaýatynda: «Bu bäş ýapragyň birini keýik iýdi, müşk peýda boldy. Birini öküz iýdi, tezegi anbara öwrüldi. Birini ary iýdi, bal peýda boldy. Birini ýüpek gurçugy iýdi, pile peýda boldy, biri ýere düşdi, pagta peýda boldy» diýilipdir.

Adam alaýhyssalam bilen hezreti Howa ýer ýüzüne düşenlerinde bu şermendeliklerinden hergiz ýokary bakmazdylar. Olar kyrk gije-gündiz hiç tagam iýmediler. Olaryň içleri aç, bedenleri bolsa ýalaňaçdy. Olaryň bogazlaryndan hiç bir zat ötmän, garynlaryna garynja giren ýalydy. Olar hergiz muňa takat edip bilmeýärdiler. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, onuň hal-ahwalyny sorady. Hezreti Adam özüniň ýagdaýynyň perişandygyny aýdyp berdi. Emma ol muny: «Şikaýat bolarmyka?» diýip gorkardy. Bugdaý iýlen wagty onuň şahasy altyndandy, çöpi kümüşdendi, ýapragy zeberjetdendi, miweleri datlydy. Onuň ululygy kişmiş ýalydy. Hezreti Adam: «Şol bugdaýdan bir iýsem» diýip, köp arzuw ederdi. Allatagaladan: «Eý, Adam! Sen rehmet dileseň, Mekgä bar. Ol ýerden islän zadyňy iýersiň» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym!

Men ol ýeriň nirededigini bilmeýärin» diýdi. Hudaýtagala bir guşy oňa galawuz, ýagny ýol görkeziji etdi. Arap dilinde onuň ady Ahyldyr, türki dilinde bolsa gök gargadyr. Ol asmandan uçdy, hezreti Adam onuň yzyndan ýöredi. Adam alaýhyssalam Käbäniň ýerine geldi. Allatagala onuň günälerini geçirdi. Oňa jennetden at, düýe, sygyr, öküz we goýun goýberdi. Allatagala: «Düýäni ýük urmak üçin, sygyry sagyp süýdüni içmek üçin, öküzi goşa goşmak üçin, goýnuň süýdüni içmek we etini iýmek, ýüňüni ýazyna lybas etmek, derisini gyş lybas etmek üçin ulanylsyn» diýdi.

Kim goýun, sygyr saklasa onuň bereketi kem bolmaz. Perişdeler ol kişä rysgal dilärler. Ol öküzine sebäpsiz sögünse, nähak gan döken bilen barabar bolar.

Elkyssa, hezreti Adam bir goçgary soýup iýdi, ýüňüni egirdi we dokady. Ol Adam alaýhyssalama hyrka, hezreti Howa köýnek boldy. Şondan soň Adam perzentlerine muýna geýmek sünnet boldy. Hezreti Adam ol goçgaryň etini iýip, güýjüne geldi. Şonuň üçin: «Ýer ýüzünde goýundan bereketli mal ýokdur» diýipdirler. Pygamber alaýhyssalam: «Bir goýun bir bereketdir, iki goýun iki bereketdir, köp goýun genji-hazynadyr» diýdi. Ondan soň Adam ata üç däne bugdaý getirip berdiler we: «Munuň iki dänesi saňa, bir dänesi Howa bolsun» diýdiler. Bugdaýyn agramy ýüz segsen müň dirhemdi. Hezreti Adam: «Muny iýsem» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam oňa: «Eý, Adam! Muny ekip köpelt» diýdi. Elkyssa, hezreti Adam ertir bilen ony ekdi. Ol ösüp gijara bişdi. Ol ony üwäp, un edip, nan ýapyp gömdi, ol bişdi. Onuň ululygy müň bäş ýüz gezdi. Nan onuň golundan gaçyp, tigirlenip gitdi. Adam alaýhyssalam onuň yzyndan kowalady. Bu sebäpli Adam perzentleri özleriniň gün-güzeranlary üçin ýüwürerler. Ol nany Jebraýyl alaýhyssalam üç bölege böldi. Onuň iki bölegini hezreti Adamyň, bir bölegini hezreti

Howanyň nesibesi diýip berdiler. Adam alaýhyssalam ol nany iýdi, garny agyrdy. Jebraýyl alaýhyssalam onuň golundan tutup, ýazylmak üçin bir ýere alyp geldi. Adam alaýhyssalam ýazylmak üçin oturdy. Bir ýel peýda boldy. Hezreti Adam ondan: «Eý, doganym Jebraýyl! Bu nähili zatdyr?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu seniň ykbalyň şumlugyndandyr» diýdi.

*Bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Jebraýyl alaýhyssalam üç däne bugdaýy getirip, onuň iki dänesini hezreti Adama we bir dänesini hezreti Howa berdi. Ikisi olary ýere ekdiler. Ol gijara çenli ýetişip bişdi. Adam alaýhyssalamyň ekeni bugdaý boldy. Hezreti Howanyň ekeni arpa boldy. Arpa jennetde ýokdy. Ol wagtdaky bir gün häzirki döwrüň bir ýylyna deňdi. Bugdaý şeýle köp boldy. Olar: «Indi öküz goşup, ekeli» diýip, öküzi goşa goşdular. Öküz öň jennetde otlap ýören bir maldy, onuň garny açdy. Ol ýöremän togtap galdy. Hezreti Adam ony taýak bilen urdy. Öküz: «Eý, Adam! Sen meni näme üçin urýarsyň?» diýdi. Adam: «Sen meniň permanyma boýun bolmadyň» diýdi. Öküz: «Sen hem Hudaýtagalanyň permanyna boýun bolmadyň, emma ol seni urmady» diýdi. Hezreti Adam öküziň bu sözüne haýran galdy. Allatagaladan: «Eý, Adam! Sen oňa: «Allatagala seni urmak üçin taýak iberipdir diý» diýip, bir owaz geldi. Hezreti Adam ol sözleri diýdi, öküz bialaç boldy.

Elkyssa, bugdaý bişdi. Ony orup, ýygyp, ýenjip, şemala sowryp goýdular. Olar öküze: «Sen bu işe şärik bolduň. Munuň bir bölegini sen al» diýip aýtdylar. Öküz bugdaýa garady, az göründi. Samana garady, köp göründi. Ol samany aldy. Bugdaý Adam alaýhyssalama galdy. Ondan soň bir gezek öküz bugdaýy ogurlap iýdi. Onuň lezzetlidigini soň bilip, puşman etdi. Emma hiç peýdasy bolmady.

Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ON BIRINJI PASYL*
## HEZRETI ADAM WE HEZRETI HOWANYŇ BIRI-BIRINDEN JYDA DÜŞMEKLERINIŇ WE ÝENE OLARYŇ TANYŞMAKLARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Adam Allatagaladan ylham tapdy. ***«Çünki ol Allatagaladan birnäçe sözi tälim aldy. Ol şol sözleri aýdandan soňra, Adamyň tobasyny kabul etdi. Elbetde, Allatagala tobany kabul ediji we çäksiz rehimdardyr»***.

Aly (goý, Allatagala onuň ýüzüni hormatly etsin!): «Bir kişi bu sözleri okasa, Hudaýtagala ol kişiniň günäsini geçip, ony öz didaryna gowşurar» diýdi. Aýat: ***«Fetalakka Adämu mir rabbihi kelimätin fetäbe aleýhi innehu huwet-tewwäbur rahim»***.

*Şeýle rowaýat edipdirler:* Hudaýtagala bir ak ýakut iberdi. Ol: «Ony alyp keramatly Mekgäniň ýerine eltip goýuň» diýdi. Ony getirip goýdular. Ol daş Käbe boldy. Ol öýüň içinde iki çyra bardy. Olaryň biri öýüň gündogar tarapynda, beýlekisi bolsa günbatar tarapyndady. Ol çyra nurdan hem yssydy. Beýtul-magmur diýilýän öý şoldur. Allatagaladan: «Eý, Adam! Arşyň dogrusynda bir öý bardyr. Onuň ady Beýtil-magmurdyr.[11] Perişdeler ol öýe togap edýärler. Ol ýer ýüzünde Käbedir. Her kim ol öýe girse, onuň uly-kiçi günälerini geçerin. Eý, Adam! Sen hem rehmet dileseň, Mekgäniň ýerine bar. Ol öýi togap edip, namaz okap, toba et. Onsoň seniň günäleriňi geçerin» diýen owaz geldi. Hezreti Adam: «Men ol ýeriň nirededigini bilmeýärin» diýdi. Hudaýtagala gargany oňa ýolbelet etdi. Ol garganyň yzyna düşüp, Mekgä bardy. Perişdeler Adam ata togap etmegi öwretdiler. Ol togap etdi. Adam alaýhyssalamyň aýagynyň degen ýeri abadanlyk boldy. Onuň aýagy degmedik ýeri çöl-beýewan boldy. Hezreti Adamyň aýaklarynyň arasy üç gije-gündizlik ýoldy.

*Ýene şeýle rowaýat edipdirler:* Hezreti Adam Mekgeýi-mugazzama gelip, Käbäni togap etdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Adam! Indi sen dileg et. Hudaýtagala seniň dilegiňi kabul eder. Ol saňa Howany tapyp berer» diýdi. Hezreti Adam dileg etdi. Hezreti Howa Jiddeden Mekgeýi-mugazzama geldi. Olar biri-birini tanamadylar. Ol ikisi öň ýaş hem nurana juwandylar. Olaryň görki aý bilen günden hem zyýadady. Olar ak hem semiz ýaşlardy. Olar başlaryna açlyk, ýalaňaçlyk, gam-gussa, nala-zary düşüp, ejizläp galypdylar. Bu sebäpli olar biri-birini tanamadylar. Olary Jebraýyl alaýhyssalam biri-biri bilen tanyşdyrdy. Olar täzeden biri-biri bilen tapyşyp, biri-biriniň hal-ýagdaýlaryny soraşyp, görüşdiler. Olaryň şunça ýyl çeken azaplarynyň hemmesi göge uçdy. Olar agyr günlerini unutdylar. Gaýgy-gamdan halas boldular. Olaryň çeken azap-külpetleri rahatlyga, parahatlyga, aýşy-eşrete öwrüldi. Olaryň tapyşan dagynyň adyna Arafa diýdiler. Olar hoşwagt bolup, aýşy-eşrete meşgul boldular.

*Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:* Hezreti Adam bilen hezreti Howa tapyşanlarynda bedenleriniň garasy bardy. Olar: «Eý, Taňrymyz! Biziň bedenimiz garadyr. Biz ony nähili aýrarys?» diýip, Allatagala arz etdiler. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip aýtdy: «Bu gün aýyň on üçüdir. Siz üç gün oraza tutuň. Ondan soň iki rekagat şükürana namazyny okaň. Şonda siziň bedeniňiziň garalygy aýrylar». Hezreti Adam we hezreti Howa oraza tutdular. Olaryň bedenleri ak boldy. Her aýyň on üçi, on dördi, on bäşi günlerinde oraza tutmak Adam alaýhyssalamyň kowumyna parz boldy. Elkyssa, bular biri-birleri bilen tapyşanlaryna şady-horram boldular.

## Nazm

Horram ol lahza ki, muntak nigärin tapsa,
Aýşu-rahatda güler ýagdaýyn tapsa.

Ýar wasly bile hoşal bolar jan-u-köňül,
Aýrylyp gitgen, oşol şahy söwherin tapsa.

Ne ajap aşyk erer, yzlasalar sydky bile,
Gülşen içre giriban, gözi humaryn tapsa.

Eý, hoş ol bady-saba gunça görüp sebze era,
Gunçaýy köňlün açar bilbili zaryn tapsa.

Elkyssa, bu iki ýar jany muhabbet bilen tapyşyp ölen köňüllerini täze janlary bilen hasyl edip, ikisi Mina dagyna geldiler. Olaryň biri-birine hetden daşgary muhabbeti bardy. Perişdeler olardan: «Siziň arzuwlaryňyz barmy?» diýip soradylar. Hezreti Adam we hezreti Howa ikisi: «Biziň arzuwymyz Allatagalanyň rehmeti we magryfetidir. Onuň biziň günälerimizi ötendigine hoşaldyrys» diýip aýtdylar. Ol daga Mina diýip at goýdular. Olar bu ýerde ebedi döwlet we baky bagta ulaşyp, Serendibe bardylar. Çünki hezreti Adamyň öýi şu ýerdedi. Olar galan ömürlerini ýagşylyk bilen ötürdiler. Ol şeýle ätiýaçlyk ederdi. Allatagalanyň emri nähili güýçli hem bolsa, hergiz hetden aşmazdy. Ol şerigatdan daşary bir gadam hem goýmazdy. Olaryň älemde bu ikisinden başga hiç perzentleri ýokdy.

Biz Beýtul-Magmuryň we Käbäniň beýanyny öz ýerinde ederis, inşaalla. Elbetde, päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ÜÇÜNJI KYSSA*
## HABYLYŇ WE KABYLYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ondan soňra hezreti Howa tiz wagtdan göwreli boldy. Ol her garynda bir ogul we bir gyzdan dogdy. Birnäçe wagta çenli ol gyzy bu ogula alyp berdiler. Ondan birnäçe wagta çenli olary almaşdyryp, biri-birine alyp berdiler. Hezreti Howa on dokuz ogul-u-gyzy ekiz dogdy. Ol diňe Şis alaýhyssalamy ýalňyz dogdy. Ondan soň ol Yklyma diýen gyz bilen Kabyly we Albuda diýen gyz bilen Habyly dogdy. Allatagala: «Eý, Adam! Albudany Kabyla, Yklymany bolsa Habyla alyp ber» diýip buýurdy. Bu söze Habyl razy boldy, emma Kabyl razy bolmady. Adam alaýhyssalam: «Beýle etmek saňa rowa däldir» diýdi. Kabyl: «Ol nähili garyndaş bolsa, bu hem şonuň ýalydyr» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Onuň ýaly bolsa, ikiňiz gurbanlyk beriň. Haýsyňyzyň gurbanlygyňyz kabul bolsa, Yklymany şol alsyn» diýdi. Habyl bir semiz goýny getirip, gurbanlyk ediljek ýerde goýdy. Kabyl hem bir halta bugdaýy getirip, şol ýerde goýdy. Gökden ot düşüp, Habylyň goýnuny köýdürdi, Kabylyň bugdaýyny bolsa köýdürmedi. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) gelip, Kabyla: «Habylyň gurbanlygy onuň Allatagalanyň gaşynda hormatynyň bardygy üçin kabul boldy. Ataň hem ony şunuň üçin gowy görýär. Adamyň maksady ony öz ýerine halypa goýmakdyr. Ol gyzy hem oňa berer» diýdi. Kabyl gaharlanyp: «Men Habyly öldüreýin. Gyz hem maňa

galsyn» diýdi. Ol Habyly öldürmekligiň kasdyna düşdi. Emma ol entek öldürmegiň ýoluny bilmeýärdi.

Bir gün şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) adam keşbine girip, bir guşy tutup, ony daş bilen urup, onuň başyny ýençdi. Ol guş öldi. Kabyl ony görüp, öldürmegiň ýoluny öwrendi. Ol Habyla: «Men seni öldürerin» diýdi. Habyl: «Men seniň bilen dawa etmeýärin. Men Allatagaladan gorkýaryn» diýdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Eger-de sen meni öldürmek üçin eliňi uzatsaň hem men seni öldürmek üçin elimi uzatmaryn. Men hemme älemleriň eýesi Allatagaladan gorkýaryn».***

Adam alaýhyssalam bir gün Käbäni togap etmek üçin barýardy. Habyl bolsa jeňňelde goýun bakyp ýördi. Kabyl ony bir daş bilen urup öldürdi. Kabyl: «Bu özünden gidendir, ol men gidenimden soňra turar» diýip, ol ýerden gitdi. Kabyl üç günden soň gelip baksa hem Habyl şol ýatyşyna ýatan eken. Ol bu işi nähili ýaşyrjakdygyny bilmedi we: «Atam bu işi menden görer. Ol meni hem şunuň ýaly eder» diýip, howsala düşdi. Ol: «Muny gurt-guşlar iýer» diýen niýet bilen Habyly bir gaba salyp, üç gün arkasynda göterip gezdi. Gurt-guşlar: «Ony haçan ýere goýar? Biz ony iýeli» diýip, onuň yzyna düşdüler. Kabyl ony öldürenine puşman etdi. Birden bir ýerden iki sany garga geldi. Olar biri-biri bilen uruşdylar. Olaryň biri beýlekisini öldürdi. Diri garga tumşugy bilen ýeri gazyp ölen gargany gömdi. Kabyl ony görüp, ölüni gömmegi öwrendi. Ol Habyly ýere gömdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Soňra Allatagala Kabyla doganynyň jesedini nähili jaýlamalydygyny öwretmek üçin iki sany gargany iberdi. Ol iki garga özara urşup, biri beýlekisini öldürdi. Diri galany çüňki we aýagy bilen ýeri gazyp, garganyň jesedini gazan çukuryna taşlady we onuň üstüni gömdi».***

Kabyl bu ýagdaýy gördi. Ulamalar: «Kabylyň bu puşmany doganyny öldüreni üçin däldi. Eger şeýle bolsa, ol toba ederdi we kapyr bolmazdy. Kabyl ölüni ýere gömmegi bilmeýärdi. Ol:

«Men bu jesedi şunça wagtlap arkamda göterip gezdim. Ony başda gömäýmeli ekenim» diýip oýlandy. Ine, onuň bu puşmany şonuň üçindi. Hezreti Adam Käbä barýarka: «Men gelýänçäm muny ýagşy sakla» diýip, Habyly asmana tabşyrdy, asman kabul etmedi. Ol ondan soň ýere aýtdy, ol hem kabul etmedi. Ol muny daga aýtdy, ol hem kabul etmedi. Diňe ony Kabyl kabul etdi. Sebäbi onuň maksady ony öldürmekdi, ol ahyry amanata hyýanat etdi» diýipdirler.

*Şeýle rowaýat aýdýarlar:* Habylyň Kabyly saklamakçy bolanyna bir top söwüt güwädi. Emma Allatagala tabşyrylsa, Habyl salamat bolardy. Adam alaýhyssalam Habyly gözläp söwütden sorady, ol jogap bermedi. Ol bu sebäpden miwesiz boldy. Habyl ýigrimi ýaşyndady. Kabyl Habyly öldüren wagtynda ýer ýedi gije-gündiz titredi.

Hezreti Adam hajdan gaýdyp geldi. Onuň perzentleriniň hemmesi görüşmäge geldi. Emma Habyl görünmedi. Ol: «Habyl hany?» diýip sorady. Kabyl: «Habylyň goýny meniň ekinime giripdir. Şonuň üçin ol utanyp gelen däldir» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Sen muny beýle diýýärsiň. Emma men bu ýerde Habylyň ganyny görýärin» diýdi. Kabyl: «Men ony öldürdim» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Eger ýer Habylyň ganyny çykarmasa Taňrynyň oňa näleti bolsun!» diýdi. Habylyň gany ol ýerden gaýdyp çykdy. Şol günden bäri Adam perzendiniň gany ýerde ýatmaz we äşgär bolar diýilýär. Habylyň gömülen ýeri şor açyp tiken bitdi.

Elkyssa, Kabyl Habyly öldürdi. Düýe, at, eşek we başga janawarlar: «Garyndaşyň garyndaşa rehim-şepagaty galmady, beýle iş öň bolmandy. Adam perzendinden hiç kişi ölmändi» diýip, daglara gaçyp çykdylar.

*Hekaýatda şeýle diýipdirler:* Kabyl Habyly öldürdi. Iblis (goý, Oňa nälet bolsun!): «Eý, Kabyl seniň gurbanlygyňy Hudaýtagala sen oda sežde etmändigiň üçin kabul etmedi. Habyl çöllerde ýöräp çakyr içdi we oda sežde etdi. Şol sebäpli

onuň gurbanlygyny Taňry kabul etdi» diýdi. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) bir demde ýetmiş gezek ant içdi. Ondan soň Kabyl oda  sežde etdi. Bu zatlar barada Adam alaýhyssalam eşitdi. Ol Kabyla beýle işlere meşgul bolmagy gadagan etdi. Hezreti Adam onuň yzyndan kyrk kişini iberdi. Olar çakyr içmegiň tomaşasyny gördüler. Olaryň hemmesi Kabylyň ýoluna girdiler. Hemme günä işleri we bozuklyk Kabyldan adamzada adat bolup galdy.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam bulara: «Men sizden bizardyryn» diýip, bet dileg etdi we olaryň yzyndan kowdy. Olar daglara, çöllere gaçyp gizlendiler. Olar soňra köpelip gitdiler.

*Habarda ýene şeýle diýlipdir*: Hezreti Adam: «Eý, Taňrym! Ýeri meniň permanymda kylsaň?!» diýip, arz etdi. Hudaýtagala ýere: «Adam näme diýse, şony et» diýip, perman berdi. Hezreti Adam Kabylyň ýanyna gelip, oňa: «Eý, ýer, ony ýuwut!» diýdi. Ýer ony aşyklygyna çenli ýuwutdy. Kabyl gorkup: «Eý, ata! Maňa rehim et» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Sen doganyňa rehim etmediň. Indi men saňa niçik rehim edeýin?» diýdi. Ol ýene ýere: «Eý, ýer, ony ýuwut!» diýdi. Ýer ony dyzyna çenli ýuwutdy. Kabyl ýene: «Eý, ata! Sen günäkär bolduň. Soň Hudaýtagala ýalbaryp toba etdiň. Ol seniň günäňi geçdi. Sen hem meniň günämi geç» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Men bir däne bugdaýy iýdim. Sen nähak ganhor bolduň» diýdi. Hezreti Adam ýene ýere: «Ony ýuwut» diýdi. Ýer ony biline çenli ýuwutdy. Kabyl: «Eý, ata! Remezan aýynyň her gijesinde ýüz bölek rehmet ýagar. Onuň togsan dokuz bölegi barça möminlere, bir bölegi özge zatlara degişli bolar» diýip aýdardyň. Bu gün ol bir bölegi Hudaýtagaladan dile» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Birehimlere ol rehmetden nesip bolmaz» diýdi. Hezreti Adam ýene ýere: «Ony ýuwut!» diýdi. Ýer ony bogazyna çenli ýuwutdy. Kabyl Adam alaýhyssalamdan umydyny üzüp: «Eý, Taňrym! Men atamdan umydymy üzdüm. Indi men diňe saňa umyt edýärin. Seniň Rahman we Rahym adyň haky we horma-

ty üçin meni bu azapdan gutar. Ýogsa, Rahman we Rahym adyňy özüňden göter» diýdi. Ol: «Eý, Kabyl! Men dagyň daşlary ýaly günäleri bagyşlaýaryn. Emma men Rahman we Rahym adymy özgertmerin» diýen owaz eşitdi. Ýene: «Eý, ýer! Kabyly goýber!» diýip, perman boldy. Ýer Kabyly göýberdi. Allatagala: «Adamyň köňli özge bolmasyn» diýip, bir perişdä perman berdi. Ol Kabyly ony dünýäni ýedi gezek aýlandyryp, ýere urup heläk etdi.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam Habyla köp mähribandy. Ol onuň ýok bolandygyna gynanyp, mersiýe aýdyp, ýyglap gezdi. Ýer ýüzünde birinji goşgy düzen Adam alaýhyssalamdyr. Ol şygyr budur:

Üýtgäp gitdi ýurt we adamlary onuň,
Elbetde, özgerdiji özi Allanyň.

Kabyl Habyly öldürdi, döküldi gan,
Bozuklyga ýüz urdy şu günden ynsan.

Nälet siňen Iblis muňa begendi,
Çünki bu waka onuň aly bilendi.

Habylyň ölümi maňa hesret ýetirdi,
Nähak gan dökmek mundan adat getirdi.

Habyl Firdöws jennetiniň suwun içer,
Emma meniň onsuz günüm neneň geçer?

Ömrümiň ahyrynda aýralyk derdi,
Goja süňňüme ýasyň yzasyn berdi.

Bu ölüm boldy pyssy-pujurlyk başy,
Onsoň neneňsi diňer gözümiň ýaşy?

Eý, Habyl! Gutuldyň dünýä jepasyndan,
Aýryldy Howa bu ogul – sapasyndan.

Melgun şeýtan, dowzah seniň mekanyň,
Kabyl bile dowzahda – ýanar janyň.

Kyýamata çenli bize duşman bolduň,
Ol gün gelýänçä näletli möhlet aldyň.

Günlerde bir gün Jebraýyl alaýhyssalam oňa teselli bermek üçin: «Eý, Adam! Köp perişan bolma. Tiz wagtda Allatagala saňa ýagşy perzent berer. Ol Habyldan artykmaç, akylly, ylymly we hoşgylyk bolar. Çünki ol hojaýy löwlakyň, ýagny Muhammet alaýhyssalamyň öwladyndan öner. Bäş ýyldan soňra Şis alaýhyssalam dogar. Hemme patyşalaryň patyşalygy bulara geçer. Pygamberler hem Adam alaýhyssalamyň perzendinden peýda bolar» diýip aýtdy. Pygamberleriň hemmesiniň babasy bular bolar. Nuh alaýhyssalam hem bularyň öwladyndandyr. Bir rowaýatda: «Ol Şisden dogdy» hem diýipdirler.

Elkyssa, Adam alaýhyssalam bilen hezreti Howa şeýle perzendiň bolmagyň sebäbinden munazara aýdyşdylar. Adam alaýhyssalam: «Perzent menden peýda bolar» diýdi. Hezreti Howa: «Perzent menden peýda bolar» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Adam! Nutfuňyzdan çüýşä alyp guýuň. Hezreti Howa hem alsyn» diýdi. Ol ikisi şol kysym edip sakladylar. Dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagatdan soň Şis alaýhyssalam dogdy. Pagtadan bir baka peýda boldy. Emma ol ýaradardy we arrykdy. Ikisiniň barabary mälim boldy. Allatagalanyň eradasy bilen perzent peýda bolmak är kişidendir.

Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *DÖRDÜNJI KYSSA*
## ŞIS ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Bu kyssa dört pasyldan ybaratdyr:

*Birinji pasyl.* Şis alaýhyssalamyň dogulmagynyň beýany.

*Ikinji pasyl.* Misakyň beýany.

*Üçünji pasyl.* Misakdaky kapyr-musulmanlaryň ýaradylmagynyň beýany.

*Dördünji pasyl.* Adam alaýhyssalama wehi gelmeginiň, onuň Şis alaýhyssalama wesýet etmeginiň we ölüminiň beýany.

### *BIRINJI PASYL*
### ŞIS ALAÝHYSSALAMYŇ DOGULMAGYNYŇ BEÝANY

Günlerde bir gün hezreti Adam we hezreti Howa şadyhorram bolup oturdylar. Birden, gaýypdan bir berik peýda boldy. Onuň suwy baldan şirin, süýtden akdy. Jebraýyl alaýhyssalam bir näçe perişdeler bilen häzir boldy. Olar nurdan bolan tabakda jennetiň miwesinden getirdi we: «Eý, Adam! Hudaýtagala seniň myradyňy berdi. Bu miwäni iý we suwda gusul alyp, özüňi päk kyl. Kuwwatyňy ýokary derejä ýetir, ondan soň Howa ýakynlyk kyl» diýip aýtdylar. Hezreti Adamyň puştyndaky nur hezreti Howanyň päk ýatgysyna geçdi. Şol zaman näletlenen şeýtany tutup, baglap goýdular. Ol nur hezreti Howanyň iki mämesiniň arasyndan günüň nury ýaly

ýalkym salyp durdy. Muhammet alaýhyssalamyň nury hezreti Adamyň puştyndaka sansyz köp perişdeler, oňa tagzym-u-ekram eýläp, hezreti Adamyň arkasynda durup, salawat taýýybat aýdardylar. Şatlygyň bu kämil nury hezreti Howa geçensoň, perişdeler oňa tagzym etdiler. Hezreti Adam bu wakadan habarsyz bolup: «Eý, Taňrym! Menden nähili hata çykdy? Hezreti Howadan nähili hyzmat peýda boldy? Näme üçin hemme perişdeler menden ýüz öwürdi?» diýip, Allatagala arz etdi. Allatagaladan: «Ol perişdeler saňa wekilçilik etmeýärler. Olar Muhammet alaýhyssalamyň nuruna wekil perişdelerdir. Öň onuň nury sendedi. Indi Howa geçdi. Şol sebäpli olar Howanyň yzyna düşýärler. Häzir guşlar, hemme haýwanlar, Arş, Kürs, Lowh, Galam, Gün, Aý, Ýyldyzlar, ot, suw, şemal, ýer, gök hemme älem-jahan mülki oňa boýun bolýarlar. Bir topar şeýtanlar, döwler we jynlar bardyr. Olara Iblis serdardyr. Olar seniň öwladyňa duşmandyrlar. Olary birden Howa zeper ýetirmez ýaly baglap goýdular» diýip, bir owaz geldi. Ol Allatagalanyň munuň ýaly mähriban, keramatly hoş sözlerini eşidip, habar bermegine köp begendi.

Elkyssa, hezreti Howanyň göwrelilik müddeti tamam boldy we ol bir ogul dogupdy. Tiz pursatda ol oglan ulaldy. Ol Adam atanyň hemme perzentlerinden utanç-haýaly, ýuwaş we hoşgylyk bolup ýetişdi. Onuň mübärek maňlaýynda Muhammet alaýhyssalamyň nury ýalkym salyp parlaýardy. Ol hezreti Adamyň hemme perzentlerinden akylly we tapawutlydy. Oňa Şis diýip at goýdular. «Şis» diýmeklik «Allatagalanyň haýbaty», «Hudaýtagalanyň hökmüni halkdan ýagşy bilýän» diýmekdir. Hezreti Şis balagata ýetdi. Jebraýyl alaýhyssalam aýtdy: «Eý, Adam! Ertir Şisi iň uly howza alyp gel».

Ol ertesi hezreti Şisi Howzul-agzama alyp bardy. Hezreti Jebraýyl topar-topar perişdeler bilen ol ýere geldi we: «Eý, Şis! Seniň maňlaýyňda Muhammet alaýhyssalamyň nury bardyr.

Sen ony saklamaga ätiýaçlyk bilen köp yhlas et. Ony zyna we harama harç etme. Ol nur kimde bar bolsa hem ol ony ýagşy saklamalydyr. Ony zaýa etmeli däldir. Ony garyndan-garna, asyrdan-asyra ätiýaçlyk bilen goramalydyr» diýip ähtnama ýazdylar. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam ol ähtnama möhür basyp, ony tabut sekinä salyp, hezreti Adamyň goluna berdi we oňa: «Seniň perzentleriň Şisden, tä, Abdylla we Eminä çenli bu ähtnamany bilsinler» diýip, wesýet etdi.

Ondan soň bu nur Muhammet alaýhyssalamyň zamanyna çenli her gezek bir äriň puşt kemerinden bir hatynyň rehmine geçende nälet siňen şeýtany baglap goýardylar we perzende jan inensoň boşadardylar. Bu nur hatynyň nikasyndan we şol wagtyň şerigatyndan daşgary kişide ýokdy.

Elbetde, päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir.

## *IKINJI PASYL*
## MISAKYŇ BEÝANY

Misak – diýip hezreti Adamyň zürýatlarynyň äht baglaşmagyna aýdylýar. Allatagaladan: ***«Eý, Adam! Seniň Taňryň yzyňdan önjek perzentleriňden äht-peýman alar»*** diýen hoş owaz geldi. Bu ähtnamanyň maksady Taňry bilen adamlaryň arasynda dostluk mäkämynyň we Taňra bolan yşk muhabbetiň sebäbi bolmagy, hezreti Adamyň perzentleriniň Taňra höwesiniň hem meýliniň peýda bolmagy üçindir. Bu söz Adam alaýhyssalama janyndan hem süýji bolup eşdildi. Ol: «Eý, Tanrym! Men bu işe örän hoşwagtdyryn» diýdi. Allatagala perişdelere: «Gara daşy alyp geliň!» diýip, perman berdi. Perişdeler ak ýakutdan bolan bir daşy alyp geldiler. Ol ýerde hezreti Adam alaýhyssalamdan, tä, sur çalynýança ötjek perzentleriniň ruhlaryny häzir etdiler. Olar bilen misak ähdini baglaşdylar.

Bu waka şeýle bolup geçipdir. Bir ýyl Serendipden hezreti Adam haja barýardy. Ol bu ýyl hem Käbä bardy we togap etdi. Soň yzyna gaýdyp, Arafa dagyna geldi. Dagyň adyna. Wady Nugman hem diýerdiler. Hezreti Adam bu ýerde ýatyp uklady we ol düýş gördi.

Elkyssa, düýşünde bulardan[12] ýigrimi ogul we on dokuz gyz öndi. Şol günden, tä, sur çalynýança adamlar bularyň biri-birinden doguldylar. Bularyň arasyndan pygamberler bölünip aýryldy. Olaryň hemmesiniň ýüzi dolan aý mysalydy. Öwlüýäler hem bir bölek bolup aýryldylar. Olar aýyň töweregindäki ýyldyzlar ýalydy. Soň salyhlar, alymlar we berhizkärler bölündiler. Bular çyra ýaly röwşenlik we ýagtylyk saldylar. Olaryň töwreginde ýüzi gara, gözi çukur, bethaýbat kapyrlar durdular. Olaryň gollary bagly, boýunlaryna, aýaklaryna bozgaklyk zynjyry baglanyp, ony süýräp-çekýän adamlardy. Adamlaryň käbiriniň ak, asla garasy ýok, käbiri gara, asla agy ýok, käbiri çolak, käbiri agsak, käbiri täze halkdy. Ak görünen kinesiz, gara görünenleriň hemmesi kapyrlar, alasy – musulman, agy köp, garasy az – ýagşyzada, Hudaýy gözleýän halklardy. Garasy köp, agy az – şeraphorlar, gybatkeşler, süýthorlar, ýetimiň hakyny iýijiler, ata-enesine azar berijiler, ogry, garakçy, ulumsy, görip, uly günäleri edijiler bolup doguldylar. Käbirleri ak – ýaşka ölýän balalar bolup doguldylar. Olardan hasap soramaz.

Şol wagt Adam alaýhyssalam oýandy. Adam ata bu wakany düýşünde görüp haýran galdy. Ol sag golunda ýagşylary, çep golunda bolsa ýaman gylykly bethaýbat adamlary görüpdi. Ol Allatagaladan: «Eý, Taňrym! Bu niçiksi wakadyr?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Adam! Bular zürýatlaryňdyr» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam ýene: «Eý, Taňrym! Bular näme üçin dürli häsiýetlidirler?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Adam! Hemmesi aýa meňzeýänler pygamberlerdir, ýyldyza meňzeýänler berhizkär hudaýparazlardyr. Gara ýüzli,

çakyr gözli, goly bagly, boýnuna zynjyr salnanlaryň hemmesi kapyrlardyr» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalam ýene: «Bularyň käbirleri kör, pis, çolak, käbirleri tüýkes we täze. Bu näme sebäplidir?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Adam! Men körleri ýaratmasam gözlüler maňa şükür etmez. Pis açanlary ýaratmasam sagdyn agzalylar şükür etmezler» diýen owaz geldi.

Soňra Allatagaladan: «Eý, halaýyk! Men siziň Taňryňyz dälmidirin?» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalamyň sag golundan: «Belä» diýen owaz çykdy. Bu sözüň manysy: «Sen biziň Taňrymyzsyň» diýmek bolar. Onuň çep golundan: «Na‘am» diýen owaz çykdy. Bu sözüň manysy: «Sen biziň Taňrymyz dälsiň» diýmek bolar. Bularyň hemmesi kapyr, dinsiz, buta, aýa, güne, oda sežde edijilerdir. Şeýle halklar pany dünýä gelip geçerler: Ak ýüzlüler – salyhlar we musulmanlar bolar. Olar ýaly halkalaryň boljakdygy üçin Allatagala öwgitaryp we şükürler bolsun! Gara ýüzlüleriň hemmesi – kapyrlardyr. Agy az, garasy köp adamlar – Hudaýtagalany dost tutunmazlar. Olar nadanlar, zalymlar, bozuk ärler, bozuk aýallar, gybat edijiler, ölä aglaýanlar, süýthorlar, namazy terk edenler, şerigat ylmyna hem alymlara horluk görkezijilerdir. Agy köp, garasy az adamlar – namazhonlar, orazaçylar, berhizkärler, haýyr-sahawat we tagat-ybadat edijiler, şerigaty tutup, söwda edip iýýänler, daýhanlar, şehitler, din ugrunda söweşijiler, köl, guýy, köpri, metjit-medrese bina edijiler we alymlara hezzet-hormat edijilerdir. Bu işleriň hemmesi Hudaýtagalanyň merhemetindendir.

Elkyssa, şol misak gününde Allatagaladan: «Eý, halaýyk! Siz kimsiňiz we men kimdirin?» diýen owaz geldi. Olar: «Sen biziň Taňrymyzsyň. Biz hem seniň ejiz bendeleriňdiris» diýdiler. Allatagaladan: «Eý, halaýyk! Siziň bendeligiňiz mälim

bolsun!» diýen owaz geldi. Şol zaman olaryň käbiri sežde etdiler, käbirleri bolsa sežde etmediler. Sežde edenler başyny göterip görseler, sežde etmedikleriň ýüzi gara bolupdyr. Olar öz ýagdaýlaryna şükür edip, ýene sežde etdiler. Öňki sežde edenler bilen goşulyp öňki sežde etmedikleriň käbiri hem sežde etdiler. Öň sežde edenleriň hem käbiri soň sežde etmedi. Öň we soň sežde edenler – pygamberleriň, welileriň we salyhlaryň ruhlarydy. Olar ata-eneden doglup, ölüm halatynda iman bilen ahyrete bararlar.

Öň sežde etmedikleriň hemmesi kapyr doglup, kapyr bolup ölerler. Öň sežde kylyp, soň sežde etmedikler – musulman doglup, kapyr bolup ölerler. Owwal sežde etmän, soňra sežde edenler – kapyr doglup, musulman bolup ölerler.

Ondan soň perişdeler bir ak ýakut daşyny alyp geldiler. Perişdeler ol daşy ortada goýup, äht baglaşmakçy boldular. Allatagaladan: «Eý, meniň dostumyň nury! Men seniň bilen äht-peýman baglaşjak. Men seni hemme älemlerden ýagşyrak kyldym. Sen sebäpli on sekiz müň älemi äşgär eýledim. Men gizlin hazynadym, Hudaýlygymy seniň üçin äşgär etdim. Ýokarky hem aşaky älemlerdäki barlyklary we mahluklary ýaratdym. Bu zatlaryň käbiri zahyrdyr, ýagny ony bu dünýäde görerler, käbiri bolsa batyndyr, ony ahyretde görerler. Eý, Muhammet alaýhyssalamyň nury! Men saňa şunuň ýaly hormat-sylag etdim. Sen meniň ýeke-täk Taňrydygymy, hormatymy we mertebämi äşgär eýle. Sen adamlary meniň haýbatym we wehimim bilen gorkuz. Meniň buýranlarym namaz, oraza, haj, zekat, iman-u-yslamdyr. Mundan başga hem köp buýran zatlarym bardyr. Sen olary şol zatlara gönder. Gijesi bidar bolup, özüň hem ybadat et, bendelerime ybadat etdir we wagtyňy boş ötürme!» diýen owaz geldi. Ol nur hem muny janu-dil bilen kabul etdi. Ondan soň başga pygamberler bilen

äht baglaşdylar. Bu misak günüdir. Ähtnamany ýazyp, oňa möhür basyp, Gara daşyň agzyna salyp goýdular.

Eý, ýaranlar! Allatagala bilen baglaşylan ähtlerimiz bardyr. Biz ol ähtde dursak, Allatagalanyň «et» diýen zadyny etsek, «etme» diýen zadyny etmesek, biziň ol ähdi unutmadygymyzdyr. Şonda jennetiň mülki biziňkidir. Hüýrler, köşkler, gülzar, tagt, bagt, şire, şerbetli gant – ýaly otlar, çyralar, aýşy-eşret, rahat, halawat bilen ýaşaýyş, seýru-tomaşalar biziňkidir. Baldan datly, ýagdan ýumşak, süýtden ak, buzdan sowuk, dürli-dümen nygmatlar täç we hülleler biziňkidir. Bu misak ähdine durmasak, Allatagalanyň buýranlaryny etmesek – Allatagalany unutdygymyzdyr. Ähtnamany unudanlaryň menzil we mekany dowzahdyr. Ol çukurlyk, garaňky, ajy zäherli, gaýnag zakgumlar we zäherli ýylan-içýanlaryň bar ýerdir.

Her ýylanyň ýetmiş müň başy we ýetmiş müň agzy bardyr. Her agyzda ýetmiş müň dili, her dilinde ýetmiş müň dürli zäheri bardyr. Onda azap, ukubetler, dürli-dürli kynçylyklar bar. Biz Allatagalanyň özüniň bu zatlardan, özümiziň we işimiziň ýaramazlyklaryndan goramagyna pena isleýäris. Eý, Taňrymyz! Muhammet alaýhyssalamyň ummatynyň mömin bendesi bu dünýäden nur-imany bilen ötgeý! Bizi öz penaňda aman tutgaý sen! Ämin! Asy bolmagaýlar, ahyret azabyna sataşdyrmagaý sen! Ämin, ýa Rebbil-älemin!

**Hekaýat**: Hezreti Adam Käbäni zyýarat eden güni bir nury gördi. Ol nur nurlaryň arasynda dolan aý ýalydy. Ol hergiz agydan azat däldi. Hezreti Adam Allatagaladan: «Ol kimiň nury?» diýip sorady. Allatagala: «Bu seniň öwladyň Dawut pygamberiň nurudyr» diýdi. Adam alaýhyssalam: «Onuň ýyglamagynyň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Allatagala: «Ol bir iş eder we şol işi onuň üçin kyrk gije-gündizläp ýyglar» diýdi. Adam alaýhyssalamyň oňa rehimi gelip: «Onuň ömri näçe bolar?» diýip sorady. Allatagala: «Onuň ömri ýüz altmyş ýyl

bolar» diýdi. Hezreti Adam: «Meniň ömrüm näçe ýyl bolar?» diýip sorady. Allatagala: «Seniň ömrüň müň ýyl bolar» diýdi. Hezreti Adam: «Beýle bolsa, men oňa ömrümden kyrk ýyl berdim» diýdi. Bu söze perişdeler şaýat boldular.

Wagty gelip, Adam alaýhyssalamyň ömrüniň dokuz ýüz altmyş ýyly tamam boldy. Ezraýyl alaýhyssalam oňa: «Men seniň amanatyňy almaga geldim» diýdi. Hezreti Adam: «Meniň ömrüm müň ýyldyr. Ýene kyrk ýyl ömrüm bar» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Sen kyrk ýyllyk ömrüňi Dawuda beripdiň» diýdi. Hezreti Adam: «Men oňa öň beren hem bolsam, häzir özüme lazymdyr. Men ony bermeýärin» diýdi. Allatagaladan: «Bendäme jan örän şirin eken. Entek ony goý. Dawuda kyrk ýyllyk ömri men bereýin» diýip perman boldy. Elgaraz, hezreti Adam müň ýyl, Dawut alaýhyssalam bolsa iki ýüz ýyl ömür sürdi.

Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ÜÇÜNJI PASYL*
## MISAKDAKY KAPYR-MUSULMANLARYŇ ÝARADYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu şeýle wakadyr. Hezreti Adamyň Käbä zyýaratyndan soň kapyr we mömininiň arasy aýryldy. Ondan hemme dünýewi pul, mal, at, düýe, eşek, goýun, ylmu-amal, yşku-muhabbet, hezzet-hormat, hory-zarlyk, hemme kesbi-hünär, daýhançylyk, tamam zeru-zuýur we jöwherleri bendeleriň öňünde goýdy we: «Eý, bendelerim! Bularyň hemmesi siziň dünýäde eden işleriňizdir. Olardan haýsyny isleseňiz alyň» diýdi. Her haýsy islän zadyny aldy. Käbirleri dünýäligi alman, pakyrlygy aldy, hezzeti alman, horlugy aldy. Allatagala: «Eý, bendelerim! Siz näme üçin zeri, puly we maly islemediňiz. Horlugy we pakyrlygy aldyňyz?»

diýdi. Olar: «Eý, Taňrymyz! Biz ol zatlary alman, seni tapdyk. Genji weýranda tapdyk. Bize hemmeden ýagşyrak Sensiň. Başga zat bize lazym däldir» diýdiler.

Allatagaladan: «Eý, bendelerim! Siz islän zadyňyzy alarsyňyz. Men ony size taýýar edip bererin. Siz olary mähnetumuşakgat bilen taparsyňyz, bimähnet iýersiňiz» diýen owaz geldi. Şol gün maldan köp alanlar ýa az alanlar – olaryň maly şol günden azu-köp bolmaz. Hernäçe jan edeni bilen kem ýa-da artyk bolmaz. Eý, derwiş! Her kim ol günki misak ähdinde dursa, oňa ebedi hezzet-hormat we döwlet-bagt nesip eder. Kyýamat güni gara daş hem: «Bu seniň misakda duran bendäňdir» diýip, güwälik berer.

*Bir hekaýatda şeýle aýdylypdyr:* Ol gün Adam alaýhyssalam hemme zürýatlaryny gördi we: «Munça halk ýer ýüzüne nähili sygar?» diýip, haýran galdy. Allatagaladan: «Men bulary dört bölerin. Olaryň bir bölegi atasynyň puşt kemerinde bolar, bir bölegi enesiniň garnynda bolar, bir bölegi dünýäniň ýüzünde bolar, bir bölegi doglandan ölüp gider. Biri tiker, biri geýer, biri tapar, biri sarp eder» diýen owaz geldi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Olaryň biri ölse beýlekisi näme eder?» diýip soradylar. Hudaýtagala: «Men olara şeýle gaflaty salaryn. Olaryň biri aglar, biri güler, biri tagam iýer. Olar ölüni ýere gömüp, gelip aýşy-eşret kylarlar. Özüniň şeýle bolşundan hiç gaýgy-gam iýmez» diýdi.

*Ýene bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Adam alaýhyssalamyň zürýatlary peýda bolanda, olaryň hemmesini: «Baryň, dünýäni görüp geliň» diýip, dünýä iberdi. Olaryň hemmesi gelip, dünýäni gördüler. Olaryň käbiriniň köňli dünýäni isläp, ol ýerde galdy. Allatagaladan: «Siziň galanlaryňyz hany?» diýen owaz geldi. Olar: «Olar dünýäde galdylar» diýdiler. Taňrydan ýene: «Siz jennete baryp görüň» diýip, perman boldy.

Olar jennete bardylar. Olaryň käbirleri jennetde galdylar, käbirleri bolsa ol ýerde hem galmadylar.

*Mutakaddymynlar*[13] *aýdypdyrlar:* «Dünýäde galanlar – kapyrlardyr, jennetde galanlar – möminlerdir. Jennetde durman gaýdanlar – aşyklardyr. Aşyklara: «Siz dünýä meýil etmediňiz, jenneti hem islemediňiz. Indi, siz näme dileseňiz, şol hem bolar» diýen owaz geldi. Olar: «Eý, Taňrymyz! Bize dünýä gerek däl. Bize diňe Sen gerek» diýdiler. Taňrydan: «Beýle bolsa, meniň hazynamda haýsy bela ulurak bolsa, men şony size ibererin» diýen owaz geldi. Olar: «Eý, Taňrymyz! Ol belany Sen bize ibererersiň. Emma şonda hem Sen biziň bilen bolarsyňmy?» diýdiler. Taňry: «Men hemişe siziň bilendirin» diýdi. Olar: «Eý, Taňrymyz! Eger bela gelende Siz biziň bilen bolsaňyz, biz ondan köp belalar gelse hem olary kabul ederis» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Belanyň agyrragy – pygamberleriň belasydyr, soňra welileriňkidir ...[14] Her kimiň derejesine laýyk belasy bardyr» diýdi.

*Habarda şeýle gürrüň getiripdirler:* Şyh Şibli (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) dünýäden ötdi. Bir kişi düýşünde ony gördi. Ol kişi şyhdan: «Eý, şyh! Seniň halyň niçikdir?» diýip sorady. Şyh: «Siz meni görde goýduňyz. Soň meniň ýanyma Müňkir bilen Nekir girip: «Seniň Hudaýyň kimdir?» diýip soradylar. Men olara: «Meniň Hudaýym ata-enemizi jennetiň içinde, tagtyň üstünde oturdyp, perişdelere göterdip, behişte seýr etdirdi, gezdirdi. Oňa hemme perişdeler sežde etdiler. Siz hem sežde ediň. Men hemme garyndaşlarym bilen garap duraryn» diýdim. Ol iki perişde biri-birine garap: «Bu kişi uly sözleri aýtdy. Gowusy, biz bu ýerden gideli» diýip, olar meniň görümden çykyp gitdiler. Eger olar bir zaman meniň ýanymda duran bolsalar, men olardan: «Siziň Taňryňyz kim?»

diýip sorardym. Olar nähili jogap berseler hem men olary sözletmezdim». Allatagalanyň has bendeleri şeýle bolýandyr.

Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz emri bilendir!

## *DÖRDÜNJI PASYL*
## ADAM ALAÝHYSSALAMA WEHI GELMEGINIŇ, ONUŇ ŞIS ALAÝHYSSALAMA WESÝET ETMEGINIŇ WE ÖLÜMINIŇ BEÝANY

*Wehp ibn Munabbih şeýle rowaýat edipdir:* Adam alaýhyssalamyň ömründen bäş ýüz ýyl ötdi. Onuň perzent-nebereleri hetsiz-hasapsyz bolupdy. Allatagala hezreti Adamy olara pygamber etdi. Olara elli wagt namaz buýurdy. Olar ýigrimi harpda sözleşerdiler. Adam alaýhyssalama Taňrydan kyrk parça hat geldi. Olarda hikmet ylmy, peýda we zyýan barada nesihatlar, döw hem perini teshir etmek ylmy we hendese ylmy bardy.

*Rowaýatda şeýle diýlipdir:* «Hezreti Adamyň perzentleri ýer ýüzüne ýaýyldylar. Olar söwda-satyk etmegi bilmeýärdiler, biri-birlerine peýda we zeper etmezdiler. Adam alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň perzentlerim nähili owkat edinerler? Olara kesp beriň. Olaryň hersi bir hünär bilen meşgul bolsalar» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam jennetden bir gysym altyn getirip, ony daga saçdy. Ol dag altyn käni boldy. Allatagaladan: «Eý, Adam! Seniň perzentleriň bu altyny tirip alsynlar. Bu olaryň biri-birine peýda getirer» diýen owaz geldi. Adam alaýhyssalamyň perzentleri ol hünärleri işlärdiler. Olaryň her birine lazymlyk ylym öwretdi. Olaryň käbiri boýagçy, käbiri küýzegär we şuňa meňzeş hünärment boldular. Olaryň her biri bir käri öwrenip, biri-biri bilen söwda-satyg etdiler.

**Rowaýat.** Kabyl Habyly öldürdi. Kabyly çagalary bilen kowdular. Ol şeýtanyň alyna düşüp, Aden atly ýere gitdi. Ol ataşparaz bolup, oda sežde kyldy. Ol otparazlaryň ybadathanasyny bina etdi.

Adam alaýhyssalama: «Kabylyň perzentleriňi dogry ýola ünde!» diýip wehi boldy. Hezreti Adam Adene bardy. Ol bularyň dogry ýola düşmegini teklip etdi. Olar onuň gudrat görkezmegini islediler. Bir gara daşdan sowuk suw peýda boldy. Ol daragtlary çagyrdy. Olar onuň ýanyna geldiler we onuň pygamberdigine güwälik berdiler. Ol ýene köp gudratlary görkezdi.

Elkyssa, hezreti Adam şeýdip olary dogry ýola çagyrdy we şerigatyň emri magrufyny we nehi münkerini beýan etdi.

Misak güni bolan wagty Allatagala olara ýetmiş iki dili öwretdi. Olaryň her haýsy bir taýpa bolup gitdi. Olar ýetmiş iki dürli halk boldylar we biri-birleriniň häsiýet-gylyklaryny, işlerini bilmediler. Emma olar biri-birlerinden öwrendiler.

Elkyssa, Adam alaýhyssalamyň ömri tamam boldy. Onuň perzentleri gum-toprakdan hem köpdi. Ahyr soňunda Adam alaýhyssalamda bir kesel peýda boldy. Ol hemme perzentlerini ýygnap, olaryň Allatagalanyň ybadatyna meýilli bolmagyny talap edip, näletlenen şeýtanyň söhbetinden daş bolmaklaryny wesýet etdi. Ol Şis alaýhyssalama dört sany wesýet etdi:

Birinji: «Eý, oglum Şis! Hergiz bu dünýä köňül berme. Bu dünýä biwepadyr. Men jennete köňül berdim, emma dünýä maňa wepa bermedi. Dünýä saňa hem wepa bermez. Meniň köňlümden häzire çenli jennetiň hesreti çykmaýar.

Ikinji: «Hiç wagt hatynyň sözüne gitme. Men Howanyň sözüne gidip, uly günä işleri başyma düşdi. Howa peýda bermedi».

Üçünji: «Bir iş etseň onuň ahyryny oýlap et. Men perişdelerden soran bolsam şejereten memnugadan iýmezdim we munuň ýaly ýagdaýa düşmezdim. Köňlüň bir işe telwas etse,

sen ol işi etme. Bir iş etjek bolsaň, ýagşy dostlaryň bar bolsa, olar bilen maslahat et. Ondan soň ol işi etmek bilen bol. Dostlaryň maslahatyny hergiz terk etme. Ol işde men hem perişdeler bilen maslahat eden bolsam, meni bu işden saklap, ol agajyň miwesinden iýdirmezdiler, beýle wakalar meniň başyma gelmezdi we beýle dertlere duşmazdym».

Dördünji: «Eý, oglum Şis! Muhammet alaýhyssalama köp durud et. Ertir-agşam, belki, hemişe bu işi terk etme. Ol meniň iň asylly perzendimdir. Şeýle kişi biziň öwladymyzdan peýda bolar» diýdi.

Hezreti Adam muňa şükür edip, guwanardy. Hezreti Şis: «Eý, ata! Sen onuň artykmaçdygyny taryp edýärsiň. Onuň mertebesi seniňkiden artykmy?» diýip sorady. Hezreti Adam hiç jogap bermän, togtap galdy. Ol bu soragy üç gezek sorandan soň: «Eý, oglum! Muhammet alaýhyssalamyň mertebesi çäksizdir. Onuň mertebesine hiç bir mahluk ýetip bilmez. Hudaýtagala onuň ummatyna alty zady keramat eder. Olardan birini hem bize bermedi.

Birinji – Hudaýtagala meni bir günä bilen jennetden çykardy. Emma Muhammet pygamberiň ummatynyň günäsi köp bolsa hem, ony jennete girizer.

Ikinji – Allatagala meniň bir günämiň owazasyny äleme doldurdy. Ony bilmeýän we aňlamaýan hiç kes galmady. Onuň ummaty ýüz müň günä etse hem ol özüniň Settarul-uýub sypaty bilen olaryň aýyplaryny örter we olary hergiz äşgär etmez.

Üçünji – Allatagala meni günä bilen Howadan aýyrdy. Emma olaryň ýüz müň günäsi bolsa hem, olary bala-çagalaryndan hergiz jyda etmez.

Dördünji – Men bir günä bilen dünýäde üç ýüz ýyllap: ***«Eý, Taňrymyz! Biz öz-özümize zulum eden ekenik. Eger Sen biziň günämizi geçmeseň we Sen bize rehmet etmeseň, elbetde biz heläk bolujylardan bolarys»*** diýip ýygladym. Soňra men

Käbäni togap etdim. Muhammet alaýhyssalamy şepagatçy tutunyp, Allatagaladan günälerimi diledim. Allatagala meniň günälerimi ötdi. Emma Muhammet alaýhyssalamyň ummaty üç gezek ýa-da üç sapar: «Eý, Taňrym! Men bilmedim. Men hata etdim, men eden günälerime toba kyldym» diýip, säherde ah ursa ýa-da bir sagat göz ýaşyny dökse, Allatagala onuň günäsini öter».

Bäşinji – Allatagala meni bir günä bilen ýalaňaç etdi. Olaryň günäsi köp hem bolsa, hergiz olary ýalaňaç etmez.

Altynjy – men bir günä sebäpli Arafa dagyna barmazdan, gözümiň didesinden ganly ýaşymy dökmezden Allatagala hergiz meniň günämi ötmedi. Emma olara munuň üçin aýagyny gymyldadyp, bir ýere barmak hajat däldir. Beren nygmatlary üçin Allatagala öwgi-taryp bolsun!

Eý, oglum! Saňa ýene bir nesihat, sen: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» sözüni köp aýt. Allatagalanyň Biribardygyny adamlara aýt. Ondan soň Resulallanyň ulu mertebelidigini bil. Halaýyga onuň beýikligini äşgär et. Goý, olar muny bilip, oňa köp hezzet-hormat etsinler. Allatagala oňa: «Habybym diýipdir» diýip, sözüni tamam etdi. Soň Adam ata bir sandyk getirdi. Ol sandyga: «Şahadat sandygy» diýilýär. Ol sandygyň agzyny açyp, bir hat çykardy. Ol hatda pygamberleriň suratlary bardy. Her bir pygamberiň başyna gelýän ýagşyýamanlygy, ömürlerini, başlangyjy Adam alaýhyssalamyň, ahyry Muhammet resulalla we dört çaryýarlaryň (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) wakalary bardy. Şeýle hem ymam Hasan we ymam Hüseýiniň (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) dogluş we wepat boluş wakalary ýazyldygy.

Şis alahyssalam Adam ata bu haty okap, ony hemme perzentlerine eşitdirdi. Soňra ol päk, hoş hor ysly, nurly Muhammet alaýhyssalamyň nuruna, onuň neberesiniň, sahabalarynyň, ummatynyň ruhlaryna ýagşy dilegler etdi. Soň haty şahadat sandygynyň içine salyp, sandygy hezreti Şis alaýhyssa-

lamyň eline berdi. Ol: «Eý, perzendim! Meni Hudaýtagala ündeýär. Meniň ajalym ýakyn gelipdir. Menden soň halafat saňa galar. Sen ömrüňi tagat-ybadat bilen ötür. Bu gadymy şerigaty halaýyga ýagşy öwret. Allatagalanyň emrini ýazyk bilen berjaý etme. Hergiz Hudaýtagaladan gapyl bolma. Sen Hudaýtagalanyň zikrini we Muhammet alaýhyssalamyň salawatyny terk etme. Sen Hudaýyň pygamberinden medet we ýardam dile» diýip, döwlet taýagyny oňa berdi.

Ondan soň Adam atanyň oýuna zeýtun ýagy geldi. Sina dagyndan oňa zeýtun ýagyny getirip berdiler. Ol zeýtun ýagyndan bir bölegi iýip, mübärek bedenine sürtüp otyrdy. Jebraýyl alaýhyssalam bir näçe perişdeler bilen geldi. Olar hezreti Adamyň ýagdaýyny soradylar. Şol wagt Ezraýyl alaýhyssalam tagzym edip geldi. Hezreti Howa hezreti Adamyň yzynda otyrdy. Ol köp ýyglady. Hezreti Adamy daşary çykardylar. Ol Jebraýyl alaýhyssalama: «Eý, doganym Jebraýyl! Men Allatagalanyň permanyny berjaý etmändigim üçin asmandaky perişdeler maňa näme diýerlerkä diýip utanýaryn» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Adam! Asmandaky perişdeler Hudaýtagaladan saňa magfyret dileýärler» diýdi.

Hezreti Adam: «Men bu şermendeligim bilen Allatagalanyň dergähine nähili baraýyn» diýip, şeýle bir ahy-nala bilen ýyglady weli, onuň bu agysyna ýerdäki guşlar, haýwanlar, balyklar, asmanyň, Arşyň, Kürsüň, Lowhuň, Galamyň mahluklarynyň hemmesi nala etdi. Ol wagt Allatagala: «Eý, Adam! Men jennetleri seniň üçin arassalatdym. Hüýr-gulman, beýik eýwan, tagty seniň üçin arassa etdim» diýdi we bu zatlary häzir kylyp, olary Adam ata görkezdi. Ondan soň hezreti Adam hoşwagt bolup: «Eý, ölüm perişdesi! Indi öz işiňize ykjam boluň. Jan muştagyny beden kapasyndan çykaryň. Goý, ol howa uçsun» diýdi. Ol iman-yslama ykjam durdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, ölüm perişdesi! Bu Adam safyny Allatagala gudrat goly bilen ýaratdy. Oňa öz ruhundan dem berdi. Şonuň üçin onuň

janyny hormat bilen alyň» diýdi. Jan alyjy perişde bolan Ezraýyl hormat-sylag bilen onuň päk ruhuny aldy. Aýat: ***«Biz Allatagalanyň mülkündediris. Biz onuň huzuryna gaýdyp bararys»***.

Jebraýyl alaýhyssalam jennetden bir ýüpek getirip, ony kepen etdi. Şis alaýhyssalamyň baştutanlygynda hemme perişdeler bilen Adam atanyň jynazasyny okap, uly gowaga alyp, girip jaýladylar. Ol ýere Abu Kaýs dagy diýerdiler. Onuň jesedi Nuhuň tupanyna çenli şol ýerdedi. Tupan turmanka, Nuh alaýhyssalam onuň mübärek jesedini sandyga salyp, gämide özüne hemra edinip ýördi. Ondan soň, ony Serendibe eltip goýdy. Elbetde, bu zatlary Allatagalanyň özi gowy bilýändir!

**Hekaýat.** Adam alaýhyssalamyň on sekiz häsiýeti bardyr. Birinji – onuň suratyny Hudaýtagala öz gudrat goly bilen ýaradandyr; ikinji – oňa öz ruhundan dem berendir; üçünji – Allatagala onuň keşbini hemme keşplerden görkli edendir; dördünji – Hudaýtagala onuň suratyny özüne has kylandyr; bäşinji – ol asgyrandan soň «Alhamdulillä» diýdi we Hudaýtagaladan: «Ýerhemuke rabbuke» diýen owazy eşitdi; altynjy – oňa Allatagala zatlaryň adyny öwretdi; ýedinji – Allatagala ony jenneti etdi; sekizinji – perişdeleri oňa sežde etdirdi; dokuzynjy – ýer ýüzüniň patyşalygyny bagş etdi, onunjy – adam sebäpli Iblisiň boýnuna «Dergähden kowulan» duzagyny asdy; on birinji – jennetiň perişdeleri asy boldy; on ikinji – ol hamd aýdyjylaryň başy boldy; on üçünji – ol toba aýdyjylaryň başy boldy; on dürdünji – onuň päk ruhy päk jynsdan boldy; on bäşinji – ol Adam perzendiniň hemmesiniň atasydyr; on altynjy – ol pes göwünli boldy; on ýedinji – ol oglanlaryna nesihat etdi; on sekizinji – hezreti Muhammet alaýhyssalam onuň öwladyndandyr.

Emma hezreti Şis alaýhyssalamyň akyl-düşünjesi dürli tarapdan arassa hem bezelendi. Ol hemme yns-u-jynsa patyşa hem pygamberdi. Onuň şerigaty Adam alaýhyssalamyň şeriga-

tydy. Şis alaýhyssalam Muhammet alaýhyssalmyň nuruny ätiýaçlyk bilen ýagşy saklardy. Ol kämillik ýaşyna ýetdi we onuň öýlener wagty geldi. Allatagalanyň permany bilen Jebraýyl alaýhyssalam oňa Nahwaýla atly hüýri getirip berdi. Ol hüýri nika kylyp aldy. Ondan soň ol hüýr göwreli boldy. Ondan wagty gelip bir perzent doguldy. Ol perzendiň mübärek maňlaýynda Muhammet alaýhyssalamyň nury röwşenlik saçyp, karar tapdy. Onuň adyna Anuş goýdular.

Ol hem kämilik ýaşyna ýetip uly boldy. Şis alaýhyssalam oňa: «Eý, perzendim! Şatlygyň kämil nury tarapyndan atamyz yhlas edip, jan çekerdi. Men hem seniň bilen äht-peýman etjek. Bu nury ätiýaçlyk bilen sakla. Nämährem we näpäk mazlumlara ýakynlyk etme» diýdi. Anuş bu äht-peýmany jan-u-dil bilen kabul etdi.

Ondan soň hezreti Şis ony öýlendirdi. Bulardan Kynan doguldy. Olardan başga perzentler hem öndi. Emma Kynan olaryň hemmesinden ýagşyragydy. Onuň ömri sekiz ýüz kyrk ýyl boldy. Olaryň ömri tamam boldy. Şol zamanda Adamyň öwlatlary gum-toprakdan köp boldy. Olardan Mehlaýyl atly biri Babyl yklymyna baryp, Susan şäherini bina etdi.

Olar ýüz altmyş ýaşa baranda, olardan beýik mertebeli, şan-şöhratly, ylym eýesi Idris alaýhyssalam doguldy. Mehlaýylyň hem dokuz ýüz ýetmiş ýaşynda ömri tamam boldy. Şis alaýhyssalama Jebraýyl alaýhyssalam bafendilik ylmyny öwretdi. Bafendilikde alty häsiýet bardyr: Birinji, iki eli arassa bolmak, ikinji, hümmetli bolmak, üçünji, mysapyra dost bolmak, dördünji, kiçigöwünli bolmak, bäşinji, eden işi öli-dirä lazym bolmak, altynjy, dogrusözli bolmak.

Leýkin hezreti bibi Merýemiň birnäçe tapkärleri bozuk ýola başladylar. Şonda ol bafendilere: «Eý, Taňrym! Bu taýpanyň hünärinden bereketi göter» diýip, bet dileg etdi. Onuň dogasy kabul boldy. Onuň sebäbinden bafendiler gallaç galdylar. Bu

zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir! Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *BÄŞINJI KYSSA*
## HEZRETI IDRIS ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Idris alaýhyssalam Müsür ýurdunda Mälik diýen lakamy aldy. Ol assiriýaly pygamberdi. Araplar oňa Hermes diýerdiler. Hermes – diýmeklik ýyldyzlary tanaýjy diýmekdir. Idris alaýhyssalam ýydyzlaryň ýörüş-duruşlaryny, bagtyny, sähet-bisähetlisini, atlaryny, olaryň erkek we urkaçysyny bilerdi.

Idris alaýhyssalam Adam atanyň perzentlerinden ylmy rakumy öwrenipdir. Ol adamlara hat ýazmagy hem öwredipdir. Ol bina kylyjylaryň baştutanydyr. Gurluşygy ondan ökde hiç kim bilmezdi. Ol adamlara Taňrynyň permanlaryndan, hemme pygamberleriň şerigatlaryny beýan etmekden ders bererdi. Şol sebäpden oňa Idris diýip at berdiler. Owwal, ol pygamberdi. Ol hikmet babatynda üç gezek mertebelidi. Ol hem pygamber, hem patyşa, hem hekimdi. Şonuň üçin oňa Musallesun binnygma hem diýerdiler. Birinjiden, ol pygamber mürseldi. Ikinjiden, oňa otuz sahypa inderildi. Üçünjiden, ol münejjimdi, dördünjiden, ol hatdatdy, bäşinjiden, ol pagtadan bolan zatlary tikip geýmegi bilýändi, altynjydan, ol uruş ýaraglaryny gylyç, naýza, pyçak, ýaly zatlary ýasapdy, ýedinjiden, ol ylmy-towhydy beýan edijidi, sekizinjiden, kapyrlaryň balalaryny ýesir alypdy, dokuzynjydan, ol asmanda mekan tutupdy, onunjydan, hemme halk ölse hem, ol jennetde diri ýörmegidir.

Onuň pygamberligi Şis alaýhyssalama meňzeşdir. Şis alaýhyssalam dünýäden ötüp, Idris alaýhyssalamyň zamanyna çenli halk iman-yslamdan dänip, olaryň köpüsi küpürlik ýoluna giripdiler. Täzeden nika kylmak ondan galdy. Halk näpäklige düşüp, pyssy-pujurlyga ýüz urupdy. Bu küpür-zelalata düşenler Kabylyň öwladydy. Hemme halk butparazdy. Ol sebäpli Hudaýtagala bulara rysalat iberipdi.

*Ýene bir rowaýatda şeýle diýipdirler:* Olaryň ata-babalarynyň şerigaty ýitip gidipdi. Olar şerigaty bilmeýärdiler. Kim nähili ýol bilen ybadat etse bolardy. Çünki olara ýere, asmana sežde ederdiler, aýat-beýýinaty görerdiler. Idris alaýhyssalam bu taýpany Allatagalanyň ýoluna çagyrdy. Ýedi kişini çagyryp geldiler. Ol bular bilen çola ýere baryp: «Men dileg edeýin, siz «ämin» diýiň. Belki Allatagala bize bir şerigaty berer. Bize tagat-ybadat etmegiň usuly mälim bolar» diýdi. Olaryň hemmesi gollaryny açyp, başlaryny ýere goýup, dileg etdiler. Hergiz bularyň dilegi kabul bolmady. Ondan soňra olar gollaryny asmana göterip ýene-de dileg etdiler. Bu gezek olaryň dilegleri kabul boldy. Oňa Allatagaladan otuz sahypa hat-aýat indi. Rysalat bu halka muşerref boldy. Ol ýetmiş iki dili bilýärdi. Ol halkyň hemmesini imana dagwat etdi we her bir yklymyň halkyna bölek resim öwretdi.

Hemme ada, derýa we jeňňel arasyndaky halklar onuň permanyndadY. Onuň şerigaty towhydyň emri hem hökümi bilendi. Ol dünýäniň käbir işlerinden halky gadagan edip saklady we adamlara her aýda bir gün oraza tutmagy buýurdy. Maldan zekat bermeklik, ini hapalykdan gusul almaklyk, hatynlara haýzy-nefasdan päklenmekligi bildirdi. Doňuz, it, eşek ýaly haram zatlaryň etini iýmegi gadagan etdi. Ol her günde on müň tesbihu-tehlil okardy. Perişdeler onuň söhbetine gelerdiler. Onuň ýokarky derejeli mahluklar bilen aşnalygy hem bardy. Ol Zuhala dost bolup, otuz ýyl asmanda ýöredi we älemiň haky-

katlaryndan we syrlaryndan wakyf erdi, soňky pygamberlere geljek her bir wakalary bilerdi we olary kowumyna beýan ederdi. Onuň hezreti Nuh alaýhyssalamdan habary bardy. Ol Müsürde bir gümmez saldyrdy. Olar nirä ýöreseler hem ýene Müsüre gelerdiler. Ol hezreti rafygud-derejatyň Permany bilen uly derejä we belent mertebä ýetdi. Baky dirilige eýe boldy we baky jenneti boldy.

Elkyssa, ol dowzahyň azabyndan köp gorkardy we gije-gündiz şunuň pikirinde ýörerdi. Wagtyny ýagşy pursat bilip, tagat-ybadaty gün-günden zyýada ederdi. Perişdeler hemme halkyň tagat-ybadatyny Allatagalanyň dergähine alyp barsalar, adamlar ol sebäpden olar onuň ybadatyna muştakdylar. Çünki olar Idris alaýhyssalamyň ybadatyny hoş gördüler.

Bir gün Ezraýyl alaýhyssalam adam keşbine girip, gelip oňa üç gün myhman boldy. Idris alaýhyssalam bu kişiniň yns-jynsdan däldigini bildi we: «Siz nähili kişisiňiz?» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Men Melekul-möwtdirin» diýdi. Idris alaýhyssalam: «Siz näme iş bilen geldiňiz?» diýdi. Hezreti Ezraýyl alaýhyssalam: «Men sizi görmek üçin geldim» diýdi. Hezreti Idris: «Eger siz Melekul-möwt bolýan bolsaňyz, meniň janymy alyň» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam Allatagaladan rugsat diläp, onuň janyny aldy. Hezreti Idris öldi.

Ezraýyl alaýhyssalam Allatagala arz edip: «Eý, Taňrym! Seniň bendäň biwagt janyny aldyrdy. Sen ony gudratyň bilen direlt» diýdi. Hudaýtagala şol wagt oňa jan berdi. Hezreti Idris ýene direlip turdy we: «Indi meni asmana alyp baryň» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam Allatagaladan bu işe rugsat sorady. Allatagaladan: «Eý, Ezraýyl! Idris saňa näme diýse, sen şony hem kabul et» diýen bir owaz geldi.

Elkyssa, ony asmana alyp çykdylar. Soňra ol: «Indi meni dowzaha alyp baryň» diýdi. Ony dowzaha alyp bardylar.

Dowzahyň gyzgyny oňa täsir etdi. Ol: «Dowzah meni ýaramaz ýagdaýa düşürdi. Meni tizräk jennete alyp barsaňyz. Men ol ýerde aram tapsam» diýdi. Hezreti Melekul-möwt ony jennetiň işigine alyp geldi. Emma onuň işiginde gulp asylgydy. Hezreti Ezraýyl: «Eý, Mälik Ryzwan! Jennetiň işigini açyň» diýdi. Mälik Ryzwan: «Onuň açary bizde däldir. Ol musulmanlaryň dilindedir. Oňa Muhammet alaýhyssalamyň ummaty girýänçä, başga biri girmez» diýdi. Idris alaýhyssalam: «Men oňa bir girip, ýene çykaryn» diýdi. Mälik Ryzwan: «Eger ol «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýse, işik açylar» diýdi. Idris alaýhyssalam ýüreginden yhlas bilen: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýdi. Işik açyldy. Ol jennete girip tomaşa etdi, hüýr-u-kusuru we gulman-u-wildany, tagt-u-bagty, eýwan-u-keýwany, nazy-nygmaty, şireýi-şerbeti, nebatat we kandylatlaryny görüp, behiştden çykmaga raýy bolmady. Ol ýerde köwşüni goýup çykdy. Ol: «Meniň jennetde köwşüm galypdyr» diýip, ýene oňa girdi. Ondan soň Idris alaýhyssalam ýene behiştden çykmaga göwnemedi.

Mälik Ryzwan oňa: «Eý, Idris! Sen jennetden çyk» diýdi. Idris alaýhyssalam: «Meniň jennetden çykar ýaly işim ýok. Men bu ýerde galmaga geldim. Men öň ölümiň şerbetini datdym. Dowzaha girip çykdym. Syrat köprüsinden ötüp, gelip jennete girdim. Mundan hem çykaryn diýip oýlapdym. Onsoň men bu ýerden çykdym, soňra ýene girdim. Indi men behiştden çykmaryn» diýdi. Hezreti Ezraýyl bilen Mälik Ryzwan bu ýagdaýa haýran galyp durdular. Olar: «Eý, Taňrymyz! Seniň bu bendäň jennetden çykmaga göwnemeýär» diýdiler. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Onuň bu sözi rastdyr. Çykmasa, goý ol jennetde galybersin» diýen owaz geldi.

Idris alaýhyssalam jennetde baky galdy. Ol bu ýerde perişdelere goşulyp, ybadata meşgul boldy. Hezreti Şis

alaýhyssalamyň dünýäden bu ýere gelende ol ýüz ýaşyndady. Iki ýüz ýyl geçensoň bulara pygamberlige wehi geldi. Olar ýene ýüz bäş ýyl halky yslama çagyrdylar. Hezreti Idris altmyş bäş ýaşynda Ham diýen hatyny nikasyna aldy. Ondan Matuşlah doguldy. Ol ýüz ýigrimi bäş ýaşa girende Kaýnuş diýen gyza öýlendi. Ondan Nuh pygamber doguldy.

Päklik we ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ALTYNJY KYSSA*
## HARUT WE MARUT PERIŞDELERIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

*Enes ben Mälik ( goý, Allatagala ol ikisinden razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir*: Kabylyň bir kör ogly bardy. Onuň gözli ogly hem bardy. Bir gün atasyny ogly idekläp barýardy. Olara bir oglan sataşyp: «Bu adam atamy öldüren kişi» diýip, ol köri daş bilen urup öldürdi. Perişdeler bu wakany görüp: «Eý, Taňrymyz! Bu nähili ýagdaýdyr? Ol bu ejiz biçäräni bigünä urup öldürdi. Eý, Taňrymyz! Biz «Adamy ýaratma, ol nähak gan döker» diýip aýtmanmydyk»diýdiler. Allatagaladan: «Eger siz ýer ýüzünde bolsaňyz, onda siz mundan hem beter bozgakçylyk edersiňiz. Sizden köp uly günäler çykar. Olara zen, perzent, iýmek-içmek, zeru-sim, hyrslu-nebis (betnebislik), şöwhet (jyns gatnaşyklaryna bolan höwes), bulardan başga hem belaýy nägehan (duýdansyzlykda gelýän belalar) bardyr. Olaryň munça zatlar bilen asy –günäkär bolmaklary sähelçedir. Emma size ol belalaryň birini ýa-da ikisini bersem, siz tiz wagtda asy bolarsyňyz» diýen owaz geldi. Perişdeler: «Beýle ýagdaýlardan Allatagalanyň özi bizi penasynda aman saklasyn! Biz günä işleri etmeris»diýdiler.

Allatagaladan olara: «Eý, perişdeler! Öz araňyzdan iki sany ýagşy ylymly perişdäni saýlap geliň» diýip, perman boldy. Olar iki sany perişdäni alyp geldiler. Olaryň biriniň ady Garaýyldy,

beýlekisiniň ady Garaýaniýady, ýene biriniň ady bolsa Garaýady. Allatagala bu üçüsine nebis isleglerini, iýmek-içmek häsiýetini berip, olary ýer ýüzüne iberdi. Olaryň biri kazy, biri bolsa müfti boldy. Garaýyl diýeni bu pes älemde bolup, wakalara we ýagdaýlara birnäçe wagt ser salyp, haýran bolup ýöredi. Ol: «Biz bu gün ýa-da ertir asy bolarys» diýip, Allatagala arz edip: «Eý, Taňrym! Men bu sözden toba etdim. Meni öňki halyma getir» diýdi. Şeýdip, ol yzyna dolanyp geldi. Emma Garaýa bilen Garaýaniýa kazy we müfti bolup, hökümet hasasyny gollaryna salyp oturdylar. Bularyň perişdedigini hemme halk bildi.

Bir gün bir hatyn äri bilen uruşdy. Ol hatynyň ady Zöhredi. Ol päk aýaldy. Är-hatyn dawalaryny çözmek üçin kazynyň ýanyna geldiler. Kazy bilen müftiniň gözi bu hatyna düşüp, oňa aşyk boldular. Olar hatynyň ärine: «Sen bu hatyna zulum edipsiň. Sen ony talak et ýa-da oňa bir eminiň ýanynda öý tutup ber» diýdiler. Ol kişi hatynyny talak etmäge göwnemedi. Ol: «Bir eminiň ýanynda öý tutup bereýin» diýdi. Perişdeler: «Biz emindiris. Biziň ýanymyzda oňa öý tutup beräý» diýdiler. Ol kişi bu ikisiniň arasynda hatynyna öý gurnap berdi. Bir gün gije bu ikisi biri-birinden habarsyz Zöhräniň işigini sakladylar. Bir sagatdan soň bu ikisi bir-birinden habardar boldy. Ol ikisi maslahatlaşyp, Zöhräniň ýanyna geldiler. Olarda güýçli duýgy peýda boldy. Olar şöhwete hiç takat edip bilmediler. Ahyry bu nämährem hatyna gollaryny uzatdylar. Ol hatyn: «Siz perişdediris diýýärsiňiz. Siz bir beýle işleri etmäň» diýip, olary bu hereketlerinden saklajak boldy. Emma onuň bu sözi olara täsir etmedi, tersine olaryň jynsy duýgularyny güýçlendirdi. Ahyrsoňy ol hatyn: «Beýle bolsa, siz maňa asmana çykarýan ismi – Agzamy öwrediň. Ondan soň siz näme diýseňiz, men şony kabul edeýin» diýdi. Bular Zöhrä ismi – Agzamy öwretdiler.

Zöhre: «Ilki bilen men özümi suwa salyp päkläýin. Soň siziň teklibiňizi kabul edeýin» diýdi. Zöhre gusul we täret alyp päklendi. Ondan soň ol hajatlary bitiriji Allatagala arz edip: «Eý, Taňrym! Bu ikisi meni zyna etmäge meýil etdirjek bolýarlar. Zyna – Seniň dergähiňde uly günädir. Meniň zyna etmäge takatym ýokdur. Ismi – Agzamyň haky we hormaty üçin meni bulardan halas et!» diýdi. Allatagala Zöhräniň köňlüniň päkliginden onuň bu dilegini kabul etdi we perişdelere: «Ol hatyny  dergähime alyp geliň» diýip, perman berdi. Şol wagt säher çagydy. Perişdeler Zöhräni asmana alyp çykdylar. Zöhre säherde çykýan Çolgan diýen ýyldyza öwrüldi. Ol ýyldyz şol päk hatyndyr.

Elkyssa, bu hatynyň işi halka meşhur boldy. Köp hatynlar beýle işi höwes etdiler. Emma ony edip bilmediler. Bir hatyn bikarar bolup: «Maňa çakyr getiriň. Ondan içip, mest bolup, aýşy-eşret süreliň» diýdi. Ol hatyna çakyr getirdiler. Olar hatyn bilen çakyr içip, mes bolup, iki perişde onuň bilen zyna etdi. Soňra ol hatyn: «Siz maňa ismi – Agzamy öwrediň» diýdi. Olar oňa ismi – Agzamy öwretdiler. Ol ismi – Agzamy okap, asmana çykmakçy boldy. Allatagaladan perişdelere: «Bu näpäk, bozuk hatyny tutup uruň» diýen perman boldy. Perişdeler ony otly sütünler bilen urdular. Ol hatyn bäş bölege bölünip ýere düşdi. Olaryň biri kükürtdäki oda, biri çakylan oda, biri suwdaky oda, ikisi beýebandaky we goldaky oda öwrüldi» diýipdirler.

Elkyssa, ondan soňra bu perişdelerden bu hili günäler ýüze çykdy. Olar özlerine baksalar, ýüzleri döw sypat, reňkleri gara öwrülipdirler. Bularyň beýle işlerinden ähli perişdeler gyjalata galdylar. Allatagaladan: «Eý, perişdeler! Meniň gadagan eden işlerimi etdiňiz. Indi nähili bolarsyňyz?» diýen owaz geldi Olar: «Eý, Taňrymyz! Sen dana ekeniň, biz asy bolduk. Sen

bizi nähili işe buýursaň, biz şoňa laýykdyrys» diýip, ýüz müň puşman we nedamat etdiler. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam: «Indi siz hezreti Idris pygamberiň gaşyna baryň. Günäleriňiz bilen oňa arz ediň. Belki, ol Allatagaladan günäleriňizi diläp alar» diýdi. Olar Idris alaýhyssalamyň ýanyna gelip, günäleri bilen oňa arz etdiler. Idris alaýhyssalam mynajat kylyp, olaryň günälerini geçmegini Allatagaladan diledi. Allatagaladan: «Eý, Idris! Sen olaryň günäsini Menden dileme. Sen olardan sora, men olary dünýäde goýup, kyýamatda azap bereýinmi ýa-da dünýäde azap berip, kyýamatda azapdan aman edeýinmi?» diýen owaz geldi. Idris alaýhyssalam olardan sorady. Olar: «Ahyretiň azaby gatydyr. Biz bu dünýäde azapdan halas bolarys, ahyretde azapdan halas bolup bilmeris. Bu dünýäde azap tartanymyz ýagşydyr» diýdiler. Allatagalanyň permany bilen bu iki perişdäni Babylda bir guýynyň içinde başlary aşak, aýaklary ýokary edip asyp goýdular. Olar çakyr içip, zyna edendikleri sebäpli iki ukubete sezewar boldular. Olaryň biriniň burnuna çyranyň ysy dek ys gelip durar, beýleki biriniň bolsa guraly şöwhetden ýaňa ýarylandyr. Bu dertler olara tä kyýamat gününe çenli aram bermez.

Ýene bir rowaýatda, ol iki perişde köp kişilere jadylygy öwredendigi üçin Allatagala olardan perişdelik adyny göterip, Harut we Marut diýip at goýdy. Ol sebäpli Kaşmir welaýatynda jadylyk meşhurdyr. Her bir kişi özünden uly bilen oýnaşsa, onuň jezasy şeýle bolar.

Elbetde, bu zatlary Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *ÝEDINJI KYSSA*
## NUH ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Nuh alaýhyssalam: ***«Men sizi äşgär gorkuzyjydyryn»*** diýip, kowumyna nesihat berdi. Ol: «Men: ***«Siz Taňryňyzdan günäňizi geçilmegini diläň. Allatagala günäleri geçijidir» diýip aýtdym»*** diýdi. Ol: ***«Eý, Taňrym! Ýeriň ýüzünde kapyrlardan bir adam hem goýma»*** diýip, Allatagaladan dileg etdi. Ol: ***«Biz ony we onuň ýanyndakylary tupandan halas etdik»*** diýen aýat bilen hormat-sylaga eýe boldy. Oňa: ***«Eý, Nuh! Sen biziň tarapymyzdan salamatlyk bilen gämiden düş!»*** diýen mertebe halaty berlendir. Ol: ***«Nuha hemme älemlerde sag-salamatlyk bolsun»*** diýen ýalkawa mynasyp bolandyr.

### Nazm

Gündogardan Günbatara Nuh pygamber dagwaty,
Elli egsik müň ýyl ol rysalat müddeti,

Gije-gündiz özi ýalňyz gaýgy-emgek ýüklenip,
Söz eşitmez kapyr era günde artdy zähmeti.

Haka: «Lä tezer» diýip, ýalbaryp kyldy doga,
Bu ejabata dogadan kyrk ýyl erdi möhleti.

Din üçin köp kyn tartyp, ýörütdi hak ýarlygyn,
Gije-gündiz emgek içre galmady hiç takaty.

«Wasna‘il-fulke» emri bilen ýondular üç gat gämi,
Girdi oňa, ýetdi erse ile tupan haýbaty.

Ýagdy ýagmyr, akdy sil hergiz dynmaý alty aý.
Görki mundag, mundan artyk möwlamyzyň gudraty.

Özi galdy üç ogul-gelinleri birle ýene,
Barça öldi top tükendi küfru-betgat zulmaty.

Nuh ibn Elmek ibn Matuşlah ibn Idris ibn Mehlaýyl ibn Senha ibn Kaýnuş ibn Kynan ibn Anuş ibn Şis ibn Adam. Onuň şunuň ýaly on arkasy bardyr. Olaryň hemmesi musulmandy. Nuh alaýhyssalamyň ady Şäkirdi. Ol köp nuha kylany üçin oňa Nuh diýip at berdiler. Onuň aglamagy üç sebäpdendir:

*Birinji sebäbi* – bir gün şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) onuň ýanyna gelip, hetden-hasapdan daşary razylyk we minnetdarlyk bildirdi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, melgun! Sen näme üçin munça şat bolýarsyň?» diýdi. Iblis: «Eý, Nuh! Hemme älemiň halky seniň dilegiň bilen ýok boldy. Olar suwuň üsti bilen dowzaha düşülerdi. Dowzahyň içi dolup, meniň köňlüm dynç-aram tapdy. Men gam-gussadan halas boldum. Eger sen dileg edip, munça halky ýoklamadyk bolsaň, bulardan gör näçe pygamber, näçe weliler, näçe alymlar, näçe zahytlar, näçe ýagşyzada-salyhlar, näçe pazyllar beýik mertebeliler peýda bolardy. Men ol sebäpli saňa minnetdar bolşum ýaly, owwal-ahyr hiç kim minnetdar bolan däldirin. Maňa sen dek hyzmat eden hiç bir kişi ýokdur» diýdi. Nuh şonuň üçin ol puşman-nedamat edip: «Näme üçin men sabyr etmän, bitakat bolupdyryn» diýip, köp ýyglady. Bu agynyň

agyrysyny tende jan we diňe Allatagala bildi. Bu sebäpli oňa Nuh diýip at berildi.

*Ikinji bir sebäbi*, ol bir gün otyrka, bir it gelip, onuň ýanynda durdy. Nuh alaýhyssalam oňa: «Eý, betşekil it, aňry git!» diýdi. Ol it: «Eý, Nuh! Sen nagyşy aýp bilýärsiňmi, ýa-da nakgaşy? Eger sen nagşy aýyp bilseň, onda men öz halyma bolmadym. Eger nakgaşy aýyp bilseň - ol Allatagaladyr» diýdi. Nuh alaýhyssalam ite aýdan bu sözüne ökünip ýyglady. Bu sebäpli oňa Nuh diýip at berdiler.

*Üçümji bir sebäbi,* Allatagaladan şeýle habar geldi: «Eý, Nuh! Sen köp ham täret küýzesini taýýar et». Nuh alaýhyssalam köp ham täret küýzesini taýýar etdi. Soň oňa: «Olaryň hemmesini syndyr» diýip, perman boldy. Ol olaryň hemmesini syndyrdy. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen küýze ýasa diýdiň. Men olary nähili muşakgatlar bilen taýýar etdim. Soňra sen olaryň hemmesini syndyr diýip, perman berdiň. Men hem olaryň hemmesini syndyrdym. Sen meniň zähmetimi zaýa etdiň, onuň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Allatagala: «Eý, Nuh! Sen bäş-alty günde ýasan jansyz küýzäň üçin: meniň zähmetimi zaýa etdiň diýýärsiň. Meniň bendelerim Gündogardan Günbatara çenli doludy. Sen olaryň hemmesini ýok et diýip dilediň. Men seniň bu dilegiňi kabul edip, olaryň hemmesini bir gezekde ýok etdim. Emma men saňa şunça halkymy näme üçin ýok edeýin diýdimmi?» diýdi. Ol bu sözden köp gyjalata galyp, kän ýyglady. Onuň üçin ol Nuh diýip atlandyryldy.

Elkyssa, Nuh alaýhyssalamyň zamanynda bu älem Gündogardan Günbatara çenli tamlar biri-birine bitişip durdy. Tamlaryň üsti bilen Gündogardan Günbatara çenli ýere düşmän baryp bolýardy. Ýer ýüzünde ekin ekmäge ýer galmandy. Şonuň üçin adamlar daglaryň üstüne toprak daşap, daşlaryň

üstünde ekin ekerdiler. Eger asmandan taýak taşlasaň, ol adamlaryň başyndan başga ýere düzmezdi.

Hezreti Nuh alaýhyssalamyň pygamberliginiň sebäbi şudur. Idris alaýhyssalam bu dünýäden göterilip, ebedi jennete galdy. Aradan köp wagt ötdi. Yslam ýok bolup gidip, dünýäni küfru-zelalat tutdy. Adam perzentleri iki kysym boldy. Kabylyň perzentleri şäherde, hezreti Şis alaýhyssalamyň öwlatlary dag-düzlerde mekan tutundylar. Bularyň ýigitleri görmegeýdi. Kabylyň öwlatlary görmeksiz we betgörnüş halkdy. Emma olaryň hatynlary owadandy. Bularyň adaty ili ýygnap, nagara çalyp, oýnamakdy.

Bir gün şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) gelip, nagara çalyp, ili ýygnady. Ol gün bularyň baýramydy. Şis alaýhyssalamyň öwlatlaryndan bir kişi gelip bularyň işine tomaşa etdi. Bu kişi bularyň owadan gyz-gelinlerini görüp, olara höwes etdi. Ol baryp birnäçe ýigitlere bu wakany aýtdy. Olaryň bulary görmezden höwesleri gelip, bu ýigit bilen tanşyp, baýrama tomaşa etmäge geldiler. Olar bu biwepa, bozuk hatynlary görüp, olar bilen oýnaşdylar. Bara-bara Şisiň ýaş ýigitleriniň köpüsi bu ýere gelip, bozuk işlere köňül berip, köp pyssy-pujurlyklar etdiler. Allatagala ol halky dogry ýola çagyrmak üçin Nuh alaýhyssalamy iberdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Biz Nuhy öz kowumyna gaty azap gelmezden öň: «Kowumyňy onuň bilen gorkuz»*** diýip iberdik». Ikinji söz şudur, Hezreti Adam safyulla: «Meniň perzentlerim Kabylyň öwlatlaryndan hatyn almasyn, olara hatyn hem bermäň» diýip wesýet edipdi.

Bir gün Şis öwlatlaryndan ýüz ýigit bu şähere gelip, owadan hatynlary görüp, olar bilen oýnaşdylar. Bu hatynlar ýagşy näz-kereşme edip, olary özlerine är edindiler. Bu ýigitleri yzlap, ýene şunça kişi geldi. Olary hem bozuk aýallar tutup alyp, allaryna salyp, bozmaga we azdyrmaga başladylar.

Olaryň käbirleri köňül berip är-hatyn bolup galdylar. Kabylyň öwlatlary sansyz bolup gitdi. Olaryň kapyrlygy, butparazlygy hemme halka ýaýrady.

**Hekaýat**. Butparazlygyň başlanşy şeýledir. Hezreti Adam ölende Kabylyň öwladynyň käbirleri: «Ata-babamyzy togap edeli» diýýärdiler, käbirleri olary bu işi etmäge goýmazdylar.

Bir gün şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) gelip: «Men size agaçdan bir surat ýasap bereýin. Siz şoňa togap etseňiz, ata-babaňyz Adam alaýhyssalama togap eden ýaly bolarsyňyz» diýdi. Bular şeýtanyň sözüni kabul etdiler. Şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) olara bäş sany surat ýasap berdi. Olaryň biriniň ady Ýagus, biriniň ady Ýaguk, biriniň ady Neser, biriniň ady Suwag, biriniň ady bolsa Uzzady. Olaryň biri bu butlaryň birine sežde etdi. Garaz olaryň her haýsy bir taýpa bolup gitdi. Bular buta sežde edip, köp yhlas we jan çekdiler. Ol wagtda halk örän köpdi. Olar iki aý ýöreseler hem bitişik köçeleriň soňuna çykyp bilmezdiler. Hiç bir boş ýer ýokdy. Olar ekini dagyň depesine ekerdiler. Şol wagt Allatagala Nuh alaýhyssalama: «Bu kapyrlary, otdan, butdan ýüzüni öwürt. Sen olary Meniň Biribarlygyma ünde. Meniň erkimi, hökmümi olara ýetir. Olar meni tanasynlar. Seniň taňrynyň pygamberidigiňi karar etsinler. Olar otdan we butdan ýüz öwrüp, maňa sežde etsinler. Men olara munuň üçin ebedi jenneti bagyş ederin. Olary jennetde tagt üstünde oturdyp, bagt, täç, hülle, hüýrler we köşkler bilen mertebelärin. Olary dürli-dümen nazy-nygmatlar, nebatat we kandylat bilen hormatlaryn. Bulardan başga hem köp-köp engam-yhsan ederin. Kim seniň dagwatyňa unamasa. Meniň Biribarlygyma karar we kabul etmese, imanyslama gelmese, olara bu älemde dürli-dürli azaplary görkezerin. Olary ahyretde dowzah azabyna we jezalaryna ebedi sataşdyraryn. Olaryň iýmiti zakgum, içgileri zäher bolar.

Olaryň damaklaryndan zäheriň awusy müň ýylda hem gitmez. Mundan başga hem olara köp dürli azaplary bererin» diýdi.

Hezreti Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Dünýä giň, adamlar köpdür, men bolsa ýalňyz ýeke özüm. Meniň munça halka güýjüm ýetmez. Eger olar meniň aýdanyma unamasalar, onda men näme alaç ederin» diýdi. Allatagaladan: «Sen olara meniň ýarlygymy (buýrugymy) ýetir. Olaryň imany: «Lä ilähe illalla, Nuh nebiulladyr». Sen adamlara muny öwret» diýip, owaz geldi.

Elkyssa, hezreti Nuh alaýhyssalam kapyrlary Allatagalanyň ýoluna çagyrmaga başlady. Ol köçelerde, saraýlarda we bazarlarda ýöräp, halka pent-nesihat etdi. Ol Taňrynyň permanyny halka ýetirdi. Emma kapyrlar ony masgaralap, üstünden gülüp: «Bu jynly kişi bihuda sözleri aýdýar» diýdiler. Ony daş we agaç bilen urup, başyna toprak saçdylar. Nuh alaýhyssalam bir gün Allatagala: «Eý, Taňrym! Men kapyrlara köp pent-nesihat berdim. Emma olar meniň sözlerimi kabul etmediler. Olar meniň sözlerimi eşitmejek bolup, gulaklaryny dykýarlar» diýip, arz etdi.

Hezreti Nuh alaýhyssalamyň kapyrlara wagyz-nesihat berip başlanyna üç ýüz elli ýyl ötdi. Olar oňa diňe yza we kemsitmeleri berdiler. Şunça mütdetde segsen kişi musulman boldy. Nuh alaýhyssalam: ***«Men halkymy gije-gündiz imana we yslama çagyrdym. Meniň bu çagyryşym olaryň imandan gaçmagyndan başga zady artdyrmady»***. Eý, Taňrym! Üç ýüz elli ýyldan bäri wagyz-nesihat etsem hem olardan segsen kişiden başgasy musulman bolmady. Emma olar maňa berýän külpetlerini günbe-günden artdyrýarlar» diýdi. Allatagala oňa: «Eý, Nuh! Entek sabyr et!» diýip, perman berdi. Kapyr ölmänkäler, çagalaryna: «Bu jynlynyň sözüne gulak asmaň. Goluňyzdan gelse oňa ezýet beriň, ony uruň» diýip, nesihat edip giderdiler.

Bir gün Nuh alaýhyssalam bir ýere barýardy. Onuň öňünden bir kişi alty ýaşly çagasyny göterip gelýärdi. Ol çagasyna: «Eger men ölsem, bu masgara jynly babanyň sözüne girme, oňa gulak asma. Wagtyny tapsaň, oňa yza ber» diýip, maslahat berdi. Ol çaga: «Men ulalýançam bu baba diri galar ýa galmaz. Gowusy, men ony häzir uraýyn» diýip, Nuh alaýhyssalamyň kellesine daş bilen urdy. Onuň kellesi ýarylyp, gan akdy. Ol: «Eý, Taňrym! Bu maňa nähili yza-külpetdir. Indi meniň takat we sabrym galmady. Olaryň ulusy hem, kiçisi hem maňa ejir görkezýärler. Alty ýaşdaky çaga hem maňa ezýet berýär» diýdi.

Allatagaladan: «Eý, Nuh! Sen derek agajyny köp ek» diýip, owaz geldi. Hezreti Nuh alaýhyssalam derek ekdi. Ol agaçlar ulalýança kyrk ýyl geçdi. Oňa çenli ýagmyr ýagmady, kapyrlaryň hatyny perzent dogmady. Ýylky-garasy, maly hiç köpelmeti. Bulaklar gurady. Derekler ösüp, garrylyga ýetdi. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Sen derekleri kes we olardan gämi ýasa. Men adamlaryň üstüne tupan belasyny iberjek. Gündogardan tä Günbatara çenli ýeriň ýüzi suwdan dolar. Suw iň beýik daglardan hem kyrk gez ýokarda durar. Hiç bir jandar diri galmaz, meger seniň bilen gämä giren jandarlar diri galar. Olardan başgalaryň hemmesi heläk bolar» diýýen bir owaz geldi. Bu owazy eşidenden soňra Nuh alaýhyssalam derekleri kesip, şal ýasap, tagtalary taýýar etdi. Ol bentlerini berkitmek üçin demir ýasady. Ol üç gat gämi gurmaklygy niýet edindi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Öküz bilen şir, gurt bilen goýun, garçgaý guşy bilen kepderi duşmandyr. Men bulary biri-birinden nähili tutup aýra saklaryn» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Sen olar biri-birine goşulmaz ýaly üç gat gämi taýýarla» diýip, bir owaz geldi.

Nuh alaýhyssalam tagtalary ýondy. Her bir tagtada bir pygamberiň adyny ýazyp çykdy. Ahyry dört tagta kem geldi.

Onuň bu dört tagtasyz alajy bolmady. Bu dört tagta üçin derek ýokdy, başga bir agaç hem ýokdy. Ol haýran galyp durdy. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Nil derýasynyň ortasynda bir çynar bardyr. Ol Anuşyň zamanasyndan galan çynardyr. Şol çynary kesip, gelip ýarsaň, ondan dört tagta çykar. Ondan soň seniň gämiň taýýar bolar» diýip, bir owaz geldi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men ýalňyzdyryn, ol çynary niçik alyp gelerin. Ol ýer bilen bu ýeriň arasy ýüz günlük ýoldur»diýdi.

Allatagaladan: «Eý, Nuh! Iwaj bin Ynagy bir gezek nahardan doýur. Onsoň ol saňa ony getirip berer» diýen owaz geldi. Nuh alaýhyssalam: «Ol müň batman aş-nan bilen doýmaýar. Özi hem hiç howlukmaýar. Men munça tagamy nireden tapaýyn?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Ony meniň özüm doýraryn. Sen onuň hergiz gamyny iýme» diýen owaz geldi.

Ähli zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *SEKIZINJI KYSSA*
## IWAJ BIN YNAGYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

*Şeýle rowaýat edipdirler:* Nuh alaýhyssalamyň kowumynda Iwaj bin Ynak atly bir kişi bardy. Onuň enesi Ynak Adam alaýhyssalamyň gyzydy. Iwaj onuň ogludy. Ol ägirt uludy. Ol ýörände bir aýagy bilen beýleki aýagynyň aralygy bir günlük ýoldy. Onuň höregi derýalardaky äheň balyklardy. Ol balygy güne çoýup bişirip iýerdi.

**Hekaýat.** Iwaj tupanda heläk bolmady. Ol kapyr däldi. Onuň hatyny ýokdy. Ol derýanyň kenarynda we jeňňellerde gezerdi. Tupanyň suwy onuň dyzyndan ýokary ötmedi. Iwaj hatyny ýaman görerdi. Ol hatyn almazdy. Emma ol bir gyzy alyp gaçyp, ony dagyň üstünde kişi görmez ýaly ýerde goýdy. Ony guş hem görmedi. Bu gyz ösüp ulaldy. Iwaj är-hatynlyga meýil etdi. Gyz gorkup, ony kabul etmedi. Ertesi Iwaj çykyp gitdi. Gyz dagyň etegine geldi. Onuň bir ýigide gözi düşdi. Gyz ýigide magşuk, ýigit hem gyza aşyk boldy. Emma olar bir ýerde bolmaga hiç ýagdaý tapmadylar. Ýigit bir kempire ýagdaýyny aýtdy. Kempir: «Eý, ýigit! Sen bar-da bir sandyk alyp gel» diýdi. Ol ýigit bir sandyk alyp geldi. Kempir ýigidi sandyga salyp, dagyň eteginde goýup oturdy. Birden Iwaj geldi. Ol kempir ýyglap: «Eý, oglum! Bu sandykda kişiniň amanaty bar, şony sen saklap ber. Meniň başga kişä ynamym ýokdur» diýdi. Iwaj sandygy alyp, baryp ol gyzyň ýanynda

goýdy. Iwajyň özi her günde gyzyň ýanyndan giderdi. Gyz bu sandygy açyp, ýigit bilen aýşy-eşret sürerdi. Bir gün Iwaj awdan geldi. Görse, bir adamyň yzy bar. Ol gyzdan: «Bu ýere kim geldi?» diýip sorady. Gyz: «Hiç kim gelmedi» diýdi. Iwaj sandygy açyp, ol ýigidi gördi. Iwaj gaharlanyp ol ýigitden: «Seni bu ýere kim alyp geldi?» diýip sorady. Ýigit alaç tapman dogrusyny aýtdy. Iwaj ol ýigidi daňyp goýup, kempiri alyp geldi. Ol kempiri, ýigidi we gyzy bir ýere daňyp goýup, olaryň üstüne böwl etdi. Olar böwla gark boldular».

Ýene bir rowaýat aýdypdyrlar. Iwajyň bir halka gahary gelse, bir aýagyny obanyň bir garasynda, beýleki aýagyny bolsa obanyň ol başynda goýup, bowl etse, obanyň adamlary peşewe gark bolardylar.

**Hekaýat.** Rum serhedinde bir şäher bardy. Şäher adamlary odun daşamak bilen gün-güzeran görerdiler. Birnäçe adamlar odun daşamak maksady bilen Iwajy çagyryp geldiler we oňa: «Eý, Iwaj! Sen bize odun çykaryp ber. Biz seniň höregiňi bereli» diýdiler. Iwaj bularyň sözüni kabul etdi. Ol her gün jeňňelden odun alyp, gelip şäheriň ýanynda goýardy. Ýigrimi-otuz kişi ol oduny şäheriň içine daşardylan. Bu halk maslahat bilen şäheriň öňünde iki howuz köwdüler. Howzuň her biri bir batmanlyk ýerdi. Öý başyna bir tabak aş we bir nan alyp çykyp, bir howza aşy, beýleki howza nany taşladylar. Nan-aş alyp gelen kişiler bir bogdak odun alyp giderdiler. Iwaj hem her gün: aşy bir ýuwdup, nanlary ýygnap bir agyzda iýerdi. Soň onuň nebsi aram tapardy. Emma ol ömründe garny doýar-doýmaz bolup ýörerdi. Ol hergiz doýynça tagam iýip görmändi.

Hezreti Nuh alaýhyssalam oňa: «Sen maňa şol çynary getir. Men öýden tagam getirip seniň garnyňy doýuraýyn» diýdi. Iwaj: «Eý, Nuh! Sen meniň bilen ol ýere baryp, haýsy çynary isleseň, ony getirip bereýin» diýdi. Nuh alaýhyssalam: «Men

seniň bilen deň ýöräp bilmerin» diýdi. Iwaj: «Men seni göterip gideýin» diýdi. Onsoň Iwaj Nuh alaýhyssalamy göterip, ol ýere alyp bardy. Ol ýere ýetip: «Eý, Nuh! Sen haýsy çynary isleýärsiň?» diýip sorady. Nuh alaýhyssalam bir näçe çynary görkezdi. Olaryň ýogynlygy kyrk gez, uzynlygy bolsa togsan gezdi.

Iwaj derýanyň kenarynda durup, bir goluny uzadyp, bir goly bilen ol çynary ýolup aldy. Çynary ýüz batmanlyk laýy bilen sowrup çykardy. Iwaj Nuh alaýhyssalamy boýnuna göterip, çynary bir golunda saklap, Nuh alaýhyssalamyň şäherine getirdi. Ondan bäş tagta öndi. Çynary ýonup bejerdiler. Ol agaçlaryň her birinde bir at ýazylyp çykdy. Olaryň birinde Muhammet alaýhyssalamyň ady, galan dördüsinde bolsa, dört çaryýarlaryň atlary bardy.

Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bu tagtalarda atlary ýazylan kişiler kimlerdir?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Muhammet meniň söwer dostumdyr. Ol dört kişi onuň dört çaryýarlarydyr» diýen owaz geldi.

Soňra Nuh alaýhyssalamyň ýanyna Iwaj gelip: «Eý, Nuh! Men ýagşy hyzmat etdim, indi sen maňa tagam ber» diýdi. Nuh alaýhyssalam mynajat edip: «Eý, Taňrym! Men muny nähili doýraryn?» diýdi. Hudaýtagaladan Jebraýyl alaýhyssalama: «Iwaj doýynça tagam getir» diýip, perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam iki arpa nany getirip berdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Nany Iwajyň agzyna: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýip salyň we Hudaýtagalanyň gudratyna tomaşa eýläň. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Iwaj! Men seni şol iki nan bilen doýraryn» diýdi. Iwaj gülüp: «Eý, Nuh! Sen meniň üstümden güljek bolýarsyňmy? Men her gün müň nany iýsem hem maňa huruşlyk bolmaýar» diýdi. Şol wagt Nuh alaýhyssalam bir nany uşadyp, ony Iwaja berdi we oňa: «Sen muny «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýip iý» diýdi. Iwaj: «Bismillähi-r-

rahmany-r-rahym» diýip, bir nanyň ýarysyny iýdi. Ol orta garyn boldy. Nuh alaýhyssalam oňa nanyň galan ýarymyny berdi. Ol bu ýaryny iýip doýdy we arzuwyna ýetdi.

Bu «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» jümlesiniň häsiýetidi. Nuh alaýhyssalam oňa ikinji nany hem berdi. Soňra Iwaj öňki oduncylygyna bardy» diýipdirler.

**Rowaýat.** Iwaj Nil derýasynyň kenaryna baryp, iki aýagyny derýanyň ol kenaryna uzadyp oturdy. Şol wagt Ezraýyl alaýhyssalam gelip, onuň janyny aldy. Iwajyň iki aýagy derýanyň üstünde köpri bolup galdy. Onuň içini deşdiler. Onuň aýagynyň içinden ençe ýyllap kerwen ýöredi. Bir gün iki tarapdan onuň içine kerwen girdi. Kerwenler derýanyň ortasyna ýetende, olaryň ýüki çaknyşdy. Olar biri-biriniň ýükleri bilen derýanyň içine agdaryldylar. Şonuň üçin derýanyň iki kenarynda hem nagara goýdular. Bir tarapdan kerwen girse, nagara kakardylar. Nagaranyň owazyny eşidip beýleki tarapdaky kerwen garaşardy. Adamlar: «Iwajyň süňki çüýräp galmasyn» diýip, ony ýylda bir gezek ýaglap goýardylar. «Kyýamat güni gelip, tüýdük çalynýança Iwajyň aýagy derýa köpri bolup durar» hem diýipdirler.

**Rowaýat.** Iwaj hezreti Musanyň döwrüne çenli diridi. Ol: «Men Musanyň leşgerini gördüm. Ol leşger dört agaç ýeri tutup durdy» diýipdir. Iwaj bir dagy göterip, baryp ony Musa alaýhyssalamyň leşgeriniň üstünden inderip heläk etmekçi boldy. Allatagala hüthüte: «Iwajyň elindäki dagy deş» diýip, perman berdi. Hüthüt gelip, ol dagy deşdi. Dag Iwajyň boýnuna galkan bolup girdi. Musa alaýhyssalama: «Indi Iwajy hasaň bilen ur» diýip buýurdy. Iwaj Musa alaýhyssalam bilen söweşip bilmedi. Musa alaýhyssalamyň boýy on iki garydy, hasasy hem boýuna deňdi. Musa alaýhyssalam ony hemme möminler bilen urdy. Iwaj ýykylyp ýere düşdi. Musa alaýhyssalamyň kowumy ony ýenjip-ýenjip öldürdiler. Iwajyň bir

gapyrgasyny döwüp aldylar. Onuň uzynlygy dört agaçlyk eken. Ony derýa köpri etdiler.

Musa dileg etdi. Hüthüt guşlaryň arasyndan saýlandy. «Hüthüt beýleki guşlara höwürtge salyp berer» diýipdirler.

Elkyssa, Nuh alaýhyssalam tagtalary ýonup duran wagty kapyrlar gelip: «Eý, Nuh! Sen öň pygamberdiň, indi neçjar bolduňmy?» diýip, ony ýaňsylardylar.

Hezreti Nuha gämi ýasamagy Jebraýyl alaýhyssalam öwretdi. Ol oňa suwdaky ördegi görkezdi. Nuh alaýhyssalam ördege meňzedip, gämi ýasamaga başlady.

Nuh alaýhyssalam gämini taýýar etdi. Kapyrlar gelip ondan: «Eý, Nuh! Bu gämi nämedir? Ol näme üçin gerek?» diýip soradylar. Nuh alaýhyssalam: «Bu dünýä suwdan dolar. Her kim maňa iman getirse, «Lä ilähe illalla, Nuhun nebiýýulla» diýse, Hudaýtagalanyň birligine we Biribarlygyna iman getirse, ol şu gämä girer. Ol suwda heläk bolmaz» diýdi. Kapyrlar ony masgaralap, gülüp gitdiler. Nuh alaýhyssalam olara: «Bu wagt siz meni masgaralap gülýärsiňiz. Emma tupanyň azaby gelende men siziň üstüňizden gülerin» diýip, jogap aýtdy.

Bir gün kapyrlar gelip, gaýyt kylyp, gäminiň içini nejasatdan doldurdylar. Gäminiň içinde gurtlar peýda boldy. Nuh alaýhyssalam gämini arassalamagyň alajyny tapmady we mynajat edip: «Eý, Taňrym! Kapyrlar bu gämini nejasat bilen doldurdylar. Men gurtlara näme alaç ederin?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Sen onuň gamyny iýme. Ony saňa özleri arassalap bererler» diýen owaz geldi.

Birnäçe günden soň kapyrlaryň hemmesi juzam keseline ýolukdylar. Olaryň uly-kiçileriniň gaş-kirpikleri, saç-sakgallary döküldi. Olar bu derdiň agyrysyna çydam edip bilmediler. Nuh alaýhyssalam: «Siz gäminiň içindäki nejasaty iýseňiz, bu keseliňizden açylarsyňyz» diýdi. Kapyrlaryň biri ondan iýip

gördi, ol dertden saplandy. Bu habary beýleki kapyrlar hem eşitdiler. Olar gämidäki nejasaty çöpläp aldylar. Ahyrynda olar gämini ýuwup, nejasatyň suwuny içdiler. Elgaraz, kapyrlaryň özleri gämini arassalap berdiler.

Elkyssa, Nuh alaýhyssalam obama-oba, şäherme-şäher aýlanyp, adamlary imana çagyrdy. Kapyrlar ony daş we sypal bilen urup kowdular. Ahyrynda Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen maňa: «Men tupan ibererin» diýip wada edipdiň. Ol haçan miýesser bolar?» diýdi. Allatagala: «Eý, Nuh! Haçan seniň tamdyryň içinden suw çyksa, saňa wada beren azabymyň başlangyjy bolar» diýdi.

Allatagaladan ýene-de: «Eý, Nuh! Sen hemme jandardan bir jübüt erkek we bir jübüt urkaçy alyp, olary gämä sal. Olaryň nesli kesilmesin» diýen owaz geldi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men ýalňyzdyryn. Men munça mukdar janawary jübüti bilen nähili tutaryn?» diýdi. Hudaýtagala: «Men taňla hemme janawarlary jübüti bilen gäminiň ýanynda häzir ederin» diýdi. Ertesi hemme janawarlar jübüti bilen gäminiň töweregine geldiler. Nuh alaýhyssalam hemme janawarlaryň başy pil, soňy mürçe, guşlardan we uçýan mör-möjekleriň başy symrug, soňy çybyndan bir jübüt bir jübüt edip gämä saldy. Ol hemme miweleriň tohumyny hem aldy. Segsen sany musulman bolan kişini gämä girizdi.

Nuhuň gämisi üç gatdy. Onuň uzynlygy bir müň iki ýüz gary, ini iki ýüz garydy. Gämä ýüz ýigrimi dört müň demir bag bagladylar. Her bir bagda bir pygamberiň ady ýazylgydy. Şeýtan ol ýazgylardan «Muhammen resulalla» diýen ýazgyly bagy ogurlady. Nuh alaýhyssalam ony köp gözledi, emma tapmady. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti Nuha şeýtanyň bu ogurlygyndan habar berdi. Jebraýyl alaýhyssalam şeýtana: «Ony Nuha ber» diýdi. Şeýtan: «Men ony almadym» diýip, ant içip, awy ýalady. Jebraýyl alaýhyssalamyň gahary geldi. Ol

gäminiň bir agajyny alyp şeýtanyň başyna urdy. Onuň başy we gözi gana bulandy. Soň şeýtan gorkusyndan bagy Nuh alaýhyssalama berdi.

Nuh alaýhyssalam gäminiň ýokarky gatynda guş we gurtlary, ortaky gatynda ogullary Hamy, Samy, Ýafesi, segsen musulmany, aşak gatynda ýylky-garalary we beýleki janawarlary ýerleşdirdi.

Nuh alaýhyssalamyň dört ogly bardy. Kengan, Ham, Sam, Ýafes. Kengan onuň uly ogludy. Ol kapyrdy. Galan üç ogly musulmandy.

Nuh alaýhyssalam gije tupanyň gelerine garaşdy. Emma daň atýança tupandan hiç hili nam-nyşan bolmady. Daň atdy. Nuh alaýhyssalam mynajat edip: «Eý, Taňrym! Sen maňa: tupany gije ibererin diýip wada edipdiň. Seniň wadaň berjaý bolmady» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Nuh! Bu gije bir kapyr bidar boldy, şonuň üçin bu häsiýeti sebäpli Men belany gije ibermedim» diýen owaz geldi.

Şol wagt gün dogup gelýärdi. Nuh alaýhyssalamyň kapyr aýaly tamdyrda nan bişirip durdy. Birden tamdyryň içinden suw çykyp başlady. Soňra suw hemme ýerden çykdy. Asmandan ýagmyr ýagyp ugrady. Kapyrlar gaçyp belent daglara çykdylar. Suw daglardan kyrk gez ýokary galdy.

Nuh alaýhyssalamyň uly ogly Kengan gämä girmedi. Ol çüýşegärdi. Ol çüýşeden sandyk ýasap, ýanyna iýim-içim alyp, onuň içine girip oturdy.

Nuh alaýhyssalama: ***«Haýwanlaryň her jynsyndan bir jübütini we ähliňi gämä mündir»*** diýip, perman bolupdy. Ol Kengany gämä girmäge çagyrdy. Allatagaladan: ***«Eý, Nuh! Ol seniň musulman ähliňden däldir. Ol kapyrdyr»*** diýen owaz geldi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Kengan! Sen musulman bol we gämä gir. Seni tupan suwy heläk etmesin» diýdi. Kengan: ***«Men dagyň üstüne çykaryn. Dag meni suwdan halas eder»***

diýdi. Elgaraz, onuň çüýşe sandygy bir daşa degip döwüldi we ol gark bolup öldi.

Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, hemmeden öň gämä garynja, hemmeden soň bolsa eşek girdi. Çünki eşegiň guýrugyndan şeýtan dartyp onuň gämä girmegine ýol bermeýärdi. Nuh alaýhyssalam eşege: «Eý, melgun! Sen näme üçin dursuň, çaltrak gämä gir» diýdi. Emma eşekden öň şeýtan girdi. Nuh alaýhyssalam gäminiň içinde şeýtany görüp: «Eý, melgun! Sen gämä kimiň permany bilen girdiň?» diýdi. Şeýtan: «Men seniň sözüň, seniň permanyň bilen girdim» diýdi. Nuh alaýhyssalam: «Haçan men saňa gir diýip aýtdym?» diýdi. Şeýtan: «Sen eşege «Eý, melgun, gir diýdiň. Emma melgun mendirin, eşek däldir» diýdi.

Mälik ibn Süleýman Hirawy (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) şeýle diýipdir: «Nuh alaýhyssalam ýylany we içýany: «Sizden adamlara zeper ýeter» diýip, gämä girizmedi. Olar: «Kim seniň adyňy okasa, ol kişä biz zyýan etmeris» diýipdirler.

Kim ýylandan ýa-da içýandan gorksa, ol: ***«Salämun alä Nuhin fil-älemin, innä kezälike nejzil-muhsinin, innehu min ybädinel-möminin»*** diýen aýatlary okap ýatsyn. Olary hergiz ýylan-içýan çakmaz diýipdirler.

Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Arslan bilen üý, böri bilen goýun, pişik bilen gögerçin biri-birine duşmandyr. Men bulary nädip saklaýyn?» diýdi. Taňrydan: «Olaryň arasynda duşmançylygy kim peýda etdi?» diýen owaz geldi. Nuh alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Duşmançylyk we ýagylyk senden geldi» diýdi. Taňrydan: «Eý, Nuh! Duşmançylygy beren ylalaşygy hem berer» diýen owaz geldi. Ýene: «Eý, Nuh! Adam alaýhyssalamyň süňküni getirip, gämä giriz! Oňa azap suwy degmesin» diýen perman boldy. Nuh alaýhyssalam Adam alaýhys-

salamyň jesedini getirip, gämide goýdy. Onuň bir tarapynda erkekler, beýleki tarapynda aýallar durdy. Adam alaýhyssalamyň jesedi olara arada hyjap boldy.

Ýene bir rowaýatda: Adam atanyň süňklerini Jedi dagynda goýdy» diýilýär. Emma Adam atanyň eti we derisi Sarandipdedir, süňkleri Jedi dagyndadyr.

Suw gäminiň gyrasyna geldi. Nuh alaýhyssalam näçe jan çekse hem gämi ýöremedi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Nuh! Gäminiň dört burçunda dört aýn harpyny goý.

*Aýdypdyrlar:* «Ol aýnlaryň birinjisi Atyk, ikinjisi Omar, üçünjisi Osman, dördünjisi Alydyr». Şondan soň gämi ýöräp ugrady. Aýat: ***«Gämi biziň gözümiziň öňünde Nuhuň sözüne ynanmazçylyk edenlere jeza hökmünde ýöredi».*** Nuh alaýhyssalam gämä Yrakda mündi we Mekgä bardy. Ol Mekgede ýedi gezek togap etdi. Magryba, ondan soň Maşryga bardy. Ol rejep aýynyň on üçüne gämä mündi. Ol alty aý gämide ýüzdi. Kyrk gije-gündiz ýagyn ýagyp ýerden suw çykdy. Aýat: ***«Biz asmanyň gapylaryny yzy kesilmeýän suw bilen açdyk, ýeriň çeşmeleriniň suwlaryny çogdurdyk»***. Nuh alaýhyssalama pygamberlik inderilende ol ýüz ýaşyndady. Ol dokuz ýüz elli ýyl adamlary imana çagyrdy. Ýene bir rowaýatda aýdylşyna görä, oňa pygamberlik berlende, dört ýüz ýaşyndady. Ol tupandan soň ýene üç ýüz elli ýyl ömür sürdi. Onuň ömri bir müň ýedi ýüz ýyldyr.

*Şeýle rowaýat aýdypdyrlar:* Kyrk gije-gündiz ýagyn ýagdy. Onuň her damjasy degirmeniň daşy ýalydy. Dünýäniň iň beýik dagynyň üstüne suw kyrk gez çenli çykdy. Gämidäki segsen kişiden başga dünýäde hiç kim diri galmady. Olardan başga hemme adamlar öldi. Iwaj bin Ynak diri galypdy. Tupanyň suwy Ynajyň dyzyna ýetdi we oňa zeper ýetirmedi. Onuň diri galmagy iki sebäpdendi. Birinji sebäp, Nuh alaýhyssalam: «Maşgalaly kapyrlaryň biri diri galmasyn» diýip, dileg edipdi.

Iwajyň öýi-ili ýokdy. Ikinji sebäp, gämi nirede togtasa Iwaj ony itererdi. Nuh alaýhyssalama pygamberlik habary gelende Iwaj ýüz ýaşyndady.

Habarda aýdylşyna görä, syçan gämini kertip deşdi. Deşikden gäminiň içine suw girip, gark bolmak howpy peýda boldy. Nuh alaýhyssalam: «Kim bu deşigi baglasa, men oňa islän zadyny bereýin» diýdi. Ýylan: «Men suw girmez ýaly ol deşigi baglaýyn. Soň gäminiň içine giren suwy çykarsynlar. Ýöne maňa haýsy zadyň eti süýji bolsa, şony berersiň» diýdi. Nuh alaýhyssalam ýylanyň bu şertini kabul etdi. Ýylan suwa girip, deşigi baglady. Ol deşigiň agzyna toplanyp ýatdy. Gämä suw girmez ýaly boldy. Gämi gury ýere çykanda ýylan: «Eý, Nuh! Indi sen maňa wada eden zadyňy ber» diýdi. Nuh alaýhyssalam ara: «Bar, sen nämäniň etiniň süýjüdigini bilip gel. Şonuň etini ýylana bereliň» diýdi. Ol her hili haýwanlaryň, adamyň etinden dadyp görüp adamyň etinden süýji et ýok eken diýip, aýtmaga gelýärdi. Oňa garlawaç sataşyp: «Iň süýji et nämäniňki eken?» diýip sorady. Ary: «Adamyň etinden süýji et ýok eken» diýdi. Garlawaç: «Eý, dogan! Diliňi çykar, adamyň etinden men hem dadyp göreýin» diýdi. Ary dilini çykardy, garlawaç onuň dilini dartyp aldy. Ary güň bolup, wyrryldap bardy. Garlawaç onuň yzy bilen geldi. Nuh alaýhyssalam arydan: «Nämäniň eti süýji eken?» diýip sorady. Ary wyzzyldap durdy. Onuň sözüne düşünip bolmady. Nuh alaýhyssalam: «Ary näme üçin sözlemeýär» diýdi. Garlawaç: «Ary «Gurbaganyň eti iň süýji et eken» diýýär. Emma ol giç gelensoň geplemäge gorkýar» diýdi. Nuh alaýhyssalam ýylana gurbaganyň etini iýmekligi buýurdy. Şol wagtdan bäri ýylan tapsa gurbagany iýýär, ýogsada topragy iýýär. Ýylan garlawajyň adam perzendine ýagşylyk edendigini bildi. Elgaraz, ýylan garlawaja duşman boldy. Şol sebäpli garlawaç adam bilen bir öýde bolýar. Eger ol gün

garlawaç şunuň ýaly ýagşylyk etmedik bolsa, adamlaryň eti ýylanlara iýmit bolardy.

Nuh alaýhyssalam gämidäkilere: «Jübütleriňize gowuşmaň. Siz köpelersiňiz, soň oglan-uşaklaryňyz gämä sygmaz» diýip tabşyrypdy. Hiç kim jübütine gowuşmaýardy. Bir gün pişik itiň jübütine gowşup duranyny gördi. Pişik gelip bu ýagdaýy Nuh alaýhyssalama aýtdy. It: «Men beýle iş etmedim» diýip ýalan sözledi. Pişik: «Eý, Taňrym! Bu it seniň pygamberiňe ýalan sözleýär. Ol eden işinden dänýär. Sen öz gudratyň bilen muny jübüt bolup durşundaky ýagdaýda sakla. Men baryp Nuha habar bereýin» diýip ýalbardy. Hudaýtagala onuň dilegini kabul etdi. It jübütine gowşan ýagdaýynda galdy. Pişik gelip Nuh alaýhyssalama habar berdi. Nuh alaýhyssalam gelip itiň bu ýagdaýyny gördi. It örän uýatly boldy. Bu güne çenli ite bu iş miras galdy. It hem: «Eý, Taňrym! Pişik meni Nuha masgara etdi. Sen ony hem ýüzügara et» diýip dileg etdi. Taňry itiň dilegini hem kabul etdi. Bu sebäpden haçan pişikler jübütine gowuşsa, olar gaty mawlaşýarlar. Muny adamlar bilýändirler. Bu ýerden bir kişi başga bir kişiniň aýybyny açsa, özi hem aýyba sataşýandygy mälim boldy.

Adamlaryň we haýwanlaryň nejesatlary gäminiň içini doldurdy. Doňuz bu nejasatlaryň hemmesini iýdi. «Bu gün doňzuň etiniň haram bolmagynyň sebäbi şudur» diýipdirler. Alty aý geçenden soň Nuh alaýhyssalam Iwaja: «Gämini süýre» diýdi. Çünki ondan başga hiç kimiň gäminiň guýrugyndan tutup süýremäge güýji ýetmezdi. Iwaj ony tutup süýremek üçin suwa girdi. Hudaýtagala ony tupanda heläk etmedi.

Ondan soň Hudaýtagalanyň: ***«Eý, Ýer, suwuňy çek! Eý, asman, ýagmyryňy diňdir»*** diýen permany boldy. Asmandan ýagyn ýagmagy galdy, ýer suwuny çekdi. Aýat: ***«Gämi Judy dagynyň depesine direlip durdy»***.

Ýeriň suwy muhytlara, deňizlere, köllere we derýalara çekildi. Eger deňziň ýa-da derýanyň suwy ajy ýa-da porsy bolsa, tupanda ölenler sebäplidir.

Hudaýtagaladan daglara: «Men Nuhuň gämisini daglaryň birinde togtadaryn» diýen owaz geldi. Hemme daglar: «Gämi maňa gelip togtar» diýip başyny göterdiler. Judy dagy hemme daglardan pesdi. Ol: «Bu keramat maňa nireden miýesser bolsun» diýip, kiçigöwünlik etdi. Allatagala onuň bu häsiýeti üçin Judy dagyny gämini onda togtatmak bilen hormatlady. Nuh alaýhyssalam: «Kim Ýer ýüzünde suwun näçe mukdar galandygyny we Ýeriň açylyp-açylmandygynyň habaryny getirjek?» diýdi. Garga: «Eý, Nuh! Men gideýin» diýdi. Nuh alaýhyssalam oňa: «Özüňe kepil tutun» diýdi. Garga horazy özüne kepil tutundy. Garga uçup gitdi. Ol köp maslyklary gördi we olary iýmäge meşgul bolup gijä galdy. Horaz kepillik üçin gäminiň başyna çykyp, ganatlaryny kakyp gygyrdy. Garga yzyna gaýdyp gelmedi. Nuh alaýhyssalam garganyň deregine horazy alyp galdy. Horaz şol sebäpli uçup bilmeýän boldy.

Muhammet alaýhyssalam: «Kepil bolmak melamatdyr, ortasy öküncdir, ahyry garamatdyr. Kim bu söze ynanmasa ony synap görsün» diýipdir. Nuh alaýhyssalam garga: «Hudaýtagala seniň ömrüňi horlukda, gorkuda we emgeklikde geçirmegi bersin» diýip ýaman dileg etdi. Garganyň gorkak bolmagy we hapa zatlary iýmegi şu ýerden galdy.

Nuh alaýhyssalam töweregine bakyp durdy. Ol: «Tiz habar getir» diýip gögerçini iberdi. Ol suwy siňen bir ýere uçup bardy we ol ýerde gondy. Onuň aýagy palçyk boldy. Soňra ol yzyna gaýdyp geldi we aýagyndaky palçygy Nuh alaýhyssalama görkezdi. Onuň aýagynyň palçyga batan ýeri tüýlek boldy. Bu günki aýagy tüýlek gögerçinler onuň neslidir.

*Başga bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* «Gögerçin uçup, gelip suwuň çekilip azalan ýerinde: «Ine, gury ýer» diýip,

oýlap gondy. Azap suwy porsy bolany üçin onuň aýagy gyzyl boldy». Gögerçin zeýtun agajynyň ýapragyny çüňki bilen tutup geldi we ony Nuha görkezdi. Nuh alaýhyssalam oňa: «Adamlar saňa bagyrsak bolup, öýlerinden orun bersinler» diýip, ýagşy dileg etdi. Gögerçin: «Meniň bir dilegim bar. Meniň guşlaryň arasynda zynatym bolsun» diýdi. Nuh alaýhyssalam: «Allatagala towk bersin» diýip, dileg etdi. Ol sebäpden gögerçiniň boýny bezeglidir.

Allatagaladan: ***«Eý, Nuh! Sen biz tarapymyzdan salamatlyk bilen gämiden düş!»*** diýen perman geldi. Nuh alaýhyssalam gämiden çykdy. Ol gün segsen adam – kyrk erkek adam, kyrk aýal deňziň gyrasynda, bir obany bina etdiler. Oňa: Karýatul-samanin diýip at goýdular.

Olar alty aý gäminiň içinde bolanlarynda ýel dynman öwsüpdi. Ondan son ýel dyndy. Bu dymyklyk olara ýaramady. Olar hassa bolup, ejizlediler. Ýedi kişiden başga olaryň hemmesi öldi. Diri galanlar: Nuh alaýhyssalam, onuň üç ogly we üç gelni. Dünýäde şu ýedi adamdan başga hiç kim diri galmady. Bu günki şunça halaýyk – ýagşy we ýaman adamlar Nuh alaýhyssalamyň ogullaryndan döredi. Onuň uly ogly Samdyr, ortanjysy Hamdyr, kiçisi bolsa Ýafesdir.

Bir gün Nuh alaýhyssalam uklap ýatyrdy. Birden, ýel öwüsdi we onuň köýneginiň etegini göterdi. Onuň uýat ýeri açyldy. Ham ony görüp ýylgyrdy. Sam Hama melamat kyldy. Ýafes ýüwrüp gelip dony bilen atasynyň üstüni ýapdy. Nuh alaýhyssalam ukudan oýanyp, wakany sorady. Sam bolup geçen wakany atasyna aýdyp berdi. Nuh alaýhyssalamyň Hama gahary gelip: «Eý, Ham! Samyň perzentleri seniň perzentleriňi gul edip işletsinler. Olar kyýamata çenli hergiz bendeçilikden halas bolmasyn» diýdi.

Başga bir rowaýatda: «Hudaýtagala Hamyň oňurgasyndaky nutfany gara etdi. Onuň perzentleri gara doguldy. Ham bu

halyndan utanyp, aýalynyň elinden tutup, deňziň gyrasyndaky ada geldi we ol ýerde gamyşdan öý gurundy. Onuň öwlatlary hindiler, hebeşiler we zeňňiler ýaly halklardyr. Emma araplaryň we ajamlaryň atasy Samdyr. Nuh alaýhyssalam Hamy Hindistana, Samy Arap we Ajam welaýatlaryna, Ýafesi Türküstan welaýatyna iberdi. Bu sebäpli türkler eziz we hormatly boldular. Hemme türkler Ýafesiň neslidir. Bu sözler Abu Yshak Nişapurynyň jemlän «Kysasyl-enbiýa» atly kitabynyň içinde hem ýazylgydyr. Başga bir alymlaryň aýtmagyna görä Ýajuç we Mäjuç Ýafesiň neslindendir.

*Kagbul-Ahbar şeýle rowaýat edipdir:* Adam alaýhyssalam uklap ýatyrka düýşürgedi we şeýtany boldy. Onuň nutfasy ýere damdy we topraga ýugruldy. Allatagala bu suwdan Ýajuç we Mäjujy ýaratdy. Olar bize ata tarapdan gatyşýar hem garyndaşdyr, emma Howa tarapyndan bize goşulmaýarlar, olar öweý garyndaş bolarlar.

Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdypdyr: «Adam alaýhyssalamyň ogullary on ülüşdi. Onuň dokuzysy Ýajuç we Mäjuçdyr, diňe bir ülüşi adamlardyr».

**Hekaýat.** Nuh alaýhyssalamyň bir gyzy bardy. Oňa dört ýigitden sawçy geldi. Ol olaryň hemmesine: «Gyzymy bereýin» diýdi. Bir günde bularyň dördüsi hem gyzy almak üçin geldiler. Nuh alaýhyssalam haýran boldy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Nuh! Hudaýtagala saňa salam, perişdeler bolsa alkyş aýdýarlar. Sen gyzyňy, itiňi we eşegiňi bir öýde goý. Soň Hudaýtagalanyň gudratyna tomaşa etgin» diýdi.

Nuh alaýhyssalam aýdylyşy ýaly etdi. Ol ertesi baryp görse, dört sany meňzeş gyz otyran eken. Hudaýtagala eşek bilen iti gyzyň keşbine salypdyr, behiştden hem bir hüýri iberipdir. Dördünji bolsa Nuh alaýhyssalamyň öz gyzydy. Nuh alaýhyssalam gyzlaryň içinden öz gyzyny tanamady. Bu dört gyzyň

her birini bir giýewä berdiler. Nuh alaýhyssalam gyzynyň haýsy giýewä düşendigini bilmedi.

Ol soňra sowgat alyp gyzlaryny görmäge gitdi. Ol birinji giýewisinden: «Seniň aýalyň gylyk-häsiýeti nähili?» diýip sorady. Giýewsi: «Munuň häsiýeti örän gowy. Ýöne ol hiç zat iýip-içmeýär» diýdi. Nuh alaýhyssalam onuň hüýrdigini bildi. Onsoň ol ikinji giýewsiniňkä bardy we ondan: «Seniň aýalyň gylyk-häsiýeti nähili?» diýip sorady. Giýewsi: «Ol iýýär we içýär. Emma eşek ýaly ýatýar» diýdi. Nuh alaýhyssalam onuň eşekdigini bildi. Soňra ol üçünji giýewsiniňkä bardy we ondan: «Seniň aýalyň gylyk-häsiýeti nähili?» diýip sorady. Giýewsi: «Ol maňa it ýaly üýrýär» diýdi. Nuh alaýhyssalam munuň itdigini bildi. Soň ol dördünji giýewsiniňkä bardy we: «Seniň aýalyň gylyk-häsiýeti nähili?» diýip sorady. Giýewsi: «Onuň ýagşylykda hiç bir kemi ýok. Ol permanberdar aýal» diýdi. Nuh alaýhyssalam onuň öz gyzydygyny bildi we özi bilen alyp baran sowgadyny bu giýewsine berdi.

«Rowzat-as-safada» we «Siretul-enbiýada» Nuh alaýhyssalamyň ömri dokuz ýüz elli ýyldyr diýilýär. Emma onuň ömri: bir müň iki ýüz kyrk iki ýyl diýlen rowaýat hem bardyr.

Nuh alaýhyssalamyň ömri ahyr bolanda, onuň ýanyna Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Nuh! Pygamberleriň içinde seniň ömrüň uzak boldy. Sen bu dünýäni nähili gördüň?» diýdi. Nuh alaýhyssalam: «Men bu dünýäni iki gapyly öý ýaly gördüm. Men onuň bir gapysyndan girdim, indi bolsa beýleki gapysyndan çykyp barýaryn» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Nuh alaýhyssalam ýüz ýaşanda oňa pygamberlik geldi we ol elli egsik müň ýyl adamlary imana çagyrdy diýipdirler.

*Aýdypdyrlar:* Adam alaýhyssalamdan tupana çenli iki müň iki ýüz ýyl geçdi. Nuh alaýhyssalam ölenden soň halaýyk üç ýüz ýyllap onuň şerigatynda durdular. Soň adamlaryň köpüsi

imandan dönüp, kapyr boldular. Üç ýüz ýyldan soň Allatagala Hud pygamberi halaýyga iberdi diýipdirler.

## *DOKUZYNJY KYSSA*
## HUD ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Onuň doly ady Hud ibn Abdylla ibn Ryýah Jalud ibn Ad ibn Ywaz ibn Yram ibn Sam ibn Nuh alaýhyssalamdyr.

Bäş pygamber: Hud, Salyh, Şis, Ysmaýyl we Muhammet alaýhyssalam arap milletindendir diýipdirler.

Hud alaýhyssalam: ***«Biz Hudy özüne garyndaş bolan Ad kowumyna pygamber edip iberdik»*** diýen mertebe halatyny geýdi. Oňa Taňrydan: ***«Eý, meniň kowumym! Siz diňe Allatagala ybadat ediň»*** diýen permany halkyna ýetirmeklik buýruldy. Ol kowumyndan: «Eý, Hud! Sen bize aýdyň delil getirmediň» diýen sözi eşitdi. Ol halkynyň: ***«Sen bize wada eden azabyňy getir»*** diýen sözi diňledi. Ol kowumyna: ***«Men Taňry tarapyndan size özümiň näme zat bilen iberilendigimi düşündireýin» diýdi»***. Ol kowumyna: ***«Emma men sizi nadan halk görýän»*** diýen jogaby berdi.

### Şygyr

Nuhdan kezin Hud ýalawaç boldy üç ýüz ýyl geçip,
Ýörer erdi köp halaýyk din-şerigatdan gaçyp.

Tünle gündiz Hud diýerdi Taňrymyzyň ýarlygyn,
«Sekiz Uçmaha geliň» diýip, hakny batyldan seçip.

Rebbe ýazyp, ýoldan azyp, sunmazdan dine boýun,
Haka tänip, halka ýanyp, buta sygnyp, hamr içip.

Almadylar Hud sözi, bitmediler Möwlaga
Hiç kim erse aýmagan söz aýtdylar ýawlak ajyp.

Aýtdy: ***«Ýa kowmi ugbudullaha»***, andan özge Taňry ýok,
Sygyngan hak hezretine – ýyglady ýaşyn saçyp.

Umasga degdi, erse üýn getirdi ýalbaryp,
Aýtdy eňräp: «Ente rabbi, kadirun, haýýun, mujib».

Ýedi tün, sekiz gün içre ýok büzün kyldy Ogan,
Igne ýyrtygynça ýelden adylara ýol açyp.

Hud pygamber alaýhyssalam dokuz ýaşaýurda ady,
Büzüni geldi: ***«We ilä Adin ahahum Hudan»***.

Bir sözde Ad – ol kowumyň patyşalarynyň ady diýlipdir. Ýene bir sözde bu bir kowumyň adydyr diýipdirler. Beýleki bir sözde ol bir iliň adydyr diýipdirler. Başga bir sözde bu at ol kowumyň atalarynyň adydyr diýipdirler. Emma Ad ibn Ywaz ibn Yram ibn Sam ibn Nuh alaýhyssalamyň ýaşan ýeridir. Ol ýerde Ahnak kowumy ýaşapdyr. Hezreti Hud düýä münüp, olary iman we yslama çagyrardy. Olar Hezreti Huda: «Sen bizi taňrymyzdan aýyrmaga geldiňmi?» diýdiler. Aýat: ***«Sen bizi hudaýlarymyzyň ybydatyndan dändirmek üçin geldiňmi?»***

Bu halkyň adamlarynyň hemmesi uzyn boýludy. Dört ýüz gary boýlary bilen ýeri depseler, dyzlaryna çenli gömülerdiler. Güýçlerine, boýlaryna görä but ýasadylar. «Olar güýçlerine guwanyp: ***«Biz dek güýçli barmy?» diýdiler»***. Olaryň boýy üç ýüz gary altyn-kümüşden ýasalan butlary bardy. Hezreti Hud

olara: ***«Eý, meniň halkym! Siz Allatagala ybadat ediň. Size ybadat etmäge ondan başga laýyk zat ýokdur»*** diýdi. Olar onuň bu sözüni kabul etmediler we: «Seniň bu sözüň dogry bolsa, onda sen azap getir, biz ony göreli» diýdiler. Hezreti Hud: «Azabyň haçan geljekdigini Taňrynyň özi bilýär» diýdi. Aýat: ***«Bilmeklik Allatagalanyň öz dergähindedir». Men azaby size iberderin. Men sözümi size subut ederin». Emma men sizi aňlamaz budun görýärin»***. Bu halk hemme halkdan özüni buýnagrak tutýardy.

Olar uly galalar saldylar. Adiz ýerlerde oýun-tomaşa üçin saraýlary gurdular. Olar ejiz hem azlyk halklaryň üstünden masgaralap gülmäge başladylar. Olara şonuň üçin hem adylar diýip at berdiler. Bular bäş sany zat bilen beýleki halklardan artykdylar: güýç-kuwwat, uzyn boýlulyk, uzak ömürlilik we günä işleri etmek. Hezreti Hud: «Siz Taňrydan gorkuň. Günä işleriňizden toba ediň. Ýogsa, Taňry sizi heläk eder» diýdi. Olar: «Seniň taňryň bizi näme bilen heläk eder?» diýdiler. Hud alaýhyssalamyň dilinde şu söz ýöredi: «Ol siziň üstüňize ýel iberip, baryňyzy heläk eder». Hezreti Huduň bu sözi zaýa bolmady. Wagt geçdi. Adlaryň ogulllary ulaldylar.

Olar kyrk ýedi ýyl döwletli ýaşadylar. Hezreti Hud şunça wagtlap olary imana çagyrdy. Adlar onuň sözüni asla diňlemediler. Olar: «Biz seniň sözüň bilen taňrymyzy goýmarys» diýip, şol bir sözlerini gaýtaladylar.

Günlerde bir gün olar jemlendiler. Geňeş edip: «Bize ýel belasy geljekmiş. Onuň öňünden ýaragyny tutalyň» diýdiler. Olar ýaraglaryny geýdiler, başlaryna ýaşyk orandylar. Ogul-gyzlaryny, gara-ýylkylaryny daglara girizdiler. Olaryň adaty şeýledi, haçanda bular şeýle bela-betere sezewar bolsalar, Mekgä kişi iberip, ol ýerde gurbanlyk bererdiler, hajatlaryny dilärdiler. Mekgä üç sany atly-abraýly kişini iberdiler. Olar

Mezit ibn Sagt, Kaýl ibn Omar we Lukman ibn Ad. Olar başga kişileri hem ýoldaş edip ýola düşdüler we Mekgä gelip ýetdiler.

Bularyň içinde Mezit we Lukman ikisi musulmandy. Olaryň Mekgede Mugawyýa atly gardaşy bardy. Ol mally-döwletli we eli açyk adamdy. Olar Mugawyýa myhman boldular. Mekgede bir aýlap iýgi-içgi, şerap içmek, aýdym-saz we raks bilen meşgul boldular.

Hud pygamberiň dilegi bilen Hudaýtagala olara üç ýyllap ýagyn ibermändi. Olar giç galdylar we ejiz boldular.

Mugawyýa iki sany mutrip hyzmatkärine: «Siz aýdymyňyzda bularyň ýagyn diläp gelenlerini, ýagynsyz bolup giç galanlaryny aýdyp beriň. Olar ony diňläp öýlerine gaýtsynlar» diýdi. Hyzmatkär olara şeýle şygry aýdyp berdi. Bu şygry eşidensoň, olaryň näme iş bilen gelendikleri ýatlaryna düşdi. Olar Käbä gelip gurbanlyk berdiler. Kaýl aýtdy: «Eý, Taňrym! Eger Hud dogry aýdan bolsa, Sen bize ýagmyr ýagdyr!» Hudaýtagala üç dürli Uruň, gyzyl we gara bulut iberdi. Bir owaz eşidildi: «Eý, Kaýl! Bu bulutlardan birini saýla». Kaýl bulutlara bakdy. Ol: «Ak bulutda hiç zat ýok. Gyzyl bulutda näme bardygyny bilmeýärin. Gara bulut ýagynly bolar» diýip, gara buludy saýlady. Bir owaz eşidildi: «Sen gara buludy saýladyň. Ol azap buludydyr. Ol Ad kowumynda bir kişini hem diri goýmaz. Ata-ogul hiç kim galmaz. Ol gara bulut beni Ludiýadyr (Ludiýa urugydyr). Meger bu urug diri galar». Bir sözde: Bular Ad halkynyň başlanýan ýeri däldir, onuň ahyrydyr diýipdirler. Mezit ibn Sagt: «Eý, Taňrym! Men olaryň dininde däldirin. Meni öz diniň içinde et» diýdi. Lukman ibn Ad: «Eý, Taňrym! Maňa uzyn ýaş ber» diýdi. Bir owaz eşidildi: «Sen näçe ýaş dileýärsiň?». Lukman ibn Ad: «Maňa karkasyň ömri gerek» diýdi. Her karkas üç ýüz ýyl ýaşaýar. Lukman karkasyň ýedi balasyny alyp garraýança ekdiledi. Lukman aýdardy: «Haçan bu karkaslaryň biri ölse, olaryň hemmesini dagyň

depesine eltip goýuň». Wagty gelip bir karkasyň ölümi ýakyn geldi. Adamlar olaryň ýedisini hem dagyň depesine eltip goýdular. Ol karkas öldi, beýleki karkaslar uçup gitdiler. Lukman hem şol wagt jan berdi.

Ol gara buluda ýetmiş müň burundyk saldylar. Her burundyk ýetmiş iki perişdäniň elindedi. Perişdeler buludy Hazramawt ýurduna getirdiler. Ol buludy ilki bilen Miz atly bir kurtga gördi. Şonuň üçin ol ýedi gije we sekiz gündüze «eýýamy ajuz» diýip atlandyrýarlar. Jebraýyl alaýhyssalam ýele erkli bolan perişdä: «Eliň gapagyny aç» diýip, Taňrynyň buýrugyny ýetirdi. Ol: «Näçeräk açaýyn?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Sygryň burnundaky deşik ýaly aç» diýdi. Ol perişde: «Ol mukdarda açsam ýer ýüzünde toprak, daglar, agaçlar, deňizler galmaz» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Onda bir kiçi ýüzükçe aç» diýdi. Ol perişde ýene öňki ýaly jogap diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Beýle bolsa iňňäniň ýyrtygyça aç». Ol perişde ýeliň gapagyny şol mukdarda açdy. Emma ýel gereginden artyk çykdy. Aýat: ***«Emma Ad kowumy çakdanaşa güýçli öwüsýän sowuk ýel bilen heläk edildi».*** Arap dilinde «ad» sözi «öte geçmek» manysyny berýär. Perişdeler buýrugy berjaý etmekde öte geçdiler.

Hud alaýhyssalam degresine hat tartdy. Ýel ýetip geldi, emma ol hezreti Huda zyýan bermedi. Adylar: «Huduň ýeli bizi titredip başlady» diýdiler. Olar uly garymyň içine girdiler. Olar aýaklaryny dyzlaryna çenli ýere we daşa berkitdiler. Ýel gelip, olaryň aýaklarynyň aşagyna girdi. Ýel olaryň topragyny açdy, ilki olaryň ýarlyklaryny soýdy, soňra etlerini sypyryp aldy. Olaryň diňe süňkleri galdy. Olaryň birnäçeleri dagyň gowaklaryna girip ýaşyndylar. Ýel girip olary gowaklardan dartyp çykardy. Ýel öýde gizlenenleri hem heläk etdi. Ýel adlaryň süňklerini çöpläp, garymyň düýbüne gömdi. Adlar

toprak astynda galdy. Halçan atly güýçli bir kişi bardy. Ol: «Men baryp ýeli berkideýin. Hemmäni bu beladan gutaraýyn» diýdi. Ol gelip ýeliň çykýan ýoluny iki eli bilen tutdy. Elini tirsegine çenli daşa berkitdi. Göwsüni ýele tutdy. Ol belent owazy bilen: «Halçandan başga hiç kim diri galmaz» diýdi. Ýel ony daş bilen howa göterdi. Soňra ony daşa urup heläk etdi we beýlekileriň arasyna getirip gömdi.

Ol ýel ýedi gije, sekiz gün ösdi we Hoşgün dyndy. Aýat: ***«Emma Ad kowumy örän güýçli ösýän sowuk ýel bilen heläk edildi. Ol ýeli Allatagala ýedi gije we sekiz gündiz üznüksiz ösdürdi».***

Hud alaýhyssalam uňurdan çykyp, olaryň ýanyna geldi. Olaryň köpüsi heniz topragyň astynda diriligine eňräp-ýyglaýardylar. Olar biri-biriniň sesini eşidip: «Bu pylany, bu pylany» diýýärdiler. Olaryň bu ýagdaýyndan Allatagala bize şeýle habar berýär: ***«Eger sen şol wagt ol ýerde bolan bolsaň, olaryň äpet göwreleriniň edil köki bilen goparylan hurma agajynyň ýykylyp ýatyşy, ýaly ölüp ýatyşlaryny görerdiň».*** Olar kyrk gije-gündiz toprak astynda gynandylar. Mezit we Lukman ikisi diri galdylar we Hudaýtagala şükür etdiler. Kaýl ony eşidip gaýgyly boldy we: «Eý, gögüň Taňrysy! Eger bu söz dogry bolsa meni hem heläk et» diýdi. Ýel geldi we Kaýly howa göterip, soň ýere urup heläk etdi.

## *ONUNJY KYSSA*
## SALYH ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol: ***«Samut kowumyna öz garyndaşlary Salyhy iberdik»*** diýen pygamberlik halatyny geýdi. Ol: ***«Siz Allatagaladan günäňizi geçmegini diläň we toba ediň»*** diýip, kowumyna öwüt-nesihat berdi. Ol kowumyndan: «Sen bizi ata-babalarymyzyň ybadat edip gelen zadyndan dänderjek bolýarsyňmy?» diýen jogaby eşitdi. Allatagalanyň resuly: «Siz Allatagalanyň düýesini hormatlaň we onuň suw içmek nobatyny beriň» diýdi». Ol dileg edip daşdan gudrat bilen inen düýäni çykardy we ***«Meniň Taňrym ýakyndyr we dilegi kabul edijidir»*** diýdi.

### Şygyr

Akyl anup gelgin, eşit Salyh ýalawaç kyssasyn,
Bulguluk başdan aýaga, aýdaýyn men jümlesin.

Hak rysalat berdi, erse düz tegurdy kowumy,
Ýöridi tün-gündizin, aldy Samudyň zumrasyn.

Kyldy iman dagwatyn, goldylar bir mugjyza,
Goldy Hakdan, çykdy inen, ýardy dagnyň sahrasyn.

Bota dogdy, barça tüzün any taňla gördüler,
Gün kezikläp suw ulaşdy, içdi kendu hyssasyn.

Dändiler Hakdan kamugy, kyldylar köp magsyýet,
Ukmadan Salyh sözin hem uşbu inen kyssasyn.

Geldi ýüwürip iki bozçy, bir azagyn kesdiler,
Botasy eňräp gaýytdy, asdylar uç sahbasyn.

Üç gün içre boldylar sary, gyzyl, hem gap-gara,
Gudraty birle Ogan kadyr ýumurdy barçasyn.

Onuň neberesi şeýledir: Salyh ibn Ubaý ibn Asaf ibn Fasyh ibn Ham ibn Samut ibn Yram ibn Sam ibn Nuh alaýhyssalam.

Ad we Samut iki sany patyşady. Ad we Samut Nuhuň neslinden bolup, bu ikisinden köp perzent öndi. Olary Ad urugy, Samud urugy diýip atlandyrdylar. Hud kowumy Ad urugynyň başydyr. Samut kowumy Ad urugynyň ahyrydyr. Ad buduny Samut budunyndan öküşräk erdiler. Olar Jahd diýen ýerde samlylaryň, hyjazlylaryň arasynda oturardylar. Bular hem Ad halky ýaly uzyn boýludylar. Olar daglaryň içinde daşlary çapyp, özlerine öýleri gurdular. Aýat: ***«Olar amanda bolmak üçin daglary deşip, öýler gurundylar».*** Bir beýik dagyň düýbünde olaryň suwy bardy. Olaryň hemmesi buta sežde ederdiler. Allatagala olara hezreti Salyhy iberdi. Aýat: ***«Allatagala Samut halkyna öz gardaşlary Salyhy pygamber edip iberdi».***

Salyh alaýhyssalam olaryň urugyndandy. Hezreti Salyh olary musulmançylyga we imana ündedi. Olar Salyha pygamberlik gelmezden öň: «Sen biziň bilen buta sežde et» diýerdiler. Hezreti Salyh olaryň bu sözüni unamazdy. Onsoň olar: «Salyh heniz kiçi ýaşly oglandyr. Ol ulalandan soň ýola düşer»

diýerdiler. Hezreti Salyh özüne pygamberlik inenden soň olara: «Siz musulman boluň, buta sežde etmäň» diýdi. Olar: ***«Biz sen biziň dinimize girer diýip ýagşy umyt ederdik. Indi, sen bize ata-babalarymyzyň dinini taşladyp, başga dini ündeýärsiňmi?»*** diýdiler. Olar ýene: «Biz seniň bu sözüňe ynam etmeýäris» diýdiler. Aýat: ***«Biz seniň ündeýän zadyň hakynda müňkürlik edýäris»***.

*Käbir kyssalarda Wähib Ýemeni şeýle rowaýat edipdir*: Nuhuň halky tupanda heläk bolandan soň, onuň üç ogly galdy. Nuh alaýhyssalam ölmeziniň öň ýanynda ogullaryna ýer ýüzüni paýlady. Ol dünýäniň ortasyny Sama, günbataryny Hama, gündogaryny Ýafese berdi.

Ýene şeýle diýipdirler:

Türkler Ýafesiň neslindendir. Beýleki halklar Samyň neslindendir. Sam Beýtilmukaddesiň ýerinde oturdy. Samut Hyjazda mesgen tutdy. Samut halky mekgeliler bilen ylalaşyp ýaşardylar. Mekgede Mugawyýa ibn Bekr atly serdaryň üç ýüz müň är leşgeri bardy. Hyjazyň aksakgallary ýygnanyşyp: «Bize duşman bilen döwüşer ýaly bir är gerek» diýip, geňeş etdiler. Olar Handag ibn Omar atly äri özlerine mälik tutundylar we onuň emrine boýun boldular.

Handag ibn Omar özüne altyndan bir but ýasatdy. Onuň gözüni ýakutdan goýdurdy. Ol buty dört ýüzli: bir ýüzi adam suratly, bir ýüzi arslan suratly, bir ýüzi guş suratly, bir ýüzi at suratly ýasatdy. Ol butuň üstüne bir öý saldyrdy. Onuň beýikligi iki ýüz gary, ini bolsa ýüz garydy. Öýüň diwaryny akykdan galdyrtdy. Ol öýe bir gapy goýdurdy. Onuň içinde altyn we kümüş bilen bezelen, dört aýakly tagt goýdurdy. Onuň bir aýagy zümerretden, bir aýagy altyndan, bir aýagy kümüşden, bir aýagy akykdan. Ol tagty dürli matalar bilen bezedi. Onuň özi şol tagtyň üstünde oturyp, buta sežde etdi we hemme taýpalara çaparlary iberdi. Taýpalaryň serdarlaryny ýygnap

geldiler. Ol: «Bu meniň taňrymdyr. Siz muňa sežde ediň» diýdi. Olar buta sežde etdiler. Handag ibn Omar bir butuň agzyna girip: «Men sizden razydyryn» diýip, owaz berdi. Hemmeler begenişip, başlaryny sežededen göterdiler. Handag ibn Omar: «Siz her ýylda bir gezek gelip, muňa sežde ediň» diýdi. Samut halky öýden çykyp: «Biziň taňrymyzyň ýüzi bize tarapdyr» diýdi.

Emma bularyň sözi azaşdy. Olar dalaşdylar, sanjyşdylar. Ýetmiş müň är öldi. Bu habar Handag ibn Omaryň gulagyna degdi. Ol atlanyp bularyň üstüne geldi we: «Bu işi haýsy ýagy eder? Ony siz özüňize özüňiz etdiňiz» diýdi. Olar: «Eý, serdar! Bize bu «taňry» gerek däl. Ol biziň urşumyza sebäp boldy. Biz başga taňry tutunarys. Ol bizi ölüşdirmez» diýdiler.

Olar Karrag atly daga bir kişini iberdiler we but ýasamaga daş dilediler. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) bulardan öňräk Karrag dagyna geldi. Ol görkli, arassa bir ak daşy kesip goýdy. Olar gelip bu daşy gördüler. Ony eltip, ondan bir but ýasadylar. Onuň uzynlygy kyrk gary, ini sekiz garydy. Onuň başy altyndan, gözleri ýakutdan, dişleri hünjidendi. Buta Abhar diýip at goýdular. Olar: «Eý, serdar! Bir är bu buta hadymlyk etsedi?!» diýdiler. Handag bu işe Kasur ibn Ubeýda atly kişini laýyk gördi we: «Bu kişi hadymlyga ýararmy?» diýdi. Olar onuň bu teklibine razy boldular. Kasury buta hadym etdiler. Ol bu buta kyrk ýyllap hyzmat etdi.

Bir gün Iblis perişdelerden: «Kasur urugyndan Salyh atly pygamber bolar» diýip, eşitdi. Kasuryň nesliniň hemmesi ol butuň daşyna ýygnandylar. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) gelip, ol butuň agzyna girdi. Ol belent owazy bilen: «Eý, meniň gullarym! Bu Kasur meniň hyzmatyma ýaramaz. Ony zyndana salyň» diýip aýtdy. Adamlar Kasury tutup, zyndana saldylar. Buta başga birini hadym etdiler. Kasur kyrk ýyllap zyndanda

ýatdy. Kyrk ýyldan soň Jebraýyl alaýhyssalama: «Kasury zyndandan çykar» diýip perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam ganaty bilen zyndany urdy. Zyndan bölündi. Ol: «Eý, Kasur! Zyndandan çyk» diýdi. Kasur zyndandan çykdy. Ol öz ýanyndan oýlanyp: «Men kyrk ýyllap Abhara hadym boldum, kyrk ýyllap zyndanda ýatdym. Indi men azat boldum. Men bu ýerden gideýin» diýdi. Ol ýerinden turdy. Kasur ýadapdy. Ol bir uklaýşyna kyrk ýyllap ukuda ýatdy. Allatagala ony bir perişdä ukuda saklatdy.

Kasuryň öýünde Zaum atly aýaly bardy. Oňa Sahur hem diýerdiler. Şunça wagtlyk aýralykdan soň ol aýal telbe boldy. Ol ýüwrüp, ýyglap ýörerdi. Ol aýalyň özi örän görklüdi. Halk oňa rehim etdi. Bir gije onuň saraýyna garga suratly bir guş gelip: «Eý, Zaum! Eger seniň Kasury görmek göwnüňde bar bolsa meniň yzyma düş» diýdi. Zaum onuň yzyna düşüp bardy. Ol guş bir gowaga geldi. Guş: «Äriňi çagyr» diýdi. Zaum belent sesi bilen Kasury çagyrdy. Gowak ýaryldy we Kasur oňa: «Gir» diýdi. Zaum girdi. Zaum: «Sen bu ýerde ekeniň. Sen näme üçin munça wagtlap meniň ýanyma gelmediň?» diýdi. Kasur: «Men Abharyň zyndanyndan gutuldym. Indi birnäçe günden bäri bu ýerde ýatyryn» diýdi. Zaum: «Seniň menden gaýyp bolanyňa ýüz ýigrimi ýyl boldy» diýdi.

Bu sözleri sözleşenlerinde Kasuryň aýalyna meýli peýda boldy. Ol ikisi gowuşdylar. Zaum Salyh pygambere ýükli boldy. Şondan soň ajaly ýetip Kasur öldi. Zaum gaýgyly galdy. Guş: «Eý, Zaum! Sen gowakdan çyk» diýdi. Zaum gowakdan çykdy. Ol gowak ýene ýapylyp, bilinmez ýaly boldy. Guş: «Eý, Zaum! Sen süňňüňdäki oglany nireden aldyň diýip sorasalar ýa-da şaýat isleseler, onda sen olary bu gowaga getir. Allatagala seni olaryň şerinden gutarar» diýdi. Zaum: «Sen nähili guşsuň?» diýdi. Ol: «Men gargadyryn» diýdi. Zaum:

«Seniň başyň näme üçin ak?» diýip sorady. Ol guş: «Kabylyň Habyly öldürmeginiň sebäpkäri mendim. Men: «Allatagala maňa nähili jeza bererkä diýip, gorkup başym agardy» diýdi. Zaum: «Seniň çüňküň näme üçin sary?» diýdi. Ol: «Men uçmahdaky zagpyrandan iýdim» diýdi. Zaum: «Näme üçin seniň aýaklaryň ýaşyl?» diýdi. Ol: «Men müň ýyl Tuby agajyna gondum» diýdi. Zaum: «Seniň garnyň näme üçin gara?» diýdi. Ol: «Men bir gün dowzahyň üstünden geçip barýardym, onuň odunyň yssysy şeýle gara etdi» diýdi. Şondan soň ol guş gözden gaýyp boldy.

Zaum öýüne geldi. Dokuz aýdan soň muharram aýynyň bir başgüni gije Salyh pygamber eneden dogdy. Enesi Salyhy gundaglap, eline alyp bardy. Serdar: «Sen bu oglany nireden aldyň?» diýip sorady. Zaum bolup geçen wakany oňa aýdyp berdi. Serdar muňa haýran galdy. Zaum: «Sen maňa ynanmasaň, ýör men saňa ony görkezeýin» diýdi.

Serdar ol gowaga bardy. Zaum belent sesi bilen Kasury çagyrdy. Gowagyň agzy açyldy. Bu ikisi gowaga girdiler. Allatagala Kasury direltdi. Kasur: «Eý, Serdar! Bu ogul meniňkidir» diýdi we ol ýene öldi. Serdar haýran galdy. Ol: «Men muny öz gözüm bilen gördüm. Emma başgalar ynanmazlar. Sen bu oglany meniň hyzmatymda goý. Adamlar gelip, ony eklemek üçin sorarlar. Şonda sen gelip, ony eklemäge al» diýdi. Zaum şonuň ýaly hem etdi.

Adamlar ýygnanyşyp geldiler. Olar oglany saklamak üçin almakçy boldular. Şol wagt Zaum gelip: «Bu oglany men saklamaga aljak. Men muňa haklydyryn» diýdi. Elgaraz, Zaum Salyhy yzyna gaýdyp aldy. Ol Salyhy ekläp-saklady. Salyh ulaldy. Ol on iki ýaşyna ýetdi we görke girdi. Onuň ýaly görk hiç kimde ýokdy. Bir sözde: «Salyh pygamber bilen

Muhammet alaýhyssalamy bir ýerde görseler tanamazdylar» diýipdirler. Salyh enesiniň goýunlaryny bakardy.

Mekgeden Mugawyýa ibn Bekr üç müň är bilen gelip, Hyjazyň daşyny gabady. Ertesi Salyh Mugawyýany görmäge çykdy. Olardan birnäçe atly gelip, Salyhy tutmakçy boldular. Salyh belent ses etdi. Jebraýyl, Ezraýyl we Mikaýyl hem owaz çykardylar. Leşgerleriň bary öldi. Serdara habar etdiler. Ol atlanyp geldi. Bu gudraty görüp, Salyha bir at berip, özüniň täze donuny geýdirdi. Başyndaky altyn täjini hem Salyha berdi. Älem içinde iň ilkinji täze don geýdiren Handag bin Omardy. Ol leşgerine Salyha hormat etmegi buýruk berdi. Salyh serdaryň gapdalynda oturardy.

Bir gün Salyh öýüň gapysynda otyrdy. Jebraýyl alaýhyssalam görkana ýigit sypatyna girip geldi. Ol Salyha salam berdi. Salyh onuň salamyna jogap gaýtardy. Salyh bu kişiniň kimdigini tanamady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Salyh öýe gir» diýdi. Salyh öýe girdi. Jebraýyl alaýhyssalam oňa pygamberlik habaryny ýetirdi we: «Baryp sen serdara aýt, goý ol: «Allatagala ýeke-täkdir, Salyh onuň pygamberidir» diýip aýtsyn» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam Salyha ýene-de: «Bu hatalar donuny çykar» diýdi. Salyh ony çykardy. Ol bir kilim don geýdi. Salyh pygamber tä ölýänçä ol kilim donyň içinde boldy. Ol serdara gelip: «Eý, kapyr! Sen: «Lä ilähe illalla, Salyh resululla» diýip aýt» diýdi. Serdar: «Eý, Salyh! Sen meniň eden ýagşylyklarymy unutdyňmy?» diýdi. Salyh onuň bu sowalyna jogap aýtmakçy boldy, emma ony Jebraýyl alaýhyssalam göwnemedi we: «Eý, Salyh! Sen bu ilden çyk» diýdi.

Salyh bu ilden çykdy. Ol Karrag dagyna bardy. Karrag dag ýedi agaçlyk ýerdi. Salyh ol ýerde perişdeleri gördi. Olar: «Eý, Salyh! Sen bu gije bu ýerde bir öý gur» diýdi. Ol bir öý gurdy.

Onuň uzynlygy üç ýüz gary, ini bolsa kyrk garydy. Ol öýüň öňünden ýer açdy. Onuň sagyna we çepine agaçlary ekdi. Olaryň köki we pudaklary kümüşden, boýy altyndandy. Ol bir çyra ýasady. Ol çyra töwerege ýagtylyk berip durardy.

Ertesi ol ýeriň adamlary gelip, bu öýi gördüler we oňa haýran galdylar. Hezreti Salyh gündiz bu adamlary imana ündeýärdi, gije bolsa öýe girerdi. Ol ilde üç ýüz kişiden artyk adam musulman bolmady. Hezreti Salyh: «Eý, Taňrym! Men bulardan umydymy üzdüm» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Salyh! Bu kowumyň kapyrlykda duranyna üç ýüz ýyl boldy. Olar birnäçe günde gönelmezler» diýdi. Hezreti Salyh: «Eý, adamlar! Meniň bir kişiniň ýanyna barmak işim bar» diýdi we Karrag dagyna bardy.

Ol ýerde bir mährap ýasady we ybadata meşgul boldy. Ol başyny seždä urdy. Hezreti Salyha uky aralaşdy. Ol kyrk ýyllap uklady. Bu arada ol üç ýüz musulman kişi öldi. Haýsy musulman ölse «Salyh pygamber gelse, musulmanlykda ölenini bilsin» diýip, onuň adyny ýazardylar. Ýer ýüzünde «Lä ilähe illalla» diýýän bir kişi galmady. Bir gün hezreti Salyh ukudan oýandy. Ol musulmanlaryň hemmesiniň ölendigini gördi.

Ol kyrk ýyl ukuda boldy, dört ýyl Samut halkynyň arasynda ýördi. Salyh alaýhyssalam bu urugdandy. Diňe Lut pygamber başga urugdandy. Hezreti Salyh kowumyň içinde olary imana ündedi, azap bilen gorkuzdy. Ol olary uçmaha umyt berdi, ýagşylyk bilen öwüt-nesihat etdi. Emma olar yslamy kabul etmediler. Olar üýşüp: «Biz Salyhy özümizden umytsyz edeliň. Ol nesep we hasap içinde bizden uludyr. Ony öldürsek bolmaz. Bir iş edeliň. Oňa başarmajak işini buýralyň. Ol bu işi bitirip bilmän utanar we bizden gider» diýip geňeşdiler. Olar: «Eý, Salyh! Sen bize näme aýtmakçy bolsaň, ony aýt» diýdiler. Hezreti Salyh: «Siz Hudaýtagalanyň ýeke-täkligine iman getiriň. Hemme zady ýaradan, size nygmat beren Oldur. Ad halky

imana gelmedi. Görüň, olara nähili belalar geldi. Hud halky iman getirmedi, görüň taňry olara nähili belalary berdi?» diýdi. Olar: «Eý, Salyh! Sen bizi ata-baba sežde eden taňrymyzdan saklap, başga Taňry bilen gorkuzjak bolýarsyňmy? Seniň sözüň dogry bolsa, bize bir gudrat görkez» diýdiler. Hezreti Salyh: «Siz nähili gudrat isleýärsiňiz?» diýdi. Olar: «Biz baýram güni ýygnanyşaly. Şol gün sen öz Taňryňdan dileg et, biz hem öz taňrymyzdan dileg edeli. Haýsysynyň gudratynyň güýçlüdigini göreli» diýdiler. Ertesi baýram günüdi. Olaryň barysy çykdy. Hezreti Salyh hem geldi. Olaryň golaýynda oty guran dag bardy. Olar: «Sen bize bu dagdan gyzyl tüýli bir inen düýe çykar. Ol biziň ilimizde köşeklesin, bize süýt bersin, biz onuň süýdüni içeli» diýdiler.

Ol dagda Kaýna atly bir gol bardy. Olaryň suwlary ondan gelerdi. Bularyň atalary Samuda ol goldaky bir daşdan: «Samut halky bu daşdan heläk bolar» diýin owaz eşidildi. Olar: «Sen ine, şu daşdan bir inen düýe çykar. Ol gyzyl tüýli, gara dilli, ýogyn boýunly, alny doly, ýelni ýetik bolsun» diýdiler. Hezreti Salyh dileg etdi: «Eý, Taňrym! Bularyň näme isleýändiklerini Seniň özüň bilýänsiň» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Salyh! Biz seniň kowumyň bu dilejekdigini öň bilýärdik. Biz ony daşyň içinde anyklap goýupduk. Sen dileg et, biz ony bereli» diýen owaz geldi. Salyh alaýhyssalam dileg etdi. Ol daş yranyp başlady we ondan olaryň diýen inen düýesi çykdy. Ol düýe şol wagt botlady. Düýe köşegi bilen turup, otlamaga başlady. Olar: «Eý, Salyh! Sen ökde jadygöý ekeniň» diýdiler, emma iman getirmediler. Bir sözde bolsa: «Olaryň birnäçesi iman getirdi, birnäçesi bolsa iman getirmediler» diýipdirler.

Olaryň bir guýusy bardy. Düýe köşegi bilen gelip, şol guýynyň hemme suwuny içdi. Ol gün olar suwsuz galdylar. Olar Salyha: «Eý, Salyh! Bu düýe bize gerek däl» diýdiler.

Allatagaladan: «Eý, Salyh! Sen bulara nobat belle. Suw bir gün düýäniňki bolsun, bir gün bolsa olaryňky bolsun» diýen owaz geldi. Aýat: ***«Sen olara: «Çeşmäniň suwuna siz bilen düýäniň arasynda nobat bellenendir» diýip habar ber»***. Olar bu sözi kabul etdiler. Salyh alaýhyssalam: «Taňrynyň permany şeýledir: «Siz bu düýä gaharlanmaň, ony emgetmäň, urmaň, öldürmäň. Eger siz bu işlerden birine amal etmeseňiz, onda size azap geler» diýdi. Olar bu sözi hem kabul etdiler.

Inen düýe olaryň arasynda otuz ýyl ýaşady. Olaryň gezegi gelende, düýe köşegi bilen daglarda otlap ýörerdi. Düýäniň gezegi gelen güni suw guýynyň depesine çogup çykardy. Düýe köşegi bilen suw içerdi. Soň suw ýene öňki durkuna gelerdi. Olar düýäni sagyp, ondan küýzelerini dolduryp alardylar. Düýäniň süýdünden müň ýedi ýüz öýli kişiniň hemmesi içerdi. Düýäniň süýdi olaryň hemmesine ýeterdi. Emma olaryň goýunlary, ýylkylary we sygyrlary düýeden gorkup, ürkerdiler we otlamazdylar. Olar: «Biz bu düýäni öldürmesek, ondan gutulmarys» diýdiler.

*Rowaýatda şeýle getirilipdir:* Salyh pygamber: «Sary saçly, çakyr gözli kişi bu düýäni öldürer» diýipdir. Olar bu sypatly oglan dogulsa, onuň ata-enesine bildirmän, çagany öldürerdiler. Dokuz oglan doguldy, olaryň hemmesini öldürdiler. Olar Salyh alaýhyssalamy öldürmäge meýil etdiler. Aýat: ***«Ol şäherde dokuz sany erkek kişi bardy. Olar ýeriň üstünde bozgaklyk ederdiler we ýagşy işleri etmezdiler»***. Ýene bir oglan doguldy. Ol hezreti Salyhyň aýdan sypatyndady. Emma ol bir ulugyň çagasydy. Adamlar ýygnanyşyp, ony öldürmäge geldiler. Onuň atasy: «Salyhyň bu sözi ýalandyr. Ol sizi oýnaýar» diýdi. Onuň sözi adamlara täsir etdi. Ondan soň çaga öldürmeklik galdy. Ol oglanyň ady Kazardy, atasynyň ady Salyfdy. Ol oglan ýigrimi ýaşady. Hezreti Salyh: «Adam

perzentleriniň içinde mundan ýaramazy ýokdur» diýdi. Aýat: ***«Ol betbagt oglan düýäni öldürmek üçin turdy»***.

Rowaýatda aýdylşyna görä, ol dokuz kişi bozçydy. Olaryň uluglary Kazar ibn Salyf we Mustah ibn Dahrdy. Olar bilen ýene iki arygsyz tişi bar diýipdirler. Olaryň biriniň ady Abirady, beýlekisiniň ady bolsa Sudukdy. Abira garry kempirdi, emma onuň iki sany owadan gyzy bardy. Ýene ýaramaz iki är bardy. Olaryň biri Musdig atly, beýlekisi bolsa Kazar ibn Salyfdy. Ol iki aýaly bular gowy görerdiler. Olar bir gije bulara geldiler we tagam dilediler. Suduk: «Bu gün nobat düýäniňkidir. Biziň nahara we çörege suwumyz ýok» diýdi. Abira: «Biziň güýjümiz ýetse bu düýäni öldürerdik. Biziň aramyzda är ýok, eger är bolan bolsa bu düýäni öldürerdi» diýdi.

Kazar ibn Salyf: «Men ol düýäni öldürsem, sen maňa näme berersiň?» diýdi. Suduk: «Men özümi saňa bagyş ederin» diýip, oňa ýüzüni açdy. Ol örän görklidi. Kazar oňa aşyk boldy. Ýene Abira Mustaha: «Men saňa gyzlarymdan birini bererin» diýdi.

Olar hamr-şerap getirdiler. Olar bu ikisini serhoş etdiler. Bu ýaranlar ellerine ýarag aldylar. Olar düýäniň geljek ýolunda busup ýatdylar. Düýe geldi. Kazar çykyp gylyç bilen düýäniň ýanjygyny çapdy. Düýe togalanyp düşdi. Mustaha ok bilen onuň kellesine atdy. Düýe ýykyldy, kazar düýäni öldürdi. Dört tarapdan adamlar ýygnandylar. Olar düýäniň etini bölüp, üleşdiler. Aýat: ***«Olar Salyha «Ýalançy» diýdiler we düýäni öldürdiler»***.

Soňra Kazar düýäniň köşegini öldürmäge ugrady. Köşek daga tarap ýöredi. Köşek üç gezek belent owaz etdi. Ol enesiniň çykan dagyna girdi. Salyh pygamber tütün görüp, bu ýere geldi. Ol adamlary görüp: «Bota hany?» diýip sorady. Olar: «Ol üç gezek owaz edip, daga gitdi» diýdiler. Salyh alaýhyssalam: «Onuň üç gezek owaz bermeginde üç alamat

bardyr. Üç günden soň azap geler» diýdi. Olar: «Ol azabyň alamaty nämedir?» diýdiler. Hezreti Salyh: «Birinji günde siziň ýüzüňiz saralar, ikinji günde gyzarar, üçünji günde garalar. Onsoň azap geler» diýdi. Düýäni öldürenler: «Biz düýäniň özüni öldürdik, indi biz azap gelmezinden öň Salyhy hem öldüreli. Eger onuň sözi dogry bolsa, ol bizden öň ölen kişi bolar. Eger onuň sözi ýalan bolsa ol öler, biz diri galarys» diýdiler.

Olar gije hezreti Salyhy öldürmek üçin ugradylar. Aýat: «Olar birleşip Taňrydan ant içdiler: ***«Biz bu gije Salyhy we onuň maşgalasyny öldüreris»***. Allatagalanyň permany bilen ol daş ýumruldy we olaryň barysyny heläk etdi. Aýat: ***«Olar öz bildikleriçe mekirlik etdiler, biz hem olaryň mekirliginiň çäresini gördük. Olar muny duýmadylar. Sen olaryň mekirlikleriniň muzdunyň nähili bolandygyna gara. Biz olary we olaryň hemmesini heläk etdik»***.

Ýene bir rowaýatda olar gije gelip hezreti Salyhy öldürmekçi boldular. Allatagala perişdeleri iberdi. Olar bularyň hemmesini daş bilen urup heläk etdi diýilýär.

Ertesi olar gelmediler. Samut halky Salyhyň ýanyna gelip: «Olary sen öldüripsiň» diýip, oňa topuldylar. Ýagşy adamlar bolsa ýarag alyp olara topuldylar we: «Salyh sizi kösemedi we azar bermedi. Ol size azap wadasyny berdi. Üç günde onuň aýdan azaby size gelmese, siz ony näme etseňiz edäýiň» diýyp aýtdylar. Olar bu sözi eşidip yzlaryna gaýtdylar. Aýat: ***«Şäherde dokuz sany bozgak kişi bardy. Olar ýer ýüzünde diňe ýaramaz işlere meşgul bolardylar. Olar hiç bir ýagşy iş etmezdiler»***.

Olar ertesi turdular. Olaryň hemmesiniň ýüzi saralypdyr. Olar azabyň gelip başlandygyny bildiler we: «Salyhy öldüreliň» diýip başladylar. Hezreti Salyh olardan gaçdy. Ol Sakyl atly, Abdylwahhap lakamly bir kişiniň öýüne geldi. Ol kapyr

bolsa hem hezreti Salyhy gizledi. Ony köp sorag etdiler. Ol aýtmady. Olar ýagşy adamlary urup başladylar. Olar: «Bize Salyhy tapyp beriň» diýdiler. Misrag ibn Haram atly kişi onuň nirededigini aýtdy. Olar Abdylwahhabyň öýüne gelip: «Seniň öýüňde Salyh barmy?» diýdiler. Abdylwahhap: «Bar, emma men ony size bermerin» diýdi.

Olar yzlaryna gaýdyp, öz işleri bilen meşgul boldular. Ertesi olaryň ýüzleri gyzardy. Üçünji gün olaryň ýüzleri garaldy. Dynç güni iman getirenler Salyhyň öýüne geldiler. Olar bilen ýurtdan çykyp, Palestine bardylar.

Galan kapyrlar biri-biriniň ýüzleriniň garalandygyny gördüler. Olaryň birnäçesi özlerine gör gazdylar, kepenlerini geýdiler, görlerine girdiler we özlerini öldürdiler.

Allatagala Jebraýyl alaýhyssalama perman berdi. Ol dünýäniň öldürilen ýerine gelip, bir belent owaz etdi. Hemmesiniň ýüregi ýarylyp öldi we dowzaha duwlandylar. Ýalňyz Zuraýta atly garabaş galdy. Ol gaçyp çykdy we uzakdakylara habar berdi. Ol suw diledi, oňa suw berdiler. Ol suw içdi we şol ýerde öldi.

Hezreti Salyhyň bulardan göwni geçdi. Ol: «Eý, Taňrym! Maňa älem içinde bir ýagşy bende gözlemäge rugsat ber. Men oňa köňlümdäki zatlary aýdaýyn» diýdi. Allatagaladan «Rugsat bardyr» diýen owaz geldi.

Hezreti Salyh bir ýagşy bendäni arzuwlap älem-jahany gezdi. Ahyry ol bir kişini tapdy. Ol namaz okap duran eken. Hezreti Salyh onuň ýanyna gelip salam berdi. Ol kişi salama jogap gaýtardy. Hezreti Salyh: «Näme üçin sen ýeke özüň Taňra sežde edýärsiň?» diýdi. Ol: «Bu ýerde uly şäher bardy. Onuň halky hemme halklardan beter bozukdy. Özleri gaty köňüllidiler. Haktagala bu şäheri halaýygy bilen ýeriň astyna goýberdi. Bu şäherde menden başga Taňryny birleýän kişi

ýokdy. Ol maňa halaslyk berdi. Men munuň üçin Taňra şükür edip, tagat edýärin» diýdi.

Hezreti Salyh bu ýerden hem gitdi. Ol bir uly daga baryp ýetdi. Ol bu ýerde namaz okap duran bir kişini gördi. Hezreti Salyh oňa salam berdi. Ol kişi salama jogap aýtdy. Hezreti Salyh ondan habar sorady. Ol kişi: «Biz bir näçe adam bolup gämä mündik. Deňziň gyrasynda ýawlak kapyr halaýyk bardy. Allatagala olaryň hemmesini gark etdi. Men ýalňyz özüm diri galdym. Indi men Haktagala şükür edýärin» diýdi.

Hezreti Salyh bu ýerden hem gitdi. Ol deňziň gyrasynda ýerleşýän bir şähere geldi. Onuň hemme halky kapyr eken. Bu ýerde diňe iki sany dogan musulmandy. Olar hurma satyp, ondan bir bölegini özlerine alyp, galanyny garyp-gasarlara harç ederdiler. Salyh alaýhyssalam bularyň ýanyna geldi. Ol bir çirkin ses eşitdi. Ol: «Bu ses näme?» diýip sorady. Olar: «Bu ýerde bir uly ýylan bar. Ol agşam deňizden çykýar we öňünden kim çyksa iýýär» diýdiler. Hezreti Salyh: «Men ony öldürsem halaýyk maňa näme berer?» diýdi. Bu iki dogan şäher halkyna: «Bir kişi gelip, şeýle sözleýär» diýdiler. Olar: «Biz baýlygymyzyň ýarysyny oňa bereris» diýdiler. Hezreti Salyh ýerinden turdy, iki rekagat namaz okady, yzyndan doga etdi. Ol ýylan ýarylyp öldi. Olar baýlyklarynyň ýarysyny hezreti Salyha getirip berdiler. Hezreti Salyh ony almady. Ol baýlygy bu iki dogana berdi. Olar muny unamadylar. Hezreti Salyh olaryň baýlyklaryny özlerine gaýtardy.

Hezreti Salyh başyny sežda goýup, Haktagala şükür etdi. Ol: «Men saňa sežde edýän üç kişini tapdym» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Salyh! Ýer ýüzünde meniň bendelerimiň bardygy sebäpli ol aýagynda durýandyr» diýen owaz geldi.

*Mukatyl şeýle diýipdir:* Salyhyň halkynda ýetmiş kişi imanly boldy. Huduň halkynda hem şunçarak adam iman

getirdi. Haçan Hud we Salyh dünýäden ötende bu imanly kişiler ýer ýüzüne ýaýylarlar. Olaryň birnäçesi Jabilka, birnäçe Jabilusa düşerler. Bu Jabilka we Jabilus iki sany şäherdir. Olaryň biri Gündogarda, beýlekisi bolsa Günbatarda ýerleşýär. Bu iki şäheriň hemme halky kapyrlardyr. Şu möminler ol şäherlerde bolmadyk bolsa, Haktagala olaryň hemmesini heläk ederdi. Olar Bars ibn Ýafes ibn Nuh alaýhyssalamyň urugyndandylar. Olaryň köprägi Ýajuç we Majuçdyr. Olaryň hemmesi dowzahylardyr. Bu iki şäheriň hersiniň iki derwezesi bar. Bir derwezeden beýleki derwezä çenli iki agaçlyk ýoldy. Her bir derwezede ýetmiş müň sakçy ýatardy.

*Aýdypdyrlar:* «Huddan we Salyhdan başgalary mülk üstünde dalaşdylar. Arapda iň ilki tükel älemi tutan Nemrut ibn Kengandyr.

Aýdypdyrlar: Haçan Jebraýyl alaýhyssalam Salyhyň kowumyna owaz edende olaryň bary öldi. Olaryň aýaklarynyň astyndan ot çykdy. Ot olaryň hemmesini köýdürdi. Aýat: ***«Biz olaryň üstüne aýylganç sesi iberdik. Olar malyna gury otdan agyl edýäniň basgylap goýan oty ýaly boldular»***.

*Aýdypdyrlar:* Araplaryň bir adaty bardy. Tomsuna düýä, goýna kutan ederdiler. Olar iými, gury oty şol agylyň içine ýaýradardylar. Ýylky, gara onuň üstünde ýatardylar. Allatagalanyň: ***«Agyl edýäniň basgylap goýan gury oty ýaly»*** diýen sözi mysal getirmegi şonuň üçindir.

*Abdylla ibn Apbas (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:* Haktagala hiç bir iki halky bir meňzeş azap bilen heläk etmedi. Ol diňe Salyhyň we Şugaýbyň kowumyny ot bilen heläk etdi. Salyhyň kowumynda ot aýaklarynyň astyndan çykdy, Şugaýbyň kowumyna ot asmandan indi.

Ondan soňra hezreti Salyh Şam welaýatyna bardy. Ol bu ýerde ornaşdy. Ol bu ýerde on sekiz ýyl diri gezdi. Ýene bir

rowaýatda: Kyrk ýyl diýilýär. Hezreti Salyhdan soň Ybraýym pygambere çenli pygamber iberilmedi.

## *ON BIRINJI KYSSA*
## HEZRETI YBRAÝYM ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol Nemrut belasyna ilindi. Ol Nemrudyň adamlaryndan: ***«Ibraýymy oda ýakyň. Öz hudaýlaryňyza ýardam beriň»*** diýen söz awusyny datdy. Ol: «Eý, Taňrym! Meniň ýagdaýymy özüň ýagşy bilýänsiň» diýip, Allatagala mynajat bilen ýüzlendi. Ol maldan, ogul-gyzdan geçip: ***«Men älemleriň hökümdary Taňrynyň emrine boýun boldum»*** diýdi. Ol: ***«Allatagala Ybraýymy dost tutundy»*** diýen tarypa mynasypdyr. Ol: ***«Eý, ot! Ybraýym üçin sowuk bol we parahat dur»*** diýen perman bilen Allatagalanyň dergähinde hormata eýe boldy.

### Şygyr

Öýde dogan, ernek emen, dagda duran Ybraýym,
Ýyldyz aňlap, aýy taňlap, göge aşan Ybraýym.

Aýdy bir gün: «Eý, ene! Aýgyl maňa taňrym kim ol?»
Aýdy: «Menmen» gel: «Seniň kim?» diýu soran Ybraýym.

«Uş atañ ol» diýdi. Aýdy: «Kim atamyň taňrysy?»
Aýdy: «Nemrut taňrysy kim?» diýip soran Ybraýym.

Ýedi ýer-gögiň hyjabyn açdy Möwlamyz oňa,
Astyn-üstün, Arş, Saraga tegru gören Ybraýym.

Üý, tiwe, koýlar bogazlap, tä, kyýamatga tegi,
Bu gönük tutmak töresin halkga gozgan Ybraýym.

Oglyny gurban kylarda gökde otlap semrigen,
Goç pidesin Jebraýyldan ýerde bölen Ybraýym,

Palta götrüp, tilki siýen butny söýän aç turup,
Et iýdiren, ot çykaran, ot öçüren Ybraýym.

Onuň neberesi Ybraýym ibn Taryh ibn Saruh ibn Argus ibn Falyh ibn Abyr ibn Salyh ibn Artus ibn Sam ibn Nuh alaýhyssalam. Onuň ady Ybraýym ýa-da Abraham diýip tutulýar. Bu iki sözüň ikisi hem dürsdir, ýagny «Abun rahimun» «rehimdar ata» diýmek bolar.

Ybraýym Nemrut ibn Kaws ibn Kengan ibn Nuh hökümdarlyk süren döwründe ýaşapdy. Nemrut hemme dünýä erkli patyşady.

*Aýdylypdyr:* Dört adam bütin dünýä patyşalyk edipdir. Olaryň ikisi musulmandyr, ikisi bolsa kapyrdyr. Ol musulman patyşalaryň biri Süleýman alaýhyssalam, beýlekisi Zülkarneýndir. Ol kapyr patyşalaryň biri Nemrutdyr, beýlekisi Bahtunnasrdyr.

Nemrut bir gün düýş gördi. Bir goç gelip, ony süsüp tagtyndan ýykyp taşlady. Nemrut bu düýşden gorkup oýandy. Şol gijäniň ertesi ol müneçjimleri hem kähinleri köşgüne ýygnady we olara düýşüni beýan etdi. Nemrut olardan düýşüniň ýorgudyny sorady. Olar: «Bu ýylyň dowamynda bir ogul dogar. Onuň elinden seniň mülküň heläk bolar» diýdiler. Bu sözi eşidip Nemrudyň köňlüne gorky düşdi. Ol göwreli

aýallary göz astynda saklady. Haýsy aýal ogul dogursa, onuň çagasyny öldürdi. Gyz dogran aýalyň çagasyny öldürmän, diri galdyrdy.

Nemrudyň Azer atly bir but ýonujy ynagy bardy. Onuň çyn ady Taryhdy. Emma ol buta köp sežde edýändigi sebäpli Azer adyny aldy. Azeriň aýaly Ybraýyma ýükli boldy. Ol aýal özüniň göwrelidigini adamlardan ýaşyryp ýördi. Onuň aýy-güni doldy. Ol aglak (ýaşryn, gizlin) ýere girip, ogul dogurdy. Oňa Ybraýym diýip at goýdy. Ol aýal Nemrutdan gorkup, ony dagyň uňurynda (gowagynda) gizledi. Oňa süýt emdirip doýurdy. Ol aýal: «Nemrut oglumy gözümiň öňünde öldürýänçä, men görmezden ony guş-gurt iýsin» diýdi. Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamy iberdi. Ol Ybraýymyň ýanyna gelip, ernegini (barmagyny) onuň agzyna sokdy. Hudaýtagala ol erhegiň içinde süýt ýaratdy. Ybraýym onuň erneginden süýt emerdi. Beýleki oglanlar bir aýda näçe ulalsa, Ybraýym bir günde şonça ulalardy. Enesi hem oňa birnäçe günden gelip süýt bererdi. Ybraýym ýedi ýaşady. Enesi gowaga baryp, ony öýüne getirdi.

Bir gün Ybraýym enesinden: «Eý, ene! Meniň taňrym kimdir?» diýip sorady. Enesi: «Eý, oglum! Seniň taňryň mendirin» diýdi. Ol ýene: «Eý, ene! Seniň taňryň kimdir?» diýip sorady. Enesi: «Meniň taňrym seniň ataňdyr» diýdi. Ol: «Eý, ene! Ol näme üçin seniň taňryňdyr?» diýdi. Enesi: «Çünki seniň ataň menden beýikdir» diýdi. Ol: «Eý, ene! Meniň atamyň taňrysy kimdir?» diýdi. Enesi: «Onuň taňrysy Nemrutdyr» diýdi. Ol: «Näme üçin ol meniň atamyň taňrysydyr?» diýdi. Enesi: «Ol ondan beýikdir» diýdi. Ol: «Eý, ene! Nemrudyň taňrysy kimdir?» diýdi. Enesi belent ses bilen gatyrganyp: «Eý, oglum! Ümsüm bol. Onuň ýaly sözi aýtma. Nemrut hemmäniň taňrysydyr» diýdi.

*Başga bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Haçan enesi ogluna: «Atañ tañrysy Nemrutdyr» diýende, ogly: «Eý, ene! Nemrudyň taňrysy kimdir?» diýip sorady. Enesi: «Nemrudyň taňrysy butdur» diýdi. Ybraýym ýene: «Eý, ene! Butuň taňrysy kimdir?» diýip sorady. Enesi: «Buty seniň ataň ýasaýar. But biziň hemmämiziň taňrymyzdyr» diýdi. Ybraýym: «Eý, ene! Eýse Halyk mahlugy ýaratman, mahluk Halygy ýaradarmy?» diýdi. Enesi oglunyň bu sowalyna jogap berip bilmedi.

Enesi ogly bilen öz arasynda bolan gep-gürrüňleri atasyna aýdyp berdi. Atasy: «Sen muny alyp gelen ýeriňde goýup gel. Birden bu bize bir bela getirmesin» diýdi. Enesi ony ýene öňki gowaga eltip goýdy. Ybraýym: «Meni ýaradan taňry bendämden beýle eýesiz, hyzmatsyz bolaýyn diýip ýaradan däldir. Men haýsy zada taňrym diýip, hyzmat etmelikäm? Men haýsy zada: «Taňry» diýip, sežde etmelikäm? Men kime nähili sežde etmelidigimi bilmeýärin» diýip sakyndy. Ybraýym şeýle pikirlere gümra bolup gündizini geçirdi. Agşam düşdi. Ol gowakdan daş çykdy we Zöhre ýyldyzyny gördi. Ol beýleki ýyldyzlardan ýitidi. Ybraýym: «Meniň taňrym şu ýyldyzmyka?» diýdi. Aýat: ***«Ol gün ýaşyp garaňky ýyldyzy gördi».*** Ol: ***«Ine, şu meniň taňrymdyr»*** diýdi. Emma Zöhre ýyldyzy ýaşyp gitdi. Ol: «Dogýan, ýaşýan zat taňrylyga ýaramaz. Men munuň ýaly zatlary gowy görmeýärin» diýdi. Aýat: ***«Haçan ýyldyz ýaşanda ol: «Men ýaşyjy zatlary halamaýaryn» diýdi. Şol wagt Aý dogdy. Aý ýyldyzdan uludy. Ol: «Meniň taňrym şumuka?»*** diýdi. Aý batdy. Ol: ***«Bu zat hem dogup-ýaşýar eken. Eger meniň taňrymyň özi meni göni ýola göndermese, men ýolsuzlardan bolaryn»*** diýdi. Ol gijäni bu sakynç bilen geçirdi. Garaňky gitdi we älem-jahan ýagty boldy. Gün dogdy. Ol ýyldyzdan, aýdan ýarugrak. Ol: «Meniň taňrym bumuka, ol ýyldyzdan ulurak» diýdi. Aýat: «Ol dogup barýan Güni

görende: ***«Ine, şu meniň taňrymdyr. Çünki ol ýyldyzdan, Aýdan ulurak»*** diýdi. Ol günorta çenli bu pikir bilen durdy. Gün öwrülip aşak düşdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol güne sežde edenleri görende: «Men bular ýalylardan bizardyryn» diýip aýtdy. Aýat: ***«Men siziň taňra şärik edýän zatlaryňyzdan bizardyryn»***. Olar: «Sen Güne sežde etmeýän bolsaň, onda nämä sežde edýärsiň?» diýdiler. Ol: «Meniň Taňrym asmany, Aýy, Ýeri, ýyldyzlary, hemme mahluklary we älem-jahandaky bar zatlary ýaradyjydyr. Men şoňa sežde edýärin» diýdi. Aýat: ***«Men hemme ýalan dinlerden ýüz dönderen halymda asmanlary we ýerleri ýaradan Allatagala päk niýet bilen ýüzümi öwürýärin»***.

Ybraýym sekiz ýaşanda enesi ýene ony öýüne alyp geldi. Birnäçe gün geçenden soň, atasy bir but ýasap boldy. Ol ogluna: «Eý, oglum! Sen bu buty bazara eltip sat» diýdi. Ybraýym: «Eý, ata! Bu zat kime derkardyr? Ony kim alar?» diýdi. Atasy: «Eý, oglum! Sen adam ýok ýerinde önüp-ösdüň. Sen bu zatlara düşünmeýärsiň. Bu zat halkymyzyň hudaýydyr» diýdi. Ybraýym butuň boýnuna ýüp baglap, atasynyň ýanyndan çykaryp, suwa salyp, topraga bulap alyp gitdi. Ol ony bazara eltdi. Ybraýym: «Bu görmeýän, eşitmeýän we peýda bermeýän zady kim aljak?» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Günlerde bir gün Ybraýym bir buty bazara alyp barýarka ýazylmaga hajatly boldy. Ol buty ýere taşlap gitdi. Ybraýym ýazylyp gelýänçä bir tilki gelip, ol butuň depesine buşugyp, ony peşewe bulap goýupdyr. Ybraýym muny görüp gaty ses bilen aýtdy:

Taňrymy bolar başyga tilki siýse bir sagyn,
Gözleri görmez garagu, hem tili onuň agyn.

Men bulardan külli ýyrak gul men Allah-Möwlaga,
Gurşanyp gulluk guruny, berk tutar men ýarlygyn.

Atasy Ybraýyma: «Eý, Ybraýym! Sen näme üçin biziň hudaýymyzy süýräp, palçyga bulap, masgaralap ýörsüň?» diýdi. Ybraýym: «Eý, ata! Bu zat hudaý bolýan bolsa süýreleni bilen süýrelermi, bulanany bilen bulanarmy? Bu but Taňry däldir. Taňry diýen zat hemişe häzirdir. Taňry diýip asmany, Güni, Aýy, ýyldyzlary, daglary, hemme mahluklary, barlyklary ýaradana aýdarlar. Bu zat düýn-öňňün hem bir bölek agaçdy. Indi sen agaçdan but ýasanyň bilen ol taňry bolýarmy? Bu zat ýalan zatdyr. Muňa sežde edýänler hem ýalançylardyr» diýdi. Aýat: ***«Ybraýym: «Eý, ata! Maňa ylymdan bir mukdar geldi. Saňa ylymdan hiç zat berilmändir. Sen meniň yzyma eýer. Men seni dogry ýola salaýyn»*** diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Ybraýymy atasy ýedi ýyl buta sakçy etdi. Hezreti Ybraýym buta sežde edýänlerden: «Siz bulara näme üçin topunýarsyňyz?» diýip sorady. Olar hezreti Ybraýymyň bu sowalyny atasyna aýdyp berdiler. Atasy hezreti Ybraýyma melamat kyldy. Hezreti Ybraýym atasyna: ***«Eý, ata! Sen bu görmeýän, eşitmeýän zada näme üçin sežde edýärsiň? Sen meniň sözümi diňle. Men seni dogry ýola ýolçylaýyn. Eý, ata! Sen şeýtana gul bolma. Bu şeýtan Taňra duşman bolandyr»*** diýdi. Atasy: «Eý, oglum! Sen meniň «taňrylaryma» sežde etmersiňmi? Eger bu pikiriňden çekilmeseň, men seni taşlaryn. Sen menden uzakda bol. Sen nirä gitseň, şoňa git» diýdi. Aýat: ***«Atasy: «Eý, Ybraýym! Sen meniň ýasama «hudaýlarymdan» ýüz dönderýärmisiň? Eger sen meniň «hudaýlarymy» garalamakdan el çekmeseň, elbetde men seni saňsar daş edip öldürerin. Şonuň üçin sen menden mydama uzakda bol***. Sen ýaman ogul bolupsyň. Seniň bilen biz beýle ata-ogul bolup bilmeris. Sen nirä gitseň şoňa git» diýdi. Ybraýym atasyna:

***«Saňa salamatlyk bolsun, eý ata! Men Haktagaladan seniň günäň geçilmegini soraryn»*** diýdi. Ybraýym şäherden çykdy we bir çöl-beýebana baryp ýetdi. Ol bu ýerde Haktagala gulluk etdi. Onuň atasy öldi. Butlar onuň atasynyň garyndaşy Hazara galdy. Hazar Lut pygamberiň atasydy.

Hezreti Ybraýym birnäçe wagtdan soň atasynyň ýanyna gaýdyp geldi we: «Eý, ata! Buta sežde etmeklik hudaýhonlyk däldir. Sen buta sežde etme» diýdi. Atasy: «Biziň taňrymyz Nemrutdyr. Ondan başga hudaý biziň rysgalymyzy berýän däldir» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Hudaýtagala birdir we bardyr» diýdi. Atasy hezreti Ybraýyma: «Eý, oglum! Sen çynyňy aýdýarmysyň ýa-da meniň bilen oýun edýärmisiň?» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Men Hudaýtagalanyň haky üçin dogrymy aýdýaryn. Men siziň butlaryňyzy ýok ederin» diýdi. Aýat: ***«Ybraýym: «Siz buthanadan yzyňyza öýe gaýdanyňyzda men siziň butlaryňyzy döwerin» diýip aýtdy»***.

Bir gün kapyrlaryň baýram güni geldi. Hemme halk köçelere çykdy. Bu halkyň şeýle adaty bardy. Olar öýde nahar taýýarlap, ony getirip butlarynyň öňünde goýardylar. Soňra olar köçelere aýlanyp, ýene butlarynyň ýanyna gelip: «Biziň tagamymyza butlarymyzyň bereketi degdi» diýip, tagamlaryny öýlerine eltip ogul-gyzlary bilen iýerdiler.

Atasy Ybraýyma: «Eý, oglum! Baýrama bile çykaly» diýdi. Ybraýym: «Men nujum ylmyna bakdym. Maňa hassalyk geljek. Men baýrama çykyp biljek däl» diýdi. Ol wagt nujum ylmy örän meşhurdy. Halk oňa ygtybarlyk bilen ynanardy. Şonuň üçin atasy Ybraýymy öýde goýup, özi baýrama çykdy.

Ybraýym bir paltany eline alyp buthana girdi. Ol butlaryň başyny we gollaryny kesip, olary para-para etdi. Bir uly but bardy. Ybraýym paltany onuň egninden aýlap saldy. Ybraýym ol buty ýaňsylap: ***«Sen öňüňdäki goýlan aşy näme üçin***

***iýmeýärsiň? Sen näme üçin sözlemeýärsiň?» diýdi. Soňra ol butlary sag eli bilen urup çym-pytrak etdi» diýdi***.

Günorta wagty boldy. Kapyrlar buthana gaýdyp geldiler. Olar butlarynyň goly, aýagy döwükdigini we başlarynyň kesikdigini gördüler. Nemrut hem halky bilen buthana girdi. Olar: «Biziň taňrylarymyz bilen beýle işi kim etdikä?» diýdiler. Aýat: ***«Biziň taňrylarymyza bu işi kim etdikä? Kim bu işi eden bolsa ol zalymlardandyr»***. Adamlar: ***«Biz: «Ybraýym atly bir ýigit bar» diýip eşitdik. Bu işi meger ol eden bolaýmasa?»*** diýdiler. Nemrut we onuň wezir-wekilleri: ***«Ony adamlaryň gözüniň öňüne getiriň. Belki, adamlar gören-eşiden zatlaryna şaýat bolarlar»*** diýdiler.

**Peýda.** Nemrut kapyr adamlaryň sözi bilen Ybraýyma höküm etmedi.

*Aýdypdyrlar:* Adyllyk eden kapyr bilen mülk baky galar. Zulum eden kapyr bilen hem, zulum eden mömin bilen hem mülk baky galmaz.

*Aýdypdyrlar:* «Döwlet kapyrlar ýurdunda hem bolsa, adalat bilen gaýym bolar. Döwlet imanly adamyň elinde bolsa, jebir-zulum bilen hiç haçan baky galmaz».

Nemrut kapyr hem bolsa: «Adamlar ýygnansyn, eger olar munuň bu işine şaýat bolsalar, ony tutalyň» diýdi. Bu gün kim hem bolsa ýalan söz bilen höküm etse, ol Nemrutdan beter bolar. Ybraýymy alyp geldiler. ***Olar***: ***«Eý, Ybraýym! Biziň taňrylarymyz bilen bu işi sen etdiňmi?» diýdiler***». Ybraýym: ***«Belki, bu işi butlaryň boýny paltaly ulusy edendir. Siz ony butlaryňyzdan soraň. Eger sözläp bilýän bolsalar olar bu işi kimiň edendigini aýdyp bererler» diýdi***. Ol sözüň manysyny butlaryň üstüne ýapdy. Olar many aňlamadylar. Olar bu işi butlaryň ulusy edendir diýip oýladylar. Olar: «Bu butlar sözläp bilmeýärler. Onsoň biz olardan nähili soraly?» diýdiler. Hezreti Ybraýym: «Siz sözlemeýän, peýdasyz zada näme üçin sežde

edýärsiňiz?» diýdi. Aýat: ***«Ybraýym: «Eýse siz özüňize peýda hem zyýan hem ýetirip bilmeýän zada bendeçilik edýärsiňiz-mi?» diýdi.*** Bular bu işi Ybraýymdan başga hiç kimiň etmändigini bildiler. Olar Ybraýymy gynamak üçin geňeşdiler. Jebraýyl alaýhyssalam gelip oňa: «Eý, Ybraýym! Saňa Hudaýtagala salam iberdi. Ol saňa Nemrudy we onuň halkyny imana çagyrmaklygyňy buýurdy. Ol özüniň ýeke-täkligini, beýikligini, seniň özüniň pygamberidigiňi aýan etmekligi saňa perman berdi. Hudaýtagala saňa: «Ol gorkmasyn, Men oňa mydama ýoldaşdyryn» diýdi» diýip aýtdy. Ybraýym olara pygamberdigini äşgär etdi: «Siz buta däl-de, ýeke-täk Taňra sežde ediň. Maňa: «Taňrynyň resuly – ilçisi» diýiň» diýdi. Olar: «Sen bizi ata-babalarymyzyň dininden çykaryp, başga dine girizjek bolýarmysyň?» diýdiler. Ybraýym: «Siziň atalaryňyzyň hemmesi batyl – ýalan dindedi. Men sizi dogry ýola ündeýärin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Şol wagtlarda hemme illerde açlyk peýda boldy. Iýmäge aşlyk tapylmady. Nemrut hemme halka aşlyk satardy. Bir gün Ybraýym Nemrudyň ýanyna aşlyk almaga geldi. Nemrut: «Sen maňa sežde etseň, aşlyk bereýin» diýdi. ***Ybraýym: «Men ölüni direldýän hem dirini öldürýän Taňra sežde edýärin» diýdi. Nemrut: «Men hem ölüni direldýärin, dirini öldürýärin» diýdi.*** Ol zyndandan iki ýazykly bendini çykardy. Ol olaryň birini öldürdi, beýlekisini bolsa diri goýdy. Nemrut: «Ine, men ölüni direltdim, dirini öldürdim» diýdi. Ybraýym bu kapyryň akmakdygyny bilip: «Eý, Nemrut! Günäkäri zyndandan boşadyp goýbermek ölüni direltmeklik bolmaz» diýdi. Ybraýym: «Indi sen bu ölüni direlt» diýip akmak kapyr bilen hüjjetleşmegi özüne hoş görmedi. Ol: «Men muny bu söz bilen dyndyrmaýyn» diýdi. Ybraýym ýene: ***«Meniň Taňrym islese asmandaky Güni gündogardan çykarýar, günbatardan ýaşyrýar. Eger sen taňry bolýan***

***bolsaň ony günbatardan dogrup, gündogardan ýaşyr» diýdi. Nemrut kapyr bu sözi eşdip, haýran boldy»***. Ol öz sözünde tutuldy.

Ybraýymyň gudraty şeýle boldy: Allatagala ahyrzamanda Güni günbatardan dogurmaýança kyýamat gopmaz. Ybraýymyň bu sözüni eşiden köp kapyrlaryň köňlüne: «Bu butlar batyl eken. Olaryň hiç peýdasy ýok. Ybraýym dogry sözleýär, biz ýoldan azaşanlardyrys» diýen güman girdi. Aýat: ***«Olar akyllaryna aýlandylar we: «Siz buta sežde etmek bilen zalym bolduňyz» diýdiler.***

Nemrut (goý, oňa nälet bolsun!) adamlaryň bu pikirini bildi. Ol: «Halk menden dönüp, Ybraýym tarapa öwrüläýmesin» diýip gorkdy we howsala düşdi. Ol: «Muny tutuň we ony oda ýakyň. Siz öz hudaýlaryňyza ýardam beriň» diýdi. Olar Ybraýymy oda salmagy maslahat bildiler. Nemrut: «Eý, Ybraýym! Meniň taňrymyň tamugy bar. Ol öz günäkärlerini ot bilen gynaýar. Men bu gün seni ot bilen gynaýyn. Onsoň kim seni bu azapdan gutarjakdygyny göreýin» diýdi.

Nemrut hemme leşgerine dört aýlap odun ýygdyrdy. Haýsy bir kölüge odun ýüklemekçi bolsa, ol ony götermedi. Düýä ýüklediler, ol çökdi we turmady. Eşek we at bu işi kabul etmedi. Ahyry oduny gatyra ýüklediler. Ol bu işi kabul etdi. Ybraýym bu zatlary görüp durdy. Ol gatyra nälet etdi. Şol sebäpli: «Gatyrdan nesil önmez» diýipdirler. Şu günler hem gatyra ýük ursalar, ony urmasalar we sögmeseler ol ýerinden gozganýan däldir.

Garry kempirlere çenli Nemrut bizden razy bolsun diýişip, gijelerine çarhda ýüp egirip, ony bazarda satyp, puluna odun satyn alardylar. Adamlar bir agaçlyk ýere odun ýygnadylar. Onuň degresine deriden tam ýapdylar we onuň daşyny kükürt bilen suwadylar. Ondan soň ony otladylar. Ybraýymy agyr zynjyr bilen baglap zyndanyň içinde sakladylar. Ot on günläp

ýandy we güýçlendi. Nemrut: «Indi Ybraýymy oda salyň» diýdi. Oduň adyzlygy olaryň garysy bilen ýigrimi garydy. Ody getirip ýakan Ybraýymyň atasynyň dogany Hazardy. Lut pygamber bu kişiniň ogludy. Garlawaç çüňki bilen suw getirip, ony oda guýardy. Ybraýym: «Eý, garlawaç! Seniň tumşugyňdaky suw bu ody nähili söndürsin?» diýdi we garlawaja ýagşy dileg etdi. Galaz gelip oda çöp daşady. Ybraýym oňa nälet etdi. Ot kyrk gije-gündiz ýandy. Ol oduň dört agaçlyk ýakynyndan hiç kim geçip bilmezdi. Onuň üstünde guş uçup geçse, ganatlary köýüp, ýere gaçardy. Nemrut demirden bir minara saldy. Ol oňa agdy. Adamlar: «Biz Ybraýymy nähili oda salaly?» diýdiler. Olar Ybraýymy oda taşlamagyň alajyny tapmakdan ejiz boldular. Şeýtan gelip olara manjanyk ýasamagy öwretdi. Ondan öň ýer ýüzünde manjanyk diýen ýarag ýokdy. Ybraýymyň elini, aýagyny ýetmiş batman demir bilen baglap, manjanyga urdy. Kapyrlar: «Eý, Ybraýym! Sen otdan gorkmaýarmysyň?» diýdiler. Ybraýym: «Kimiň könlünde Taňrynyň ody bolsa, ol mahlugyň odundan gorkmaz» diýdi. Olar: «Eý, Ybraýym! Biz uly ody onuň töweregini kükürt bilen suwap, nebit guýup ýakdyk. Bu oda dagy salsaň hem ol erär» diýdiler. Ol: «Meniň köňlümdäki ot siziň oduňyzdan güýçlüdir. Çünki meniň köňlümdäki ot Taňrynyň odudyr, siziň oduňyz bolsa bu dünýäniň odudyr» diýdi. Olar: «Eý, Ybraýym! Sen Hudaýyňdan özüňi bu otdan halas etmegini dile» diýdiler. Ol: «Ol meniň nämämi halas etsin?» diýdi. Olar: «Hudaýyňdan sen nebsiňi dile. Ol ony halas etsin» diýdiler. Ybraýym: «Meniň nebsim aýyplydyr. Onuň işi ýamandyr. Aýyply zat oda ýakylmaga laýykdyr» diýdi. Olar: «Eý, Ybraýym! Sen Hudaýyňdan janyňy halas etmegini dile» diýdiler. Ybraýym: «Jan mende Taňrynyň amanatydyr. Amanat zat bolsa eýesine gaýtarylýandyr» diýdi. Olar: «Eý, Ybraýym! Sen Taňryňdan köňlüňi halas etmegini dile» diý-

diler. Ol: «Meniň köňlüm Taňrynyň öýüdir. Ony köýdürjegini ýa-da köýdürmejegini Taňrynyň özi ýagşy biler» diýdi.

Ondan soň ony manjanyga saldylar. Köp adam ýygnanyp ony dartyp bilmediler. Çünki ony perişdeler gelip, saklap durdular. Kapyrlar: «Eý, Ybraýym! Sen bu manjanyga münüp nirä bararsyň?» diýip, ony ýaňsyladylar. Ol: ***«Men özümi ýaradan Taňrymyň ýanyna bararyn. Ol meni öz ýoluna gönükdirer»*** diýdi.

Şeýtan manjanygy perişdeleriň basyp saklap durandyklaryny bildi. Ol bir päk adamyň keşbine girip bu ýere geldi. Ol kapyrlara: «Siz muny atyp bilmersiňiz. Munuň bir hilesi bar» diýdi. Olar: «Onuň hilesi nämedir?» diýdiler. Şeýtan: «Ýoldan çykan bir aýaly getirip, onuň bilen erkek kişini ýakynlyk etdirseňiz, perişdeler bu ýerden gaçarlar. Onsoň manjanyk atylar» diýdi. Kapyrlar şeýtanyň özlerine teklip eden işini bu ýerde etdiler. Perişdeler manjanygy taşlap gaçdylar. Ondan soň olar manjanygy dartyp Ybraýymy howa atdylar.

*Sowal:* Şeýtan manjanyk ýasamagyň tärini nähili bildi?

*Jogap*: Şeýtan manjanygy dowzahda görüpdi. Dowzahda ýazykly bendeleri çukur oda manjanyk bilen atýardylar. Ol çukuryň azaby dowzahyň azabyndan ýetmiş esse güýçlüräkdir.

*Habarda şeýle rowaýat aýdylypdyr*: Resul alaýhyssalam aýdypdyr: «Meniň ummatymdan alty görnüşli kişileri kyýamat güni şol çukura oklarlar. Olaryň birisi, soltanlaryň elinde: «Bu kişi şunuň ýaly ýolda» diýenler, ikinji, ýetimleriň malyna erkli bolup, ony iýenler, üçünji, zalymlaryň işini bitirenler, dördünji, ata-enelerine ýaman söz aýdanlar, bäşinji, bozuk işleri edýän muhannesler, altynjy, Taňrylyk ýoldan mal gazanyp, ony Taňrynyň ýolundan başga ýola harç edenler.

Hezreti Ybraýym howada gidip barýarka: «Allatagala bu işde ýardam berijidir. Ol maňa wekilçilik eder. Ol ýagşy hökümdardyr. Ol ýagşy goldaw berijidir» diýdi.

Ýedi gat asmanyň perişdeleriniň hemmesi: «Eý, Taňrymyz! Bu gün ýer ýüzünde seni birlän, barlan ýalňyz Ybraýymdyr. Sen ony oda atarmysyň? Eý, Taňrymyz! Sen öz dostlaryňa şeýle azaply iş edermisiň?» diýip üýn gopardylar. Allatagaladan owaz geldi: «Eý, perişdeler! Siz nazzara edip duruň» diýdiler.

Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip ýetdi. Ol howada oduň duşunda durup: «Eý, Ybraýym! Seniň dilegiň barmy?» diýdi.

**Peýda.** Eger hezreti Ybraýym: «Meniň dilegim ýok» diýen bolsa: «Men dilegsiz» diýmeklik bolardy. Gul hajatsyz bolmaz. Şonuň üçin Ybraýym alaýhyssalam: «Eger seniň menden dilegiň ýok bolsa, onda sen Taňrydan dileg et» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Eý, Jebraýyl! Meniň dilegimi Taňrymyň bilmekligi ýeterlikdir. Onsoň dilemegiň näme hajaty bar» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam Hudaýtagala köňül baglady. Şol pursat Hudaýtagaladan: ***«Eý, ot! Sowa, Ybraýym üçin parahat dur»*** diýen perman geldi. Alymlar (goý, Allatagala olara rehmet etsin!) aýdypdyrlar: «Allatagala oda: «Sowa» diýip, «Parahat dur» diýmedik bolsa, ot özüniň ýowuzlygy bilen Ybraýymy heläk ederdi. Kyýamata çenli hiç kim otda bişen aşy görmezdi. Manysy: «Eý, ot sowuk bol. Ybraýym ýaly parahat dur» diýmeklik bolar.

Muhakkyklar aýdypdyrlar: «Ybraýymyň köňlünde Izi muhabbetiniň ody bardy. Şol wagt onuň muhabbet ody tebreşdi. Ol Nemrudyň oduny peseldip ugrady. Oda: «Muhabbet oduna sowa» diýip perman geldi. Eger Taňry: «Ybraýym üçin parahat dur» diýmedik bolsa, Nemrudy hem, onuň oduny hem goýmazdy, ýagny Nemrudyň ody sowap öçerdi, Nemrudyň özi bolsa sowuk alyp ölerdi». Allatagaladan ýene: «Eý, Jebraýyl! Sen bendäme ýardam bermek üçin tiz ýetiş» diýen owaz geldi.

Jebraýyl alaýhyssalam uçmahdan bir musalla getirdi. Ybraýym alaýhyssalam onuň üstünde namaza durdy.

Alymlaryň aýtmagyna görä, Nemrudyň Lemken atly bir guly bardy. Nemrut oňa: «Sen baryp minara mün we Ybraýymy gör. Ol nähili kül bolduka?» diýip buýurdy. Lemken: «Eý, patyşa! Dünýäniň hemme daglary bu oduň içinde bolsa köýerdi. Onsoň ol Ybraýymy köýdürmän goýarmy?» diýdi. Ol minara münüp gördi, ondan düşüp gören zatlaryny: «Eý, patyşa! Üç kişi onuň öňünde otyr. Ýigrimi şar ýerde ýaz çiçekleri açylyp dur, çeşmeler akyp dur. Hurma agajy ösüp dur» diýdi. Nemrut taňlady. Onuň özi baryp minara mündi. Ol Lemkeniň aýdan zatlaryny gördi: «Eý, Ybraýym! Sen ýeke özüňdiň. Bu ýanyňdakylar kim?» diýdi. Hudaýtagalanyň gudraty bilen ot dile gelip: «Eý, Nemrut! Olar mendirin. Men özümi bu surata öwürdim. Men Ybraýym bilen seniň akmaklygyň üstünden gülýärin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Lemken Ybraýym alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Eý, Ybraýym! Seniň ne ýagşy Hudaýyň bar eken. Ol seni şeýle azaply ölümden aman saklady» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Lemken! Eger sen imana gelseň, meniň Taňrym saňa hem keramat görkezer?» diýdi. Lemken: «Eger seniň Hudaýyň maňa keramat görkezse, men saňa hazynamdaky altyn-kümüşleri bereýin» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Seniň hazynaňdaky zatlar meniň Taňrymyň mülküdir» diýdi. Lemken bu sözden soň yzyna gaýdyp geldi. Ol Nemruda: «Ybraýym otparaz eken. Ot oňa aşnalyk edip köýdürmedi» diýdi. Lemken bu sözi aýdandan soňra, oduň uçguny gelip, onuň tamam bedenini köýdürdi.

Ondan soňra ýedi gije-gündiz ýer titredi. Nemrut bilgeleri we hekimleri ýygnap, olardan: «Bu ne ýer titremesidir?» diýip sorady. Olar: «Ýer bu oduň gyzgynlygyndan titreýär»diýdiler.

Nemrut: «Onuň ýaly bolsa bu ody söndüriň» diýdi. Adamlar oda suw daşap, guýup başladylar. Köp adam: «Ybraýymy göreli» diýişip geldiler. Allatagalanyň permany bilen ýel gelip, ody olaryň üstüne iberdi. Olar köýdüler.Gije düşdi. Hezreti Ybraýym otdan çykdy we öýüne bardy.

*Aýdypdyrlar:* Nemrudyň on iki müň anbary bardy. Onuň dört müňi undy. Ol uny gytlyk bolanda satmak üçin niýetläpdi. Hezreti Ybraýym dileg etdi. Ol welaýatdaky gollar we gowaklar undan doldy. Hezreti Ybraýym: «Geliň, un alyň» diýip, jar çekdirdi. Hemme welaýatlarda dokluk boldy. Nemrudyň aşlygyna hiç kim bakmady.

Bir gün hezreti Ybraýym Nemrudyň ýanyna gelip: «Eý, Nemrut! Sen musulman bol. Sen: «Lä ilähe illalla we Ibrahim resululla» diý» diýip aýtdy. Nemrut: «Maňa möhlet ber. Men wezir-wekillerim bilen geňeşip göreýin» diýdi. Hezreti Ybraýym oňa möhlet berdi. Nemrut wezir-wekilleri bilen geňeş etdi. Nemrut: «Men Ybraýym bilen ýaraşjak. Siz bu söze nähili garaýarsyňyz?» diýdi. Olar: «Eger Nemrut Ybraýym bilen ýaraşsa, Ybraýym onuň üstünden erkli bolar. Onsoň biziň patyşanyň ýanynda hezzet-hormatymyz galmaz. Biz Ybraýyma gul bolarys» diýip oýlandylar. Olar Nemruda: «Sen munça ýyldan bäri özüňe men taňrydyryn» diýdiň. Indi sen men gulduryn diýýärmisiň?» diýdiler. Nemrut: «Meniň gören zatlarym uly işdir. Onuň taňrysy bilen ýaraşmak gerek» diýdi. Olar: «Sen ony näme üçin oduň köýdürmedigini bilmeýärmisiň? Çünki biziň ata-babalarymyz oda çokunardylar. Ot bizi hem, biziň urugymyzy hem köýdürmez» diýdiler.

*Bu kyssanyň içinde köp peýdalar bardyr:* Gatyr odun getirdi, nesli kesildi. Serçe çöp daşady, oglanlar ony tutup, ýelegini ýolup oda taşlarlar. Garlawaç suw daşady. Ol aman boldy. Serçäniň oduny bilen Nemrudyň ody bolşundan uly ot

bolmady. Emma adamlar oňa duşmanlyk bildirdiler. Garlawajyň suwy bilen ot öçmedi. Emma kyýamata çenli onuň ýagşy ady galdy.

Nemrut Hazara: «Biz Ybraýymdan nähili gutularys?» diýdi. Hazar halky ýygnap: «Biz bir çukur gazaly. Ol çukuryň içinde tütün edeliň. Tütün adyny heläk edýändir». Nemrut: «Eý, Hazar! Bu iş üçin näçe harajat gerek bolsa, ony hazynadan alda, ony bitir» diýdi.

Hazar ot ýakylan ýerden çukur gazdyrdy. Ol çukuryň özi teriň, düýbi dar, agzy giňdi. Onuň içini saman bilen, näpäk zatlar bilen doldurdylar. Hemme halk tomaşa etmäge durdular. Hazar ot getirdi. Ody samana atdylar. Hudaýtagalanyň permany bilen ýel gelip, otdan bir kesek aldy. Ony getirip Hazaryň başyna taşlady. Hazar ýykyldy, köýüp başlady. Halk: «Eý, Hazar! Sen ot bizi köýdürmez diýip aýtmanmydyň?» diýdi. Hazar hiç bir söz sözläp bilmedi, ol şol wagt öldi.

Ýel ýene geldi. Ol Nemrudyň ýakan odundan kül getirdi. Ony getirip halaýygyň, şeýle hem odun daşanlaryň üstünden dökdi. Olaryň köpüsi garagy kör boldy. Hezreti Ybraýym salamat galdy. Adamlaryň aman galanlary bu ýerden gaçdylar.

Şol wagt Sara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hezreti Ybraýymyň ýanyna geldi. Sara Hazaryň gyzydy. Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, ol Nemrudyň uly begleriniň biriniň gyzydy. Sara: «Eý, Ybraýym! Seniň Taňryň ýawlak güýçli eken. Ol menden hem bizarmy?» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Ol seni dogry ýola gönderer we seni uçmahy eder» diýdi. Sara örän owadan gyzdy. Ol: «Eý, Ybraýym! Men bir şert bilen musulman bolaýyn we saňa baraýyn» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Meniň saňa galyň berer ýaly malym ýok» diýdi. Sara: «Meniň galyňym şeýledir şerigatda we hemme işlerde näme

diýsem, sen ony amal et» diýdi. Hezreti Ybraýym Saranyň bu şertini kabul etdi.

**Rowaýat.** Nemrudyň bir gyzy bardy. Ol oda tomaşa etmek üçin minara çykdy. Ol ýagdaýy gözi bilen görüp: «Onuň Hudaýy hak Taňry bolmasa, ol munça oduň içinde beýle mertebä eýe bolmazdy» diýdi. Gyz minaradan düşüp, hezreti Ybraýymyň ýanyna gelip: «Eý, Ybraýym! Men seniň ýanyňa geldim. Ýöne men otdan gorkýaryn» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, gyz! Sen çyn ýüregiň bilen: «Lä ilähe illalla, Ybraýym halylulla» diýip oda gir» diýdi. Ol gyz bu jümläni päk ýüregi bilen gaýtalap oda girdi. Ot oňa täsir etmedi. Ol gyz musulman boldy we: «Eý, Ybraýym! Meniň ömrüm şunça wagt azaşmakda geçdi. Bu gün men yslamy kabul etdim. Indi, siz maňa bir dileg ediň, meniň ömrüm iman bilen tamam bolsun» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam dileg etdi. Ol gyzyň ömri tamam boldy.

Başga bir rowaýatda aýdylşyna görä Ol gyz yslamy kabul edenden soň, enesiniň ýanyna baryp, ony imana ündedi. Enesi gyzynyň sözlerini Nemruda aýtdy. Nemrut (goý, oňa nälet bolsun!) gyzyny öldürmekligi jellada buýurdy. Kapyrlar ony tutmakçy bolanlarynda bir bulut gelip, gyzy orap alyp, ony Kuh dagynyň üstüne eltip goýdy. Ol gyz şol ýerde ybadata meşgul boldy. Hudaýtagala günde bir nar iberip, ony iýmitlendirip durdy. Aýdylyşyna görä, ol gyz kyýamat güni Ysrapyl alaýhyssalam tüýdügini çalýança şol ýerde ybadata meşgul bolar.

**Rowaýat:** Nemrut minaradan hezreti Ybraýymy gördi. Oduň içinde dürli reňkli güller açylypdyr. Ol ot gyzyl, ýaşyl, sary güllere öwrülipdir. Oduň ortasyna ýol çykyp dur. Ol ýerde hurma agajy ösüp dur. Nemrut: «Eý, Ybraýym! Ot seni köýdürmeýärmi?» diýip sorady. Ol: «Ýok» diýdi. Nemrut ondan ýene: «Eý, Ybraýym! Bu ody seniň üçin kim sowatdy?» diýip

sorady. Ol: «Ony meniň Taňrym sowatdy» diýdi. Nemrut: «Eý, Ybraýym! Seniň Taňryň ýagşy Taňry eken» diýdi. Nemrut musulman bolmaklyga meýil etdi. Emma onuň wezir-wekilleri onuň bu meýlini unamadylar. Olar: «Biz Ybraýymy tütün bilen heläk edeli» diýdiler.

Lut alaýhyssalam gelip, hezreti Ybraýymy olaryň bu işinden habardar etdi. Ol ikisi gijäniň garaňkysynda bu ýerden çykyp gaçdylar. Nemrut: «Ybrany dilli kim duşsa, ony tutuň» diýip, ýollara sakçy goýdy. Ol gije Hudaýtagala hemme dilleri öz gudraty bilen bulaşdyrdy. Diller aýnady.

*Aýdypdyrlar:* Ýetmiş iki dürli dil peýda boldy. On sekiz dili Ham urugyndan bolan hindiler, on sekiz dili Sam urugyndan bolan araplar we ajamlar, otuz alty dili Ýafes urugyndan bolan türkler aldylar.

Ybraýym bilen Lut ýol sakçylaryndan ötdüler. Olar sakçylardan ötmekçi bolanlarynda: «Siz kim?» diýip soradylar. Olar: «Biz Ybraýym bilen Lutdyrys» diýdiler. Sakçylar: «Bu ikisi biz Ybraýym bilen Lut» diýip, biziň üstümizden gülýärler. Biz bulary saklaly» diýdiler. Emma Haktagala bulary öz gudraty bilen olardan sypdyrdy.

Bular başga welaýata baryp ornadylar. Nemrudyň gahary öçüşdi. Allatagaladan: «Eý, Ybraýym! Sen Nemrudyň ýanyna bar we ony imana ünde» diýen perman geldi. Hezreti Ybraýym Nemrudyň ýanyna gelip: «Eý, Nemrut! Sen buta tabunma, iman getir. Allatagalany bir diý, meni onuň pygamberi diýip bil» diýdi. Nemrut: «Eý, Ybraýym! Menden başga taňry barmy?» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Bar» diýdi. Nemrut: «Ol kim?» diýdi. Hezreti Ybraýym: «Ol seni ýaratdy we saňa mülk berdi. Ol ýeriň, gögüň taňrysydyr» diýdi. Nemrut: «Men hem «taňrydyryn». Ol hem taňrydyr. Meniň seniň taňryňa

mätäçligim ýok. Men seniň Taňryň bilen sanjyşaýyn» diýdi. Nemrut bu sanjyşygyň ýaragyny tutup başlady.

## NEMRUDYŇ GÖGE ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Nemrut garaguşlaryň balalaryny tutup ekdi etdi. Olar ulaldylar. Ol bir sandyk ýasatdy. Oňa iki gapy goýdurdy. Olaryň biri ýokarsynda, biri bolsa aşagynda ýerleşýärdi. Onuň sekiz aýagy bardy, dördüsi aşagynda, dördüsi bolsa ýokarsynda goýlandy. Ol sandygyň üstündäki aýaklaryna gara guşlary baglatdy. Özi söweş geýimini geýip, ok-ýaýyny alyp, geňeşçisi bilen sandyga girdi. Sandygyň üstüne et baglatdy. Guşlar eti gördüler we ony almak üçin uçdular. Olar sandygy howa göterdiler. Olar bir gije-gündiz uçdular. Nemrut geňeşçisine: «Sandygyň ýokarky gapysyny aç» diýdi. Ol gapyny açdy. Nemrut: «Sen näme görýärsiň?» diýip sorady. Geňeşçisi: «Men asmany öňküsi ýaly görýärin» diýdi. Nemrut: «Sandygyň aşagyndaky gapyny aç» diýdi. Geňeşçi ony açdy. Nemrut: «Indi sen näme görýärsiň?» diýip sorady. Ol: «Men ýeriň ýüzüni görýärin. Ýer, gök öň nähili görünýän bolsa, häzir hem şonuň ýaly görünýär» diýdi. Olar ýene bir gije-gündiz uçdular. Nemrut üstki gapyny açdyrdy. Ol: «Näme görünýär?» diýip sorady. Geňeşçisi: «Bus görünýär» diýdi. Nemrut: «Indi biz gelip ýetdik» diýdi. Ol okuny alyp atdy. Allatagala Jebraýyl alaýhyssalama: «Onuň okuny balyga sanjyp, gana bulap, sandyga sal» diýip buýurdy. Şonuň üçin balyk bogazlanmaz diýipdirler. Şeýle hem howada bir guş bardy. Jebraýyl alaýhyssalam onuň okuny bu guşuň ganyna bulady.

Bagzylar aýdypdyrlar: Ok inip Nemrudyň depesine düşdi. Ol gana bulandy. Ol muny geňeşçisinden ýaşyrdy. Ol: «Men gögüň taňrysyny öldürdim» diýip, sandygyň üstündäki etleri

onuň aşagyna baglady. Ol aşak inip barýarka sandygyň içine ýel girdi we sandyk gaty ses etdi. Hemme halaýyk bu sesden gorkdular. Aýat: ***«Olar hak zady nähak etmek we nähak zady hak etmek üçin mekirlik etdiler. Emma olaryň mekirlikleriniň muzdy Allatagalanyň dergähinde taýyndyr»***.

Olar ýere gelip gondular we: «Biz gök taňrysyny öldürdik» diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Nemrudyň kowumyndan ýüz müň adam ondan dänip, Ybraýym pygambere köňüllidi. Nemrut gelip: «Men gök taňrysyny öldürdim» diýip, ganly oky görkezenden soň, olar munuň sözüni dogry tapyp ýene kapyr boldular. Aýat: ***«Allatagala islän kişisini dogry ýoldan azdyrar we islän kişisini dogry ýola gönükdirer»***.

Hezreti Ybraýyma: «Sen baryp Nemruda aýt. Eger ol meniň bilen sanjyşmaga köňülli bolsa, leşgerini taýýarlasyn» diýip, perman boldy. Hezreti Ybraýym Nemrudyň ýanyna gelip, oňa Hudaýtagalanyň permanyny ýetirdi. Nemrut illerine çapar iberdi. Sansyz-hasapsyz leşger ýygnandy. Olaryň hemmesi başyndan aýagyna çenli demirden kalag geýipdirler. Allatagaladan çybyn leşgerine perman boldy. Hemme çybynlar çykyp geldiler. Olar Günüň ýüzüni tutdular, gelip Nemrudyň leşgerine ýapyşdylar we Nemrudyň leşgeriniň ýaraglaryny, donlaryny, etlerini, süňklerini iýip tüketdiler. Nälet siňen Nemrut gaçdy. Ol gelip, saraýyna girdi. Saraýyň beýikligi bäş ýüz garydy, diwaryň degresi üç müň bäş ýüz garydy. Ol saraýynyň gapylaryny baglady. Hudaýtagala bir ejiz, agsak, çala görýän gözli, ýarty ganatly çybyna perman berdi. Ol çybyn deşikden girdi we onuň beýnisini iýip başlady. Ol Nemrudy kyrk gije-gündiz iýdi.

Kagbul-Ahbaryň rowaýaty boýunça, Allatagala nälet siňen Nemruda dört ýüz ýyl patyşalyk mülküni berdi. Ol çybyn Nemrudyň burnuna girdi. Ol dört ýüz ýyl onuň burnunda durdy. Ol

ýanyna kim gelse, burnundaky çybyny pitik bilen urdurardy, onuň bilen bolmasa, ýumruk bilen ýeňsesine urdurardy.

**Hikmet:** Nemrut dört ýüz ýyllap taňrylyk dawasyny edendigi üçin bu azaba sezewar boldy. Ol adamlary özüne seždе etdirdi. Ýeňsesine şunça ýumruk iýen kişi taňrylyga nähili ýarar? Onuň bilen Nemrudyň derdi ýeňlemedi. Onsoň, oňa topuz urup başladylar. Ol ejizledi we derdi artdy. Ili-güni emgege düşdi. Bir gün onuň uly ynagyna tokmak urmak gezegi düşdi. Ol ynak: «Men ertir baraýyn. Nemrudy bu dertden gutaraýyn» diýdi. Ertesi gün ynak Nemrudyň ýanyna bardy. Ol tokmak bilen onuň ýeňsesine urmakçy bolup, goluny ýokary göterdi we güýç bilen tokmagy Nemrudyň başyndan inderdi. Nemrudyň başy ýaryldy. Ol çybyn gögerçin ýaly bolup gidipdir. Ol uçup çykdy. Jebraýyl alaýhyssalam bolsa ganaty bilen saraýy göterip, ýere çalyp urdy. Saraýyň asty üstün boldy. Aýat: ***«Olaryň jaýlarynyň düýbünden ýykylmagyna Allatagalanyň hökümi geldi. Olaryň jaýlarynyň petigi üstlerine gaýtdy»***. Nemrut dowzaha duwlandy. Onuň ornuna Zularş atly patyşa tagta geçip oturdy.

## YBRAÝYM ALAÝHYSSALAMYŇ ZULARŞ PATYŞA BILEN BAŞYNDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ybraýym alaýhyssalam Nemrudyň ambarlaryndaky hemme altyn-kümüşleri, beýleki zatlary garyp-gasarlara sadaka berdi. Soňra Lut alaýhyssalam we Sara bilen ol welaýatdan çykyp gitdi. Sara musulmançylygy kabul etdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Indi men nirä baraýyn?» diýip, mynajat aýtdy. Allatagaladan: «Haýsy tarapy göwnüň islese, şol ýere git» diýen owaz geldi.

Zularş patyşa ol wagt ýaş ýigitdi. Ol aýal-gyzlara örän meýillidi. Ol bir ýerde owadan zenan görse, ony özi üçin getirderdi. Bu Zularş Ibn Sadyk Hamyry nökerleri bilen ýola sakçy edip goýdy. Olar ötegçileriň harydynyň ondan birini alardylar. Ybraýym alaýhyssalama on bäş sakçy ýolukdy. Olar ondan üşr soradylar. Ybraýym alaýhyssalam: «Bizde üşr berer ýaly haryt ýok. Biziň diňe ogullarymyz bar» diýdi. Sakçylar onuň ogullaryny sanadylar. Olaryň sany dokuz çykdy. Olar: «Biz seniň ogullaryň on bolsa birini alardyk. Emma olar dokuz çykdy. Dokuzdan bize düşýän zat ýok. Biz bu sandygyň içinde näme bardygyny göreli» diýdiler. Sandygyň içinde bolsa Sara bardy.

*Habarda pygamber alaýhyssalamdan şeýle rowaýat edilipdir:* Ol: «Taňrynyň ýaradan zatlarynyň ýolda saklanyp alnan zatdan beterrägi ýokdur» diýdi. Olar Sarany gördüler we onuň görküne haýran galdylar. Olar: «Biziň patyşamyz şunuň ýaly zady halaýar. Sen näme üçin muny gizläp alyp barýarsyň?» diýdiler. Olar Ybraýym alaýhyssalamy bu ýerde adamlary bilen sakladylar we bu habary patyşa ýetirdiler. Patyşa Sarany görmezden oňa köňülli boldy. Ol hajybyna: «Ol kişini meniň ýanyma getiriň» diýdi.

Hajyp sakçylaryň ýanyna baryp, Ybraýym alaýhyssalamy patyşanyň ýanyna alyp geldi. Patyşa Ybraýym alaýhyssalamy gördi. Ol görkli hem jemally adamdy. Ol oňa hormat-hezzet etdi. Patyşa ondan: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Ybraýym alaýhyssalam: «Meniň adym Abdylla» diýdi. Patyşa: «Sandygyň içinde näme bar?» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam gorkup öz-özüne: «Eger men: «Ol meniň aýalym» diýsem, patyşa Saradan tamaly bolup meni öldürder» diýdi. Bu sebäpli ol: «Onuň içinde aýal maşgala bar. Ol meniň garyndaşym» diýdi. Ol bu sözi: «Möminler biri-birine dogandyr» diýen sözden ugur alyp aýtdy. Patyşa: «Eý, Abdylla! Bu gün men Müsür

patyşasydyryn. Meniň malym-mülküm köp. Sen ol garyndaşyňy maňa berseň? Men seni mülküme ortak (şärik) edeýin» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam gaýgyly bolup, ýüzüni aşak saldy. Patyşa: «Eý, Abdylla! Sen näme üçin dymýarsyň?» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Onuň özünden rugsat sora» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam gaýgy-gama batyp, Saranyň ýanyna gaýdyp geldi. Sara ondan: «Saňa näme boldy? Sen beýle gaýgyly görünýärsiň?» diýip sorady. Ybraýym alaýhyssalam patyşanyň sözlerini oňa aýdyp berdi. Sara ýyglap başlady we: «Eý, Ybraýym! Sen näme üçin patyşa dogrusyny aýtmadyň? Özüňi hem, meni hem bela saldyň» diýdi.

Patyşa howlugyp, iki ýüz nöker bilen hajybyny iberdi. Ol: «Sen baryp ol kişini siňlisi bilen meniň ýanyma alyp gel» diýdi. Ybraýym alaýhyssalamy Sara bilen patyşanyň ýanyna alyp geldiler. Sara başyna keteni çadyra oranyp girdi. Patyşa Ybraýym alaýhyssalama tagtyň gapdalyndan orun berdi. Sara Ybraýym alaýhyssalamyň ýanynda oturdy. Patyşa: «Eý, Abdylla! Meniň malymyň, mülkümiň hasaby ýok. Men saňa onuň ýarysyny bereýin. Sen aýal doganyňy maňa ber» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Onuň özi gapdalymda otyr. Goý, onuň özi sözlesin» diýdi. Patyşa Sara: «Meniň soltanlyk urugyndan müň garabaşym (kenizegim) bar. Men olaryň hemmesini saňa bereýin. Olar saňa hem hyzmat etsinler. Sen meniňki bol» diýdi. Sara ýyglady, hiç sözlemedi. Patyşa: «Eý, Abdylla! Bu gyz senden uýalyp sözlemeýär» diýdi. Ybraýym alaýhyssalamyň elinden tutup, bu ýerden çykardylar. Ony bir diwaryň düýbünde oturtdylar. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti Ybraýymy Saranyň depesine getirdi we ganatynyň üstünde göterip durdy. Ybraýym alaýhyssalam Sarany görüp, köňli tolgundy. Patyşa näçe sorasa hem Sara geplemedi, elini ýüzüne tutup ýyglap durdy. Patyşanyň sabyr-takaty galmady.

Ol Saranyň ýanyna geldi, onuň ýüzüne elini uzatdy. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen öz gudratyňy bu kapyra görkez» diýdi. Patyşanyň iki eli boýnuna çenli gurady.

Patyşa: «Eý, Sara! Sen meniň ellerim oňalsyn diýip dileg et. Men saňa rugsat bereýin» diýdi. Sara dileg etdi. Patyşanyň elleri öňküsi ýaly oňaldy. Patyşa ýene Sara kast etdi. Onuň elleri ýene gurady. Sara ýene dileg etdi. Patyşanyň elleri ýene düzeldi. Patyşa oňa üç gezek kast (meýil) etdi. Üç gezek hem onuň elleri gurady. Ýer titredi. Patyşa: «Senden maňa ýeten bu bela nämedir?» diýdi. Sara: «Ol bela menden gelmeýär. Ol seniň kapyrlygyň, şeýle hem güýç degireniň (zorluk edeniň) sebäpli bolýar» diýdi. Patyşa: «Men saňa zorluk etmedim» diýdi. Sara: «Bu bela seniň Taňrynyň pygamberine sütem edeniň üçin gelýär» diýdi. Patyşa: «Men haýsy pygambere sütem etdim?» diýdi. Sara: «Sen Ybraýym pygambere zorluk etdiň. Nemrut onuň elinden heläk boldy» diýdi.

Patyşa: «Men Ybraýymy hiç haçan görmedim. Onsoň men oňa nähili sütem ýetirýärmişim?» diýdi. Sara: «Ybraýym pygamber meniň ärimdir. Sen meni ondan aýyrdyň. Saňa bu bela, bu emgek şol sebäpden ýetdi» diýdi. Patyşa: «Saňa hem bu emgek onuň: «Bu gyz meniň aýal doganym» diýmegi sebäpli ýetdi. Eger ol seni: «Bu meniň aýalym» diýen bolsa, men saňa azar bermezdim» diýdi. Sara: «Ol seniň zulmuň, kapyrlygyň, güýjüň sebäpli dogrusyny aýdyp bilmedi. Eger ol: «Bu meniň aýalym» diýse, sen ony öldürderdiň» diýdi. Patyşa: «Men hiç kimden güýç bilen zat almadym» diýdi. Ol hajybyna: «Bar ol kişini bu ýere getir» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam bu arada hezreti Ybraýymy öňki ýerine eltip goýdy. Hajyp Ybraýym alaýhyssalamy patyşanyň ýanyna alyp geldi. Patyşa ornundan turup, Ybraýym alaýhyssalamyň aýagyna ýykyldy. Ol: «Sen Nemrudy heläk eden Ybraýymmysyň?» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Hawa, şol Ybraýymdyryn» diýdi. Patyşa:

«Sen maňa öz taňryňy sypatlandyryp ber?!» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Meniň Taňrym ýedi gat gögi, ýedi gat ýeri ýaradan, onuň çäksiz ägirtligi we çäksiz gudraty bar. Onuň hiç kim bilen şärikligi ýok. Ol hiç kimden dogulmady, ondan hiç kim dogmady. Ol hiç mahluga meňzeş däldir. Ol näme islese, şony hem edýär. Ol dirini öldürýär, ölüni direldýär. Emma Onuň özi hiç wagt ölmeýär. Ol bakydyr. Hemme zat Onuň gudratyndandyr. Ol hemme zada hökümdardyr» diýdi.

Zularş: «Men ýetmiş ýyldan bäri Zöhre ýyldyzyna çokunýaryn. Men köplenç şeýle pikirdedim. Bu beýik gögi kim diregsiz tutýar, bu gara ýeri suwuň üstünde kim saklaýar, ýyldyzlary kim dogurýar, kim olary ýaşyrýar, gündizi kim düşürýär, gijäni kim getirýär? Bu işleriň hemmesini seniň Taňryň edýän eken. Indi meniň ellerim, boýnum gurady. Men muňa näme alaç edeýin?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Ol Ybraýym alaýhyssalama Allatagalanyň «Zularş hemme malyny, harydyny, altyn-kümüşini saňa bersin. Men onuň ellerini, boýnuny oňaldaýyn» diýen permanyny ýetirdi.

Zularşyň Hajar atly kenizegi bardy. Ol Magryp patyşasynyň gyzydy we Salyh pygamberiň urugyndandy. Zularş onuň atasyny öldürip, Hajary ýesir alyp gaýdypdy. Ol hemme garabaşlary (kenizekleri) Hajaryň erkine beripdi. Perman şeýledi: «Eý, Zularş! Malyň, harydyň we hazynanyň açaryny Ybraýyma ber». Ol bu zatlaryň hemmesini Ybraýym alaýhyssalama berdi. Ybraýym alaýhyssalam dileg etdi. Patyşanyň elleri we boýny öňküsi ýaly salamat boldy. Zularş şol wagt iman getirdi. Ol: «Eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Ibrahimu resulallahi» diýip, musulman boldy. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, patyşa! Seniň beren malyňy kabul etdim we men seni bagyşladym» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam Hajary hem ondan aldy. Ybraýym alaýhyssalam ýedi gün hazzan bolup patyşanyň gaşynda durdy. Oňa iman we yslam öwretdi.

Sekizlenji güni Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Ol Ybraýym alaýhyssalama Hudaýtagalanyň: «Indi bu ýer seniň durmaly ýeriň däl. Sen indi bu ýerden git» diýen permanyny ýetirdi. Ybraýym alaýhyssalam Taňrynyň permanyny patyşa aýdyp berdi. Patyşa: «Sen meniň bilen dur. Men saňa Müsüriň patyşalygyny bereýin. Özüm saňa gul bolaýyn» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Maňa dünýä maly gerek däl» diýdi. Patyşa Hajara: «Sen hazynadan bir altyn täç bilen altyn guşak, ýene ýüz müň altyn getir» diýdi. Bu zatlary getirdiler. Olary Ybraýym alaýhyssalamyň öňünde goýdular. Patyşa: «Eý, Ybraýym! Sen bu zatlary kabul et» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, oňa: «Eý, Ybraýym! Sen ol zatlary kabul et» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam ol zatlary kabul etdi. Oňa ýene ýüz müň düýe, ýüz müň at, ýüz müň sygyr, ýüz müň göle, ýüz müň goýun, dört ýüz garabaş – kenizek berdiler. Patyşa: «Eý, Sara! Bu täç Müsüriň ýedi ýyllyk harajydyr. Bu saňa laýykdyr» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti Ybraýyma: «Sen Sara aýt. Ol ony kabul etsin» diýdi. Patyşa: «Dört ýüz garabaşyň hemmesi patyşalaryň gyzydyr. Men olary saňa berdim. Sen kabul et!» diýdi. Sara: «Men Taňrynyň ejiz guludyryn. Meniň ýeke başyma munça garabaş nämä gerek. Emma maňa ýalňyz Hajary berseň ýeterlik bolar» diýdi. Patyşa buýurdy. Oňa on müň altyn, ýene müň goýun, iki ýüz düýe, iki ýüz sygyr getirdiler. Hajar bu zatlaryň hemmesini Sara berdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ybraýym! Sen: «Ol bu zatlary kabul etsin diýip Sara aýt» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam Sara bu sözi aýtdy. Ol bu zatlary kabul etdi. Soňra Ybraýym alaýhyssalam hemme zatlary alyp Sara bilen Ahzan welaýatyna bardy. Olar haýsy ýerde düşleseler, bir agaçlyk ýeri ýylky-gara (at, goýun, sygyr) tutardy. Ybraýym alaýhyssalam Ordon (Iordaniýa) ýerine geldi. Ol bu ýerde alty müň ýylky-gara gördi.

Ybraýym alaýhyssalam hezreti Luta aýtdy: «Sen bu ýerde düşle». Lut alaýhyssalam bu ýerde gara öý dikdi. Ybraýym alaýhyssalam bu ýerde bir guýy gazdyrdy. Ondan süýji suw çykdy. Ol ýeriň kişileri: «Bu är köp ýylky-gara bilen biziň otlugymyzy guradar. Muny ýerimizden çykaraly. Bu guýy bize galsyn» diýdiler. Olar şeýle sözleşenlerinde Zularş patyşa leşgeri bilen Müsüre geçip barýardy. Ol bu ýerde düşledi. Üç kişi Ybraýym alaýhyssalamy patyşanyň ýanyna getirdiler. Patyşa hezreti Ybraýymy gördi. Ol oňa hormat edip ýerinden turdy. Ol tagtyndan düşüp, onuň öňünden garşylamaga çykdy. Ybraýym alaýhyssalam: «Ýeriňde otur» diýip, oňa eli bilen yşarat etdi. Patyşa tagtynda oturdy. Ol kişiler ýükünip patyşa: «Ol gije-gündiz ýylky-garasy bilen gelip biziň otlagymyzy, suwlagymyzy guradýar. Ol bu ýerden çyksyn» diýdiler. Patyşa: «Eý, Ybraýym! Sen näme aýdýarsyň?» diýdi Ol: «Siz men garyba git diýseňiz, onda men bu ýerden giderin» diýdi. Patyşa: «Siziň araňyzda men hüküm etsem bolarmy?» diýdi Olar: «Bolar» diýdiler. Patyşa: «Siz on goýun getiriň. Biz ony bişirip iýeli. Hezreti Ybraýym hem on goýun getirsin. Ony hem biz iýeli. Haýsyňyzyň aşyňyz bizi doýurjakdygyny göreli. Soňra öldürilen goýunlary direldiň. Kim olary direltse, bu ýer oňa bolsun» diýdi. Ol kişiler bu sözden gaýgyly boldular. Olar on sany arryk goýun ýetirip bogazladylar. Olardan tagam bişirip öýe girdiler. Patyşanyň leşgeri ony iýdi. Olaryň her birine bir bölek et ýetdi. Olar doýmadylar.

Ertesi Ybraýym alaýhyssalam on sany semiz goýny bogazlap, tagam bişirip getirdi. Üç müň nöker ony iýdi. Olaryň hemmesi doýdular. Ybraýym alaýhyssalam ýerinden turdy. Bir dileg etdi. Soýlan goýunlar direldi. Patyşa ýeri we suwy Ybraýym alaýhyssalama bermekligi hüküm etdi. Soňra ötünç sorap, atlandy. Ybraýym alaýhyssalam bu ýerde galdy. Ol

kişiler Ybraýym alaýhyssalama göripçilik edip, bir gije öli iti guýa taşladylar. Ybraýym alaýhyssalam hezreti Luta: «Biz bu ýerden gideli» diýdi. Ybraýym alaýhyssalamyň on iki süri goýny bardy. Her bir sürüde bir altyn halkaly iti bardy. Mukaddes ýere çenli bu ýerden dört agaçlyk aralyk bardy. Bular Mukaddes ýere baryp ornadylar.

Bir gün Ybraýym alaýhyssalama Sara: «Men indi garradym. Saňa hyzmat etmäge meniň güýjüm galmady. Sen meniň üçin köp emgekleri gördüň. Men seniň ýagşylyklaryňy gaýtaryp bilmedim. Onuň üçin men bu Hajary saňa bagyşlaýaryn. Ol saňa bolsun!» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hajar ady şonuň üçin berildi. «Ha ujraka» diýmeklik – «Ine, seniň muzduň» diýmeklik bolar. Sara Hajary Ybraýym alaýhyssalama özi üçin gören köp azaplarynyň muzdy üçin berdi. Hajar Salyh pygamberiň urugyndandy.

## *ON IKINJI KYSSA*
## YSMAÝYL ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol: ***«Eý, ata! Sen özüne näme buýrulan bolsa şony hem berjaý et. Eger Allatagala islese, meniň şol buýruga sabyr edijilerdendigimi bilersiň»*** diýip, Taňrynyň buýrugyna boýun sundy. Ol: ***«Biz onuň öwezine uly goçy gurbanlyk etmek üçin berdik»*** diýen aýat bilen mertebe haladyny geýdi. Ol: ***«Wadasyna wepaly bendedi, ilçi edilip iberilen pygamberdi»*** diýen ady bilen meşhur bolandyr.

### Şygyr

Safy Ysmaýyl ýalawaç köňli tolug kad safa,
Sadykul-wagdy atanyban, wadasyn kyldy wepa.

Depdi ýere iki aýagyn, tapdy ýerde bir guzug,
Buldy Zemzemiň suwuny, boldy yllata şypa.

Käbäniň daşyn daşap, gurban kylan ol zabyh,
Degresinde dag tanuklar Merwa erdi hem Sapa.

Halk era artyk bagyrsak erdi, Möwlaga mutyg,
Özgelerge wafy erken, özünge degdi jepa.

Dogmadyk erdi eneden, dogdy ýalňyz bir ogul,
Dogmady ondan ýalawaç, ýalňyz erdi Mustapa.

Sara (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) togsan ýaşyna bardy. Onuň ogul-gyzy bolmady. Ybraýym alaýhyssalamyň maňlaýynda Muhammet Mustapanyň nury bardy. Ol: «Bu nur senden bolan oglana ýeter» diýip wada edipdi. Ybraýym alaýhyssalam Hajara gowşanda ol nur onuň rehmine düşdi. Sara ol nuruň Ybraýym alaýhyssalamdan geçendigini gördi. Onuň gahary geldi. Ol nurdan umytsyz galmagy sebäpli Ybraýym alaýhyssalamyň ýakasyndan ebşitläp tutdy. Äriň ýakysyny iň ilki tutan aýal Saradyr. Adam atadan bäri äriniň ýakasyndan ebşitläp tutan hiç bir aýal ýokdy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ybraýym! Sen Sara aýt. Ol sabyrly bolsun» diýdi. Ybraýym Sara bu habary aýtdy. Sara: «Men nähili sabyrly bolaýyn. Men segsen ýyldan bäri şu umytdadym. Bu gün seniň ol wadaň meniň garabaşyma (kenizegime) ýetdi» diýdi. Ybraýym alaýhyssalamyň Sara bilen tirikligi ynady Sara: «Men Hajaryň endamynyň üç ýerini maýyp ederin» diýip ant içdi. Ol Hajar inek sagyp durka, gelip onuň burnuny, gulagyny kesmäge başlady. Hajar perýat etdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti Ybraýyma: «Sen Sara aýt. Goý, ol Hajara sütem etmesin. Çünki Allatagala sütemkärleri halamaýar» diýdi. Sara: «Men Hajaryň üç ýerini keserin diýip ant içipdim. Onsoň men näme edeýin?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ybraýym! Sen Sara aýt. Goý, ol Hajaryň iki gulagyny dilsin, ýene uýat endamyny hatna kylsyn. Şeýdip ol antyndan çyksyn» diýdi. Ol bu permany Sara ýetirdi. Sara: «Bu äre ýaramasyn» diýip, Hajaryň iki gulagyny dildi, uýat endamyny hatna kyldy. Jebraýyl alaýhyssalama perman boldy. Ol uçmahdan iki altyn ysyrga getirdi. Ol ony Hajaryň gulagyna dakdy. Onuň görki

öňküsinden hem artyk boldy. Uýat ýerini kesilendigi üçin ol ärine öňküden hem söýgüliräk boldy. Aýallary hatna kylmak Saradan galdy.

Käbir rowaýatlarda aýdylşyna görä, Ysmaýyl Hajardan şundan soň dogdy.

*Başga bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Hajaryň aýy-güni ýakyn geldi. Sara hiç sabyr-karar tapmady. Ol Ybraýym alaýhyssalama: «Sen Hajary bu ýerden alyp git. Men ony görmäýin. Sen ony meniň gözümden uzakda goý» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ybraýym! Sen Hajary başga ýere alyp git» diýdi.

Ybraýym alaýhyssalam iki düýe getirip, onuň birine Hajary mündürdi, beýlekisine bolsa özi mündi. Olar gozgandylar. Sara Ybraýym alaýhyssalama: «Men seniň öňüňde üç şert goýjak. Birinjisi, Hajary adamsyz ýere eltip taşla, ikinjisi, baran ýeriňde sen düýeden asla düşme, üçünjisi, gije düşleme» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam onuň üç şertini berjaý etmeklige ant içdi.

Ybraýym alaýhyssalam Beýtilmukaddesden çykdy. Ol ýerden Mekgä çenli bir aýlyk ýoldy. Hudaýtagala perişdelere ýeriň tanapyny dartdyrdy. Bular ol ýere bir günde baryp ýetdiler. Ybraýym alaýhyssalam Hajary bu ýerde birnäçe günlük azygy we suwy bilen taşlap gaýtdy.

Ol wagt Mekge adam aýagy basylmadyk bir çöllük ýerdi. Ol ýerde hiç bir adam ýaşamaýardy. Suw ýokdy, ösümlik ösmeýärdi. Ol ýerde Beýtil-Magmuryň ýeri bardy. Aýat: ***«Ybraýym aýtdy: «Eý, Taňrymyz! Men bu otsuz-suwsuz çölde Seniň keramatly öýüň ýanynda zürýatymy (maşgalamy) ornaşdyrdym».***

Ybraýym alaýhyssalam Hajary bu ýerde goýup, yzyna gaýtdy. Birnäçe gün geçenden soň, Hajardan aý-günden görklüräk bir ogul dogdy. Onuň elinde Muhammet Mustapanyň

nury bardy. Hajaryň suwy tükendi. Ol ogluny gundaglap goýdy. Ol Sapa dagyndan «Ine, suw» diýen bir owaz eşitdi. Soňra ol bu owazy Merwa dagyndan eşitdi. Ol Sapa dagyna, soňra Merwa dagyna bardy. Ol iki dagdan hem suw tapmady. Ol owaz bu iki dagyň her birinden ýedi gezek geldi. Ol her sapar owaz eşidende Sapadan Merwa, Merwadan Sapa tarap ýüwürdi. Emma suw görmedi. Ol ejizledi. Bu iki dagyň arasynda ýüwürmek ol günden bäri hajylara sünnet bolup galdy.

Bu ýagdaýda Hajar Hudaýtagala: «Isma’ ýa ilu» diýip mynajat etdi. «Il» sözi siryany dilinde «taňry» diýmeklik bolar. Bu sebäpden Hajaryň ogluna Ysmaýyl diýip at goýuldy. Ysmaýyl aglaýardy. Hajar onuň sesini eşidip, onuň ýanyna ýetip geldi. Görse, Ysmaýyl öwrülip, ýüzün düşüpdir. Ol iki aýagy bilen ýeri depýär. Onuň aýagy bilen depen ýerinde Jebraýyl alaýhyssalam ganaty bilen urup ýeri öňdi. Ol ýerden suw çykdy. Ol bu günki Zemzem guýysydyr. Ondan suw akyp başlady. Hajar suwuň akyp durandygyny görüp, begenjine: «Suw tükenmesin» diýip, daş-gumy onuň degresine egirdi, suw ýygnady. Ol gün Hajar suw ýygnamadyk bolsa, bu gün Mekgede bir ýap suw bolardy.

Ysmaýylyň bereketinden bir gün Beni Jerhem atly argyş Şam welaýatyna Mekgäniň üsti bilen geçmekçi boldy. Olar bu ýeriň asmanyndan guşlaryň uçuşyp ýörenini gördüler. Olar guşlary yzarlap bardylar. Olar Mekgä baryp ýetdiler, Ysmaýyly, onuň görkli oturan enesini ýene suwy gördüler. Olar Hajardan: «Bu guýy kimiňkidir?» diýip soradylar. Hajar: «Ol bu oglanyňkydyr» diýdi. Olar: «Bu oglan kimiňkidir?» diýdiler. Hajar: «Bu oglan Ybraýymyňkydyr» diýdi. Olar: «Ybraýym kimdir?» diýdiler. Ol: «Nemrut onuň elinden heläk boldy» diýdi. Olar: «Biziň suwly ýaýlagymyz ýok. Rugsat berseňiz, biz bu ýere göçüp gelsek. Sen bu ýerde ýalňyzsyň.

Ysmaýylyň hem ýeke özüdir. Biz her ýylda maldan-garadan, harytdan ondan birini bu oglana bereli» diýdiler. Hajar olaryň bu teklibini kabul etdi. Bu söze laýyk hat ýazdylar. Ondan soň olar öýlerini, illerini göçürip getirdiler.

Bularyň mälikleriniň – serdarlarynyň ady Hanypa ibn Sumanda Huhumydy. Üç müň bäş ýüz öýli gelip, Mekgede ornaşdy. Olar öý gurnadylar we bazar saldylar. Ýyl tükendi. Olar malyň, harydyň ondan birini çykardylar. Ol iki müň goýun, üç müň düýe, ýedi müň sygyr boldy. Ysmaýylyň ýylky-garasy öküş boldy. Ol ýigrimi bäş ýaşady. Oňa Ammara atly gyzy alyp berdiler.

Bir gün Ysmaýyl awa çykdy. Hezreti Ybraýym Ysmaýyly görmek üçin Mekgä geldi. Ybraýym alaýhyssalam Saranyň: «Düýeden düşme» diýen şertine ant içipdi. Ybraýym alaýhys-salam Mekgä gelip adamlardan Ysmaýylyň öýüni sorady. Olar onuň öýüni görkezdiler. Ybraýym alaýhyssalam Ysmaýylyň öýüniň gapysyna geldi. Ol: «Öýde adam barmy?» diýdi. Öýde bir gelin otyran eken. Ybraýym alaýhyssalam oňa: «Ysmaýyl öýde barmy?» diýdi. Ol gelin: «Ol awa gitdi» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Ol haçan geler?» diýdi. Ol gelin: «Siz nähili köp sözli kişi ekeniňiz» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eger Ysmaýyl gelse, sen oňa: «Şunuň ýaly sypatly adam gelip: «Gapyň bosagasy aşak düşüpdir. Ysmaýyl gapysyny täzelesin diý» diýip ýoluna gitdi.

Ysmaýyl awdan geldi. Oňa aýaly Ybraýym alaýhyssalamyň sözlerini aýdyp berdi. Ysmaýyl: «Ol meniň atamdyr. Sen ony güler ýüz bilen garşylamansyň. Oňa hormat-hezzet etmänsiň. Ol: «Öýüň gapysyny täzelesin» diýipdir. Indi sen maňa gerek dälsiň» diýip, aýalynyň talagyny berdi.

Bir ýyldan soň Ysmaýyl beni Harym ulugynyň gyzy Seýýide bint Massas Hurhuma öýlendi.

Ysmaýyl awa höweslidi. Ol ýene awa çykanda Ybraýym alaýhyssalam onuň gapysyna geldi. Ol Seýýideden Ysmaýyly sorady. Seýýide: «Ol awa çykdy. Siz ol gelýänçä düýeden düşüp öýde oňa garaşyň» diýdi. Ybraýym: «Meniň düýeden düşmezlige antym bar. Öýde taýýar nahar barmy?» diýdi. Seýýide öýden oňa: «Siz ýere düşmeseňiz, şu daşyň üstüne düşüň» diýdi. Ol ýerde bir uly daş bardy. Ybraýym alaýhyssalam düýesini çökerip, bir aýagyny daşyň üstüne goýdy. Seýýide öýden oňa düýäniň bişen etini we bir bölek nany alyp çykdy. Ol Ybraýym alaýhyssalamyň aýagyny we sakgalyny ýuwup berdi. Oňa tagam berdi. Ybraýym alaýhysalam bu gelniň hyzmatyndan köp hoşal boldy. Ol: «Siziň çagalaryňyz köp bolsun. Mallaryňyza Hudaýtagala bereket indersin. Hudaýtagala size ýagşy perzent bersin» diýip, dileg etdi. Ol ýene: «Ysmaýyl gelse sen oňa: «Ybraýym saňa köp salam aýtdy. Sen oňa ol bu işigi berk tutsun diýip tabşyrdy diý» diýdi.

Ysmaýyl awdan geldi. Seýýide oňa Ybraýym alaýhyssalamyň sözlerini aýdyp berdi. Ysmaýyl: «Ol meniň atamdyr. Ol «işik» diýip seni göz öňünde tutýar» diýdi.

## YSMAÝYL ALAÝHYSSALAMYŇ GURBAN EDILMEGINIŇ BEÝANY

Ulamalaryň arasynda: «Zabyh Ysmaýylmy ýa-da Yshak?» diýen meselede yhtylaf bardyr. Araplaryň hemmesi: «Zabyh Ysmaýyldyr» diýýärler. Emma jöhütler: «Zabyh Yshakdyr» diýip, Töwratdan habar berýärler. Bu ýagdaý jöhütler, tersalaryň Yshagyň urugyndan bolandyklary üçindir. Olaryň käbiri: «Bir gezek Ysmaýyl, bir gezek Yshak gurban edildi» diýen pikirdedirler. Olar: «Men iki zabyhyň ogludyryn» diýen hadysy tutaryk edinýärler. Olar: «Bu hadysdaky iki zabyhdan maksat Ysmaýyl bilen Yshakdyr» diýipdirler.

*Sowal:* Muhammet alaýhyssalam Ysmaýylyň urugyndandyr. Emma Yshagyň urugyndan däldir. Onuň: «Men iki zabyhyň ogludyryn» diýmegi nähili bolýar?

*Jogap:* Olar enebaşga doganyna ata diýip ýüzlenýärler. Alymlardan biri aýdypdyr: «Eger Ysmaýyl zabyhdy diýip üç talak ant içse, onuň öýlügi talak bolmaz. Çünki Allatagala Gurhanyň içinde Ysmaýylyň gurban edilmegi baradaky kyssa ahyr bolanda ***«Biz Ybraýyma ýagşy bendelerden bolan Yshagy pygamber halynda edip, hoş habar berdik»*** diýipdir.

Emma dogry söz: «Men iki zabyhyň ogludyryn» diýen hadysdan maksat: Olaryň biri Ysmaýyldyr, beýlekisi onuň atasy Abdylladyr.

*Habarda şeýle aýdylypdyr:* Mustapa alaýhyssalamyň uly atasy Abdylmuttalyp wagtynda Zemzem guýysy gurady. Abdylmuttalyp: «Taňry suw berse, men bir oglumy gurban ederin» diýip, Taňrynyň ady bilen nezr etdi. Ýene aýdypdyrlar: Abdylmuttalyp: «Taňry maňa on ogul berse, olaryň hemmesi döwüş güni ellerine ýarag alyp, meniň öňümde saz dursalar, men şu aýdanymy görsem, ogullarymyň birini gurban ederin» diýip nezr etdi.

Ol gün Abdylmuttalybyň dokuz ogly bardy Harys, Abu Lähep, Apbas, Hyzar, Hemze, Mukaddam, Jähm, Zubaýr, Abu Talyp. Bulardan soň Abdylla eneden dogdy. Abdylmuttalyp ony hemme ogullaryndan artygrak söýerdi. Ol: «Haýsy biriniň ady çyksa, şony gurban bereýin» diýip, pal atdyrdy. Pal Abdyllanyň adyna çykdy. Abdylmuttalyp pyçak aldy. Ol Abdyllany gurban etmek üçin ugrady. Abdyllanyň enesiniň Demir Mahzum atly bir garyndaşy dogany bardy. Onuň sözi Mekgede ýörärdi. Şam welaýatynda bir pal açyjy bardy. Demir Mahzum: «Siz ol palçynyň ýanyna baryň. Ol näme höküm berse, siz onuň sözi boýunça iş ediň» diýdi. Abdylmuttalyp ol palçynyň ýanyna baryp sorady. Palçy: «Siz düýäni we

Abdyllany ortada duruzyp, bije atyň. Bije Abdyllanyň adyna çyksa ony, düýäniň adyna çyksa düýäni gurban beriň. Siz on-ondan düýäniň adyna çykýança bije atyň» diýdi. Olar bije atdylar weli, ýüzünji bije düýäniň adyna çykdy. Ol ýüz düýäni gurban berdi. Abdylla diri galdy. Bu gün şerigatda äriň bahasy ýüz düýe bolmagy ondan galdy. Pygamber alaýhyssalamyň: «Men iki zabyhyň ogludyryn» diýmegi hem bu sebäpdendir.

*Şeýle rowaýat edipdirler:* Ybraýym alaýhyssalam bir gün düýş gördi. Ol: «Eý, Ybraýym! Tur, gurban ber» diýen owazy eşitdi. Ybraýym alaýhyssalam daň bilen ýerinden gopdy. Ol ýüz goýun getirdi we olary gurban etdi. Ikinji gije ol ýene düýş gördi. Ol: «Eý, Ybraýym! Tur, gurban ber» diýen bir owazy eşitdi. Ybraýym alaýhyssalam daň bilen turdy. Ol ýüz düýäni gurban berdi. Üçünji gije ol ýene düýş gördi. Ol ýene: «Eý, Ybraýym! Tur, gurban ber» diýen owazy eşitdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň gurbanlygym nämedir? Men nämäni gurban bereýin» diýdi. Taňrydan: «Bizden soň kimi gowy görýän bolsaň, şony gurban ber» diýen owaz geldi. Ybraýym alaýhyssalam: «Men Senden soň oglumy – Ysmaýyly gowy görýärin» diýdi. Oňa: «Sen ol ogluňy gurban ber» diýen owaz geldi. Ybraýym alaýhyssalam nämäni gurban bermelidigini bildi.

Ertesi ol Hajara: «Meniň bir eziz dostum bar. Ol maňa: «Sen ogluňy meniň ýanyma getir. Men ony göreýin» diýýär. Sen Ysmaýylyň başyny, saçyny ýuw. Men ony dostumyň ýanyna elteýin» diýdi. Hajar Ysmaýyly ýuwdy, saçyny darady, päk donlary geýdirdi. Ysmaýyl örän görklendi. Enesi Ysmaýylyň ýüzüne bakdy. Ol onun aý dek ýüzüni, gün dek görküni, galam dek gaşyny, ok dek kirpigini, akyk dek gyzyl meňzini, hünji dek dişlerini görüp, pisse dek agzyndan öpüp, boýnuny guçdy:

## Beýt

Eý, köňlüm owunçasy ugrap ýyraga barmagyl,
Ýarlyga ýalňyz eneňiň – bagryny örtemegil,

Uşbu gitmekden ölmegimni dilär erseň sen-ä,
Men öňünde öleýin, sen içimi ýandyrmagyl.

Ybraýym alaýhyssalam ýüp bilen pyçak aldy. Olary ýeňine saldy we Ysmaýyl bilen daga tarap ýola düşdi. Hajar: «Eý, Ybraýym! Sen goýna barýaryn diýýärsiň. Sen ýüp bilen pyçagy näme etjek?» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Meniň peşgeş üçin goýun soýup gitmek niýetim bar» diýdi. Taňry onuň dilinde goýun sözüni ýöretdi. Uçmahdan goýun geldi. Ysmaýyl gurban bolmaklykdan halas boldy.

Ybraýym alaýhyssalam ýöredi. Ol Ysmaýyla: «Eý, oglum! Sen meniň yzymdan gel» diýdi. Ysmaýyl Ybraýym alaýhyssalamyň yzyndan ýöräp ugrady. Iblisiň sabry galmady. Ol özüni adam keşbine salyp, Ysmaýylyň ýanyna geldi.: «Eý, Ysmaýyl! Ataň seni nirä alyp barýandygyny bilýärsiňmi?» diýdi. Ysmaýyl: «Ol meni dostunyň ýanyna alyp barýar» diýdi. Iblis: «Ataň seni gurban etmäge alyp barýar» diýdi. Ysmaýyl: «Haýsy bir ata öz ogluny gurban eder?» diýdi. Iblis: «Ol seni Taňrynyň permany bilen gurban bermekçi bolýar» diýdi. Ysmaýyl: «Taňrynyň permany bolan bolsa, men müň janym bolsa, olaryň baryny pida ederin» diýdi. Iblis: «Men bu oglany yryp bilmedim. Indi, men Hajaryň ýanyna baraýyn» diýdi. Iblis Hajaryň ýanyna bardy.

### Beýt

Suwda duran ot belasy niçe bolsa ol kiçik,
Giň deňziň suwy ony eltumas.

Iblis: «Aýallar ejiz bolýar» diýip, Hajaryň ýanyna gelip: «Eý, Hajar! Ybraýymyň Ysmaýyly nirä alyp gidendigini bilýärmisiň?» diýdi. Hajar: «Ol ony dostunyňka alyp gitdi» diýdi. Iblis: «Ol ony gurban bermek üçin alyp gitdi» diýdi. Hajar: «Haýsy bir ata öz ogluny gurban eder» diýdi. Iblis: «Taňry oňa: «Ogluňy gurban ber» diýip, perman berdi» diýdi. Hajar: «Eý, akmak! Taňrynyň permany bolsa, müň oglum bar bolsa, olaryň barysynyň jany pida bolsun» diýdi.

Iblis Hajardan näumyt bolup, ýene Ysmaýylyň ýanyna geldi. Ol: «Eý, Ysmaýyl! Atańdan gaç, ýogsa ol seni öldürer. Men muny saňa ýüregim awap aýdýaryn» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, oglum! Sen kim bilen gepleşýärsiň?» diýdi. Ysmaýyl: «Eý, ata! Bir kişi maňa ataň seni öldürmäge alyp barýar. Sen ondan gaç diýip aýdýar» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Ol şeýtandyr. Ol ýene gelse, sen ony daşlap kow» diýdi.

Şeýtan onuň arkasyndan gelip, ýedi gezek söz aýtdy. Her gezek gelende Ysmaýyl ony daşlap kowdy. Hajylara daş atmaklyk şondan soň sünnet bolup galdy.

Ybraýym alaýhyssalam Mina dagyna ýetdi. Ol pyçagy daşa çaldy we ýyglap başlady. Ysmaýyl: «Eý, ata! Sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýdi. Ol: «Eý, oglum! Seni gurban bermekligime Taňrydan perman boldy» diýdi. Aýat: ***«Eý, oglum! Men düýşümde yzly-yzyna: «Ogluňy gurban ber» diýen hökümi görýärin. Men seni gurban etmeli boljak. Sen muňa nähili garaýarsyň?»*** diýdi. Ysmaýyl: «Eý, ata! Siz Taňry üçin oguldan geçseňiz, men hem onuň üçin janymdan geçerin. Eý,

ata, ýöne siz bu sözi maňa öýde aýdan bolsaňyz ýagşy bolardy. Men enemiň aýagyna ýykylardym, söýgüli didaryny görerdim, razylygyny dilärdim» diýdi. Ysmaýyl ýene: «Eý, ata! Sen Taňryny dost tutýarsyň. Taňrynyň dosty uklarmy? Sen uklamadyk bolsaň bu düýşi görmezdiň. Eýse sen Allatagalanyň käbir pygamberlere: «Meni söýen adamyň gije gözüne nähili uky geler» diýip aýdanyny eşitmediňmi? Eý, ata, indi bolsa, özüňize buýrulan işi berjaý ediň» diýdi. Aýat: ***Ol: «Eý, ata, özüňe buýrulan işi et»*** diýdi.

**Şygyr**

Söwük söwdüň erse, uzag dur mydam,
Söwük söwgen äre uzymak haram.
Är erseň uzyn tün dilegil tamam,
Telimler dileg tünle tapdy tamam.

Ybraýym: «Eý, oglum! Sen nähili sabyr edersiň?» diýdi. Ysmaýyl: ***«Eý, ata! Eger Allatagala islese, sen meniň sabyrlylardandygymy görersiň»*** diýdi. Eý, ata! Meniň saňa üç sany wesýetim bar: Birinji, sen meniň elimi we aýagymy berk bagla. Men jan ajygyma urunsam, ganym syçrap saňa degmesin. Ikinji, meniň ýüzümi aşak tarap et. Birden seniň gözüň meniň gözüme düşüp, sende atalyk mähri oýanyp, pyçakly eliňiz titremesin. Üçünji, meniň köýnegimi, saçymy eneme eltip beriň» diýdi.

Ondan soň Ybraýym alaýhyssalam Ysmaýylyň elini we aýagyny baglady. Ýüzüni aşak edip ýatyrdy. Aýat: ***«Ol Ysmaýylyň ýüzüni aşak edip ýatyrdy»***. Ybraýym alaýhyssalam pyçagy onuň bogazyna urdy. Güýjüniň ýetdigiçe pyçagy dartdy. Emma pyçak kesmedi. Ol bir gezek gaýtalady pyçak kesmedi.

Bagzylar: Ybraýym alaýhyssalam Ysmaýyly baglap boldy. Şol ol pyçak dartanda Ysmaýyl güldi. Ybraýym alaýhyssalam: «Sen näme üçin gülýärsiň?» diýdi. Ysmaýyl: «Eý, ata! Men pyçagyň ýüzünde: «Bismillähi-r-rahmänyr-rahym» diýen ýazgyny görýärin. Eý, ata! Saňa söýünji bolsun! Pyçaga Taňrynyň ady ýazylgy bolsa, ol meniň bogazymy nähili kessin?» diýdi» diýipdirler.

*Bagzylar aýdypdyrlar:* «Ybraýym alaýhyssalam pyçagy Ysmaýylyň bogazyna urmazdan öň, Allatagala Jebraýyl alaýhyssalama: «Meniň bendäme ýetiş. Pyçagyň ýüzüni öwür» diýip, perman berdi. Jebraýyl alaýhyssalam ganaty bilen kakyp, pyçagyň ýüzüni öwürdi. Hezreti Ybraýym gahar edip, pyçagy ýere taşlady. Pyçak: «Eý, Ybraýym! Sen maňa kes diýýärsiň. Emma Taňry maňa kesme diýýär. Kyýamat güni gelende (Biz bu güne ynanýarys we iman getirýäris!) Muhammet ummatyny dowzaha girizmezler. Olary dowzah ody köýdürmez. Mälik dowzah: «Men näme üçin köýdürmäýin?» diýýär. Ot: «Eý, Mälik! Sen maňa köýdür diýýärsiň. Emma Taňry maňa köýdürme diýýär.

Şol wagt ýedi gat gögüň gapylary açyl. Perişdeler bu işe tomaşa etmäge durdular. Olar ýyglaşdylar. Bularyň agysyndan Arş bilen gök yrandy. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Biz Lowhul-Mahfuzda: «Ahyrzaman pygamberi Ysmaýylyň urugyndan bolar» diýlip ýaradyllandygyny gördük. Ol Muhammediň haky-hormaty üçin bu uly ata farah ber» diýip mynajat etdiler. Howadan üýn eşidildi. Aýat: ***«Eý, Ybraýym! Sen düýşüňi hakykata çykardyň. Sen sözüňe ýetdiň, biz hem onuň ýanutyny berdik»***. Aýat: ***«Biz ýagşy işleri edijilere şunuň ýaly ýagşy derejeleri berýäris»***. Seniň muzduň bu goçdur. Sen ol goçy al we ony gurban ber. Ogluň salamat galsyn. Aýat: ***«Biz onuň oglunyň öwezine jennetden bir uly goçy gurban etmek üçin iberdik»***. Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Allahu ekber,

Allahu ekber» diýip owaz geldi. Ybraýym alaýhyssalam ýokary bakdy. Görse, Jebraýyl alaýhyssalam bir goçy alyp gelýär eken. Ol begenip: «Lä ilähe illallahu, Allahu ekber» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Ysmaýyl! Gör, Allatagala meni we seni bu emgekden gutardy» diýdi. Ysmaýyl: «Allahu ekber we lillähil-hamd» diýdi.

*Habarda şeýle aýdylypdyr*: «Kim aýd – gurban baýram güni bu tekbiri aýtsa Jebraýyl eminiň, Ybraýym halylyň we Ysmaýyl zabyhyň şepagatyna ýetişer».

*Aýdypdyrlar:* «Ol goç Kabylyň goçudy. Ol Uçmahda Ysmaýyl üçin semräp duran goçdy.

*Sowal:* Atasy juwanmertmi ýa-da ogly?

*Jogap:* Käbir alymlar: «Atasy juwanmert. Çünki ogul mähri ata üçin güýçlüdir» diýipdirler. Käbirleri: «Ogly juwanmert. Çünki ata oguldan geçdi, ogul jandan geçdi. Jan aýaldan – maşgaladan ezizräkdir» diýipdirler. Ýene aýdypdyrlar: «Eger Ysmaýyl gurban edilse, ol Allatagalanyň dergähine ýetişerdi. Emma Ybraýym alaýhyssalam ölýänçä onuň aýralygynda aglap gezdi». Ýene-de: «Ybraýym juwanmert. Çünki gurban etmeklik permany oňa geldi. Ol Ysmaýyla gelmedi» diýipdirler. Ýene aýdypdyrlar: «Eger Ysmaýyl gurban edilen bolsa, kyýamata çenli bu sünnet-däp möminlere wajyp bolardy. Ysmaýyl gurban edilmedi, möminlere rehmet boldy».

*Sowal:* Pyçak Ysmaýyla urlanda Ybraýym alaýhyssalam näme üçin ýyglady?

*Jogap*: Ybraýym alaýhyssalam pany – ötegçi dostdan aýryldy. Ysmaýyl pany dostdan – atasyndan aýrylyp Baky Dosta – Taňra ýetişerdi». Başga bir jogap: «Ysmaýyl gurban edilende Allatagala nurlardan birini oňa görkezdi. Ysmaýyl bu nuruň hoşlugyndan pyçagyň agyrysyny bilmedi. Munuň özi Müsüriň aýallarynyň Ýusubyň jemalyny görüp, ellerini kesenlerinde ýaranyň agyrysyny duýmaýyşlarynyň mysaly

ýalydyr. Hemme möminler üçin hem şunuň ýalydyr. Olar ölüm halyna ýetenlerinde Allatagala magryfet nuruny görkezer we salamyny iberer. Ol nuruň hoşlugynda möminler oňaýlyk – ýeňillik bilen jan bererler. Eý, Taňrymyz! Bize jan ajygyny ýeňil edeweri!».

## KÄBÄNIŇ BINA EDILMEGINIŇ BEÝANY

Ilki Käbäniň ornunda Adam ata Beýtil-Magmury bina etdi. Ol öý Nuh pygamberiň zamanyna çenli durdy. Adamlar oňa zyýarat ederdiler. Tupan gelende Allatagala: «Bu öýe azap suwy degmesin» diýip perman berdi. Jebraýyl alaýhyssalam Beýtil-Magmury göterdi we ony dördünji gat asmanda goýdy. Allatagala ol öýüň endazasyça dagy Şam welaýatyndan getirip, onuň ornunda goýdy. Ol Ybraýym alaýhyssalamyň asyryna çenli durdy. Ybraýym alaýhyssalama Allatagaladan: «Beýtil-Magmuryň ornunda Käbäni bina et» diýip perman boldy. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men onuň ornunyň nirededigini bilmeýärin» diýdi. Bir sözde: «Ol dag ornundan gopdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Şu ýerden bina et diýdi» diýip aýdypdyrlar. Ýene Taňry Käbäniň ornuna deň bölek bulut iberdi. Ol bulut Käbäniň ornuna kölege etdi. Ybraýym alaýhyssalam ol kölegä deňläp Käbäni gurdy. Ol Nuh pygamberiň gämisiniň tagtasy bilen onuň sakyfyny örtdi. Ol şol endaza – Käbäni bina etdi» diýipdirler.

*Aýdypdyrlar:* Bir owaz eşidildi: «Eý, Ybraýym! Sen Käbäni bäş dagdan daş getirip sal. Olar – Tur Sina, Tur Zina, Hira, Lubnan, Judy daglarydyr».

*Sowal:* Mekgede daş köpdi. Käbäni bina etmekde bäş dagdan daş getirilmeginde näme hikmet bar?

*Jogap:* Allatagala: «Kim bu öýe ýüz öwrüp bäş wagt namaz okasa, ýa-da gelip ol öýe togap etse, ol kişiniň günäsi – bäş

dagyň agramy ýaly bolsa hem öterin, onuň hemme aýyplaryny geçirerin. Şol bäş dagyň agramyça onuň amal depderine sogap ýazaryn» diýipdir.

Jebraýyl alaýhyssalam ol daglardan daşlary getirdi we kesdi. Perişdeler oňa bu işde ýary berdiler. Jebraýyl alaýhyssalam Ysmaýyly perman bilen daşyň üstünde goýardy. Daş ýorga at dek Ybraýym alaýhyssalama gelerdi. Ybraýym alaýhyssalam eger daş iri bolup, ýarylmadyk bolsa, ony mermer daşy ýaly bölerdi. Ol dört bölek daşda dört keleme: Birinji daşda: «Subhanalla», ikinji daşda: «Alhamdulillä, üçünji daşda: «Lä ilähe illalla, dördünji daşda: «Allahu ekber» diýip ýazdy.

Pygamber alaýhyssalam: «Iki sany söz dil üçin ýeňildir, emma Allatagalanyň dergähinde mizan terezisinde agyr geler. Ol iki söz şudur: «Subhanallahi we bihamdihi, Subhanallahil azym. Dünýä malynyň artmagy ahyret zadynyň kemelmegidir. Dünýä malynyň kemelmegi ahyret zadynyň artmagydyr» diýip aýdypdyr.

*Sowal:* Bu iki sözüň dile ýeňilligi, terezä agyrlygy näihilidir?

*Jogap*: Dünýäniň haly ahyret halyna meňzemez. Dünýäniň artyklygy ahyretiň egsikligidir. Ahyretiň agyrlygy dünýäniň ýeňilligidir. Bu gün dile ýeňillik berildi. Bu zamanda tesbi we tehlil etseň, göz açyp ýumýançaň Arşa agarsyň. Şu dil ýeňilligidir. Ýene dünýäniň agyrlygyny gadama berdiler. Sen uzyn gün ýöreseň hem iki agaçdan artyk ýol geçmersiň. Bu gadam agyrlygy. Emma ýaryn işler tetru bolar. Gadamyň agyrlygyny dile bererler, diliň ýeňilligini gadama bererler. Mömin kişi göz ýumup açýança üç müň ýyllyk Syratdan geçer. Mörminiň tagatyny tereziniň bir pellesine goýarlar, ýazyk-günäleri artyk geler. Ýedi gat gögi, ýedi gat ýeri tagat pellesine goýarlar, ýazyklary artyk geler. Ol halda howadan bir kesek

kagyz uçup geler. Ol tagat pellesine gelip gonar. Bu kagyz hemme tagatlardan, ýedi gat gökden, ýedi gat ýerden agyr geler. Ol kagyzy açyp görseler, onda bu keleme bitikli bolar: «Subhanallahi we bihamdihi, subhanallahil azym». Şu gadam agyrlygy dile berleni bolar.

Ysmaýyl daşlary daşady. Ybraýym alaýhyssalam diwary ördi. Diwar Ybraýym alaýhyssalamyň eli ýetmez ýaly belentlige galdy. Onsoň ol bir daşy aýagynyň aşagyna goýup, ördi. Ol diwaryň beýikligi ýokary galdygyça aýagynyň aşagyna daş goýdy. Elgaraz, diwar gara daşyň belentligine çenli ýokary galdy. Käbäniň gurluşygy tamam bolanda Ybraýym alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrymyz! Bizden bu hyzmaty kabul et! Çünki Sen dilegleri eşidijisi we niýetleri bilijisiň»*** diýdi. Ol ýene: ***«Eý, Taňrym! Sen biziň ogullarymyzdan pygamber çykar. Olar Seniň kelamyňy adamlara okap bersinler, kitabyňy, hikmetleriňi olara öwretsinler. Olaryň ýazyk-günälerini päkläp bersinler. Sen Ezizsiň, Hekimsiň»*** diýip dileg etdi.

*Habarda şeýle aýdylypdyr:* Muhammet pygamber: «Men atam Ybraýymyň dilegidirin, Isanyň hoş habarydyryn we enem Eminäniň düýşüdirin» diýip aýtdy.

Ondan soň Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ybraýym! Indi sen adamlary Käbä haja çagyr» diýen perman getirdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Dünýä giňdir, onda halaýyk köpdür, men bolsa ýalňyz ejiz bendedirin»diýdi. Allatagaladan owaz geldi: «Eý, Ybraýym! Gygyrmak senden, eşitdirmek menden» diýen owaz geldi.

Ybraýym alaýhyssalam Abu Kubaýs dagyna agdy. Ol: «Eý, adamlar! Allatagala size bir öý gurdy. Ol size oňa haj etmekligi buýurdy. Siz bu öýe togap ediň» diýip çakylyk etdi.

Halaýyklar ata oňurgasyndan, ene rehminden mömin ärler, mömin aýal-gyzlar: «Lebbeýke Allahumme lebbeýke, lebbeýke

lä şerike leke lebbeýke, innelhamda wen-nygmata wel-mülke leke lä şerike lek»[15] diýip, jogap berdiler. Kimiň ruhy ol gün jogap aýdan bolsa, bu gün ol näçe garyp bolsa hem, ol haj parzyny ödär. Kimiň ruhy ol gün jogap bermedik bolsa, ol hem näçe baý bolsa-da, haj parzyny ödemez.

*Habarda ýene şeýle aýdylypdyr:* Keramatly Käbe gurlup taýýar boldy. Ybraýym alaýhyssalama: «Adamlary haja çagyr» diýen perman boldy. Ilki bilen Jebraýyl alaýhyssalam çagyrdy, onuň yzyndan Ybraýym alaýhyssalam çagyrdy, onsoň şeýtan çagyrdy. Jebraýyl alaýhyssalamyň owazyny eşidenler, Ybraýym alaýhyssalamyň çakylygyny eşidenler – Käbäni togap etmek üçin ýola çykdylar we oňa togap etdiler. Olar togapdan soň günä işleri etmediler. Emma şeýtanyň çakylygyny eşidenler hem Käbäni togap etdiler, ýöne olar soňra günä işlere ýüz urdular.



**Bahar.** *Mäterguly Orazberdiýewyň çeken suraty.*

## *ON ÜÇÜNJI KYSSA*
## YSHAK ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Sara ýüz otuz ýaşandan soň Jebraýyl alaýhyssalam beşarat getirdi. Aýat: ***«Biz Ybraýyma: «Seniň ýagşy bendelerinden bolan Yshak atly pygamber ogluň doglar» diýip, hoş habar berdik».*** Aýat: ***«Biz Sara Yshagyň özünden boljakdygynyň, Yshagyň yzyndan Ýakubyň boljakdygynyň hoş habaryny berdik»***. Aýat: ***«Biz Ybraýyma Yshagy berdik. Yshagyň ogly Ýakuby onuň talabyndan artyk berdik. Biz olaryň hemmesini ýagşy bendelerden etdik»***. Bu aýatlardaky Yshak Taňrynyň hormat-sylagyna eýe bolan Ybraýym alaýhyssalamyň ogludyr.

Ybraýymyň ogly erdi Yshak Möwla sawçysy,
Müň ýalawaç dogdy ondan barçanyň ol başçysy.

Haka dagy, halka ragy, hem beşir-u hem nezir,
Din şerigat öwrenigli, uçmahyň hem ýolçusy.

Ol umanç kesmişden soň bolup mubaşşir Jebraýyl,
Hak beşarat birle beren Saranyň oglançasy.

Ol Zabyhullah inisi ekiz oglana ata,
Sekiz oglan arasynda sanasaň ikilenjisi.

Din-şerigat tutsununy atlanyp göndürguga,
Möwla bermiş erdi elinde rysalat tamgasy.

Sara ýüz ýaşap, çaga bolar diýen ynamdan kesildi. Jebraýyl alaýhyssalam Lut halkyny heläk etmäge gelende Ybraýym pygambere gonak bolup: «Saradan Yshak atly ogluň bolar» diýip, beşarat berdi. Aýat: «Biz Ybraýyma: «Seniň ýumşak häsiýetli ogluň bolar» diýip hoş habar berdik». Bu sözler soňra Lutuň kyssasynda geler. ***Jebraýyl alaýhyssalam beşarat berende ýedi günden soň, Saranyň süňňünde Yshak bilgirdi***. Dokuz aýdan soň Yshak dogdy.

Ol gije müň ýyldyz gökden inip Ybraýym alaýhyssalamyň öýüniň degresinde ýygyldy. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bu ne alamatdyr?» diýip mynajat etdi. Allatagaladan: «Eý, Ybraýym! Bu seniň şu Yshak atly ogluňdan müň pygamber boljakdygynyň alamatydyr» diýen owaz geldi.

Ybraýym alaýhyssalam begenjinden Taňra şükür edip: «Eý, Taňrym! Sen Yshaga şunuň ýaly keramat berjeksiň. Sen Ysmaýyla näme berersiň?» diýdi. Taňrydan: «Eý, Ybraýym! Sen Ysmaýyly maňa tabşyr. Men onuň neslinden Muhammet resulalla atly bir pygamberi ibererin. Eger Muhammet pygamber bolmasa, ýüz ýigrimi dört müň pygamber, şeýle hem sen bolmazdyň. Men olaryň hemmesini onuň söýgülidigi üçin ýaratdym» diýen owaz geldi.

Ybraýym alaýhyssalam bu habara begendi. Ony Hajara habar berdi. Sara şat boldy. Bularyň hemmesi Taňra şükür etdiler. Olar köp mallary gurban etdiler we sadaka berdiler. Ybraýym alaýhyssalam müň goýun, ýüz üý we ýüz düýe gurban berdi.

Yshak ulaldy. Ol Ylýasyň ogly Batwiliň Rukga atly gyzyny sorady. Bu Rukgadan ekiz ogul boldy. Ulusyna Yýaz, kiçisine Ýakup diýip at goýdular. Ýakup Yýazyň ökjesini tutup doguldy. Onuň üçin oňa Ýakup diýip at dakdylar. Yshak

pygamberiň gözleri görmeýärdi. Yýaz ulaldy. Ol awçylyk ederdi. Atasy Yýazy artyk söýerdi.

Günlerde bir gün atasy Yýaza: «Men keýigiň gowurlan etini iýmek isleýärin. Sen ony haçan getirseň, men ony iýenimden soň saňa pygamberlik dilegini edip bereýin» diýdi. Yýaz awa çykdy.

*Aýdypdyrlar:* Olaryň hemmesiniň dilegi kabul boldy. Yshak dilegi gowy görýän oglanlaryna ederdi. Ýakuby enesi artygrak söýerdi. Ol bu sözi eşitdi. Çünki Yýaz örän tüýlekdi. Ejesi: «Eý, oglum! Seni ataň aňlamasyn. Sen oňa gowurlan et eltip ber. Ol ondan iýsin. Onsoň sen oňa: «Men senden dileg etmäge geldim» diý» diýdi. Ýakup goýnuň derisine örtünip, atasynyň ýanyna girip: «Eý, ata! Men saňa keýik etini getirdim» diýdi. Yshak ol eti iýdi. Ýakup: «Men seniň dilegiňi sorap geldim» diýdi. Yshak Ýakubyň elini tutdy. Onuň eli derä degdi. Ol: «Et Yýazyňky, emma ses Ýakubyňka meňzeş» diýdi. Ol Ýakuba: «Seniň urugyňdan pygamberler önsün. Olar ýagşy bendeler bolsun» diýip dileg etdi. Allatagala Yshagyň dilegini Ýakubyň hormatyna kabul etdi.

Ondan soň Yýaz awdan geldi. Ol keýigiň etini atasyna getirdi. Ol atasyndan dileg etmegini sorady. Yshak: «Sen öň geldiň. Men saňa dileg etdim» diýdi. Yýaz: «Men gelmedim» diýdi. Yshak: «Eý, Yýaz! Saňa bu mekirligi Ýakup etdi» diýdi. Yshak Yýaza ýagşylyk dilegini etdi, emma oňa pygamberlik dilegine el götermedi. Bu sebäpden Yýaz bilen Ýakubyň arasyna adawat düşdi. Yshak bularyň duşmançylygyndan gorkup, Yýazy Rum welaýatyna iberdi. Rum halkynyň hemmesi Yýazyň urugyndandyr. Ýakup pygamberiň urugy Yshak pygamberiň dileginiň bereketinden hemmesi pygamber boldular.

## YBRAÝYM ALAÝHYSSALAMYŇ ELINDE GUŞLARYŇ DIRELMEGINIŇ BEÝANY

Bir gün Ybraýym alaýhyssalam ýoldan ötmekçi bolanda öli düýäni gördi. Onuň eti eräp, süňki dagap gidipdir. Onuň ýadyna Nemrudyň: ***«Men hem öldürýärin hem direldýärin»*** diýen sözi düşdi. Ybraýym alaýhyssalam: ***«Ol melgun munuň ýaly zatlary nähili edip biler? Eý, Taňrym! Men seniň ölüni direldýändigiňi göreýin»*** diýdi. Allatagaladan: ***«Eý, Ybraýym! Eýse sen muňa kertinmeýärmisiň?» diýen owaz geldi***. Ybraýym alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Men kertinýärin. Ýöne, bu zatlary gözüm bilen görüp, köňlüm emrulsyn» diýdi.***

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagala Ybraýyma halat-serpaý etmegi wada edipdir. Ybraýym alaýhyssalam: «Seniň ol wadaňa haçan wepa bolar?» diýdi. Allatagaladan: «Haçan seniň eliňde öli direlse, şol meniň saňa beren halat-serpaýym bolsun» diýen owaz geldi.

Allatagalanyň bu wadasynyň gelmegi gijikdi. Ybraýym alaýhyssalamyň sabyr-takaty galman: ***«Eý, Taňrym! Men seniň ölüni nähili direldýändigiňi göreýin»*** diýdi. Allatagaladan: ***«Eý, Ybraýym! Eýsem, sen muňa ynanmaýarmysyň?»*** diýen owaz geldi. Ybraýym alaýhyssalam: ***«Men oňa ynanýaryn. Emma meniň gözüm muny görüp, göwnüm ynjalsyn»*** diýdi.

Käbirleri şeýle diýipdirler: Ybraýym alaýhyssalamyň Kalb diýen bir dosty bardy. Ybraýym alaýhyssalam: «Men seniň bu gudratyňa ynanyp durun. Ýöne Kalb seniň bu keramatyňy görsün. Onuň göwni ynjalsyn» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ybraýym! Sen dört dürli guşy tut. Olaryň damagyny çal, ýeleklerini ýol, etini dogra, soňra ýeleklerini ýele sowur. Süňklerini biri-birine gar. Onsoň olary dört ülüş edip, her bir ülüşini bir dagyň depesine eltip goý» diýen owaz geldi. Aýat: ***«Sen guşlaryň her bölegini bir aýry dagyň üstünde goý»***.

*Aýdypdyrlar:* «Ol dört guşlaryň biri garga, biri ördek, biri tawus, biri towuk eken». Saddy mufessir (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) aýdypdyr: «Bu dört guşy damagyny çalmaga perman boldy. Allatagala aýtdy: «Olar göni ýolda ýöreýän guş bolmasynlar, jenaýat eden guşlar bolsun. Şonuň üçin bu dört guş öldi».

*Sowal*: Tawusyň jenaýaty nämedir?

*Jogap:* Tawus uçmahyň içinde Adam ata bilen How enä jenaýat etdi. Ol ýylan bilen How enäni ala salmagynda Iblise ýardam berdi. Onuň aýagy iki ýana baryp-gelip garaldy.

*Sowal:* Garga nähili jenaýat etdi?

*Jogap*: Nuh alaýhyssalamyň tupanynda ony gury ýer gözlemäge iberdiler. Ol köp murdar gördi. Soňra ol gaýdyp gelmedi.

*Sowal*: Towuk nähili jenaýat etdi?

*Jogap*: Bir towuk başga towuk bilen Ylýas pygamberiň donuny aldy. Olar biri-birine adawatly boldular.

*Sowal:* Ördek nähili jenaýat etdi?

*Jogap*: Ýunus pygamber balygyň içinden çykanda, onuň eti we teni ejiz bolup galypdy. «Ony siňek gonup emgetmesin» diýip, gabak agajy kölege berdi. Ördek gelip, gabak agajynyň ýapragyny kesip, gopardy. Taňrydan: «Bu dört ýazykly guşlary öldüriň. Ýazyksyz guşlar ölmesin» diýen perman boldy.

*Sowal:* Bu dört guşuň öldürilmeginde nähili hikmet bar?

*Jogap*: Tawus hemme guşlardan görklüräk. Ol adama ogşaýar. Aýat: ***«Biz ynsany örän gözel şekilde ýaratdyk».*** Towuk zikr we tesbih etmegi bilen perişdelere meňzeýär. Garga özüniň görksüzligi we ýaşynyň uzynlygy bilen şeýtana meňzeýär. Ördek näpäkligi we sowuklygy bilen peri hem jynlara meňzeýär, ol birde görünse, birde görünmeýär. Bu häsiýet jynlara mahsusdyr.

**Peýda.** «Eý, Ybraýym! Sen tawusy öldürdiň. Sen adamlaryň öljekdigi barada sakyngyn. Towugy öldürdiň,

perişdeleriň hem öljekdigi barada oýlan. Ördegi öldürdiň, jynlaryň hem öljekdigi hakynda pikir et. Gargany öldürdiň, şeýtanyň hem öljekdigi dogrusynda oýlanyp gör. Men bu dört guşy direltdim, eýse sen meniň öldürip, ýene direldip bilýän gudratym barada oýlan. Sen meniň direltmäge gudratymyň bardygyny bil.

**Hekaýat.** Tawusyň bezegi bar, onuň üçin ol dünýä meňzeýär. Ördegiň sowuklygy bar. Garganyň uzak ömri bar. Nesihat şeýledir: Mujahada gylyjy bilen tebigat endamynda şerigat hökümi bilen bu dört sypaty ýok etse, mengu dirilik bolar. Aýat: ***«Allatagalanyň ýolunda şehit öldürilenleri öli hasaplama, belki olar diridirler».***

Şeýle perman boldy: «Eý, Ybraýym! Bu dört guşy öldür. Olaryň başlaryny eliňe al, galan ýerlerini dograp bir idişe sal, olary ýenç, olar biri-birine gatylsyn. Olary dört ülüş et. Her bir bölegini bir dagyň depesine eltip goý. Ondan soň sen olary öz ýanyňa ünde. Olar uçup seniň ýanyňa gelerler. Aýat: ***«Ondan soň sen olaryň atlaryny tutup çagyr. Olar seniň ýanyňa howlugyp uçup gelerler»***.

Ybraýym alaýhyssalam bu guşlary öldürdi, ütdi, etini we süňküni ýençdi-owratdy, olary bir-birine gatyşdyrdy. Soňra olary bir gaba salyp, dört dagyň her biriniň depesinde bir ülüşden goýdy. Olaryň başlaryny elinde tutup durdy. Ol guşlaryň atlaryny tutup çagyrdy. Taňrynyň permany bilen ol ülüşler dagyň başyndan uçdular. Howada her biriniň süňki, eti, ýelegi beýleki guşuň etinden, süňkünden, ýeleginden aýryldy. Olar öz orunlaryna geldiler we öz başlaryna birleşdiler. Olar gelip Ybraýym alaýhyssalamyň duşunda: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýip uçup başladylar. Allatagaladan: ***«Eý, Ybraýym! Hudaýtagala Ezizdir we Hekimdir»*** diýen owaz geldi.

Hudaýtagala ölüni direltmek gudratyny Ybraýym alaýhys-salama guşlarda we Uzaýra teninde görkezdi. Sowal: Bu ýerde

nähili hikmet bar? Jogap: Ybraýym alaýhyssalam tazarrug hem ýakyn bilen: ***«Eý, Taňrym! Sen ölüni nähili direldýändigiňi maňa görkez. Men Seniň bu gudratyňy gözüm bilen göreýin»diýip sowal berdi***. Uzaýr tagajjup we şek bilen: «Eý, Taňrym! Sen munuň ýaly ölen zady nähili direldersiň» diýip sorady.

## YBRAÝYMYŇ WE SARANYŇ ÖLÜMLERINIŇ BEÝANY

Sara ýüz otuz ýaşap öldi. Ybraýym alaýhyssalam ony Kenganyň heddinde Palestiniň ýerinde jaýlady. Ol Sara dirikä, onuň şertini berjaý edip saklady. Ol başga aýal almady. Sara ölenden soňra ol Ýafturanyň Futur atly gyzyna öýlendi. Ondan alty ogul doguldy: Ýawşan, Waşyk, Zamz, Medýen, Mudun, Şuh. Ybraýym alaýhyssalamyň uly ogullary Yshak we Ysmaýyl olara enebaşga doganlardy.

Bu sekiz urugdan urug ýaýyldy. Älem-jahan adamdan doldy. Olaryň kimi musulman, kimi kapyr boldy. Aýat: ***«Biz perzent tarapyndan Ybraýyma we Yshaga bereket berdik. Bu ikisiniň perzentleriniň birnäçesi ýagşy amallary ederler, birnäçesi bolsa öz janlaryna açyk zulum ederler»***. Käbir alymlar: «Ybraýym alaýhyssalam Saradan iki ýarym ýyldan soň öldi» diýipdirler. Ybraýym alaýhyssalam Yshak doglandan soň ýigrimi üç ýyl diri gezdi. Ol ýigrimi bäş gün hassa ýatdy. Ol muharram aýynda Sogap güni ikindi namazynyň wagtynda ýüz ýigrimi ýaşynda öldi.

*Aýdypdyrlar:* Ybraýym alaýhyssalam Haktagaladan: «Eý, Taňrym! Meniň ölümimiň geljek wagtyny bir ýyl öňünden habar ber. Men ajalymyň ýarag-şaýyny tutaýyn» diýip dileg etdi. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi.

Ezraýyl alaýhyssalam onuň janyny almaga geldi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Entek meniň ajalymyň wagty

gelenok» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Wagt bolmadyk bolsa, onda maňa perman gelmezdi» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ybraýym! Seniň sakgalyňa haçan oraň girdi» diýen owaz geldi. Ol: «Eý, Taňrym! Oňa bir ýyl boldy» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ybraýym! Sakgalyň oraňlygy ölümiň ilçisidir» diýen, owaz geldi. Ybraýym alaýhyssalamyň sakgalyna ondan öň ak girmändi. Ybraýym alaýhyssalam bu ýagdaýy bilip: «Eý, Ezraýyl! Sen dost dostuň janyny alýandygyny gördüňmi?» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Allatagala saňa: «Dost dosta gowuşmagy unamazmy?» diýip aýtmagy maňa tabşyrdy» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Beýle bolsa, meniň janymy al» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam onuň janyny alyp, ony göge agdardy. Hemme pygamberler ol janyň yzyndan ýördüler. Olar: «Jan bermek gatylygy nähili eken?» diýip, ondan soradylar. Ybraýym alaýhyssalamyň jany: «Kimi müň gezek onak bilen ortarasyndan ýarsalar, ýa-da müň gezek gaýnag suwy depesinden guýsalar, ýa-da müň gezek gylyç bilen çapsalar, – näçe köp emgense, maňa hem şeýle boldy» diýdi. Olar: «Jan bermek oňaýlygy munuň ýaly bolsa, onuň ýowuzlygy nähili bolar?» diýdiler.

Ybraýym alaýhyssalam Yshaky Şam welaýatyna häkim etdi. Ysmaýyly Hyjaz ýerinde halypa goýdy. Ysmaýyl Ybraýym alaýhyssalamdan soň kyrk ýyl ýaşady. Yshak elli ýyl ýaşady. Ybraýym alaýhyssalamy Yshak ýuwdy. Onuň namazyny okadylar we ony Sara bilen goşa jaýladylar.

## *ON DÖRDÜNJI KYSSA*
## LUT ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Aýat: ***«Olara öz garyndaşlary Lut aýtdy»***, ýagny Luty Allatagala hormatlady we ol öz halkyna: «Eger siz imana gelmeseňiz, Allatagaladan size azap geler» diýip nesihat sözüni aýtdy. Olar onuň bu sözüni kabul etmediler we: ***«Eger sen dogry sözlülerden bolýan bolsaň, biziň üstümize Allatagalanyň azaby bilen gel»*** diýen jogaby eşitdi. Aýat: ***Ol «Şugaýbyň kowumynyň şäherlerini astyn-üstün edip ýer ýuwutdy» diýen habar bilen olara pygamberligi äşgär gudratlary bilen geldi»*** diýen aýat bilen pygamberlik haladyny geýdi. Ol: ***«Siz beçebazlyk edýärsimiňiz? Nesil köpeltmek ýoluny kesip goýýarsymyňyz?»*** diýip, kapyrlar bilen jedelleşdi. Ol: ***«Men bu zatlar üçin sizden jogap soramaýaryn. Meniň jogabym Allatagalanyň dergähindedir»*** diýdi. Ol: ***«Ine, bular meniň gyzlarymdyr. Siziň üçin olar erkeklerden päkdir»*** diýip, öwüt berdi. Ol: ***«Eger men siziň bilen çaknyşmaga güýjüm bar bolan bolsa ýa-da arka tutunmaga güýçli garyndaşym bar bolsa, elbetde sizi ýok ederdim»*** diýdi. Ol: ***«Azabyň wada berlen säher wagty ýakyn dälmi»*** diýdi.

### Şygyr

Ybraýymyň hak gardaşy Hazar ogly erdi Lut,
Köp telim ýyllar guwanyp, özi birle turdy Lut.

Jebraýyl geldi, ýalawaçlyk degirdi Möwladan,
Ýarlyk eşidip güýç getirdi, öý terkräk bardy Lut.

«Tap kylyň, butga tabunmaň, bat geliň imana» diýp,
Kyrk ýyl emgäp daň arygsyz kapyr era turdy Lut

Ança teňlig boýnagynyň biri ýola girmedi,
Gazguluk bolup umyt kesdi, olardan irdi Lut.

Bir ýaratgan Hakga ýandy, ýalbaryp kyldy doga,
Jebraýyl ganat dökündi, gyrdy Alla, gördi Lut.

Ol Lut ibn Hazar ibn Baryh ibn Harandyr. Lut pygamber Ybraýym alaýhyssalamyň atasynyň garyndaşynyň ogludy. Ol Ordonda, Ybraýym alaýhyssalam bolsa Palestinde oturýardy. Bu ikisiniň aralygy bir gije-gündizlik ýerdi. Lutuň öýlügi Wahyla atly kapyrdy.

Bu Ordon ýerinde bäş sany uly şäher bardy: Darduma, Amura, Sewam, Sadum we Sugar. Ordon on bäş agaçlyk ýeri tutýardy. Bu welaýatda bag we burlak, näzi-nygmaty bol ýer boldy. Dünýäniň nygmatynyň hemmesi ol ýerde bardy. Olarda bir dürli halk bardy. Allatagala olary Gurhanyň içinde «mugtafakat» diýip atlandyrdy. «Mugtafakat» – «mekir» diýmeklik bolar.

Olaryň patyşalarynyň ady Sadum ibn Muşdamdy. Onuň weziriniň ady Kurmuzdy. Ol halkyň hemmesi buta çokunardy. Olaryň dört butlary bardy: Ýabd, Mashur, Kub we Kut. Idris pygamberiň wagtyndan ol güne çenli ol dört butdan sylaglyrak but ýokdy. Ähli dünýäde näçe nygmat bar bolsa Mugtafakatda hem şonça bardy. Her ýyl nygmatlar bişende Sahradan, Çyn-Maçyndan, Batha, Kalhar, Darland we Hirzan welaýatlaryndan halaýyk öz baglaryna barýan ýaly gelerdiler.

Olar bu ýerden dürli nygmatlar ýygyp, gyş gelse öýlerine gaýdardylar. Bir ýyl Haktagala bu welaýata sowuk iberdi. Ol ýerde nygmat önmedi. Ýaz boldy. Halaýyk bu ýere öňküsi ýaly gelip başlady. Olar: «Bu ýyl nygmat bolmady. Siz yzyňyza gaýdyň. Indiki ýyl nygmat köp bolanda biz size artyk bereris» diýdiler. Olar yzlaryna gaýtmadylar. Bular hem olary gaýtaryp bilmediler. Ýerli ilat bu ýagdaýy patyşalaryna gelip aýtdylar.

Olaryň Zewal atly bir uly butlary bardy. Patyşa: «Siz baryp Zewala çokunyň we ýalbaryň. Ol sizi bulardan gutarar, ýa-da bir ýol görkezer» diýdi. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) Hashas atly bir döwi iberdi. Ol gelip Zewalyň agzyna girdi. Adamlar ýygnanyp Zewalyň ýanyna geldiler. Hashas: «Eý, meniň gullarym! Ençe ýyllardan bäri siz meniň sözümi diňlemediňiz. Ýogsa size bu emgek, bu belalan gelmezdi. Bu işiň alajy şeýledir. Siz bu ýerden gidip, ol kişileri tutuň. Erkeklerini bir öýe salyň. Olar bilen ýakynlyk işini ediň. Onsoň olaryň özleri sizden gaçarlar» diýdi. Adamlar Zewalyň ýanyndan çykdylar we ol kişileri gözläp başladylar. Olaryň öňünden Bahyl atly bir kişi çykdy. Iblis özüni görmegeý bir adam keşbinde görkezdi we üstüni bezedi we saçyny darady. Bahyl ony görüp Iblisiň elinden tutup öýe girizdi. Olar bir öýüň içinde ýatdylar. Ol Iblis bilen pahyşa işini etdi.

**Hekaýat.** Mamun halypa (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) aýdypdyr: «Eý, Iblis! Adam alaýhyssalam hemme mahlukatyň ýagşyragydy. Sen oňa sežde etmediň. Ýene sen Lut ýalawaçyň budunyna muhannes bolduň» diýip aýdypdyr.

**Rowaýat.** Iblis bir kişiniň bagyna oglan sypatly ogry bolup girdi. Bag eýesi ony tutup urdy. Ol ikinji gezek ýene baga girdi. Bagyň eýesi ony tutup, ýene urdy. Iblis üçünji gezek onuň bagyna girdi. Bagyň eýesi ony gorkuzmak üçin onuň bilen pahyşa beçebazlyk etdi. Elgaraz, Iblis olary bu işe düzgün etdirdi. Bu beçebazlyk işi hemmeleriň köňlüne hoş geldi. Olar butlarynyň ýanyna gelenlerinde biri-birine gelmekligi ündeşerdiler we

başga ýerlerde manzarlary gurdular. Ol manzarlarda garyplary saklap başladylar. Olarda on dürli oýun bardy: ýaý bilen daş atmak, sabkyna atly oýun, içki eşiklerini giň etmek, donuň öňüni-yzyny ýyrtmak, ernek bilen daş düze salmak, sakgyç çeýnemek, çeň çalmak, goç uruşdyrmak, liwata kylmak. Olar bu on dürli ýowuz (ýaramaz) işe endik edindiler. Olar öz aýallaryna bakmadylar. Iblis özüni bir aryg (päk, asylly) kempir suratyna salyp, bularyň aýallarynyň ýanyna geldi. Ol näçe gün olar bilen durdy. Olar Iblise özleriniň içlerini döküp: «Biziň ärlerimiz ýaş ýigitler bilen gowuşýarlar. Olar bize bakmaýarlar. Biz muňa näme alaç edeli?». Iblis aýtdy: «Men size munuň çäresini öwredeýin»diýip başladylar. Ol erkek adamyň uýat endamy dek bir agaç ýondy we ony öz biline daňdy. Aýallar bilen ol erkek kişi ýaly bolup ýatdy. Aýallara bu iş hoş geldi. Olar bu işi biri-biri bilen edip başladylar. Elgaraz, är är bilen, aýal aýal bilen ýatar boldy.

Köp ýyllar aradan geçdi. Şol tarapda Lut alaýhyssalam Mukaddes ýerinde goş düşürip, bugdaý ekýärdi. Bir gün Jebraýyl alaýhyssalam ýigrimi ýaşly ýigit bolup Lutuň ýanyna geldi. Ol Luta salam berdi. Lut onuň salamyna jogap gaýtardy. Lut ondan: «Eý, ýigit! Sen kimsiň?» diýip sorady Ol: «Men Jebraýyl emindirin» diýdi. Lut: «Eý, Jebraýyl! Sen näme habar getirdiň?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Allatagala saňa salam iberdi. Ol saňa aýtdy: «Lut Mugtafakat halkyna barsyn we olara: «Siz liwata etmäň, saç-sakgallaryny ýolmasynlar, içki donuň bagyny giň etmesinler, aýallar aýallara gowuşmasynlar, olar: «Lä ilähe illallahu we inneke Lutun resulallahi» diýip aýtsynlar, olar buta çokunmasynlar» diýdi. Lut: «Ni‘mal möwla we ni‘man-nasyr» diýdi.

Onuň ýüzi saralyp Ybraýym pygamberiň ýanyna gelip: «Eý, agam! Jebraýyl geldi. Ol maňa hemmeden beteri halk üçin pygamberlik getirdi» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Olar haýsy halkdyr?» diýdi. Lut alaýhyssalam: «Olar Mugtafakat

halkydyr» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Lut! Taňrynyň emrine boýun sun. Onuň permanyny berjaý et» diýdi. Lut alaýhyssalam düýe getirdi. Lut alaýhyssalamyň Rahyla hem Waýyla atly iki aýaly, Zuguma, Irsama, Bakta atly üç gyzy, Ragda atly bir düýesi we Dina atly bir iti bardy. Lut alaýhyssalam goşuny ýükledi we ýola rowana boldy.

Lut alaýhyssalam bäş agaçlyk ýeri geçdi. Ol: «Eý, Taňrym! Meniň Saňa esbarlaýandygymy (bil baglaýandygymy) Özüň bilýänsiň. Meni esen-salamat ol ýurda elt» diýdi. Lut Amura ýerine bardy. Ol bäş agaçlyk ýerde düşledi. Mugtafakat halky atlanyp, ýigitleri gözläp ýörkä Luty iki aýaly we gyzlary bilen gördüler. Olar patyşalaryna: «Lut geldi» diýip habar berdiler. Jebraýyl alaýhyssalam oňa: «Eý, Lut! Amuranyň gyrasynda eglen» diýip perman getirdi.

Lut alaýhyssalam ol ýere baryp düşledi. Çadyr dikdi we oňa girip oturdy. Amura halky Luta, ýene onuň iki goldaşyna tama etdiler. Olar gelip Luty gördüler we ony tutmakçy boldular. Lut düýesi bilen itine: «Bulary menden gidiriň» diýdi. Düýe bilen it olara topuldylar. Olary gollary bilen urdular, dişleri bilen dişlediler. Soňra ýokary göterip ýere taşladylar. Bu ýere ýüz müň är gelipdi. Olaryň hemmesini yzyna gaýtaryp, ile girizdiler. Olar soňra ýene yzlaryna dönüp, Lutuň ýanyna geldiler. Ol adamlar patyşalaryna: «Bir görmegeý ýüzli är geldi. Onuň düýesi bilen iti ýüz müň ärden birnäçesini öldürdi, birnäçesini gaçyrdy. Eý, patyşa! Ol seniň il-günüňi örteýär» diýip habar berdiler. Patyşa Karmu atly wezire: «Sen baryp, ol äri gör. Onuň bilen sözleş. Ýene maňa habaryňy ýetir» diýdi.

Wezir bäş ýüz är bilen gelip, Luty gördi. Wezir: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Ol: «Meniň adym Abdylla» diýdi. Wezir: «Sen näme işe geldiň?» diýip sorady. Ol: «Pygamberlik etmäge geldim» diýdi. Wezir yzyna döndi. Patyşa habaryny berdi.

Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Lut! Sen baryp gulum Saduma aýt. Ol iman getirsin, seni meniň pygamberim diýip bilsin» diýdi. Lut ýola düşdi. Onuň iti öňünden, düýesi bolsa yzyndan ýöredi. Ol patyşanyň saraýyna geldi. Düýe onuň sagynda, it bolsa çepinde, özi patyşanyň garşysynda oturdy. Patyşa: «Abdylla diýmeklik näme bolar?» diýip sorady. Lut alaýhyssalam: «Abdylla diýmeklik «Taňrynyň guly» diýmeklik bolar» diýdi. Patyşa: «Sen kimsiň?» diýdi. Lut alaýhyssalam: «Men Taňrynyň resuly» diýdi. Patyşa: «Resul diýmeklik näme bolar?» diýip sorady. Lut alaýhyssalam: «Resul diýmeklik saňa gelip «Allatagala birdir, men Onuň pygamberidirin» diýmekligim bolar» diýdi. Patyşa: «Seniň bu söze tanygyň barmy?» diýdi. Lut alaýhyssalam: «Meniň tanygym şu düýedir» diýdi. Patyşa: «Düýe nähili tanyklyk berer?» diýdi. Hezreti Lut: «Onuň tanyklygy Allatagalanyň gudraty bilen bolar» diýdi. Patyşa: «Goý, ol tanyklyk bersin» diýdi.

Allatagala gudraty bilen düýä dil berdi. Düýe dile gelip: «Eşhedu ellä lä ilähe illallahu, eşhedu enne Lutun resulullahi» diýdi. Patyşa: «Ýene tanygyň kim? diýdi. Lut alaýhyssalam: «Eý, Dina! Sen şaýatlyk sözüni aýt» diýdi. Dina hem Hudaýtagalanyň gudraty bilen aýtdy: «Eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Lutun resulallahi» diýdi. Patyşa: «Men beýle zady hiç eşidip görmändim» diýdi. Patyşa beglere: «Siz muňa näme diýersiňiz?» diýdi. Olar: «Eý, patyşa! Bu är jadygöýdir» diýdiler. Patyşa: «Eý, Abdylla! Eger sen bu sözi mal üçin aýdýan bolsaň, onda biz saňa mal bereli. Ol mal seniň hemme urugyňa ýeterlik bolar» diýdi. Lut alaýhyssalam: «Men sizden zat soramaýaryn. Maňa Taňry sogap berýär. Sizde ärler ärler bilen gowuşýar» diýdi. Aýat: ***«Taňrydan iberilen buýruklary size aýtmakda men sizden onuň muzduny talap etmeýärin. Meniň muzdumy älemleriň hökümdary bolan Taňry berýär. Siz ynsanlardan erkek adamlar bilen ýanaşarsyňyz. Siz Allatagalanyň özüňize jübüt edip ýaradan aýallaryňyza ýanaşmagy***

***taşlarsymyňyz? Siz hetden aşan kowum ekeniňiz»*** diýdi. Olar: «Eý, Lut! Sen bu sözüňden dänseň dänersiň, bolmasa biz seni bu ilden çykararys» diýdiler. Aýat: ***«Olar: «Eý, Lut! Eger sen biziň işimizi ýamanlamakdan we bizi bu işden saklajak bolmakdan el çekmeseň, elbetde, sen biziň aramyzdan çykarylanlardan bolarsyň»*** diýdiler. Lut alaýhyssalam: ***«Siziň edýän bozuk işiňizi sizden öň dünýäde hiç kim etmedi»*** diýdi. Ol ýene: ***«Siz erkek adamlara ýanaşarsyňyzmy we ýolda kerwenleri talap zatlaryny alýarsymyňyz?»*** diýdi. Olar: ***«Eger seniň sözüň çyn bolsa sen: «Taňrynyň azaby bardyr» diýýärsiň. Sen ol azaby getir, biz ony göreli»*** diýdiler. Lut alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Bu bozuk halka öz gudratyňy görkezmek bilen maňa ýardam ber»*** diýip dileg etdi. Ol ýene: «Eý, Taňrym! Bulary men näçe imana ündesem hem, olar oňa gelmeýärler» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Lut! Sen entek bulary imana ünde» diýdi. Ol kyrk ýyl olary imana çagyrdy. Bir kişi hem imana gelmedi. Azabyň wagty ýakyn geldi. Lut alaýhyssalam patyşa: «Eý, patyşa! Sen Taňrydan gork. Musulman bol. Sen: «Lä ilähe illallahu (Alladan başga hudaý ýokdur)» diýip aýt» diýdi. Olar: «Eý, Lut! Sen bu sözi gaýtalamakdan irmediňmi?» diýdiler. Lut: «Men siziň ýanyňyza öz göwnümiň islegi boýunça gelmedim. Men Taňrynyň permany boýunça geldim. Bu perman bolmadyk bolsa men bu ýere gelmezdim» diýdi. Lut alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Sen meni bu zalym adamlardan gutar!»*** diýip dileg etdi.

Kapyrlaryň hemmesi ýygnanyp: «Luty öýi, ili bilen ýurtdan çykaryň. Bular biziň päk işlerimizi ýazgarýarlar. Bize beýle sözleri aýdýan kişi galmasyn» diýdiler. Aýat: ***Olar: «Luty maşgalasy bilen obaňyzdan çykaryň. Çünki olar päkligi halaýan adamlardyr»*** diýdiler.

Lutuň aýaly kapyrdy. Ybraýym alaýhyssalam bir gije düýş gördi. Lutuň sözi bilen bir kişi päk sopy boldy. Ol ertesi ýoluň başynda oturyp habar sorady. Hiç zat bilip bilmedi. Ol alada

galdy. Ol gün onuň öýüne myhman gelmedi. Ybraýym alaýhyssalama myhman islemek parzdy. Ol myhmansyz agzyny açmazdy. Ol myhman isledi. Myhman asla gelmedi. Ertesi ýene myhman bolmady. Ol köp gaýgylandy. On günüň dowamynda Lutdan habar bilip bilmedi. Myhman gelmedi. Ol on birilenji gün: «Eý, Taňrym! Sen meni haýsy ýazyk bilen gynaýarsyň. Näme üçin Sen maňa myhman ibermeýärsiň» diýip, arz etdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ybraýym! Allatagala: «Luty saklan men dälmidim? Men Lut üçin myhman ibermegi goýdum» diýip aýdýar» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men toba etdim» diýdi. On birilenji güni on iki sany görkana ýüzli kişi we kiçi ýaşly ýigitler çadyra girdiler. Aýat: ***«Size Ybraýymyň hormatly myhmanlarynyň habary gelmedimi?*** Perişdeler çadyra giren wagtlarynda Ybraýyma salam berdiler. Ybraýym olaryň salamyna: ***«Salam, eý, nätanyş adamlar»*** diýip jogap gaýtardy. Olar Ybraýym alaýhyssalama: «Myhmanlar gelýärmi?» diýdi. Ol: «On gün boldy, men orazamy açmaýaryn» diýdi.

Ol myhmanyň gelmegine begendi. Onuň iki ýaşar gyzyl reňkli öküzçesi bardy. Ol ony gowy görerdi. Şeýle hem bolsa ol ony bogazlady. Onuň etinden sokulma bişirdi we ony getirip myhmanlaryň öňünde goýdy. Aýat: ***«Ybraýym maşgalasynyň ýanyna çykdy. Ol bir semiz göläniň bişen etini alyp geldi. Ol nahary myhmanlaryň öňünde goýdy we (olar hiç zat iýmänsoň): «Siz näme üçin iýmeýärsiňiz?»*** diýdi». Ybraýym alaýhyssalamyň: «Gonak çekinmän tagam iýsin» diýip, daşary çykmak adaty bardy. Sara işikden myhmanlaryň tagam iýmeýändigini görüp, Ybraýym alaýhyssalama bu ýagdaýy habar berdi. Ybraýym alaýhyssalam olaryň ýanyna geldi. Ol: «Siz näme üçin nahar iýmeýärsiňiz?» diýdi. Olar: «Biz naharyň bahasyny bilmänimizden soň iýmeýäris» diýdiler. Ybraýym alaýhyssalam: «Onuň bahasy iýmäge başlamazdan öň «Bismillä» diýmekdir, ondan iýip bolanyňyzdan soň bolsa «Alhamdulillä»

diýmekdir» diýdi. Olar: «Biz tagama mätäç däldiris» diýdiler. Ybraýym alaýhyssalam: «Myhman nahar iýmese, öý eýesiniň köňlüne howsala düşer» diýdi. Aýat: ***«Ybraýym öz ýanyndan olardan gorkdy. Olar: «Gorkma» diýdiler».*** Olar: «Sen bizden gorkma. Biz perişdediris. Biz saňa söýünji getirdik. Saradan bir ogul doglar» diýdiler. Aýat: ***«Olar oňa akylly oglunyň boljakdygy hakynda hoş habary berdiler».*** Onuň ady Yshak, oglunyň ady Ýakup bolsun. Aýat: ***«Biz Sara Yshagyň boljakdygy barada söýünjiledik».*** Sara bu habary eşidip utandy. Eli bilen ýaňagyna uryp: ***«Men bir garry kempirdirin, maňa ogul-gyz nireden geler? Meniň adamym hem garran gojadyr»*** diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: ***«Eý, Sara! Sen Allatagalanyň gudratyndan beýle zady geň görýärmisiň?»*** diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam bir gury agajy Saranyň eline berdi. Ol agaç Saranyň elinde ýaşardy hem ýapraklady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Sara! Taňry gury agajy seniň eliňde ýaşartdy. Onsoň ol saňa garrylykda bir ogul berse geň bolarmy?» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam olara: «Siz kim bolarsyňyz?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Men Jebraýyldyryn, bu bolsa Mikaýyldyr. Bu on kişi hem perişdelerdir» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam aýtdy: ***«Siz näme işe geldiňiz?»*** diýdi. Olar: ***«Biz Lut kowumynyň bozgaklaryny heläk etmäge iberildik». Lutuň öýündäkiler we onuň aýalyndan başgalar halas bolmazlar»*** diýdiler.

Ybraýym alaýhyssalam: «Olarda ýüz sany musulman kişi ýokmy?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Olarda ýüz sany musulman kişi bar bolsa Hudaýtagala bu belany ibermezdi» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Olarda on sany musulman kişi ýokmy?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Olarda on musulman kişi bolan bolsa, olara bela gelmezdi» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam: «Olarda bir kişi musulman ýokmy?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bir musulman kişi bar bolsa hem, olar heläk bolmazdylar» diýdi. Ybraýym alaýhyssalam ýyglamaga başla-

dy. Perişdeler: ***«Biz bu welaýatda bir öýden başga musulman tapmadyk»*** diýdiler.

Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Siz ol ýere ýeteniňizde men Luty görmerinmi?» diýdi. Jebraýyl, Mikaýyl we beýleki perişdeler çadyrdan çykdylar. Olar bir mangym bilen Lutuň budunyna ýetdiler. Ybraýym alaýhyssalam bilen Lutuň arasynda bir hyjap perde bar bolsa olaryň hemmesi açyldy. Ybraýym alaýhyssalam olaryň hemmesini gördi.

Gijäniň üçden biri geçipdi. Jebraýyl, Mikaýyl we ýene on perişde ýigit suratynda bolup Lut alaýhyssalamyň gapysyna geldiler. Aýat: «Biziň ilçilerimiz Lutuň gapysyna gelenlerinde Lut: ***«Wah, meniň kowumym bu ýaş owadan oglanlary görse, olara ýaman işi kast ederler» diýip, gamgyn boldy. Olaryň gelmeginden ýüregine darlyk ornaşdy».*** Emma Lut alaýhyssalam olaryň perişdelerdigini bilmedi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Lut! Sen myhmanlar bilen nähilisiň?» diýdi. Lut alaýhyssalam olary öýe girizdi. Ol gyzlaryna: «Nahar anyklaň. Goý, myhmanlar tagam iýsinler hem garynlaryny doýursynlar. Daň atmazyndan öň myhmanlar ilden çyksynlar. Bozgak adamlar bularyň gelenini duýmasynlar» diýdi.

Gyzlar nahar taýýarlamaga durdular. Lutuň aýaly Waýyla (goý, oňa nälet bolsun!) öýüne erkek myhman gelse, öýden çykyp daşarda: «Kapyrlar myhman gelenini bilsinler» diýip oturardy. Käbir alymlar: «Ol öýden-öýe ýöredi we kapyrlara: «Bize görmegeý ýigitler geldi» diýip, habar berdi.

Birnäçe wagtdan soň Lutuň öýüniň töweregi kapyrlardan doldy. Aýat: ***«Lutuň kowumy onuň ýanyna üýşüp geldiler».*** Lut alaýhyssalam olaryň öňünden garşylap çykdy we: «Siziň üçin meniň gyzlarym ýagşydyr. Siz meniň myhmanlaryma el degirmäň» diýdi. Aýat: ***«Lut pygamber olara: «Eý, meniň kowumym! Şular meniň gyzlarymdyr. Siziň üçin bu gyzlar oglanlardan päkizedir. Eger siz bir iş etmekçi bolsaňyz olar bilen ediň»*** diýdi.

Ol gelen kapyrlaryň arasynda iki sany ulugy bardy. Lut alaýhyssalam ol ikisine: «Men size bu iki gyzymy jübütlige bereýin. Emma siz meniň myhmanlaryma azar bermäň» diýdi. Olar: ***«Seniň gyzlaryňa biziň hakymyzyň ýokdugyny sen bilýänsiň. Bize näme gerekdigini seniň özüň gowy bilýärsiň» diýdiler.*** Lut alaýhyssalam: ***«Siz Taňrydan gorkuň. Meni myhmanlaryň arasynda ýüzügara etmäň. Siziň araňyzda bir musulman ýokmy?»*** diýdi. Olar: «Eý, Lut! Sen sözüňi köp etme, myhmanlaryňy bize ber. Eger sen olary bize göwnäp bermeseň, öýüňe girip olary zorluk bilen dartyp çykararys» diýdiler. Lut alaýhyssalam ýyglap öýüne girdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Lut! Sen näme üçin ýyglarsyň?» diýdi. Lut alaýhyssalam bulara ol sözi aýtmaga utandy hem gorkdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Lut! Sen gorkma. Biz Allatagalanyň perişdeleridiris. Biz: «Seni bu bozgaklardan gutaraly» diýip geldik. Aýat: «Biz seniň Taňryň ilçileridiris. Olaryň zeleli saňa hergiz degmez» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam ýerinden turdy. Kapyrlar gapyny açyp, girdiler, perişdeleri gördüler we olary tutmakçy boldular. Jebraýyl alaýhyssalam bir owuç toprak aldy we ony olaryň ýüzüne sepdi. Dört ýüz äriň hemmesiniň ýüzleri gara boldy. Olar: «Eý, Lut! Sen jadygöýleri getiripsiň. Olar bu ýerde bizi ýüz gara etdiler. Sen entek howlukma. Seniň myhmanlaryň gitsin, Soňra saňa näme işleri etmeli bolsa, şony ederis. Şonda sen azaby ýagşy görersiň» diýdiler.

Il arasynda: «Lut jadygöýleri getiripdir» diýen habar ýaýrady. Gowga artyk boldy. Lut alaýhyssalam gorkdy. Ol Jebraýyl alaýhyssalama: «Bu işiň soňy nähili bolar?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Biz seni bulardan gutaraly diýip geldik. Biz bulary heläk ederis» diýdi. Lut alaýhyssalam: «Sen bulary haçan heläk edersiň?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Men bulary daň atanda heläklärin» diýdi. Aýat: ***«Olara azaby wada edilen wagt säher wagtydyr».*** Lut alaýhyssalam daňyň ataryna howlugyp: «Daň haçan atar?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Daň atmagy

ýakyn geldi» diýdi. Aýat: ***«Lut säher wagtyny daş görüp: «Daň bärräkde atmazmy?» diýende, Jebraýyl alaýhyssalm oňa: «Indi säher wagty ýakynda dälmidir»*** diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Lut! Sen bu ilden çyk» diýdi. Lut alaýhyssalam musulman aýalyny, iki gyzyny, düýesini Mikaýyl alaýhyssalamyň ganatyna mündirip, göterip göz açyp-ýumasy salymda on agaçlyk ýere eltip goýdy. Jebraýyl alaýhyssalama perman boldy. Ol kiçi ganatyny ýazdy we Lut alaýhyssalamy ganatynyň üstüne mündürdi. Ol ýeri suwa çenli köwdi we ýeri howa galdyryp göge ýetirdi. Perişdeler towuklaryň sesini eşitdiler. Şol wagt: «Eý, Jebraýyl! Ýeri öwür, özüň onuň astyndan çyk» diýen perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam ýeri öwürdi, özi bolsa onuň astyndan çykdy. Ýatan är-aýal ukudan oýanmadylar we balalar beşikden aýrylmadylar. Suw idişleri taban boldy we bir damja suw dökülmedi. Taňrydan: «Eý, Jebraýyl! Bulary göteren senmi ýa-da Men?» diýen owaz geldi. Jebraýyl alaýhyssalam başyny seždä goýup: «Eý, Taňrym! Men toba etdim» diýdi. Ol çirkin owaz etdi. Haýwanlar Taňrynyň permany bilen bu welaýatdan gaçyp çykdylar.

Şol wagt daň ýagtyldy. Taňrydan: «Eý, Jebraýyl! Ol gije inen ýeriňi bir dep!» diýen perman geldi. Jebraýyl alaýhyssalam ol ýeri bir depdi. Onuň depgisiniň zarbyna daşlar atyldy. Iň ilki atylan daş Waýylyň başyna degdi, onuň depesi ýarylyp öldi we dowzaha duwlandy. Ol iliň her birinde ýüz müň söweşjeň kişi bardy. Olar döküldiler, astyn-üstün boldular. Aýat: ***«Biziň hökümimiz gelen wagty ol welaýatyň üstüni aşak, aşagyny üstün etdik. Olaryň üstüne palçykdan ýasalan daşlary yzlyyzyna ýagdyrdyk»***.

Olaryň her biriniň adyna bir daş ýazylgydy. Ol daş gelip şol kişiniň depesine baryp degýärdi. Olaryň hemmesi gün dogýança heläk boldy. Kapyrlar Taňrynyň gudraty bilen ýok boldular.

## *ON BÄŞINJI KYSSA*
## ÝAKUP ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol: «Ýakubyň iki gözi Ýusubyň aýralygynyň gamyndan kör boldy we ol ogullaryna gaharlydy» diýen sürmäni gözüne tartdy. Ol: ***«Men çekýän gamymy we ahymy Allatagala şikaýat edýärin»*** diýip mynajat etdi. Ol: ***«Eý, perzentlerim! Siz Müsüre gidiň, Ýusupdan we onuň doganyndan habar getiriň. Allatagalanyň rehmetinden umytsyz bolmaň»*** diýip, ogullaryny iberdi. Ol Ýusupdan: ***«Meniň şu köýnegim bilen atamyň ýanyna gidiň, ony ýüzüne sürtüň, soň onuň gözi açylar»*** diýen hoş habary eşiden Ýakup alaýhyssalamdyr.

«Sawçy Yshak ogly» diýip bu ady alan Ýakup ol,
Alty hatyndan on iki oglan bolan – Ýakup ol.

Munça oglan arasynda aňsyzyn ol on ikä,
On birinji oglun öldürip, ölýü turan Ýakup ol.

Keç aýalyň keç ugurda ýygylu girip ýyglaşu,
«Böri iýdi» diýse, özün ýere çalan Ýakup ol.

Beýtil-ahzan içre girip, tünle-gündiz eňreýu,
Ýüzi görklük Ýusuby Hakdan golan Ýakup ol.

Daşa çykan, güni dogan, görk üçin göz aldyryp,
Göwsi köýen, otda ýanan, bagry ölen Ýakup ol.

Özi muňlug, kez ýürekli, Möwlanyň mursal guly,
Ol çiçek dek eňgi küýsäp, meňzi solan Ýakup ol.

Ýedi ýaşap, ýaş ogulny ýitiriban ýaşy akyp,
Ony segsen ýyldan kezin gaýra bulan Ýakup ol.

Onuň neberesi Ysraýylalla ibn Yshak Safyalla ibn Ybraýym halylalla. Ýakup pygamber güýçli we görklüdi. Ol alp ýüregine guwanyp, men-menligi özünden gidirerdi.

*Rowaýatda şeýle gürrüň getirilipdir:* Ol bir gije ýylky-garasyny, goýun-guzusyny sähra çykardy we öz hajatyna meşgul boldy. Ol ýylky-garadan yza galdy. Allatagala bir perişdäni adam suratynda ogry ýaly edip iberdi. Ýakup onuň bilen tutuşdy. Perişde Ýakuby göterip ýere çaldy. Ýakubyň uýluk damary agyrdy. Ol: «Eger Hudaýtagala maňa bu agyrydan şypa berse, haýsy iýim-içimi halaýan bolsam, men şony özüme haram ederin» diýip nezr etdi. Hudaýtagala oňa şypa berdi. Hezreti Ýakuba iýilýän zatlardan düýäniň eti, içilýän zatlardan düýäniň süýdi ýarardy. Ol bu iki zady özüne haram etdi. Ýakupdan soň ýakubylar bu sünnet bilen bu iki zady iýmediler we içmediler. Olar: «Bu zatlar hemme pygamberlere Adam atadan bu güne çenli haramdy. Bu ýagdaý Töwratda şeýledi» diýdiler. Hudaýtagala olaryň sözlerini ýalana çykaryp: ***«Ýakup pygamberiň ummatyna tagamlaryň hemmesi halaldyr. Töwrat asmandan inderilmezinden öň Ýakup özüne käbir halal zatlary haram edipdi»*** diýdi.

*Sowal:* Ýakup pygamber näme üçin Ysraýyl diýlip atlandyryldy?

*Jogap:* «Ysr» sözüniň manysy «ýesir» diýmek bolar. Ol şeýtany bir wagtda bulnamyşdy. Onuň üçin oňa Ysraýyl diýlip at goýuldy.

**Hekaýat.** Ýakup Beýtil-Mukaddesde hyzmat ederdi. Ol onuň çyralaryny ýakardy. Şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) gelip, bir çyrany öçürmekçi bolanda, Ýakup ony tutdy. Onuň boýnuna zynjyr baglap, bir agaja daňyp, agajy ýere berk dikdi. Ol onuň üçin Ysraýyl at aldy. Ýene bir jogap şeýledir «Ysr-bulun bolar, Il – Taňrynyň ady bolar. Ysraýyl – Taňrynyň guly diýmekdir. Ýakubyň on iki ogly, ýene bir gyzy bardy. Bir kapyr patyşa Ýakubyň gyzyny soradyp sawçy iberdi. Ýakup muňa göwnemedi. Ol patyşa: «Sen gyzyňy maňa bermeseň, seniň bilen sanjyşaryn» diýdi. Ol patyşanyň goşuny köpdi. Allatagaladan: «Eý, Ýakup! Sen kapyrlary heläk etmekçi bolsaň, men olary heläk edeýin ýa-da men seni olara musallat edeýin. Ýogsa olary öz elim bilen heläkläýin» diýen owaz geldi. Ýakup oglanlaryna: «Siz bu iki şertiň haýsysyny isleýärsiňiz?» diýip geňeşdi. Onuň oglanlary: «Taňry bize olaryň üstünden höküm etmekligi bersin» diýdiler. Ýakup oglanlarynyň bu teklibini göwnemedi. Ol dileg etdi. Hudaýtagala olaryň hemmesini ýeriň goýnuna salyp heläk etdi.

Ýene bir patyşa onuň gyzyny sorap ugrady. Ýakup: «Meniň şerigatymda bir däbim bar. Sen ol däbimi çerigiň bilen kabul etseň, saňa gyzymy bereýin» diýdi. Patyşa: «Ol nähili däpdir?» diýdi. Ýakup: «Ol däp hatna kylmakdyr» diýdi. Patyşa özüni we leşgerini hatna etdirdi.

Ýakup oglanlary bilen gylyç tartyp geldiler. Olar patyşany we leşgerini hatna etdirmegiň agyrysyny çekip ýatyrka, hemmesini gyrdylar.

Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, Adyň Şetdat diýen ogly bardy. Ol dünýäde uçmah saldyrdy. Emma oňa girmek özüne miýesser etmedi. Şetdadyň Ymlak atly ogly bardy. Ol atasynyň ornuna patyşa boldy. Ymlak özüne: «Men hudaý» diýip gaba-

ryp ýörerdi. Ol bir gün bir şäher gurmak küýüne düşdi. Ol: «Maňa hoş howaly ýagşy bir ýeri tapyň» diýip, gözleg üçin adam iberdi. Ol adam Ymlagyň buýrany ýaly ýeri tapdy we gelip bu ýer barada Ymlaga habar berdi. Patyşa ol ýerde ymaratlary we bazar saldyrdy. Ol şähere Kutrum diýip at goýdy. Ol şäheriň ortasynda belentligi iki ýüz gary bir köşk bina etdi we altyn-kümüşden dört derweze goýdy. Şäheriň gurluşygy tamam bolandan soň ol bu ýere göçüp geldi.

Şol wagtlarda Kenganda gahatlyk boldy. Hemme nan tapmagyň gamynda jan berdiler. «Kutrum şäherinde bugdaý satylýar» diýip, Kengana habar ýaýrady. Kengandan Kutruma çenli on günlük ýoldy. Ýakubyň oglanlary aşlyk satyn almak üçin ol ýere ugradylar.

Olar Kutruma ýetip geldiler. Bularyň başlaryna bulut saýa bolup gelýärdi. Ymlak (goý, oňa nälet bolsun!) bularyň başyna bir ak buludyň galkan dek kölege bolup gelýändigini köşgünde oturan ýerinde gördi. Onuň bulutda: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýen ýazgynyň bardygyna gözi düşdi. Ol wezirini: «Ol ýigitleri meniň ýanyma getiriň» diýip iberdi. Wezir bularyň ýanyna gelip: «Patyşa sizi ýanyna çagyrýar» diýdi. Ýehuda: «Biz Hudaýtagalanyň pygamberiniň işini bitirýänçäk onuň ýanyna barmarys» diýdi.

Wezir yzyna gaýdyp, bu sözi patyşa ýetirdi. Bular aşlyk alanlaryndan soň patyşanyň ýanyna geldiler. Olar patyşa salam berdiler. Patyşa bu on ýigidiň biri-birinden görmegeýdigini, boýlarynyň bolsa deňdigini gördi. Ol taňlap bulara hezzet-hormat etdi. Olardan: «Siz kim bolarsyňyz?» diýip sorady. Ýehuda: «Biziň onymyz bir dogandyrys. Biz Ýakup pygamberiň oglanlarydyrys. Biziň atamyz Yshak, uly atamyz Ybraýymdyr. Biz Kengandan bu ýere aşlyk almaga geldik» diýdiler. Patyşa: «Siziň başga doganynyň barmy?» diýdi. Olar: «Biziň ýene iki doganymyz bar. Biri Ýusup atly, beýlekisi Ibn Ýemin atly» diýdiler. Patyşa: «Men erkek doganlaryňyzy soramaýaryn. Si-

ziň gyz doganyňyz barmy?» diýdi. Olar: «Biziň bir gyz doganymyz bar» diýdiler. Patyşa: «Siz ol gyz doganyňyzy maňa beriň. Men siziň ataňyzy hem, özüňizi hem beg edeýin. Size bihasap mal bereýin. Siz hemmelerden artykmaç bolarsyňyz» diýdi. Ýehuda doganlaryna bakyp: «Siz bu söze näme diýersiňiz?» diýdi. Şemgun, Rubil gaharlandylar.

Ýakubyň oglanlary gaharlansalar, welaýaty harap edýänçäler gaharlary öçmezdi. Ýakup pygamberiň urugyndan biri gelip eli bilen olaryň arkasyny sypalasa, gaharlary öçerdi. Ýehuda iki doganynyň gaharynyň gelendigini gördi. Ol öz-özüne: «Bular Kutrum şäherini harap etseler, bize emgek ýeter» diýdi. Ol Rubiliň we Şemgunyň arkasyny sypalady. Ol ikisiniň gahary ýatyşdy. Olar: «Eý, patyşa! Seniň doganyň gyzyňy senden geňeşsiz birine berermi?» diýdiler. Patyşa: «Ýok» diýip, aýtdy. Ýehuda: «Biziň atamyz bar. Biz baryp seniň sözüňi oňa ýetireli. Bu meseläni atamyzyň özi çözer» diýdiler.

Patyşa bu söze begendi. Ol on düýe ýük bugdaýy, on düýe un, müň kümüş, on batman ýypar, on batman anbar, on batman kafur getirip bulara berdi. Ymlak bulardan başga hem birnäçe zatlary olaryň üstüne goşup: «Bu zatlary ataňyza eltip beriň. Meniň sözümi ataňyza ýetiriň. Siz oňa: «Ymlak sizi atalyga kabul etdi, siz hem meni ogulluga kabul ediň» diýdi diýip aýdyň» diýdi. Ýakubyň oglanlary yzlaryna gaýdyp geldiler. Olar patyşanyň sözüni atalaryna aýtdylar. Ýakup bu sözi eşidip köp gamgyn bolup: «Menden öň hiç bir pygamber gyzyny kapyra bermedi. Men oňa gyzymy nähili bereýin?» diýdi. Oglanlary: «Eý, ata! Siziň özüňiz bu meseläni çözüň. Ygtyýar siziň eliňizdedir» diýdiler.

Bu söze bir aý bolandan soň Ymlak Ýakuba hat iberdi. Ilçi oňa haty getirip berdi. Ýakup haty okady: «Bu hatyň mazmuny patyşalaryň patyşasy, ägirtleriň ägirdi, uly mülkli, köp goşunly Ymlakdan – hor-homsy, garyp Ýakuba ýetsin. Bu haty eline alandan soň ol öz gyzyny maňa bezäp, taýýarlap goýsun. Eger

ol gyzyny maňa öz razylygy bilen bermese, men baryp onuň ilini-gününi weýran ederin. Özüni oglanlary bilen öldürerin. Gyzyny güýç bilen alyp gaýdaryn. Saňa pygamberligiň peýda bermez. Men ýer taňrysydyryn. Asman taňrysy bolsa seniňkidir. Gök taňrysynyň meniň bilen näme işi bar?»

Ýakup alaýhyssalam oglanlaryny ýygnady. Olar: «Eý, ata! Sen özüňe, bize rehmiň gelsin. Kengan şäherini weýran etdirme. Gyzyňy patyşa ber» diýdiler. Ýakup oglanlarynyň bu sözüni oňlamady. Ol Ýehuda: «Hatyň jogabyny ýaz» diýdi. Ýakup aýtdy, Ýehuda ýazdy: «Bismillähi-r-rahmäni-r-rahym. Men Ýakup Ysraýylalla Safyalla ogly Ybraýym halylalladan dünýäniň we ahyretiň nälet siňen haramzadasy Ymlaga hat iberýärin. Sen hiç bir pygamberiň kapyra gyzyny bermändigini bilip gör. Men hem saňa gyzymy bermerin. Eger sen: «Lä ilähe illallahu we inni Ýakubu resulallahi» diýip imana gelseň, men saňa gyzymy bererin». Ýakup bu hata möhür basyp ilçiden Ymlaga iberdi.

Ymlak haty aldy. Onuň meňzi saraldy. Patyşanyň akly gidip, gahary gelip, on iki müň begine bakdy. Ol: «Bu söze näme alaç görmeli?» diýdi. Olar: «Eý, patyşa! Biziň leşgerimiz köpdür. Biz leşger bilen onuň şäherini weýran edeli. Adamlaryny ýesir alaly. Gyzyny güýç bilen alyp gaýdaly» diýdiler.

Bularyň sözi patyşanyň göwnüne makul geldi. Ymlak leşgerini ýygnady. Ýüz müň kişi ýörüşe atlandy. Ymlagyň özi örän semizdi. Ony hiç bir gatyr, at göterip bilmezdi. Şonuň üçin ony ýagana mündürdiler. Ol leşgeriniň öňüne düşüp, Kengana geldi.

Ýakup alaýhyssalamyň oglanlary sähradady. Ymlagyň leşgerini görüp olaryň huşlary başlaryndan uçdy. Olar atalarynyň ýanyna gelip: «Eý, ata! Ymlagyň leşgeriniň hetdi bar-da, hasaby ýok. Bulara garşy durup söweşmek öz hanjaryňy özüňe urmakdan başga zat däldir. Munuň alajyny özüňiz ediň» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam dileg etdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssa-

lam gelip, hezreti Ýakuba Taňrynyň salamyny we sözüni ýetirdi: «Ýakubyň perzentleri kapyrlaryň leşgeriniň köplüginden gorkmasynlar. Men olara ýardam bererin. Ýakubyň gyzy Meniň dergähimde ezizdir. Men ony duşmana bermerin. Goý, Ýakubyň perzentleri kapyrlara garşy çyksynlar we duşmanlar bilen uruşsynlar. Olar meniň gudratyma tomaşa etsinler. Men kapyry pygamberiň üstünden erkli etmerin».

Ýakup alaýhyssalam şat boldy. Ol oglanlaryna: «Siz söweşe çykyň» diýdi. Oglanlary: «Eý, ata! Biz bary-ýogy on sanydyrys, kapyrlar bolsa köpdür. Onsoň biz olar bilen nähili tutluşaly?» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam: «Men size söweş esbaplaryny bererin. Kim ol esbaplar bilen söweşse, duşmany ýeňer» diýdi. Oglanlary: «Sen bize erklisiň, biz söweşe çykaly» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam sandygy açdy. Ol Adam atanyň donuny Şemguna, Şisiň donuny Rubile, Ybraýymyň goçunyň şahyny Ýagsara, Musanyň hasasyny Ýehuda berdi. Dokuz ogluna Ýehudany serdar etdi. Ýakup alaýhyssalamyň oglanlary aý-gün ýaly bolup söweş meýdanyna çykdylar.

Patyşa tagtyň üstünde otyrdy. Ol uzakdan Ýakup alaýhyssalamyň oglanlaryny gördi. Ol beglerine: «Siz baryp Ýakubyň oglanlarynyň näme iş bilen gelendigini biliň. Eger aman diläp gelen bolsalar, olara aman beriň. Eger olar uruşmaga gelen bolsalar, olaryň onusynyň hem başyny kesip maňa getiriň» diýdi. Wezir on müň leşger alyp, Ýakup alaýhyssalamyň oglanlarynyň ýanyna geldi. Wezir olardan: «Siz näme iş bilen geldiňiz?» diýip sorady. Ýehuda: «Biz ýoldan azaşanlary dogry ýola çagyrmaga, ýalançylary ýalançylykdan döndürmäge geldik. Eger göwnemeseler, sanjyşmaga geldik» diýdiler. Wezir onuň bu sözüne güldi. Ýehuda doganlaryna: «Siz bu ýerde duruň. Men ilki çykaýyn» diýdi. Ol hezreti Adamyň taýagyny kellesiniň üstünde aýlady, soňra ony howa zyňdy we ýene gapdy. Şeýdip, dünýäde taýagy howa zyňyp, ýene gapmak Ýehudadan galdy.

Ondan soň ol «Allahu ekber» diýip bir üýn etdi. Beýleki dokuz dogan hem bu sözi gaýtalap üýn etdiler. Perişdeler asmandan «Allahu ekber» diýip üýn çykardylar. Bu üýnleriň gorkunjyndan on iki müň leşgeriň ýüregi ýarylyp öldi. Patyşa: «Näme boldy? Leşgeriň sesi gelmeýär» diýip sorady. Oňa: «Eý, patyşa! Ol on dogan üýn etdiler. Ol üýnden on iki müň är öldi» diýip aýtdylar.

Patyşa ýene beglerine bakdy. Ol ýigrimi dört müň är bilen atlanyp bardy. Ýehuda: «Eý, Şemgun! Indi gezek saňa ýetdi» diýdi. Şemgun öňe çykyp: «Eý, kapyrlar! Siz: «Lä ilähe illallahu, Ýakubu resulullahy» diýip aýdyň» diýdi. Kapyrlar bu jümläni aýtmadylar. Olar Şemguna depindiler. Şemgun üýn etdi. Onuň bu nagrasynyň haýbatyndan kyrk müň kapyryň ýüregi ýarylyp öldi. Ot gelip ýigrimi dört müň äri köýdürdi. Patyşa bu ýagdaýyň habaryny ýetirdiler. Ol pile mündi. On iki begi bilen atlanyp geldi. Ýehuda doganlaryna: «Geliň biz bir gezek tekbir aýdalyň» diýdi. Hudaýtagala dört müň sap perişde iberdi. Onuň her bir sapynda kyrk müň perişde bardy. Ýehuda doganlary bilen tekbir etdiler, perişdeler ony gaýtaladylar. Ýakup alaýhyssalamyň oglanlary depinip söweşe girdiler. Bular ýerden, perişdeler asmandan gelip söweşdiler. Kapyrlar gorkup Kutruma tarap gaçdylar. Olar yzlaryndan ýetip kapyrlary heläk etdiler. Ymlagyň özünden başga hiç kim diri galmady. Ymlak tagtyna münüp oturdy. Ol: «Men halas boldum» diýdi. Ol şäheriň hemme derwezelerini baglady.

Ýakubyň oglanlary gelip ýetdiler. Olar şäheriň gapylarynyň baglydygyny gördüler. Şemgun: «Hemmämiz jemlenip, arkamyz bilen itip, diwary ýykaly» diýdi. Olar jemlenip diwary itip, ony tebretdiler. Şemgun bir nagra tartdy. Onuň sesiniň ýeten ýerindäki diwarlar ýykyldy. Olar şähere girdiler we patyşany köşkde tagtyň üstünde buldular. Ýehuda: «Eý, melgun! Sen Taňrynyň gudratyny gördüň. Indi sen: «Lä ilähe illallahu, Ýakubu resulullahy» diýip aýt» diýdi. Ymlak üýn

etdi. Şemgun elini uzadyp, onuň sakgalyndan tutdy we tagtdan aşak tartdy. Ony tutup Ýakup alaýhyssalamyň ýanyna getirdiler. Ýakup alaýhyssalam Ymlagy görüp: «Sen «Lä ilähe illallahu, Ýakubu resulullahy» diý» diýdi. Ymlak: «Eý, Ýakup! Men bu gün seniň eliňde ýesirdirin. Sen maňa näme isleseň, şony hem etgin. Maňa senden we seniň taňryňdan özge hiç kim duşman däldir» diýdi. Ýakup alaýhyssalam: «Eý, Ymlak! Sen iman getirseň, Allatagala saňa bu mülküňe iki esse mülk berer. Ol saňa kyýamat güni uçmahdan orun berer» diýdi. Ymlak: «Eý, Ýakup! Sen maňa möhlet ber. Men öýüme baraýyn. Seniň taňryň maňa mülk berýärmi ýa-da bermeýär? Men ony göreýin. Eger ol maňa mülk berse, men iman getireýin» diýdi.

Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Allatagala: «Oňa möhlet ber» diýýär» diýdi. Ýakup alaýhyssalam: «Saňa näçe wagt möhlet gerek?» diýdi. Ymlak: «On ýyl» diýdi. Ýakup alaýhyssalam Ymlagy öz ornunda goýdy. Allatagala bu on ýylyň içinde oňa öňküsinden hem köp mülk berdi. Ol özüne ýigrimi dört müň beg edindi. On ýyl tamam boldy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ýakup! Taňry saňa salam iberdi. Ol saňa Ýehudany Ymlagyň ýanyna ibermeklige we Ymlagy imana ündemeklige perman berdi» diýdi.

Ýakup alaýhyssalam Ýehudany Ymlagyň üstüne iberdi. Ýehuda Kutrum şäherine gelip girdi we Ymlagyň ýanyna gelip: «Eý, melgun! Atamyň saňa beren on ýyl möhleti tamam boldy. Sen Iziniň gudratyny gördüň. Ol saňa täzeden mülk berdi. Indi sen: «Lä ilähe illallahu, Ýakubu resulullahy» diýip imana gel» diýdi. Ymlak: «Eý, Ýehuda! Sen ilçisiň. Patyşalara ilçini öldürmeklik aýypdyr. Bolmasa, men seniň başyňy kesip, jesediňi pilleriň aýagynyň aşagyna taşlardym. Sen baryp ataňa aýt: «Ol aýdan sözlerini gaýdyp alsyn. Ol maňa gyzyny bersin. Eger ol meniň sözümi kabul etmese, söweşe taýýar bolup dursun. Men onuň üstüne agyr leşger tartyp bararyn. Onuň ýaly köp leşger seniň taňryňda hem ýokdur. Onuň taňrysy maňa kär

edip bilmez. Ol wagt men gapyl ekenim. Men seniň jadygöýdigiňi bilmändirin. Seniň jadylygy maňa täsir etmez. Indi men etjek işimi bilip ederin. Men onuň oglanlaryny öldürerin. Onuň ilini-gününi atyň aýagynyň astynda heläk ederin. Men onuň gyzyny güýç bilen alyp gaýdaryn. Onsoň haýsy taňryň onuň elini tutup kömek berjekdigini göreýin» diýdi.

Ýehuda atasynyň ýanyna gaýdyp geldi we Ymlagyň sözlerini oňa beýan edip berdi. Ýakup ýalawaç Hudaýtagala ýalbardy. Derhal Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ýakup! Hudaýtagala saňa salam iberdi. Ol saňa: «Men Halymdyryn. Men howlukmaýaryn. Ýehudany ýene Ymlagyň üstüne ibersin» diýip perman berdi» diýdi.

Ýakup alaýhyssalam Ýehudany Ymlagyň ýanyna iberdi. Ýehuda Ymlagyň ýanyna gelip: «Eý, Ymlak! Sen: «Lä ilähe illallahu, Ýakubu resulullahy» diýip aýt» diýdi. Ymlagyň muňa gahary geldi. Ol leşger ýygnady. Ol ýüz ýigrimi dört müň kişi bilen Kengana tarap atlandy we Kenganyň iki agaçlyk ýakynyna gelip düşledi.

Ymlagyň leşger tartyp gelendigi baradaky habar Ýakup alaýhyssalama ýetdi. Ol Hudaýtagala ýalbardy. Jebraýyl alaýhyssalam geldi we: «Eý, Ýakup! Hudaýtagala saňa salam iberdi. Ol: «Bu gije men seni ol melgundan halas edeýin» diýdi. Gije düşdi. Allatagaladan şemala «Ös» diýip, oda bolsa «Köýdür» diýip perman geldi. Şemal ösüp, ody getirdi. Ot Ymlagy hemme leşgeri bilen köýdürdi. Olardan hiç bir kişi diri galmady. Jebraýyl alaýhyssalam Allatagalanyň permany bilen gelip, Kutrum şäherini ýykan-ýumran etdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ýakup! Allatagala saňa Ymlagyň mal-mülküni, altyn-kümüşini almaklygy buýurýar. Sen onuň başga zatlaryny oda ýakyp köýdür» diýdi. Ýakup alaýhyssalam Allatagalanyň permanyny berjaý etdi. Soňra ol Kengana gelip oturdy.

## *ON ALTYNJY KYSSA*
## ÝUSUP ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol: ***«Eý, atam! Men düýşümde on bir ýyldyzy, güni, aýy maňa sežde eden hallarynda gördüm»*** diýip düýşüni atasyna aýdyp berdi. Ol atasyndan: ***«Eý, oglum! Sen bu düýşüňi doganlaryňa aýdyp berme. Olar saňa al-hile ederler»*** diýen nesihaty eşitdi. Ol doganlarynyň jepasyna ilinip, guýa atyldy, soňra guýydan çykarylyp, on sekiz bedel ýarma satyldy. Ol Müsür patyşasyna: ***«Meni ýurduň hazynalaryna höküm ediji belle. Çünki men olary ýagşy saklaýjydyryn, ýurduň ýagdaýyny ýagşy bilijidirin»*** diýip aýtdy. Ol Müsüriň aýallarynyň sütemine duçar bolup: ***«Eý, Taňrym! Bu aýallaryň maňa ündeýän zadyny edenden zyndanda ýatanym ýagşydyr»*** diýip, zyndana girenini gowy gördi. Ol ömrüniň ahyrynda: ***«Eý, Taňrym! Sen meniň janymy musulman halymda al we meni ýagşy bendeleriň hataryna goş»*** diýdi.

Çün on iki erdi Ýakup sawçynyň balalary,
Görse onuň bir dek erdi boýlary, balalary.

On birinji Ýusup erdi, suraty ýawlak bediz,
Lagl içinde gül çirer, köp luw-luwy, läleleri.

Görk, gylyk, zynat, melahat, hem nubuwwat, hem kerem,
Baş azakga tegru jümle Möwlanyň alalary.

Ata söwgen, atasyna düýş görüp ýordurgujy,
Ne hasat kyldy, gör, oňa ol öweý agalary.

Ol Misr mülki içinde mälikler hatynlaryn,
Gul kylan ol kamugyny zülpüniň läleleri.

Gul satyldy il içinde, gaýra aldy gul kylyp,
Weli boldy Misr içinde, boldular möwlalary.

Rowaýat edilşine görä, Ýakup alaýhyssalamyň dileginiň Taňrynyň dergähinde kabul bolmagy bilen ol on ogluň atasy boldy. Allatagala Ýusuby bularyň arasynda hemmesinden mumtazrak etdi.

Biziň Taňrymyz gadymy kitap bolan keramatly Gurhanyň içinde şeýle habar berýär. Aýat: ***«Eý, Muhammet! Biz saňa kyssalaryň iň gözelini aýdyp bereli»***. Rowaýat edilişine görä, Hudaýtagala: «Bu gözel kyssa gysga bolmasyn» diýipdir. Çünki bu kyssada peýdaly öwüt-nesihatlaryň köp bolmagy sebäpli, ony uzyn edip aýtmak maksada laýykdyr.

*Sowal*: Bu kyssa «Ahsan» diýilmeginiň sebäbi nämedir?

*Jogap*. Gurhanyň içindäki hemme kyssalardan we rowaýatlardan peýdasy köpräk Ýusup alaýhyssalamyň kyssasydyr. Bu nukdaýnazardan ol «Ahsanal-kysas» diýlip atlandyryldy.

*Ikinji jogap*. Bu kyssanyň wakalarynyň başyndan ahyryna çenli, käbir alymlaryň sözüne görä kyrk ýyl, başga bir alymlaryň aýtmagyna görä, segsen ýyl geçdi. Onuň üçin ol «kyssalaryň iň gözelidir».

*Üçüji jogap*. Beýleki kyssalar Gurhanyň içinde dürli ýerlerdäki aýatlarda getirilýär. Emma Ýusup alaýhyssalamyň

kyssasy, tä, tükenýänçä bir sürede gelýär. Onuň üçin Allatagala oňa «Kyssalaryň iň gözeli» diýdi.

*Dördünji jogap*. Beýleki kyssalar ýat adamlaryň arasynda bolup geçýän wakalary beýan edýär. Emma Ýusup alaýhyssalamyň kyssasynda ata-ene bilen oglanlarynyň arasynda bolup geçýän wakalaryň beýany berilýär.

*Bäşinji jogap*. Bu kyssada üç hal bar. Rahatlykda, emgekde we Taňrynyň tagatynda halaýygyň arasynda ýagşy amal etmek. Onda giňlikde we darlykda eliňi açyk tutmaklyk ündewi bar.

*Altynjy jogap*. Ýusup alaýhyssalamyň doganlary bilen gowy gatnaşykda bolandygy we olara ýagşylyk edendigi, doganlarynyň özüne beren jepalaryna sabyrly bolandygy üçin «Kyssalaryň iň gözeli» diýildi.

*Ýedinji jogap*. Bu kyssanyň başy hem, ortasy hem, ahyry hem düýş görmek bilen baglanyşyklydyr. Onuň üçin Hudaýtagala muňa: «Kyssalaryň iň gözeli» diýdi.

*Sekizinji jogap*. Bu kyssa yşk bilen tamam boldy. Ol owalyndan ahyryna çenli aşyk we magşugyň arasyndaky wakalaryň beýanydyr. Onuň üçin Hudaýtagala oňa «Kyssalaryň iň gözeli» diýdi.

*Dokuzynjy jogap*. Muhammet alaýhyssalam: «Kim on dürli bela ulaşsa şu on süräni okasyn. Kim menden nawsibaslyk gitsin diýse, ol «Alhamd» süresini okasyn. Kim Ogrulardan gutulaýyn diýse, ol «Bakara» süresini okasyn. Kim garyplykdan gutulaýyn diýse, ol «Äli Ymran» süresini okasyn. Kim gaýgy-gam köňlümden çyksyn diýse, ol «Engam» süresini okasyn. Kim nifak köňlümden çyksyn diýse, «Enfal» süresini okasyn. Kim meniň gaharym öçüşsün diýse, ol «Asr» süresini okasyn. Kim gaýgy maňa haram bolsun diýse, ol «Elem Neşreh» süresini okasyn. Kim küpürlik we şirk menden gitsin diýse, ol «Yhlas» süresini okasyn. Kim jadylykdan aman bolmagy islese ol «Mauzeteýni» okasyn. Kim bu on dürli

gaýgy menden gitsin diýse, ol «Ýusup» süresini okasyn. Çünki bu belalaryň hemmesi ol sürede bardyr» diýipdir.

*Aýdypdyrlar:* Ýakup pygamberiň alty aýaly bardy. Onuň her aýalyndan iki ogul dogdy. Ulwy älemde on iki burç bardyr. Aýat: ***«Asmanda burçlary peýda eden Taňry bereket eýesidir».*** Aýat: ***«Burçlary bar bolan asman bilen ant içýärin».*** Ol burçlar şulardyr: Guzy (Hamal)[16], Öküz (Söwr), Arandand (Ekizler, jöwza), Goçyk (Leňňeç, Seratan), Kör arslan (Eset), Bugdaý başy (Sünbüle), Ülker, Içýan (Akrap), Ýaý (Kawus), Owlak (Jedi), Kinek (Gowa), Bedre (Delw), Balyk (Hut). Aýat: ***«Men gije görünip, gündiz ýaşýan ýyldyzlar we asmanda gezýän, emma görünmeýän ýyldyzlar bilen kasam edýärin».*** Ol ýyldyzlar haýsy ýyldyzlar diýip senden sorasalar: «Olar Sakandir (Zühal, Saturn, Ömrizaýa), Öngeý (Müşteri, Ýupiter, Kerwengyran), Kurud (Mars, Myrryh), Ýaşyk (Gün), Sakyt (Zöhre, Wenera), Arzu (Utarut, Merkuriý), Ýalçyk (Aý). Bu ýyldyzlar bir ýerde karar tapman ýöreýärler.

## Beýt

On iki ükak, ýedi akran gykyk,
Iň ilki Guzy, Üý, Arandand, garçyk.

Kör Arslanma Bugdaý başy Ülker era,
Içýan hem Ýaý, Owlak, Künek hem Balyk.

Ýene edi  ýyldyz bularda ýöreýär,
Sakandir, Öngeý, ol Kurud hem Ýaşyk,

Sakyt, Arzu, Ýalçyk ýagy dek bolar.
Töküşdan ösenme, geziban Ýaryk.

Bu on iki burçlarda bu ýedi ýyldyzlar dogar. Ýene älemi saflide (pesdäki älemde, şu dünýäde) ýedi burçdan on iki ýyldyz dogdy. Olar haýsylar diýseň, men aýdyp bereýin: Ýakup pygamber, Şawşa, Zagura, Sünbüle, Kamar, Habiba, Rahil. Ýakup alaýhyssalam alty aýaly bilen ýedidir. On iki ýyldyz haýsylar diýseň, ony hem sanaýyn. Rawil, Lawy, Şemgun, Ýehuda, Jada, Don, Ýagsar, Ýastahyr, Zabatuk, Kazir, Ýusup, Ibn Ýemin. Bular Ýakup alaýhyssalamyň oglanlarydyr.

Ýusup alaýhyssalam on birinji oguldy. Allatagala oňa on zady keramat etdi. Görk, hoş gylyklylyk, geçirimlilik, pygamberlik, düýş ýorgudy, gönisözlülik, şejagat, päklik, patyşalyk, tagwil suhuf.

**Rowaýat.** Müsür halky ýedi ýyllyk gahatlyk belasyny başdan geçirdi. Adamlar malyny, mülküni, esbaplaryny, guluny, köňlüni Ýusuba satyp aşlyk (däne) aldylar. Ahyry ambarda aşlyk galmady. Gahatlygyň tamam bolmagyna dört aý galdy. Ýusup alaýhyssalam ýüzünden nykabyny göterdi. Ol adamlara ýüzüni görkezdi. Ýusubyň jemalyny görmek bilen olar dört aý tagam iýmediler. Olar Ýusubyň görki bilen gün geçirdiler.

*Habarda şeýle gürrüň getirilipdir. Muhammet alaýhyssalam aýdypdyr:* «Magraç gijesinde Taňrydan maňa owaz geldi: «Eý, Muhammet! Uçmahdaky hüýrleriň görküni dünýäde iki kişä berdim. Onuň biri seniň eneň Howadyr, ikinjisi Ýusup Syddykdyr».

*Şeýle hem aýdypdyrlar:* Allatagala görki müň ülüş etdi. Onuň dokuz ýüz togsan dokuzyny Ýusuba berdi. Bir ülüşini bolsa galan adamlara berdi. Haçan Ýusup öýden çyksa, Aýyň, Günüň nury galmazdy. Onsoň hemme adamlar: «Ýusup çykdy» diýip bilerdiler. Kim Ýusubyň ýüzüne baksa, onda aýnada ýaly özüni görerdi. Ýusup «Günüň nuruny gidirýär» diýip ýüzüne nykap tutardy. Ol tagam iýse, bokurdagyndan

ötýänçä görünip durardy. Onuň nurundan garaňky gije ýagty bolardy. Bir kişi onuň ýüzüne baksa, onuň hiç takaty-sabry galmazdy. Onuň iki çekgesinde kyrk örüm saçy bardy. Onuň ýigrimisi sag tarapynda, ýigrimisi bolsa çep tarapyndady. Saçlaryndan müşki-anbaryň ysy bark urardy. Onuň görküni näçe wasp edeniň bilen tarypyny aýdyp soňuna çykyp bolmaz.

*Başga bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Hudaýtagala dünýäde bäş sany zady on bölege bölüp, onuň dokuz bölegini bir kişä beripdir. Birinji, utanç-haýany on bölek edip, onuň dokuz bölegini erkeklere, bir bölegini aýallara beripdir. Ikinji, akyly on bölek edip, onuň dokuzysyny erkeklere, birini aýallara beripdir. Üçünji, hoş owazlylygy on bölege bölüp, onuň dokuz bölegini Dawut alaýhyssalama berdi, birini galan adamlara berdi. Dördünji, hoşgylyklygy on bölek edip, onuň dokuzyny Muhammet alaýhyssalama, birini beýleki adamlara berdi. Bäşinji, görk-görmegi we mylaýymlylygy ýüz bölege bölüp, onuň togsan dokuzyny hezreti How enemize berdi, galan birini on bölege bölüp, onuň dokuzyny Ýusup alaýhyssalama, bir bölegini bolsa hemme adamlara berdi.

Ýusup we Ibn Ýemin Rahilden doguldylar. Ýusup kiçi wagtynda Rahil öldi. Ýakup alaýhyssalam: «Ýusup bilen Ibn Ýemin kiçiligine enesiz galdylar» diýip, bu ikisine köp mähribanlyk ederdi. Emma ol Ýusuby has gowy görerdi. Ol Ýusupsyz ýöremezdi.

**Rowaýat.** Hudaýtagala Ýakup alaýhyssalamyň öýlerinde bir top daragt ösdürdi. Onuň hiç şahasy we pudagy ýokdy. Onuň aýallary oglan dogsa bu daragtda bir şaha peýda bolardy. Ol oglan bu şaha bilen deň öserdi, deň ulalardy. Ol şahany kesip ol oglana hasa edip bererdiler. Ýusup alaýhyssalam doglanda bu daragtda bir şaha peýda boldy. Olar deň ulaldylar. Ony kesip Ýusup alaýhyssalama hasa edip berdiler. Ol bu hasany nirä barsa özi bilen hemra edip ýörerdi. Ol wagtda olar Ýusup alaýhyssalama çaksyz mähribandylar. Ony her bir ýere

äkidip, oýnadyp gelerdiler. Olar Ýusupsyz ýöremezdiler. Ol ýedi ýaşanda bir düýş gördi. Göýä ol agalary bilen sähra çykypdyr. Olaryň her biri taýaklaryny bir ýere sançdylar. Onuň agalarynyň taýaklary gögerdi, emma ýokary galmady. Ýusup alaýhyssalamyň taýagy asmana çenli ösüp galdy. Onyň taýagy agalarynyň taýaklaryna kölege berdi we bihasap miwe berdi. Onuň miwesini yrgyldadyp düşürdiler. Hemmesi ondan iýdiler we doýdular. Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, agalarynyň taýaklary Ýusup alaýhyssalamyň taýagyna sežde etdiler. Ýusup alaýhyssalam bu düýşüni agalaryna aýdyp berdi. Agalary: «Rahiliň ogly atamyza gowy görünjek bolýar» diýip aýtdylar. Bu düýş olaryň köňüllerine ýakmady.

Ikinji gije Ýusup alaýhyssalam ýene düýş gördi. Ol gorkup oýandy. Ol atasyna: «Men göýä bir uly şäherdemişim. Ol ýerde men bir uly tagtyň üstünde oturypdyryn. Başymda altyn täç, bilimde bezelen kemer, golumda döwlet hasasy bar. Halk meniň hyzmatymda dur. Men bu zatlara haýran bolup durdum. Şol wagt on bir ýyldyz, Gün, Aý gelip maňa sežde etdiler» diýip, düýşüni aýtdy.

*Aýdypdyrlar:* Bostan atly jöhit Muhammet alaýhyssalamdan: «Ýusuba sežde eden on bir ýyldyzyň atlary näme?» diýip sorady. Pygamber alaýhyssalam: «Men ol ýyldyzlaryň atlaryny aýdyp bersem, sen iman getirermisiň?» diýdi. Jöhit: «Aýtsaň iman getireýin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ol ýyldyzlaryň ady şeýledir: Içýan, Taryk, Kaýys, Handuh, Faýlak, Musabbih, Wassap, Raýýal, bir rowaýatda Zaýal, Zulumadan, Zulfarag, Zulkitfan. Bu on bir ýyldyz. Aý bilen Gün Gögüň eteginde sežde etdiler» diýdi. Jöhit: «Hudaý kessin! Men Töwratyň içinde hem şeýle okadym» diýdi we iman getirdi.

Bir rowaýatda aýdylyşyna görä, Ýusup alaýhyssalama sežde eden ýyldyzlar şulardyr: Utarut, Müşteri, Myrryh, Zühal, Zöhre, Şems, Kamar, Mizan, Jedi, Delw, Söwr, Jöwza.

Atasy: ***«Eý, oglum! Sen bu düýşüňi doganlaryňa aýtma. Olar saňa al-hile ederler. Çünki şeýtan ynsan üçin anyk duşmandyr»*** diýdi.

Bu sözi Rubiliň enesi Kamar eşitdi. Ol baryp eşiden zatlaryny Rubile aýtdy. Rubil bolsa ony doganlaryna sözledi. Olarda bu sözi eşidenlerinde göripçilik duýgusy oýandy. Olar: «Biz Rahiliň ogluça dälmi? Atamyz ony bizden gowy görýär. Ol ony bizden artyk tutýar. Ol özüni mundan hem has gowy gördürmek üçin: «Düýş gördüm» diýip, ýalan sözleýär. Biz gije-gündiz meýdanda ýylky-gara, goýun-guzy bilen emgenip ýörýäris. Aýat: ***«Olar;: «Ýusup we onuň dogany biziň atamyza bizden gowy görünýär. Biz bolsa iş bitiriji köpçülikdiris. Biziň atamyz görnetin ýalňyşdadyr»*** diyip aýtdylar.

Ýusup alaýhyssalam ýene bir gije düýş gördi. Ol hemme agalary bilen bir depä çykyp, olaryň her biri bir guýy gazdylar. Ýusubyň gazan guýysyndan suw çykdy. Agalarynyň gazan guýylaryndan bolsa suw çykmady.

Ýusup alaýhyssalam soňra ýene bir gije düýş gördi. Ol hemme agalary bilen odun ýygmaga çykdy. Agalarynyň ýygan odunlary gara boldy, Ýusubyň ýygan oduny ak boldy. Ýusup ýygan odunyny tereziniň bir jamyna, agalarynyň barysy bolsa ýygan odunlaryny tereziniň beýleki bir jamyna saldylar. Ýusubyň oduny bularyň odunlaryndan agyr geldi. Ýusup alaýhyssalam bu düýşlerini atasyna beýan etdi. Atasy: «Eý, oglum! Sen ýagşy düýşleri görüpsiň. Sen olary agalaryňa aýtma. Olar saňa ýamanlyk ederler» diýdi. Bu sözi Rubiliň enesi eşitdi. Ol baryp ony Rubile aýtdy. Rubil hem ony beýleki doganlaryna aýtdy. Doganlaryň hemmesi üýşüp geňeş edip: «Rahiliň ogly atamyza ýagşy görünjek bolup, oňa ýalan düýşleri aýdýar» diýişip göriplik etdiler. Emma muňa näme alaç etjekdiklerini bilmeýärdiler. Olar duşmanlyk gylyjyny gynyndan çykaryp, doganlyk nahalyny kesmegiň çäresini gözleýärdiler.

Bir gün agalary Ýusupdan: «Sen nähili düýş gördüň?» diýip soradylar. Ýusup olara hiç jogap bermedi. Olar bu ýerden Ýakup alaýhyssalamyň Ýusuba: «Düýşüňi agalaryňa aýtma» diýen sözüniň çyndygyny bildiler. Olar bir-birine: «Atamyz haýsy bir zat ýagşy bolsa, ony bize bermän, Ýusuba berýär. Ol babamyz Yshagyň köýnegini oňa berdi. Hezreti Ybraýym Halylallanyň sellesini onuň başyna orady. Ol sährada hyrs, doňuz we böri bilen tutluşyp, mallary bakmagy bize buýurýar. Öýde oturmagyň hezilini bolsa Ýusup görýär» diýip aýtdylar. Elgaraz, olar şeýle reşk etdiler.

**Rowaýat.** Ýakup alaýhyssalamyň her oglunyň bir häsiýeti bardy. Olaryň häsiýetleri özge kişilerde ýokdy. Biriniň owazyny eşiden kişi gorkup bihuş bolardy. Biri ýaýyna daş salyp atardy. Biriniň gahary gelse, tüýleri dikelip, lybaslaryny deşip daşyna çykardy. Biri şemşiri bilen daşy iki ýarardy. Biri şemşirini daşa ursa, ol bölek-bölek bolardy. Ýusup alaýhyssalam bolsa örän çyraýlykdy. Ol gündüzine Güne ýüzbe-ýüz bolsa, ondan galaba kylardy.

Bir gün şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) bir merdi-kelan keşbine girip, gelip, Ýusup alaýhyssalamyň agalaryň ýanyna geldi. Aýat: ***«Siz Ýusuby öldüriň, ýa-da ony uzak bir ýere iberiň»*** diýip aýtdy. Agalary biri-birine: «Eger biz ony öldürsek, Hudaýtagala bizden bizar bolar. Eger biz: «Ony uzak bir ýere ibereli» diýsek, atamyz Ýusuby bize goşmaz» diýdiler. Şeýtan: «Häzir gyş, howa bolsa sowuk. Şonuň üçin bu wagt siziň şu maslahatyňyz göwne jaý däl. Siz birnäçe wagt sabyr ediň. Bir iş bilen Ýusuby özüňize ram kylyň. Ýaz gelsin, güller açylsyn, bilbiller saýrasyn, goýunlar guzlasyn, düýeler botlasyn. Siziň her biriňiz Ýusuby ýagşy söz bilen aldawa salyň. Şol wagt siz ony: «Biz sähra barýarys» diýip aldaň. Şonda ol size ergeşip ýyglamaga durar. Ondan soň ataňyz alaçsyz bolup, ony size goşup iberer. Şeýdip siz ony sähra alyp çykararsyňyz. Ondan soň iş etmek size asan bolar. Aýat: ***«Siz bu işi***

***edeniňizden soň toba ediň, onsoň ýagşy adamlardan bolarsyňyz»*** diýdi. Doganlar: «Şu maslahat ýagşy» diýşip bu işi etmeklige birnäçe wagt sabyrly boldular.

Wagt geçip, ýaz geldi. Çiçekler açyldy, bilbiller saýrady. Bir gün doganlar tapyşyp, atalarynyň ýanyna girdiler we: «Eý, ata! Ýaz güni geldi. Bu gün Gün atly soltan Hut atly gyşlakdan göçüp Hamal atly ýaýlaga düşdi. Adyz gök ýyglaýar, ýagyr ýer gülýär. Ýer ýüzündäki ösümlikler gunça köňüllere bahar ysyny ýetirip, gül ýaly bolup ýylgyrýarlar. Bilbiller saýraşyp, ýüz müň dürli nagma kakýarlar. Älem-jahan ýaşyl donuny geýdi. Eý, ata! Bu gün sähranyň howasy çäksiz göwün açyjydyr. Bu gün sährany gezmegiň wagty geldi. Siz Ýusuby bize goşup iberseňiz. Biz ony sähra alyp çyksak, onuň bahar howasynda goýun-guzulary görüp göwni açylyp şatlansyn» diýdiler.

Ussat Nasyreddin Rabguzynyň baharyň hoş howasyna bagyşlap ýazan beýtleri şudur:

Elwan güller açyldy täzeden özi,
Guşlar saýrady, geldi bahary-ýazy.

Öli ýer direlip, ýaşyl begres geýindi,
Budur bil Taňrynyň rehmetiniň yzy.

* * *

Gün hamalga girdi, erse geldi älem Nowruzy,
Geçdi bahman zamharyr gyş galmady gary-buzy.

Gün gelip müň görki artyp, tiriler ölmiş jahan,
Taň bedizläp nagşy birle bezener bu ýer ýüzi.

Taň atarda esneýur dört böleňden şemal saba,
Kin tüzer, kindik ýypar yzlanar ýaban ýazlar.

Ýarlygy ýepgün – bagyrdan, abugy ýaşyl-gyzyl,
Arasy pudak, ýapyrgak tal çiçekler düp-düzi.

Orlasa bulutlary, gül çyrar bagy-bossan,
Tal ýygaçlar ýeň salyşar, oýnaýur dek koý-guzy.

Kirşeni gar kany eňlik baksa daglar suraty,
Tonlugy taňsuk ýypardan Rum-Hytaý atlas-çuzy.

Läle sagragyn içerde saýrar ösüp sandawuç,
Durna üýn tartyp, öterde sakraşur baklan guzy.

Gökde oýnar, gol salyşar kugu-gaz, gil-gargulaç,
Ýerde ýüwrüp jübt alyşur as, tiýiň, gyş, gündizi.

Tal agaçlar münberinde toty guş mejlis tutar,
Gumry, bilbil mukry bolup, üýn düzer tün-gündizi.

Bu ýagyz ýer, gök meňizlik ýaşnaýur, meýdan bolup,
Agruşym aý dek çeçekler degresinde ýyldyzy.

Huýry aýn uçmah içinde ýaň salyp, tahsyn kylar,
Ýaz üze mundag gazal aýmyşda Nasyr Rabguzy.

Doganlary: «Eý, ata! Munuň ýaly sapaly günde säher bilen älem-jahana nur ýaýylan çagy Ýusuby biziň bilen iber. Goý ýaban ýazyny görsün. Onuň baklan guzulara gözi düşüp, gaýgy-gamy gitsin, baharyň sergin howasynda gamgyn köňli açylsyn» diýdiler. Aýat: ***«Ony ertir biziň bilen (sähra) iber. Goý, ol göwnüni açsyn we oýnasyn».*** Ýakup alaýhyssalam: «Eý, perzentlerim! Siz balygyň suwsuz ýaşap bilmeýşi ýaly meniň hem Ýusupsyz oňup bilmeýändigimi bilýärsiňiz. Men

ony siz bilen ibersem gözüm ýolda galyp, onsuz bir sagat hem oňup bilmerin» diýdi.

Olar: ***«Eý, atam! Sen bize ynanmaýarsyňmy? Sen Ýusuba ata bolsaň, biz oňa dogandyrys. Sen ony söýýän bolsaň, biz on dogan bolup, ol guş bolup uçjak bolsa hem biz ony uçurmarys. Sen näme üçin ony biz bilen ibermeýärsiň? Biz oňa ýagşylyk isleýäris»*** diýdiler. Ýakup alaýhyssalam Ýusuby agalary bilen ibermegi rowa görmedi. Aýat: ***«Ol: «Siziň ony alyp gitmegiňiz meni gaýga batyrar. Siz Ýusuby bir ýere goýup, özüňiz awa meşgul bolarsyňyz we Ýusuby böri iýer. Siz hem Ýusupdan bihabar bolarsyňyz diýip gorkýaryn»*** diýdi.

*Sowal:* Ýakup pygamber näme delil bilen ogullaryna: «Siz awa meşgul bolarsyňyz we Ýusuby böri iýer» diýdi?

*Jogap:* Muhammet alaýhyssalam: «Hudaýtagala Ýakup pygamberi Ýusubyň aýralygy bilen ýyglatmak isledi. Ol Ýakup alaýhyssalamyň köňlüne howsala saldy. Ol kyrk gije-gündiz ýatmady, donuny çykarmady, tagat etmekden dynmady. Kyrk gije-gündizden soň onuň ukusy üstün geldi we ol uklady. Ol düýş gördi. Düýşünde Ýakup alaýhyssalamyň özi dagyň başynda, Ýusup goluň içinde otyrdy. On sany böri gelip Ýusubyň daşyny gabadylar. Olar Ýusuby heläk etjek bolup haýbat atdylar. Ýakup alaýhyssalam dagyň depesinden bulara bakyp durdy. Börüleriň içinden biri aýrylyp Ýusuby beýleki börülerden gorady we olary kowdy. Ýusup börülerden halas boldy. Emma birden ýer ýaryldy, Ýusup ýere girip, gaýyp boldy. Ol üç günden soň ýene ýerden çykdy. Ýakup alaýhyssalam bu düýşden gorkup oýandy. Onuň: «Men Ýusuby möjek iýer diýip gorkýaryn» diýmegi şu sebäpdendi» diýip aýdypdyr.

Agalary atalarynyň Ýusuby özlerine goşup ibermejekdigini anyk bildiler. Şonuň üçin olar Ýusubyň ýanyna geldiler we Ýusuba gep berdiler. Olar onuň köňlüni al-hileli hoş sözler

bilen awladylar. Ýusup alaýhyssalam atasynyň ýanyna gelip, ýyglap: «Eý, ata! Meniň köňlüm agalarym bilen sähra gitmekligi isleýär. Siz meni olara goşup iberseňiz, goýun-guzulary görüp meniň göwnüm açylar» diýdi. Ýakup alaýhyssalam: «Eý, meniň perzendim! Eý, meniň botam! Sen meniň gözümiň röwşeni, köňlümiň hoşlugy, dyzymyň kuwwaty! Men indi garradym. Men sensiz niçik sabyr-takat ederin?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam köp bitakat bolup: «Seniň meni gaty gowy görýändigiňi bilýärin. Kim gowy görýäniniň göwün islegiçe ýörese, şol gowy görmekligiň alamatydyr. Meniň islegim bolsa, agalarym bilen sähra gezelenje çykmakdyr» diýdi. Ýakup alaýhyssalam bu sözlerden soň rugsat bermezligiň ugruny tapman: «Eý, meniň ýüzi görkli Ýusubym! Men Oganyň hökmüne razylyk berdim. Men seni ertir doganlaryň bilen ibereýin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Yşku-muhabbetiň iki sany alamaty bardyr. Onuň biri gijelerine uklamazlykdyr, beýlekisi bolsa gündiz bikarar bolmaklykdyr. Ýakup alaýhyssalam Ýusuba: «Eý, balam! Men bu gije seni goýnuma sokup, bagryma gysaýyn. Men seniň görkli ýüzüňi görüp doýaýyn» diýdi.

Ertesi agalary geldiler. Olar Ýusuby atalaryndan goldular. Ýakup alaýhyssalam: «Eý, ogullarym! Siz meni Ýusupsyz goýmaň. Siz Ýusuba ýagşy bakyň. Eger ol aç bolsa, oňa aş beriň, suwsasa suw beriň, ýadasa ony egniňize alyň. Eý, meniň jigergüwşelerim! Men Ýusuby Hudaýa tabşyrdym. Siz ony özüňizden uzaklaşdyrmaň, ony börä-tilkä aldyrmaň. Siz oňa biperwaýlyk etmäň» diýdi. Ýusubyň agalary: «Eý, ata! Bu nesihatlary ýat kişilere diýseňiz ýagşy bolar. Bize munça nesihat hökman däl. Biz Ýusubyň doganlary bolup, ony nähili aç-suwsuz goýarys?» diýdiler.

Ýakup alaýhyssalam ýyglap, Ýusubyň başyny ýuwdy, saçyny darady, oňa ýagşy lybaslar geýdirip, agalarynyň ýanyna goşdy. Ol: «Eý, Taňrym! Men Ýusubymy saňa tabşyrdym. Sen

ony maňa ýandyr! Meni onuň aýralygynyň oduna ýandyrma» diýdi.

Doganlary Ýusuby alyp, ýola düşüp gitdiler. Ýakup alaýhyssalam bir depä çykyp, bularyň yzyndan garap oturdy. Doganlary Ýakup alaýhyssalamyň gözüniň öňünde Ýusuby ilki Rubil egnine alyp göterdi, ondan soň Lawy aldy. Agalary ony elden-ele geçirdiler. Ýakup alaýhyssalam ol depäniň üstüňde botasy galan inen düýe ýaly eňräp galdy. Olaryň garasy Ýakup alaýhyssalamyň gözlerinden gaýyp bolup, görünmän galdy. Ýakup alaýhyssalam gaty üýn bilen ýyglap, öýüne ýandy.

Agalary atalarynyň gözlerinden aýrylandan soň, Ýusuby ýere çalyp ugradylar. Olar: «Eý, Rahiliň ogly! Sen ýalan düýşüň bilen atamyza sizden ýagşy görünerin diýýärdiň. Ýene sen biziň boýnumyza münermiň? Sen aýakýalaňaç ýöre» diýip, ony gyzgyn çägäniň üstünde aýak ýalaňaç kowaladylar. Ýusup ýadady. Ol her doganynyň ýüzüne bakyp: «Bularyň biri maňa rehim etmezmikä?» diýip, telmiräp başlady. Olaryň hiç biriniň oňa rehimi gelmedi. Ýusup alaýhyssalam gaty suwsady, onuň ýüwürmäge ýagdaýy çatmady. Ol ýalbaryp: «Eý, agalarym! Men örän ajykdym, suwsadym, siz maňa tagam-suw beriň» diýdi. Her dogany ony ara alyp bir urdylar we: «Sen baryp tagam-suwy ol ýalan düýşüňden dile. Ol saňa aş-suw bersin» diýdiler.

Şol wagt Rubil turup ony süýräp, gabat gelen daşlara urundyryp alyp ugrady. Onuň mübärek bedenleri para-para boldy, ýüzi gana, topraga bulaşdy. Şol mahal bir janawar peýda boldy. Ol: «Eý, Ýakubyň perzentleri! Siz ataňyzyň nesihatyny peramuş kyldyňyz. Siz Hudaýtagaladan gorkmaýarsyňyz, mahlukdan uýalmaýarsyňyz» diýip, gözden gaýyp boldy. Doganlary Ýusuby ol depeden alyp gidip, başga bir ýere eltip öldürmäge meýil etdiler. Olar bu ýerde: «Biz muny nähili öldüreli» diýip geňeşdiler. Olaryň biri: «Biz muny daş bilen uralyň» diýse, ýene biri: «Biz muny teriň çukur gazyp gömeli.

Goý, ol şol ýerde ölsün» diýdi. Şemgun pyçak çykardy. Ol pyçagy Ýusubyň bokurdagyna saljak bolanda, ýer titräp, ondan: «Eý, Ýakubyň perzentleri! Siz Ýusuba azar bermäň. Eger siz meniň sözüme ynanmasaňyz, diýenimi etmeseňiz, siziň hemmäňizi ýuwdaryn» diýen owaz geldi. Olar Ýusup alaýhyssalamy bu ýerden hem alyp, üç agaçlyk ýere çenli kowaladylar. Ýusup alaýhyssalam olardan ýene suw we tagam diledi. Olar muňa hiç zat bermediler.

Bir şir gelip: «Eý, Ýakubyň perzentleri! Siz Ýusuba beýle jepa etmäň. Mahlukdan uýalyň. Siziň ataňyz garrydyr. Ony Ýusubyň aýralygynda köýdürmäň» diýdi. Olar bu söze hem gulak gabartmadylar, gazap bilen Ýusuby öldürmäge maýyl boldular. Ýusup alaýhyssalam olaryň özüni öldürjekdiklerini bildi. Olardan gaçdy. Onuň uly dogany Rubil yzyndan bardy. Ol Rubiliň aýagyna ýykyldy we ýyglap: «Eý, dogan! Sen bularyň meni öldürjek bolýandyklaryny görmeýärmisiň? Eý, uly agam! Maňa rehim etmeseň hem, meniň garry atama rehimiňiz gelsin. Siz onuň bagryny köýdürmäň. Sen bu gün maňa atamyň ornuna atasyň. Sen maňa geçirimlilik et. Sen meni bulardan halas et!» diýdi we ol Rubile: «Eý, Ýehuda! Sen maňa hemme doganlarymdan bagyrsakdyň. Sen maňa rehim et!» diýip ýalbardy. Ýusup alaýhyssalamyň ýaňagyndan nar dek we derýanyň suwy dek göz ýaşy akdy. Ol soňra Ýehuda ýalbardy. Ýehudanyň doganlyk mähri oýanyp: «Eý, dogan! Sen maňa ýakyn gelme. Men saňa hemaýat etsem, bular meni hem öldürerler» diýdi. Doganlaryň hemmesi jemlenişip, Ýehudanyň ýanyna geldiler. Ýehuda olara: «Eý, doganlarym! Geliň, biz atamyzyň hakyny ödäliň. Biz uly günde Taňra näme jogap aýdarys? Siz Ýusuba beýle jepa görkezmäň» diýdi. Doganlar Ýehuda gaty sözleri aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam ýalbaryp: «Eý, doganlarym! Atam meni size tabşyrmadymy? Atama beren sözüňiziň hakyna siz maňa rehim etseňiz, ýagşy bolardy» diýdi. Ýehuda: «Eý, Ýusup! Sen bu işde sabyrly bol!

Saňa Hudaýtagala nejaty berer» diýdi. Ýusup alaýhyssalam ahyrynda umytdan düşüp güldi. Ýehuda: «Seniň janyň tumşugyňa gelip dur. Onsoň sen näme üçin gülýärsiň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Bir gün men atamyň gujagynda, siz bolsa onuň daşynda otyrdyňyz. Şol wagt meniň hatyrymdan: «Meniň başyma bir iş düşse ýa-da bir kişi maňa zulum etse, bu agalarymyň barlygynda meniň näme aladam bar, kim maňa duşmançylyk edip biler?» diýen söz ötdi. Hudaýtagala ol sözümiň hatyrasyna sizi maňa sütemkär etdi. Siziň hiç biriňiz maňa rehim-şepagat etmediňiz. Bu ýagdaý meniň siz barada ýalňyş pikir edendigimiň netijesidir» diýdi. Bu sözleri eşidip Ýehudanyň bagry eredi we ol: «Eý, Ýusup! Men bulara seni öldürmäge goýmaryn. Sen birden atamyň ýanyna barsaň, oňa meni ýüzi gara etme» diýdi. Ol Şemgun bilen Rubili gyra çekip: «Munuň gözi garap dur. Muny nähili öldürip bolar? Biz kyýamatda näme jogap bereris? Pygamberzadany öldürmek uly günädir» diýdi. Şemgun gaharlanyp: «Eger siz ony öldürmejek bolsaňyz, oňa başga bir iş ediň» diýdi. Rubil: «Eý, Ýehuda! Sen biziň ähdimizi syndyrýarmysyň? Sen atamyzyň ýanynda gadyrly boljak bolýarmysyň? Biz seniň sözüňe gitmeris. Biz Ýusuby öldürmän goýmarys» diýdi. Ýehuda: «Biz muny öldürenimiz bilen bu dünýä giňejekmi?» diýdi. Şemgun: «Beýle bolsa, munuň gol-aýagyny baglaly. Sam ibn Nuhuň gazdyran bir guýusy bar. Ony şoňa taşlaly» diýdi. Ony süýräp guýynyň başyna alyp geldiler. Ýusup alaýhyssalam köp ýyglap ýalbardy. Hiç bir agasy oňa rehim etmedi.

*Sowal*: Ýusuby öldürmeklik iki ýagdaýdan boş däldir. Ýa-ha Yshagy halal görmek, ýa-da onuň ganyny halal görmek bilen bolar. Olar bu iki ýagdaýdan uzakdadylar. Çünki olar pygamberleriň urugyndandy. Olar näme üçin gan dökmeklige ugradylar?

*Jogap:* Olar bu ygtykat – ynanç bilen gan dökmekligi halal görmediler. Eger: «Olar muny halal gördi» diýsek, bu söz küpürlik bolar. Pygamberler küpürlikden magsymdyrlar.

*Ýene bir jogap*: Ymam Abylhasan Şapygy (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) «Usmatul-enbiýa» atly kitabynda şeýle gürrüň getiripdir: «Agalary Ýusuby öldürmäge ugranda, olar entek pygamber däldiler. Onsoň, olar sagyra we kebire günälerden nähili päk bolsunlar?» Netijede: «Söz togtady, sowal aradan aýryldy».

Ýusup alaýhyssalam ýene: «Siz maňa rehim etmeseňiz hem meniň garry atama rehimiňiz gelsin. Siz Hudaýtagaladan gorkuň» diýip ýalbardy. Olaryň hersi oňa bir şapbat çalyp: «Sen bu sözi sözleýänçäň çytrak dony çykar» diýdiler. Ýusup ýene: «Eý, doganlarym! Atamyň haky üçin köýnegimi maňa bagyşlaň. Eger men diri galsam owrat ýerim ýapylsyn eger ölsem, ol meniň kepenim bolsun. Ýene meniň elimi guýa baglap salmaň, men ellerim bilen guýydaky guş, gurt, ýylandan goranaýyn» diýip ýalbardy. Olar: «Sen özüňe sežde eden aýa, güne, on bir ýyldyza aýt. Olar saňa don bersin, eliňi, aýagyňy çözsün» diýip unamadylar. Onuň köýnegini çykaryp, biline tanap baglap guýa salladylar. Ýusup alaýhyssalam guýynyň ortasyna baranda tanapy kesip goýberdiler. Aýat: ***«Olar ony alyp bardylar we ony garaňky guýa taşlamagy maslahat bildiler».*** Ýusup alaýhyssalam guýynyň düýbüne ýetmezden sidretul-muntehadan Jebraýyl alaýhyssalama «Meniň bendäme kömege ýetiş» diýen perman boldy.

Jebraýyl alaýhyssalam ony guýynyň suwuna ýetmänkä tutdy. Suwuň düýbünde bir uly ak daş bardy. Ony suwuň ýüzüne çykardy we ganatlary bilen sypalady. Daş ýumşak boldy. Oňa uçmahdan bir namazlyk we bir köýnek getirip berdi. Ol köýnegi Ýusuba geýdirdi. Ýusuby tutup ol daşyň üstünde oturtdy. Oňa musalla düşäp berdi. Ol: «Eý, Ýusup! Saňa Allatagala salam we pygamberlik iberdi» diýdi.

Ol güni Ýusup on iki ýaşyndady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ýusup! Taňry saňa öz hökmüne sabyr etmekligi tabşyrýar. Ol saňa: «Men Ýusuby bu beladan gutararyn. Ony Müsür welaýatyna patyşa ederin. Ony atasy Ýakuba salamat gowşuraryn» diýdi. Ondan soňra Jebraýyl alaýhyssalam oňa şu dilegi öwretdi: «Allahümme ýa käşifa külli kürbetin we ýa jabira külli kesirin we ýa sahiba külli garibin we ýa munisa külli wahidin we ýa şehide külli nejwä we ýa hazira külli belwä we ýa lä ilähe illä ente subhaneke, es'eluke en tejgalani farajan we mahrajan we takzifa hubbeke fi kalbi hatta lä ýekune li hemmun we zikrun gaýruke we tahfazani we terhamani ýa arhamar-rahimin.[17]

Kim berk ýere gidende ýa-da bir bela duşanda bu dilegi okasa Allatagala oňa halaslyk berer diýipdirler.

Jebraýyl alaýhyssalam Ýusuba ýene uçmah nygmatlaryndan getirip berdi we guýynyň içini ganaty bilen sypalady. Onuň içi bossan ýaly boldy.

Ol guýyny Ordon ýerinde Medine bilen Müsüriň arasynda Kengana üç agaçlyk ýerde Nuh pygamberiň ogly Sam gazypdy. Onuň ady «Hubbul-ahýardy». Ol guýynyň suwy ajydy, datly boldy, garaňkydy, ýagty boldy. Jebraýyl alaýhyssalam Ýusubyň ellerini çözüp, oňa bir behi berdi. Ýusup ony iýdi we doýdy.

*Aýdypdyrlar:* Ol toprakda ýatan bir gara ýylan bardy. Ol Ýusubyň üýnüni eşidip Ýusuby iýmäge hyýal etdi. Jebraýyl alaýhyssalam «Eý, süýrenijiler! Bu Ýusup Syddykdyr» diýip, bir gaty üýn etdi. Olar şundan soň, tä, Ýusup alaýhyssalam guýydan çykýança başlaryny götermediler.

**Rowaýat.** Şyh Hasan Basry (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) şeýle rowaýat aýdypdyr: Ýusup guýa girende ýedi ýaşlydy. Ol segsen ýyl patyşa boldy. Ol ýüz ýigrimi ýaşynda öldi.

*Habarda şeýle gelipdir:* Pygamberimiz Muhammet Mustapa alaýhyssalam hezreti Jebraýyldan: «Sen gökden ýere ineňde emgenýärmisiň?» diýip sorady. Ol: «Eý, Allanyň resuly! Men dört ýerde emgendim. Bir gezek Ybraýym halylallany manjanyga salyp, ony oda atanlarynda Sidretil-muntehadan ganat kakyp ony oda düşmezden öň tutdum. Ikinji sapar men Ybraýym alaýhyssalam Ysmaýyly gurban etjek bolanda maňa: «Pyçagy Ysmaýylyň bokurdagyna tartmazdan öň tut» diýip perman boldy. Men Sidretul-muntehadan inip pyçagyň ýüzüni arkasyna öwürdim. Üçünji gezek, Ýusuby doganlary bilini ýüp bilen baglap guýa salladylar. Ol guýyň ýarysyna ýetende ýüpi kesdiler. Şonda men Sidretil-muntehadan inip Ýusuby tutdum. Dördünji gezek Uhut döwüşinde seniň mübärek dişiňe daş degip, gan akanda maňa: «Pygamberiň gany ýere düşmezden ýetiş. Ýogsa ol ýerden tä, kyýamat gününe çenli ot-iým önmez» diýip, perman boldy. Men şonda hem Sidretil-muntehadan inip, şol gany ganatym bilen tutdum. Şeýdip, men dört gezek emgendim» diýdi.

*Sowal:* Ýusuby guýa salyp, ony ýene çykarmakda näme hikmet bardy? Allatagalanyň ezelde islegi şeýledi. Hebeşi oglanlaryň iman getirenleri meniň hezretimde Maňa ýakyn bolarlar. Iki hebeşi bardy: Onuň biriniň ady Beşir, beýlekisiniň ady Buşrady. Ýakup alaýhyssalam bu ikisini Mälik Zagara kyrk ýyl gul edip satdy. Olar gulluk etdiler. Kyrk ýyl tamam boldy.

Ýusup guýynyň içinde dört gün boldy. Mälik Zagar Müsürden Şama sapar etmeklige meýil etdi. Ol ýola rowan boldy. Allatagalanyň gudraty bilen ol ýolundan azaşyp, Kengan welaýatyna düşdi we Ýusubyň taşlanan guýysynyň ýanyna gelip düşdi. Ol Beşir we Buşra atly gul oglanlary guýydan suw almaga iberdi. Bular baryp guýa gowa saldylar. Hudaýtagalanyň permany bilen Ýusup iki aýagyna gowa saldy. Beşir gowany tartdy we ony guýynyň daşyna çykardy. Ol

gowanyň içinde aýdan we günden görkli Ýusuby gördi. Beşir «Buşluk guýydan bir oglan çykdy» diýip seslendi. Aýat: ***«Kala ýa Buşra häzä gulamun we asarruhu bizagatan»***.

Ýusubyň guýa düşmeginiň sebäbi şeýledir Ýakup pygamberiň oglanlary Ýusuby guýa sallanlaryndan soň bir owlagy bogazlap, onuň ganyna Ýusubyň köýnegini buladylar.

Olar Ýusup alaýhyssalamyň ganly köýnegini başlaryna göterip, perýat edip, agşamara atalarynyň ýanyna geldiler. Aýat: ***«Olar atalarynyň ýanyna agşamara aglaşyp geldiler»*** we: «Eý, atamyz! Biz ýylky-garamyzy bakmaga gidenimizde, Ýusuby goşumyzda galdyryp gidipdik. Biz yzymyza gaýdyp gelsek, Ýusuby böri iýen eken. Biz dogry sözümizi aýtsak hem sen bize ynanmarsyň» diýip aýtdylar. Aýat: ***«Olar: «Eý, atamyz! Biz ylgamaga sähra tarap gitdik. Biz Ýusuby onuň rahatlygy üçin goşumyzda goýduk. Şonda ony gurt iýipdir. Sen biziň bu sözümize çynymyzy aýtsak hem ynanmarsyň» diýip aýtdylar.*** Doganlary Ýusubyň ganly köýnegini atalarynyň öňünde goýdular. Aýat: ***«Olar Ýusubyň köýnegine ýalandan gan çalyp getirdiler».*** Ýakup alaýhyssalam bularyň bu sözüni eşidip bihuş bolup ýykyldy.

Ýakup alaýhyssalam huşuna gelip Ýusubyň ganly köýnegini eline alyp ysgady we: «Bu nähili mähriban böri eken. Ol Ýusubyň köýnegini ýyrtmazdan onuň özüni iýipdir. Eger Ýusuby böri iýen bolsa, onuň köýnegi hem ýyrtylardy. Ony böri iýen däldir» diýip aýtdy.

Ol ýedi gün Kenganyň ýabanyny gezip, iki eli bilen bilini tutup: «Eý, söwer oglum! Eý, gözümiň röwşeni! Eý, bagrymyň parasy! Eý, köňlümiň miwesi! Seni haýsy guýa atdylar, seni haýsy derýa gark etdiler, seni haýsy gylyç bilen öldürdiler, seni haýsy ýerde gömdüler? Eý, Ýusubym! Sen haýsy börüniň garnynda ýatyrsyň? Eger men seni iýen börüni görsem, onuň aýagynyň topragyny gözüme sürterdim. Men ony ýanymdan goýbermezdim. Men ol börüni tapsam, ony soýardym we onuň

içinden Ýusubymy tapardym. «Ah, Ýusubym, wah Ýusubym!» diýip, gaty owaz bilen nagra urup, zar-zar bolup, bahar ýagşy dek gözlerinden ýaş dökdi.

Doganlary atalarynyň bu halyny görüp: «Biz doganymyz Ýusuby zaýa etdik, atamyz Ýakuby öldürdik» diýdiler. Olar atalary bilen bile ýyglaşdylar. Ýakup alaýhyssalam: «Bu iş siziň aýdyşyňyz ýaly däldir. Bu iş sizden gelip çykýar. Siz göriplik edip, ýaman işe baş goşduňyz» diýdi. Aýat: ***«Atalary: «Bu iş siziň aýdyşyňyz ýaly däldir. Belki, siziň nebsiňiz size bir ýaman işi ýagşy edip görkezendir. Bu işde maňa sabyrly bolmak ýagşydyr. Siziň ýalan sözüňize Allatagalanyň özi maňa ýardam berer»*** diýdi.

Ýakup alaýhyssalam ýyglady. Olar: «Eý, ata! Indi sen Ýusup üçin özüňi öldürjekmi? Eger sen isleseň, biz Ýusuby iýen börüni tutup, ony seniň ýanyňa alyp geleli. Ony görseň, seniň köňlüň köşeşer» diýip aýtdylar. Ýakup alaýhyssalam: «Baryň, ony tutup, meniň ýanyma getiriň» diýdi.

Olaryň hemmesi sähra çykdylar. Olaryň öňünden bir böri çykdy. Bular ony tutup, goluny boýnuna baglap, agzyna gan sürtüp, Ýakup alaýhyssalamyň ýanyna alyp geldiler. Olar: «Ýusuby iýen böri budur» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam börüniň agzynyň ganyny gördi we ol börüniň ýanyna gelip, Allatagaladan: «Eý, Taňrym! Bu börä dil ber, men onuň bilen sözleşeýin» diýip, dileg etdi. Taňrydayn: «Eý, Ýakup! Soramak senden, sözlemek Menden» diýip, owaz geldi. Ýakup alaýhyssalam: «Eý, böri! Taňrynyň haky üçin dogryňy sözle. Sen meniň Ýusubymy näme üçin iýdiň?» diýip sorady. Böri Taňrynyň gudraty bilen dile gelip: «Eý, Allanyň resuly! Hemme pygamberleriň eti bize haramdygyny sen bilmeýärsiňmi? Men Ýusuby görmedim. Meniň özüm üç günden bäri açdyryn. Men hem gözümiň nury bolan oglumy ýitirdim. Men öz oglumy gözläp ýörkäm, bu ýalançylar meniň agzyma gan sürtüp, seniň ýanyňa alyp geldiler. Eý, Ýakup! Sen bir dileg etseň, seniň bu

dilegiň bereketinden men ogluma gowuşsam» diýdi. Ýakup alaýhyssalamyň oglanlary daş çykdy. Olar: «Indi, biz baryp Ýusuby öldüreli. Onuň başyny, aýagyny kesip getireli. Atamyzyň köňli köşeşsin» diýip aýtdylar. Olaryň bu teklibini Ýehuda unamady.

Ýusup alaýhyssalamy guýydan çykaranlarynda, ol iki hebeşi guly görüp, olaryň ýüzüni eli bilen sypalady. Olaryň ýüzleri, tenleri öreň boldy. Bu ikisi iman getirdiler. Olar begenişip Ýusup alaýhyssalama sežde etdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, ýigitler! Siz mahluga sežde etmäň. Beýle sežde rowa däldir. Siz bizi ýaradan Taňra sežde ediň» diýdi. Buşra: «Bizi hem sizi ýaradan kimdir?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Hemmäni ýaradan ýeke-täk Allatagaladyr. Mülk içinde Oňa şärik ýokdur. Onuň mülküniň tamamy ýokdur» diýdi. Olar: «Bize musulmançylygy dileg edip ber» diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam olara dileg edip berdi. Bu ikisi musulman boldular. Ýusup alaýhyssalamy guýydan çykarylmagynyň sebäbi budy.

*Sowal:* Gül meňizli Ýusup alaýhyssalamy satdylar. Muňa hikmet nämedir?

*Jogap:* Günlerde bir gün Ýusup alaýhyssalam guýa bakdy. Ol ýüzüni gördi. Ol ýüzüniň görküne özi taňlady. Onuň göwnüne: «Eger men bu görk bilen gul bolsam, meniň bahamy kim berip, alyp biler?» diýen pikir geldi. Ol öz görküne guwandy. Ony «gul» diýip on sekiz ýarma satdylar. Bu ýerde görke guwanmagyň bahasyny görkezdiler. Onuň satylmagynyň sebäbi şudy.

Ýusup alaýhyssalamy guýydan çykaranlarynda, onuň garyndaşlaryna habar boldy. Olar bu ýere geldiler we Mälik Zagara: «Bu biziň gaçgak gulumyzdyr. Üç gün boldy, ol bizden gaçyp ýör. Sen almakçy bolsaň, biz ony saňa satarys» diýip aýtdylar. Mälik Zagar: «Men ony alaýyn» diýdi. Ol wagt Rubil Ýusubyň ýanyna gelip, oňa ybry dilinde: «Biz näme

islesek, sen hem şony aýt. «Ýok» diýseň biz seni öldüreris» diýip gepledi. Mälik Zagar: «Sen gulmusyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men gulduryn» diýdi. Ol bu sözi bilen «Men Taňrynyň guludyryn» diýmek isledi. Doganlary: «Bu gul kiçiliginden biziň ýanymyzda. Biziň ony satmaga göwnümiz ýok, eger onuň özi göwnese, biz ony sataly. Emma munuň üç aýby bar. Ol birinjiden – ogry, ikinjiden – gaçgak, üçünjiden – ýyglak. Şol aýyplary bilen kabul etseňiz sataly» diýip aýtdylar.

Mälik Zagar ony bu üç aýyby bilen kabul etdi we: «Mende ýarmak ýok. Ýylky-gara bar, haryt bar, olardan bereýin» diýdi. Olar geňeşdiler we: «Eger biz ýylky-gara alsak, ony atamyz biler» diýdiler. Şonuň üçin olar ýylky-gara almadylar. Olar: «Bize ýarmak gerek» diýdiler. Mälik Zagar ýerinden turup, argyşyň arasyna girdi. Argyşdan on sekiz Müsür ýarmagy çykdy. Terezä tartdylar, on sekiz ýarmak agry berdi. Kenganda ol ýarmagyň ikisini bir ýarmagyň ýarysyna alýardylar. Ýusuby Kengan ýarmagynyň dokuzyna satdylar. Aýat: ***«Olar Ýusuby sanagly teňňelerden ybarat bolan arzan baha satdylar. Olar bu pullara mätäç hem däldiler».*** Mälik Zagar: «Siz maňa öz eliňiz bilen hat ýazyp beriň» diýip aýtdy. Doganlar: «Biz bir şert bilen hat ýazyp bereris. Munuň aýagyna zynjyr uruň, özüni gaty iňirçege mündüriň, uzak ýere eltip satyň» diýip aýtdylar. Mälik Zagar bu şertleri kabul etdi. Ýehuda: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym. Biz Ýakubyň oglanlary: Rubil, Şemgun, Ýehuda, Lawy, Jad, Don, Ýagşar, Ýastahyr, Zabadun, käbir rowaýatda Raýalun, Kazur onymyz Ýusup atly gulumyzy Mälik Zagara on sekiz agram ýarmaga satdyk. Biz onuň üç aýybyny aýtdyk: ogurlyk, gaçgaklyk we ýyglaklyk. Biz ýene üç şert etdik. Mälik Zagar olary hem kabul etdi: aýagyna zynjyr urmak, gaty iňirçege mündürmek, uzak ýere eltip satmak. Biz bu haty öz elimiz bilen, pylan aýda, pylan günde, pylan ýylda ýazdyk» diýip, hat ýazdylar. Ony Ýusuba tabşyrdylar. Özleri öýlerine gaýtmaga hyýallandylar. Gije boldy. Ýusup: «Men ki-

çilikden bäri bular bilendim. Men olar bilen hoşlaşaýyn» diýip, Mälikden rugsat sorady. Mälik Zagar rugsat berdi. Ol onuň aýagyna zynjyr urdy. Bir ogluny Ýusuba müwekkil etdi. Ýusubyň agyr zynjyr bilen ýöremäge ýagdaýy ýokdy. Ol iki ädip, bir ýykylýardy. Onuň görkli ýüzi topraga bulandy. Ýusup alaýhyssalamy bu halda görüp agalary aňyrlygyna bakdylar. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, agalarym! Siz meniň hakymda bu işi etdiňiz. Özge kişä beýle işi hergiz etmäň. Siz men ulalamda atamdan aýyrdyňyz. Eý, doganlarym! Eý, Ýehuda! Siz salamat galyň! Eý, Ýehuda! Menden atama salam aýt. Ol meniň üçin köp azaplar görer. Eý, Ýehuda! Sen hemmesinden maňa mähribanrak. Sen nirede guýy görseň, men hakymda oýlan. Eý, Ýehuda! Sen atam bilen oturanyňda: «Ýusup nirede ýörkä? Kim bilen ýörkä? Kimiň ýüzüne delmiräp bakyp durka?» diýip ýadyňa sal. Eý, Ýehuda! Meniň sizden aýrylanyma bu gün dört gün boldy. Çet ýurtlarda sizsiz men näme iş ederin? Eý, garyndaşlarym! Geliň, siz bu işiňize ökünüň. Meniň kiçiligime bakyp, rehim ediň. Argyş beginden gaýra alyň» diýdi.

Ol köp ýalbardy, emma olar onuň sözüni diňlemediler. Ýusup alaýhyssalam arkasyna garap-garap, ýola delmiräp, müwekkil bilen gaýdyp Mälik Zagaryň ýanyna bardy. Kerwen gozgaldy. Ýusup alaýhyssalamy bir gaty iňirçege mündürip ýola düşdüler. Mälik Zagar Ýusup alaýhyssalamy Aflaha atly guluna tabşyrdy.

Kerweniň ýoly Ýusup alaýhyssalamyň enesiniň gabrynyň üstünden düşdi. Ol özüni düýeden taşlap, aý ýaly ýüzüni gara topraga sürtüp enesiniň gabryny gujaklap ýyglady we: «Eý, ene! Men ozal sizden aýrylypdym. Indi men atamdan hem aýryldym. Men gul diýlip satyldym. Meniň aýagyma zynjyr urdular. Meniň injiklerim gaty zynjyrda çişdi, tenim gaty iňirçekde ýenjildi. Eý, ene! Käşgä, men senden öň ölen bolsam ýagşy bolardy» diýdi.

Şol wagt argyşyň soňuna galan bir kişi ýetip geldi. Ol Ýusup alaýhyssalamyň toprak guçup ýatanyny gördi. Ol gelip Ýusubyň ýaňagyna bir şapbat urdy we: «Begler saňa gaçgak diýip dogry aýdan ekenler». Ýusubyň köňli emgendi. Ol: «Eý, Taňrym! Sen meniň bu ýagdaýymy görýänsiň, bilýänsiň, maňa rehim et» diýip ýalbardy. Perişdeler hem: «Bu ýetimiň halyna rehim et!» diýip mynajat etdiler.

## Nazm

Ýüzüme käç urup, Aflah diýen gul elem kyldy,
Pyrak oduna örtäp, wujudymy adem kyldy.

Ýusup alaýhyssalamyň bu dilegi kabul boldy. Allatagalanyň gudraty bilen şemal gopdy. Älem-jahanyň ýüzi gap-garaňky boldy. Asmany gara bulut basdy. Şemal sagatba-sagat güýçlendi. Ýagty gündiz garaňky gijä aýlandy. Şemalyň derdinden göz açyp bolmady. Şemal ýerden daş-topragy ýüz-göze alyp urdy. Kerwen ýoldan azaşdy. Mälik Zagar kerweni bir ýere jemledi we şol ýerde düşledi. Hemme mal-haýwan jandan el üzdüler. Mälik Zagar: «Bu kerwende Hudaýtagala günä eden kişi bar bolsa, ol toba etsin. Bir kişi başga birine azar beren bolsa, ol ondan ötünç sorasyn. Şonda Hudaýtagala bu belany biziň başymyzdan aýyrar» diýdi.

Aflah Mälik Zagaryň ýanyna gelip, wakany beýan etdi. Mälik Zagar şol wagt Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna baryp: «Eý, Ýusup! Meniň Aflah diýen gulum biedeplik we bihormatlyk edip, saňa ezýet beripdir. Sen onuň günäsini geçirip, ony bagyşla» diýip aýtdy. Aflahy Ýusup alaýhyssalamyň aýagyna ýykdylar. Ýusup alaýhyssalam onuň günäsini bagyşlady. Ýusup alaýhyssalamyň köňli hoş bolup güldi. Şol wagt şemal köşeşdi. Howanyň ýüzi açyldy. Gün çykyp, älem-jahan röwşen boldy. Kerweniň hemme adamlary hoşal boldu-

lar. Mälik Zagar bu keramaty görüp, Ýusup alaýhyssalama hezzet-hormat etdi. Onuň aýagyndan zynjyry aýyrdy. Oňa täze donlary geýdirdi we amara mündürdi.

*Sowal*: Pygamberler halka esiz dileg etmezler. Olar halka erbetlik islemezler. Ýusup alaýhyssalamyň beýle dileg etmeginde näme hikmet bar?

*Jogap*: Ýusup alaýhyssalamyň bu dilegi esiz dileg däldi. Ol: «Bu är maňa ýaňaklady. Onuň bu işi sütem edendigi sebäpli günä boldy. Aflah munuň üçin kyýamat güni azap görer. Allatagala gudrat görkezsin. Goý, ol bu işinden toba edip, ýazygyndan päklensin. Ol dowzah azabyna sezewar bolmasyn diýip, ýagşy dileg etdi. Onuň bu dilegi bu sebäpden esiz (bet) dileg däldir.

Mälik Zagar: «Eý, oglum Ýusup! Sen kerweniň öňünden ýöre. Beýleki adamlar seniň yzyňdan ýöresin» diýdi.

Bu çöl yssydy. Hudaýtagala bir topbak buluda: «Sen Ýusuba saýa bolup ýöre» diýip buýurdy. Ol bulut Ýusup alaýhyssalamyň depesine kölege berip ýöredi. Kerweniň adamlary bu işe haýran galyp: «Eý, Mälik! Bu ogul Hudaýtagalanyň dergähinde ýakynlyk we menziletlik tapan oguldyr. Sen munuň köňlüni zynhar agyrtma» diýdiler. Mälik Zagar Ýusupdan: «Eý, Ýusup! Ol gün sen düýeden düşüp galyp, gaçmak hyýalyň barmydy?» diýip sorady. Ýusup alaýhyssalam: «Magazalla! Men hergiz gaçmaryn. Ol görüstanda meniň ejemiň mazary bardy. Men onuň bilen hoşlaşmak üçin düýeden düşüpdim» diýdi.

Kerwen Müsüre bir günlük ýol galanda Uşwan atly ýerde, bir derýanyň kenarynda düşledi. Mälik Zagar: «Eý, Ýusup! Sen bu derýanyň suwuna ýuwunyp-ardyn, üstüňden ýoluň gerd-u-gubaryny aýyr. Men saňa täze şahana lybaslary geýdireýin. Ertir hemme halk biziň öňümizden çykar» diýdi.

Ýusup alaýhyssalam derýanyň gyrasyna gelip: «Eý, Taňrym! Sen maňa keramatyň bilen bir perde ört. Meniň etimi, tenimi kişi görmesin» diýdi. Allatagala Aýnul-hitan atly balygy

iberdi. Ol balyk suwuň içinde guýrugyny başyna aýlap, halka bolup durdy. Ýusup alaýhyssalam onuň içine girdi, ýuwundy we ardyndy. Ol balyk ýaradan Taňra: «Eý, Taňrym! Bu Ýusubyň bereketinden maňa başga balyklaryň arasynda ýagşy at bolar ýaly keramat ber» diýip ýalbardy. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi we oňa iki aýat berdi. Olaryň biri – Ýunus alaýhyssalam onuň garnynda kyrk gün galdy. Aýat: ***«Ony näheň balyk ýuwutdy. Ýunusyň janyna melamat edildi».*** Ikinjisi – Süleýman alaýhyssalamyň ýüzügi onuň garnynda kyrk gün galdy. Başga bir rowaýata görä, bir perişde aždarha sypatynda bolup, gelip Ýusuby ýuwnup bolýyança halkyň gözünden gizledi.

Jebraýyl alaýhyssalam uçmahdan – nurdan ýaradylan köýnek getirdi. Ol ony Ýusup alaýhyssalama geýdirdi. Mälik Zagar oňa atlas don geýdirdi, başyna göwher bilen bezelen altyn täç atdy, biline altyn guşak guşady. Ony kejebä mündürip Müsüre alyp girdiler.

*Sowal*: Argyşyň içinde başga ýerden gelenler hem bardy. Ýusup alaýhyssalamyň Mälik Zagaryň eline düşüp, başga adamlaryň eline düşmezligine sebäp nämedir?

*Jogap:* Müsür şäherinde Züleýha atly bir zagypa bardy. Ezelde Hudaýtagala ol aýala Ýusup alaýhyssalamyň elinde imana gelmegi takdyr edipdi. Ýusuby agalaryna Mälik Zagara satdyryp, onuň bolsa Ýusuby Müsüre getirip satmagynyň sebäbi şudy. Züleýha Ýusubyň elinde iman getirmelidi.

Müsür halkyna: «Mälik Zagar bir oglan getiripdir, göýä ol asman aýyny ýerden tapyp gelipdir. Onuň ýaly görki heniz hiç kim gören däldir. Her kim ony görse haýran bolýar» diýen habar ýaýrady. Kim Ýusup alaýhyssalamy görse, ol oňa aşyk bolardy. Ýusuby gören her kişi ony satyn almagy arzuw ederdi. Her bir welaýatyň begleri gelip, altyn-kümüş, ýylky-gara, mal-haryt jemlediler. Müsür halky uly-kiçi, är-hatyn Ýusuba tomaşa etmäge çykdylar. Halkyň gözi Ýusup alaýhyssalamda

boldy. Ony bir gezek gören adam ýene bir görsem diýip arzuw etdi. Emma bir topbak ak bulut onuň üstüne saýa bolup durdy.

*Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdypdyr:* Ol ýyl Müsür halkynyň ýagdaýy ýaramazdy. Nil derýasynyň suwy azalypdy, bulara suw ýetmeýärdi. Daragtlaryň köpüsi gurap galypdy. Ýusup alaýhyssalam Müsüre girende Nil derýasynyň suwy joşdy, guran daragtlar täzeden gögerdi. Açlar doýdy, ýalaňaçlar geýindi» diýipdir.

Mälik Zagar Ýusup alaýhyssalama tagt gurnap, onuň üstüne altyn gupba çykartdy, astyna halylary ýazdy we özüni altyn kürsüde oturtdy.

Ol gün juma günüdi. Hemme halk ol ýere ýygnandy. Ol wagt Müsüriň patyşasy Mälik Raýýandy. Ol bu oglanyň owazasyny eşidip: «Baryp, ony gör» diýip, bir kişini iberdi. Ol ýene-de: «Eger ol adamlaryň aýdyşy ýaly bolsa, men ony satyn alaýyn» diýip aýtdy.

Ol kişi Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna baryp geldi we Mälik Reýýana: «Ol halkyň aýdyşyndan ýüz dereje artyk eken» diýip taryp etdi. Mälik Reýýanyň Müsür ezizi diýen bir weziri hem bardy. Patyşa oňa: «Sen hem baryp ol guly görüp gel. Mälik Zagar ony bizden başga hiç kime bermesin» diýip buýurdy. Müsür ezizi bu ýere gelip, Ýusup alaýhyssalamyň tagtynyň üstünde täç geýip, owadan geýimlere bezenip oturandygyny we onuň görküniň we näzikliginiň çaksyz artykmaçdygyny görüp haýran galdy. Onuň huşy başyndan uçdy we sözlemäge sabyr-takaty galmady. Ol yzyna gaýdyp, gören zatlaryny Mälik Reýýana aýtdy.

Ertesi Mälik Zagar Ýusup alaýhyssalama başga reňkdäki lybaslary geýdirip, bezäp-besläp bazara orta çykardy we gymmatbahaly halynyň üstünde altyn kürsüni goýdy. Kürsüde Ýusup alaýhyssalamy oturtdy. Onuň görki-gelşigi öňküden hem zyýada boldy. Her kim gelip, ony jany-dili bilen almaga hyrydar boldy. Mälik Zagar bir jarçy getirdi. Jarçy: «Eý,

halaýyk! Kim bu näzik, ajaýyp, sypaýy hem päk oglany satyn aljak? Adam perzendinde onuň ýaly görkli oglan dünýäde ýokdur. Mundan öň munuň ýaly oglan doglan däldir. Munuň bahasyny ýetirip alyp biljek kişi barmy?» diýip jar çekdi. Ýusup alaýhyssalam başyny aşak salyp, dür dek ýaşlaryny akdyryp: «Eý, jarçy, sen meni beýle taryplama. Bu taryp bilen hiç kim meni satyn alyp bilmez» diýdi. Jarçy: «Onda men nähili aýdaýyn?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, jarçy! Sen dünýäde deňi-taýy bolmadyk bu ýetim, garyp, arryk we biçäre oglany kim satyn aljak diý» diýdi. Jarçy: «Seniň bu aýdyşyň biziň urp-adatymyzda ýok. Men dogrusyny aýdýaryn» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, jarçy! Seniň köňlüňde dogry sözleri aýtmak bar bolsa, onda sen: «Allanyň Syddygy Ýakup Ysraýyllallanyň, Yshak pygamberiň ogly, Ybraýym halylallanyň ogly bolan bu oglany kim satyn aljak?» diýip aýt» diýdi. Jarçy: «Men beýle diýsem, hemme halkyň ýüregi ýarylar» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* «Müsür iliniň hemme dellallary ýygnanyp, Ýusup alaýhyssalama şeýle baha kesdiler. Onuň öz agramyça altyn, agramyna barabar ýypar, agramyna deň kümüş, onuň ýaly anbar, agramy ýaly kafur bermelidi. Käbir rowaýatlarda: «Bu agramlar Ýusup alaýhyssalamyň agramyna on essedir» diýilýär.

Jarçy Ýusup alaýhyssalamyň ata-babalarynyň atlaryny aýdyp berende adamlar haýran galdylar. Mälik Zagaryň huşy başyndan uçdy. Onuň gözi ýaşdan doldy we köňli ot bilen ýakylyp: «Eý, Ýusup! Biz ol guýynyň başynda seni satyn alanymyzda sen näme üçin bu sözleri maňa aýtmadyň? Şol gün muny mälim eden bolsaň, men seni gul diýip satyn almazdym. Indi iş bu derejä ýetenden soň men näme alaç edeýin?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eger men gul diýmesem agalarym meni öldürerler diýip gorkdum. Men öz ygtykadymda: «Men Hudaýtagalanyň guly» diýdim» diýdi. Mälik Zagar: «Sen Kenganyň ýolunda sähradа Hudaýtagala nala edip: «Gözümiň nury, köň-

lümiň miwesi, oglum Ýusuby maňa ýetir» diýip, ýyglap ýören garry kişiniň oglumysyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men ol gözi ýaşly, aýralyk oduna örtenen, hesret derýasyna gark bolan, ok dek boýy ýaý dek egilen, çyra ýaly açyk köňli ýag dek dökülen Ýakup Ysraýylallanyň ogly, Yshak pygamberiň neberesi, Ybraýym halylallanyň ebiresi Ýusup Syddykdyryn» diýdi. Mälik Zagar ýerinden turup, Ýusup alaýhyssalamyň aýagyna ýykyldy we ondan köp ötünç sorady.

**Rowaýat.** Mälik Reýýan Ýusup alaýhyssalamyň habaryny eşidip Müsür ezizini: «Sen ony görüp gel» diýip iberdi. Ol Ýusup alaýhyssalamy görüp gelip: «Adam perzendinde munuň ýaly görkli hiç zat ýokdur» diýip, patyşa Ýusuby köp taryp-lady. Patyşa: «Sen baryp, onuň bahasyny sözleş» diýdi.

Müsür ezizi onuň bahasyny gelişmek üçin Mälik Zagaryň ýanyna bardy. Mälik Zagar oňa: «Entek biz şähere girmedik, bazary görmedik we guly satuwa salmadyk. Biz ertir bazarda sözleşeli» diýdi.

Ertesi Mälik Zagar Ýusup alaýhyssalama şahana don geýdirip, başyna altyn täç goýup, biline altyn çaýylan kemer baglap, ata mündürip bazara getirip, altyn kürsüniň üstünde oturtdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip, Ýusup alaýhys-salama Hudaýtagalanyň salamyny ýetirdi we «Eý, Ýusup! Hudaýtagala saňa: «Ýusup bu gün gam iýmesin. Ol bu gün gul bolup satylsa, ertir men oňa Müsür halkynyň hemmesini gul ederin, özüni olara patyşa ederin. Ol bu günki horlugy tartsyn, ertirki hezzet-hormaty görsün. Bu gün men ony satyn alaýyn diýip duranlara, ertir oňa satylaýyn diýerler diýip, perman berdi» diýdi.

Elkyssa, Reýýan patyşa Ýusup alaýhyssalamy gördi. Ol Ýusup alaýhyssalama: «Ýüzüňden nykabyňy göter» diýdi. Ýusup alaýhyssalam nykabyny göterdi. Onuň gözi ýekbara Ýusup alaýhyssalama düşdi. Patyşa bihuş bolup ýykyldy.

**Peýda.** Sen Gün atly patyşanyň gijäniň ýarymynda adyz Gökden ýagyz Ýere görkli ýüzi görmek üçin ýüzin düşendigini nähili görýärsiň? Gün Ýusup alaýhyssalama sežde etmäge geldi. Aýat: ***«Ýusup: «Men Güni we Aýy özüme sežde eden ýagdaýlarynda gördüm»*** diýdi. Mälik Reýýanyň iberen Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamyň görküni görüp, atdan düşüp, pyýada bolmagy gör ne ajap! Onuň eziz akyly gidip, ejiz bolup, Ýusup alaýhyssalamy kybla edinip, seždä başyny urmakçy boldy. Ýusup alaýhyssalam: «Haý, haý! Men sežde etmäge laýyk däldirin. Maňa sežde etmek rowa däldir» diýdi.

*Habarlarda şeýle diýipdir:* Allatagala ynsanyň ruhuna şekil berip, ony görkezse, ony gören adam oňa sežde ederdi. Allatagala özüniň parasatlylygynyň kämilligi bilen ruhy: «Ony görmesinler, menden başga sežde etmesinler» diýip gözlerden gizledi. Hudaýtagala: «Hakykat ýüzünden onuň suratyny görüp, meniň bendelerim gowga düşmesinler» diýdi. Şonuň üçin Isa pygamberiň ýüzüne nykap ýapyldy. Sen: «Isa pygamberi Taňrynyň ogly» diýip, biziň günlerimize çenli halkyň gowgada galandygyny bilmeýärmisiň?» diýip aýdylypdyr. Aýat: ***«Nasaralar: «Isa – Allanyň ogly» diýdiler».*** Olar Bibi Merýeme: «Allatagalanyň jübüti» diýdiler.

Emma Ýusup alaýhyssalamyň ýüzüne ilki nykap örtmediler we onuň suratyny nykabyň içinde gizlemediler. Şonuň üçin bir gijäniň içinde Aý bilen gün onuň ýüzüni görüp, gökden inip, ýüzin düşüp oňa sežde etdiler. Patyşa Reýýan hem aý ýüzli oglany görüp, onuň aýagyna ýykyldy.

### Beýt

Bu köňlüm myrada teginmek dilär,
Telim halkalar era öwünmek tilär.

Gün-Aý sežde kylgaý aryg ýüze men,
Bu gün atdan inip, ýükünmek dilär.

Wahp ibn Munabbih (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ýeýle diýipdir: «Ýusubyň bahasy dört ýüz ratl altyn, dört ýüz ratl kümüş we dört ýüz ratl hünji-göwher boldy. Onuň bahasy mundan artykmaç bolsa ony hiç kim tapyp bilmezdi».

**Hekaýat.** Müsür eziziniň Züleýha atly bir aýaly bardy. Onuň atasy Ýemeniň patyşasydy. Züleýha ýedi ýaşynda düýş gördi. Ol düýşünde Ýusup alaýhyssalamy hüsny-jemaly we täji bilen görüp, oňa aşyk boldy. Ol bu yşkynyň derdine çydaman, egnini ýyrtyp, bedenini dişläp aglardy. Onuň bu hala düşmegine hemme halk, ata-enesi haýran galdylar. Emma bu patyşanyň Züleýhadan başga perzendi ýokdy. Patyşa hukamalary ýygnap, Züleýhanyň damarlaryna bakdyrdy. Olar ondan hiç bir derdiň eserini tapmadylar. Emma Züleýhanyň derdi günbe-günden artyp, reňki saralyp, haly beterleşdi. Soňky ýyl Züleýha ýene düýş gördi. Ol düýşünde ýene Ýusup alaýhyssalamy gördi. Züleýha ondan: «Men sizi yzlasam, nirden taparyn?» diýip sorady. Ýusup alaýhyssalam: «Meni Müsüriň eziziniň öýünde taparsyň» diýip gaýyp boldy. Züleýha oýanyp, bu wakanyň düýş ekendigini bilip, birden diwanalyk edip başlady. Ol nowbahar ýagşy ýaly zar-zar aglap, gözlerinden ýaş dökerdi.

Bir gün enesi Züleýhadan söz sorady. Ol enesine öňki hem soňki gören düýşüni beýan edip berdi. Enesi onuň bu sözlerini atasyna ýetirdi. Atasy Müsür ezizine: «Biziň päk hem-de owadan gyzymyz bar. Dünýäniň ähli patyşalary oňa aşyk bolup, ony isläp soraýarlar. Eger siz ony isleseňiz, biz ony size bereris» diýip, hat ýazyp iberdi. Müsür ezizi bu haty okap görüp: «Olar bizi ten bilen kabul etseler, biz olary jan bilen kabul ederis» diýdi. Müsür ezizi patyşalaryň resminde lazym bolan zatlary taýýar edip, sawçy bilen Ýemen patyşasyna iberdi. Ol Züleýhany köp malu-kenizekleri bilen Müsüre al-

dyrdy. Müsür ezizi Züleýhany tagtyň üstüne mündirip, özi onuň ýanyna gelip oturdy. Züleýha bir kenizekden: «Bu kişi kim?» diýip sorady. Kenizek: «Bu kişi Müsüriň ezizidir» diýdi. Züleýha bir ah tartyp, bihuş bolup ýykyldy. Bir pursatdan huşuna gelip: «Men munuň ýaly adama durmuşa çykarynmy? Bu adam meniň düýşümde gören kişim däl» diýdi. Onuň kenizekleri: «Seni myradyňa ýetirjek Müsür ezizi şu kişidir» diýdiler. Züleýha: «Indi maňa sabyrly bolmaklykdan başga çäre ýok. Inşalla, men myradyma ýeterin» diýip, özüne göwünlik berdi. Emma Müsür ezizi Züleýhany görüp, oňa ýürek bilen aşygy-şeýda boldy.

Ýöne Hudaýtagala Müsür ezizine Züleýha ýakynlyk etmekligi nesip etdirmedi. Ol Müsür eziziniň oňa ýakynlaşmagy üçin bir jyny wekil etdi. Ol jyn her gije Züleýhanyň sypatynda bolup, Müsür ezizi bilen ýatardy. Züleýha şeýdip bikrliginde galdy. Hudaýtagala onuň gyzlygyny Ýusup alaýhyssalam üçin saklady. Bular bu düzgünde ýörärdiler. Ol gün Ýusup alaýhyssalamy patyşanyň ýanyna getirenlerinde wezirler, emirler, eşrepler we erkekler-urkaçylar jemlendiler. Adamlaryň hemmesi: «Bu adam perzendi däldir, belki perişdedir» diýişdiler. Züleýha ony görüp tanady we: «Ine, bu kişi meniň düýşümde gören kişimdir» diýdi. Ol huşundan gitdi. Onuň bilen baran kenizler: «Saňa näme boldy?» diýip soradylar. Züleýha: «Meniň düýşümde gören kişim şu adamdyr. Bu gün men maksadyma ýetdim» diýdi. Züleýha Müsür ezizine: «Ol guly siz satyn alyň. Ol bize gul bolsun» diýdi. Emma Züleýhanyň özüniň yşkyň guly bolşundan habary ýokdy. Müsür ezizi: «Onuň bahasyna ýeter ýaly biziň malymyz ýokdur» diýdi. Züleýha: «Men we siz bir bolup, bar malymyzy jemläp bereli. Men galanyny Ýemene adam iberip, atamdan getirip bereýin» diýdi.

Elkyssa, Züleýha Ýusup alaýhyssalamy bir gezek görmek bilen utanç-haýany taşlap, özi Reýýan patyşanyň ýanyna baryp: «Siz bize rugsat berseňiz, biz şol guly satyn alsak» diýip

iltimas kyldy. Patyşa onuň arzyny kabul etdi. Züleýha patyşanyň bu rugsadyna hoşal bolup öýüne gaýtdy.

Ol Müsür ezizine: «Eý, wezir! Men patyşadan rugsat alyp geldim. Indi, bize onuň bahasyny jemlemek gerek. Ony satyn alman, goldan çykarmak bolmaz. Ýogasa biziň ar-namysymyza ýaman bolar» diýdi.

Emma Mälik Zagar Ýusup alaýhyssalamyň pygamberzadadygyny bilip: «Men bu bereketli guly satyp, ertir kyýamat güni näme jogap bererin?» diýdi. Ol: «Eý, Ýusup! Men seni satjak däl. Men seni özüme perzent etjek. Bolmasa, men seni ataňa gaýtaryp, oňa tabşyraýyn» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Mälik! Eger Hudaýtagala islese, onuň özi meni atama tabşyrar. Eger ol ony eziz görýän bolsa, sen gul edip satanyň bilen meni hor etmez. Sen meni umyt bilen bu ýere getirdiň Sen indi bährement bol. Men seni bagyşladym» diýdi.

Mälik Zagar: «Eý, Ýusup! Meniň zerdarlygymda asla kemligim ýok. Emma men perzentsizdirin. Men bir gury agaçdyryn. Meniň şaham, pudagym ýok. Meniň tapan malym duşmanlara galmasyn. Gazananym gyzyl ite iým bolmasyn. Meniň sizden umydym – siz maňa dileg etseňiz, Hudaýtagala maňa perzent berse» diýdi. Ýusup alaýhyssalam ol wagt dileg etmegi bilmeýärdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip oňa: «Bismillähi-r-rahmäny-r-rahym. Ýa men tu‘izzu we tuzillu. Ýa men tazagu we terfa‘u we ýa men tu’ti we temne‘u we ýa men huwe alä kulli şe’in kadir. Urzukiş-şeýha ewläden zukuran»[18]. diýip, dileg etmegi öwretdi. Her kişiniň perzendi bolmaýan bolsa bu kelemäni ýagşy täret alyp okasa ýa-da zagpyran bilen kagyza ýazyp, suwa ezip içse, Ýusup alaýhyssalamyň dileginiň bereketinden Hudaýtagala oňa perzent bagyşlar.

*Abdulla bin Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:* Ýusup alaýhyssalamyň Mälik Zagaryň hakyna eden dilegi kabul boldy. Mälik Zagaryň on iki çorusy bardy. Ol gije Mälik Zagar olaryň barçasy bilen mujamagat

kyldy Olaryň hersi iki ogula ýükli boldy. Wagt geçip dokuz aý tamam boldy. On iki çorudan ýigrimi dört ogul dogdy.

*Sowal:* Ýusup alaýhyssalam munça kurb we menzilet gazanmak bilen şunuň azap-muşakgat çekmegine sebäp nämedi?

*Jogap*: Birinjiden, Pygamberler iňňä meňzeýärler. Hemme lybasy iňňe bilen tikýärler. Ol eşigi özgeler geýýärler, iňňäniň özi ýalaňaç galýar. Ikinjiden, Pygamberler hem weliler çyra ýalydyrlar. Olaryň özleri ýanarlar, başgalara ýagtylyk bererler. Olar bir kişiniň başyna müşgil iş düşse, olar bir dileg bilen ony ýeňil ederler. Olar öz başlaryna nähili bela gelse hem, oňa razy bolarlar. Pygamber alaýhyssalam: «Belanyň gatysy ilki pygamberleriň başyna, soňra welileriň, soňra şuňa meňzeşleriň başyna düşer» diýip aýtdy.

### Beýt

Kamug iňňeler don tiker, geýdirer,
Ýene özi, görseň ýalaňaç galar.
Çyragmy ulaşu köýer, örtener,
Azynlara görseň, ýaruklyk berer.

**Rowaýat.** Bir gün Züleýha kejebede oturyp gelýärdi. Ol ýolda Ýusuba ýolukdy. Züleýhanyň göwni galkyndy. Ol Müsür ezizine: «Sen bu oglany satyn al» diýdi. Müsür ezizi: «Biziň onuň bahasyna ýeter ýaly malymyz ýok» diýdi. Züleýha: «Biz bar malymyzy bereli. Eger ýetmese men boýnumdakylary, gulagymdakylary çykaryp bereýin. Gulluk bagy baglanan boýna bogmak nämä gerek? Yşk aýy bilen şöhle alan gulaga altyn ysyrga nämä ýaraşar?» diýdi. Müsür ezizi: «Eý, Züleýha men Ýusuby patyşa satyn almak üçin onuň wekili bolup geldim. Onsoň men seniň üçin nähili sözläýin?» diýdi. Züleýha: «Men patyşanyň ýanyna baraýyn. Ol rugsat berse, Ýusuby men satyn alaýyn» diýdi.

Züleýha kebelek ýaly bolup özüni oda atdy. Gul aljak bolup özüni gulluga satdy. Onuň ýoly Ýusuba düşdi, gözi görk-görmege düşdi. Ol uzaga ýüwürjek bolup duzaga düşdi. Ýoldan ötmekçi bolanda dolan aýy gördi, oňa ýesir boldy. Onuň çiçek dek meňzi saraldy. Ol aglak bir ýere sowuldy. Ol çorulary bilen oturyp üýn düzüp başlady:

## Beýt[19]

Iliňiz çyn dolan aý dek gaýnaýur gargy-garak,
Ýüzüňiz günden ýarygrak, görküňiz Gün, ýa Kamar.

Laglyn açsa hünjilerden toklunur dürli latyp,
Ol erinniň dadygynda kaýda ýetsin bal-şeker.

Görküňizi küýseýir men erte, gäh bir gün bolar,
Emgegim ýawlak telim bar, emgenen ahyr emer.

Görküňe muňlug boluban görkini men küýseýir,
Örtener bagrym, ýakyldy ýaşgynam ýol dek akar.

Saç buluňlary dararda tekme bir är zülpden,
Kin barar kindik ýypar rihus-saba bolup öser.

Ki ýüreklik beg är erdim, meni eltip bulnady,
Köp çerikni basdy hanlar, yşk çerikni kim basar?

Rabguzy Nasyr gorksa ýüz öwürmez yşkdan,
Beg niçe boşup sögerse, gul haçan köňlin ýygar?

Züleýha başga çäre tapmady. Ol patyşanyň gaşyna geldi. Ol patyşadan haýyş etdi. Patyşa oňa mal berdi. Züleýha bahasyny

berip Ýusuby satyn aldy. Aýat: ***«Şunuň ýaly edip biz Ýusuby Müsürde ornaşdyrdyk».***

**Rowaýat.** Hemme zerdarlar: «Men bu guly satyn alsam» diýip simu-zerlerini, müşki-anbarlaryny, jöwher-hünjülerini, merjenlerini, ýakutlaryny jemläp bazara bardylar. Olar Mälik Zagara bilen söwdalaşyp, Ýusup alaýhyssalamyň bahasyna ýetip bilmediler. Ýusup alaýhyssalam: «Meni birinji bazarda on sekiz ýarmaga aldylar. Men bu bazarda şunuň ýaly gymmat baha mynasyp boldum. Inşalla, men mundan artyk hormatly bolmaryn» diýdi.

Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy görüp oňa janu-dil bilen hyrydar boldy. Ol: «Munuň bahasy näçe bolsa hem men ony alaýyn» diýdi. Müsür ezizi bu söwda girdi. Mälik Zagar hem akylly adamdy. Ol Ýusuby alanda onuň gadyryny bilmän alypdy. Emma ony satanda onuň bahasyny ýetirip satdy.

**Rowaýat.** Ýusup satlyga çykarylanda inen düýä münüp gelen bir çarwa araby gördüler. Ol bazara barýança ineniň nogtasyny çekmedi. Ol ýel süren bulut ýaly bolup bu ýere geldi. Ol bu aý ýüzlüni görüp saklandy. Ol: «Taňrynyň takdyrynda maňa näme ýazgyt bardygyny bilmeýärin» diýdi. Hemme halaýyk muňa geň galdy. Ol düýe Ýusup alaýhyssalamyň ysyny üç günlük ýerden bildi. Ol düýe köp emgek gördi. Ol üç gün ot iýmedi we suw içmedi. Ahyry maksadyna ýetişdi we köşeşdi. Düýäniň Ýusup alaýhyssalama höwesi beýle bolsa, Züleýha onuň yşkyna nähili sabyr-takat etsin?

### Beýt

Göz göreni jemal ol,
Söýmek ony halal ol,
Andag jemal görüban,
Kim söýmese webal ol.

Elkyssa, Mälik Zagar gullaryna: «Terezini deňläň» diýdi. Olar terezini gurnadylar. Ol asla deňlenmedi. Ýusup alaýhyssalam adamlardan galam sorap aldy. Ol bir bölek kagyza: «Lä ilähe illallahu, Ibrahimu Halilullahy» diýip ýazdy we ony terezä goýdy. Şondan soň tereziniň jamlary deňleşdi. Müsür ezizi Ýusup alaýhissalamyň bahasyny ölçäp, Mälik Zagara berdi. Ol ony gujagyna alyp, öýüne geldi.

Müsür ezizi ony hemme malyny berip satyn aldy. Hazynadar: «Eý, eziz! Hazynada hiç zat galmady. Siz hemme hazynany bir guluň bahasyna berdiňiz» diýdi. Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy alyp hazyna girdi. Ol görse hazynasy öňküsi ýaly bolup dur. Ondan hiç bir zat kemelmändir. Ol bu keramatyň Ýusup alaýhyssalamdan ýetendigini bildi we bu ýagdaýa begenip: «Bu oglanyň berekitinden meniň hiç bir zadym kemelmändir» diýdi. Onsoň Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy janu-dili bilen gowy gördi.

*Aýdypdyrlar:* Müsür ezizi kybty milletindendi. Ol iman getiripdi. Onuň imanlydygyny Mälik Reýýan bilýärdi. Ol Müsür ezizine: «Men seniň işiňi bitireýin. Emma sen meni imana ündeme» diýip tabşyrypdy. Bir rowaýatda: «Eziz Ýusuby satyn alyp getirende ol on ýaşyndady» diýilýär. Başga bir rowaýatda bolsa: «Ol şol wagtda on sekiz ýaşyndady» diýilýär.

Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy öýüne getirdi. Ol Züleýha: «Sen muny ýagşy sakla, ony beýlekilerden artyk syla, oňa lezzetli tagamlar ber we ýumşak lybaslary geýdir. Aýat: ***«Sen muny ýagşy hormatlap sakla. Belki munuň bize peýdasy deger, ýa-da biz ony azat edip, özümize ogullyk edineris».*** Eger biz ony satsak, artykmaç baha alarys, satmasak ol bize öýde güýç bolar» diýdi.

### Beýt

Kişi köňlüni agyrtsa bolar şum,
Guýar Allatagala agzyna gum.

Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Parasat bilen dogry sözli bolan adam üç sanydyr. Olaryň birinjisi, Müsüriň ezizidir. Ol: «Belki, onuň bize peýdasy ýeter ýa-da biz ony ogul edinip alarys» diýdi. Ikinjisi, Şugaýp pygamberiň gyzydyr. Ol: «Eý, atam! Sen Musanyň hyzmatynyň hakyny ber. Hakykatda, seniň muzduny berjek adamlaryň içinde iň amanatlysy şudur» diýdi. Üçünjisi, Abu Bekr Syddykdyr. Ol öz ornuna hezreti Omary goýup gitdi» diýip aýdypdyr.

Ondan soň Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy Züleýha tabşyrdy. Züleýha Ýusup alaýhyssalamy gaty söýýärdi. Züleýha onuň başyny ýuwup, saçyny daraýardy. Züleýhanyň oňa bolan söýgüsi gün geldigiçe güýçlendi. Ol oňa tagamly aşlary iýdirip, arassa geýimleri geýdirdi. Ýusup alaýhyssalam gözüni açyp, Züleýhanyň ýüzüne bakmady. Ol iýim-içime nazar salmady. Ol başyny aşak salyp, atasynyň pikirini edýärdi.

**Hekaýat.** Ýusup alaýhyssalam Müsür eziziniň ýanynda ýörerdi. Ol hemişe: «Men gul bolsam hem ýagşy bir halda ýörün. Emma meniň atamyň ýagdaýy nähilikä? Ol oglunyň aýralygynyň muşakgatyny çekýändir» diýen pikirde gezerdi. Ol oturyp: «Eý, Taňrym! Sen meniň halymdan atamy habardar etseň?!» diýip, dileg etmäge meşgul boldy. Bir agraby Kengandan Müsüre gitmäge meýilli boldy.

Ol agraby Müsür şäherine gelip girdi. Onuň düýesi agrabyny Müsür eziziniň öýüne alyp geldi. Agraby düýesiniň nogtasyny çekdi. Emma düýe oňa güýç bermedi. Şol gün Ýusup alaýhyssalam köçä çykyp otyrdy. Ol düýe göni Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna gelip togtady. Düýäniň gözünden ýaş akdy. Bu düýe ýüzüni we gözüni Ýusup alaýhyssalamyň aýak-

laryna sürtdi. Agraby Ýusup alaýhyssalam satylanda düýeli gelen adamdy. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, agraby! Sen nireden gelýärsiň?» diýip sorady. Agraby: «Men Kengandan gelýärin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Sen Ýakuby tanaýarmysyň?» diýip sorady.

Agraby: «Men ony nähili tanamaýyn? Ýakup biziň pygamberimizdir» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ýakubyň öýünden näme habar bar?» diýdi. Agraby: «Ýakubyň Ýusup atly ogly bardy. Doganlary ony awa alyp çykdylar. Soňra olar atalaryna: «Ýusuby böri iýdi» diýip, sähradan gaýdyp geldiler. Oglunyň aýralygyna ýyglap, Ýakubyň gözleri görmez boldy. Ol ýoluň boýunda Beýtil-ahzan atly bir öý saldyrdy. Ol onda Hudaýtagalanyň ybadatyna meşgul bolup ýyglaýar» diýdi.

Ýusup alaýhyssalam bu habary eşidip ah tartdy, huşuny ýitirdi. Ol huşuna gelip: «Eý, agraby! Ýakup pygamberiň Ýusup atly ogly mendirin. Meni doganlarym gul diýip satdylar. Indi, siz Kengana barsaňyz atama menden salam ýetiriň. Şeýle hem siz oňa meniň: «Eý, ata! Meniň üçin ýyglap, seniň gözüň kör bolupdyr. Meniň hem aýralyk derdinden iýenim tenime siňmeýär. Ýagty jahan maňa garaňky boldy» diýen sözlerimi aýdyň» diýdi. Ondan soň Ýusup alaýhyssalam ol agraba we onuň düýesine dileg etdi. Agrabynyň düýesi ýerinden gopdy we ýola düşdi. Ýusup alaýhyssalam ýyglap öýe girdi. Ol düýe ýelmaýa ýaly bolup kyýamata çenli abraý tapdy. Bu günki ýelmaýalaryň nesli onuň urugyndandyr.

Şondan soň ol ýelmaýa kyrk günlük ýoly dört günde geçip Kengana Ýakup alaýhyssalamyň işigine geldi. Agraby: «Öýde adam barmy?» diýip öýüň daşyndan gygyrdy. Şol wagt Ýakup alaýhyssalamyň Zaýna atly gyzy bu sesi eşidip öýden çykdy. Agraby: «Ýakup alaýhyssalam öýde barmy?» diýip, ondan sorady. Ol gyz: «Atam öýdedir. Emma ol daşary çykmaz. Ol Adam alaýhyssalamyň donuny geýip, Salyh alaýhyssalamyň hasasyny sag tarapynda goýup, Yshak alaýhyssalamyň keme-

rini biline guşap, Ysmaýyl alaýhyssalamyň goçunyň şahyny çep tarapyna goýup, Ýusup alaýhyssalamyň tesbisini öwrüp: «Eý, Taňrym! Meniň Ýusubym ölümi, ýa-da diri? Bu gün maňa ondan habar ýetir» diýip arz edýär» diýdi.

Şol wagt agraby öýe gelip girdi we: «Seniň bu dilegiň Hudaýtagalanyň dergähinde kabul boldy. Men Ýusupdan habar getirdim. Ýusup atly ogluňyz size salam aýtdy. Men Müsüre gidipdim. Men ony gördüm. Ol maňa we düýäme ýagşy dileg etdi. Meniň düýäm kyrk günlük ýoly dört günde geçip bu ýere geldi» diýdi. Ýakup alaýhyssalam oglunyň adyny eşidip, bihuş bolup ýykyldy. Ol huşuna gelip, çün ebri nowbahar ýagşy ýaly gözlerinden zar-zar aglap ýaş akdyrdy. Agraby oňa wakany başdan-aýak beýan edip berdi. Ol agrabynyň ýüzünden we gözünden öpdi. Ýusubyň agalary gelip bu agrabynyň sözlerini eşitdiler. Dostlar şat, duşmanlar mat boldular. Ýakup alaýhyssalam ol agraba «Eý, agraby! Sen meni begendirdiň. Seni hem Hudaýtagala iki dünýäde şady-horram etsin» diýip, ýagşy dileg etdi. Agraby: «Eý, Hudaýtagalanyň pygamberi! Meniň otuz gyzym bar. Emma hiç bir oglum ýok. Siz maňa bir dileg edip berseňiz. Hudaýtagala maňa bir ogul berse?!» diýdi. Ýakup alaýhyssalam oňa dileg etdi. Ol agraby Ýakup alaýhyssalamyň bu dileginiň bereketinden altmyş ogluň atasy boldy.

Ýakup alaýhyssalam bu wakany oglanlaryna aýtdy. Oglanlary bolsa oňa: «Ol agraby aýýar adamdyr. Ol siziň ýagşy dilegiňizi aljak bolup, ýalan sözländir» diýip, ony göwnühoşlukdan dönderdiler.

Elkyssa, Ýusup balagata ýetdi. Aýat: ***«Biz ol kemallyga ýetende oňa hökümeti we ylmy berdik. Biz ýagşy amallary edijilere şunuň ýaly sogap berýäris».***

*Aýdypdyrlar:* Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamy satyn alanda Züleýha ol eziziň nikasyndadyйy».

**Hekaýat.** Ýusup alaýhyssalam arap dilinde käbir dilegleri okardy. Her kim ony eşitse, onuň owazyna maýyl bolardy.

Züleýha: «Seniň owazyň ýagşylygy meniň jan-u-dilimi örteýär. Sen hem maňa arap dilini öwretseň. Seniň okanyňy men hem bilsem» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Sen guly gulluk halynda goý. Onuň özüniň gulluk işine meşgul bolany ýagşydyr» diýdi.

Züleýha Ýusup alaýhyssalamyň başyny ýuwmaly we saçyny daramaly bolsa, bu işi başgalara buýurman özi ederdi. Ol oňa şahana lybaslar geýdirip, tagam iýse çagyryp, onuň bilen bile iýerdi. Ol Ýusupsyz bir gezek hem tagam iýmezdi, bir katra suw damagyndan ötmezdi. Bir gün Züleýha: «Eý, Ýusup! Men näçe ýyldan bäri seniň küýüňde ejiz haldadyryn. Meniň köňlümde hiç kime aýtman ýören bir sözüm bar. Sen şony bilýärsiňmi?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Seniň köňlüňde näme bardygyny men näbileýin» diýdi. Züleýha: «Meniň köňlümde saňa söýgi bar. Men seni gaty söýýärin. Men sabyr edip bilmeýärin. Men näme edeýin?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Sen meni söýýänçäň öz äriňi söý» diýdi. Züleýha bu nazmy aýtdy:

Saňa, eý ýar, mähr goýdum oşol gün aşna boldum,
Bolup bigäne älemden, bary ilden jyda boldum.

Küýüňde bolmyşam seresan, pida eýläp saňa ýüz jan,
Bolup Mejnun kibi haýran, bu ýaňlyg mübtela boldum.

Maňa sen, sen ki dilhahym saňa ýetmes meniň ahym,
Kaýa bakgyl eýa şahym, ajap bagtygara boldum.

Ýusup alaýhyssalam: «Onuň alajy sabyrly bolmakdyr. Sen meniň ýüzüme bakma» diýdi. Züleýha: «Meniň diriligim saňa sabyr etmeklik bilendir. Meniň janymyň hoşlugy seniň datly ysgyňdyr. Meniň gözümiň röwşeni seniň didaryňdyr» diýdi. Ýusup alaýhyssalam Züleýhadan bu sözleri eşidip, onuň

ýanyndan gitdi. Ol gün Ýusup alaýhyssalam onuň ýanyna gelmedi.

Ertesi Züleýhanyň özi Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna geldi we: «Eý, Ýusup! Bossan örän görklenipdir. Onda dürli güller açylypdyr. Nazy-nygmatlary iýmeli wagt bolupdyr. Ýör, biz bossana gireli. Sen miweleri iý, gülleri ysga we bir salym bu gözellige tomaşa et» diýdi.

## Şygyr

Saba esneýur,ýygaç ýaň salar,
Bulut ýyglaýyr, çeçekler güler.

Bu mundag çeçeklikde köňlüm bu gün,
Seniň birle bolup öwünmek tilär.

Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Meniň bossanym Kenganda galdy. Maňa başga bossan gerek däl» diýdi. Züleýha: «Ol bossanda güller suwsuz galypdyr we solupdyr. Sen oňa suw ber» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Solan bossana suw bermeklik bossanyň eýesine degişlidir» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Men seni söýmeklikden ýaňa ýyglap göz ýaşyna gark boldum. Käşgä, men seni görmedik bolsadym! Sen meniň gulumsyň. Sen näme üçin maňa boýun sunmaýarsyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men Taňrynyň guludyryn» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Sen meniň ýakynyma gel. Sen kimden gorkýarsyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men iki haky saklaýaryn. Onuň biri ýaradan Allatagalanyň haky, ikinjisi meni satyn alan eziziň haky. Men olaryň ikisinden hem gorkýaryn» diýdi. Züleýha: «Eger sen gök taňrysyndan gorkýan bolsaň, men hazynamdaky malymy, altyn-kümüşimi, göwherimi garyp-gasarlara sadaka bereýin. Şeýdip, men senden bu günäňi Allatagalanyň dergähinde geçirerin. Eger sen

meniň ärimden gorkýan bolsaň, men oňa şu wagt awy berip öldüreýin. Soňra men bu işimden toba edeýin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Günä iş edip, toba etmeklige mätäç bolandan ol günä işi etmezligiň ýagşydyr» diýdi.

Züleýhanyň gahary gelip: «Sen meniň bu sözümi kabul etmeseň, men seni baga işlemäge ibererin. Men ol ýerde saňa agyr işleri buýraryn. Saňa şunuň ýaly hezzet-hormat, bagtu-döwlet, nazy-nygmat ýaraşmady. Sen bu döwletiň gadyr-gymmatyny bilmediň» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Sen maňa başga näme buýursaň, men şony berjaý ederin. Emma men seniň beýle ýaman işiňe boýun bolmaryn» diýdi.

Züleýha Ýusup alaýhyssalamdan bu bet işi bitmänsoň, ol enekesiniň ýanyna bardy. Ol oňa ýagdaýyny aýdyp berdi. Enekesi Züleýha köp öwütleri berdi. Züleýha olary kabul etmedi we ejizledi. Ol gaýgylanyp, ölüm halyna ýetdi. Onuň garry enekesi ýyglap: «Eý, Züleýha! Maňa köp mal ber. Men ol maly harç edeýin. Belki, sen myradyňa ýetersiň» diýdi.

Züleýha enekesine müň altyn, müň mysgal ýypar, müň agyrlyk kafur, gymmat bahaly iki don berdi. Kempir bu mallary sarp edip, syrçadan bir öý saldy. Ol öýi aýna ýaly ýalpyldap durdy. Ony dürli nagyşlar bilen bezedi. Onuň dört diwaryna Ýusup bilen Züleýhanyň suratyny ýanaşdyryp çekdi. Ol suratlaryň käbirinde Ýusup bilen Züleýha gujaklaşyp, käbirlerinde öpüşip duran ýagdaýdady. Olaryň suratynyň töweregini ýaşyl, gök, gyzyl, sary güller bilen bezedi, küý-zelere kafur, gulap dolduryp goýdy.

*Aýdypdyrlar:* «Ýat kempiri öýe girizmeli däldir. Eger ol haýsy öýe girse, ony bozman çykmaz».

## Gazal

Äriniň belasy, iki älem belasy-kurtka,
Kurtka garrap ölerse, salgyn etini gurtga.

Ýat kurtkany öýüňde görseň başyny kesgin,
Köýdür başyny otga, sowur külüni gartga.

Kurtka niçe garrasyn, tagat kylyp arysyn,
Öý bozgaly tapunsa, bakmaz öňine-artga.

Kurtka bozar müň işi, gaýra düzer dilese,
Anyň deger belasy barça mogolga, sartga.

Bu öýüň gurluşygy tamam boldy. Züleýha inçe we ýuka donlary geýip, özüne zynat berip, mest tawus dek ýasanyp ol öýe baryp oturdy. Ol lybaslaryň daşyndan Züleýhanyň teni görünip durdy. Ol Ýusup alaýhyssalamy çagyrdyp getirdi. Ol öýüň ýedi gapysy bardy. Her bir gapy demir zynjyrlar bilen berkidilýärdi. Ýusup alaýhyssalam her bir gapydan girende, gapyny zynjyrlar bilen berkitdiler. Ol Züleýhanyň oturan öýüne girdi. Ol Züleýhanyň özüne görünmek üçin bezenip oturandygyny gördi. Züleýha ýerinden turup, Ýusup alaýhyssalama salam berdi. Ýusup alaýhyssalam ýüzüni öwrüp, diwara bakdy. Ol diwardaky suratlary görüp başga tarapa bakdy. Onuň gözi ýene şonuň ýaly başga suratlara düşdi. Ol çäresiz bolup Züleýha bakdy. Ýusup alaýhyssalam dyz donunyň baglaryny daňyp başlady. Züleýha: «Ol balagynyň baglaryny çözýändir» diýip, umyt etdi we: «Eý, Ýusup! Seniň gör ne görkli ýüzüň bar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Meniň Taňrym maňa şeýle keşp berdi» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Seniň ne gözel saçyň bar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ol görüň içinde ilkinji döküljek zatdyr» diýdi. Züleýha: «Seniň gör ne owadan gözleriň bar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ol meniň görümiň içinde gurçuklaryň ilkinji iýjek zadydyr» diýdi. Şol sebäpli: «Ýusup alaýhyssalamyň jesedi görde çüýrär, başga pygamberleriň jesetleri hergiz bozulmaz» diýipdirler. Züleýha:

«Eý, Ýusup, maňa bak!» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men ömrümiň ahyrynda görmezlikden gorkýaryn» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Sen eliňi meniň göwsüme goý!» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men dowzah zynjyrlaryndan gorkýaryn» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Seniň men ýaly görklä köňlüň bolmazmy?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Meniň köňlüm bar, emma men Taňrymdan gorkýaryn» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Men seni söýýärin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men Allatagalany söýýärin» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Sen gelip meniň goýnuma gir» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men: «Uçmahdaky ornumy aldyraryn» diýip gorkýaryn» diýdi. Züleýha: «Sen meniň mal berip satyn alan gulumsyň. Sen maňa boýun sunmaýarsyňmy?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ýazyk meniň doganlarymdadyr. Olar meni satdylar» diýdi. Züleýha: «Sen menden näme üçin uzakda durýarsyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men iki hak üçin senden daşda durýaryn. Olaryň biri Hudaýtagalanyň hakydyr. Beýlekisi bolsa meni satyn alan: «Şuny ýagşy sakla» diýen Eziziň hakydyr» diýdi.

Elkyssa, Züleýha näçe jan çekse hem onuň bu myrady hasyl bolmady. Aýat: ***«Ýusup onuň öýündekä ol aýal ony özüne meýil etdirjek bolup köp jan çekdi. Ol aýal işikleri ýapyp: «Sen meniň ýanyma gel» diýdi».***

Bu aýatdaky: «Heýte leke» diýen sözüň hereketleri goýulmadyk ýagdaýynda alty dürli okalyşy bardyr: «heýte leke», «heýti leke», «heýtu leke», «heýtu leki», «heýte leki», «heýti leki» (gel oglan meniň ýanyma, gel gyz men oglanyň ýanyma, men (oglan) geldim sen oglanyň ýanyňa, men gyz geldim sen oglanyň ýanyňa, geldiň sen oglan men gyzyň ýanyma, men gyz geldim sen gyzyň ýanyňa). Onuň ýene üç manysy: «Hä ene leke (eý oglan, men seniň üçindirin)» diýen manysy bardyr. Ýene bu sözüň: Helumme ileýýe mä huwe leke (gel oglan sen meniň ýanyma, mende näme bar bolsa seniň üçindir)» diýen manysy bardyr. Ýene bu söz: «Teheýýeýtu leke (Men oglan

seniň üçin özümi taýýar etdim)» diýen manyny berýär. Eger bu sözi: «Heýtu leke» diýip okasaň, «Eý, töleg, men seniňkidirin» diýmek bolýar. Eger ol sözi: «Heýti leke» diýip okasaň, «Eý, töleg, sen haçana çenli tölegli bolarsyň. Men gyz töleg däldirin, sen oglan tölegsiň, gel tölegiň haky üçin men gyzyň myradyny bitir» diýen many çykýar.

Ýusup alaýhyssalam: «Men Hudaýtagala sygynýaryn. Müsür ezizi meni satyn aldy. Ol maňa ýagşylyk etdi. Men oňa ýamanlyk etmerin. Eger men ýamanlyk etsem, onda özüme sütem etdigim bolar. Özüne sütem edenler Hudaýtagalanyň azabyndan gutulmazlar» diýdi. Aýat: ***«Ýusup: «Men Allatagaladan pena isleýärin. Eýäm maňa köp ýagşylyk etdi. Bozuk işleri edenler Taňrynyň azabyndan gutulmagyň hiç alajyny tapmazlar»*** diýdi.

*Sowal:* Züleýha Ýusup alaýhyssalama köp ýagşylyklary etdi. Näme üçin Taňry: «Ahsana meswäýä («Ol maňa ýagşylyk etdi»)» diýip, Müsür ezizine aýtdy. Näme üçin Taňry Züleýhanyň ýagşylygyna: «Ahsanti meswäýä («Sen gyz maňa ýagşylyk etdiň»)» diýmedi? Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Ol Züleýhanyň hereketini: «Ahsani hawa (Ol gyz nebis islegini ýagşy etdi)» diýdi. Emma Müsür ezizi nebis isleginiň bozuklygyndan päkdi. Züleýha Ýusup alaýhyssalama meýil etdi. Ýusup alaýhyssalam ondan ýüz öwürdi. Ol: «Züleýhany görmäýin» diýip, ýokary bakdy. Ol ýene şonuň ýaly suratlara gözi düşdi. Ondan soňra ol Züleýha bakdy. Ol Züleýhanyň örän görklüdigini gördi.

*Aýdypdyrlar:* «Howadan soň aýal-gyzlarda Züleýhadan görkli zenan ýokdy». Ýusup alaýhyssalamyň köňli oňa meýil etdi. Emma bu aýat: ***«Züleýhanyň meýli myradyny hasyl etmekdi, Ýusubyň meýli bolsa ondan gaçmakdy»*** diýen manydadyr. Züleýhanyň meýli haramdy, Ýusup alaýhyssalamyň meýli halaldy. Züleýha kapyr aýaldy, ol zyna etmekçi boldy. Ýusup

alaýhyssalam pygamberler urugyndandy. Onsoň ol nähili zyna etsin?

*Aýdypdyrlar:* «Züleýhanyň meýli bozuk aýşy-eşretdedi, Ýusup alaýhyssalam: «Müsür ezizi ölse, men muny nika bilen alaryn» diýen meýildedi. Ýusup alaýhyssalamyň meýil etmeginiň sebäbi: onda görk we ýigitlik gaýraty, Züleýhada höwes bardy. Bu gün ol Züleýha meýil etmese, ol erkeklikden bolmazdy.

*Aýdypdyrlar:* «Hemme aýyplardan beterrägi hizlik aýybydyr». Emma käbir alymlar aýdypdyr: «Munuň ýaly ýagdaýda meýil etmeklik Ýusup alaýhyssalam üçin erkeklik nyşanasy däldir. Çünki hemme pygamberler ähli aýyplardan päkdirler. Olarda kiçi aýyplar hem bolmaz. Onsoň bu uly aýyp Ýusup alaýhyssalama nähili rowa bolar?

«Ihsanul-beýan» atly tefsirde[20] şeýle rowaýat getirilipdir: Medine şäherinde Süleýman Ýasar atly görmegeý bir ýigit bardy. Şäheriň aýallary öz ärlerini göwnemän, oňa meýilli boldular. Ol: «Men bir bela sataşaýmaýyn» diýip, Medineden gaçdy we Şama bardy. Ol bu ýerde ornady. Ol ýedi ýyldan soň düýşünde Ýusup alaýhyssalamy görüp: «Sen zenana meýil eden Ýusupmysyň?» diýdi. Ýusup pygamber oňa: «Sen zenanlara meýil etmän gaçan Süleýmanmysyň?» diýdi. Bu delil bilen Ýusup alaýhyssalamyň Züleýha meýilli bolandygy mälim boldy. Emma ol Taňrysyndan burhan gördi we özüni bu işden çekip, abraýyny saklady.

Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam: «Maňa bu dünýäde üç zat söýgüli boldy: ýakymly yslar, musulman aýallar we namaz. Eger Ýusup alaýhyssalam Züleýha meýil etmedik bolsa, Taňry: ***«Biz onuň ýamanlygyny we bihaýalygyny gaýtarmak üçin şeýle etdik»*** diýen manyly aýatyny indermezdi. Ýusup alaýhyssalam meýilli boldy, emma Hudaýtagaladan gorkdy. Biz hem Ýusup alaýhyssalamyň Taňra sygynşy ýaly sygynsak, onuň gutulyşy ýaly azapdan gutularys. Ýusup biziň

muhlis gullarymyzdandy. Hemme pygamberler hem muhlisdiler hem muhlasdylar diýip aýýdypdyr. Aýat: ***«Ol biziň halys yhlasa eýe bolan bendelerimizdendir».*** Beýleki möminler muhlis – yhlaslydyrlar, emma muhlas – halys yhlasly däldirler.

**Hekaýat.** Bir tişi ymam Muhammet ibn Hasan Şeýbana aşyk boldy. Ol aýal ymam Muhammediň geçjek ýoluny saklap oturdy. Birden ymam Muhammet geldi. Ol aýal: «Eý, mömінleriň ymamy! Meniň saňa bir soragym bar. Sen bu öýe gir. Men ony senden soraýyn» diýdi. Ymam Muhammet öýe girdi. Ol aýal onuň yzyndan girdi we öýüň gapysyny berkitdi. Ol aýal ymam Muhammede ýapyşdy. Ymam Muhammet oňa köp öwüt berdi. Ol aýal onuň sözlerini kabul etmedi. Ymam Muhammet: «Meniň buşugasym gelýär. «Jan ajygyndan buşug ajygy gatydyr» diýipdirler. Häzir sen meni goýber. Men ýazylyp geleýin, onsoň seniň myradyňy hasyl edeýin» diýdi. Ol aýal oňa ýazylyp gelmäge rugsat berdi.

Ymam Muhammet daşary çykdy. Ol endamyndan çykan hadasy ýüzüne hem boýnuna sürtdi. Ol ymam Muhammedi bu sypatda görüp köňli sowady we ony ýigrendi. Ol aýal: «Sen munuň ýaly är ekeniň. Tur, meniň ýanymdan git» diýip ony ýanyndan kowup goýberdi. Ymam Muhammet öýüne bardy we birnäçe altyny sadaka berdi. Ol bu bet işden saklanandygy üçin Hudaýtagala şükür etdi.

*Aýdypdyrlar:* «Adamdan iki zat, ýagşylyk we ýamanlyk galar». Eýse, sen görmeýärsiňmi, Züleýha öldi, ýyllar geçdi. Onuň bet işini hemme ymamlar mehraplarda, ähli alymlar minberlerde, hemme mukrylar mahfalda, hemme oglanlar mekdeplerde: ***«Züleýha öýündäki Ýusuby gapylary berkidip, özüniň haram nebsine maýyl etmekçi boldy»*** diýen aýaty okaýarlar. Ondan şunuň ýaly ýaman at galdy. Emma Ýusup alaýhyssalam hakynda ***«Ol biziň halys yhlasly bendelerimizdendir»*** diýen aýaty okaýarlar. Ýusup alaýhyssalamdan munuň ýaly ýagşy at galdy.

Züleýha Ýusup alaýhyssalamy öýe girizende gapylary demir zynjyrlar bilen berkitdi. Ýusup alaýhyssalam muny syzyp, dyz donunyň bagyna düwünler düwdi. Züleýha muny görüp: «Ol dyz donunyň bagyny çözýär» diýip begendi. Onuň öýüniň töründe bir but bardy. Ol onuň üstüni çadyr bilen ýapdy. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Seniň ol üstüni ýapan zadyň nämedi?» diýdi. Züleýha: «Ol meniň çokunýan butumdyr. Men ondan utanýaryn» diýdi. Ýusup: «Sen senemden utanýarsyň. Emma näme üçin Samatdan utanmaýarsyň?» diýdi.

Bagzylar aýdypdyrlar: «Ýusup: «Men bu işi edeýinmi, ýada etmäýin?» diýen pikire düşdi. Çünki guluň öz islegini etmegine özüniň erki bolmaýar. Emma ol burhan gördi. Bu tutaryk hakynda her hili sözler bar: Olaryň biri öýüň burçundan bir owaz geldi: «Eý, Ýusup! Sen ganaty gyrylan guş ýaly boljakmy? Başga guşlar, ýagny pygamberler uçsa, sen ýerde galarsyň. Ýusup alaýhyssalam syçrap ýerinden turdy. Ýene bir rowaýatda: «Diwar ýarylyp Ýakup pygamber häzir boldy. Ol Ýakup pygamber däldi, Jebraýyl alaýhyssalam onuň suratynda bolup gelipdi. Ol: «Eý, Ýusup! Sen pygamberlerden bolup, akmaklaryň işini etjek bolýarmysyň?» diýdi. Onuň hemme şöwheti barmagynyň ujundan çykyp gitdi.

Ýene aýdypdyrlar: «Ýusup alaýhyssalam öýüň diwarynda: «Eý, Ýusup! Zyna etme» diýen ýazgyny gördi». Ýene aýdypdyrlar: «Ýusup alaýhyssalam Züleýhanyň ýüzüne bakdy. Ol onuň gözüne ýüzi gabaran, iki erni sallanan, gözi çakyr, burnunyň deşikleri giň, görksüz bolup göründi. Ol Züleýhany bu sypatda görüp, ondan ýüz öwürdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Meniň bir sözüm galdy. Biraz sabyr et, men ony aýdaýyn» diýdi. Ýusup ýene oňa tarap döndi. Züleýhanyň içi örtenip, bu gazaly üýn tartyp aýtdy:

Jilwe birle salnu çykgan al ýaňaklyg ýany gar,
Gözleri ýyldyz, ýüzi gün, alny gökniň aýydan.

Görsaýur men görküňizi, görgu bolmas gözginäm,
Görk zekatyn berki wajyp kylsa görkiň baýydan.

Gaş atyp köňlümi alan jan golar siz bereýin,
Ol netek aşyk bolar kim gaýtsa magşuk raýydan.

Nägehan bir kubla golsam öfke birle haýkyrar,
Jan berip ölgeý telim jümle kylan haýydan.

Rabguzy gul Nasyreddin tabgy türlük söz düzer,
Gülçiräp usruk öleý, göz baksa guýmaç gaşydan.

Ýusup alaýhyssalam Züleýhadan gaçmaga ýüz urdy. Züleýha ony tutmak üçin ornundan turdy. Ýusup alaýhyssalam gaçdy, Züleýha kowdy. Ýusup alaýhyssalam haýsy gapa ýetse, Hudaýtagalanyň gudraty bilen demir zynjyrlar açylardy. Bular Ýusup alaýhyssalam öňde, Züleýha onuň yzynda kowalaşyp barýardylar. Ýusup alaýhyssalam ýedinji gapa bardy. Bu ýerde Züleýha onuň köýneginiň yzynyň eteginden tutup dartdy. Onuň etegi ýyrtylyp, köýneginiň bir bölegi Züleýhanyň eline geldi. Züleýha ýüzün ýykylyp gitdi, onuň iki dişi döwüldi Aýat: ***«Olaryň ikisi hem gapa tarap ýüwürdiler. Ol aýal onuň köýneginiň art eteginden çekip ýyrtdy. Olar gapynyň daş agzynda ol aýalyň ärine sataşdylar».*** Züleýha ärini görüp saklandy. Müsür ezizi gapynyň daş agzynda köp adamlar bilen otyrdy. Olar bu wakany görüp haýran galdylar.

Züleýha ýazygy özünden göterdi we ony Ýusup alaýhyssalamyň üstüne ýükledi. Ol: «Eý, Müsür ezizi! Seniň gymmat baha satyn alan guluň eden işini gör. Men öýde uklap ýatyrdym. Ol öýe girip gelip nämährem goluny maňa uzatdy. Men

ony kabul etmedim. Ol meniň agzyma urup, iki orta dişimi syndyrdy. Men ony kowalap, seniň ýanyňa geldim. Seniň aýalyňa elini sunanyň jezasy nämedir?» Aýat: ***«Seniň maşgalaňa hyýanat etmegi islän kişiniň jezasy nämedir?»*** diýdi.

**Latyfa.**

Züleýha mejazydy. Ol öz ýazygyny Ýusup alaýhyssalamyň üstüne ýükläp: «Eý, Müsür ezizi! Seniň maşgalaňa hyýanat etmegi isläniň jezasy nämedir?» diýdi. Ol yşky oýanan wagty, dostuny agyrlady. Aýat: ***«Ol aýal (Züleýha): «Men ony özüme meýil etdirmek üçin hereket etdim. Hakykatda ol (Ýusup) dogruçyllardandyr»*** diýdi.

*Aýdypdyrlar:* «Aýalsyz dirilik ýok, aýal bilen hem dynçlyk ýok». Züleýha Ýusubyň başyny bela sokdy. Soňra ol oňa dözmedi. Çünki Müsür ezizi: «Ony öldürer» diýip gaty gorkdy we ärine al salyp, Ýusup alaýhyssalamy zyndana taşlamaklyga ýol görkezdi. Aýat: ***«Onuň jezasy diňe zyndana salmakdyr».*** Züleýha ýene: «Eziz ony zyndana salsa, men onuň ýüzüni görüp bilmerin. Men Ýusupsyz sabyr-takat edip bilmerin» diýip oýlandy. Ol ýene başga bir mekirlige ýüz urdy. Aýat: ***«Onuň jezasy oňa dertli azap bermekdir».*** Ýusup alaýhyssalam özüni Züleýhanyň bela salanyny eşitdi. Ol içinden: «Men geplemän dek dursam, ýazyk meniň üstüme ýüklener» diýip oýlandy we: «Bu maňa aýdylýan ýazygy men etmedim. Ol meni özüne imrikdirdi» diýdi. Aýat: ***«Ol (Züleýha) meni özüne meýil etdirjek bolup hereket etdi».***

Şeýle rowaýat aýdypdyrlar: «Züleýha bir salymyň içinde üç sany mekirlik gurnady. Ilki özünden ýazygy gidirdi we ony Ýusup alaýhyssalamyň üstüne ýükledi. Ol: «Seniň maşgalaňa hyýanat edeniň jezasy nämedir?» diýdi. Soňra ol: «Ony öldürerler» diýip gorkup: «Ony zyndana salmaly» diýdi. Ol ýene: «Men ony zyndana salmaklyga ýol görkezdim. Emma men ony görmesem bagrym tütär» diýip oýlanyp: «Oňa dertli azap bermeli» diýdi. Züleýhanyň bu mekirliklerinden soň Müsür ezizi

Ýusup alaýhyssalama bakyp: «Men seni dünýäniň malyny berip satyn aldym, men saňa ynam etdim, seni ogul tutundym. Meniň ýagşylyklarymy sen ýanut kyldyňmy» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men päkdirin, meniň ýazygym ýokdur. Züleýha maňa meýil etdi. Men ondan gaçdym. Ol meni kowalap daş çykdy» diýdi. Müsür ezizi haýran galdy. Ol Züleýha: «Sen munuň ýaly diýýärsiň, ol bolsa munuň ýaly diýýär. Siziň haýsyňyzyň ýalan sözleýändigiňizi men nähili bileýin?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, eziz! Sen bu işde öteräk oýlan» diýdi. Müsür ezizi: «Eý, Ýusup! Seniň päkligiňe tanyk barmy?»

*Aýdypdyrlar:* «Züleýhanyň Talham atly hyzmatkäriniň dört aýlyk ogly bardy. Ýusup alaýhyssalam sallançakdaky oglany görkezdi. Eziz: «Eý, Ýusup! Sen meniň üstümden güljek bolýarsyňmy? Dört aýlyk oglan nähili sözlär?» diýdi. Bişikden: «Eý, eziz! Maňa ýakyn gel. Meniň sözümde seniň üçin rahatlyk bar» diýen bir owaz geldi. Müsür ezizi oglanyň sözüni diňledi we onuň ýanyna geldi. Aýat: ***«Ol: «Eger Ýusubyň köýnegi yzyndan ýyrtylan bolsa, ol (Züleýha) ýalan sözleýär, Ýusup bolsa dogruçyllardandyr»*** diýip aýtdy.

*Sowal:* Oglan göni güwälik bermedi. Ol: «Züleýha ýalan sözleýär, Ýusup dogrusyny aýdýar» diýmedi. Ol sözüni yşarat bilen aýtdy munuň sebäbi nämedir?

*Jogap:* Mahlugyň – adamyň tanyk – şaýatlary iki hili bolýar. Dogrusyny aýdýan şaýat, ol bir kişä peýdasyny degirýär; ýalan söz bilen güwälik berýän şaýat, onuň sözi bilen bir kişi ryswa bolýar. Emma bu oglan Hudaýtagalanyň dergähindendi. Ýalan sözlemek rowa däl güni ýalan sözleýän şaýat ýüzügara bolar. Bizi ýüzügara etmek Taňrydan rowa bolmasyn. Allatagala Züleýhanyň ýazyk perdesini gönümel açmady, yşarat bilen aýtdy: ***«Eý, Eziz! Özüň bak. Ýusubyň köýneginiň öňi ýyrtylan bolsa Züleýha dogrusyny aýdýar, Ýusup ýalan sözleýär»*** diýip aýtdy.

**Peýda.** Eý, mömin! Öz ýazygyňy başga kişiniň üstüne ýükleme! Eger sen ony özge adama ýükleseň, Hudaýtagala ol oglan ýaly onuň päkdigini aýan eder. Şeýle hem sen kişiniň aýybyny açma! Ýusup alaýhyssalam mejbur bolýança: «Züleýha meni özüne meýil etdirdi» diýmedi. Ol Züleýhanyň aýybynyň üstüni ýapyp sözledi. Züleýhanyň ýazygyny Müsür eziziniň özi aňlady.

**Peýda.** Birini hiç wagt ýamanlama, ol hem seni ýamanlamasyn. Ol wagt Müsür ezizi Ýusup alaýhyssalamyň köýneginiň etegine bakdy, onuň yzynyň ýyrtykdygyny gördi we Züleýha bakyp: «Bu siz aýallaryň mekridir. Siz özüňizi päkläp, mertebeläp, başga kişä günä ýükleýärsiňiz» diýdi. Aýat: ***«Ol onuň köýneginiň yzyndan ýyrtylandygyny görüp: «Bu siz aýallaryň mekir-hilesidir. Elbetde, siziň hiläňiz uludyr»*** diýip aýtdy.

*Aýdypdyrlar:* «Aýallaryň mekirligi şöhwet bilen goşulşanda has uludur. Emma şeýtanyň mekirligi Allatagalanyň zikri bilen gowşakdyr. Hudaýtagala muny Gurhanyň içinde Müsür eziziniň: «Elbetde, siz aýallaryň mekirligi uludyr» diýen sözi bilen habar berýär. Ol şeýtanyň mekirliginiň gowşakdygyny: ***«Hakykatda şeýtanyň mekirligi ejizdir»*** diýen aýat bilen delillendirýär.

*Sowal:* Näme üçin aýallaryň mekirligi uly, şeýtanyň mekirligi ejiz boldy?

*Jogap:* Aýallaryň mekirligi açyk we uly bolar. Olar mekirlik edende müň aýat okasaň hem yzyna gaýtmaz. Emma şeýtanyň mekirligi örtülgi we ejiz bolar. Çünki şeýtan Allatagalanyň adyny eşitse gaçar. Ýene bir jogap: Şeýtan mekirlik edende ýalňyzdyr. Bu sebäpden onuň mekirligi ejiz bolar. Emma aýal mekirlik edende oňa şeýtan goldaş bolar. Bu sebäpden onuň mekirligi güýçli bolar.

Ýusup alaýhyssalamyň päkligi aýan boldy. Ol: «Päkligimi artdyraýyn» diýip görenini, eşidenini sözläp başlady. Müsür ezizi: «Eý, Ýusup! Bes et! Züleýhany mundan artyk ýüzügara

etme. Iliň dilini biziň üstümize öwürme» diýdi. Ol Züleýha: «Men ýazygyňy senden geçirdim. Sen toba et. Allatagaladan ýazygyňy geçirmegini dile. Mundan beýläk munuň ýaly işleri etme we ýüzüň suwuny dökme» diýdi. Aýat: ***«Eý, Ýusup! Sen bu işden eliňi çek. Eý, Züleýha, sen öz günäň geçilmegini sora. Hakykatda, sen hata iş edijilerden bolduň»*** diýdi. Müsür ezizi Ýusuba we Züleýha: Eý, Ýusup! Sen bela ilindiň. Sabyrly bol, ýagşy adyň çyksyn. Eý, Züleýha! Sen erksiz bolup, köňlüňi aldyrdyň. Toba et. Taňryň seniň ýazygyňy geçirsin. Eý, Ýusup! Sen bu sözi goý. Mundan soň bu barada sözleme. Ýamanlyk ýüze çykmasyn. Eý, Züleýha! Ýazyk seniň özüňde. Sen ýazygyňy özgäniň başyna ýükleme. Sen munuň ýaly iş etme. Sen meniň hormatymy-hakymy sakla» diýip edep öwretdi. Şundan soň Müsür ezizi çykyp gitdi.

Züleýha: «Eý, Ýusup! Sen gaçmadyk bolsaň, men bu ýagdaýa düşmezdim. Indi, men bu başymy nirä alyp ýörärin?» diýdi. Ýusup: «Eý, Züleýha! Sen utanç-haýaňy saklamadyň. Maňa näme söz aýdylan bolsa, siz hem eşitdiň. Sen Hudaýdan gorkmadyň, mahlukdan uýalmadyň» diýdi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Men seniň maňa datdyran zäheriňi, saňa hergiz içirmän goýmaryn» diýdi.

Elkyssa, Züleýhanyň haly gün-günden erbetleşdi. Onuň gijesine ukusy, gündizine aramy ýokdy. Onuň Ýusuba bolan yşgy güýçlendi. Bu wakany Müsür uluglarynyň aýallary eşitdiler. Olar: «Züleýha öz guluna aşyk bolupdyr, guly oňa boýun sunmandyr» diýip Züleýhanyň gybatyny etdiler. Aýat: ***«Şäheriň birnäçe aýallary: «Müsür eziziniň aýaly öz guluny özüne maýyl etmekçi bolup hereket edipdir»*** diýdiler».

*Aýdypdyrlar:* Ol aýallar alty sanydy. Weziriň aýaly, hajybyň aýaly, hazynaçynyň aýaly, bowurçynyň aýaly, aktaçynyň aýaly we zabytyň aýaly. Bular Müsür ezizinden soň patyşa ýakyn bolan adamlaryň aýallarydy. Ol aýallar Züleýhanyň ýanyna gelip-giderdiler. Züleýha hem olaryň ýanyna barardy.

Züleýha Ýusup alaýhyssalama aşyk bolansoň: «Bulara meniň syrym açylmasyn» diýip, ol aýallaryň ýanyna barmagyny kesdi. Züleýhanyň söýgüsi gün-günden güýçlendi. Ol aýallar muny eşidip, Züleýha göripçilik edip başladylar. Aýat: ***«Ol (Züleýha) ol aýallaryň özi hakyndaky hilegärçilikli gürrüňlerini eşidip, olary çagyrmak üçin adam iberdi we olara mejlis taýyn etdi»***. Bu aýatdaky «muttaka'an» sözüniň üç dürli okalyşy bardyr. Onuň hemze bilen «muttaka'an» diýlip okalmagynda «oturmak, daýanmak üçin ýer» diýen manysy bar. Onuň teşdit we med bilen «muttaka'an» diýlip okalmagynda «tagamy pyçak bilen kesmek» diýen manysy bar. Onuň hemzesiz, medsiz «muttakan» diýip okalmagynda «gawun» diýen many bardyr. Züleýha bu zatlaryň baryny anytdy.

Ol kyrk aýal çagyrdy. Bu alty aýaly olaryň arasynda oturtdy. Ol aýallara aş berdi, olar bolsa tagamy iýdiler. Züleýha alty tabak getirtdi we olary ol alty aýalyň öňünde goýdy. Ol bu alty tabagyň her birinde turmak, gawun we bir ýiti pyçak goýdy. Ol: «Eý, meniň joralarym! Siz köp ýyllardan bäri maňa tapyg etdiňiz we meniň aşymy, nygmatymy iýdiňiz. Bu gün meniň sizden bir dilegim bar. Siz ony maňa berermisiňiz?» Olaryň hemmesi ör turup, soňra ýükünip ýeri öpdüler we: «Eý, Züleýha! Sen näme isleseň, biz şony edeli» diýdiler. Züleýha alty aýala: «Siz altyňyz çadyryňyzy geýiň, ýüzüňizi örtüň we pyçagy eliňize alyň. Meniň dostum Ýusup gelende meniň göwnüm üçin bu etlerden hem gawunlardan kesip, onuň agzyna salyň. Kim tizräk deprense we ulurak kesip Ýusubyň agzyna berse, men oňa uly halat-serpaý ederin» diýdi. Ol alty aýalyň hemmesi Züleýhanyň bu teklibini kabul etdiler. Aýat: ***«Ol (Züleýha) aýallaryň her birine bir pyçak berdi».*** Soňra Züleýha: «Ýusup bu ýere, aýallaryň ýanyna çykyp gelsin» diýip, bir kişini iberdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men Züleýhanyň sözüni syndyrmaýyn» diýip, çykyp geldi. Aýat: ***«Ol (Züleýha): «Kalet uhruj aleýhinne»*** diýip aýtdy.

*Aýdypdyrlar:* «Uhruj» sözi dil bilen aýdyldy. «Aleýhinne» sözi Züleýhanyň köňlünden çykypdy. Ýogsa, Ýusup alaýhyssalam aýallaryň ýanyna çykmazdy. Bu ýerde Hudaýtagala Züleýhanyň dil bilen aýdan sözünden we köňlünde oýlan sözünden habar berýär.

Aýallar Ýusuby gördüler. Olar ony hormatladylar. Aýat: ***«Aýallar ony görenlerinde haýran galdylar».*** Olar göýä gündüzine bulutdan çykan günüň nuruny gören ýaly boldular.

Pygamber alaýhyssalam: «Men magraç gijesinde Ýusuby dolan aý ýaly görkli gördüm» diýip aýdypdyr.

Kim Ýusuby görse, onuň ýüzünde aýnada özüni gören ýaly öz keşbini görerdi. Onuň ýüzi ak, görkli, saçlary buýra-buýra, giň gözli, inçe billi, ajaýyp bilekli, doly injikli, tegelek başlydy. Ol gülse dişlerinden nur erinleriniň daşyna çykýardy. Ýusup alaýhyssalam öýden çykanda, aýallar onuň agzyna et salmak üçin aşygyp pyçak bilen et kesip başladylar. Olaryň gözleri Ýusupda boldy. ‚Bir göz bilen iki işi bitirip bolmaz». Olaryň gözleri Ýusuby görýär, dilleri bolsa ony öwýär. Ol alty aýalyň her biri bir beýt aýtdy.[21]

*Birinji aýal aýtdy*:

Dolan aýy görseň, dogar, güýmeýär,
Aryg hüýri gördi, üleş oýnaýur.

*Ikinji aýal aýtdy*:

Hamul Aýy gören, ýagyr ýer üze,
Aýagyn ýörerde köňül bölgeýur.

*Üçünji aýal aýtdy*:

Adyz Gökde aýny ýaratdy Izi,
Bu gün görse aýga gelip döneýur.

*Dördünji aýal aýtdy*:

Tişilerin awlar Müsür ilinde,
Tutup gynaýurda gözi gaýnaýur.

*Bäşinji aýal aýtdy*:

Bu oglany satmyş garyndaşlary,
Bu güýçni muhasyp kaçan sanaýur.

*Altynjy aýal aýtdy*:

Ýalawaç urugy üçin bu aryg,
Onyň munça teňlik Izi sanaýur.

Olar Ýusup alaýhyssalamdan gözlerini aýryp bilmediler. Olaryň dilleri ony öwdi, elleri et kesmegiň deregine barmaklaryny kesdi. Olar: «Meniň ýanyma gel. Men joramdan owadandyryn» diýdiler. Olar Ýusup alaýhyssalamyň görküne haýran boldular we ellerini kesendiklerini duýman galdylar. Olaryň geýimleri gana bulandy. Aýat: ***«Ol aýallar ellerini gyýym-gyýym etdiler».*** Bir sözde: «Olar ellerini ganatdylar» diýip aýdypdyrlar. Katada (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!): «Olar barmaklaryny kesdiler» diýip aýdypdyr. Mujahyt (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!): «Olar ellerini bileklerine çenli kesdiler. Olar gözleri, köňülleri bilen Ýusup alaýhyssalamyň jemalyny görüp, agyryny duýmadylar» diýip aýdypdyr. Wahp ibn Munabbih (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) aýdypdyr: «Olar kyrk aýaldy. Olardan dokuzysy öldi».

*Aýdypdyrlar:* Bu aýatyň we «katta‘na eýdiýehinne» diýen jümlesindäki «katta‘na» sözüniň teşdidli okalan ýagdaýynda «gyýym-gyýym» etdiler» diýen manysy bar. Emma «kata‘na» diýip teşdidsiz okalsa «kesdiler» diýen manyny berýär. Olar: «Subhanallahi (Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir)! Aýat: ***«Bu adamzatdan däldir. Bu Taňrynyň hormatly perişdesidir»*** diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalam ol görk bilen çykyp geldi. Ol aýallara bakmady we olar bilen sözleşmedi.

Käbir karylar bu aýatyň «beşerun» sözüniň şin harpyny we «melekun» sözüniň lam harpyny astyn edip, ýagny «beşirun» we «melikun» görnüşinde okapdyrlar. Bu ýagdaýda ol aýatdan: «Ol bu görk we bu gylyk bilen satylan gul däldir. Ol hormatly patyşadyr» diýen many gelip çykýar.

Züleýha aýallaryň ellerini kesendiklerini gördi. Ol Ýusup alaýhyssalama: «Öýe gir» diýdi. Ýusup alaýhyssalam öýe girdi. Züleýha ol aýallara: «Siz elleriňize bakyň» diýdi. Aýallar ellerine bakdylar we olar elleriniň barmaklarynyň hem bilekleriniň bogunlaryndan kesilendigini we donlarynyň gana bulanandygyny gördüler. Züleýha: «Siz ony bir gezek görüp elleriňizi kesdiňiz. Men ony erte-giç görüp ýörsem, nähili sabyr edeýin. Onsoň men oňa nähili aşyk bolmaýyn?» Aýat: ***«Siz meni şu oglan sebäpli aýypladyňyzmy?»*** diýdi.

«Kebelek çyrany görüp, özüni oda köýdürýär, başgalar bolsa ony munuň üçin aýyplaýarlar» diýip aýdypdyrlar. Züleýhany aýyplan aýallar kebelegiň oda gelip köýşi ýaly, Ýusuby görüp yşk çyrasyna köýdüler. Şahyr şeýle şygyr aýdypdyr:[22]

Oduň ýagtysyn gören kebelek geler oňa,
Oň daşynda aýlanyp, özün oda urar.

Züleýha aýyp ýapanlaryň sözün aýdaýyn:
«Bu oglan sebäpli bular azap berer».

Züleýha: «Siz öz guluna aşyk boldy» diýip, maňa aýyp ýüklediňiz. Emma men ol gulumdan dänmerin. Men Ýusuby öýe çagyrtdym, öýüň gapylaryny berkitdim we onuň etegini ýyrtdym. Aýat: ***«Men Ýusuby özümiň haram nebsime maýyl etmekçi boldum. Ýusup maňa boýun sunmady. Ol özüni saklady.*** Ýusup hem görklüdir, hem päkdir, hem takwadyr,

hem alymdyr. Men ony öz ugruna goýmaryn. Men ryswa boldum. Bu wakany il eşitdi. Meniň ýüzümiň suwy döküldi». Aýat: ***«Eger ol meniň diýenimi etmese, ol zyndana salnar. Onsoň ol hor-homsulardan bolar»*** diýdi. Ol aýallar Züleýha: «Sen bu işi bize goý. Biz ony zyndan bilen gorkuzaly» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam Züleýhanyň özüni zyndana saljak bolýandygyny we ol aýallaryň bolsa özüni zyndan bilen gorkuzjak bolýandyklaryny bilip: ***«Eý, Taňrym! Şu wagta çenli bir aýal bardy, indi ýene oňa alty aýal goşuldy. Olar ýedi, men ýeke bolup, olara näme alaç edeýin? Men bularyň islegini berjaý edenimden, zyndana girenim ýagşyrakdyr»*** diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Allatagala meniň ol garyndaşyma rehim etsin! Ol gün Ýusubyň ornuna men bolan bolsam, zyndany oňlamazdym. Men şeýle aýdardym: «Eý, Taňrym! Meni zyndandan we bu aýallaryň belasyndan öz penaňda sakla» diýip aýtdy.

*Aýdypdyrlar:* Ol alty aýalyň Ýusup alaýhyssalamy zyndana saldyrmakdan maksatlary ony Züleýhadan daşlaşdyrmakdady. Olar: «Biz her wagt baryp, Ýusuby taparys, onuň görkli ýüzüni görüp doýarys» diýip oýlandylar.

Ýusup alaýhyssalam mynajata gol göterip: «Eý, Taňrym! Bu aýallaryň mekrinden saklamasaň, men olara tarap meýil etsem, men günäkärlerden bolaryn» diýdi.

*Sowal:* Ýusup köp jepalary gördi. Allatagala Züleýha bilen Müsür ezizine jepalary görkezmedi. Muňa sebäp nämedir?

Jogap: Allatagala zyndana bir weli guly girizipdi. Ol guluň köňlünde Ýusuba söýgüsi bardy. Ol: «Eý, Taňrym! Maňa Ýusubyň jemalyny görkez» diýip dileg etdi. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi.

Müsür ezizi Ýusubyň päkligini we dürslügini, şeýle hem bu haramzadalygyň we hiläniň Züleýhadandygyny bildi. Emma ol bu zatlar barada hiç zat diýip bilmedi. Ol ahyry çykgynsyz ýagdaýa düşüp: «Meniň özüm iki arada ýüzügara bolup

galaryn» diýip, Ýusubyň boýnuna, gollaryna hem aýaklaryna zynjyr salyp, zyndana iberdi. Ol weli Ýusup alaýhyssalamy gördi we maksadyna ýetdi.

*Aýdypdyrlar:* Züleýhanyň Ýusup alaýhyssalamy zyndana salmakda: «Meniň sözüm il arasyna ýaýyldy. Men indi Ýusuby öňki ýaly görüp bilmerin. Eger men ony görüp bilmejek bolsam, özgeler hem ony görmesinler» diýen, maksady bardy.

*Aýdypdyrlar:* Müsür ezizi hem, Züleýha hem Ýusup alaýhyssalamdan gören zatlaryny özgelerden görmediler. Etek ýyrtylmagy, ýaş çaganyň güwälik bermegi, aýallaryň elleriniň kesilmegi, aýallaryň: «Bu adamzat däl» diýmegi, Ýusup alaýhyssalamyň päkligi. Şonuň üçin olar ony zyndana salmak islediler.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalamy zyndana getirdiler. Zyndançy: «Ýusubyň donuny çykaralyň we kemerini çözeliň» diýdi. Züleýha muňa göwnemedi. Onuň başynda Müsür sellesi, bilinde altyn gur we egninde gymmat bahaly don bardy. Züleýha: «Bu kişi zyndanda ýörär ýaly ýazykly adam däl. Biz muny halaýykdan gizleýäris» diýdi. Zyndany arytdylar, hoşboý ysly zatlary oňa sepdiler, halylary düşediler we onuň üçin tagt gurdular.

Ýusup alaýhyssalam zyndana girdi. Zyndanyň içi ýagty boldy. Zyndanyň halky muňa begendi. Ýusup alaýhyssalam bir munguşda namaza durdy. Ol namaz okandan soň ýyglady, zyndanyň halky hem muňa bile ýyglaşdylar. Ýusup alaýhyssalam gündiz oraza tutardy we gije namaz okardy. Ol iglilere em ederdi, säher wagtynda bolsa ölen enesine dileg ederdi, atasynyň zaryny çekip ýyglardy we kim düýş görse, onuň ýorgudyny aýdyp bererdi.

*Sowal:* Ol düýşüň ýorgudyny zyndanda nähili bilerdi?

*Jogap:* Ýusup alaýhyssalam namaz okap duran wagty Allatagala Jebraýyl perişdäni iberdi. Ol üzüme meňzeş miwäni getirdi we ony Ýusup alaýhyssalamyň dodagynyň üstünde

goýdy. Ol miwe onuň agzynda eredi we onuň hemme damarlaryna ýaýrady. Ol düýşüň ýorgudyny onuň bilen bildi. Zyndanyň halky Ýusup alaýhyssalam bilen öwrenişdiler.

**Rowaýat:** Allatagala zyndanda iki top daragt ösdürdi. Olaryň birinden iýmäge tagam, beýlekisinden bolsa içmäge şerbet peýda boldy. Zyndanyň halky muňa şat boldular. Olar Ýusup alaýhyssalama hezzet-hormat ederdiler. Olar zyndanyň bisatlaryny arassalap durardylar.

Müsür halky dürli tagamlary getirip, Ýusup alaýhyssalamy görmäge gelerdiler. Ýusup alaýhyssalam ol tagamlary zyndandakylara bererdi. Zyndan halky: «Eý, Ýusup! Biz seni söýýäris» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Na‘uzu billäh! Atam meni söýdi, men guýa düşdüm. Azat adamdym, gul boldum. Züleýha meni söýdi, zyndana düşdüm. Indi siz meni söýseňiz, meniň başyma nähili günler düşerkä?» diýip, köp ýyglady.

Ol ertesi namaz okap bolandan soň mähraba arkasyny berip, zyndan halkyna ylym öwredip otyrdy. Birden iki sany ýigidi zyndana getirdiler. Aýat: ***«Ýusup bilen zyndana iki sany ýigit girdi».***

Ol ikisiniň biri Reýýan patyşanyň aşpezi, ýene biri bjlsa onuň atbakarydy. Bir sözde: «Aşpeziň ady Malsa, käbir rowaýata görä Şubhakum, seýisiň ady bolsa Sanwa eken» diýip aýdypdyrlar.

*Sowal:* Ol ikisiniň zyndana girmegine sebäp nämedi?

*Jogap:* Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdypdyr: Rum patyşasy Müsür patyşasyna: «Sen bize haraj ber we biziň adymyza pul çykar» diýip, ilçi iberdi. Ol ýene ilçä: «Reýýan patyşany awy içirip öldürer ýaly adam tapsaň, oňa sen mal ber. Goý, onuň ili bize galsyn» diýip tabşyrdy.

Ilçi Müsüre gelende gün giç bolup galdy. Ol gonmaga öý gözledi. Ol işikde oturan bir kurtkany görüp, oňa: «Eý, kempir! Meni gonak kabul etmermisiň?» diýdi. Kempir: «Meniň ýaly

kempire myhman bolmak isleseň, düşläý» diýdi. Ol gonak düşüp, aş iýdi. Emma ol atyny baglamaga ýer tapmady. Kempir muňa gaýgylanyp: «Biziň patyşamyza Taňry ölüm bersin» diýdi. Myhman: «Patyşa gargamak gelşiksiz bolar» diýdi. Kempir: «Meniň öýümiň töwreginde açyk ýerim bardy. Ol ony meniň erkimden aldy. Indi, men bir myhmanyň atyna ýer tapmaýaryn» diýdi. Myhman kempiriň patyşadan närazydygyny bildi. Ol kempire: «Biz iki bolup patyşa awy berip bilmerismi?» diýdi. Kempir: «Patyşanyň bir seýisi, ýene bir aşpezi bar. Olar meniň öýüme gelýärler. Sen olara mal berseň, belki olar bu işi bitirerler» diýdi.

Ol ikisi ertesi kempiriň öýüne geldiler. Kempir olara bu sözi aýtdy. Ilçi olara mal teklip etdi. Aşpez bu işi bitirmegi göwnedi, seýis bolsa göwnemedi. Ilçi olara pul-mal bermekçi boldy. Kempir: «Bu iş bitse, Reýýan patyşa ölenden soňra Rumdan leşger gelip, halky emgeder. Adamlar öler. Onsoň men kyýamata çenli ýazykly bolaryn» diyip oýlandy. Kempir bu ýagdaýdan gorkup, bularyň hyýallary barada Reýýan patyşa habar berdi. Reýýan patyşa bu ikisini öz ýanyna getirdip: «Men siziň ikiňiziň maňa hyýanat etjek bolýandygyňyz baradaky habary eşitdim» diýdi. Seýis: «Menden hiç bir hyýanaty güman etmäň. Men päkdirin. Emma aşpez saňa hyýanat etmekçi boldy» diýdi. Bu söz bilen patyşa bularyň ikisinden hem bigüman boldy. Ol: «Bu ikisine näme çäre göreli?» diýip, Müsür ezizine geňeşdi. Müsür ezizi oňa: «Adamy öldürmek aňsatdyr, emma ony direltmek kyndyr. Bulary zyndana salmak gerek» diýip maslahat berdi. Şeýlelikde aşpez bilen seýis bu sebäp bilen zyndana düşdüler. Aýat: ***«Ýusup alaýhyssalam bilen deň zyndana iki sany ýigit girdi».***

Ol ikisi Ýusup alaýhyssalamyň düýş ýorýandygyny gördüler. Ol ikisi: «Biz hem düýş gördük diýip, oňa ýalan söz aýdaly, Ýusup ony nähili ýorarka?» diýip geňeşdiler. Olar Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna gelip, salam berdiler, ol bularyň sala-

myna jogap gaýtardy. Ol ikisi: «Eý, Ýusup! Biz hem düýş gördük. Sen ony bize ýorup berseň?!» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Düýşüňizi aýdyň» diýdi. Seýis: «Düýşümde men üzüm iýdim. Ondan üç däne çykdy. Men ol däneleri ýere dikdim. Olardan gögerip, üzüm çykdy. Üzüm ösüp agaç boldy we hasyl berdi. Men ol üzümi sykyp, suwuny aýagyma sepip, asmana galdym» diýdi. Aýat: ***«Iki ýigidiň biri: «Men düýşümde özümiň üzümden şerap sykyp duranymy gördüm»*** diýdi.

Aşpez: «Men düýşümde üç sany tamdyr gördüm. Olaryň biri ak, biri gara, biri gyzyl. Men üç gezek etmek bişirdim. Olary kellämiň üstünde göterdim. Howadan guşlar gelip, çörekleri çokup-çokup iýdiler» diýdi. Aýat: ***«Ol ýigitleriň beýlekisi: «Men düýşümde depämiň üstünde çörek göterip durandygymy we ondan guşlaryň gelip iýendigini gördüm»*** diýip aýtdy. Aýat: ***«Ol ikisi: «Sen bize bu düýşüň ýorgudyny aýdyp ber. Çünki biz seni ýagşy adamlardan hasap edýäris»*** diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam bularyň özüni: «Sen ýagşy adamlardan» diýip öwýändigini we bularyň biriniň düýşüniň gowudygyny, beýlekisiniň düýşüniň bolsa ýamandygyny gördi. Ol öz-özüne: «Men bulary ilki imana ündäýin, bular musulman bolsunlar. Olar ýaman ýorguda duş bolup ölseler, imanly bolup ölsünler» diýdi we: «Eý, seýis! Ol üzüm akmydy, gyzylmydy, süýjümidi, ajymydy. Onuň idişi nähilidi? Bu zatlaryň hemmesini men size aýdyp bereýin» diýdi. Olar: «Gap biziňki, aş biziňki. Biz ony bilmeýäris. Sen ony nireden bilersiň?» diýip aýtdylar. Aýat: ***«Ýusup: «Men siz ikiňize her günki iýgi-içki rysgalyňyz gelmänkä, düýşüňiziň ýorgudyny aýdyp bereýin (ýagny onuň reňkini, haçan geljegini we mukdaryny size aýdyp bereýin). Meniň size habar berjek zatlarym Taňrymyň öwreden zatlaryndandyr»*** diýdi.

Olar: «Sen bu keramaty nireden tapdyň?» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Men kapyrlygy goýdum» diýdi. Aýat: ***«Men Allatagala iman getirmedik milletiň ýoluny terk etdim»*** diýdi.

Olar: «Sen olaryň ýoluny goýan bolsaň, indi haýsy ýol bilen ýöreýärsiň?» diýip aýtdylar Ol: «Men atamyň ýoly bilen ýöreýärin» diýdi. Aýat: ***Ol: «Men ata-babalarym Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň ýoluna düşdüm» diýdi.*** Olar: «Seniň atalaryň bu ýoly nämeden tapdylar?» diýdiler. Ol: «Olar Hudaýtagala hiç bir zady ortak (şärik, ýoldaş) etmediler. Aýat: ***«Hudaýtagala bir zady şärik etmeklik bize dürs däldir»*** diýdi. Ol ýene: «Bu Allatagalanyň bize eden mähribanlygy we sahylygydyr. Şeýle hem bolsa adamlaryň köpüsi Oňa şükür etmeýärler. Aýat: ***«Eý, zyndandaky meniň iki ýaranym!»*** Ýaradylan taňry ýagşyrakmy ýa-da ýaradan Alla? Siz özüňiz butlary ýonýarsyňyz. Olary: «Taňry» diýip atlandyrýarsyňyz. Olaryň ýaradandan hiç hili tutarygy ýok. Aýat: ***«Allatagala olara ybadat eder ýaly hiç hili güwälik inderen däldir. Höküm etmeklik diňe Allatagala degişlidir»*** diýdi.

Ondan soň Ýusup alaýhyssalam seýse: «Eý, seýis! Seniň düýşüň ýorgudy şeýledir: Üç günden soň seni zyndandan çykararlar. Seni hormatlap baýaky seýislik käriňe goýarlar» diýdi. Seýis begendi. Ýusup alaýhyssalamyň aşpeziň düýşüni ýormaga dili barmady. Aşpez: «Eý, Ýusup! Meniň düýşümiň ýorgudy nähilidir?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Seni hem üç günden soň zyndandan çykararlar. Emma seni dara asarlar, gurt-guşlar gelip seni çekeläp-çekeläp iýerler» diýip aýtdy. Aýat: ***«Emma beýlekiňiz dara çekiler, onuň başyndan guşlar iýerler».*** Bular bu ýorguda gaýgyly boldular we: «Biz bu düýşleri ýalandan aýtdyk» diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam: «Siz aýtdyňyz, men bolsa ýordum. Höküm ýöredi, kaza edildi, indi başga söz bolmaz». Aýat: ***«Siziň soraýan zadyňyza Allatagalanyň dergähinde höküm çykarylyp goýlupdyr»*** diýdi.

Üç günden soň bularyň yzyndan geldiler. Seýsi zyndandan çykardylar we ony hormatlap öňki işine goýdular. Aşpezi dara asyp öldürdiler.

Seýsi zyndandan çykarjak bolanlarynda Ýusup alaýhyssalam oňa: «Sen patyşa duşanyňda meni ýadyňa sal we patyşa meniň zyndanda nähak ýatandygymy düşündir. Men hem bu ýerden halas bolaýyn» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* ***«Ýusup alaýhyssalam seýisden bu haýyşy edende Jebraýyl perişde geldi we: «Eý, Ýusup! Seni kim ýaratdy?» diýdi. Ol: «Meni Allatagala ýaratdy» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýene: «Seni doganlaryň elinden kim gutardy?» diýip sorady. Ol: «Allatagala gutardy» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýene: «Seni aýallaryň mekirinden kim saklady?» diýip sorady. Ol: «Allatagala saklady» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Allatagala saňa şunça ýagşylyk etdi. Indi sen Ony goýup, başgadan halaslyk isleýärsiňmi? Sen seýse: «Sen meni hökümdaryň ýanynda ýatla»*** diýýärsiň. Men Allatagalanyň hak-hormaty üçin seniň seýse eden bu haýyşyňy oňa unutdyraryn. Sen köp ýyllar zyndanda galarsyň» diýdi. Aýat: ***«Şeýtan seýse hökümdaryň ýanynda Ýusup hakynda ýatlamagy unutdyrdy. Ýusup birnäçe ýyl zyndanda oturdy».*** Şeýtan Ýusup alaýhyssalamyň haýyşyny seýsiň huşundan gidirdi we ol ýedi ýyl zyndanda boldy.

*Sowal:* Allatagalanyň şeýtanyň üsti bilen Ýusup alaýhyssalamyň eden haýyşyny seýse unutdyrmagynyň sebäbi nämedir?

*Jogap:* Sebäp şeýledir. Seýis onuň haýyşyny unutman, ony patyşa aýtsa, Ýusup alaýhyssalamy zyndandan çykarsalar, seýis: «Men patyşa aýtdym. Men seni zyndandan çykartdym» diýip, patyşa hem: «Seni zyndandan çykardym» diýip minnet ederdi. Allatagala olaryň minnetini Ýusup alaýhyssalama rowa görmedi. Ol ony öz mähribanlygy we rehmeti bilen zyndandan çykardy. Minnet Allatagalanyň özünden boldy.

Hoja Ysmaýyl Merjeni (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) aýdypdyr: Züleýha her gije zyndanyň ýanyna gelip

oturardy. Ýusup alaýhyssalam ybadat ederdi. Ýöne, bu ikisiniň gatnaşygy ýokdy. Züleýha daň atanda öýüne giderdi.

Bir gün Jebraýyl alaýhyssalam geldi we oňa: «Bismillähi-r-rahmäny-r-rahym. Ýa ekbera kulli kebirin we ýa men lä şerike lehu we ýa lä nazyra lehu we ýa men huwe alä kulli şe'in kadirun we ýa halikaş-şemsi wel-kamaril-muniri we ýa razikat-tyflis-sagyri we ýa rahimaş-şeýhil-kebiri we ýa muhaýiýal-mewti we huwe aleýhi ýesirun we ýa muýessira kulli asirin. Ijgalni min emri ferajen we mahrajan»[23] diýen dilegi öwretdi.

Ýusup alaýhyssalam bu dilegi okady. Bir perişde gelip oňa: «Reýýan patyşa düýş görer. Hiç kim ony ýorup bilmez. Onsoň ony senden soramak üçin kişi ibererler. Şonda sen özgeleriň minneti bilen däl-de, eýsem Allatagalanyň rehmeti bilen zyndandan çykarsyň» diýip habar berdi.

«Reýýan» sözüniň manysy «Suwdan ganan» diýmek bolar. Bir gije Reýýan patyşa wezir-wekilleri bilen uzak wagt oturdy. Ol köp iýip-içdi. Ol olaryň köp hekaýatlaryny diňledi. Ahyry onuň ukusy gelip ýatdy we bir düýş gördi. Ertesi ol mugabbirleri ýygnap: «Men düýşümde deňziň gyrasynda otyryn. Deňizden sary reňkli, ýüzleri ak, emjeklerinden süýt gelip duran ýedi sany semiz, görkli sygyr çykdy. Men ýene arryklygyndan ýaňa süňkleri görnüp duran ýedi sany sygyr gördüm. Olaryň görki ýaman, emjeklerinde bolsa süýt ýok.

Olaryň erinleri ýarylan, dişleri doňzuň dişi ýaly, burunlary piliň burny ýaly. Ýedi arryk sygyr ýedi semiz sygra topuldylar. Semiz sygyrlar olardan gaçdylar. Arryk sygyrlar olaryň yzyndan ýetip iýdiler. Olaryň gursagynda hiç zat görünmedi. Men bulara haýran bolup otyrkam, deňizden önen ýedi baş gök bugdaýy gördüm. Olaryň hemmesiniň boýy deň. Ol arryk sygyrlar bugdaýlary iýmäge bardylar. Ol sygyrlar bugdaýlary iýmänkä ýene ýedi baş gury bugdaý deňizden çykdy. Ol gury bugdaýlar ýedi gök bugdaýa çolaşyp, olary guratdylar. Men muňa haýran bolup turamda bir ýel gopdy. Ol ýel ýedi baş gury bugdaýy,

ýedi sygry ýok etdi. Men muny görüp gorkdum we oýandym. Siz meniň bu düýşümiň ýorgudyny aýdyň» diýdi. Aýat: ***«Eý, wezir-wekiller! Gurrandazlar! Düýş ýorujylar! Eger siz düýş ýorup bilýän bolsaňyz, meniň bu düýşümiň ýorgudyny aýdyň».*** Gurrandazlar bu düýşüň ýorgudyny bilmediler. Olar üç gün möhlet dilediler. Üç gün geçdi. Olar düýşüň ýorgudyny gözläp tapmadylar. Olar patyşadan gorkdular we: «Biz bu düýşüň ýorgudyny bilip bilmedik» diýip aýtdylar. Aýat: ***«Olar: «Bu gören düýşüň garyşyk ukudyr. Biz garyşyk ukuda görülen düýşüň ýorgudyny bilmeýäris»*** diýip aýtdylar.

Şol gije Ýusup alaýhyssalam düýş gördi. Bir kişi gökden indi. Ol Müsür halkyny mallary bilen ýygnady. Ol olary getirip Ýusup alaýhyssalamyň goýnuna sokdy. Ýusup alaýhyssalam: «Olaryň hemmesini halka beriň» diýdi. Ýusup alaýhyssalam şu ýerde oýandy. Ol zyndan halkyna: «Size söýünji bolsun! Siziň hemmäňiz zyndandan gutularsyňyz. Müsür halky size gul bolar. Olar aç bolar, siz dok bolarsyňyz» diýdi.

Züleýha hem ol gije düýş gördi. Ýusup alaýhyssalam başyna täç geýip tagtyň üstünde otyr. Züleýha gelip Ýusup alaýhyssalamyň aýagyna ýykyldy. Ol Züleýhany aýagy bilen itdi. Züleýha emgendi hem eňredi.

Reýýan patyşa gurrandazlara: «Siz şunça ýyldan bäri meniň nygmatymy iýip, meniň düýşüme garyşyk uky diýýärsiňiz» diýip, olaryň birnäçesini öldürdi, birnäçesini ilden çykaryp kowdy. Şol wagt zyndandan çykan seýsiň Ýusup alaýhyssalam ýadyna düşüp, Reýýan patyşa: «Seniň bu düýşüňi ýorjak kişini men bilýärin. Sen meni onuň ýanyna iber» diýdi. Aýat: ***«Men düýşüň ýorgudynyň habaryny bererin. Siz meni ol ýorujynyň ýanyna iberiň».*** Reýýan patyşa: «Ol kişi kimdir?» diýip sorady. Seýis: «Bir ýigit bar. Ol örän bilimli, göni sözli, özi bolsa çet ýurtly we mazlumdyr. Biz iki kişi bolup düýş gördük we ony oňa aýtdyk. Ol biziň düýşümizi ýordy. Biziň düýşümiziň ýorgudy onuň aýdyşy ýaly boldy» diýdi. Reýýan

patyşa: «Ol ýigit nirede?» diýdi. Seýis: «Ol zyndanda otyr» diýdi. Reýýan patyşa seýsi Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna iberdi. Ol zyndana onuň ýanyna geldi. Seýis Ýusup alaýhyssalamyň: «Patyşa duşaňda men barada oňa ýatlat» diýen sözüni unudany üçin utanyp: ***«Eý, göni sözli Ýusup! Bize patyşanyň düýşüniň ýorgudynyň habaryny ber»*** diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol kapyr bolsa hem Ýusup alaýhyssalamy öwüp sözledi we: ***«Biz seni ýagşy adamlardan diýip bilýäris»*** diýdi. Olar ony «alym we syddyk» diýip tarypladylar. Kapyrlar oňa kapyrlyklary bilen alym diýip hezzet-hormat etdiler. Kim alyma hormat etse, ol perişdelerden bolar, kim alymy horlasa, ol şeýtanyň nökerlerinden bolar.

Seýis: «Eý, Syddyk! Sen biziň sowalymyzyň jogabyny aýt. Reýýan patyşa düýş görüpdir. Ýedi arryk sygyr ýedi semiz sygry iýipdir. Ýedi baş gury bugdaý ýedi baş ýaş bugdaýa çolaşyp, olary guradypdyr. Meni Reýýan patyşa: «Ýusup bu düýşümi ýorsun» diýip, seniň ýanyňa iberdi» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ýedi sany semiz sygyrlar, ýedi baş ýaş bugdaýlar giňlikdir we dokçulykdyr. Ýedi sany arryk sygyrlar, ýedi sany gury baş bugdaýlar darlyk we açlykdyr. Ilki ýedi ýyl bolçulyk we dokçulyk bolar. Soňky ýedi ýyl darlyk we açlyk geler. Bu açlyk ýyllarynda köp adamlar ölerler» diýdi. Seýis: «Bu işiň näme çäresi bar?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ol ýedi ýyl galla köp bolanda, ondan diňe eker ýalysyny alyp galsynlar. Galanyny bolsa ambarlara salyp ýygnasynlar» diýdi. Aýat: ***«Ýusup: «Siz ýedi ýyl näçe arpa-bugdaý ekseňiz, ondan ýygnanyňyzy sünbülleri bilen ambarlara salyp goýuň. Siz ondan diňe iýmäge gerek bolan mukdaryny alyň»*** diýdi. Bu ýedi bolçulyk ýyldan soň, ýene ýedi gytçylyk ýyl geler, Gökden ýagmyr ýagmaz, ýerden gök ýaş önmez. Ilki ýedi ýylda ýygnanyňyzy soňky ýedi ýylda iýersiňiz. Aýat: ***«Siz gytçylyk üçin ozalky ýygnan gallalaryňyzy iýersiňiz. Belki,***

***ondan tohumlyk üçin az mukdaryny goýarsyňyz».*** Bu ýedi ýyldan soň ýene dokluk bolar» diýdi.

Seýis Reýýan patyşanyň ýanyna gelip, Ýusup alaýhyssalamyň sözlerini aýtdy. Reýýan patyşa seýsiň sözüni diňläp: «Bar, ol ýigidi meniň ýanyma alyp getir. Ol bu işiň çäresini maňa aýdyp bersin. Goý, meniň köňlüm aram tapsyn» diýdi. Seýis Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna geldi, oňa Reýýan patyşanyň sözüni ýetirdi we: «Seni patyşa ýanyna çagyrýar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Men zyndandan çykjak däl» diýdi. Seýis: «Näme üçin?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, seýis! Sen patyşa aýt. Ol elleri kesilen aýallardan ellerini näme üçin kesendiklerini, donlaryny näme üçin gana bulandyklaryny sorasyn. Olaryň maksady nämedi? Ol aýallaryň ulusy Züleýhadyr. Meniň ýazyklylygym we ýazyksyzlygym belli bolýança men zyndandan çykjak däl» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalamyň maksady şeýledi: «Eger men aýallaryň sözi belli bolman zyndandan çyksam Reýýan patyşa menden: «Sen näme üçin zyndana düşdüň?» diýip sorar. Men hem aýallaryň sözüni patyşa aýdyp bersem, ol onuň göwnüne ýakmaz. Ol meni özüne duşman görer. Ol ilki meniň päkligimi bilsin. Men ondan soň zyndandan çykaýyn» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Ol gün men Ýusubyň ornuna bolan bolsam, men zyndandan şol bada çykardym. Emma meniň garyndaşym Ýusup bu işi ýagşy edipdir. Ol: «Reýýan patyşanyň köňli tamam päklensin» diýip çykmandyr» diýip aýdypdyr.

Seýis gelip Ýusup alaýhyssalamyň sözüni patyşa aýtdy. Patyşa ol aýallary öz ýanyna getirip: ***«Siziň Ýusup bilen halyňyz niçikdir?»*** diýip sorady. Ol aýallar bu sözi eşidip: «Patyşa biziň işimizi bilipdir» diýdiler we: «Eý, patyşa! Ýusup päkdir. Biz oňa töhmet ýapdyk. Biz özümizi oňa teklip edip, ony özümize meýil etdirjek bolduk. Ol bize bakmady we bize meýil etmedi. Biz ondan hiç bir aýyp görmedik» diýip dogrusyny

aýtdylar. Züleýha ol halda perdede otyrdy. Ol perdäniň içinden seýse yşarat etdi we oňa: «Ýusup meni ýamanladymy?» diýip sorady. Seýis: «Ol sen hakynda bir agyz söz hem aýtmady» diýdi. Züleýha: «Ine är, alym, päk kişi» diýip şuňa aýdarlar. Ol on iki ýyl zyndanda meniň üçin ýatdy. Şonda hem ol meniň syrymy açmady we adymy tutmady» diýdi. Züleýha perdeden çykyp geldi we çadyrdan başyny çykaryp: «Eý, patyşa! Şu wagta çenli meniň söýgüm mejazydy. Men ol wagt: ***«Seniň maşgalaňa ýamanlyk etmek islän kişiniň jezasy nämedir?»*** diýip aýdypdym. Indi, meniň oňa bolan söýgüm hakyky boldy, dogrusyny aýtmagyň wagty geldi. Aýat: ***«Müsür eziziniň aýaly: «Hakykat indi aýan boldy»*** diýdi. Hemme ýazyk mende. Aýat: ***«Men ony özüme meýil etdirjek boldum».*** Ýusuba özümi hödürlän men, öýi bezän men, ony öýe girizen men, onuň etegini ýyrtan men, oňa ýazyk ýüklän men, ýalan sözlän men. Ýazygy eden men. Ol päkdir. Aýat: ***«Ol göni sözlülerdendir».*** Ol wagt meniň ýaşlygym bardy. Indi men garradym. Maňa ölüm haly ýakyn geldi» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* ***«Züleýha üç zadyň dogrusyny aýtdy. Birinji, «Indi hakykat aýan boldy».*** Ikinji, ***«Men ony özüme meýil etdirmekçi boldum».*** Üçünji, ***«Ol gönüsözlülerdendir».*** Ol bu üç sözden keramat tapdy. Ýatdy, ýakyn boldy. Hordy, eziz boldy. Kempirdi, ýaş gyz boldy. Mundan hem artygragy Ýusup alaýhyssalama jübüt boldy. Züleýha: «Eý, patyşa! Şu güne çenli Ýusup zyndanda bolansoň, men ony unutdym. Bolmasa, onuň yşkynda men özümi öldürerdim. Bu gün men öňkümden beter aşykdyryn» diýdi.

**Hekaýat.** Züleýha Ýusup alaýhyssalamy zyndana salandan soň, zyndanyň işigine baryp durardy we zyndança: «Bar, Ýusuby bagla we ony gaty taýakla. Men onuň agyly sesini eşideýin» diýip aýdardy. Görgüli zyndançy bu işi göwnemezdi. Ol zyndana girip Ýusup alaýhyssalama Züleýhanyň sözüni aýtdy. Ýusup alaýhyssalam: «Sen meni Züleýhanyň göwni üçin

ur» diýdi. Zyndançy onuň bu sözüni unamady. Emma Züleýhadan gorkup, taýagy ýere urdy we ol Ýusup alaýhyssalama: «Men taýagy ýere uraýyn, sen iňle» diýdi. Züleýha Ýusup alaýhyssalamyň bu üýnüni eşidip, yzyna gaýdardy.

*Sowal:* Züleýhanyň Ýusup alaýhyssalamy söýüp, ýene oňa taýak urdurmagynyň sebäbi näme?

*Jogap:* Züleýha oňa aşykdy. Ol öz-özüne ýawukdan Ýusup alaýhyssalamyň ýüzüni görüp bilmänden soň: «Men onuň uzakdan sesini eşideýin, köňlüm aram tapsyn» diýdi. «Söýgüliň üýni (sesi) hem magşugyna söýgüli bolar» diýipdirler. Kyýamat güni hem şunuň ýalydyr. Bendä dowzahy görkezerler. Mömin bende Allatagalanyň dostudyr. Olar hem oduň içinde dowzahdan gorkunjyna nala ederler. Aýat: ***«Allatagala olary söýýändir, olar hem Allatagalany söýýändirler».*** Allatagala möminleriň üýnüni söýýändir. Allatagala: «Meniň günäkär bendelerimiň günälerini bilip, Menden gorkup eňremegi dogry sözli bendelerimiň maňa ýalbaryp eden dileglerinden söýgülirräkdir. Meni ýatlaýandygyny dünýäde kapyrlara görkezen bendelerim bardyr. Olary men dowzahyň oduna girizsem hem meni ýatlarlar» diýip aýdypdyr.

Indi biz baýaky söze gaýdyp geleliň. Seýis zyndana bardy. Ol Ýusup alaýhyssalama ol aýallaryň we Züleýhanyň sözlerini aýtdy. Ýusup alaýhyssalam begendi. Aýat: ***«Men muny Müsür ezizi meniň gizlin hyýanat etmändigimi bilmegi üçin etdim. Çünki Allatagala haýynlaryň hilesine ýol berýän däldir».***

Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Ýusup bu söz bilen, ýagny: «Men hyýanatçy däl» diýip özüni öwdi. Jebraýyl alaýhyssalam ganaty bilen ony urdy we: «Eý, Ýusup! Eýse, sen tebigatyň ýeňilliginden Züleýha meýil etmänmidiň? Indi, sen özüňi ýagşy edip görkezjek bolýarmysyň?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Meniň köňlüm ýagşydyr, emma men: «Nebsim gowudyr» diýmeýärin». Aýat: ***«Men***

***özümi aklamaýaryn. Çünki nebis adama ýaramaz işleri etmekligi buýurýar» diýdi»*** diýip aýdypdyr.

Şahyr aýdypdyr:

Nebsiň hetden aşdy, azmaklykdan ýokdur saňa aman,
Çünki ýetmiş şeýtan başarmaz nebsiň işin hiç zaman.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalam ýedi ýyldan bäri seýse: ***«Öz hökümdaryň ýanynda men barada ýatla»*** diýip, ynam edip zyndanda ýatdy. Ol alty ýyl zyndanda üç işe meşgul boldy. Dileg etdi, Hakdan umydyny üzdi, ýöne sabyrly boldy. Şonuň üçin Hudaýtagala oňa farah berdi. Reýýan patyşa: «Ýusuby meniň ýanyma alyp getiriň» diýip, kişi iberdi. Aýat: ***«Patyşa: «Ýusuby meniň ýanyma getiriň. Men ony işlerime ynamly adam edeýin»*** diýdi. Ol kişi: «Eý, Syddyk! Çalt ýeriňden tur. Seni patyşa çagyrýar» diýdi.

Şeýlelikde, Ýusup alaýhyssalam özüniň päkligini bildirdi. Ýazyk, hyýanat özgelerden gelip çykýandygy aýan boldy. Ýusup alaýhyssalam zyndanyň gapysyna gelip, başyny ýuwdy we arassa donlary geýdi. Zyndanyň hemme halky ýyglaşyp: «Eý, Ýusup! Telim ýyllar boldy. Sen bize ýaran bolduň, ýagşylyklar etdiň. Indi, biz zyndanda sensiz näme edeli?» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam yzyna döndi we: «Eý, seýis! Sen baryp patyşa aýt: «Meniň bu ýerdedigime köp ýyllar boldy. Men zyndanyň halkyna öwrenişdim. Indi men ol ýerden çyksam, olar ýyglaşýarlar. Men bulary gözi ýaşly goýup bilmerin. Patyşa meni bagyşlasyn. Ol meni bu bendiler bilen gulçulykdan azat etsin. Bolmasa, meni zyndanda bular bilen goýsun» diýdi. Seýis gelip patyşa Ýusup alaýhyssalamyň sözüni ýetirdi. Patyşa bendileriň hemmesini azat etdi. Olara ýagşy donlar geýdirdi.

**Beşarat.** Bu gün dünýäde Ýusup alaýhyssalamyň şepagaty bilen Reýýan patyşa zyndandaky bendileri azat etdi. Ertir

Daýýan patyşa Muhammet alaýhyssalamyň şepagaty bilen mömin dowzahdan azat etse geň bolmaz.

Ýusup alaýhyssalam bilen zyndandan hemme bendiler çykdy. Ol zyndanyň işigine ýetende, tagt goýulandygyny gördi. Olaryň hemmesi gymmat parçalar bilen örtülip goýlupdyr. Ol zamanda resim – adat şeýledi. Patyşa kimi hormatlasa, ol ony tagta mündürerdi. Ol Ýusup alaýhyssalamy altyn tagtyň üstünde oturtdy. Ýusup alaýhyssalam kagyz we galam sorady. Oňa kagyz we galam berdiler. Ol kagyza: «Bu zyndan dirileriň gabrydyr, dostlara islenmedik ýerdir we duşmanlara arzuw edilmeýän orundyr» diýip ýazyp zyndanyň işigine ýapşyrdy.

Soňra Ýusup alaýhyssalama köp hormat-hezzet edip, Müsüre girizdiler. Müsür halky biri-birine: «Bu oglan on iki ýyl mundan öň aýagyna zynjyr urlup, eşege mündürilip zyndana eltilen kişidir. Bu gün bolsa ony munça hormat-sylag bilen altyn tagta mündürip patyşanyň saraýyna alyp barýarlar. Eý, Taňry! Bu ne horlukdyr, bu ne hormat-hezzetdir?» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen isläniňi eziz edýärsiň, islemedigiňi hor edýärsiň. Men seniň bu hökmüňe razydyryn» diýdi.

Ýusup alaýhyssalam patyşanyň köşgüne baranda patyşa ýerinden turdy we oňa öz ýanyndan orun berdi.

*Aýdypdyrlar:* Patyşa Ýusup alaýhyssalama ýetmiş dürli dil bilen sözledi. Ýusup alaýhyssalam oňa bu dilleriň hemmesi bilen jogap berdi. Söz tamam boldy. Ýusup alaýhyssalam patyşa üçin ybrany dili bilen dileg etdi. Patyşa bu dile düşünmedi. Patyşa ondan: «Bu haýsy dildir?» diýip sorady. Ýusup alaýhyssalam: «Bu meniň ata-babalarym Ybraýymyň, Yshagyň, Ýakubyň dilidir» diýdi. Ol patyşanyň ýanyndan çykanda ibri dili bilen hoşlaşdy. Patyşa: «Bu nähili dildir?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Bu meniň atamyň dogany Ysmaýylyň dilidir» diýdi. Patyşa muňa haýran galdy we: «Men saňa wezirligi bereýin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Wezirlik Müsür eziziniň hakydyr.

Onuň mende köp haky bardyr. Ol diri wagty men wezirligi boýnuma almaryn» diýdi. Patyşa: «Hemme patyşalyk mülküne eýesiň. Sen onda özüňe haýsy orun gerek bolsa, şony hem al» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Maňa bu ýedi ýyl aşlyklar işinden başga orun gerek däl. Maňa şol işi tabşyr» diýdi. Aýat: ***«Ýusup: «Maňa ýurduň hazynalarynyň üstünden goraýjy wezipesini ber. Çünki men olary gorap saklaýjydyryn we olaryň ýagdaýyny bilijidirin»*** diýdi. Patyşa: «Eý, Ýusup! Sen meniň mülkümde näme iş etseň, şony et. Ýöne, sen aýallar we kenizekler bilen sözleşme. Ýene meniň bilen bir tabakdan aş iýme» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Aýallar bilen sözleşmek biziň şerigatymyzda rowa däldir. Emma seniň bilen tabakdaş bolmak maňa ardyr. Çünki men Ýakup pygamberiň ogly, Yshak pygamberiň agtygydyryn. Men Ybraýym pygamberiň urugyndandyryn, sen bolsa Şetdat kapyryň urugyndansyň. Onsoň men seniň bilen nähili aş iýerin?» diýdi. Patyşa Ýusup alaýhyssalam üçin görkli saraý bina etdi. Ýusup alaýhyssalam adamlara daýhançylyk etdirip başlady. Ol köp ekin ekdirdi. Ol adamlara iýmek üçin çäkli galla berdi. Galanyny samany, başy bilen guş-gumry iýmesin diýip ambarlara saldyrdy.

*Aýdypdyrlar:* Ol zamanda patyşa raýatynyň hasylynyň ýarysyny alardy. Raýat mazlumdy. Emma Ýusup alaýhyssalam erkli bolandan soň, ol adalatly iş alyp bardy. Ýurt abadan boldy. Üç ýyldan soň Müsür ezizi öldi. Patyşa onuň ornuny Ýusup alaýhyssalama berdi. Patyşa ýurduň hemme işini oňa tabşyrdy. Ýusup alaýhyssalam ýedi ýylda biten ekinleri ambarlara saldy. Bu bolçulyk ýyllar tamam boldy. Soňra ýedi ýyl ýagyn ýagmady, ýerden ösümlik önmedi. Halaýyk galla mätäç boldy. Bir batman arpanyň bahasy bir altyna çykdy. Ýusup alaýhyssalam halka gallany çäkli bererdi. Ol garyplara her gün ýüz düýe ýüki gallany sadaka bererdi. Ol gallany baýlara satardy. Onuň bahasyny patyşanyň hazynasyna salardy. Ýusup alaýhyssalamyň kyrk hazynaçysy we kyrk müň satyn

alnan guly bardy. Müsür halkynyň hemmesi Ýusup alaýhyssalamyň erkinde boldy.

*Aýdypdyrlar:* Gahatçylygyň birinji ýylynda adamlar altyn-kümüşlerini berip, galla satyn aldylar. Olar ikinji ýylda at, düýe, sygyrlaryny galla çalyşdylar. Üçünji ýyl gul-çorylaryny galla satdylar. Dördünji ýyl öý esbaplaryny galla bilen alyşdylar. Bäşinji ýyl öýlerini galla almaşdylar. Altynjy ýyl ýer-suwlaryny satyp galla aldylar. Müsüriň degresinde hiç kimiň hiç zady galmady.

Patyşa Ýusup alaýhyssalam bilen: «Bäş ýylky satylan gallanyň üç ýylkysynyň bahasy meniňki bolsun, iki ýylynyňky seniňki bolsun» diýip şertleşipdi. Ýusuba ýeten iki ýylyň içinde onuň agalary Kengandan Müsüre galla satyn almaga geldiler.

Ýedinji ýyl gelip girdi. Halkda hiç zat galmady. Hemme zat Ýusup alaýhyssalamyňky boldy. Halaýyk açlyk çekdi. Olar Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna gelip ogul-gyzlaryny satyp, galla alyp iýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Bir ýyl tamam bolmaga kyrk gün galdy, başga bir rowaýatda: dört aý galdy diýip aýdypdyrlar. Halk açlyk çekip, Ýusup alaýhyssalama ýalbaryp geldi. Ambarlarda galla galmandy. Bu wagt Ýusup alaýhyssalam näme alaç etjegini bilmän mutahaýýyr boldy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip Hudaýtagalanyň: «Eý, Ýusup! Daşary çykyp, bu aç halaýyga ýüzüňi görkez» diýen permanyny ýetirdi. Ýusup alaýhyssalam daşary çykyp, tagt üstünde oturdy we ýüzünden perdesini göterdi. Halaýyk Ýusup alaýhyssalamyň jemalyny görüp, aştagamy unutdy. Bir sözde: «Olar kyrk gün», bir sözde bolsa: «Olar üç aý hiç zat iýmediler» diýipdirler. Olar Ýusup alaýhyssalamyň görki bilen gün geçirdiler. Olar aşa, suwa mätäç bolmadylar.

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagaladan Ýusup alaýhyssalama: «Eý, Ýusup! Biz seni gulçulyga salmadyk bolsak, bu gün sen gullaryň gadryny nireden bilerdiň? Gullaryň gadryny bilmek ol

bolar: Bu gün sen Müsüriň halkynyň baryny azat edersiň» diýen owaz geldi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Müsür halky! Siziň hemmäňiz är-u-hatyn meniň gulummysyňyz?» diýip jar çekdirdi. Olar: «Hawa, biz seniň guluňyzdyrys» diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam ýene: «Men siziň hemmäňizi Hudaýtagalanyň razylygy üçin azat etdim» diýip jar çekdirdi.

**Rowaýat.** Ýusup alaýhyssalamyň Kengandan çykyp gaýdanyna ýigrimi ýedi ýyl bolupdy. Gytçylygyň, gahatçylygyň bäşinji ýylydy. Ýakup pygamber ogullaryna: «Müsürde aşlyk bar. Sizler ol ýere gidip aşlyk getiriň» diýip aýtdy. Onuň oglanlary: «Biziň hemmämiz gideli» diýdiler. Olaryň her biri iki düýä ýag, gurt, ýüň, deri ýükläp Müsüre ugradylar.

Ýusup alaýhyssalam başga illerde aşlyk ýokdugyny bilýärdi. Ol: «Meniň doganlarym aşlyk almaga Müsüre geler» diýip oýlandy. Ol ýolda sakçylary goýdy. Ol sakçylara: «Şu sypatly uzyn boýly, güýçli ýigitler gelse, olary meniň ýanyma alyp geliň» diýip tabşyryk berdi.

Ýakup pygamberiň on ogly bir sypatda meňzeş geýim geýip geldiler. Olaryň gelendigi barada Ýusup alaýhyssalama habar berdiler. Ýusup alaýhyssalam olaryň doganlarydygyny bildi.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalam ýigrimi ýedi ýylyň içinde elli gezek Kengana, atasyna hat iberdi. Allatagalanyň erki bilen ol hatlardan biri hem Ýakup pygamberiň eline baryp ýetmedi.

Doganlary geldi. Ýusup alaýhyssalam olary tanady, agalary ony tanamadylar. Aýat: ***«Ýusubyň doganlary onuň ýanyna gelip girdiler. Ol olary tanady. Olar bolsa ony tanamadylar».*** Ýusup alaýhyssalam doganlaryny görüp, olaryň özüne eden ýamanlyklary ýadyna düşdi. Ol olaryň ýüzüne ýamanlyklary barada aýtmakçy boldy. Emma Hudaýtagala onuň köňlüne: «Eý, Ýusup! Olar aşlyk almaga muňlug bolup geldiler. Sen olaryň işlerini äşgär etseň, olar utanarlar. Sen olara aşlyk ber. Olar begenip yzyna gaýtsynlar. Seniň ýagşylygyň aýan bolsun»

diýen pikiri guýdy. Ýusup alaýhyssalama bu söz hoş geldi. Ýusup alaýhyssalam olaryň hemmesiniň topraga bulanandygyny we arassa däl dondadygyny gördi. Ol: «Siz nireden geldiňiz? Siz kimiň oglanlarydyrsyňyz?» diýip sorady. Olar: «Biz Kengandan geldik. Biz Ýakup pygamberiň oglanlarydyrys» diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam: «Siziň ataňyz dirimi?» diýdi. Olar: «Hawa, ol diri» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Ol näme işleýär?» diýdi. Olar: «Ol pygamberdir. Ol Hudaýtagala gulluk edýär» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Ol kimden kime pygamberdir?» diýdi. Olar: «Ol Hakdan halka pygamberdir» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam aýtdy: «Ol pygamber bolýan bolsa näme üçin Müsür halkyna hem pygamberlik etmeýär?» Olar aýtdylar: «Ol Kengana, ýene Kenganyň degresine pygamberligini ýetirýär. Onuň gözleri görmeýär». Ýusup alaýhyssalam: «Onuň gözi näme üçin görmez boldy?» diýdi. Olar: «Onuň Ýusup atly ogly bardy. Ol ony örän söýerdi. Onuň ol ogly gaýyp boldy. Ogly üçin ýyglamakdan onuň gözleri kör boldy» diýdiler.

Ýusup alaýhyssalam şol wagt üstüne ýüpek donlar geýip, başyna altyn täç atyp tagt üstünde otyrdy. Onuň sag tarapynda müň sany sakgalsyz gul ellerine topuz alyp durdular. Onuň ýüzi nykap bilen örtülendi. Onuň öňünde müň sany är altyn gurluk guşanyp, ellerinde gylyçlaryny tutup durdylar. Ýusup alaýhyssalam: «Özüňiz hem bir atanyň ogullarymysyňyz?» diýdi. Olar: «Hawa» diýdiler. Ol: «Sizden başga dogan againiňiz barmy?» diýip sorady. Olar: «Biz on bir dogandyrys. Ol birini getirmedik» diýip aýtdylar. Ol: «On bir oglan bir atadan bolup ol näme görksüzmidi? Siz näme üçin ony getirmänsiňiz» diýdi. Olar: «Ýok, ol hem görkli oglan. Emma atamyz ony özüne ýoldaş edinip alyp galdy. Onuň ýiten ogly hemmämizden görklüdi» diýdiler. Ol: «Onuň Ýusup diýen ogly nähili gaýyp boldy?» diýdi. Olar bu sowala dürli jogap berdiler. Biri: «Ony böri iýdi» diýdi, beýlekisi: «Ony ogry öldürdi» diýdi, başgasy:

«Biz onuň diňe ganly köýnegini tapdyk» diýdi. Ol: «Bular ogrymy, jasusmy? Bularyň sözleri biri-biriniňkä dogry gelmeýär. Eltiň, bulary zyndana salyň» diýdi. Olar: «Biz ogry hem däldiris, içaly hem däldiris. Biz bu ýere galla almak üçin geldik» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam bulara rehimi gelip zyndana ibermedi.

Ýusup alaýhyssalamyň elinde sagrak bardy. Ol ony kakdy. Ondan bir owaz çykdy. Ýusup alaýhyssalam: «Bu sagrak gizlin zatlary aýdyp berýär. Men ondan soradym. Ol: «Olaryň Ýusup atly dogany diri» diýip jogap berdi» diýdi. Olar: «Biz onuň anyk habaryny bilmeýäris» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam olary üç gün öýde saklatdy. Ýene olara köňli dözmedi. Olaryň her birine bir düýe ýüki bugdaý, atalaryna bir düýe ýüki bugdaý we inileri Ibn Ýemine bir düýe ýüki bugdaý berdi. Olaryň özleri bilen getiren ýaglaryny, gurtlaryny, ýüňlerini çuwallara saldyrdy we ol zatlary almady. Ondan soň ol: «Siz ýene bu ýere gelseňiz, ol doganyňyz Ibn Ýemini getirmeseňiz, men size bugdaý bermerin» diýdi. Aýat: ***Ol: «Eger siz ol doganyňyzy meniň ýanyma getirmeseňiz menden size galla bermek ýokdur we siz meniň golaýyma gelmäň»*** diýdi. Ýehuda: «Eý, doganlar! Bu patyşa Ýusuba meňzeýär. Ol Ýusupdyr. Ol biziň atamyzy we onuň tutýan ýoluny sorady» diýdi. Galan doganlar: «Bu nähili söz boldy? Ýusuba bu ýurtda patyşalygy we munça leşgeri kim berer? Ol diri bolsa, onuň çawy çykardy. Ol atasyny gözlärdi, bu gün bolsa bize ýagşylyk etmezdi we bizi gynardy» diýdiler. Ýehuda: «Ol Ibn Ýemini getiriň diýdi. Bu sözden onuň Ýusupdygy maňa mälim boldy» diýdi. Olar: «Sen bu sözi goý» diýdiler. Olar Müsürden çykdylar we ýol söküp Kengana geldiler. Ýakup pygamber oglanlaryny görüp begendi. Olar: «Müsür patyşasy bize köp ýagşylyklar etdi. Ol bize bugdaý berdi, seni hem sorady. Saňa bir düýe ýüki bugdaý, Ibn Ýemine hem şonça bugdaýy iberdi. Ol biziň alyp baran zatlarymyzy yzyna gaýtardy. Biz olary hem alyp geldik. Şeýle

hem ol: «Ibn Ýemini meniň ýanyma alyp geliň. Eger ony getirmeseňiz gelmäň. Ýogsa, men size bugdaý bermerin» diýdi. Aýat: ***«Olar: «Elbetde, biz ony (Ibn Ýemini) gorap saklaýjydyrys»*** diýdiler. Ýakup pygamber: «Siz Ýusuby alyp gitdiňiz, ony gaýtaryp getirmediňiz. Indi, men size Ibn Ýemini berip goýbermäge nähili ynanaryn?» diýdi. Olar: «Bu sapar sen biziň sözümiziň hakdygyna ynan. Biz ony saňa salamat gaýtaryp getireli» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam: «Siz maňa diliňizden Ibn Ýemine ýaramazlyk etmejekdigiňize hat beriň. Biz bilen Allatagalanyň arasynda oňa ýowuz daraşmajakdygyňyza äht ediň» diýdi. Aýat: ***«Ýakup: «Men Allatagaladan kasam edýänçäňiz ony siz bilen hergiz ibermerin»*** diýdi. Olaryň hemmesi Allatagaladan ant içdiler we dillerinden hat berdiler.

Ýakup pygamber özüne berlen bugdaýyň ýarysyny Kengan halkyna paýlap berdi.

Ýakup pygamberiň oglanlary Ibn Ýemini alyp ýola düşdüler. Uly argyş ýygnandy. Ogullary Ýakup pygambere: «Sen bize näme nesihat etseň, biz seniň şol sözüň bilen ýöräli» diýdiler. Ýakup alaýhyssalam: «Meniň birinji sözüm siziň çuwallaryňyzdan çykan zatlar ýalňyşlyk bilen salnan bolmaly ýa-da olar sizi synamak üçin salan bolmaly. Beýle zatlary almak bize ýaraşmaz. Ol zatlary yzyna eltip tabşyryň. Ikinji sözüm siz Müsüre baranyňyzda heriňiz bir işikden giriň. Hemmäňiz bir işikden girmäň. Aýat: ***«Ýakup: «Eý, meniň oglanlarym! Siziň hemmäňiz bir gapydan girmäň. Siz bölünip aýry-aýry gapylardan giriň»*** diýdi.

**Hadys.** Pygamber alaýhyssalam: «Göz äri göre girizer, düýäni bolsa gazana salar» diýip aýdypdyr.

**Hekaýat.** Arapda bir kabyla bardy. Olaryň hemmesiniň adamlara gözi degerdi. Olar göz degirmekde meşhurdylar we haçan et iýesleri gelseler, aýallaryna gazan asdyryp, özleri ýola çykyp, öten-geçen kişilere: «Seniň nähili görkli sygyryň, ýa-da

atyň, ýa-da düýäň bar eken» diýerdiler. Olaryň gözleri bu ötegçileriň mallaryna degerdi we mallary agdarylyp düşerdi. Onsoň olar mallaryny soýardylar. Bular bolsa olardan et satyn alyp iýerdiler.

**Hekaýat.** Kuraýyş kapyrlary Muhammet alaýhyssalama zerer-zyýan ýetirmekçi boldular. Olar ol taýpadan birini hakyna tutup oňa: «Sen Muhammede gözüňi degir. Goý, ol heläk bolsun» diýdiler. Ol Pygamber alaýhyssalama göz salmaga ugrady. Ol kişi Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna ýetip gelmezden öň, Jebraýyl alaýhyssalam gelip bu aýaty getirdi: «Elbetde, kapyrlar sen Gurhany okanyňy eşidenlerinde olaryň seni ýaman gözi bilen taýdyrmaklaryna az galdy. Onsoň olar: «Bu kişi (Muhammet) jynlydyr» diýdiler. ***Gurhan älemleriň içindäki ynsa-jynsa diňe pent-nesihatdyr».*** Ol kişi gelip, gözüni salýança, Pygamber alaýhyssalam bu aýaty okady we onuň özüne dem saldy. Onuň iki gözi şol wagt peträp çykdy we ýere gaçdy.

**Hekaýat.** Bir kempir gelip, Pygamber alaýhyssalama: «Eý, Allanyň resuly! Biz sährada: «Halymyz zyýada bolsun» diýip, ýylky-garanyň yzyna eýerip ýörýäris. Emma biziň ýagdaýymyz hiç zyýada bolmaýar» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Siz ýylky-garaňyzy satyň, iliň arasyna gelip ekin ekiň we ekinleriňiziň arasynda kubaşlar dikiň».

Olar pygamber alaýhyssalamyň aýdyşy ýaly etdiler. Olaryň ýagdaýlary gowulaşdy.

*Sowal:* Ekiniň içinde garantgy dikmekden näme peýda bar?

*Jogap:* Peýda şeýledir: Ýaman gözli kişi ekine baksa, ekin heläk bolar. Eger onuň içinde garantgy bolsa, ýaman kişiniň gözi ilki bilen garantga düşer we oňa deger, emma ekine degmez. Eger siz pikirlenip görseňiz, ýaman göz ilki garantga degse, soňra gök ekine göz degmez.

*Aýdypdyrlar:* Garantgy ekinden saýlanyp durandygy sebäpli ilki oňa, ondan soň ekine göz düşer. Şonuň üçin ýaman göz garantgaly ekine zyýan etmez».

*Sowal:* Ýaman göz ilki düşen zadyna zyýan eder, soň düşen zadyna zyýan ýetirmez. Munuň sebäbi nämedir?

*Jogap:* Gözüň zereri – zyýany ilki bakan zadyna bolar. Haýsy zat eziz bolsa göz şoňa deger. Ondan soň ol göz näçe baksa hem başga zada zyýan ýetirip bilmez.

*Sowal:* Göz degmekde näme hikmet bar?

*Jogap:* Onda parasat şeýledir. Hudaýtagala mömini söýdi. Ol Özüni hem söýüň diýdi. Aýat: ***«Allatagala olary söýýär, olar hem Allatagalany söýýärler».***

Haçan mömin söýük gözi bilen bir zada baksa, Allatagala ol zady halamaz we: «Bendäm menden başga zada gowy görmek gözi bilen bakmasyn» diýip, ol zady heläk eder. Pygamber alaýhyssalam: «Meniň hem gözüm degýändir, Sagdyň hem gözi degýändir. Emma Allatagala ikimizden hem beter göz degirijidir» diýipdir.

*Sowal:* Garantgynyň degýän gözi gaýtarmaga näme gudraty bar?

*Jogap*: Garantgynyň gudraty ýok. Emma araplaryň bir adaty bar. Olar bir işiň ugruna bolmagyny isleseler, onuň sebäpkärlerine ýardam berýärler. Aýat: ***«Ybraýym alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Butlar köp adamlary dogry ýoldan azdyrdy»*** diýdi. Butlaryň adamlary azdyrmaga gudraty ýok. Emma olar azmaklyga sebäp bolýar.

Biz ýene öz maksadymyza gaýdyp geleliň. Ýakup pygamberiň oglanlary Müsüre geldiler. Olaryň her biri bir derwezeden girdiler. Aýat: ***«Olar atalarynyň buýruşy ýaly Müsüriň derwezelerinden bölünişip girdiler».*** Ibn Ýemin Ýehuda bilen bir derwezeden girdi. Olar hemmeden öňürti Ýusup alaýhyssalamyň köşgüne geldiler. Ýakup pygamber Ýusup alaýhyssalama Ybraýym pygamberiň sellesini bolak iberipdi. Ol Ýakup pygambere miras galypdy. Olar bu selle bilen salam berip Ýusup alaýhyssalamyň ýanyna girdiler. Ony onuň öňünde goýup: «Ýakup pygamber: «Bu destar maňa atam Ybraýymdan

miras galdy. Men ony Müsür patyşasyna iberýärin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam bu sowgada begendi. Çünki ol selle kime ýetse ol pygamber bolardy. Ýene olar ýükleriniň içinden çykan zatlary onuň ýanynda goýup: «Bu zatlar biziň elten ýüklerimiziň içinden çykdy. Biz: «Olary ýalňyşyp goýan bolaýmasynlar» diýip yzyna alyp geldik» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Siz muny ýagşy etdiňiz. Ýöne, biz ol zatlara mätäç däl. Olaryň hemmesi siziňki bolsun. Siz ony ýol azygy ediniň» diýdi. Ýusup alaýhyssalam atasynyň bu zatlary yzyna iberendigini bildi.

Ýusup alaýhyssalam tapyglara: «Alty tabak bilen tagam getiriň» diýip buýurdy. Olar tagam getirdiler.

Bir sözde: «Ýakup pygamberiň her iki ogly bir eneden dogdy» diýip aýdypdyrlar. Ýusup alaýhyssalam: «Bir eneden doganlaryňyz bir tabakdan tagam iýiň» diýdi. Olar özlerine aýdylyşy ýaly etdiler. Ibn Ýemin ýalňyz galdy. Aşyň öňünde Ibn Ýemin ýyglap başlady. Ýusup alaýhyssalam ony görüp, perdeden oturan ýerinde: «Siziň doganyňyz näme üçin ýyglaýar?» diýdi. Ibn Ýeminiň özi sowala: «Meniň bilen bir eneden doganyň özi bu gün bu ýerde bar bolan bolsady, onda men ýalňyz tagam iýmezdim» diýip jogap gaýtardy. Ýusup alaýhyssalam: «Siz bu ýeke garyndaşyňyza rugsat beriň. Ol meniň bilen tagam iýsin?» diýdi. Doganlaryň hemmesi ör turup, hyzmat aýdyp: «Bu bize uly at-abraýdyr» diýdiler. Ibn Ýemini perdä girizip tagtyň üstünde oturtdylar. Onuň öňünde tagam goýdular. Ýusup alaýhyssalam ýüzündäki nikaby göterdi. Ibn Ýemin Ýusup alaýhyssalamyň ýüzüni görüp, ah tartyp, özünden gitdi. Ýusup alaýhyssalam onuň agzyny tutdy. Gülap suwuny getirip, Ibn Ýeminiň ýüzüne sepdiler. Ol özüne geldi. Ýusup alaýhyssalam oňa: «Seniň bir derdiň barmy, tutgaýyň barmy?» diýdi. Ibn Ýemin: «Biz pygamberler urugyndandyrys. Bizde yllat, tutgaý bolmaz. Emma siziň ýüzüňiz meniň gaýyp bolan agamyň ýüzüne meňzeýär. Meniň şol agam ýadyma

düşüp özümden gitdim» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Sen gaýgy etme. Seniň şol gaýyp bolan agaň mendirin» diýdi. Ibn Ýemin ýene özünden gitdi. Onuň ýüzüne ýene gülap seçip, özüne getirdiler. Aýat: ***«Olar Ýusubyň ýanyna girenlerinde, Ýusup öz doganyny ýanyna çekip: «Men seniň doganyňdyryn. Sen bularyň edýän işlerine gamgyn bolma»*** diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Meniň atamyň haly niçikdir? Sen maňa şony aýdyp ber» diýdi. Ibn Ýemin: «Ol Beýtil-ahzana girip, ýyglamakdan ýaňa iki gözi kör boldy» diýdi. Ýusup alaýhyssalam bu sözi eşidip ýyglady we bihuş boldy. Ol huşuna gelip: «Eý, Ibn Ýemin! Sen aşdan iý. Men saňa doganlarymyň maňa eden işlerini aýdyp bereýin. Olar ilki meni guýa saldylar. Soňra meni guýydan çykaryp gul diýip satdylar. Ondan soň men bu ýerde zyndana düşdüm. Köp ýyllar zyndanda ýatdym. Men Allatagalanyň rehmeti bilen zyndandan çykdym. Ol maňa şunuň ýaly ýurt we patyşalyk berdi. Ýöne sen meniň bu sözümi agalaryňdan ýaşyr. Men olary emgedeýin» diýdi. Ibn Ýemin: «Sen özüň näme etseň şoňa hem erklisiň» diýdi.

Ibn Ýemin perdeden çykdy. Ýusup alaýhyssalam olary üç gün hormatlady, her birine bir düýe ýüki bugdaý berdi we olaryň ýol azygyny taýýar etdirdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol ilki Ibn Ýeminden başgasynyň bugdaýyny susup berdi, iň soňunda oňa bugdaý susdurdy. Ýusup alaýhyssalamyň suw içýän bir idişi bardy. Ol ony olardan ýaşyryp Ibn Ýeminiň çuwalynyň içine saldyryp gizletdi. Aýat: ***«Haçan olaryň ýüküni taýýar edenlerinde ol suw içýän gabyny doganynyň ýüküniň içine salyp goýdy».***

*Aýdypdyrlar:*

Ol gap kümüşdendi. Hudaýtagala oňa Gurhanyň içinde «Sykaýa» diýip atlandyrdy. «Sykaýa» arap dilinde «suw gaby» diýmek bolar. Ol ýene bir ýerde oňa «Sawag» diýdi. «Sawag» arap dilinde «tereziniň jamy» diýmek bolar. Ol jam dört aýakly, her bir aýagy dürli-dürli göwherler bilen bezelendi.

Onuň içinde, daşynda üç ýüz altmyş mährabyň suraty bardy. Her bir mährapda bir şerigat eýesiniň ady ýazylgydy. Onuň dört burçunda dört sany gymmat bahaly göwher goýlandy.

Doganlaryň hemmesi Ýusup alaýhyssalama ýagşy dilegler edip, ýola düşdüler. Olaryň gelýän ýolunyň ugrunda Aýnuşşems atly bir oba bardy. Olar bu ýere gelip düşlediler. Olar naharlanyp we dem-dynçlaryny alyp ýola ugramakçy boldular. Şol wagt Ýusup alaýhyssalam dört müň atly bilen atlanyp, ýetip geldi. Ol: «Eý, argyş halky! Biz sizi: «Bugdaý almaga gelendirler» diýip oýlapdyk. Emma siz ogry ekeniňiz» diýip jar çekdirdi. Aýat: ***«Eý, kerwen halky! Siz ogrular ekeniňiz»*** diýip jarçy jar çekdi.

**Peýda.**

*Aýdypdyrlar:* Ogrylar dört hili bolýandyr. Mal ogrusy, namaz ogrusy, söz ogrusy we ölçeg ogrusy. Mal ogrusynyň elini keserler. Aýat: ***«Ogry erkegiň we ogry aýalyň ikisiniň hem ellerini kesiň».*** Söz ogrusyny oda köýdürerler. Aýat: ***«Kim ogrynça söz diňlese, onuň arkasyndan ýiti ot gelip köýdürer».*** Namaz ogrusynyň ýüzüniň suwuny dökerler. Pygamber alaýhyssalam: «Ogrynyň iň erbedi öz namazyndan ogurlyk edýän kişidir» diýip aýdypdyr. Tereziden ogurlyk edýäni dowzah oduna ýakarlar.

*Aýdypdyrlar:* Dünýäde ogurlykdan ýaman zat ýokdur. Ogrynyň görjek azabyndan beter azap hem ýok. Ol azap-onuň sag goluny keserler. Ol bu goly bilen tagam iýer, onuň bilen täret alar we onuň bilen mesh tartar. Sag el hemme ýagşylyklary eder. Munuň ýaly eziz el ýarym altyn üçin kesiler. Munuň ýaly erbet azap bolmaz.

Ýakup pygamberiň oglanlary «ogry» sözüni eşitdiler. Olaryň güýç-kuwwatlary galmady, ýüzleri sargardy we gorkup: «Siz näme ýitirdiňiz? Siz kime ogry diýýärsiňiz?» diýdiler. Aýat: ***«Ýakubyň oglanlary olara ýüzlenip: «Siz näme zat ýitirdiňiz?»*** diýýärsiňiz. Ol jar çeken: «Siziň bize rehimiňiz

gelsin. Biz patyşanyň ölçeg gabyny ýitirdik. Kim ony çykaryp berse, biz oňa bir düýe ýüki bugdaý bereli» diýdi.

*Sowal*: Bu ýerde söýünjini özge zat etmän, «bugdaý bereli» diýmeklerine sebäp nämedi?

*Jogap*: Açlykda bugdaýdan artyk zat ýok. Şonuň üçin olar «bugdaý bereli» diýdiler.

Jarçy: «Kim ol jamy tapyp berse, meniň oňa bugdaý berjegim hakdyr. Aýat: ***«Jarçy: «Kim ony tapyp berse bir düýe ýüki bugdaýy bererin. Men bu söze kepildirin».*** Eger siz ony özüňiz tapyp bermeseňiz, onda men ony özüm gözläp taparyn. Onsoň siz emgege düşersiňiz. Siz özüňize beýle sütem getirmäň, özüňizi bela düşürmäň. Gowusy bir düýe ýüki bugdaýy alyň, jamy beriň. Bolmasa patyşa biziň yzymyzdan geler» diýdi.

Aýnuş-şems obasynyň erkegi, urkaçysy bu ýagdaýa tomaşa edip durdy. Olar: «Bular jamy berip bir düýe ýüki bugdaýy alsalar ýagşy bolardy» diýdiler. Şol wagtda Ýusup alaýhyssalam dört müň atly bilen ýetip geldi. Ýusup alaýhyssalam: «Jamy tapdyňyzmy?» diýdi. Jarçy: «Jamy tapmadyk» diýdi. Ýusup alaýhyssalam doganlarynyň ulusyna: «Siz näme diýersiňiz?» diýdi. Olaryň hemmesi: «Biz bu ile ýaramaz iş üçin gelmedik. Biz pygamberiň oglanlarydyrys. Aýat: ***«Biz ogrular däldiris».*** Biz ýüklerimiziň içinden çykan zatlary Kengandan getirdik. Biz näme üçin jamy ogurlaly. Biz Kengandan çykanymyzdan soň: «Iliň mülkünde biten otlary iýmesinler. Kapyrlaryň agajyndan bir ýaprak iýmesinler» diýip düýelerimiziň agzyna çenli bagladyk. Müsürden çykanymyzda hem biz şonuň ýaly etdik. Biz patyşadan şunça hormat-hezzet görüp, onuň duzuny iýip, köşgünde bolup, ondan bugdaý alyp, näme üçin onuň jamyny ogurlary?» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Biz ýüküňizi agtaraly. Eger ony tapmasak, onda biz yzymyza gaýdarys. Eger biz ony tapsak, ogrynyň elini kesmeli bolarys. Bu nähili bolar?» diýdi. Olar: «Ybraýym, Yshak, Ýakup py-

gamberleriň şerigaty boýunça jam kimiň ýükünden çyksa, ol dirikä patyşa gul bolar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Biziň kanunymyzda ogrynyň eli kesiler, ýa-da ondan mal alnar, ýa-da oňa tagma basylar» diýdi. Olar: «Sen öz kanunyň boýunça höküm çykarsaň hem, biziň şerigatymyz boýunça höküm çykarsaň hem öz erkiňde» diýdiler. Aýat: ***«Biz zalymlaryň jezasyny şunuň ýaly berýäris».*** Ýusup alaýhyssalam: «Ýükleriňizi açyň» diýdi. Ilki beýleki adamlaryň ýüklerini agtardylar. Soňra on aga-ininiň ýüküni gözlediler. Olaryň ýükünden jam çykmady. Ýusup alaýhyssalamyň bulary bagyşlap, yzyna gaýtmak pikiri bardy. Rubil: «Siz bu birimiziň ýüküni hem görüň» diýdi. Ibn Ýeminiň ýüküni açdylar. Jam ondan çykdy. Aýat: ***«Ol jamy doganynyň ýükünden çykardy».*** Hemmeler gamgyn boldular. Agalary: «Eý, Rahylyň ogly! Seniň eneň iki ogul dogurdy. Siziň ikiňiz hem ogry» diýdiler. Ibn Ýemin: «Eý, doganlar! Men ogry däl. Hudaý kessin, men ony ogurlamadym» diýdi. Olar munuň bu sözüni kabul etmediler. Ol Hudaýtagala ýalbaryp başlady. Doganlary: «Hudaýa ýalbaryp dileg edýänçäň, ogurlyk etmeseň ýagşy bolardy» diýdiler.

*Sowal:* Ibn Ýemin ölçeg jamyny ogurlamady. Ýusupdan oňa «Siz ogry» diýmeklik nähili rowa bolar?

*Jogap:* Aýat: ***«Biz Ýusuba agalarynyň hile edişi ýaly olaryň garşysyna hile etmegi öwretdik».*** Aýat: ***«Allatagala her bir ylymly kişiden alymlykda ýokardadyr».*** Doganlary utanyp: «Ibn Ýemin jamy ogurlady. Emma onuň beýleki dogany hem ogrudy» diýip, bahana tapdylar. Aýat: ***«Olar: «Bu häzir ogurlyk eden bolsa, onuň dogany öň ogurlyk edipdi»*** diýdiler.

*Sowal*: Ýusup alaýhyssalam ogurlyk etmedi. Näme üçin doganlary oňa «Ol ogurlyk etdi» diýdiler?

*Jogap*: Bu sowala jogap köpdür. Emma olardan munuň has dogry jogaby şeýledir. Ýusup alaýhyssalamyň bir halasy bardy. Ol Ýakup pygamberiň nikasyndady. Ol Ýusuby örän göwy gö-

rerdi. Şonuň üçin ol Yshak pygamberiň guşagyny Ýusuba bildirmän, onuň donunyň içinden guşady. Onsoň ol: «Men guşak ýitirdim» diýip, Ýakup pygamberiň ýanyna geldi. Ony gözläp Ýusupdan tapdylar. Ol wagtyň şerigatynyň düzgüni boýunça ogry zat eýesiniň guly bolardy. Ol şeýdip Ýusuby alyp galdy. Bu sebäpden agalary Ýusuba: «Ol öň ogurlyk edipdi» diýdiler.

Ýusup alaýhyssalam bu sözi eşitdi. Emma ol syr bildirmedi. Aýat: ***«Ýusup bu ogurlykly gürrüňi içinde gizlin saklady we olara ony bildirmedi».*** Allatagalanyň oňa: «Aýtma» diýen emri bardy. Doganlary: «Eý, patyşa! Sen muňa tagma bas, ýa-da bizden mal al, emma ony alyp galma. Eger sen ony alyp galjak bolsaň, oňa derek biziň birimizi alyp gal. Onuň yzynda garry atasy bar» diýdiler. Aýat: ***«Doganlary: «Eý, eziz! Munuň uly ýaşly garry kakasy bar. Onuň ornuna biziň birimizi alyp gal»*** diýdiler. Doganlary Ýusup alaýhyssalamy eziz diýip öwdüler, atalaryny şefyg edip getirmediler.

*Sowal:* Olar atalarynyň pygamberligini şefyg getirmediler. Muňa sebäp nämedi?

*Jogap:* Olar Müsüriň mülküniň haýsy dindedigini bilmeýärdiler. Pygamberleri musulmanlar sylaýarlar, kapyrlar bolsa olara hormat goýmaýarlar. Bu sebäpden olar «garry» diýdiler, «pygamber» diýmediler.

Ýusup alaýhyssalam: «Hudaý saklasyn! Men öz jamym kimden çykan bolsa şony alyp galaryn. Men ony goýberip, başga birini alyp galsam, zalymlardan bolaryn». Aýat: ***«Onda biz zalymlardan bolup galarys»*** diýdi.

Doganlary Ýusup alaýhyssalamdan tamany üzdüler. Ýehuda: «Eý, doganlar! Siz bu kerwen halky bilen leşgere bäs gelseňiz, men patyşa bäs geleýin. Bolmasa siz patyşa topulyň, men galan leşgere bäs gelerin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam agalarynyň güýç-kuwwatyny bilýärdi. Olar haçan gazaplansalar tüýleri dim-dik bolup, donlarynyň daşyna çykardy. Onsoň olar bir ili bozmasalar rahatlanmazdylar. Ýakup pygamberiň urugyndan

bir kişi eli bilen olaryň arkasyny sypalasa, diňe şonda olaryň gahar-gazaby köşeşerdi. Ýehuda garyndaşlaryna: «Menden uzakda duruň. Men bulara topulaýyn» diýdi. Ýusup alaýhyssalam Ýehudanyň gazabynyň gelendigini gördi we öz ogluna: «Sen baryp ol äriň arkasyny sypala» diýdi. Oglan baryp onuň arkasyny sypalady. Ýehudanyň gahary ýatdy. Ýehuda: «Müsür ilinde Ýakup pygamberiň urugyndan kim bar?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, argyş halky! Siz: «Güýç-kuwwat diňe bizde bar. Ol başga kişide ýok» diýýärmisiňiz? Siz jamy ogurlany bize goýup gidiň» diýdi. Ol Ibn Ýemini alyp yzyna döndi.

Doganlar Aýnuş-şems obasynda galdylar. Ýehuda: «Eý, doganlar! Atamyz bizden hat aldy, biz: «Ibn Ýemini salamat getireris» diýip äht etdik. Biz mundan öň Ýusup üçin ýolsuzlyk etdik. Men ony alman Kengana barmaryn. Onsuz men atamyň ýüzüne nähili bakaýyn? Men üç işiň biri berjaý bolmasa bu ýerden gitmerin: ýa-ha atam maňa rugsat bermese, ýa-ha Hudaýtagala maňa höküm etmese, ýa-ha men bu ýerde ölmesem. Men diňe ol doganymy atamyň ýanyna alyp bararyn. Elbetde, hemme hökümlerden Hudaýtagalanyň hökmi beýikdir. Aýat: ***«Men tä atam maňa rugsat berýänçä ýa-da Allatagala maňa höküm çykarýança hergiz Müsürden çykmaryn. Elbetde, Allatagala höküm çykaryjylaryň iň ýagşysydyr»*** diýdi.

Ýusup alaýhyssalamyň doganlary mutahaýýyr galdylar. Olar ýüklerini bu obada amanat goýdular. Olar ýyglap Müsüre geldiler.

*Aýdypdyrlar:* Olar Müsüre gelip: «Biziň her birimiziň bu çäklik güýç-kuwwatymyz bar. Biz urşup inimizi alalyň» diýip geňeşdiler. Ýehuda: «Men ýalňyz Ymlagyň leşgerini gyrdym. Men Müsür ili bilen söweşe girerin» diýdi. Olar agaçlary kesdiler we uly daşlary ýygnadylar. Doganlar: «Biziň her birimiz bir iş bitireli» diýip sözleşdiler». Ýusup alaýhyssalam: «Olar geler» diýip, sakçylary goýupdy. Sakçylar gelip Ýusup alaý-

hyssalama: «Olar: «Biz uruşjak diýýärler» diýip habar berdiler. Ýusup alaýhyssalam kyrk müň ýaragly nöker jemledi. Bu habar Reýýan patyşa baryp ýetdi. Ol: «Men hem atlanaýyn» diýdi. Emma Ýusup alaýhyssalam ony unaman: «Bu işiň alajyny özüm görerin» diýdi.

Ertesi doganlaryň her biri bir derwezeden girdiler. Ýehuda gaty üýn etdi. Onuň bu sesini eşidip, Müsür halkynyň hemmesi bihuş boldy, ýükli aýallar çagalaryny düşürdiler. Şemgun başga derwezeden girdi. Adamlar ony görüp gaçdylar. Ol bir daşy göterip, Ýusup alaýhyssalamyň köşgüne uryp, ony ýumurdy. Ýusup alaýhyssalam olaryň garşysyna hiç kimiň durup bilmejekdigini bildi. Ol Ybraýym alaýhyssalamyň sellesini çykaryp, alyp olaryň garşysyna çykdy. Olaryň üýnleri çykmaz ýaly boldy. Ýusup alaýhyssalam yzyna gaýtdy. Olaryň hemmesini tutdular. Ýehuda owaz edende Reýýan patyşa gorkup tünege giripdi. Ýusup alaýhyssalamyň olary tutandygyny eşidip patyşa begendi. Müsür ili jemlendi. Ýusup alaýhyssalam olara: «Siz dünýäde är diňe bizdiris diýip pikir edýärmisiňiz? Bu ýerde hem ärleriň bardygyny gördüňizmi?» diýdi. Ýusup alaýhyssalam bir kişini iberip, ol obadan bularyň ýüklerini getirtdi. Üç gün olary öýde saklady.

Dördünji gün doganlarynyň gözüniň alnynda: «Bulary öldür» diýip, Reýýan patyşa adam iberdi. Ýusup alaýhyssalam olara: «Men sizi bagyşladym, eden günäleriňizi geçirdim, sizi azat etdim, siz bu ýerden tiz gidiň» diýdi. Ýehuda: «Men Kengana barjak däl. Siz baryp atamyza: «Ogluň ogurlyk etdi» diýip aýdyň» diýdi. Dokuz aga-ini Kengana geldiler. Olar Ýakup pygambere bolup geçen wakalary aýdyp berdiler. Ýakup pygamber dokuz ogluny gördi. Ol iki ogly gelmänsoň gamgyn boldy we: «Siz mundan öň birini alyp gitdiňiz, ony ýitirdiňiz. Ýene birini alyp gidip, ony getirmän: «Ol ogurlyk etdi» diýip bahana edýärsiňiz. Meniň oglum ogurlyk etmez. Siz ýalan aýdýarsyňyz» diýdi. Olar: «Siz bize ynanmasaňyz, onda

ol obadaky argyş halkyndan sorañ» diýdi. Ýakup pygamber: «Maňa sabyr etmeklikden özge çäre ýok. Hudaýtagala ogullarymyň hemmesini maňa gowuşdyrar» diýdi. Aýat: ***«Indi maňa sabyr etmeklik ýagşydyr. Allatagalanyň özi maňa olaryň hemmesini getirip berer. Çünki ol bilijidir, parasatlydyr»*** diýdi.

Ol köp ýyglady. Ahyry eline döwet, galam alyp hat ýazdy: «Müsür halkynyň patyşasyna Ybraýym halylallanyň neberesi, Yshak zabyhallanyň ogly Ýakup ysraýylalladan hat. Bu hat Pyrgaun aguşy Müsür ezizine ýetsin. Biz pygamberler urugyndandyrys. Biziň ata-babalarymyz bela duçar boldy. Meniň atam Yshak pygamber Taňrynyň buýrugy bilen bogazlandy. Uly atam Ybraýym pygamber Nemrudyň oduna atyldy. Men hem iki ogluň gaýgysyna sataşdym. «Olaryň birini böri iýdi» diýdiler. Ýene birini sen ogry diýip alyp galypsyň. Bizde ogurlyk edýän kişi ýok. Men ejiz, gamgyn, gözsüz garrydyryn. Meniň ýaşym ulaldy, süňklerim köwlendi, saç-sakgalym agardy. Arkam gaýgy-gamdan büküli. Siz maňa rehim ediň we ony bagyşlaň. Gözümiň röwşeni oglumy maňa iberiň. Men saňa ýagşylyk dilegini edeýin. Sen bu jahanda ýagşylyk gör, ol jahanda azapdan gutul. Sen biziň köňlümizi agyrtma. Eger sen ony maňa ibermeseň, men säher bilen gopup, jadylyk okuny seniň tarapyňa ataryn. Onsoň sen mülküň, il-günüň bilen ýok bolarsyň».

*Sowal:* Ýusup alaýhyssalam Pyrgaun neslinden däldi. Ýakup pygamber näme üçin oňa: «Pyrgaun nesli» diýip hat ýazdy? Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Müsüriň patyşalarynyň hemmesi Nemrudyň urugyndandy. Ol pyrgaun diýlip atlandyrylýardy. Ýakup pygamber: «Bu patyşa hem olaryň urugyndandyr» diýip, onuň aslyny bilmän hatda şeýle ýazdy.

Hat Ýusup alaýhyssalama baryp ýetdi. Ol haty okap görüp, öýe girip üç gün ýyglady. Ondan soň ol hata: «Bu hat Müsür

ezizinden Yshak pygamberiň ogly Ýakup pygambere ýetsin: «Eý, ejiz garry! Sen hatda: «Atam bogazlandy, uly atam oda atyldy, oglumy maňa iber. Eger sen ony maňa ibermeseň, men säherde gopup, dileg edip, jady okyny ataryn» diýipsiň. Meniň saňa jogabym şeýledir, seniň atalaryň nähili sabyr eden bolsalar, sen hem olar ýaly sabyrly bol. Hudaýtagala olara nähili ýol beren bolsa, saňa hem berer. Ýene bir sözüm, säherde gopup, ol oky maňa tarap atma. Seniň gözüň röwşeni, köňlüň şatlygy ogluňy Taňrytagala tiz wagtda saňa Ýusuby gowşurar. Wessalam» diýip jogap gaýtardy.

Ýusup alaýhyssalamyň bu haty Ýakup pygambere gelip gowuşdy. Ol ony okady we: «Bu hat kapyrlaryň haty däl. Bu hat syddyklaryň hatydyr» diýdi.

Ol wagtda Ýakup pygamberiň urugynda onuň özünden başga pygamber ýokdy. Ol: «Bu Ýusubyň haty bolaýmasa» diýen umytda boldy. Aýat: ***Ol oglanlaryna: «Siziň nebsiňiz öz halaýan işiňizi size ýagşy edip görkezendir».*** Müsüriň patyşasy ogrynyň gul edilýändigini nähili bildi. Ony siz oňa öwretdiňiz. Siziň içiňizde näme bardygyny Taňry bilýär. Ogul-gyza gargamak bize rowa däl. Men Ýusuba sabyr edişim ýaly muňa hem sabyr edeýin. Belki, Hudaýtagala olaryň hemmesini maňa gowuşdyrar» diýdi. Aýat: ***«Indi maňa sabyr etmeklik ýagşydyr. Allatagalanyň özi maňa olaryň hemmesin getirip berer. Çünki Allatagala biliji we parasatlydyr».***

*Aýdypdyrlar:* Şol wagtda Hudaýtagalanyň emri bilen Ýakup pygamberi uky basmarlady. Ol düýşünde Ezraýyl perişdäni gördi. Ýakup pygamber ondan: «Eý, Ezraýyl! Sen meniň Ýusubymyň janyny aldyňmy?» diýip sorady. Ol: «Ýusup diridir. Men onuň janyny almadym. Hudaýtagala Ýusuby saňa gowuşdyrar. Sen begenersiň» diýip aýtdy. Ýakup pygamber begenip oýandy we: «Meniň Ýusubymyň haly niçikdir?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýetişip gelip: «Eý, Ýakup! Sen näme üçin ýyglaýarsyň? Hudaýtagala: «Ogluň Ýusuby saňa gowuş-

dyraryn» diýip aýdýar. Ýakup pygamber begenjinden başyny seždä goýdy. Ol Hudaýtagala şükür etdi we oglanlaryny çagyryp: «Siz Müsüre gidiň we Ýusuby gözläň» diýdi. Olar: «Eý, ata! Biz gideli. Ibn Ýemini getireli. Emma biz Ýusuby tapyp bilmeris» diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Ýakup pygamber Ýusup üçin köp ýyglady, onuň iki gözi agardy we kör boldy. Ol oglanlaryndan ýüz öwürdi. Bir söze görä ol kyrk ýyl aglady, başga bir söze görä ol segsen ýyl aglady.

*Sowal*: Adam ata üç ýüz ýyl aglady. Onuň gözleri agarmady. Ýakup pygamber kyrk ýyl aglady onuň gözleri agardy. Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Adam ata Hudaýtagalanyň permanyny bozup bugdaý iýdi. Ol günä iş etdi. Ol Taňrysyndan bu ýazygy üçin gorkunjyna aglady. Onuň üçin onuň gözi agarmady. Ýakup pygamber günäsi üçin aglamady. Ol ogly Ýusupdan aýrylany üçin aglady, onuň üçin gözleri agardy.

*Aýdypdyrlar:* Dawut pygamber ýazygy üçin kyrk ýyl aglady. Onuň töwreginde kyrk gary suw ýygnandy. Ol suwdan ot öndi. Ot ösüp, Dawut pygamberiň boýy onda görünmez ýaly boldy.

**Hekaýat.** Bir gün howadan uçup barýan guşlaryň biri gelip Dawut pygamberiň gözýaşyndan içdi. Ol uçup barýarka: «Men örän lezzetli suw içdim» diýdi. Dawut pygamber bu sözi eşidip, öňküsinden has artyk ýyglap başlady. Hudaýtagaladan: «Eý, Dawut! Sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýen owaz geldi. Ol: «Eý, Taňrym! Indi meniň halym şeýle boldumy? Howadaky guşlar: «Seniň gözýaşyň şirin eken» diýip, meniň üstümden gülýärler» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Dawut! Olar dogry aýdýarlar. Men dünýäde günäkär bendeleriň gözýaşyndan datly zat ýaratmadym» diýen owaz geldi. Dawut pygamber muny eşidip begenjinden has köp ýyglady.

**Hekaýat.** Şyh Zünnün Müsri (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) bir gije öýüniň üstüne çykyp tagat edip durdy. Ol köp ýyglady. Onuň gözýaşy nowadan akdy. Bir kişi ötüp barýardy. Onuň göz ýaşy bu kişiniň donuna damdy. Ol: «Bu nowadan akýan suw päkmi ýa-da päk däl?» diýdi. Zünnün onuň bu sözüni eşidip: «Eý, mömin! Donuňy ýuw, ol arassa bolsun. Bu bir günäkär bendäniň gözýaşydyr» diýdi.

Indi biz maksadymyza gaýdyp geleli. Jebraýyl alaýhyssalam adam suratynda bolup, gelip Ýakup pygambere: «Eý, Ýakup! Seniň gözleriňi näme gidirdi, biliňi näme bükür etdi we ýüzüňi näme saraltdy?» diýip aýtdy. Ýakup pygamber: «Ýusup üçin ýyglamagym gözümi gidirdi, Ibn Ýeminiň gaýgysy bilimi bükür etdi, Ýehudanyň pikirini etmek ýüzümi saraltdy» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Seni Ýusup ýaratdymy, Ibn Ýemin seniň rysgalyňy berermi?» diýdi. Ýakup pygamber: «Ýok» diýip aýtdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Onda näme sen Allatagala şikaýat edýärsiň?» diýdi. Ýakup alaýhyssalam bu sözleri Jebraýyl perişdäniň aýdandygyny bildi. Jebraýyl alaýhyssalam şol wagt gözden gaýyp boldy. Ýakup alaýhyssalam: «Eger sen bu gamçy bilen meni başdan uran bolsaň, ömrümi Ýusubyň ady bilen aglap biderek geçirmezdim» diýdi. Ýakup pygamberiň agysyndan onuň öýündäki ogul-gyzlary: «Allatagalanyň haky üçin kasam bolsun! Sen Ýusup diýip ýyglamakdan irmediňmi? Sen dynman Ýusup diýýärsiň. Sen bu gaýgyda ölersiň» diýip aýdardylar. Aýat: ***«Olar: «Taňrydan kasam bolsun! Sen mydama Ýusuby ýatlaýarsyň. Sen bu bolşuňda ýa-ha özüňi jyda gynarsyň, ýa-da heläk bolarsyň»*** diýip aýtdylar. Bu söz Ýakup pygamberiň gaýgysynyň üstüne ýene gaýgy goşdy. Ol: «Meniň şikaýat-agym onuň üçin däl. Meniň şikaýatym Taňradyr. Men Allatagalanyň dergähine şikaýat edýärin» diýdi. Aýat: ***«Ýakup alaýhyssalam: «Men çekýän gamymy we ahymy Allatagala şikaýat edýärin, size şikaýat etmeýärin»*** diýdi.

Ol tagat-ybadatdan boşan wagty bu dilegi ederdi: «Ýa kesiral-haýri, we ýa da‘imel-magrufi messikni alel-islämi hattä alkake».[24] Ol ýene bu dilegi aýdardy: «Allahumme rudde aleýýe reýhani summe isnag mä şi’te».[25]

**Rowaýat.** Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdypdyr: «Ýakup pygamber Taňrysyna ýalbaryp şatlyk diledi. Ol bu dilegini köp gaýtalady. Bir gün Ezraýyl alaýhyssalam adam suratynda bolup geldi. Ýakup pygamber ony eli bilen tutdy we: «Sen kimsiň?» diýdi. Ol: «Men Ezraýyldyryn» diýdi. Ýakup pygamber: «Eý, Ezraýyl! Sen meniň Ýusubymyň janyny aldyňmy?» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Ýok, men onuň janyny almadym. Tiz wagtda sen Ýusuby görüp begenersiň» diýdi. Ýakup alaýhyssalam begenjinden aglap başlady. Ezraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ýakup! Hudaýtagala saňa salam aýdýar. Taňry saňa: ***«Men çekýän ahymy we gaýgymy Allatagala şikaýat edýärin»*** diýmegiň deregine: «Eý, haýyryhsany köp bolan Taňry! Eý, mydama ýagşylygy bolan Taňry!» diýseň, Ýusup bilen Ibn Ýemin ölen hem bolsa: «Olary direlderdim, emma bu gün olaryň ikisi hem diridir. Onsoň men olary saňa nähili gowuşdyrmaýyn» diýýär» diýdi.

Ýakup pygamber bu sözi eşidip oglanlaryna: «Men Ýusuby böri iýmändigini, Ibn Ýeminiň bolsa ogurlyk etmändigini bilýärin» diýdi. Onuň oglanlary: «Eý, ata! Sen olaryň diridigini we olaryň özüňe gowuşjakdygyny bilipsiň. Onsoň ýene seniň: «Waý, meniň Ýusubym diýip aglamagyň näme sebäpdendir?» diýdiler. Ol: «Men Hudaýtagalanyň ony özüme gowuşdyrjakdygyny bilýärin. Emma onuň haçan gowuşjakdygyny bilmeýärin. Men şonuň üçin ýyglaýaryn» diýdi. Adamzadyň perzentleri kyýamat gününiň geljekdigini bilýärler. Emma onuň haçan geljekdigini bilmeýärler. Olaryň gorkunçlary bu sebäpdendir.

*Aýdypdyrlar:* Ýakup pygamberiň oglanlarynyň azyklary tükenmezden öň atalarynyň ýanyna geldiler. Ýakup pygamber olara: «Baryň Ýusup bilen Ibn Ýemini soraň we gözläň» diýdi.

***Aýat: «Ýakup: «Eý, meniň oglanlarym! Siz Müsüre gidiň. Ýusupdan we onuň doganyndan habar getiriň»*** diýdi». Olar: «Eý, ata! Köp ýyllar geçdi. Sen mydama ýyglaýarsyň. Sen diňe Ýusup diýýärsiň. Biz böri iýen Ýusuby nireden tapaly?» diýdiler. Ýakup pygamber: ***«Siz Allatagalanyň rehmetinden näumyt bolmaň. Allatagalanyň rehmetinden diňe kapyrlar umydyny üzýändirler»*** diýdi.

Ýakup pygamberiň oglanlary ýola düşdüler. Atalary olary ugradyp, ýola çykdy we oglanlaryna öwüt-nesihat etdi. Doganlary Müsüre baryp ýetdiler. Ýol sakçylary olaryň habaryny Ýusup alaýhyssalama ýetirdiler. Ýusup alaýhyssalam on müň altyn guşakly ýigitleri olaryň garşysyna iberdi we ýene ýüz müň kümüş guşakly ýigidi öz ýanynda duruzdy.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup alaýhyssalamyň ýedi gat köşgi bardy. Onuň diwarlary altyn-kümüş, sütünleri mermer daşy bilen bezelendi. Ol birinji gatda Müsüriň uluglaryny oturtdy. Olaryň barçasy ýüpek don geýnendi we altyn guşaklar guşanandy. Ol ikinji gaty ýaşyl reňk bilen bezedi we onda begleri oturtdy. Ol üçünji gaty gyzyl bezeg bilen bezedi, onda bahadyrlary oturtdy. Ol dördünji gaty nash bilen bezedi, onda aksakgallary oturtdy. Ol bäşinji gaty läleler bilen bezedi, onda müneçjimleri oturtdy. Ol altynjy gaty ýypar bilen bezedi, onda danyşmentleri oturtdy. Ol ýedinji gaty çiçekler bilen bezedi, onda hyzmatkärler altyn tagt gurdy. Tagtyň üstünde özi oturdy, sagynda müň altyn guşakly ýigit, gollaryna altyn amudlar alyp, çepinde müň kümüş guşakly ýigit, gollaryna ok-ýaý alyp durdular. Onuň arkasynda bir düýp agaç oturtdy. Onuň pudaklary altyn-gyzyldan, ýapraklary kümüşden, iýmişleri hünjüden we ýakutdandy.

Onuň doganlary gapa gelip ýetdiler. Ol olary hormatlap içeri girizdi. Olar bu dabarany görüp gorkdular. Olar: «Patyşa bizden ýaman işi oýlap, beýle haýbat gurnapdyr» diýip pikir etdiler. Ýusup alaýhyssalam olaryň her birini bir tagtyň üstünde oturtdy. Onuň özi Ibn Ýemin bilen bir tagtda otyrdy.

Ýakup pygamberiň oglanlarynyň bu gezek üçünji sapar gelişidi. Gahatlyk şeýle bir uly derejä ýetipdi. Bir eşek bugdaýy dört magryby altynyna alardylar. Olaryň bu gezek gelenlerinde pullary ýokdy. Olar haryt, çuwal gaplary, ýüpleri alyp geldiler, bu zatlary arkalaryna ýükläp, ýalbaryp, eňräp gapydan girdiler we: «Eý, eziz! Bize, ogul-gyzymyza açlyk ýetişdi. Indi biziň açlyga takatymyz galmady. Biz hazyna ýarajak zat getirmedik. Biz az-kem ýag, ýüp, gap-çanaklar we haryt alyp geldik. Ol zatlar bugdaýyň bahasyna ýetmez. Sen bu zatlary bizden al. Sen bize sadaka diýip bugdaý ber» diýdiler. Aýat: ***«Ýakup pygamberiň oglanlary: «Eý, Eziz! Bize we biziň maşgalamyza açlyk geldi. Biz azajyk harç bilen geldik. Muňa garamazdan sen bize ýagşy ölçäp galla ber. Sen bize: «Sadaka» diýip hem galla ber» diýdiler».***

Ýusup alaýhyssalamyň we Ibn Ýeminiň gözünden ýaş akyp başlady. Onsoň Ýusup alaýhyssalam öýe girip, köp ýyglady. Onuň ýanyndakylar: «Eý, Eziz! Dört ýyldan bäri hemme halklar eňreýärler we ýalbarýarlar. Sen olaryň hiç birine ýyglamadyň. Bu gün saňa näme boldy, sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýdiler. Ol: «Ümsüm duruň. Bular meniň doganlarymdyr. Meniň garry atama we bu doganlaryma agyr emgekler ýetipdir. Olar munça halkyň öňünde utanman: «Bize we maşgalamyza açlyk düşdi» diýip, perýat edip durlar. Onsoň men nähili ýyglamaýyn?» diýdi.

Ýusup alaýhyssalam: «Siz bir sagu bugdaýyň kyrk altyn bolandygyny bilmeýärsiňizmi? Siziň bu getiren zatalaryňyz bize ýaramaz» diýdi. Olary her sapar gelenlerinde Ýusup alaýhyssalam myhman alardy. Emma bu sapar ol olary gonaklamady.

*Aýdypdyrlar:* «Adam perzendine bir sagat açlygyň edýän işini müň dürli bela edip bilmez. Bir sagat doklugyň adamlara edýän işini müň şeýtan edip bilmez».

Ýene aýdypdyrlar: «Hudaýtagala adamyň nebsini ýaradanda ondan: «Men kim we sen kim?» diýip sorady. Nebs: «Sen-ä sensiň, men hem mendirin» diýip aýtdy. Hudaýtagala ony her dürli rahatlyga salyp, bu soragy oňa berdi. Nebis Oňa öňki jogabyny berdi. Onsoň Hudaýtagala ony açlyk bilen gynady. Ol nebisden şol sowalyny sorady. Onsoň nebis: «Sen meniň belent Taňrymsyň, men hem seniň ejiz guluň nebisdirin» diýip aýtdy. Allatagala ýene aýdypdyr: «Ýaryn uçmahylar uçmahdan dowzahylary, dowzahylar bolsa dowzahdan uçmahylary görerler. Olar hemme kynçylyklara çydarlar we perýat etmezler. Emma açlyk-suwsuzlyga çydam edip bilmän perýat ederler. Aýat: ***«Dowzahylar jennetilere: «Allatagalanyň size rysgal edip beren jennet suwundan we nygmatlaryndan bize hem iberiň» diýip gygyrarlar».*** Jennetiler: ***«Hudaýtagala bu iýim-içimleri kapyrlara haram edipdir»*** diýip aýdarlar. Bu aýatdan hemme kynçylyklardan garyn açlygy gatyrakdygy belli bolýar.

Indi biz maksada dolanyp geleliň. Olar ýedi günläp Ýusup alaýhyssalamyň köşgüne gatnadylar. Ol bularyň zatlaryny unamady. Olar: «Eý, eziz! Biziň harytlarymyz seniň hazynaňa ýaramaz. Sen bize muňlug dälsiň, emma biz saňa mätäçdiris. Sen bizi näumyt edip gaýtarma. Sen bize sadaka edip, bugdaý ber. Sadakanyň muzduny saňa Hudaýtagala gaýtaryp berer» diýdiler. Aýat: ***«Sen bize Sadaka diýip, galla ber. Elbetde, Allatagala sadaka edijilere sogap berijidir».***

Hamyt Nesewi aýdypdyr: Ýusup alaýhyssalamyň guşluk aşyna kyrk müň altyn, gijelik aşyna hem şonça altyn harç bolardy. Ol ýene kyrk müň altyn her gündiz we her gije şonuň ýaly altyny sadaka bererdi. Olar: «Eý, eziz! Seniň juwanmertligiň ähli äleme röwşenlik berýär. Seniň sahy eliň biz garyba hem röwşenlik berse, nähili ýagşy bolardy! Biziň garry atamyz bar. Ol Ibn Ýemin üçin ýyglaýar. Sen biziň atamyza rehim et. Sen bize Ibn Ýemini sadaka edip ber. Saňa onuň muzduny Allatagala berer» diýip aýtdylar.

*Aýdypdyrlar:* Olar Ýusup alaýhyssalamy ilki eziz diýip öwdüler. «Eý, eziz!» diýip, aýtmak bilen özlerini kemsitdiler. Ikinji, bize we maşgalamyza açlyk düşdi diýdiler. Üçünji, biziň getiren zatlarymyz saňa ýaramaz diýdiler. Dördünji, bize ýagşy ölçäp ber diýdiler. Bäşinji, sahylyk umyt edip: «Bize sadaka diýip galla ber» diýdiler. Altynjy, sadaka üçin muzd wada edip: «Elbetde, sadaka edijileriň sogabyny Allatagala berijidir» diýdiler.

*Abdylla Harys ibn Nowfyl şeýle rowaýat edipdir:* Doganlary Ibn Ýemini görmediler. Olar Ýusup alaýhyssalamdan: «Eý, eziz! Siziň ogurlyk etdi diýen doganymyz nirede?» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Men ony satdym. Satandygyma ony alan kişiden hat aldym. Ine, ol hat şudur. Biz ybrany dilinde okap bilmeýäris. Ol siziň diliňizdir. Siz ony okaň, biz bolsa eşideli» diýdi. Ýusup alaýhyssalam ol haty Ýehuda berdi. Ol utanyp ony Rubile, Rubil Şemguna, Şemgun bolsa Lawa berdi. Olar haty elden-ele geçirdiler. Olaryň hiç biri ony okamady. Olar: «Biz bu haty okap bilmeýäris» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Siz öz diliňizdäki haty nähili okap bilmeýärsiňiz, okaň!» diýdi. Olar gorkdular, ýüzleri sargardy, ýalbaryp başladylar we: «Eý, eziz! Siziň bu haty bize okatmakdan maksadyňyz nämedir? Her nähili kyn hem bolsa, biz ony çekeli. Siz bize bu haty okatmaň. Biz öz hatymyzy özümiz okap bilmeýäris» diýip aýtdylar.

Kyýamat güni hem şunuň ýaly bolar (Biz ol günüň boljakdygyna ynanýarys we bu ynanjymyzy tassyklaýarys!). Her bir bendäniň eden işlerini hata ýazyp, onuň goluna bererler we oňa: «Oka» diýerler. Ol bende hatda ýazylan zatlaryň hemmesiniň günä işleridigini görer we okap bilmez. Oňa: «Oka» diýip aýdarlar. Ol: «Hat şu boljak bolsa, biziň ornumyz dowzahdadyr. Bu haty maňa okatmaň. Men ony utanjymdan okap bilmän durun» diýip, peryat eder.

Ýusup alaýhyssalam: «Bolmaz, okaň» diýip, haty Ýehuda berdi. Ýehuda ony alyp: «Bu hat oldur, Mälik Zagar Ýakup pygamberiň oglanlaryndan Ýusup atly bir oglany satyn aldy şunuň ýaly suratly» diýip okady. Doganlar Mälik Zagaryň adyny eşidip: «Biz oňa bir oglany gul edip satypdyk» diýip aýtdylar. Ýusup alaýhyssalam: «Siz şu wagta çenli ony böri iýdi diýýärdiňiz, indi bolsa gul edip satdyk diýýärsiňiz. Ol siziň doganyňyzdyr. Dogany satmak rowa bolarmy? Tutuň bulary!» diýdi. Olaryň hemmesini tutdular. Ol Müsüriň uluglaryny jemledi. Olar bilen: «Biz bulary näme edeli?» diýip geňeşdi. Olaryň käbiri: «Bularyň gollaryny kesiň, başga biri bolsa olary dara asyň» diýip aýtdy. Ýusup alaýhyssalam: «Bulary başgalara pent bolar ýaly gynap öldüriň. Goý, hiç kim mundan soň doganyny satmasyn» diýdi. Olary bazara äkitmekçi boldular. Olar perýat edip: «Eý, eziz! Sen bu gün näme etseň, ol bize mynasypdyr. Senden biziň dilegimiz şeýledir. Sen bizi öldüreniňden soň biziň harytlarymyzy we süňklerimizi atamyza iber» diýdiler. Ýehuda ýyglap: «Atamyz Ýakup pygamberiň bu güne çenli bir ogul üçin ýyglamakdan gözleri kör boldy. Indi, ol on ogul üçin nähili ýyglar?» diýdi.

Olaryň hemmesi ýyglaşyp aýtdylar:[26]

Bu biz dek gaty kynda kim bar bu gün,
Uruldy aryg janga türlük düwün.

Garyplykda erksiz düşüp, iglenip,
Esiz on garyndaş ölermiz bu gün.

Olar: «Eý, eziz! Biz aşlyk sadaka ber diýdik, ondan geçdik. Ibn Ýemin doganymyzy sadaka ber diýdik, ondan hem geçdik. Beýle iş başymyza düşdi. Indi, gury başymyzy sadaka ber» diýdiler. Bularyň bu nalasyny eşidip hemme Müsür halky ýyglaşdylar. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ýu-

sup! Hudaýtagala: «Sen bulara bir gezek emgek ýüklemediň. Getirenlerini almadyň, wada eden bugdaýyňy bermediň, ýene sen bulary: «Men sizi öldürerin» diýip gorkuzýarsyň» diýip aýdýar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam olary gaşyna getirip, belent ses bilen: «Men siziň harydyňyzy kabul etdim. Men size bugdaýy artygrak hem bereýin. Emma galan işleriňizi ertir bitireýin» diýdi. Olar muňa begendiler.

Kyýamat güni hem şunuň ýalydyr. Hudaýtagala hemme bendeleri tamug bilen gorkuzar. Soňra olar Taňrynyň rehmeti bilen uçmaha girerler.

**Hekaýat.** Bir adam öldi. Ony düýşde gördüler. Ondan: «Allatagala saňa näme iş etdi?» diýip soradylar. Ol: «Menden hasap sorap, köp ýençgilediler. Ahyrsoňy maňa ýagşylyk edip, dowzahdan azat etdiler» diýdi.

**Rowaýat.** Ýusup alaýhyssalamyň agalary: «Biz ol haty okamarys» diýdiler. Ol öz bitikçisine: «Oka» diýip haty berdi. Mürze: «Biz Ýakup pygamberiň on sany oglanlary: Ýehuda, Şemgun, Rubil, Lawy, Jad, Don, Ýagşa, Ýastajir, Ramalun, Kazara maslahat edip, Ýusup atly gulumyzy Mälik Zagara satdyk» diýip okady. Ýusup alaýhyssalam: «Onuň hekaýaty nähilidi?» diýdi. Ýehuda: «Biz inimiz bilen awa çykdyk. Özümiz awa meşgul bolan wagtymyzda ony böri iýipdir» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Bu söz makul däl. Meniň bir ölçeg jamym bar. Ol maňa haýsy sözi sorasam, ony aýdyp berýär» diýdi. Ol jamy getirdi. Ony bir eline aldy we beýleki eli bilen ony kakdy. Jam ses etdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, ýigitler! Siziň araňyzda bir ýigit bar. Onuň gahary gelende aýagy bilen ýeri depse, ol dyzyna çenli ýere çümýär. Eger ol daşy eli bilen üwese, ol un ýaly bolýar. Arlasa tüýleri dikelip, donundan ötüp daşyna çykýar. Üýn etse sesi bir agaç ýere barýar. Onuň dörtden bir ülüşini eşiden göwreli aýallar çagalaryny düşürýärler. Ol kimdir?» diýdi. Ýehuda: «Ol mendirin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Sen men diýmeklige

utanmaýarsyňmy? Munuň ýaly güýç-kuwwatyň barka, sen nähili Ýusuby börä iýdirdiň?» diýdi. Ol ýene jamyny kakdy we: «Meniň jamym siziň araňyzda bir är bar. Ol saýasynda müň goýun ýatýan agajy bir goly bilen goparýar. Ol sanjyşmaga girse ýigrimi müň äri gaçyrýar diýip aýdýar. Ol kimdir?» diýdi. Şemgun: «Ol mendirin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Seniň munça kuwwatyň bar bolup, Ýusuby nähili börä iýdirdiň?» diýdi. Ol ýene jamyny kakdy we: «Meniň jamym siziň araňyzda bir ýigit bar. Ol bir ok atsa ýedi agaç ýere ýeter. Atan oky hem boş geçmez diýip aýdýar. Ol kimdir?» diýdi. Rubil: «Ol mendirin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Seniň munça güýjüň bolup, nähili Ýusuby börä aldyrdyň?» diýdi. Ol ýene jamyny kakdy we: «Meniň jamym bularda bir är bar. Ol düýäni başyndan aşyryp taşlaýar diýip aýdýar. Ol kimdir?» diýdi. Lawy: «Ol mendirin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Bu güýjüň bilen Ýusuby nädip börä aldyrdyň?» diýdi.

Ol şunuň ýaly edip, on gezek jamyna kakdy. Olaryň her birine jogap aýtdy. Ol ýene bir gezek jamyna kakdy we: «Siz Ýusuby öldürmekçi bolupsyňyz, soňra ony guýa taşlapsyňyz. Onsoň ony guýudan çykaryp, gul diýip satypsyňyz. Siz ony satyn alan kişä: «Munuň aýagyna gandal ur, gaty howuda mündür, uzak ýere äkit» diýip tabşyrypsyňyz. Siz oňa: «Munuň üç dürli aýby bar. Gaçgak, aglak, ogry» diýipsiňiz. Bu gün men siziň elleriňizi kesdirip, Müsür iliniň işiklerinden asdyraryn» diýdi. Olar gorkup: «Geliň, munça emgek bilen ölýänçäk, ärdigimizi görkezip öleli» diýip özara sözleşdiler. Ýehuda bu sözi eşidip: «Siz şu wagta çenli bu sözi hiç kime aýtmadyňyz. Ony atamyz, oglumyz, gyzymyz bilmedi. Ýene bize atamyz: «Siz baryň Ýusuby we Ibn Ýemini gözläň» diýip aýtdy. Ybraýym pygamberiň, Yshak pygamberiň we Ýakup pygamberiň haky-hormaty üçin aýdýaryn. Bu patyşa Ýusupdyr» diýdi. Aýat: ***«Doganlary: «Bu senmi? Elbetde, sen Ýusupsyň»*** diýip aýtdylar. Eý, patyşa! Eger sen Ýusup bolsaň,

bizi mundan artyk emgeme. Sen ol garry atamyzy mundan artyk gaýgyda galdyrma» diýdiler. Ýusup alaýhyssalam ýüzünden perdesini göterdi. Onuň başynda nyşanasy bardy. Ol ony görkezdi we: «Men Ýusupdyryn. Bu meniň bilen duran bolsa dogan inim Ibn Ýemindir» diýip aýtdy. Aýat: ***«Ol: «Men Ýusupdyryn we bu meniň doganymdyr»*** diýip aýtdy.

*Sowal:* Ibn Ýemin Ýusup alaýhyssalamyň doganydy, süýtdeş inisidi. Doganlary muny bilýärdiler. Bu ýerde: «Men Ýusup, bu meniň doganym» diýmekde näme sebäp bardy?

*Jogap:* Jam onuň ýükünden çykdy. Ýusup alaýhyssalam: «Biz muny ogurlygy üçin gul diýip alyp galdyk. Ony gul diýip atlandyrdyk. Ol gul diýen ady eşidip, gamgyn boldy. Bu gün bolsa doganym diýdi. Ol muny onuň köňli össün we begensin» diýip aýtdy. Bu ýerden hemme emgegiň soňy rahatlyk, hemme gaýgynyň soňy begenç, her bir azabyň soňy nygmat bolýandygy mälim boldy. Doganlary: «Eý, Ýusup! Biz seni gul diýip satdyk. Biz seni garyplyga saldyk. Sen bu patyşalyga nähili ýetdiň?» diýip soradylar. Ýusup alaýhyssalam: «Maňa Hudaýtagala ýagşylyk etdi. Kim ýazykdan saklansa, Taňrydan gorksa, ol onuň emgegini zaýa etmez» diýdi. Aýat: ***«Allatagala bize ýagşylyk etdi. Kim Allatagaladan gorksa we kynçylyklara sabyr etse, Taňry ýagşy işleri edijileriň muzduny puja çykarmaýar».*** Men Allatagalanyň hökmüne sabyr etdim. Müsür aýallarynyň belasyndan gutuldym. Onuň bereketinden patyşalyga ýetdim» diýdi. Doganlary Ýusup alaýhyssalamdan ötünç soradylar. Ol bularyň ötünçlerini kabul etdi, olary gaýgydan çykardy we: «Eý, garyndaşlarym! Siz meni guýa atmadyňyz, tagta oturtdyňyz. Eý, garyndaşlarym! Siz meni keseki ýurda atmadyňyz, patyşa etdiňiz» diýip aýtdy. Olaryň hemmesi bu sözi eşidip, begenişip: «Allatagala seni biziň bilen mertebä galdyrdy we hormatlady. Aýat: ***«Alladan kasam bolsun! Allatagala seni eziz edip bizden ýokary etdi. Biz bolsa hata edijilerdendiris»*** Hemme ýazyk bizdedir» diýdiler. Ýusup

alaýhyssalam olary utançdan çykardy we: ***«Bu günden başlap men tarapdan size öýke-kine ýokdur»*** diýdi. Ýusup alaýhyssalamyň ärligi Allatagalanyň olary ýalkamagyny dilemegidi. Aýat: ***«Günäňizi boýun alanyňyz üçin Allatagala size rehim eder. Elbetde, Allatagala rehimdarlaryň hem rehimdarydyr».***

Olar dik durup gujaklaşdylar. Ýusup alaýhyssalam ogly Afrotimi garyndaşlary bilen görüşdirdi. Müsür halkynyň hemmesi hyzmata taýýar bolup, uzur sorady. Ýehuda: «Eý, Ýusup! Sen biziň birimize buýur. Goý, ol atamyzy söýünjiläp barsyn» diýdi. Kejebeler bejerdiler. Ýusup alaýhyssalam: «Kengana baryp Ýakup pygamberi aýallary bilen, başga garyndaşlary bilen bu ýere göçürip geliň» diýdi. Ol Ýehuda: «Sen meniň köýnegimi alyp baryp, atamyň gözüne sürt. Şonda onuň gözleri açylar» diýdi. Rubil turup geldi. Ol Ýehudanyň aýagyna ýykyldy we: «Eý, dogan! Ol gün ganly köýnegi men eltipdim. Atamyzy men gamgyn edipdim. Onuň gaýgysy menden boldy, söýünji hem menden bolsun» diýdi. Doganlaryň her biri: «Men baraýyn» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ol köýnegi öň kim elten bolsa, goý bu gün hem ol gitsin» diýdi. Şeýlelikde, ol Rubili iberdi.

*Sowal*: Ýakup we Ýusup ikisi hem pygamberdi. Olaryň biri-birinden segsen ýyl aýrylmagyna sebäp nämedi?

*Jogap:* Ýusup oglan wagtynda Ýakup pygamberiň Mubaşşira atly gul gyrnagy bardy. Ol guluň Beşir atly ogly bardy. Bir gün oglanlar oýnap ýörkä, Beşir Ýusuba bir şapbat urdy. Ýusup aglap atasynyň ýanyna geldi. Ýakup pygamber: «Men Beşiri sataryn» diýip, ant içdi. Ol ahyry ony enesinden aýryp satdy. Enesi Mubaşşira ýyglap galdy. Taňrytagala: «Eý, Ýakup! Sen Beşiri enesinden aýryp satdyň. Men Ýusuby senden aýryp sataryn. Hemme älem halky eti dyrnakdan aýyrmaly däldigini bilsin» diýip takdyr etdi.

*Aýdypdyrlar:* Mubaşşiranyň ogly Beşiriň gaýgysyndan ýyglap gözleri görmez boldy. Ýakup pygamberiň hem Ýusubyň

aýralygyndan gözleri kör boldy. Mubaşşira ýyglap, Ýakup pygamberiň ýanyna geldi. Ýakup pygamber: «Eý, Taňrym! Bu Mubaşşiranyň ogly oňa, meniň oglum bolsa maňa gowşarmy?» diýip mynajat etdi. Allatagaladan: «Eý, Ýakup! Meniň takdyrym şeýledir. Men Mubaşşiranyň ogluny oňa gowuşdyrýançam, Ýusuby hem saňa gowuşdyrmaryn» diýen owaz geldi.

Ýakup pygamber bu hoş habary Mubaşşira aýtdy. Mubaşşira umytda boldy. Ol ýoluň ugrunda kölege edip oturardy. Onuň ogly Müsürde guldy. Ol Ýusubyň habaryny bilip: «Ýakuba söýünji habaryny aýdaýyn» diýip jemaza münüp ugrady. Beşir öňünden, Rubil soňundan geldi. Olar Kengana ýetdiler. Beşir enesiniň oturan kölegesinden baryp, suw sorady. Enesi oňa suw berdi. Enesi ondan: «Sen nireden gelip, nirä barýarsyň?» diýip sorady. Beşir: «Men Müsürden gelip, Kengana barýaryn. Men Ýakup pygambere ogly Ýusubyň söýünjisini aýtmaga barýaryn» diýdi. Enesi: «Sen ýalan aýdýarsyň» diýdi. Ol: «Eý, kempir! Sen näme üçin meniň sözüme ýalan diýýärsiň?» diýdi. Enesi: «Meniň oglum hem menden aýrylypdy. Ýakup pygamberiň dilegi bilen Hudaýtagala oňa: «Mubaşşiranyň ogluny oňa gowşurýançam, Ýusuby Ýakuba gowuşdyrmaryn» diýip, habar beripdir. Maňa oglumyň söýünjisi entek gelenok, Ýakuba nähili Ýusubyň söýünjisi geljekmiş?» diýdi. Beşir: «Seniň ogluň ady nämedi?» diýdi. Ol: «Beşir» diýdi. Beşir: «Seniň adyň näme?» diýdi. Ol: «Mubaşşira» diýdi. Beşir bu sözi eşidip, düýeden özüni taşlady. Ol enesiniň aýagyna ýykylyp: «Men seniň şol ogluňdyryn» diýdi. Mubaşşira ogluny gujaklandan onuň gözi açyldy.

*Aýdypdyrlar:* Rubil Müsürden çykandan Ýakup pygambere Ýusubyň köýneginiň ysy geldi. Ýakup pygamber perýat edip: «Men bu wagt Ýusubymyň ysyny aldym» diýdi. Aýat: ***«Olaryň atasy: «Men Ýusubyň ysyny syzýaryn. Siz meni aklyndan azaşan diýip hasap edäýmeseňiz»*** diýdi. Ýakup pygamberiň öýdäki gyzlary: «Eý, ata! Sen Ýusubyň gaýgysynda garradyň

we bükür bolduň. Sen haçandan bäri Ýusuby isleýärsiň, heniz hem seniň başdaky söýgüň gitmändir» diýdiler. Aýat: ***«Olar: «Allatagaladan kasam bolsun! Sen henizem şol ýalňyş pikiriňdesiň» diýdiler».***

Şol gün Beşir enesi Mubaşşira bilen bile girip, Ýakup pygambere söýünjilediler. Munuň yz ýany bilen Rubil ýetip geldi. Ol Ýusubyň köýnegini atasynyň gözüne sürtdi. Ýakup pygamberiň gözleri açyldy. Aýat: ***«Buşlukçy ýetip gelip, ol köýnegi Ýakubyň ýüzüne sürtdi we onuň gözleri açyldy».*** Ýakup pygamber Rubili guçdy we ondan Ýusubyň habarlaryny sorady. Ol hemmesini aýdyp berdi. Ikinji günde onuň galan oglanlary hem ýetip geldiler. Olar kejebeleri we Ýusubyň iberen hyzmatkärlerini getirdiler.

*Sowal:* Rubiliň köýnegi ýüze sürtmegi bilen Ýakup pygamberiň gözi açyldy. Muňa sebäp nämedi?

*Jogap:* Aýdypdyrlar: Ýusup pygamberiň iki gudraty bardy. Biri, onuň jamydy. Ol haýsy sözi sorasa, oňa jogap bererdi. Beýlekisi, onuň köýnegidi. Ybraýym pygamberi Nemrut (goý, oňa nälet bolsun!) oda atdy. Allatagalanyň permany bilen Jebraýyl alaýhyssalam bir köýnek getirdi. Ony Ybraýym alaýhyssalama geýdirdi. Onsoň ony ot köýdürmedi. Şol köýnek ondan Ýusuba miras galypdy.

Oglanlary Ýakup pygambere: «Eý, ata! Biz saňa uly ýazyk etdik. Indi biz ýazygymyzy boýnumyza alyp geldik. Sen ony bizden geçir. Allatagalanyň hem ony bizden geçirmegi üçin dileg et. Aýat: ***«Olar: «Eý, atamyz! Biziň günämiziň geçilmegini Allatagaladan dile. Elbetde, biz ýalňyş iş edijilerden bolduk» diýip aýtdylar.»*** Ýakup pygamber dilege elini götermedi. Ol: «Wagty gelende men siziň günäňiziň geçilmegini soraryn». Aýat: ***«Ýakup: «Tiz wagtda men siziň günäňiziň geçilmegini Taňrymdan dilärin» diýip aýtdy».***

*Sowal:* Agalary Ýusupdan ötünç soradylar. Ol şol wagt olary bagyşlady. Oglanlary atalaryndan olaryň günälerini Hu-

daýyň geçmegini soramagy dilediler. Ol şol wagt dileg etmedi. Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Aýdypdyrlar: Ýusup ýigitdi. Ýigitleriň köňli giň bolar. Ol munuň üçin olary şol wagt geçirdi. Garrylaryň köňli dar bolar. Onuň üçin Ýakup pygamber bu işi yza goýdy. Ýigit bilen garrynyň arasynda bu hili tapawut bar.

*Ýene bir jogap*: Ýakup pygamber köňli darlykdan yza goýmady. Ol her bir zadyň wagtynyň bardygyny bilýärdi. Dilegiň kabul boljak wagty säherde bolar. Allatagala: «Meniň bendelerim gijesine az ýatarlar. Olar oýa bolup, tagat ederler. Säher wagty bolsa olar ýene dileg ederler» diýip aýtdy. Ýakup pygamber: «Säher wagty bolanda dileg ederin» diýip, bu işi yza goýdy.

Ondan soň Ýakup pygamber Kengandan Müsüre göçdi. Ol egindeşleri bilen Müsüre ugrady. Müsüre üç günlük ýol galdy. Ýusup alaýhyssalamyň Afratim atly ogluny üç müň kişi bilen bularyň öňünden çykmak üçin iberdi.Ol çykyp, uly atasyny gördi. Ol atdan düşüp, oňa salam berdi. Ýakup pygamber: «Bu kimiň ogly? Meniň köňlüm muny Ýusupmyka diýip gowy gördi» diýdi. Oňa: «Bu Ýusubyň ogludyr» diýip aýtdylar. Ýakup pygamber ony guçdy.

Ýusup alaýhyssalam Müsürde: «Kim islese meniň bilen atlanyp, atamy garşy almaga çyksyn» diýip, jar çekdirdi. Dört müň kişi atlandy. Ol nagara kakdyryp, tüýdük çaldyryp atasyny garşylamaga ugrady. Onuň altyn, hünji we ýakut bilen bezelen bir baýdagy bardy. Onuň ýüzüne ýyldyzlar çekilendi. Ol bu baýdagy hem alyp atlandy. Müsür halky bir agaçlyk ýere tomaşa etmäge çykdylar. Ýusup alaýhyssalam atasyny atyň üstünden guçdy.

*Sowal:* Ýusup alaýhyssalam näme üçin atasy bilen atdan düşüp görüşmedi?

*Jogap:* Ol atasyny tanamady. Şeýle hem oňa Reýýan patyşa: «Atdan düşme» diýipdi. Ýusup alaýhyssalam: «Eger men

atdan düşsem, Reýýan patyşa menden gaty görer. Emma atam meni örän söýýär. Ol menden muny geçirer» diýip oýlandy.

*Aýdypdyrlar:* Ýusup: «Eger men atdan düşsem, Reýýan patyşanyň sözi synar. Eger atdan düşmesem, men atamy azara goýaryn» diýip, ikigöwünli boldy. Ol namaz okady. Seždede uklady we düýş gördi. Ol: «Eý, Ýusup! Sen atdan düşme! Allatagala kerimdir. Ol senden muny geçirer. Emma patyşa mahlukdyr. Ol senden muny geçirmez» diiýen owaz eşitdi. Bu sebäpden ol atdan düşmedi. Şonuň üçin Ýusup alaýhyssalamyň oglanlaryna pygamberlik ýetmedi.

Käbir rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Ýusup alaýhyssalam atdan düşdi we atasyny altyn araba mündürdi. Olar dabara bilen Müsüre girdiler. Ýakup pygamber ondan: «Eý, Ýusup! Saňa nähili emgekler geldi? Sen olary maňa aýdyp ber» diýip sorady. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, ata! Men köp emgekler gördüm. Olary aýdyp tükedip bolmaz. Emma ýagşylyk az gördüm. Rugsat berseň, men hemmesini aýdyp bereýin» diýdi. Ol gören emgeklerini aýtdy. Emma ol: «Atamyň köňli doganlarymdan sowar» diýip, olaryň özüne eden ýamanlyklaryny aýtmady. Olar Müsüre girensoňlar, Ýusup alaýhyssalam atasyny altyn tagtyň üstünde oturtdy. Ýusubyň halasy Ýakup pygamberiň nikasyndady. Onuň atasy, halasy, on bir dogany hemmesi Ýusuba sežde etdiler. Aýat: ***«Ol ata-enesini belent kürsä mündürdi. Olar Ýusuba hormat üçin sežde eden hallarynda başyny egdiler».***

Ol halda Ýusup alaýhyssalam: «Eý, atam! Ol gün Kenganda men düýş gördüm. On bir ýyldyz, aý we gün maňa sežde etdi. Meniň ol düýşümiň ýorgudy bu gün dogry geldi» diýdi. Aýat: ***«Ýusup: «Eý, ata! Bu meniň öň gören düýşümiň ýorgudydyr» diýip aýtdy».***

*Sowal*: Hudaýtagaladan başga zada sežde etmeklik rowa bolmaz. Ýakup pygamberiň oglanlary näme üçin Ýusup alaýhyssalama sežde etdiler?

Bu söze üç dürli jogap bardyr.

*Birinji jogap*: Ýusup alaýhyssalam olaryň kybla tarapynda oturýardy. Ýakup pygamber oglanlary bilen Hudaýtagala şükür seždesini etdiler. Bu sežde Hudaýtagala üçindi.

*Ikinji jogap*: Olar Ýusup alaýhyssalama başlaryny egip, tagzym etdiler we ýüzlerini ýere goýmadylar.

*Üçünji jogap*: Ol sežde Ýusup üçindi. Öňki şerigat boýunça patyşalara salam bermegiň ýoly şeýledi. Ol biziň pygamberimiziň şerigatynda mansuh boldy. Bu jogaplardan dürsrägi şu jogapdyr. Ol Gurhanyň aýatyna hem muwapykdyr.

*Sowal:* Taňry Ýusup alaýhyssalama düýşüniň ýorgudyny bildirýänçä näçe ýyl geçdi?

*Jogap*: Hasanyň we Katadanyň sözüne görä segsen ýyl geçdi. Süleýmanyň sözüne görä kyrk ýyl geçdi. Sagyt ibn Habiriň sözüne görä otuz alty ýyl geçdi. Ýene bir söze görä ýigrimi iki ýyl geçdi. Muhammet ibn Yshagyň sözüne görä on sekiz ýyl geçdi.

Ýusup alaýhyssalam: ***«Hudaýtagala meniň düýşümi dogry ýordy. Ol maňa ýagşylyk etdi we zyndandan çykardy»*** diýdi. Ol zyndanda köp oturdy. Şonuň üçin ikinji jogap şeýledir. Ýusuby agalary guýa saldylar. Emma ol: ***«Bu günden başlap size meniň tarapymdan öýke-kine ýokdur»*** diýip, olaryň günäsini geçipdi. Ol utanmasynlar diýip, agalarynyň ýazygyny atasyna aýtmady. Emma ony zyndana Müsür halky girizipdi. Olaryň köňlüni saklamady. Ony atasyna aýdyp berdi.

Üçünji jogap: Ýusup alaýhyssalam atasyna bu sözleri şükür ýoly bilen hekaýat edip berdi. Ol guýydan çykarlyp, gulçulyga satylanyny aýtmady. Emma ol zyndandan çykyp, patyşalyga ýetenini şükür edip aýdyp berdi. Ol ýene: «Sizi Kengan sährasyndan Taňrym bu ýere getirdi. Aýat: ***«Ol şeýtan meniň we doganlarymyň arasyna agzalalyk salandan soň, sizi sähradan bu ýere getirdi. Meniň Taňrym isleýän zadyna mähribandyr, Ol bilijidir, Ol höküm çykaryjydyr»*** diýdi.

Ertesi Reýýan patyşa gurban bermek üçin mal getirdi. Ol Ýakup pygambere salam berdi. Ýusup alaýhyssalam ol mallary garyndaşlaryna berdi. Reýýan patyşa Ýakup pygamberiň öňünde iman getirdi.

Kyssalarda şeýle aýdylypdyr: Ýusup alaýhyssalam zyndandan çykyp Reýýan patyşanyň ýanyna gelende patyşanyň altyndan ýedi sany degirmen daşy bardy. Olaryň her biriniň agramy bäş müň batmandy. Reýýan patyşa Ýusup alaýhyssalamyň görküni görüp, haýran galyp, oňa tarap ýörände aýagy daşa degdi. Ýusup alaýhyssalam ol daşy göterip uzagrak ýere taşlady. Reýýan patyşa Ýusup alaýhyssalamyň ol güýç-kuwwatyny görüpdi. Ol Ýusup alaýhyssalamyň doganlarynyň güýç-gaýratyny hem görüpdi. Ol: «Bularyň güýç-kuwwatyny synap göreýin» diýip çagyrtdy. Ilki Şemgun bäş müň batmanlyk daşy göterip taşlady. Olaryň hemmesi şonuň ýaly agramly daşy göterdiler. Patyşa bularyň güýjüni görüp geň galdy.

*Aýdypdyrlar:* Bir gün patyşa olar bilen awa çykdy. Şemgun arslanyň, Rubil bolsa gaplaňyň boýnundan tutup, patyşanyň ýanyna getirdi. Olaryň hemmesi özleriniň gujur-gaýratlaryny görkezdiler. Olaryň atlary we owazalary äleme ýaýyldy. Patyşa: «Eý, Ýusup! Sen doganlaryňa: «Olar maňa mülk basyp alyp bersinler» diýip aýt» diýdi. Perman boldy. Olaryň her biri söweş edip, Rum we Şam welaýatyndan on bir sany mülk basyp aldylar we on müň leşgerli boldular. Patyşa ol mülkleri olaryň özlerine berdi. Olar öz mülklerinde ornaşdylar. Şeýdip, olar mülklere ýaýyldylar. Beni Ysraýyl olaryň urugyndan boldy. Ýakup pygamber ondan soň ýigrimi ýedi ýyl ömür sürdi. Köp halaýyk Ýakup pygambere iman getirdi. Reýýan patyşa mundan soň sekiz ýyl üç aýa çenli diri gezdi. Reýýan patyşa Pyrgaunyň atasydy. Ol dokuz ýaşyndaka Reýýan patyşa ony Ýusup alaýhyssalama tabşyrdy. Ýigrimi ýedi ýyldan soň Ýakup pygamber öldi. Ondan soň pygamberlik Ýusup

alaýhyssalama ýetdi. Ol atasyndan soň ýigrimi ýedi ýyl ýaşady we ondan soň öldi.

*Aýdypdyrlar:* Ýakup pygamber hem, Ýusup pygamber hem Müsürde öldi. Ýakup pygamberi Kengana eltip jaýladylar. Emma Ýusuby Müsürde jaýladylar. Musa pygamberiň günlerine çenli olaryň gabry Müsürdedi. Musa pygamber gelip, olaryň çüýrän süňklerini ýygnap, Kengana eltdi we atasynyň gabrynyň ýanynda jaýlady.

**Hadys.** Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam: «Pygamberleriň etleri ýere haramdyr, olar çüýremezler» diýipdir. Emma ol gün Züleýha Ýusup alaýhyssalamy öýe girizip, özüne dartanda Ýusup alaýhyssalam oňa ýüz bermedi we sözlemedi. Züleýha: «Eý, Ýusup! Seniň gözleriň nähili görklüdir» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ertir bu gözler gabra goýlar we olar toprak bolar» diýdi. Züleýha: «Seniň nähili görkli saçlaryň bar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Ertir olar görüň içinde biri-birinden aýrylyp, dagarlar» diýdi. Züleýha: «Seniň ne görkli dişleriň bar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Olaryň hemmesi ertir görüň içinde döküler» diýdi. Züleýha Ýusuby öwse, ol şeýle jogap berdi. Hudaýtagala Ýusup Syddygyň: «Sözleri dogry bolsun» diýip, onuň etlerini görde çüýretdi we süňklerini uşatdy.

## ÝUSUP PYGAMBERIŇ ZÜLEÝHA GOWUŞMAGYNYŇ BEÝANY

Haçanda Züleýha Reýýan patyşa bilen Müsür eziziniň ýanynda: «Ýazygy men etdim, töhmeti men atdym. Ýusupda ýazyk ýok» diýende, Müsür ezizi Züleýhany öýüne iberdi. Ol on sekiz ýyl Ýusup alaýhyssalamyň umydynda oturdy. Ony Müsüriň uluglary dilediler. Ol göwnemedi. Onuň köňlünde Ýusubyň yşky gün-günden artdy. Ol Ýusubyň aýraçylygynda zar-zar ýyglaýardy. Ol hemme malyny Ýusubyň yşkynda pida

etdi. Kim Ýusup sözüni aýtsa, ol oňa müň altyn bererdi. Onuň maly tükendi we gallaç boldy. Ýakup pygamber Ýusubyň aýraçylygynda: «Wa, asafa alä Ýusufa» diýerdi. Züleýha aç hem bolsa Ýusup diýerdi, suwsasa hem Ýusup diýerdi. Ýusup diýip suw içse, suwsuzlygy ganardy. Ol on sekiz ýyllap şunuň ýaly gün geçirdi.

Günlerde bir gün Ýusup alaýhyssalam awa atlandy. Züleýha onuň bu habaryny eşitdi. Onuň bir hyzmatkäri galypdy. Ol oňa: «Sen meniň elimi tutup, onuň geljek ýolunda otur» diýip aýtdy. Hyzmatkäri Züleýhanyň elinden tutup ýola çykardy. Ol ýoluň başynda, uly bir diwaryň düýbünde oturdy. Ýusup alaýhyssalamyň leşgeri peýda bolanda, hyzmatkäri muny Züleýha habar berdi. Züleýha ornundan turup, taýagyny ýere urup belent owaz bilen: «Guly sabyr etmeginiň bereketinden patyşa eden we patyşany şöhwet belasyndan gul eden Allatagala şükür bolsun» diýip aýtdy. Ýusup alaýhyssalam leşgeriniň şowhuny bilen onuň sesini eşitmedi. Hudaýtagala ýele perman berdi.

Ýel Züleýhanyň sesini Ýusup alaýhyssalamyň gulagyna ýetirdi. Ol atynyň jylawyny tartdy. Ol bu sesi diňläp, «Eý, Züleýha» diýdi. Züleýha Ýusup alaýhyssalamyň sesini eşitdi we begenip bihuş boldy. Züleýha özüne geldi. Ýusup: «Hany seniň ýaşlygyň, hany seniň gözelligiň?» diýdi. Züleýha: «Men olary seniň yşkyňda ýitirdim» diýdi. Ol: «Seniň malyň-mülküň nirede?» diýip sorady. Züleýha: «Ony men seniň habaryňy getirenlere pida etdim» diýip aýtdy. Ol: «Seniň gözleriňi näme gidirdi?» diýdi. Züleýha: «Seniň pyrakyňda aglamagymyň sebäbinden gözlerim kör boldy» diýdi.

Ýusup alaýhyssalam: «Indi, sen näme isleýärsiň?» diýdi. Züleýha: «Men seniň ýüzüňi bir gezek görmek isleýärin» diýdi. Ýusup alaýhyssalam: «Muny öýe eltiň. Men gelip düşemde ony meniň ýanyma getiriň» diýdi. Züleýhany Ýusup alaýhyssalamyň köşgüne eltdiler. Ol wagt Ýakup pygamber diridi. Ol Züleýhanyň kyssasyny eşidipdi. Ol Züleýhany çagyryp, onuň

başyndan geçen wakalary sorady. Ol Ýakup pygambere hemmesini dogurlyk bilen aýdyp berdi. Ýakup pygamber: «Eý, Züleýha! Ýusubyň yşky heniz-heniz hem seniň köňlüňde barmy?» diýdi. Züleýha: «Meniň oňa yşgym öňküsinden artykdyr» diýdi. Ýusup alaýhyssalamyň elinde gamçy bardy.

Züleýha: «Eý, Ýusup! Gamçyny meniň agzyma tut!» diýdi. Ol gamçyny Züleýhanyň agzyna tutdy. Züleýha bir gezek: «Ah» diýdi. Onuň agzyndan ot çykdy we gamçyny köýdürdi. Ol altyndan bolan gamçy eräp akdy. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Seniň kümüşden butuň bardy. Sen ony näme etdiň?» diýdi. Züleýha: «Bir gün men turup onuň ýanyna bardym we oňa: «Segsen ýyl boldy, men saňa çokunýaryn. Men indi garradym we kempir boldum. Bu gün meniň senden üç sany hajatym bar. Birinji, meniň ýaşlygymy gaýtaryp ber, ikinji, öňki görkümi gaýtaryp ber, üçünji, gözümi görer ýaly et» diýip aýtdym. Men köp aýtdym, emma ondan jogap bolmady. Meniň gaharym gelip, ol buty para-para etdim, soňra ony oda ýakdym. Indi men seniň ýanyňa geldim. Meniň dört sany hajatym bar, olary Hudaýtagaladan maňa diläp ber. Eger sen kabul etseň, olary aýdaýyn» diýdi. Ýusup alaýhyssalam kabul etdi we oňa: «Aýt» diýdi.

Züleýha: «Meniň birinji hajatym, meniň ýaşlygymy gaýtaryp bersin. Ikinji hajatym, görkümi gaýtaryp bersin, üçünji hajatym, gözümi görer ýaly etsin. Meniň bu üç hajatymy bitirse, onsoň dördünji hajatymy aýtjak» diýdi. Ýusup alaýhyssalam Ýakup pygamberden dileg etmegini sorady. Ýakup pygamber dileg etdi. Züleýha ýaş gyz boldy, görki gaýdyp geldi we gözleri gördi. Züleýha şol wagt iman getirdi we musulman boldy. Ýusup alaýhyssalam: «Seniň ol bir hajatyň nämedir?» diýip sorady. Züleýha: «Ol hajatym, sen meni öz nikaňa al» diýdi. Ýusup alaýhyssalamyň gahary geldi. Ol Züleýhany daşary kowdurdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Ol Ýakup pygambere salam berdi we: «Eý, Ýakup! Hudaýtagala

Ýusuba wadasyny berjaý etsiň, Züleýhanyň hajatyny bitirsin we ony nika bilen alsyn diýip aýdýar» diýdi. Ýakup pygamber Ýusup alaýhyssalama Hudaýtagalanyň permanyny ýetirdi.

Hudaýtagalanyň permany bilen Züleýha we Ýusuba nika gyýmak üçin Jebraýyl alaýhyssalam ýetişdi. Howa enemizi Adam atamyza nika gyýlanda Hudaýtagala öz aryg zaty bilen hutba okapdy. Ol hutba Adam alaýhyssalamyň kyssasynda aýdylypdy. Jebraýyl alaýhyssalam ol hutbany okady we nika gyýdy. Müsür halkynyň hemmesi begendi. Ýakup pygamber Hudaýtagala şükür etdi.

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagala Züleýhanyň köňlündäki yşky Ýusup alaýhyssalamyň köňlüne, Züleýhanyň köňlüne bolsa Öz yşkyny saldy. Züleýha gije-gündiz Hudaýtagala tagat edip başlady. Ol Ýusup alaýhyssalamyň yşkyny unutdy. Habarlarda aýdylşyna görä, haçan Ýusup alaýhyssalam Züleýha tarap ugrasa, ol ondan gaçardy. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Şu çaka çenli men senden gaçardym, sen meniň yzymdan ýüwürerdiň. Indi näme boldy? Men seniň yzyňdan ýüwürýärin, sen bolsa menden gaçýarsyň» diýdi. Züleýha: «Şu wagta çenli seni mähriban gördüm we saňa ymtyldym. Indi men Hudaýtagalany mähriban görýärin we Oňa sygynýaryn. Aýat: ***«Allatagala mähribandyr we bilijidir».*** Ol gün men Ondan hezzet-hormat gördüm. Şonuň üçin Oňa köňül berdim, Ony eziz gördüm we Oňa tarap aýlandym» diýdi. Aýat: ***«Allatagala ezizdir we rehimdardyr».***

Ýusup alaýhysalam Züleýha tarap ugrady, ol ony tutjak bolup yzyndan kowalady. Züleýha gaçdy. Ýusup alaýhyssalam onuň yzyndan ýüwürdi we Züleýhanyň artky eteginden tutup tartdy. Onuň köýnegi ýyrtyldy. Züleýha oňa öwrülip: «Eý, Ýusup! Köýnek ornuna köýnek ýyrtyldy» diýdi.

**Hekaýat.** Bagdat halypasy Harun Reşit bir ýyl Bagdat halkyna aşlyk berip, olaryň hemmesini satyn aldy we olara gulluk hatyny berdi. Ol bir gün atlanyp meýdana çykdy we:

«Eý, Bagdat halky! Meýdana çykyň!» diýip, jar çekdirdi. Ol hazynada bar bolan altyn-kümüşleri gatyrlara ýükledip çykartdy. Halkyň gulluk hatyny getirtdi. Ol ýene: «Eý, Bagdat halky! Men siziň hemmäňizi Allatagalanyň razylygy üçin gulçulykdan azat etdim» diýip, jar çekdirdi. Olaryň hatlaryny özlerine berdi. Hemme hazynany olara bagyşlady. Halk hazynany paýlaşdy. Bir gul aýal mal-baýlyga bakmady we hatyny almady. Ol Harunyň etegini tutdy. Halaýyk muny geň görüp: «Eý, aýal! Hemme kişi azatlyk hatyny we mal-haryt aldy. Sen näme üçin almaýarsyň?» diýdi. Ol: «Men hemme halaýygyň mundan mal-haryt alandygyny gördüm. Meniň maly goýup, onuň eteginden tutmagymyň sebäbi – men muny söýdüm. Meniň mundan maksadym hasyl bolsun» diýdi.

Züleýha hem şunuň ýaly: «Eý, Ýusup! Men seni söýdüm, men saňa köňül berdim, men saňa ýalbardym, sen maňa bakmadyň, eşitmediň. Onsoň men ýaradan Taňryma döndüm. Men ol gapa tapyg etmäge ýapyşdym. Ol maňa ýaşlygymy, görkümi we gözümi gaýtaryp berdi. Ahyry Ol sen dek söwer ýaryma gowuşdyrdy. Men onsoň ol gapyny nähili goýaýyn, Onuň hyzmatyny nähili etmäýin?» diýdi. Müsür halky begenip oňa mallary bagyşladylar we sowgatlary getirdiler. Züleýha olaryň baryny Ýusup alaýhyssalamyň doganlaryna berdi. Ýusup alaýhyssalam bilen Züleýha on sekiz ýyl ömrüni birlikde geçirdi. Olardan ýedi perzent boldy: bäş ogul we iki gyz.

*Aýdypdyrlar:* Züleýha bilen Ýusup alaýhyssalama nika gyýylandan soň ol ikisi hylwat etdiler. Züleýha aýtdy: «Eý, Ýusup! Şu wagta çenli men seni söýmegimiň sebäbi seniň görküňdi. Görklüligi söýmek aýyp däldir. Meniň öňki ärim baýdy. Ol maňa ýakynlaşmazdy. Men on sekiz ýaşda oňa düşdüm. Şu wagta çenli men är bilen gowuşmak lezzetini görmedim. Men eneden doguşym ýaly päkdirin. Haçan ärim maňa tarap ugrasa, ol gaty gygyryp menden gaçardy. Men ondan sorasam ol: «Haçan men seniň ýanyňa ugrasam, seniň

arkaňda iki sany arslan gelip, maňa topulardy. Men olardan gaçardym» diýip aýdardy. Ýusup alaýhyssalam: «Eý, Züleýha! Ol iki arslan däldi, eýýsem olar perişdelerdi. Hudaýtagalanyň permany bilen olar ol kapyrdan seni meniň üçin päk sakladylar» diýdi. Ýusup alaýhyssalam Züleýha gowşanda ol eneden dogan gyz ýalydy. Şol wagt Züleýha bu şygry okady:

Iki naňdan seni söýdüm, eý köňüller zynaty,
Ermedi oýnaşlygymdan uşbu nebsim ragbaty.

Sende görk erdi melahat menme ýaş oglan kiçik,
Görse görklülerni söýmek enbiýalar sünneti.

Ikilenç ärim Eziz gannyn erdi belgilik,
Tirik erkençe tugalga zahyr erdi gunnaty.

Nägehan ärim Eziz ugraýu gelse ol maňa,
Gaçyrardy any menden iki arslan haýbaty.

Men eneden dogmyşym dek hem erer men uşbu gün,
Imdige tegru tenime degmedi är lezzeti.

Aýdaýyn şükrün Izige tagat içre katlanyp.
Kaýda biliner tekmelere uşbu nygmat gymmaty.

Görkde usmat, yşkda wuslat, mülk, nubuwwat bu kamug.
Gullar uzre ger telim bar Möwlamyzyň minneti.

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagala haýsy aýaly pygamberlere ýazgyt etse, ol aýaly Ýusuba saklaýşy ýaly kapyrlardan päk saklardy.

*Sowal:* Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam Hatyjany açyk ýüz bilen almanmydy?

*Jogap:* Hudaýtagala ol aýallaryň öňki ärlerini bir dürli derde sataşdyrdy. Olar hatynlaryna Müsür ezizi ýaly gowşup bilmediler.

Ýigrimi ýyldan Ýakup pygamber öldi. Reýýan patyşanyň ornuna onuň ogly oturdy. Emma onuň hemme mülküni Ýusup alaýhyssalam bilerdi. Ýusup alaýhyssalam atasyndan soň ýigrimi dört ýyl ömür sürdi. Ondan soň ol üç aý ýedi gün hassa boldy. Ahyry onuň ömri ahyryna ýakyn geldi. Ol: «Eý, Taňrym! Maňa mülk berdiň, şeýle hem şerigat ylmyny, düýş ylmyny öwretdiň» diýip aýtdy. Aýat: ***Ol: «Eý, Taňrym! Sen maňa patyşalyk mülküni berdiň, düýşleri ýormagy öwretdiň» diýdi.***

*Sowal:* Ýusup alaýhyssalamyň aýdan mülki nähilidi?

Muňa ýedi dürli jogap bardyr:

*Birinji jogap,* oňa göripçilik etdiler. Ol oňa gaýgyly boldy.

*Ikinji jogap,* görk mülküdi.

*Üçünji jogap,* köňül mülküdi. Görenler Ýusuby görüp söýdüler, görmedikler eşidip söýdüler.

*Dördünji jogap,* sahylyk mülki. Açlyk ýyllarynda Ýusupdan eli açyk adam ýokdy.

*Bäşinji jogap,* Pygamberlik mülki. Oňa on sekiz ýaşynda pygamberlik berildi.

*Altynjy jogap,* ol Allatagalanyň kazasyna razydy, sabyrlydy, kanagatlydy.

*Ýedinji jogap,* oňa Müsür welaýatynyň mülki berildi.

Ýusup alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Sen meni, ýeri we asmanlary ýaradyjysyň!*** Eý, Taňrym! Sen meni guýudan çykardyň. Gulçulykdan halas edip, patyşalyk berdiň. Eý, Taňrym! Sen dünýäde we ahyretde ygtyýarlysyň» diýdi. Aýat: ***Ol: «Eý, Taňrym! Sen meniň dünýäde we ahyretde meniň işimi ýola goýujysyň.*** Eý, Taňrym! Sen meni dünýäde eziz we hormatly etdiň. Meni dünýäden ahyrete baranymda iman we

yslam bilen elt. Aýat: ***«Sen meniň janymy musulman halymda al we öz ýagşy bendeleriňe goş»*** diýdi.

*Sowal:* Şerigatda ölümiňi dilemek rowa däl. Ýusup alaýhyssalam: «Janymy al» diýdi. Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Ýusup alaýhyssalam ölüm dilemedi. Ol: «Ajalym ýetse, yslam bilen ölüm ber» diýdi.

*Sowal:* Pygamberlerde hatyma gorkunjy ýok. Onuň: «Musulman edip janymy al» diýmegine sebäp nämedir?

*Jogap:* Onuň bu sözi özgelere tälim üçindi. Ýusup alaýhyssalamyň özüni nygmatly mülküň we pygamberligiň içinde gördi. Hemme nygmatlara soň ýok bolmak bardyr, diriligiň yzyndan ölüm bardyr. Gündiziň yzyndan gije geler. Käse dolsa döküler. Ol bu alamatlary görüp: «Meniň dünýäde nygmatym tamam boldy. Meniň dünýäden gitjek wagtym geldi. Eý, Taňrym! Meni musulman edip öldür. Meni salyh bendeleriňe goş!» diýdi.

*Sowal:* Ol: «Salyh bendeleriňe goş» diýip dileg etdi. Salyhlar kimlerdir?

*Jogap*: Birinji salyhlar, jennetilerdir. Ikinji salyhlar, weliler we muttakylardyr. Üçünji salyhlar, onuň ata-babalarydyr, ýagny Ybraýym alaýhyssalam, Yshak alaýhyssalam, Ýakup alaýhyssalamdyr. Ýusup alaýhyssalamyň bu dilegi kabul boldy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Hudaýtagala size salam iberdi. Ol: «Indi seniň üç günlük ömrüň galypdyr. Sen ahyret işine taýýar bol» diýip aýtdy» diýdi. Ýusup alaýhyssalam Ýehuda: «Men ölsem sen daşdan tabyt ýasap, ony meniň bilen Nil derýasyna sal. Biziň urugymyzdan Musa atly pygamber çykar. Ol meni derýadan alyp, Kengana eltip, ata-babama goşar» diýip, wesýet etdi.

Üç gün tamam boldy. Ezraýyl perişde gelip Ýusup alaýhyssalamyň janyny aldy. Ýehuda daşdan bir tabyt taraşlady we Ýusup alaýhyssalamyň jesedini oňa salyp, Nil derýasyna taşlady.

*Aýdypdyrlar:* Bu kyssada ybratlar köpdür. Olaryň hemmesini aýtmak melal getirer. Olaryň röwşenrägi: «Ýusup alaýhyssalama agalary ýamanlyk etdi» diýip olary ýazgarmak rowa däldir. Çünki Ýusup alaýhyssalam olary bagyşlady. Hudaýtagala hem olaryň günälerini geçirdi. Bu işde olary ýaman görmek sözi zaýalamakdyr. Ol iş gaýyp älemden gelipdi. Aýat: ***«Ýusup baradaky kyssa gaýyp habarlardandyr. Biz ony size habar berdik».***

«Eý, Muhammet! Sen ýokduň. Ýusuba niçik hallar gelip ýetdi? Oňa agalary nähili işler etdiler? Sen ony görmediň. Aýat: ***«Eý, Muhammet! Sen olaryň arasynda ýokduň. Olar jemlenişip Ýusuba mekirlik etdiler».*** Men saňa: «Olaryň işlerinden pent-nesihat al» diýip, habar berdim. Bu kyssada aňly kişilere köp öwüt-nesihat bardyr».

Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *ON ÝEDINJI KYSSA*
## HEZRETI EÝÝUP ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Eýýup alaýhyssalam: ***«Maňa bir muşakgatlyk ýetişdi»*** diýen aýat bilen alty müň jübüt gurduň azabyna sataşyp, dat-perýat etdi. Ol: ***«Biz onuň agyr keselde hem sabyrlydygyny bildik»*** diýen aýat bilen Taňrynyň gaşynda hormat-sylaga eýe boldy. Ol: ***«Biz onuň ähline we onuň öz ýanyndaky oňa meňzeşlere rehmet etdik»*** diýen aýat bilen keramatly boldy. Ol: ***«Bir gysym oty eliňe al, şol ot bilen aýalyňy ur. Ýöne, sen içen antyňy bozma»*** diýip Allatagaladan owaz eşiden Eýýup alaýhyssalamdyr.

**Nazm**

Gel, eşit, erdi pygamber sözleri,
Enbiýa hakdan belany sordy hahlap özleri.

Hak üçin geçdiler malu-dowar, düýeden,
Bir zamanda öldüler ýedi ogul, üç gyzlary.

Öz etini sabr edip, gurda iýdirdi her demi,
Üç nemerse goýdy, galdy ýürek, hem gözleri.

Geçdi mähnet, gitdi yllat, artdy hezret gurbaty.
Taňry syhhat berdi, dogdy müşteri ýyldyzlary.

Onuň nesebi şeýledir: Eýýup Magsup ibn Rawah ibn Rum ibn Yshak nebialla ibn Ybraýym halylylla. Hezreti Eýýup alaýhyssalam rumlydy. Onuň enesi Lut pygamberiň gyzydyr. Onuň hatynynyň ady Rahymadyr. Ol Efrahym bin Ýusup alaýhyssalamyň gyzydyr. Yýazyň urugyndan iki pygamber boldy. Onuň biri Eýýup alaýhyssalamdyr, beýlekisi bolsa Şugaýp alaýhyssalamdyr. Eýýup alaýhyssalamyň ata urugyndan bir garyndaşy bardy.

Ol Horan welaýatyndan bolan Bähil atly bir kapyrdy. Ol welaýatda ýigrimi iki oba bardy. Bähil buta seždedc ederdi. Ol butuň ady Sulsdy. Onuň gözi altyndan, gollary kümüşden, aýaklary bolsa lagldandy. Bu Bähiliň bäş ýüz müň hakynatutma goşuny bardy. Ol: «Maňa bir ogul ber» diýip, kyrk ýyl buta sežde etdi. Bir gün Jebraýyl alaýhyssalam gelip, Eýýup alaýhyssalama: «Hudaýtagala size salam aýtdy, pygamberlik iberdi we Ol size: «Baryp Bähili imana çagyrsyn, goý ol musulman bolsun, Hudaýtagalany bir bilsin, seniň Allatagalanyň pygamberidigiňi bilsin diýip, perman berdi» diýdi.

Eýýup alaýhyssalam pygamberlik işine buýrulanda kembagal erdi. Ol aýaklaryna köwşüni geýip, gollaryna bolsa hasasyny alyp, Horan şäherine bardy. Ol Bähiliň ýanyna geldi. Bähil Eýýup alaýhyssalamy görüp tanady. Ol ýerinden turup, Eýýup alaýhyssalam bilen görşüp, oňa öz ornundan ýer berip oturtdy. Eýýup alaýhyssalam: «Eý, Bähil! Men saňa nesihat bermäge geldim» diýdi. Bähil oňa: «Beýle bolsa, ýagşy bolar» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Hudaýtagala meni siziň üstüňize iberdi» diýdi. Bähil oňa: «Sen haýsy «hudaýy» aýdýarsyň?» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Meni, seni we hemme älem-jahany ýaradan Hudaýtagalany aýdýaryn» diýdi. Bähil: «Ol seni meniň ýanyma näme üçin iberdi?» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Sen:

«Lä ilähe illallahu, enne Eýýube resulallahu» diýip aýt» diýdi. Bähil arkasyna bakyp, gülüp, öz-özüne aýtdy: «Bu Eýýup kembagaldyr. Ol menden bir zat tama edip gelendir». Soňra ol Eýýuba: «Bir müň goýun beriň» diýip buýurdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip aýtdy: «Eý, Eýýup! Bähil näme berse ony al. Sen oňa ýok diýme». Bähiliň sözi bilen oňa bir müň goýun berdiler.

Eýýup alaýhyssalam ikinji gün ýene geldi we aýtdy: «Eý, Bähil! Hudaý birdir, men onuň pygamberidirin». Bähil aýtdy: «Oňa bir müň öküz beriň» diýdi. Oňa bir müň öküz berdiler. Eýýup alaýhyssalam üçünji gün ýene geldi we: «Eý, Bähil! Sen: «Lä ilähe illallahu we Eýýubu resulallahu» diýip aýt» diýdi. Bähil: «Muňa bir müň at beriň» diýdi. Oňa bir müň at berdiler. Eýýup alaýhyssalam dördünji gün ýene geldi we: «Eý, Bähil! Sen Hudaýy bir bil, meni Onuň pygamberidigimi bil» diýdi. Bähil: «Muňa bir müň düýe beriň» diýdi. Oňa bir müň düýe berdiler. Eýýup alaýhyssalam bäşinji gün ýene geldi. Bu gezek hezreti Eýýup geplemänkä, Bähil: «Eý, Eýýup! Men kyrk ýyldan bäri öz Taňrymdan bir perzent diledim. Emma ol maňa muny bermedi. Eger seniň Taňryň maňa bir perzent berse, onda men Oňa iman getireýin» diýdi. Ol zaman ol ogul diýmegi unutdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip, Eýýup alaýhyssalama: «Bähil näme diýse, sen ony kabul et!» diýdi. Hezreti Eýýup Bähiliň sözüni kabul etdi. Ol Bähil şert kyldy.

*Aýdypdyrlar:* Bähil ol gije bir söwer kenizegi bilen söhbet etdi. Ol kenizek göwreli boldy. Bähil uklady we düýş gördi. Asmandan bir deşik merwerit düşdi. Ol merweritden bir arslan çykdy. Ol arslanyň agzyndan ot çykdy we ol ot Günbatar tarapa ýazyldy. Bu ýerde Bähil oýandy.

Ertesi ol düýş ýorujylary ýygnady. Ol bulara özüniň gören düýşüni beýan etdi. Düýş ýorujylar: «Eger sen abat merwerit gören bolsaň, perzendiň ogul bolardy. Emma sen deşik merwerit görüpsiň. Şonuň üçin senden gyz doglar. Ol gyzdan hem

bir ogul bolar. Ol ogul ýeten ýerine çenli patyşa bolar» diýdiler. Aradan dokuz aý, dokuz gün we dokuz sagat geçdi. Ol kenizekden bir gyz doguldy. Oňa Kyr Kaýsun diýip at goýdular. Bu gyz köp hoşroý, sahypjemal boldy. Ol gyz ýigrimi ýaşa ýetdi. Bir gün atasy gyzyna ýakyn otyrdy. Gyz ony bilip: «Eý, ata! Her wagt gelseň, sen menden yrakda oturardyň. Bu gün ne ajap maňa ýakyn oturdyň?» diýdi. Bähil: «Eý, Kyr Kaýsun! Men ömrümde sen dek sahypjemaly görmedim. Indi, hatyn är üçindir, är bolsa hatyn üçindir. Sen maňa laýykdyrsyň. Men seni özgelere laýyk görmeýärin» diýdi. Kyr Kaýsun: «Eý, ata! Senden özge bir patyşa beýle işi edenmidir?» diýdi. Bähil: «Men bilmeýärin» diýdi. Gyz: «Eý, ata! Sen başga kişiler beýle işi etseler, sen olara jeza berersiň, belki olar ýalyny öldürdersiň. Beýle işiň senden çykmagy geňdir? diýdi.

Bähil gyzdan uýaldy. Turup öýüne bardy. Bir ýyldan soň gyzynyň ýanyna kişi iberip, ondan ötünç sorady. Gyzy atasynyň ötünjini kabul edip: «Men atama sygynýaryn. Ol gelsin, men ony göreýin» diýdi. Muny Bähile baryp aýtdylar. Bähil gyzynyň ýanyna gelip, bükülip oturdy. Ol gyzyna: «Men seniň päkligiňi synap gördüm» diýdi. Gyzy: «Eý, ata! Sen kime sežde edýärsiň?» diýdi. Bähil: «Men Sulsa sežde edýärin» diýdi. Kyr Kaýsun: «Maňa hem bir but ýasadyp ber. Men oňa sežde edeýin» diýdi. Bähil zergärleri ýygnady. Ol olara altyndan bir but ýasatdy. Onuň iki gözüni göwherden goýdular. Ol buty tagta oturtdylar. Atasy gyzyna: «Sen bu buta sežde et» diýdi. Gyz bu buta sežde etmegi adat edindi.

Bir gün Kyr Kaýsun aş iýip otyrdy. Birden, bir ak guş geldi. Onuň boýnuna merwerit, aýagyna bolsa ýakut dakylandy. Kyr Kaýsun ol guşy tutjak boldy. Guş uçup, butuň kellesine gondy. Kyr Kaýsun: «Biz saňa «taňry» diýýäris. Seniň başyňa bolsa guş gonýar. Sen nähili taňry bolýarsyň?» diýdi.

Ol guş perişdedi. Ol Hudaýtagalanyň permany bilen bu ýere gelipdi.

Elkyssa, ol guş oňa: «Eý, Kyr Kaýsun! Bu but taňry däldir. Taňry seni, meni, ýeri we asmany ýaradan bir zatdyr. Eýýup alaýhyssalam seniň ataňy ol Taňrynyň emrine boýun bolmaklyga çagyrýar. Sen hem şol Taňra sežde et» diýip, gözden gaýyp boldy. Ondan soň Kyr Kaýsun: «Men bu buta ynanmaýaryn. Ony meýdana alyp çykyp, demir bilen urup owradyň» diýip buýurdy. Kenizekler ony süýräp, daşary alyp çykyp, çekiç bilen urup uşatdylar. Kyr Kaýsun ony garyp-biçärelere bölüp berdi. Ol diňe onuň göwherden gözüni alyp galdy.

Bir gün onuň ýanyna bir gedaý geldi. Ol: «Meniň dostum Alladyr» diýdi. Gyz oňa butuň göwherden iki gözüni berdi. Ol gedaý göwheriň bahasyny bilmeýärdi. Gedaý göwheri bazara alyp bardy. Ol: «Men bu göwheri iki altyna satjak» diýdi. Bazar halky ol gedaýy tutup: «Sen bu göwheri nireden aldyň?» diýdi. Ol gedaý: «Muny maňa Kyr Kaýsun öz saraýynda berdi» diýdi. Bazaryň begi: «Men bu göwheri patyşa müň altyndan alyp beripdim. Sen: «Muny iki altyna satjak diýýärsiň». Ol gedaýy tutup, Bähiliň ordasyna alyp geldiler.

Bu wakany Bähile baryp aýtdylar. Bähil: «Ony meniň ýanyma alyp geliň» diýip buýurdy. Ol gedaýy patyşanyň ýanyna alyp bardylar. Bähil ol göwheri görüp tanady. Ol gedaýdan ony nireden alandygyny sorady. Gedaý ony özüne Kyr Kaýsunyň saraýynda berendigini aýtdy. Patyşa gyzynyň ýanyna bir adam iberdi. Kyr Kaýsuny atasynyň ýanyna alyp geldiler. Bähil ondan: «Seniň taňryň nirede?» diýip sorady. Kyr Kaýsun: «Ol taňry däldir. Men ony döwüp, gedaýlara paýladym» diýdi.

Bähil turup gyzynyň ýanyna geldi we: «Ol taňrydyr» diýdi. Gyzy: «Ol taňry däl eken. Onuň başyna guş gondy. Onuň üçin men ony taşladym» diýdi. Bähil: «Indi seniň taňryň haýsydyr?» diýdi. Kyr Kaýsun: «Meniň Taňrym Alladyr. Ol seni we meni ýaradandyr. Eýýup alaýhyssalam hem seni ol Taňra uýmaga çagyrýar» diýdi. Bähil gamgyn boldy. Ol gyzyna nesihat etdi. Gyzy ony kabul etmedi. Atasy gyzyndan öýkeledi. Ol wezir-

lerine: «Meniň gyzym taňrysyndan ýüz öwrüp, başga taňra sežde edýär. Munuň jezasy nämedir?» diýip geňeşdi. Wezir-wekiller: «Eý, patyşa! Hatynyň akyly kemter bolýandyr. Ol pälinden bu gün gaýtmasa hem ertir gaýdar» diýdiler.

Bähil gyzynyň ýanyna gelip: «Eý, gyzym! Bu nähili ýoldur? Sen ony nireden çykardyň?» diýdi. Gyzy: «Bu dogry ýoldur. Ol Eýýup alaýhyssalamyň ýoludyr» diýdi. Bähil: «Eý, gyzym! Sen bu ýoldan ýan, bolmasa men seni gaty azaplara sezewar ederin» diýdi. Gyzy: «Men ýigrimi ýyl ömrümi rahatlyk bilen ötürdim. Indi galan ömrüm muşakgatlyk bilen ötse hem men bu ynanjymdan dänmerin» diýdi. Ondan soň bu gyza kempirler gelip nesihat berdiler. Gyz olaryň sözüni hem kabul etmedi. Bähiliň gyzynyň bu bolşuna gahary gelip: «Meniň gyzym Taňrysyny döwüp uşadypdyr. Men onuň goluny keserin» diýdi.

Kyr Kaýsun: «Men Hudaýtagala ýüz öwürdim. Atam meni öldürse hem men ondan gaýtmaryn» diýdi. Bähil: «Onuň sag goluny kesiň» diýip buýurdy. Onuň sag goluny kesdiler. Ol sabyr etdi. Emma Allatagaladan dänmedi.

Bähil gyzyny şäherden çykaryp kowmaklygy buýurdy. Kyr Kaýsuny şäherden çykardylar. Şäherden ýedi agaç uzaklykda bir baba bardy. Gyzy şol ýere eltip goýdular. Ol kesilen goluny göterip gezdi. Hudaýtagala onuň ýanyna ol guşy iberdi.

Ol etrapda Saraýa atly bir welaýat bardy. Ol guş gyzy şol welaýata eltip goýdy. Şol welaýatyň Meswil atly bir patyşasy bardy. Meswil bir gün awa çykdy. Patyşanyň bir nökeri towşany kowalady. Ol towşan gelip, Kyr Kaýsundan pena diledi. Ol nöker Kyr Kaýsuny gördi. Görse, ol bir ajap sahypjemal gyz eken. Nöker bolan wakany patyşanyň ýanyna gelip beýan etdi. Meswil ol gyzyň ýanyna geldi. Patyşanyň gyzy görüp, oňa köňli gitdi we gyza ýakyn bardy. Kyr Kaýsun oňa: «Menden daşrakda dur» diýdi. Meswil oňa: «Sen hüýrmi ýa-da peri?» diýdi. Kyr Kaýsun: «Men adamdyryn» diýdi. Meswil: «Seniň

adyň nämedir?» diýdi. Gyz bolsa oňa: «Seniň meniň adym bilen näme işiň bar?» diýdi. Meswil oňa: «Sen nireden geldiň?» diýdi. Kyr Kaýsun: «Men nireden gelenimdigi bilen seniň näme işiň bar?» diýdi. Meswil: «Eý, gyz! Seniň ýeriň bu taýy däldir. Men seni şähere alyp baraýyn» diýdi. Gyz: «Sen maňa mährem dälsiň. Men seniň bilen barmaryn» diýdi. Meswil: «Meniň garyndaşlarym bar. Olar bilen ýöräý» diýip, kejebe getirdi. Kyr Kaýsuny oňa mündürip şähere alyp geldiler. Meswiliň enesi bardy. Ol enesine: «Eý, ene! Men derýanyň kenaryndan bir gyz tapdym. Ol örän owadan eken. Men ony saňa tabşyraýyn. Onuň bir goly ýok eken. Sen ol gyza ýagşy gara. Onuň köňlüni awla!» diýdi. Enesi oglunyň bu sözüni kabul etdi.

Bir gün Meswil haremhana girip otyrdy. Onuň gözi Kyr Kaýsuna düşdi. Onuň sabyr-takaty galmady we: «Eý, Kyr Kaýsun! Meniň ýedi ýurtda hökümdarlygym bar. Men seni ulug kylaýyn. Ýöne sen meni kabul et» diýdi. Gyz: «Men saňa laýyk däldirin. Men bir aýyply gyzdyryn» diýdi. Meswil: «Men seni aýybyň bilen kabul edýärin» diýdi. Gyz: «Men özge dindedirin, sen bolsa başga dindesiň. Eý, patyşa! Men size laýyk hatyn däldirin. Siz maňa azar bermäň» diýdi. Meswil: «Siziň diniňiz haýsydyr?» diýdi. Gyz: «Eýýup pygamberiň dinidir» diýdi. Meswil: «Siziň taňryňyz näçedir?» diýdi. Gyz: «Meniň Taňrym birdir. Onuň meňzeşi hem taýy ýokdur. Ol seni ýaratdy, saňa mülk berdi, ýene ýedi gat ýeri, ýedi gat asmany ýaratdy. Onuň Arşdan ýokarda azamaty bar. Onuň hemme işe güýji ýetýändir» diýdi. Meswil: «Sen Taňryňy şeýle wasp edýärsiň. Sežde etmäge seniň Taňryň mynasyp eken» diýdi. Gyz: «Sen meniň Taňryma sygynsaň mülküň kemelmez» diýdi. Meswil: «Taňry birdir, Eýýup alaýhyssalam bolsa onuň pygamberidir» diýdi. Ol şeýdip iman getirdi we Kyr Kaýsuny özüne nika kylyp aldy.

Meswilden Kyr Kaýsun Bähiliň düýşünde gören ogluna ýükli boldy. Aýalynyň göwresindäki çaga ýedi aýlyk bolanda,

Meswile ýagy peýda boldy. Meswil goşun tartyp atlandy. Ol Kyr Kaýsuny enesine tabşyrdy. Kyr Kaýsunyň dokuz aýy tamam boldy. Kyr Kaýsun bir ogul dogdy. Oňa Kyr Kaýsa diýip at goýdular. Meswiliň beýleki hatynlary we çorulary Kyr Kaýsunyň ogul dogurmagyna göripçilik etdiler. Olar Meswiliň dilinden enesine: «Eý, ene! Meniň saňa arzym şeýledir. Ol hatyn ogry eken. Ol ogurlyk edendigi üçin goluny kesip, welaýatdan çykarylyp kowlan eken. Indi, siz hem ony welaýatdan çykaryp kowup goýberiň. Goý, ol nireden gelen bolsa şoňa barsyn» diýip, bir hat ýazdylar. Olar bu haty oglanyň enesine berdiler. Meswiliň enesi ol haty okadyp, eşidip haýran galdy. Ol näme ederini bilmedi. Ol ätiýaç üçin: «Kyr Kaýsun birnäçe gün başga ýere baryp dursun» diýip buýurdy. Emma hatynlar goýman, Kyr Kaýsuny ogly bilen şäherden çykartdylar. Olar: «Patyşanyň hökmi şeýle» diýdiler.

Kyr Kaýsuny derýanyň kenaryna getirip gitdiler. Ol ýerde bir il bardy. Ol şol iliň içinde ýaşaberdi. Ol bir goly bilen ogluny terbiýelemäge ejiz geldi. Hudaýtagalanyň emri bilen ol ak guş gelip, Kyr Kaýsunyň goluny ganaty bilen sypalady. Onuň goly öňküsi ýaly boldy. Kyr Kaýsun Hudaýtagala şükür etdi.

Meswil söweşden gaýdyp geldi. Ol: «Öňümden Kyr Kaýsun ylgap çykar» diýip umyt etdi. Emma Kyr Kaýsun görünmedi. Ol enesinden sorady. Enesi oňa ol haty görkezdi. Meswil: «Men munuň ýaly haty ibermedim» diýdi. Ol dört tarapa: «Kyr Kaýsuny yzlaň» diýip adam iberdi. Onuň özi hem ony gözläp başlady. Ol derýanyň kenaryndaky ilden bir habar tapdy. Ol gyzdan ötünç sorady. Görse, onuň goly düzelipdir. Kyr Kaýsun: «Muny Hudaýtagala düzetdi» diýdi. Meswil: «Men hem Hudaýtagala ýalbardym. Ol maňa ýardam berdi. Men ýagydan üstün geldim» diýdi. Ondan soň ol Kyr Kaýsuny şähere alyp geldi. Meswiliň enesi hem Kyr Kaýsundan ötünç sorady. Meswil: «Ol haty ýazan segsen hatyny beýebana alyp

baryp öldüriň» diýip perman berdi. Olary bu permana laýyklykda öldürdiler.

Kyr Kaýsunyň ogly ulaldy. Onuň kaddy-kamaty we akyly zyýada boldy. Ol edermen hem pälwan ýigit bolup ýetişdi. Meswil welaýaty oňa tabşyrdy. Özi bolsa bir gowaga girip, ybadat etmäge meşgul boldy.

Bir gün Kyr Kaýsa enesinden: «Sen haýsy welaýatdan bolarsyň?» diýip sorady. Enesi oňa başyndan geçen wakalary birme-bir beýan etdi. Ogly onuň bu sözlerini eşidip, ornundan turdy we: «Hudaýtagalanyň we Eýýup alaýhyssalamyň haky üçin men seniň ol atańdan ar alaryn. Men ony öldürerin» diýdi. Ol şol sagatda: «Deprek kakyň» diýip, leşger ýygnamagy buýurdy. Ýetmiş müň nöker ýaragy bilen jemlendi.

Ol leşger tartyp, Bähiliň üstüne ýörüş etdi. Ol enesi bilen Kyr Kaýsuny hem alyp bardy. Ol Horan welaýatyna ýetip, Bähiliň ýanyna: «Söweş meýdanyna çyksyn» diýip, ilçi iberdi. Bähil ýüz müň kişi bilen meýdana çykdy. Iki goşun uruşdy. Ahyry Bähiliň goşuny asgyn geldi we onuň nökerleriniň her haýsy bir ýana gaçdy. Bähili tutup, Kyr Kaýsanyň enesiniň ýanyna getirdiler we oňa: «Eý, ene! Seniň duşmanyňy tutup getirdik. Indi, ony näme etmelidigini özüň bil» diýdiler. Kyr Kaýsun: «Eý, garry! Sen meni tanaýarmysyň?» diýdi. Bähil: «Sen meniň gyzyma meňzeýärsiň. Emma meniň gyzymyň bir goly kesik bolmaly» diýdi. Kyr Kaýsun: «Seniň gyzyň goluna näme boldy?» diýdi. Bähil: «Ol günä iş edipdi. Onsoň men onuň bir goluny kesipdim. Ol meniň dinimden dänipdi. Men ony welaýatdan kowup çykarypdym. Çünki ony öldürmäge meniň köňlüm bolmandy» diýdi.

Kyr Kaýsun: «Sen Eýýup alaýhyssalam bilen: «Eger seniň Hudaýyň maňa perzent berse, men iman getireýin» diýip, äht eden ekeniň. Ondan soň sen düýş görüpsiň. Onda asmandan bir deşik merwerit düşüp, ondan bir arslan çykypdyr. Arslanyň agzyndan ot çykyp, ol ot kybla tarapa ýazylypdyr. Bu gün

seniň ol gören düýşüň ýorgudy tassyk boldy. Men seniň gyzyň Kyr Kaýsundyryn, bu bolsa meniň oglum Kyr Kaýsadyr» diýdi. Bähil: «Seniň goluň niçik düzeldi?» diýdi. Kyr Kaýsun: «Sen Hudaýtagala iman getirenim üçin sen meniň golumy kesipdiň. Allatagala öz gudraty bilen, meniň golumy ýene öňküsi ýaly düzetdi» diýdi. Bähil ýerinden ýyglap turup gyzynyň aýagyna ýykylyp, ondan ötünç sorady we musulman boldy. Kyr Kaýsa hem Bähil bilen täzeden görüşdi. Ol Bähile öz welaýatynyň patyşalygyny gaýdyp berdi. Özi enesi bilen öz welaýatyna dolanyp geldi.

Ol ýene leşger toplap, günbatara atlandy. Ol bäş aýlyk ýere çenli täze welaýatlary açdy. Ondan soňra Hudaýtagalanyň emri bilen Jebraýyl alaýhyssalam Eýýup alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Eý, Eýýup! Hudaýtagala saňa salam iberýär we ol Bähiliň ýanyna barmaklygyňa perman berýär. Ol saňa onuň ähdinde durýandygyny ýa durmaýandygyny görmekligi tabşyrýar» diýdi.

Emma Jebraýyl alaýhyssalam oňa Bähiliň musulman bolandygyny aýtmady. Eýýup alaýhyssalam ýerinden turup, Bähiliň ýanyna geldi we oňa: «Eý, Bähil! Saňa heniz hem iman getirmegiň wagty bolmadymy? Sen Hudaýy bir bilip, meniň pygamberdigime kaýyl bolsaň, niçik bolar?» diýdi. Bähil: «Eý, Eýýup! Men musulman boldum we buty syndyrdym» diýdi. Eýýup alaýhyssalam muňa şat bolup, Bähile şerigatyň hökümlerini öwretdi. Hezreti Eýýup ondan soň Ninewa şäherine geldi.

Ol şäherde bir kesel kişi bardy. Ol ýoluň üstünde ýatyp, gedaýçylyk ederdi. Onuň hemme agzasy deşilip, samsyk bolupdy. Eýýup alaýhyssalam onuň ýanyndan ötüp barýardy. Ol kişi oňa: «Eý, Allanyň resuly! Bu keselli meniň öýümiň ýanynda ýatyr. Munuň sesinden ýaňa men durup bilmeýärin. Men oňa sen bu ýerden git diýsem, ol hergiz gitmeýär» diýip arz etdi. Keselli hem hezreti Eýýuba: «Men başga ýerde ýatsam owkatymy tapmaýaryn. Şonuň üçin bir ýyldan bäri bu ýerde

ýatyryn» diýip arz etdi. Eýýup alaýhyssalam: «Sen bir ýyldan bäri bu ýerde ýatypsyň. Sen indi birnäçe gün başga ýere baryp ýat. Sen rysgalyň gamyny iýme. Ol mukaddardyr» diýip ötüp gitdi. Ol öýüň eýesi ol kesellä: «Tur, mundan başga ýere baryp ýat, Çünki Eýýup alaýhyssalam saňa şeýle buýurdy» diýdi. Ol keselliniň köňli agyrdy we ol: «Eý, Taňrym! Seniň özüň Eýýup alaýhyssalamyň pygamberiňdigini bilýärsiň. Emma ol maňa rehim etmedi. Sen meniň derdimi Eýýup alaýhyssalama sal» diýip dileg etdi. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi.

Ol keselli sagaldy we turup ýola rowana boldy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Eýýup! Sen näme üçin ol kesellä rehim etmediň?» diýdi. Hezreti Eýýup alaýhyssalam Hudaýtagalanyň munuň üçin özüni ýazgarandygyny bildi. Ol kesellini görmek isledi. Emma ol ony ýerinden tapyp bilmedi. Ninewa şäherindäki hemme kesellileri bir ýere jemlediler. Emma ol kesellini tapmadylar. Ol kesellileriň hemmesine keffarat bolsun diýip tagam berdiler. Emma keffarat bolmady.

*Hekaýatda şeýle gürrüň getirilipdir:* Eýýup alaýhyssalam pakyr-biçärelere mähribandy. Ol açlary dourardy, ýalaňaçlara geýim bererdi we dört ýüz guly, bir müň düýesi, bir müň gatyry bilen söwdagärçilik ederdi. Onuň malynyň hetdi-hasaby ýokdy. Onuň mallarynyň arasynda bir müň garagöz goçgary bardy. Onuň özi uzyn boýly we görmegeý ýüzlüdi. Onuň öňünde: «Belalara sabyrly» diýen hat bardy. Eýýup alaýhys-salamyň özi gije-gündiz Hudaýtagala ybadat ederdi.

Ol şäherde üç kişi musulman boldy. Olardan başgalaryň hemmesi kapyrdy. Eýýup alaýhyssalamyň ýaşy togsan üçdi. Ondan ýedi ogul we üç gyz boldy. Bu köp tagat edýän bereketli kişä şeýtan göripçilik etdi. Şeýtan Allatagala: «Eý, Taňrym! Sen Eýýuba köp mal-baýlyk bereniň üçin ol saňa köp ybadat edýär. Eger onuň maly bolman, kynçylyga düşse, ol saňa tagat etmez» diýip, habar berdi. Allatagaladan: «Eý, melgun! Men saňa Eýýubyň hemme malyny, baýlygyny ýok etmäge ýardam

we ygtyýar berdim» diýen owaz geldi. Şeýtan muňa begendi. Ol ýaýladaky düýeleriň ýanyna gitdi. Ol bir dem urdy. Onuň agzyndan ot çykyp, hemme düýelere tutaşyp, olary köýdürdi. Şeýtan düýe çopan sypatyna girip, Eýýup alaýhyssalamyň öýüne gelip, bu wakany beýan etdi. Eýýup alaýhyssalam: «Olary maňa Hudaýtagalanyň özi beripdi. Ol ýene olary alandyr» diýip tagata meşgul boldy.

Şeýtan goýunlaryň üstüne bardy. Ol bir dem urdy welin, onuň agzyndan ot çykyp, goýunlaryň hemmesini köýdürdi. Ol goýun çopanyň keşbine girip, Eýýup alaýhyssalamyň ýanyna geldi we wakany oňa beýan etdi. Eýýup alaýhyssalam: «Goýunlary maňa Hudaýtagala beripdi. Ol ýene olary alandyr» diýip, ybadata meşgul boldy.

Şeýtan onuň ekinleriniň üstüne bardy. Ol bir dem urdy. Onuň agzyndan ot çykyp, ekinleri köýdürdi. Şeýtan melgun daýhan sypatyna girip, Eýýup alaýhyssalamyň ýanyna gelip bu wakany aýdyp berdi. Eýýup alaýhyssalam muňa hem şükür edip, ybadata meşgul boldy. Ertesi şeýtan onuň gul-çorularyna dem urup öldürdi. Soňra gelip bu wakany Eýýup alaýhyssalama: «Eý, Eýýup! Seniň gul-çorularyň hemmesi öldi» diýip mälim etdi. Eýýup alaýhyssalam: «Bu waka Hudaýtagalanyň razylygy üçin bolandyr. Olar biajal ölen däldirler» diýip şükür etdi. Soňra ol tagata meşgul boldy.

Şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) gyjalata galdy. Onuň hiç keýpi bolmady we: «Eý, Taňrym! Adam perzendi mal-u-halyna sabyr edýär. Emma ol ogul-gyzyna bela gelse, ol muňa sabyr edip bilmez. Sen maňa onuň ogul-gyzynyň üstünden ygtyýar ber» diýdi. Allatagaladan: «Men saňa muňa ygtyýar berdim» diýip owaz geldi. Eýýup alaýhyssalamyň hemme perzentleri şol wagt bir öýüň içinde okadýan mollasy bilen sapak geçip otyrdylar. Şeýtan gelip ol öýüň sütünini tartyp ýykdy. Eýýup alaýhyssalamyň hemme perzentleri mollasy bilen bilelikde ölüp galdylar. Melgunyň özi mollanyň keşbine girip, Eýýup

alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Siziň perzentleriňiziň hemmesini jaý basyp öldürdi. Baryp olaryň jesetlerini alyň» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Maňa perzentleri Allatagalanyň özi beripdi. Ýene özi hem alandyr» diýip, namaza meşgul boldy.

Iblisiň (goý, oňa nälet bolsun!) gaýgy-gussasy artdy. Ol hergiz munuň ýaly azar tartmandy. Ol ýene Allatagala: «Adam perzendi hemme işe sabyr-takat edýär. Emma ol özüne bir apat degse, oňa takat edip bilmez. Indi maňa Eýýubyň bedeniniň üstünden ygtyýar ber» diýip arz etdi. Hudaýtagaladan: «Eý, melgun! Men saňa bu ygtyýary hem berdim» diýen owaz geldi.

Eýýup alaýhyssalam şol wagt namaz okap otyrdy. Şeýtan ol başyny seždeden göterýänçä bir dem urdy. Onuň bu demi Eýýup alaýhyssalamyň tutuş bedenine ýaýyldy. Onuň bedeninde çişler peýda boldy. Olar ýarylyp deşildi. Her deşikden iki gurçuk peýda boldy. Olar köpelip, alty müň jübüt boldy. Bu gurtlar onuň bedenine ýaýrady. Eýýup alaýhyssalam Allatagala: «Eý, Taňrym! Sen meni bu gurçuklara iýmit edipsiň. Olar meniň gözümi iýmeseler, men Seniň işiňe tomaşa etsem. Olar meniň ýüregimi iýmeseler, men dirilikde bolsam, olar meniň dilimi iýmeseler, men Seniň zukr-u-senaňy, şükrüňi etsem» diýip mynajat etdi.

Allatagala onuň bu arzyny kabul etdi. Bu gurtlar onuň gözünden, ýüreginden we dilinden başga ýerlerini iýdiler. Eýýup alaýhyssalamyň kyrk hatyny bardy. Onuň bir kem kyrk hatyny rugsat alyp çykyp gitdi. Ýalňyz Rahyma banu gitmän galdy. Onuň bedeniniň köp ýeri göz ýaly boldy. Onuň bedeniniň deşiklerinden müň gurt girip, müň gurt çykýardy. Onuň bedeni gurtlaryň hereketinden ýaňa bulkuldap durdy. Iblis köçelerde ýöräp: «Eý, halaýyk! Eýýuby sähra kowuň. Onuň keseli ýokançdyr, ol size hem ýokar» diýip gygyryp ýördi.

Eýýup alaýhyssalamy ilden çykardylar. Ony bir dagyň etegine eltip goýdular. Eýýup alaýhyssalam ol ýerde ýatdy.

Rahyma gündiz ile gelip, adamlaryň aş-nanyny bişirip, Eýýup alaýhyssalama birneme owkat taýýarlap, tapyp barardy. Ol şeýdip wagtyny ötürerdi. Muňa hem Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) sabyr-takat edip bilmedi. Ol ýene şähere girip: «Eý, halaýyk! Eýýubyň hatyny äriniň ganyny we iriňini sykyp, şol näpäk goly bilen size aş-nan taýýarlap berýär. Ondan iýseňiz, siziň hemmäňiz Eýýup dek dertli bolarsyňyz. Siz ony hergiz öýüňize girizmäň» diýip gygyrdy. Ondan soň ony hiç kim öýüne girizmedi. Adamlar jemlenişip gelip Eýýup alaýhyssalama: «Munuň ýaly gaty azaba duçar bolar ýaly siz näme günä etdiňiz?» diýdiler. Eýýup alaýhyssalam: «Bu azap Allatagalanyň maňa eden aladasy we rehmetidir. Meniň ýetmiş ýyl ömrüm rahatlykda ötdi. Indi meniň galan ömrüm azap bilen ötse ýagşydyr» diýdi.

Bir gün Eýýup alaýhyssalam ýerinden turan wagtynda bir gurt ýere düşdi. Hudaýtagala gudraty bilen gurda dil berdi, ol: «Eý, Eýýup! Hudaýtagala bizi sizden ýaratdy. Biziň rysgalymyz hem sizdendir» diýdi. Eýýup alaýhyssalam şol wagt ol gurdy ýerden alyp bedenine goýdy. Haçan gurtlar uruş-dalaş etseler, Eýýup alaýhyssalam: «Dalaşmaň» diýip olary ýaraşdyryp goýardy.

Bir gün Iblis adam suratynda bolup gelip: «Eý, Eýýup! Sen ne jan belasyna galypsyň. Sen Hudaýtagaladan dileseň, Ol seni bu dertden gutarsa!?» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Bela bermegi bilen Taňry, ony götermegi hem özi biler. Bu derdiň aýrylany, aýrylmadygy bilen meniň işim ýokdur» diýdi. Iblis onuň ýanyndan gaýgy-gama batyp gaýtdy. Ýene bir bölek halaýyk gelip: «Eý, Eýýup! Seniň ysyňdan ýaňa bizde hiç sabyr-takat galmady» diýip, ony göterip başga ýere getirip goýdular. Gurtlar ony şeýle gaty iýdiler weli onuň hemme bedeni deşildi.

Onuň bedenine bir tarapdan gün düşse, onuň şöhlesi beýleki tarapdan görünerdi. Şu ýagdaýynda hem ol Allatagala ybadat ederdi. Eýýup alaýhyssalamy- hatyny Rahyma banuwa rehimi

gelip: «Eý, Rahyma! Hatynlar rahatlykda ärleri bilen dirilik kylarlar. Olar kynçylyga çydap bilmezler. Meniň derdim gün-günden güýçlenýär. Sen köňlüňe agyrlyk alma. Eger isleseň, men seni talak edeýin?» diýdi. Rahyma ýyglap: «Eý, Eýýup! Men siziň rahat, bagtly, döwletli günüňiz barka hatynyňdym. Indi, men kynçylyga düşeniňizde, sizi nähili taşlap gideýin?! Sizden ölüp aýrylmasam, dirilikde aýrylmaryn» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Eý, Rahyma! Senden Allatagala razy bolsun! Men senden razydyryn» diýdi.

Bir gün Rahyma şähere barýardy. Şeýtan (goý, oňa nälet bolsun!) bir ýaşuly adam suratynda bolup, oňa uçrady we: «Eý, Rahyma! Men tebipdirin. Meni äriň gaşyna alyp bar. Men oňa däri-derman edeýin» diýdi. Rahyma onuň öňüne düşüp, äriniň ýanyna alyp geldi. Rahyma: «Eý, Eýýup! Men size tebip getirdim» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Maňa Hudaýtagalanyň ýardamy we däri-dermany bolar» diýdi. Şeýtan: «Beýle adamyň dowasy bolmaz» diýip, yzyna gamgyn halda gaýtdy.

Bir gün Rahyma şähere barýardy. Oňa ýolda şeýtan ýolukdy. Rahyma oňa: «Siz kim?» diýdi. Nälet siňen şeýtan: «Men ýeriň taňrysydyryn. Men Eýýuba gazap edip, oňa bela iberdim. Sen maňa sežde etseň, men Eýýuba rahatlyk bereýin» diýdi. Onda Rahyma: «Men ýeriň taňrysyny bilmeýärin. Men barça mahlugy, asmany hem zemini ýaradan Hudaýtagalany bilýärin» diýdi. Iblis: «Eý, Rahyma! Sen isleseň, men mallaryňyzy we ogul-gyzlaryňyzy direldip bereýin. Meniň taňrydygymy bilip, maňa sežde et» diýdi. Şol zaman Iblis döwleri çagyryp: «Siz Rahymanyň malu-perzentleriniň suratynda bolup görüniň» diýdi. Olar şeýtanyň aýdyşy ýaly bolup, Rahymanyň gözüne görnüp durdular. Şeýtan: «Indi meniň taňrydygymy bildiňmi? Indi sen maňa sežde et. Şonda men saňa rahatlyk, äriňe keselinden şypa tapmak bereýin» diýdi. Rahyma: «Beýle bolsa, men Eýýup alaýhyssalam bilen geňeşip göreýin. Ol näme diýse, men şonuň bilen bolaýyn» diýdi. Rahyma gelip, bolan

wakany oňa beýan etdi. Eýýup alaýhyssalam: «Eý, Rahyma! Ol şeýtandyr. Sen onuň sözüne hiç ynanma» diýdi. Rahyma yzyna dolanyp geldi. Rahyma: «Sen Iblis ekeniň. Men seniň sözüňe girmerin» diýdi.

Ondan soň Iblis ýene adam sypatyna girip: «Eý, Eýýup! Hudaýtagaladan bu belany özüňden götermegini dileseň. Ol senden bu belany aýyrsa» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Men ýetmiş ýyl döwletlilikde, nazy-nygmat içinde we rahatlykda ömrümi ötürdim. Ýene ýetmiş ýyl ömrüm azapda ötse hem, maňa hiç zat bolmaz» diýdi. Iblis (goý, oňa nälet bolsun!): «Ýetmiş ýyl azaba sabyr etjek kişileri men nähili azdyraýyn?» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Sen Iblise meňzeýärsiň» diýdi. Iblis: «Hawa, men Iblisdirin» diýip, näumyt bolup gitdi. Adamlar Rahymany öýlerine girizmediler we olar Eýýup alaýhyssalamy uzak ýere eltip taşlamakçy boldular. Ol halda bir perişde adam suratynda bolup gelip: «Eý, halaýyk! Eýýup alaýhyssalam Allatagalanyň pygamberidir. Oňa hergiz azar bermäň» diýdi. Bu perişdäniň sözi adamlara täsir etmedi. Olar Rahyma hiç zat bermediler. Eýýup alaýhyssalam: «Eý, Rahyma! Meni göterip alyp baryp bu halda bir ýolda goý. Belki, ötüjileriň maňa rehimi gelip sadaka bererler» diýdi. Ol halda Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Eýýup! Pygamberlere sadaka iýmek haramdyr. Sen Allatagalanyň iberen muşakgatyna sabyr eýle!» diýdi.

*Sowal*: Hudaýtagala Süleýman alaýhyssalam bilen Eýýup alaýhyssalamy Gurhanyň içinde «Nygmal-abd» diýip atlandyrdy. Olar haýsy amal bilen beýle atlandyryldylar?

*Jogap*: Süleýman alaýhyssalam döwlet içinde şükür etdi. Onuň üçin ol «Ýagşy bende» diýlip atlandyryldy. Eýýup alaýhyssalam derde sabyrly boldy. Bu sebäpden ol: «ýagşy bende» diýip atlandyryldy. Bu ýerden her bendäniň muşakgata sabyr kylyp, nygmata şükür etmeginiň lazymdygy mälim bolýar.

Elkyssa, bir gün Rahyma şähere girdi. Ony hiç kim öýüne girizmedi. Ol tagam tapyp bilmän ýöräberdi. Bir hatynyň gözi Rahymanyň saçyna düşdi.

*Aýdypdyrlar:* Rahymanyň on örüm saçy bardy. Onuň sekizi arkasynda, ikisi hem öňündedi. Her sapar Eýýup alaýhyssalam namaza dursa, Rahymanyň öňündäki iki saçyndan tutup, ýerinden turardy. Bu hekaýadan Eýýup alaýhyssalamyň bu ýedi ýylyň içinde namazyny oturyp okamandygy mälim bolýar.

Elkyssa, ol hatyn Rahyma: «Maňa bu iki saçyňy ber. Onsoň men saňa tagam bereýin» diýdi. Rahyma: «Meniň arkamdaky saçlaryň birini saýlap al. Bu öňümdäki ikisini goý. Meniň keselli ärim bu saçymdan tutup namaza turýar» diýdi. Ol hatyn unamady. Zeruryýetden ol iki saçyny kesip berdi. Ol hatyn munuň öwezine iki sany nan berdi. Şol zaman Iblis (goý, oňa nälet bolsun!) Rahymadan öňürti gelip, Eýýup alaýhyssalama: «Eý, Eýýup! Şäherde Rahymany kişi bilen tutup, onuň saçyny kesdiler» diýdi. Eýýup alaýhyssalam bu söze çydap bilmedi. Ol: «Rahyma ýüz taýak ursam» diýip niýet edindi. Şu arada onuň bedeninden iki sany gurt ýere düşdi. Ol gurdy alyp ýerine saldy. Bu iki gurt ony gaty dişledi. Eýýup alaýhyssalam perýat edip gygyrdy. Ol iki gurt: «Munuň dil-ýüregini iýeli» diýip niýet etdiler. Eýýup alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bu iki gurt meniň dilimi iýse, men saňa niçik sena aýdaryn? Olar meniň ýüregimi iýseler, men niçik diri bolaryn?» diýip, nala-perýat etdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Ýedi ýyl, ýedi aý, ýedi gün we ýedi sagat bolupdyr, seniň bedeniňi alty müň jübüt gurçuk iýip ýatyr. Sen Allatagalanyň dergähine hergiz nala etmediň. Bu iki gurt iýeni üçin näme sebäpden munça nala kyldyň?» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Men şu wagta çenli sabyr-takat etdim. Indi, men näme hikmet bardygyny bilmeýärin. Bu iki gurduň beren yzasyna çydap bilmedim» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam: «Şu wagta çenli seni gurtlar Allatagalanyň emri bilen iýerdiler. Agyryny Hudaýtagalanyň özi sak-

lardy. Indi, sen ol iki gurdy özüň alyp bedeniňde goýduň. Olar indi seni öz ygtyýaryň bilen iýýärler. Onsoň, seniň bedeniň niçik agyrmasyn» diýdi. Eýýup alaýhyssalam Allatagala: ***«Eý, Taňrym! Maňa bir dert ýetişdi. Elbetde Seniň özüň iň rehimdarsyň»*** diýip arz etdi. Allatagala onuň bu arzyny kabul etdi we ony ýalkady. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Biz onuň arzyny kabul etdik we onuň bedenindäki şeýtan tarapyndan berilýän derdi aýyrdyk. Biz onuň ölen perzentlerini we olaryň meňzeşini täzeden direldip gaýtaryp berdik. Biz muny özümizden oňa we ýüreginde duýgy barlary rehmet we ýatlama bolsun diýip etdik».***

*Aýdypdyrlar:* Wagty gelip, onuň bu derdine ýedi ýyl, ýedi aý, ýedi gün we ýedi sagat tamam boldy. Jebraýyl alaýhyssalama: «Baryp Eýýup alaýhyssalamy ýerinden turuz» diýen perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam şol wagt bir enar we bir aýwa getirip: «Eý, Eýýup! Bu enary we aýwany iýip ýeriňden gop. Hudaýtagala seni ýalkady. Ol seni beladan halas etdi» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Men nähili gopaýyn?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam onuň gollaryndan tutup gopardy. Ony on iki gadam ýöredip goýdy. Gurtlaryň hemmesi ýere döküldi. Jebraýyl aleýhisalam onuň iki golundan tutup idekledi. Onuň iki gadamynyň duran ýerinden iki çeşme peýda boldy. Olaryň biri gyzgyn suwly, beýlekisi bolsa sowuk suwlydy.

Eýýup alaýhyssalam gyzgyn suwa gusul kyldy, onuň endamyndaky hemme ýaralary gitdi. Ol sowuk suwdan içdi. Onuň içindäki dertleriň hemmesi aýryldy. Ol öňküsi ýaly sagdyn beden boldy. Jebraýyl alaýhyssalam oňa jennetden bir hülle getirip berdi. Ol ony geýip belent ýere çykyp oturyp, Hudaýtagala şükür etdi.

Şol wagt Rahyma geldi. Ol Eýýup alaýhyssalamy ýerinden tapmady. Ol peryat edip aglady. Eýýup alaýhyssalam ony görüp: «Eý, Rahyma! Sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýip gygyrdy. Rahyma: «Meniň Eýýup atly bir kesellim bardy. Men oňa

näme bolandygyny bilmeýärin. Eger ony böri iýen bolsa, meni hem goşup iýen bolsa gowy bolardy. Şonda men kyýamat güni onuň bilen birlikde bolardym» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Ol nähili kişidi?» diýdi. Rahyma: «Ol sagdyn wagty size meňzeşdi» diýdi. Eýýup alaýhyssalam: «Ol Eýýup mendirin. Allatagala maňa sagatlyk berdi» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip hezreti Eýýuba: «Eý, Eýýup! Rahyma bigünädir. Ol ýalan sözi aýdan şeýtandyr. Sen: «Rahyma ýüz taýak ursam» diýip äht edipdiň. Sen bugdaýy desseläp üz. Onuň ýüzüsini bir bogup ýere ursaň, sen ähdiňe wepaly bolarsyň» diýip aýtdy. Eýýup alaýhyssalam bu işi buýrulşy ýaly berjaý etdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýene: «Eý, Eýýup! Indi sen öýüňe bar. Seniň perzentleriňi we mallaryňy Allatagala direltdi. Sen baryp olary eýeçiligiňe al» diýdi. Eýýup alaýhyssalam öýüne gelse, onuň malbaýlygy azalman, eýse üç esse köpelipdir.

Bir sözde: «Ýere dökülen ol gurtlar altyn çekirtge bolup daşlara ýagdy». Käbir alymlar: «Ol gurtlaryň tuda düşeni pile, ýere düşeni ýer gurdy, alma düşeni alma gurdy, borýa düşeni borýa gurdy boldy» diýipdirler.

Eýýup alaýhyssalam ondan soň birnäçe ýyl ömür sürdi. Bir gün Kabyzyl-arwah – Ezraýyl gelip, onuň beden kapasyndan ruh guşuny çykaryp, asmanlara alyp gitdi. Aýat: ***«Biz Allatagalanyň mülküne degişlidiris. Biz onuň dergähine gaýdyp bararys».***

## *ON SEKIZINJI KYSSA*
## HEZRETI ŞUGAÝP ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Şugaýp alaýhyssalam: ***«Eý, meniň halkym! Siz Allatagala ybadat ediň!»*** diýip adamlary Allatagalanyň ybadatyna çagyrdy. Ol: ***«Siz ölçegi we terezini kem etmäň»*** diýip, kowumyna nesihat berdi. Hezreti Şugaýp alaýhyssalam: ***«Eý, Şugaýp! Seniň namazyň biziň ata-baba ybadat edýän butlarymyzy taşlamaga buýurýarmy?»*** diýen soragy eşidendir.

Onuň nesil arkasy şeýledir. Şugaýp ibn Mesguf bin Ynak bin Sabyt bin Medýen ibn Ybraýym halylylla.

Aýat: ***«Biz Ybraýymyň ogly Medýeniň perzentlerine olaryň dogany Şugaýby iberdik».*** Şugaýp alaýhyssalamyň kowumy Medýeniň öwlatlaryndandyr. Soňra Medýen bu kowuma at bolup galdy. Şugaýp alaýhyssalam Allatagalanyň emri bilen öz kowumyna: ***«Eý, kowum! Siz diňe Hudaýtagala ybadat ediň. Size ondan başga Taňry ýokdur»*** diýdi. Ol kowum öň Ybraýym alaýhyssalamyň dinindedi. Soňra olar ondan dänip kapyr boldular. Olar daşda we terezide ogurlyk ederdiler. Olaryň adaty şeýledi. Olar uly ölçegde haryt satyn alyp, ony kiçi ölçegde satardylar, ýagny agyr daşda alyp, ýeňil daşda ýerlärdiler. Şugaýp alaýhyssalam: «Siz Hudaýtagalanyň birligine, barlygyna iman getiriň. Buta seždе etmäň. Meniň size sözüm şudur: «Terezileriňizi dogry ediň. Ýer ýüzünde ýaman işleri etmäň. Men siziň ýagşy-ýaman işleriňizi ýüzüňize aýdyjydyryn» diýip, ola-

ra nesihat berdi. Şugaýp alaýhyssalamyň özi hemişe namaz okardy. Onuň kowumy: «Eý, Şugaýp! Seniň namazyň bize ata-babamyzyň eden zatlaryny terk kylmagy we öz halymyza ygtyýarymyz bilen iş etmezligi buýurýar. Sen öz hyýalyňda ýagşy kişi bolup ýörsüň» diýip, oňa azar berdiler hem kemsitdiler. Olar ýene: «Eý, Şugaýp! Sen biziň aramyzda ejiz we güýçsüz adamsyň. Eger seniň garyndaşlygyň hatyrasy bolmadyk bolsady, onda biz seni daşlap öldürerdik» diýip aýdardylar. Şugaýp alaýhyssalam: «Eý, meniň kowumym! Meniň kapyr garyndaşlarymyň hormatyny kylýançaňyz, Hudaýtagalanyň emrini tutuň. Siz olara hezzet-hormat edýärsiňiz. Hudaýtagalanyň sözüni diňlemeýärsiňiz. Size Hudaýtagaladan meniň garyndaşlarym ezizräkdir we dostrakdyr Siziň eden hemme işiňizden Hudaýtagala habarlydyr. Hiç bir zat oňa gizlin däldir» diýdi. Bu sözi diňläp, onuň kowumynyň käbiri musulman bolsa hem, olaryň köpüsi musulmançylygy kabul etmedi.

Hezreti Şugaýp bularyň arasynda bäş ýyl durup, olary imana çagyryp, pent-nesihat berdi. Emma onuň sözleri olara hiç hili täsir etmedi. Olar Şugaýp alaýhyssalama: «Eý, Şugaýp! Sen bihuda sözleri aýtmagyňy goý. Sen ejiz adamsyň. Sen bu wagta çenli dogrudyň. Indi sen öz hetdiňde durmasaň, biz saňa azap bereris» diýip aýtdylar. Şugaýp alaýhyssalam bulardan umyt üzdi. Ol Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Men bulara köp pent-nesihatlar berdim. Olara behişdiň näzi-nygmatlaryny wada etdim, dowzahyň azap-jezalaryny aýdyp gorkuzdym. Bu zatlar olara hiç täsir etmedi» diýip mynajat etdi. Onuň bu dilegi kabul boldy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Şugaýp! Hudaýtagala bulara azap iberer. Siz bularyň arasyndan çykyň» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam: «Eý, meniň kowumym! Indi siz öz işiňizi, biz hem öz işimizi edeli. Allatagala ertir size

azap iberer. Siz muny görersiňiz. Siz ony bu gün bilmeseňiz hem ertir bilersiňiz» diýdi.

Ondan soň Şugaýp alaýhyssalam öýüne geldi. Ol ähli beýtini we musulman bolanlaryň hemmesini ýygnady. Olary Medýen ählinden üç günlük ýere eltip goýdy. Daň atan wagtynda Jebraýyl alaýhyssalam bir haýbatly owaz etdi. Hemme kapyrlaryň ýüregi ýarylyp öldi. Şugaýp alaýhyssalam musulmanlar bilen gutuldy. Ondan soň: «Eý, Şugaýp! Indi sen Medýen şäherine gir» diýen perman boldy.

Şugaýp alaýhyssalam we onuň musulman kowumy Medýene geldiler. Hezreti Şugaýp bu ýerde köp ymaratlary saldy. Ol musulmanlara Medýende şerigat hökümlerini öwretdi. Aýat: ***«Eýke kowumy pygamberleri ýalançy saýdy».***

Bir sözde: «Eýke bir bag-bossançylyga bürelip oturan ýerdi. Ol Medýen şäherine ýakyndy» diýip aýdylypdyr. Allatagala Şugaýp alaýhyssalamy Eýke kowumynyň üstüne iberdi. Şugaýp alaýhyssalam olara: «Eý, kowum! Men size pygamberdirin. Men size ýagşylykdan başga zady islemeýärin. Indi siz buta sežde etmekden el çekiň. Siz Hudaýtagalanyň birligine we barlygyna karar ediň. Şeýtanyň ýoluna ýöremäň, bolmasa siz dowzahda baky köýersiňiz. Size ondan gaçyp gutulmagyň alajy ýokdur. Siz puşman, ökünç etseňiz hem onuň peýdasy bolmaz. Eger siz Allatagalanyň birligini we barlygyny ykrar etseňiz, onda siz jennetde aýşy-eşret görersiňiz» diýip, köp nesihatlar berdi. Eýke kowumy olary kabul etmedi. Olar: «Sen hem biziň ýaly adamsyň. Adamlykda bize barabarsyň. Sen haýsy iş bilen bizden artykmaç bolup dawa edýärsiň. Sen pygamberlik dawasyny nireden getirdiň? Elbetde, biz: «Sen ýalandan pygamberlik dawasyny edýärsiň» diýip, sözüňe güman edýäris. Şu sözüň ras bolsa, sen öz Hudaýyňa aýt. Goý, ol bize azap buludyny ibersin» diýip, Şugaýp alaýhyssalama köp azar berdiler we ony kemsitdiler. Bu kapyrlaryň yza bermegi hetden aşdy. Şugaýp

alaýhyssalam Taňra arz aýdyp, dileg etdi. Onuň bu dilegi kabul boldy.

Hudaýtagala Eýke ähline ýedi günläp gaty güýçli yssy iberdi. Şeýle bir derejede yssy boldy welin, çeşmeleriň we guýylaryň suwy gaýnady. Eýke kowumy yssydan gaçyp, öýlerine girdiler. Öýleriniň içiniň gyzgyny hem zyýada boldy. Olar agaçlaryň saýasynda ýatdylar. Olar yssynyň gyzgynlygyna çydap bilmediler. Ýedi günden soň howada bir bölek bulut peýda boldy. Ol bulutdan sowuk şemal ösdi. Eýke kowumy muňa şatlandy. Olar biri-birine: «Geliň, biz bu saýawan buludyň astyna girip, janymyza aram bereliň» diýip, gygyryp aýtdylar. Olaryň hemmesi ol buludyň kölegesiniň aşagyna girdiler. Ol bulut gazap buludydy. Ol buludyň içinden ot çykyp, bularyň üstüne guýuldy. Hemme halk kebap bolan balyk ýaly köýüp galdy. Bu mazmuna: ***«Ol adamlar Şugaýby gezip ýören ýalançy hasapladylar. Olary kölegeli günüň azaby tutdy»*** diýen aýat delildir. «Zulle» arap dilinde «saýawan» diýmek bolar. Ol gazap buludydy. Eýke kowumyna saýawan suratynda bolup göründi. Şol sebäpli Hudaýtagala ol güne «ýöwmuz-zulle», ýagny «kölegeli gün» diýdi. Şeýlelikde, Eýke kowumy heläk boldy. Ol heläkçilikden bir adam hem gutulmady.

Şugaýp alaýhyssalama Eýke halkyndan hiç kim iman getirmedi. Emma Medýen halkynyň käbiri musulman bolupdy. Eýke halkynyň nesli gurady. Ondan Şugaýp alaýhyssalam Medýene gelip, tagat-ybadata meşgul boldy. Şugaýp alaýhyssalam gije-gündiz Hudaýtagala üçin ýyglap gözi kör boldy.[27] Bir gün Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Şugaýp! Size Allatagala salam iberýär we: «Meniň dostum Şugaýpdan sora: «Onuň munça ýyglamagynyň sebäbi nämedir? Eger ol jenneti dilese, Men ony oňa bereýin. Eger ol dowzahdan gorksa, Men ony ondan halas etdim» diýýär» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men: «Seniň didaryňy görerinmi ýa-da görmerinmi?» di-

ýip ýyglaýaryn» diýdi. Jebraýyl alýhissalam: «Allatagala size öz didaryny beýleki pygamberlerden kyrk ýyl öňürti görkezer» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam muňa hoşal boldy. Ol ýyglamagyny goýdy.

Şugaýp alaýhyssalam Medýende galdy. Musa alaýhyssalam Pyrgaundan gaçyp, ol Şugaýp alaýhyssalamyň hyzmatynda on ýedi ýyl durdy. Ondan soň Şugaýp alaýhyssalam wepat boldy.

Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi gowy bilýändir!

# SÖZLÜK

## A

Abug – reňk.
Aby Tahur – jennetiň päk suwy.
Abyljyn – jynyň atasy.
Abyt – ybadat ediji.
Açyk ýüz bilen – dul wagtynda manysynda.
Adam safy – päk Adam.
Adawat – duşmançylyk.
Adem – ýok.
Ady – Ad kowumyndan bolan adam.
Adylar – ötegeçijiler.
Adyz – belent, beýik.
Adyzlygy – belentligi.
Adyzrak – beýigräk.
Afzal – mertebesi has artukmaç bolan.
Agarsyň – edersiň.
Agdardy – aşyrdy.
Agdy – mündi, çykdy.
Aglak – çet.
Aglak – ýaşryn, gizlin.
Agraby – çarwa arap.
Agrafa – bu söz tanamak manysyndadyr.

Agry – agram berdi.
Agyn – lal.
Agyrlamak – sylamak, hormatlamak.
Ähli beýt – öý agzalary.
Ahsan – iň gözel.
Ahsanal-kysas – kyssalaryň iň gözeli.
Ajamlar – arap däl beýleki musulman halklar.
Ajyp – geň.
Akran kis – ýöreýji.
Aktaçy – atbakar.
Akyk – gymmat bahaly gyzyl reňkli daş.
Alaw – ot.
Alaýhymissalam – ol ikisime Taňrynyň salamatlygy bolsun!
Aleýhinne – aýallaryň ýanyna.
Allahu ekber –Allatagala beýikdir.
Älem safli – pesdäki älem, şu dünýä.
Alhamdulillä – Allatagala taryp bolsun!
Alhamdulillähi alä külli hal – her halda bolsaň hem, Allatagala taryplanmaga mynasypdyr.
Allamul-guýub – gaýyp, gizlin zatlary ilkinji biliji.
Alp – batyr, pälwan.
Amar – kejebe.
Ämin! – kabul bolsun!
Amud –direg, sütün.
Aňsyzyn – birden.
Anup – işledip.
Anytlamak – taýýar etmek.
Anytdy – taýýarlady.
Arandand – Ekizler, Jöwza.
Ar – utanç.
Argyş – kerwen.
Arşy Mejit – beýik derejeli Arş.

Artyk – agyr.
Aryg – päk, arassa.
Arygsyz – bozuk, näpäk.
Aryn – tämiz.
Arysyn – päklensin.
Arytmak – arassalamak.
Arzu – Utarid, Merkuriý.
As – gunduzyň bir görnüşi.
Asan – eňil.
Aşlyk – bugdaý, galla, un.
Asy – günäkär, ýazykly.
Aşygmak – gyssanmak, howlugmak.
Ata bolmak – bagyş edilmek.
Atanyban – at alyp.
Atbakar – seýis.
Atyk – köne dost manysynda.
Aýat – keramat.
Aýat-beýýinat – delil bolujy aýat.
Aýnamak – üýtgemek.
Aýýar – mekir, haýýar.
Aýyd – baýram.
Azak – aýak.
Azakga tegru – aýaga çenli.
Azamat – beýiklik.
Azyn – başga.

## B

Bady-saba – säher şemaly.
Bafendilik – tikinçilik.
Bagyrsak – mähriban.
Bagzylar – käbir alymlar.

Bagzysy – käbiri.
Bahadyr – batyr.
Bahman – Türkmenbaşy, Baýdak aýy.
Bährement bol – peýda gör.
Bahrul-ahzan – Hesret deňzi.
Baka – gurbaga.
Baklan – semiz.
Balagat – kämillik ýaşy.
Balalary – boýlarynyň beýikleri.
Balalary – çagalary.
Balyk – Hut.
Barlan – «bar» diýip bilen.
Başçy – namazyň ymamy manysynda.
Başga – öweý.
Bat – tiz.
Batman – 20 kilograma deň agramlyk ölçegi.
Batha – Morokkada bir şäheriň ady.
Batyl – bozuklyk.
Batyn – içki görnüş.
Baýaky – öňki.
Beçebazlyk – erkekler bilen erkekler gowuşmak işi.
Bedel – batman.
Bedizläp – ýokary galyp.
Belä – hawa.
Belagat – kämillik ýaş.
Belguluk – belli.
Belli wagt – kyýamat güni.
Benijan – jynlaryň ogly.
Bent kylmak – ornaşdyrmak.
Berhizkär – takwa adam.
Berik – küýze.
Berkemal – kämil.

Berk –ýaprak.
Beşarat – hoş habar, söýünji.
Beşerun – adamzat.
Beşik – sallançak.
Beşir – hoş habar beriji.
Beşirun – gul.
Beýeban – çöl.
Beýtil-ahzan – hesret öýi.
Beýtil-magmur– Abat öý.
Beýtil-mukaddes – «Mukaddes öý». Ol Ierusalimde ýerleşýär.
Bidar – oýa, ukusyz.
Bidar bolmak – uklamazlyk.
Bigäne – ýat, keseki.
Bikrlik – päklik.
Bilgeler – alymlar.
Bilgirdi –galdy.
Bilig – ylym, bilim.
Bina kylyjylar – gurluşykçylar.
Bir agaçlyk ýer – takmynan 6 kilometre barabar aralyk ölçegi.
Bir dirhem – 3,12 grama deň bolan agramlyk ölçegi.
Birlän – bir diýip bilen.
Bisat – haly.
Bişik – sallançak.
Bitikçi – mürze.
Bitikli – ýazylgy.
Bitmediler – boýun sunmadylar.
Bogmak – monjuk.
Bolak – sowgat.
Bölek – başga.
Borýa – ösümligiň ady, golawl, kefal.
Boşup – baş urup.
Bota – köşek.

Botam – köşegim.
Böwl – peşew.
Bowurçy – köşgüň aşpezi.
Boýnagy – atly-abraýly adam.
Bozçy – boýagçy.
Budun – halk.
Bugdaý başy – Sünbüle, Gyz
Bulmak – tapmak.
Bulgulyk – bolan wakalar.
Bulgurmak – gymyldamak.
Bulnamak – ýesir almak.
Bulnamyşdy –ýesir tutupdy.
Bulun –ýesir. Il – Taňrynyň bir ady.
Buluşmak – etişmek.
Burç – Ýyldyzlar toplumy, galaktika.
Burhan – tutaryk,delil.
Burlak – üzümlik.
Burunduk – nogta.
Bus – duman.
Buta – syrly dünýä.
Buý – ys.
Buýnagrak – ulumsyrak.
Buýy bahar – baharyň ysy.
Büzün – halk.
Buzurglar – beýik alymlar.
Byradar – dogan.
Byrak – gatyrdan uly, atdan kiçi, adam ýüzli, ganatly bir ulagyň ady.

## Ç

Çaw – owaza.

Çeň – saz guraly.
Çerik – leşger, goşun.
Çiçek – gül.
Çiçeklik – bossanlyk.
Çuzy – dürli reňkli hytaý matasy.
Çyraýlyk – görkli.
Çytrak dony – tüýdülip giden geýim.

## D

Dagwat – çakylyk, çagyryş.
Dagy – çagyryjy, ündeýji.
Dahyl bolmak – girmek.
Dam – duzak.
Danyşment – alym.
Dar el-huld – baky ýurt.
Dar el-karar – karar tapylýan ýurt.
Dar es-salam – parahatlyk ýurdy.
Däriler –derman otlar.
Darlyk – gytçylyk, ýeter-ýetmezlik.
Degresine hat tartdy – töwerek çyzyk çyzdy.
Depindiler – süründiler.
Destar – selle.
Dil – ýürek.
Dilhahym – ýüregimiň islegi.
Dökünmek – urmak, kakmak.
Dowa – derman.
Durud – öwgi, ýagşy dileg.
Duş – günorta.
Düýe ýüki – 256-262 kilograma barabardyr.
Dyz don – balak.

## E

Ebire – çowluk.
Ebri nowbahar – alabahar buludy.
Egsik – kem
Ejabat – dilegiň kabul bolmagy.
Elem – agyry.
Elli egsik müň ýyl – dokuz ýüz elli ýyl.
El-hak – dogrusy.
Eltumas – eltmez.
Emin – ynamly adam.
Emri magruf – Taňrynyň buýran işleri.
Enaýat – ýardam.
Enbiýa hak –Taňrynyň pygamberleri.
Enbiýa – pygamberler.
Endazasyça – ölçegi ýaly.
«Ente rebbi, kadirun, haýýun, mujib» – «Sen meniň Taňrymsyň! Sen başarjaň, baky diri we dilegleri kabul edijisiň».
Eňlik – arka baksa.
Era – arasynda, içinde.
Ergeşmek – ýapyşmak.
Erdem – mertebe.
Ernek – barmak.
Ertir – kyýamat güni göz öňünde tutulýar.
Esbarlamak – bil baglamak.
Eser – yz.
Eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Lutun resulallahi – Men Allatagaladan başga hudaýyň ýokdugyna güwälik berýärin, Lutuň bolsa Onuň resulydygyna şaýatlyk edýärin.
Esiz – bet, kömeksiz.
Esma-ylmy – dünýädäki zatlaryň atlaryny bilmek.

Esneýur – öser.
Eşnu – öň.
Eşrepler – begler.
Essalamu aleýkum! – size salamatlyk bolsun!
Etmek – çörek.
Eýýamy ajuz – kempir günleri.
Ezel – gadymy.
Ezgu – ýagşy.
Ežun – dünýä.

**F**

Farah – şatlyk
Firdöws – sekiz jennetiň biriniň ady, iň gowy we iň ýokary derejeli jennet.
Furkan – haky nähakdan tapawutlandyryjy kitap, ýagny Gurhanyň bir ady.

**G**

Gabyzul-arwah – ruhlary alyjy.
Gafur – günä geçiji.
Gahatlyk – gurakçylyk, açlyk.
Galaba kylmak – üstün bolmak.
Galaz – serçe.
Gallaç galdylar – aç, garyp boldular.
Gannyn – baý, sakawlap sözleýji.
Garabaş – hyzmatkär, keniz
Garamat – jerime tölemek.
Garaňky – kör manysynda.
Gargullaç – garlawaç.
Garkaýy ysýan laýyga – günä laýyna gark bolup.

Gartga – tiz manysynda.
Gary – metre golaý uzynlyk ölçeg birligi.
Garyp – çet ýurtly erkek adamlar.
Garyplykda – ýat ýurtda.
Gaýra – täzeden, yzyna.
Gaýyp – gizlin, ýok.
Gaýyp – syrly dünýä.
Gaýyt kylmak – ýazylmak.
Gazat – uruş.
Gazgulyk – gaýgyly, gamgyn.
Gerdu-gubar – çaň we tozan.
Gezende – ýyrtyjy haýwan.
Gil – guş ady.
Giňlik – bolçulyk.
Gök ýaş – ösümlik.
Golmak – dilemek.
Golar siz – dileýärsiňiz.
Golawuz – ýol görkeziji.
Goldaş – ýaran.
Goldular – dilediler.
Golsam – dilesem.
Gonak – myhman.
Gonaklamady – myhman almady.
Gönük –Taňrynyň buýrugy.
Gopardy – turuzdy.
Gopaýyn – turaýyn.
Gorsaýur men – küýseýärin.
Gozgan – goýan.
Gül çyrar –gül açar.
Gülçiräp – gülläp, gül açyp.
Gulman-u wildan – hyzmatkär oglanlar.
Gülşen – oňat ysly gülleriň ekilen ýeri.

Gunnat – baýlyk.
Gur – kemer.
Gurbat – Taňra ýakynlyk.
Gurluk – guşak.
Gurt – gurçuk.
Guru – boş diýen manysynda.
Gurur – aldanmak.
Gutlug baka – jennet manysynda.
Guýmaç – goýman.
Guzug – guýy, çeşme.
Guzy – Hamal, Owen.
Gynanmak – emgek çekmek.

## H

Habar – Muhammet pygamberiň aýdan rowaýatly gürüňleri.
Habyp – dost.
Hadas – tezek, nejasat.
Hadymlyk – hyzmatkärlik.
Hahlap – isläp.
Hajyp – hökümdaryň hojalyk işlerini ýörediji gullukçy.
Hala – daýza.
Halafat – häkimlik.
Halawat – süýjülik.
Haly – boş.
Halyk – ýaradyjy Taňry.
Halylalla – Allanyň dosty.
Halym – Mähriban. Hudaýyň bir ady.
Ham – çig.
Hamal – Nowruz.
Hamr – şerap.
Hendese ylmy – inženerçilik ylmy.

Haraç – salgyt.
Hasat – göriplik, görübilmezlik.
Haşym – dabaraly.
Hatna kylmak –pürçük kesmek, sünnet etmek.
Hatyma – ömri ahyrlamak.
Haýrat – haýran galmak.
Haýydan – dirilikden.
Haýzy-nefas – aýbaşy we çile ganyny görmek.
Hazzan – hazynadar.
Hebeş – Efiopiýa.
Hebeşiler – efiopiýalylar.
Heddinde – serhedinde.
Hekim – akyldar.
Hekim – Parasatly. Hudaýyň bir ady.
Hekimler – parasatly adamlar.
Hemze – bokurdakdan çygylyp çykýan ses.
Heýte leke – sen meniň ýanyma gel.
Hezar – müň.
Hezret gurbaty – Taňra ýakynlyk.
Hikmet – parasat.
Hizlik – erkeklik gaýratsyzlygy.
Hojasy – eýesi.
Horram – şat, şadyýan.
Hoşboý – gowy ysly.
Hoşroý – güler ýüzli.
Howzul-agzam – iň uly howz.
Hubbul-ahýar – ýagşy guýy.
Hüjjetleşmek – söz subut edişmek.
Hukamalar – ussat tebipler.
Hülle – halat-serpaý.
Humar – bihuş, serhoş.
Hut – şemsi aýlary boýunça Baýdaga gabat gelýär.

Hüthüt – hüýpüpik.
Hyjap – perde, örtgi.
Hylwat etdiler – ikiçäk galdylar.
Hyrs – aýy.

## I

Ibri – iwrit.
Içýan – Akrap.
Idiş – gap.
Idris – ders beriji.
Igli – keselli.
Ilinse – ýoluksa.
Iltimas kylmak – haýyş etmek.
Imana dagwat etmek – imana çagyrmak.
Inek – sygyr.
Inen – düýe.
Iňirçek – howut.
Inşaalla – eger Alla islese.
Isma‘ ýa ilu –Meni diňle, eý Taňrym!
Ismi-Agzam – Allatagalanyň iň uly ady bilen okalýan doga.
Istihaza – haýzyň bir dert sebäpli on günden artyk bolmagy.
Izi -Taňry.

## J

Jahi-jelal – mertebeli orun.
Jasus – içaly.
Jemaza – ýyndam düýe.
Jennet el-fyzza – kümüş jenneti.
Jennet el-magwa – suw jenneti.
Jennet en-nagym – nazy-nygmatlar jenneti.

Jennetu adn – bag-bossan jenneti..
Jeýlan – igde.
Jidde – Gyzyl deňziň gyrasynda Mekgeden ýetmiş kilometr uzaklykda ýerleşýär.
Jigergüwşelerim – perzentlerim.
Jilwe – şöhle, ýagtylyk.
Ju nury matlag – nuruň dogýan ýerini isleýän adam.
Jümle – hemme.
Juwanmert –eli açyk, sahy.
Juwanmertlik – sahylyk.
Juzam – açma, kel.

**K**

Kabyl erer men – men kabul edýärin.
Kabyla – taýpa.
Kabyzyl-arwah – janlary alyjy perişde.
Käç – şapbat, şarpyk.
Kadyr – başaryjy, Taňry.
Kafur – kamfora.
Kähin – ruhany.
Kalag – sowut.
«Kalet uhruj aleýhinne» – «Sen aýallaryň ýanyna çyk».
«Katta‘na eýdiýehinne» – «Ol aýallar ellerini köp gezek kesdiler».
«Küfru-zulmat» – dine ynanmazlyk we nadanlyk.
«Kysasy Rabguzy»– «Rabguzynyň kyssalary».
Kamar – aý.
Kamug – hemme.
Kandylat – çyralar.
Karkas – maslyk iýýän çaýkel.
Karýatul-samanin – segsenleriň obasy.

Kasymyl-arzak – rysgal paýlaýjy.
Katlanmak – ykjam bolmak.
Katra –damja.
Kaza edilmek – takdyra ýazylmak.
Keffarat bolmazlyk – günäniň ýuwulmazlygy.
Keffarat bolsun – günä ýuwulsyn.
Keleme: «Subhanalla» – Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir; «Alhamdulillä» – Allatagala taryp bolsun; «Lä ilähe illalla» – Alladan başga Taňry ýokdur.
Kembagal erdi – ýeter-ýetmezdi.
Kendu hyssasyn – her kim öz gezegini.
Kerem – sahylyk, eli açyklyk.
Kerim – geçiriji, Hudaýyň bir ady.
Kertinmek – ynanmak.
Kesek – bölek.
Kez – dogry.
Kezikläp – belläp.
Kezin – soň.
Kin – müşk, hoşboý ysly madda.
Kindik ýypar – keýigiň göbeginden alynýan hoşboý ysly müşk.
Kölüg – ýük urulýan mal.
Köňli össün –göwni göterilsin.
Köňlüm emrulsyn – göwnüm ynjalsyn.
Köňlüni saklamady – olardan ýüz görmedi.
Kör arslan – eset, ýolbars, şir
Kötrümediň – götermediň..
Koý – goýun.
Kubaş – garantgy.
Kubla – posa.
Küfru-bidgat – kapyrlyk we dinden çykmaklyk.
Küfr-usýan – küpürlige we günä işlere.
Kugu – ak guş.

Kul – aýt.
Künek – gowa, bedre, delw.
Künýeti – lakamy.
Küpürlik –Taňra ynanmazlyk.
Kurb – Allatagala dergähine ýakynlyk.
Kurtga – kempir.
Kurud – Myrryh, Mars.
Kusur – köşkler.
Kutan – agyl.
Kysym – topar.

**L**

Lä ilähe illallahu – Alladan başga Hudaý ýokdur.
Lagl – gymmat bahaly gyzyl reňkli daş (rubin, ýahond).
Lagyn – näletlenen.
Lahza – göz açyp-ýumasy salym.
Läleler – gyzyl reňkli güller.
«Lä ilähe illallahu we inni Ýakubu resulallahi» – Allatagala birdir we men Ýakup Onuň ilçisidirin.
«Lä tezer» – «goýma». «Nuh» süresiniň 26-njy aýatynyň bir sözi.
Latyfa – degişme häsiýetli gysgajyk hekaýa.
Latyp – gözellik.
Leýkin – emma.
Lillähil-hamd – Allatagala beýikdir. Allatagala taryplanmaga mynasypdyr.
Liwata kylmak – beçebazlyk etmek.
Lowhul-mahfuz – älem-jahanyň başdan-ahyryna çenli bolup geçjek syrlary we wakalary ýazylgy bir tagta.

Löwlak – «Eger sen bolmadyk bolsaň, ýagny, eý, Muhammet sen bolmadyk bolsaň älem-jahany ýaratmazdym» diýen hadysyň başlangyç sözi.
Ludiýa – Ludiýa urugy.
Luw-luw – dür, gymmat bahaly daş.

## M

Magazalla – Alla saklasyn!
Magfyret – günä geçmek.
Magryp – günbatar.
Magsum – päk.
Magsyýet – günä.
Mahfal – ýas, sadaka.
Mahlukat – jandarlar.
Mahluk – ýaradylan zat.
Makam – duralga.
Mälik – patyşa, serdar.
Mälik dowzah – dowzahyň patyşasy
Mälik Ryzwan – jennetiň patyşasy.
Mälikler – patyşalar, bu ýerde wezir-wekiller manysynda.
Mangym – gadam.
Manjanyk – daş atýan uruş guraly, sapan.
Mansuh boldy – ýatyryldy.
Manzar – duşuşyk jaý.
Maşryk – gündogar.
Mazlum – zulum gören.
Med – çekimli sesleri sozup, süýndürip aýtmak. Meselem «it («süýre»)» sözi medlidir, «it (güjük)» sözi medsizdir.
Mejazy – dogry sözli däl, ýasama.
Mejlis – oturylyşyk.
Mekgär – örän mekir.

Mekgeýil-mugazzama – uly mertebeli Mekge.
Melahat – mylaýymlyk, owadanlyk, ýaraşyklyk.
Melal – tukatlyk.
Melamat kylmak – käýemek.
Melekul-möwt – ölüm perişdesi.
Melekun – perişde.
Melgun – näletlenen.
Melgunu-merdyd – näletlenen we dinden dänen.
Melikun – patyşa.
Mend – dürli manysynda.
Mengu – baky.
Meňizlik – ýüzli.
Mensuh boldy – gaýtarylyp alyndy.
Menzilet –Allatagalanyň dergähinde mertebeli orun.
Menziletlik – mertebeli orun.
Merdi-kelan – uly pir.
Mersiýe – ýas we matama bagyşlanyp ýazylan goşgy.
Merwa, Sapa – Mekgedäki iki dagyň ady.
Mesjud – sežde edilýän.
Minnet – ýagşylyk.
Mewrys – miras.
Möwjudat – barlyklar.
Möwla – Taňry.
Mubaşşir – hoş habar beriji.
Mübtela bolmak – sataşmak.
Mugabbir – düýş ýorujy.
Mugjyza – gudrat, keramat.
Mugyn – kömekçi, ýardamçy. Bu ýerde Adam alaýhyssalam göz öňünde tutulýar.
Muhakkyk – many takyklaýjy alym.
Muhannes– iki jynsly, binamys.
Muhlas – halys yhlasly.

Muhlis – yhlasly.
Muhyt – umman.
Mujahada – yhlas etmek.
Mujamagat kylmak – ýakynlyk etmek.
Mukaddardyr – ol seniň takdyryňda kesgitlenendir.
Mukaddes ýer – Ierusalim.
Mukarrab – Allatagala ýakyn bolan.
Mukarrap perişde – Taňra ýakynlyk gazanan perişde.
Mukry – kary, Gurhan okaýan.
Mülki adem – ýokluk mülki, ýagny bu dünýäniň mülki.
Mumtazrak – tapawutlyrak.
Munady – jançy perişde.
Munazyra etme! – bäsleşme!
Müneçjim – ýyldyza garap pal agtarýan.
Munguş – burç.
Muňlug – gaýgyly, gamgyn.
Muntak – munuň ýaly.
Mürçe – garynja.
Murdar – maslyk.
Mürsel – habar iberilen pygamber, sahypa iberilen pygamber.
Mürted – dinden dänen.
Musalla – namazlyk.
Musallesun bin nygma – üç taraplaýyn nygmat berilen.
Musannif – ýazar, ýagny Burhaneddin Rabguzy.
Muşerref – mynasyp.
Mushaf – Gurhan kitaby göz öňünde tutulýar.
Müşrikler – Allatagalanyň adyna şirk ýetirenler, butparazlar.
Muştak – höwesli.
Müşteri –Ýupiter planetasy. Bu ýerde bagt manysynda.
Müsür ezizi – bu onuň lakamydyr. Onuň ady Katgar ýa-da Atgyr bolupdyr. Ol patyşanyň ýanynda iň ynamlysy we hormatlysy bolandygy üçin bu lakama eýe bolupdyr.

Mutahaýýyr bolmak – aljyramak.
Mutahaýýyr galmak –aljyrap durmak.
Mutrip – sazanda bagşy.
Muttaky – takwa.
Mutyg – boýun sunan.
Muwapyk – laýyk.
Müwekkil – wekil.
Muýna – eşik, lybas.
Mužda – buşluk.
Mynajat – arz.

## N

Na‘am – hawa.
Na‘uzu billäh – Beýle ýagdaýdan Hudaýtagala bizi öz penasynda saklasyn!
Nagara – dep, saz guralynyň bir görnüşi.
Nagdy-nukudy – hemme zady manysynda.
Nägehan – birden, tötänden.
Nakyldyr – rowaýatda şeýle getirilendir.
Naň – zat, sebäp.
Nash – arap ýazuwynyň bir görnüşi.
Nawsibaslyk – göriplik.
Nazzara – tomaşa.
Nebatat – ösümlikler.
Nebere – agtyk.
Nebis – betnebislik.
Nebsi ammara – bozuk işlere buýrujy nebis.
Neçjar – agaç ussasy.
Nedamat – öküňç.
Nefas – çaga bolandan soň gelýän gan.
Nehi münker – Taňrynyň buýurmadyk işi.

Nejat – halas bolmak.
Nemerse – zat.
Nepl namaz –parz bolmadyk, meýletin okalýan namaz.
Nasaralar – hristianlar.
Nesep – nesil arkasy, nesil daragty.
Netek – nähili.
Nezir – Taňrynyň azaby bilen adamlary gorkuzyjy.
Nezr – kasam.
Ni‘mal möwla we ni‘man-nasyr – Allatagala ýagşy hökümdardyr we ýagşy ýardamçydyr.
Nifak – jedel-dawa.
Nigär – hoş suratly ýar.
Nowa – ternaw.
Nowbahar – alabahar.
Nubuwwat – pygamberlik.
Nuh – aglaýjy.
Nuha kylmak – aglamak.
Nujum ylmy – ýyldyzlara garap pal atmak ylmy.
Nutfa – döl.
Nygmal-abd – ýagşy bende.

## O

Ogan – Taňry.
Olara musallat edeýin –olaryň üstünden höküm etmekligi bereýin.
Onak – byçgy.
Oňaldaýyn – düzeldeýin.
Oňaýlygy – eňilligi.
Oňsyzyn – birden.
Orañ – ak.
Ordon – Iordaniýa

Orkady – galdy, boldy.
Orlasa – agsa.
Ornady – mekan tutdy.
Owlak – Jedi, dag tekesi.
Owrat – uýat, ýer.
Owunça – teselli beriji.

## Ö

Öwürde – Allatagalany öwmek bilen.
Ölçeg – terezi.
Ölýü – öli dek manysynda.
Öňdi – gazdy.
Öngeý – Müşteri, Ýupiter, Kerwengyran.
Öýlügi – aýaly.
Öz hajatyna – ýazylmagyna.
Öfke – gahar.
Öwlat – perzent, zürýat.
Öwlüýäler – weliler, Taňrynyň dostlary, Allatagala ýakynlaşanlar.
Öküş – köp.
Öküşräk erdiler – köpräkdiler.
Öreň – ak
Örkedi – çykdy, berildi.

## P

Pahyşa – bozuk ahlakly aýal.
Parça – sahypa.
Patyşa – hasap soraýjy patyşa bolan Taňry.
Pelle – tereziniň jamy.
Peramuş kylmak – unutmak.

Permanberdar – äriniň diýenine boýun sunýan.
Peşana – maňlaý.
Peýkil-emin – ynamly ilçi.
Pide – sadaka, gurbanlyk.
Pur futuhy – ýeňiji ruh.
Pyrak – aýralyk.
Rabbun gafurun – rehimdar Taňry.
Rafygud – derejat – derejeleri beýik mertebeli ediji Taňry.
Ragbat – höwes.
Ragy – çopan.
Rah – ýol.
Raks – tans.
Ram kylyň – boýun ediň.
Ratl – 449,28 grama ýa-da 144 dirheme deň bolan agyrlyk ölçegi.
Raý – pikir.
Resim – däp-dessur, adat.
Reşk – bäsdeşlik.
Rihus-saba – säher şemaly.
Rowa däl gün – ýagny, kyýamat güni.
Rownak – görkli.
Röwşenrägi – ýitirägi manysynda.
Ruhy reýhan – hoş ysly ruh.
Rysalat – pygamberlik.
Ryzwan – jennetiň patyşasy.
Saba – säher.
Sadykul – wagd – wadasyna wepaly.
Sagrak – ölçeg gaby.
Sagu – jam.
Sagyra we kebire – kiçi we uly.
Sahba – et-ýag manysynda.
Sahra – gaýa.

Sähw seždesi –säwlik seždesi.
Sahybys-sur – tüýdügiň, suryň eýesi.
Sahypjemal – görkli, görk eýesi.
Sajyd – sežde ediji.
Sakandir, Zuhal – Saturn, Ömrüzaýa.
Sakraşur – mäleşer.
Sakyf – petik.
Sakynç – pikir.
Sakyndy – pikir etdi.
Sakyngyn – pikirlen, oýlan.
Saky-şerap – guýujy.
Sakyt – Zöhre, Wenera.
Salawat – alkyş.
Sallallahu aleýhi wesellem – oňa Allatagalanyň salamatlygy we ýalkawy bolsun.
Salyh – ýagşyzada.
Samady – bakylyk.
Samat – baky bar Taňry.
Sandawuç – bilbil.
Sanjyşyk – söweş.
Sap – hatar.
Şar – mil.
Sara – Pleýada ýyldyzlar topary.
Sart – milletiň ady.
Sawçy – pygamber manysynda.
Sawçylar – perişdeler manysynda.
Sawlat – haýbat.
Saýýady ezel – ezel gününiň awçysy, Allatagala.
Sebze era – ýaşyl otlaryň içinde.
Semen– gülüň ady.
Senem – but.
Serendip – Seýlon adasy, Hindistanyň günortasynda ýerleşýär.

Seresan – ýeňil kelle.
Settarul-uýub – günäleri örtüji.
Sidretil-munteha – asmanyň Jebraýyl perişdäniň ýetip biläýjek aňyrçägi.
Sidretul-munteha – jennetde ösýän bir agajyň ady.
Siňli – aýal dogan.
Sokarsa – baş goşsa.
Sokulma –gowurma.
Söýük – gowy görmek.
«Subhanallahi we bihamdihi, Subhanallahil azym» – «Taryply Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir: Beýik Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir».
Sufli – pes dünýä.
Suk – bazar.
Surur – şatlyk.
Suw ulaşdy – suw içmeli günlerini paýlaşdy.
Syddyk – dogry sözli.
Sydky – yhlaslylygy.
Syhhat – saglyk.
Syna – beden.
Sypal – küýze döwükleri
Syrat – görk.

## Ş

Şar – mil.
Şebnem – daň çygy.
Şefyg – kepil.
Şejagat – batyrlyk.
Şejeraten memnuga – gadagan edilen agaç.
Şejereýi huld – bakylyk agajy.
Şemşir – gylyç.

Şerigat eýesi – Muhammet pygamber.
Şeýtanir-rajym – daşlanyp kowulýan şeýtan.
Şiprik – ýarganat.
Şirinküý – şirin dilli.
Şirinküýli– şekersözli.
Şirk –Taňra bir zady deňemek.
Şöhwet – jynsy gatnaşyka bolan höwes.

## T

Taban – aşak.
Tabgy – tebigaty.
Tabunma – çokunma.
Tabut sekine – köşeşdiriji sandyk. Ol sandyk baradaky maglumat ýigrimi birinji kyssada berilýär.
Tagajjup – haýran galmak.
Tagwil suhuf – kitaplary düşündirmek, kitaplardan ýorgut çykarmak.
Tahiýýat seždesi – salam seždesi.
Tahsyn – täsin.
Tam – diwar.
Tamug – dowzah.
Tanaggum kylmak – nazy-nygmatlary iýip-içmek.
Taňla – ertir.
Taňla – geň.
Taňlamak – haýran galmak.
Taňsyk – geň, ajaýyp.
Tanuk – şaýat, güwälik beriji.
Tanyklyk berer – şaýat eder.
Tap kylmak – çydam etmek, sabyrly bolmak.
Tapkärler – garşydaşlar.
Tapmak – gutulmak.

Tapunsa – maksat edinse.
Tapyg – hyzmat.
Tapyz – gara.
Taýýybat – ýagşy taryplar.
Tazarrug – Allatagala ýalbarmak.
Täze – kemsiz manysynda.
Tazy – arap dili.
Teberruken we teýemmumen – gutly we mübärek bolsun!
Tebreşdi – tutaşdy.
Tebretdiler – yrgyldatdylar.
Tegi – çenli.
Teginmek – ýetmek.
Tegru – çenli.
Tegurdy – ýetirdi.
Tehlil – «Lä ilähe illallah» («Alladan başga Hudaý ýokdur») diýip, ony taryplamak.
Tehmid – öwgi.
Tekbir – Allahu ekber.
Tekme – her, hemme.
Telim – köp.
Teriň – çuň.
Terkiden – tiz-tizden.
Terkräk – tizräk.
Tersa – haçparaz.
Tesbih – Subhanallah, ýagny: «Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir» diýip, ony taryplamak.
Teşdit – bir çekimsiz sesiň bir ýerde goşa bolup gelmegi «Anna», «kürre» ýaly sözler onuň mysaly bolup biler.
Teshir etmek – boýun egdirmek.
Tetru – dogry.
Tezginerde – aýlananda, gezende.
Tilawat – okamak.

Tirik erkençe – dirikä.
Tişi – aýal.
Tiwe – düýe.
Togap etmek – aýlanmak.
Toklunur – doýar.
Töküş – döwüş, söweş.
Tolgak – burgy.
Tonlugy, taňsuk, ýypardan – eşigi ajap müşkden.
Topunýarsyňyz – çokunýarsyňyz.
Topuz – tokmak.
Töre – kada-kanun.
Toty şekerşiken – şirin dilli toty.
Towk – boýnuň bezegi.
Towky nälet – nälet duzagy.
Tugal – hemme.
Tün – gije. gijesine.
Tünle – gije bilen, gijesine.
Turmak – et.
Tutsunun – buýruk, höküm.
Tütün – bu söz «duman» manysynda hem gelýär.
Tüzün – ýumşak gylykly.

## U

Uhruj – çyk.
Ukak – burç, ýyldyzlar topary
Ukba milketi – ahyret mülki.
Ukmadan – diňlemezden.
Ukubet – jeza.
Ulaşu – oda sataşyp manysynda.
Ulug – aksakgal.
Uluglar – wezir-wekiller manysynda.

Ülüş – bölek.
Uluwiýýa – beýik mertebeli dünýä.
Ulwy – ýokarky.
Uly günde – kyýamat gününde.
Umasga degdi – ynanjy bikär boldy.
Ummatun muznebetun – günäkär ummat.
Umul – üçin diýen manyda.
Unady – bozuldy.
Uňur – gowak.
Uruň – ak.
Uş – şu.
Usmat – päklik.
Usruk – mes.
Uzag – oýa.
Uzur – ötünç.
Uzymak – uklamak.

**Ü**

Üdürüp – goýup.
Ükek – burç
Ünde – çagyr.
Üşr – ondan bir salgyt, hüşür.
Üý – sygyr, öküz.
Üýn etse – nagra ursa.
Üýn –owaz.
Üýn tartyp – hiňlenip.

**W**

Wady Nugman – Nugman jülgesi.
Wafy – wepaly.

Wakyf erdi – habarly boldy.
Wasl – duşuşmak, gowuşmak.
Wasna‘il-fulke – gämi ýasa. «Hud» sürsiniň 37-nji aýatynyň bir sözi.
Waswas – al salmak.
We aleýkumussalam we rahmetullahi we berekatuh – size Taňrynyň salamatlygy, rehmeti we bereketi bolsun!
Webal – günä.
Weli – öňdengörüji.
Wujud – göwre.
Wuslat – tapyşmak.
Wysal – duşuşyk.

## Ý

Ýa Rebbil-älemin! – eý, älemleriň hökümdary bolan Taňry!
Ýaban – meýdan, sähra, çöl.
Ýaban ýazy – sähranyň bahary.
Ýagan – pil.
Ýagyz – gara.
Ýakubylar – Ýakup pygamberiň yzyna eýerenler.
«Ýakup» sözi – «ökje tutujy» diýen manysyny berýär.
Ýakyn –Taňra ynam.
Ýakynlyk işi – beçebazlyk.
Ýalawaç – pygamber.
Ýalnaýu – oda düşüp.
Ýalçyk – Aý.
Ýalňyz – ýeke.
Ýaňaklady – ýaňagyma şarpyk urdy.
Ýandyr – gaýtaryp ber.
Ýaňlyg – gowga.
Ýanut – jogap.

Ýanut kyldyňmy – şeýle jogap bilen gaýtardyňmy?
Ýapyrgak – ýaprak.
Ýarlyk – Taňrynyň buýrugy.
Ýarmak – pul.
Ýaruklyk – ýagtylyk.
Ýary berdiler – kömekleşdiler.
Ýarygrak – ýagtyrak.
Ýaryk – ýagty, owadan, gözel. Ýaryn – ertir, ýagny kyýamat güni.
Ýaşgynym – göz ýaşym.
Ýaşnaýur – ýaşyl öwüsýär.
Ýaşyk – demir jyga.
Ýaşyk – Gün.
Ýaşynmak – gizlenmek.
Ýawlak – örän.
Ýawuk – ýakyn.
Ýaý – Kowus.
Ýazyk – günä.
Ybrany – gadymy ýewreý dili.
Ybrat – nesihat.
Ybry – jöhit.
Ýekbara – birden.
Ýeň – kölege.
Ýerhemuke rabbuke – Taňryň saňa rehimdarlyk eder.
Ýerhemuke rabbuke we lizälike halaktuke – eý, Adam, saňa Taňryň rehimdarlyk eder we men seni şonuň üçin ýaratdym.

## Y

Ygtykat – içki ynanç.
Yhtylaf – gapma-garşylykly pikirler.
Yllat – dert, kesel.

Ylmy rakum – hasap ylmy.
Ylmy towhyd – Allatagalanyň birligini öwredýän ylym.
Ynak – geňeşçi.
Ýolçylaýyn – gönükdireýin.
Ýolsuzlyk – jenaýat.
Ýon – mertebe, abraý.
Ýowlak bediz – örän beýik, uzyn.
Yrak – daş.
Yrfan – Hudaýy tanamak, iman ylmy.
Ysraýylalla – Allanyň ýesiri.
Ýükli – göwreli.
Ýükünip – egilip.
Ýükünmek – ýüküni çekmek manyda.
Ýygaç – agaç.
Ýygylu – agyly.
Ýypar – müşk.
Ýyrak – daş.
Ýyrtyban – ýitirip manyda.
Ýyrtygyça – gözi ýaly.

## Y

Yzlanur – ys berer.
Yzzatu-ekram – hezzet-hormat.

## Z

Zabyh – gurban berlen.
Zabyhulla – Allatagalanyň gurbanlyga niýetläni Hezreti Ysmaýyl.
Zabyt – uly harby wezipeli adam.
Zagypa – aýal.
Zahyr – aýan.

Zahyr – daşky görnüş.
Zahyr erdi – aýandy.
Zamharyr – sowuk.
Zalalat – azaşmak.
Zen – aýal.
Zeňňiler – garaýagyz adamlar.
Zerdarlyk – baýlyk.
Zerre – iň kiçi bölek.
Zeru-sim – altyn-kümüş.
Zeru-zuýur – altyn-kümüş.
Zib-u-zynat – bezeg we owadanlyk.
Zikr – Taňryhyň adyny gaýtalamak.
Zuhal – Saturn planetasy, Ömrüzaýa ýyldyzy.
Zuhur – ýüze çykmak, peýda bolmak.
Zulmat – garaňkylyk.
Zumra – topar, halk.
Zynat – bezeg.
Zyýa – artyk, ýagtylyk.

# ADAM ATLARYŇ GÖRKEZGIJI

**Abdylla bin Abbas** – Muhammet pygamberiň doganoglany. Meşhur hadysçy alym. Ol 688-nji ýylda ölýär.

**Abdylla ibn Muhammet Ensary** – eserlerini arap we pars dillerinde ýazan meşhur sopy şahyrlaryň biri. Ol seljuk patyşalarynyň biri Alp Arslanyň döwründe 396-njy hijri (1005-1006) ýylynda Hyratda dogulýar. Ol pelsepä, logika, şerigata degişli ylymlary oňat öwrenýär we arap dilinde «Menazyl-es-saýirin», «Zemmul-kelam», «Enwar-tahkyk» atly kitaplary ýazýar. Onuň «Mynajatnamasy» has meşhurdyr. Ol 481-nji hijri (1088-1089) ýylynda Hyratda aradan çykýar.

**Abu Bekr Şibli** 861-862-nji ýylda doglup, 945-946-njy ýylda Bagdatda ölýär. Ol meşhur sopularyň biridir we Mansur Hallajyň sapakdaşydyr.

**Abu Hamyt Muhammet bin Muhammet Gazaly Tusy** – ol 505-nji hijri (1111-nji milady) ýylynda aradan çykypdyr. Ol yslamyň meşhur alymlarynyň biridir. Ol 200-e golaý eser döredipdir. Onuň «Ihýa» ulumiddin «Dini ylymlaryň janlandyryşy» kitaby uly göwrümli eser bolup, ol dört jiltden ybaratdyr.

**Abu Hureýra** – Muhammet pygamberiň ýakyn dosty. Ol meşhur hadys toplaýjydyr. Onuň doly ady Abdyrahman ibn Şakr ibn Umaýr ibn Amir. Ol 676-678-nji ýyllarda Medinede 78 ýaşynda ýogalypdyr.

**Abu Yshak Nişapury** – onuň doly ady Abu Abdylla Muhammetdir. Ol meşhur arap alymydyr. Ol 432-nji hijri ýylynda aradan çykan. Ol pygamberleriň taryhyna degişli «Kitabul-mabda», «Kysasyl-enbiýa», «Kitabul-mejazy» ýaly eserleri döredipdir.

**Enes bin Mälik Abu Hemze** – meşhur hadysçy sahaba. Ol 710-njy ýylda ýüz ýaşynda ölýär.

**Harun Reşit** – Apbasylar neberesinden bolan meşhur halypa. Ol 786-803-nji ýyllar aralygynda hökümdarlyk edýär we 803-804-nji ýylda aradan çykýar.

**Hasan** – ýagny ymam Abu Sagyt Hasan Basry (642-728ý.ý.).

**Jabyr ibn Ensary** – Muhammet pygamberiň ýaranlarynyň biri.

**Kagbul-Ahbar** – Abu Yshak Kagp ibn Mote. Ol 652-nji ýylda Homs şäherinde ölýär. Onuň asly jöhütlerdendir. Ol yslamy kabul edýär. Meşhur rowaýatçy alym hökmünde yslam äleminde tanalýar.

**Katada** – ymam Abu Omar Katada ibn Nugman Ensary sahabalaryň biri.

**Mamun halypa** – Apbasylar neberesinden bolan halypa (813-833ý.ý.)

**Mälik Reýýan** – Mälik Reýýan ibn Nawzat ibn Walyt ibn Araşt ibn Maran ibn Omar ibn Amlah ibn Lawad ibn Sam ibn Nuh alaýhyssalam.

**Şyh Zünnün Müsri** – sopuçylyk akymynyň meşhur wekilleriniň biri. Ol 860-njy ýylda ölüpdir.

**Şyh Hasan Basry** – meşhur hadysçy alym (642-728).

**Wahp ibn Munabbih** – asly pars milletinden bolan, sahabalary gören alym. Ol 732-nji ýylda ölüpdir.Bu alym

ilkinji bolup arap dilinde «Kysasyl-enbiýa» kitabyny ýazýar. Onuň «At-tiýjan fi muluki himýar» atly eseri hem bar.

**Ýusup ibn Ýakup ibn Yshak ibn Ybraýym** – biziň eýýamymyzdan öňki 1745-nji ýyl öň eneden dogulýar we biziň eýýamymyzdan öňki 1635-nji ýylda öň Müsürde aradan çykýar.

## DÜŞÜNDIRIŞLER

1. Ýagny oguzlaryň galasynyň.

2. 1310-njy ýylyň nowruz aýynyň içinde.

3. «Kysasy Rabguzy»– «Rabguzynyň kyssalary».

4. Ýagny ýer we gök.

5. Bu derýalar ýedi sanydyr: 1. Ylym derýasy. 2. Mähribanlyk derýasy. 3. Akyl derýasy. 4. Magrypet (Allatagalany tanamak) derýasy. 5. Hikmet (parasatlyk) derýasy. 6. Fakr (Hudaýa mätäçlik) derýasy. 7. Magpyret (günä geçmeklik) derýasy.

6. Siz ikiňiz – Adam ata we hezreti Howa.

7. Tilawat seždesi – olar 1. «Agraf» süresiniň 206-njy aýatynda, 2. «Ragd» süresiniň 15-nji aýatynda, 3. «Nähl» süresiniň 48-nji aýatynda, 4. «Isra» süresiniň 107-nji aýaty, 5. «Merýem» süresiniň 58-nji aýatynda, 6. «Haj» süresiniň 77-nji aýatynda, 7. «Furkan» süresiniň 60-njy aýatynda, 8. «Nähl» süresiniň 24-nji aýatyndan 26-njy aýatyna çenli aralykda, 9. «Sežde» süresiniň 15-nji aýatynda, 10. «Sad» süresiniň 24-nji aýatynda, 11. «Fussilat» süresiniň 37-nji aýatynda, 12. «Nejm» süresiniň 62-nji aýatynda, 13. «Inşikak» süresiniň 21-nji aýatynda, 14. «Alak» süresiniň 19-njy aýatynda gelýär.

8. Pygamber alaýhissalamyň Abu Zerr Gifara: «Eý, Abu Zerr! Pygamberleriň sany bir ýüz ýigrimi dört müňdür» diýen sözi muňa esas edilip alynýar». Muhammet Hüseýin Tabataýy «Şeiizm w islame», 173 s. Iran. (Çap edilen wagty görkezilmändir).

9. Anbar – Hind ummanynyň günorta Aziýadaky ýalpak kenarynyň suwlarynda ýaşaýan kaşalotyň, ýagny dişli kitiň içinden alynýan oňat ysly gara madda, hoş ysly gara jisim.

10. Arap dilinde ýazylan şygryň terjimesini berilmändir. Biz onuň manysyny tekstiň içinde getirýäris.

11. «Beýtil-Magmur» – «Abat öý». Nuh alaýhyssalamyň tupanyndan öň Beýtil-Magmur ybadathanasy Mekgede ýerleşýärdi. Rowaýata görä, Allatagala ony tupan suwy heläk etmezligi üçin dördünji gat asmana göteripdir. Onda perişdeler ybadata meşgul bolar ekenler.

12. Ýagny, hezreti Adamdan we hezreti Howadan.

13. Mutakaddymynlar – irki döwürde ýaşap geçen alymlar. Yslam däbine laýyklykda alymlar ýaşap geçen wagtlaryna görä irki we giçki döwürleriň alymlary diýen iki sany uly topara bölünipdir. Irki döwrüň alymlary «Mutakaddymynlar», giçki döwrüň alymlary bolsa «Mutaahhyrynlar» diýlip atlandyrylypdyr. Irki döwrüň alymlaryň 1010-njy ýyldan öň ýaşap geçen alymlar we giçki döwrüň alymlaryna bu seneden soň ýaşap geçen alymlar degişli edilýär.

14. Bu ýerdäki köp nokat bendeleriň Taňrynyň dergähinde tapjak öz derejelerine görä nobat boýunça gelýýändigini aňladýýar.

15. Lebbeýke Allahumme lebbeýke, lebbeýke lä şerike leke lebbeýke, innelhamda wen-nygmata wel-mülke leke lä şerike lek – Eý, Taňrym! Men Seniň öňüňde durun. Saňa hiç hili şärik ýokdur. Hemme taryp nygmat we mülk Saňa degişlidir. Saňa hiç hili şärik ýokdur.

16. Hamal – şemsi aýlary boýunça Nowruz. Bu sözlemden maksat: «Baýdakl aýy geçdi, Nowruz aýy geldi we bahar pasly düşdi» diýmekdir.

17. Eý, Taňrym! Eý, bar gaýgyny gidiriji! Eý, dilegleri kabul ediji! Eý, her zady ýaratmagyň ussasy! Eý, bir synyk zady düzediji! Eý, garyplaryň dosty! Eý, ýalňyzlaryň hemrasy! Eý,

her bir syrly söhbetiň şaýady! Eý, bendäniň başyna düşen her bir beladan habardar bolujy! Senden başga ybadat edilýän Hudaý ýokdur. Sen hemme kemçiliklerden päksiň. Seniň meni gaýgy-gamdan çykarmagyňy we maňa şatlyk bermegiňi soraýaryn. Sen meniň kalbyma öz muhabbetiňi salyp goýmagyňy soraýaryn. Mende Senden başga gaýgy we zikr bolmasyn. Seniň meni öz goragyňa almagyňy soraýaryn. Eý, mähribanlaryň mähribany! Seniň maňa rehim etmegiňi soraýaryn».

18. «Mähriban, Rehimdar bolan Taňrynyň ady bilen! Eý, adamlary mertebeli ediji we olary hor-homsy ediji Taňrym! Eý, abraýdan düşüriji we abraýy galdyrjy Taňrym! Eý, yrsgal eçiliji we yrsgaly kesiji Taňrym! Eý, hemme zady edip başaryjy Taňrym! Bu garra ogul perzentleri ber».

19. Bu ýerde Rabguzy jemi 14 beýti getirýär. Olaryň ýedi beýti arap dilinde düzülipdir. Ýazyjy bu ýedi arap beýtiniň her birini türki dili bilen şahyrana terjime edipdir..

20. Käbir nusgalarda bu rowaýat «Ruhul-beýan» atly tefsirde getirilýär diýilýär.

21. Bu aýallaryň aýdan alty beýti arap dilinde. Rabguzy bu ýerde olaryň döredijilikli terjimesini berýär. Emma ol beýtleriň manysy şeýledir:

1. Howly içinde Aýy gören bir kişi,
Wagtal-wagtal bir päk hüýri oýnaýar.
2. Görüpmidiň eýse beýle wakany,
Aý aýak üstünde durup ýöreýär.
3. Taňrynyň asmanda ýöreden Aýy,
Ýerde gezip adamlary güýmeýär.
4. Müsür gözelleri başyny egip,
Ondan başga är baryn görmeýär.
5. Gul dek satyp agalary Ýusuby,
Zalymlykdan başga azap bermeýär.

6. Taňry oňa artykmaçlyk eçildi.
Oň görküne hiç kim bäsdeş gelmeýär.

22. Arap dilinde düzülen bu iki beýti Rabguzy terjime etmändir. Biz olaryň manysyny berýäris.

23. Eý, hemme ululary ulusy! Eý, şärigi we meňzeşi bolmadyk Taňry! Eý, hemme zada güýji-kuwwaty ýetiji! Eý, güni we nurly aýy ýaradyjy! Eý, ýaş oglana rysgalyny beriji! Eý, garrylara rehimdarlyk ediji! Eý, ölüleri direldiji! Bu iş saňa örän ýeňildir. Eý, kyn işleri ýeňil ediji! Sen meniň işimi ýeňil et we maňa bu kynçylykdan çykmagyň ýoluny görkez!

24. «Eý, haýyr-yhsany köp bolan Taňry! Eý, mydama ýagşylygy bolan Taňry! Sen meni Özüňe sataşýançam yslamda mäkäm tut!»

25. «Eý, Taňrym! Sen maňa meniň iki gülümi (ýagny Ýusuby we Ibn Ýemini) gaýtaryp ber! Soňra Sen maňa näme isleseň, şony et!»

26. Ýusup alaýhyssalamyň agalarynyň arap dilinde aýdan iki bentden ybarat goşgusyny Rabguzy bir bent bilen beripdir. Biz onuň iki bendiniň hem terjimesini getirýäris:

Ilden aýralyk hesretinden,
Gözýaşy sil dek akar çenden,
On aga-ini hemmesiniň,
Aýry düşjek jan-jesedinden.

Taňryň beren bereketinden,
Güýç-kuwwatdan, hereketinden,
Jyda boljak, emma halaslyk,
Umydymyz bar rehmetinden.

27. Şu waka «Dürrul-mejalis» atly kitapda giňişleýin beýan edilýär: Hezreti Şugaýp alaýhyssalam Allatagaladan gorkup köp ýyglady. Netijede, onuň mübärek gözleri kör bolup galdy. Allatagaladan oňa owaz geldi: «Eý, Şugaýp! Sen näme üçin beýle köp ýyglaýarsyň?». Şugaýp alaýhyssalam aýtdy: «Men

Seniň azabyňdan gorkup ýyglaýaryn». Allatagaladan ýene bir owaz geldi: «Eý, Şugaýp! Men hemme pygamberler üçin dowzahyň oduny haram etdim. Olaryň dowzahda işi ýokdur. Men saňa gözüňi gaýtaryp bererin. Sen dowzahyň howpundan gorkup, hergiz ýyglama». Allatagala Jebraýyl alaýhyssalama perman berdi: «Eý, Jebraýyl! Periňi Şugaýbyň gözüne sokup çykar». Jebraýyl alaýhyssalam usullyk bilen ony hezreti Şugaýbyň gözlerine sokup çykardy. Şugaýp alaýhyssalamyň gözleri açylyp, röwşen boldy. Şugaýp alaýhyssalam ýene ýyglap başlady. Onuň iki gözi täzeden kör boldy. Ýene Jebraýyl alaýhyssalam geldi we oňa aýtdy: «Eý, Şugaýp! Öň sen dowzahyň azabyndan gorkup ýyglardyň. Ondan sen aman bolduň. Seniň gözleriň ýene kör boldy. Sen indi näme üçin ýyglaýarsyň?» Şugaýp alaýhyssalam aýtdy: «Eý, Jebraýyl! Indi men jenneti arzuwlap ýyglaýaryn». Allatagaladan owaz boldy: «Eý, Şugaýp! Meniň jennetime ilki bilen pygamberler, soňra bolsa beýleki musulmanlar girerler. Indi sen ýyglama! Men seni jennete niýetledim». Ýene Jebraýyl alaýhyssalam gelip, onuň gözüne perini sokdy. Onuň gözi ýene gorýän boldy. Bu wakadan soň birnäçe gün geçdi. Şugaýp alaýhyssalam ýene ýyglap başlady. Onuň gözleri bu gezek hem kör boldy. Jebraýyl alaýhyssalam ýene geldi we aýtdy: «Eý, Şugaýp! Allatagala seni dowzahyň howpundan gutardy. Ol saňa jenneti nesip eýledi. Bu gezek seni näme ýygladýar?» Onda Şugaýp alaýhyssalam aýtdy: «Eý, Jebraýyl! Indi meni Allatagalanyň jemalyny görmek arzuwy ýygladýar». Allatagaladan owaz geldi: «Eý, Şugaýp! Indi sen köp ýyglama! Ýöne ýyglamagyňy hem togtatma! Seniň bu ýyglamalaryň muzdy üçin saňa jemalymy görkezerin».

## MAZMUNY

*Birinji kyssa.* Benijanyň wakasynyň beýany ..........................32
*Ikinji kyssa.* Hezreti Adam alaýhyssalamyň wakasynyň beýany ............................................................................37
*Üçünji kyssa.* Habylyň we Kabylyň wakalarynyň beýany. ......95
*Dördünji kyssa.* Şis alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ...101
*Bäşinji kyssa.* Hezreti Idris alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.....................................................................................118
*Altynjy kyssa.* Harut we Marut perişdeleriň wakalarynyň beýany.....................................................................................123
*Ýedinji kyssa.* Nuh alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ....127
*Sekizinji kyssa.* Iwaj bin Ynagyň wakalarynyň beýany..........135
*Dokuzynjy kyssa.* Hud alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.....................................................................................150
*Onunjy kyssa.* Salyh alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany...156
*On birinji kyssa.* Hezreti Ybraýym alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.............................................................171
*On ikinji kyssa.* Ysmaýyl alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.....................................................................................198
*On üçünji kyssa.* Yshak alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany.....................................................................................216

*On dördünji kyssa.* Lut alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. .......... 224
*On bäşinji kyssa.* Ýakup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. .......... 236
*On altynjy kyssa.* Ýusup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. .......... 246
*On ýedinji kyssa.* Hezreti Eýýup alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. .......... 365
*On sekizinji kyssa.* Hezreti Şugaýp alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany .......... 384
Sözlük .......... 389
Adam atlarynyň görkezgiji .......... 421
Düşündirişler .......... 425

**Nasyreddin Rabguzy**

# Kysasy Rabguzy
**(Kysasyl Enbiýa)**

**I jilt**

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor Ç. Myradowa**

Çap etmäge rugsat edildi 17.09.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 27,0.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14589

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.